## Powestler

# YNSAP

Saçlary ýaňy çalaryp ugran garaýagyz, orta boýly, daýanykly bir kişi keselhananyň gür agaçlara basyrylyp oturan ýanýodalardan her gün irden çalarak agsaklap gezim edýärdi.

Onuň ätiýaçly basýan gadamlary, salyhatlylyk bilen aşak eglen kellesi, hat-da keselhananyň ala-mula pižamasynyň jübüsine sokulan hereketsiz elleri-de bu adamyň dabanlap geçen ömür menzilleri hakynda çuň oýlaryň girdabynda ýüzýänligine güwä geçýän ýalydy.

Indi ýarym aýa golaý wagtdan bäri onuň bilen bir palatada derdimizi paýlaşýarys. Onuň ady Ahmetdi. Ýöne hemme kişi onuň adyny hormatlap «Ahmet aga» diýip tutýardy. Aýtmaklaryna görä ol halk magaryf bölüminde işleýärdi.

Näme üçindigini bilemok welin, keselhana düşen günümden başlap, meniň ýüregimde bu adama aýratyn bir hormat duýgusy döredi. Ahmet aganyň hemmämiziň ünsümizi çeken ýene-de bir aýratynlygy- ony sorap gelýän adamlaryň yzy üzülmeýärdi. Men ozalam bir gezek näsaglap keselhana düşenimde, şu kysmy bir adam bilen bir palatada bolupdym. Aýtmaklaryna görä, ol uly wezipeli, hatyraly adamdy. Şonuň üçinem ony sorap gelýänler çenden-çakdan köpdi. Ýöne gelýänleriň birnäçesiniň ýüzünde ýaraňjaňlyga meňzeş ýakymsyz bir many bardy.

Emma Ahmet aganyň yzyndan gelýänleriň ýüzünde hiç hili ýaraňjaňlyk alamaty ýokdy. Olaryň tüýs ýürekden hal-ahwal soramaga gelen adamlardygy mese-mälim görnüp durdy.

Bir gezek Ahmet aganyň gybatyny etdiler:

-Öz-ä mendenem beter sölpi welin, diýseň gadyry bar.

-Näme, içigaraçylyk edýämiň, dost-ýary köp adam şeýle bolýandyr.

-Şol wagt palata Ahmet aganyň özi gelip girdi. Ol hiç zat eşitmedigem bolsa, biz özümizi birhili oňaýsyz duýduk. Ýaňyja ony: «Mendenem beter sölpi» diýip oturan adam özüni aklajak bolýan ýaly:

-Ahmet, aýak nädýä? Birneme gowlaşýamy?- diýip, şelaýynlyk bilen sorady.

Ahmet aga peşeneli ýüzüne gelşip duran, azajyk çal sepen murtjagazyny sypap goýberdi-de, mylaýym ýylgyrdy:

-Aý, gowlaşmasa, özünden görsün. Şu namart taýmadyk bolanlygynda menem bu taýda güýlünip ýatmazdym- diýip, ol agsaýan aýagyna urdy. Ahmet aganyň bu degişmesine gülüşdik. Şol mahal

palatanyň gapysy emaý bilen açylyp orta ýaşan, görmegeý bir aýalyň kellesi göründi.

Ahmet aga bärik bakyp oturany üçin ony görmedi. Ol aýal ýygralyk bilen içerik ätledi-de, palatadakylara ýekän-ýekän, göz aýlady. Ahmet aga gözi kaklyşanda, (ýeňsesindenem ony tanan bolmaga çemeli) ýüz-gözündäki çekinjeňligiň ýerine, şatlyk alamaty çaýyldy.

-Ahmet aga! -diýip, ol tolgunmak bilen seslendi.

Ahmet aga yzyna öwrülip seretdi-de, geň galyp, gaşlaryny gerdi:

-Aýjemal?!..Sen nireden düşdüň?

Aýal elindäki düwünçegi Ahmet aganyň golaýyndaky tumboçkanyň üstünde goýdy-da, tolgunyp dillendi:

-Sizi gatyrak nähoşlanypdyr diýip eşitdim-de, soramaga geläýdim. Tüweleme, ýagdaýyňyz oňat ýaly-la.

-Hä, hawa... Gowy-la, biderek azar edinipsiň-diýip, Ahmet aga birhili aljyran ýaly etdi. Haýran galaýmaly, mydama özüni salyhatly, sowukganly tutmagy başarýan bu adam, näme üçindir häzir aljyraňňy ýagdaýa düşdi. Hatda ol aýala oturmak üçin ýer görkezmegi-de unutdy.

-Ýeri gurgunçylykmydyr, çagalar neneň?- diýip, Ahmet aga sözüniň üstüni ýetirdi.

- Sag boluň, hemmesi oňatlyk, çagalaram ösýär.

-Ulusy näçinji klasda okaýar.

-Şu ýyl onunjyny gutarýar. Kakasy instituta saljak diýýär.

-Hä, hä, bolubilýä.

Diňe şondan soň, aýalyň, dik durany Ahmet aganyň ýadyna düşdi.

-Ih, näme aýak üstünde dursuň, Aýjemal?! Ine şu ýerde oturaý!-diýip, ol krowatynyň ýanyndaky oturgyjyň üstünde ýatan gazet-žurnallary alyp, ýassygynyň aşagynda goýdy. Aýal özi üçin boşadylan ýere geçip, ýaňy ornaşanda, Ahmet aga:

-Ýok , gowusy, ýör, daş çykaýaly, palatanyň howasy-da birhili petişräk ýaly-diýdi.

Zenanyň ýüzi nar ýaly gyzardy. Ol krowatlaryň üstünde aýaklaryny aşak sallaşyp, özüne tiňkesini dikip oturan näsaglara ötünç soraýan ýaly seretdi-de, Ahmet aga bilen tirkeşip, daşary çykdy. Olar palatadan çykanlaryndan näsaglaryň biri owurdyny pökgerdip, manny-manny etdi:

-Ine, size gerek bolsa hezillik. Ahmet aganyň şeýle oýunlary bardyr diýip, ýatsak-tursak huşumyza-da gelenokdy. Şeýle salyhatly adama beýle pynhan aragatnaşyk saklamak gelişýän zat däl. Şu mahal gelnejemiz geläýse, baý harasat gopar-da...

-Dyrnagyň aşagyndan kir gözleýän adam ekeniň-diýip, men onuň ýoknasyzlygyna gatyrgandym.-Belki, bir garyndaşydyr, tanşydyr...

-Baý, gaty sada ýigit ekeniň-ow, inim-diýip, gybatkeş jüýje-horazyňky ýaly edip boýnuny sozdy.

-Onuň nämesidigi görnüpjik dur-a.

Dogrymy aýtsam, Ahmet aganyň ol aýaly göreninden birhili aljyraňňy ýagdaýa düşenini ýatlanymda, özümiňem göwnüme güman gitmän durmady.

Şeýle-de bolsa, men ol gybatkeşiň mundan artyk ýürekbulanç sözüni eşitmezlik üçin daşary çykdym.

Keselhananyň trotuarlary asudady. Bu wagt gün guşlukdan agypdy. Ir salkynda gezim etmäge çykýan näsaglar bireýýäm palatalaryna sümülipdirler. Çolaryp galan trotuarlaryň birinden derweze tarapa eginme-egin ýöräp barýan Ahmet aga bilen ol aýala gözüm kaklyşdy. Näme üçindir mende Ahmet aga bilen bu aýalyň gatnaşygyna bolan bilesigelijilik barha artýardy. Adamyň tebigaty şeýle-dä –bir zat näçe şübheliräk bolup duýulsa, oňa bolan bilesigeljiligiň şonça güýçli bolýar. Ahmet aganyň özüm bilen arasynyň gowudygyndan  peýdalanyp, ýeri gelende, bu bilesigeljiligimi kanagatlandyrmagy ýüregime düwdüm. Şeýle pursat köp garaşdyrmady. Agaçlatyň aşagynda goýlan oturgyçlaryň birine baryp oturanymam şoldy welin, Ahmet aga ol aýaly derwezä çenli ugradyp, göni maňa tarap gaýtdy.

-Tämiz howa çykypsyň-ow?!-diýip, ol ýanyma gelip oturdy. Onuň gözleri birhili kanagatlanmak duýgusy bilen ýanyp durdy. Ony sorap gelýän adamlaryň hiç biri-de onda beýle täsir galdyrmandy.

-Hawa, ...Daşary çykýas, içerik girýäs, garaz, eýdip-beýdip wagt geçirýäs-dä, Ahmet aga!-diýip, onuň gözlerine ýylgyryp seretdim. Ahmet aga birden tukatlandy, uludan demini alyp:

-Şeýle diýsene- diýdi. – Biz-ä wagt geçirýäs diýýäs, emma aslyýetinde, wagtyň özi uly ýolda elini göterip duran ýolagça ünsem bermän daz  ýasap barýan maşyn ýaly bizi taşlap geçip barýar, inim.

-Dogry aýdýaňyz, Ahmet aga-diýdim. Onuň sözleriniň äheňinden, kalbynyň töründe uzak geçmişinden galan ýatlamalar bergiçip ýatan ýalydy. Indi onuň ýüregini dökmegi üçin bir kiçijik itergi gerekdi.

-Ahmet aga diýýän-ä, sizi sorap gelýän adamlaryň yzy üzlenok. Beýle köp dost-ýary nädip gazananyňyza biz-ä haýranlar galýas.

Ahmet aga çalaja ýylgyrdy-da:

-Balarynyň häsiýetini bilýämiň?-diýdi.-Ana, şol janawar näçe-näçe güllere gonup, bal bolýan nektar diýen maddany tapýar. Menem öz dostlarymy edil balary ýaly saýlap-seçip tapandyryn. Hakyk dostlar, ine, şunuň ýaly başyň ýassyga ýetende, ýa-da başyňa bir iş düşende belli bolýar.

Ahmet aga säginip, synçy nazarlary bilen maňa bakdy. Soňra sözüni ýene dowam etdi:

-Gepiň tümmek ýeri, ýagşy ýigit, seni meniň dostlaryma garanda-da ýaňy gelip giden aýal köpräk gyzyklandyrýan bolmaga çemeli. Sen sorap oturma. Men özüm aýdaýyn... Ol aýal meniň hiç zadymam däl! Sen nädogry güman edýäň.

-Be... nätdiňiz-aýt, Ahmet aga, men hiç zady güman edemok ahyryn-diýip, syr bildirmediksirän bolsam-da, ýüzüm lap-lap gyzyp gitdi.

-Özüňi aklap oturmagyň hajaty ýok han ogul. Men kimiň nähili pikir edýänini gözümiň gyýtagy düşenden bilmeýän bolsam, ýarym asyrlyk bu ýaşy, hiç bir manysyz ýaşandyryn-da?!

Men dogry sözüň garşysyna gidip bilmedim:

-Bagyşlaň, Ahmet aga. Adam diýen çig süýt emen-dä...

-Ine, munyň başga gep-diýip, Ahmet aga kinaýaly ýylgyrdy. – Indi ählijesini özüm gürrüň bereýin. Diňlejekmi?

- Wah, diňlejek-le.

Ahmet aga ýaňy çalaryp ugran gelşikli murtyny sypap, birsalym dymyp oturanyndan soň gürrüňe başlady.

***

Bu wakadan bäri dos-dogry ýigrimi ýyl geçipdir. Emma ony ýatlanymda göwnüme dek düýn bolup geçen ýaly. Şol döwürde men ýaňyja otuz ýaşyň bosagasyndan ätlän, syratly ýigitdim. Şol wagt hem häzirkim ýaly oblast halk magaryf bölüminde işleýärdim. Şoňa görä, raýonlara ýygy-ýygydan gidip durmaly bolýardy. Bir gün, eger ýalňyşmaýan bolsam, dekabr aýynyň ortalarydy öýdýän, oblastyň merkezinden daşrak bir ýere komandirowka iberdiler. Özümiziň täzelikde satyn alan «Moskwiç» maşynym bilen gitdim. Dogrymy aýtsam, şonda men göýä bir ýaş çagadym-da, maşyn bolsa meniň üçin bir oýnawaçdy. Entek oňat sürmäni başarmasam-da, ony uzak ýola münüp çykmagymyň sebäbi, ony çolarak ýerde hezil edip,"oýnap“ gaýtmakçydym.

Raýona gelenje günüm ähli işlerimi bitirdim. Myhmançylyga çagyran tanyş-bilişlerimden hem ötünç sorap, ýola düşdüm. «Gyşyň güni bir tutam» diýlişi ýaly men raýon merkezinden çykyp uly ýola düşýänçäm garaňky gatlyşdy. Çyralary ýakyp, gazy birsydyrgyn basyp barýardym. Asfaltlanan şa ýol maşynyň tigirleriniň aşagyndan çykyp gaçyp barýan äpet gara ýylana meňzeýärdi.

Peji işläp durany üçin, maşynyň içi gyzyp başlady. Öz tarapymdaky gapynyň aýnasyny çalaja açdym. Ýüzüme sowuk şemal çaldy. Howadan garyň ysy gelýärdi. Bir salymdan bolsa, çyralaryň yşygyna maýdalap sepeleýän gar göze ildi. Ýol daş, entek, elli kilometre golaý ýöremeli. «Öýe ýetýänçäm, ýol gaty typançak bolaýmasa ýagşy-da», diýip howatyr edýärdim. Sebäbi typançak ýolda gijesine maşyn sürmek meniň ýaly täze öwrenje üçin ýöne-möne zat däldi. Emma tebigat seniň islegiňe garap durmy näme, maýdalap ugran gar, indi petdeläp ýagmaga başlady. Adamçy düýäniň agzyndan syçran köpüge meňzäp ýere gaçýan gar şol wagtyň özünde eräp, ýoly ezip ugrady. «Heý, içigar munyň näme diýsene. Göreli bakaly, her näme-de bolsa, eýdip-beýdip, öýe ýeterin. Emma barýançam

aýalymyň jany bokurdagyna geler» diýip aladalanýardym. Sebäbi Zyba süýdüň aklygyna-da müňkürlik edip, siňe syn edýän adam. Ol ähli zatdan howatyr edýärdi, diýseň howsalaçydy. Hat-da bäş ýaşlyja gyzjagazymyzyň aýagyna tomsuň jöwzasynda-da jorap bilen köwüş geýdirip goýberýärdi. Onuň bu bolşuna käte meniň gaharym gelip: «Edýäniň näme, çaganyň aýagynyň işini görýäň-ä, çykaryp zyň baryny. Goý, ýumşajyk gumda oýnasyn, aýagy hezil ediner» diýsem, «Goýaweri, kakasy, neneň çagany aýakýalaňaç daşaryk goýberip biljek. Dert aýakdan geler» diýerdi. Men oňa: «Ätiýaçlyk gowy zat, emma ony çakdan aşa edýän adam gaty ownukçyl bolýar» diýip, näler tabşyrdym. Ýöne aýdanlarym ýele sowrulýardy. Zybanyň diňe özüne muwapyk düşünjesi, içki dünýäsi bardy. Ol özüniň bir bolşy bilenem ýaşaýardy. Aramyzdaky duýgular hem öňkisi ýaly däldi. Haýran galaýmaly meňzeşlik: Adamyň ömri, onuň duýgular älemi edil çyrpynyp akýan derýa mysaly. Derýa hem başyndan aýagyna çenli hiç haçan bir tekiz akanok. Ol gözbaşynda biçak hyjuwly, akýar, gitdigiçe ýuwaşaýar, aýaga ýakynlanda bolsa, haýal akýar. Men ynsanyň ruhy äleminiň derýanyň akyşyna meňzeşdigi barada pikir öwrüp barýardym.

Birden haýran galmakdan ýaňa gözlerim şakäse ýaly tegelendi. Ýoluň edil ortarasynda başy açyk, çyplak geýnen bir aýal maşgala edil ýeri ýaryp çykan ýaly peýda boldy. Entek nämäniň-nämedigini aňymda aýlap ýetişmänkäm öz ygtyýarymdan daşary bir güýç bilen tormozy şeýle bir jan howluna basdym welin, typançak ýolda göni barýan maşyn birden keseligine öwrülip saklandy, şo mahalam gapynyň batly açylyp ýapylanyny, gapdalymdaky ýere biriniň özüni oklanyny aňdym.

-Tiziräk sür. Haýyş edýän.

Göýä harby permana boýun egýän ýaly maşyny dogrulap, ýene sürüp ugradym.

-Bagtyňyz bar eken, maşynyňyz ýoldan çykyp, tas jarlyga agdarylypdy...

Onuň sesi gaty tolgunýanlygy sebäpli sandyrap çyksa-da, örän ýakymlydy. Men özümi dürsänem bolsam, näme diýjegimi bilemokdym.

-Meniňem bagtym çüwüp, siz sataşaýdyňyz-diýip, ýoldaşym ýene dillendi.-Eger siz sataşmadyk bolanyňyzda yzymdan ýetip öldüräýmegi hem mümkindi.

Men oňa howatyrly seretdim. Ol seçelenip ýatan saçlaryny tertlpleşdirip, içini hümledip otyrdy.

-Kim sizi öldürmekçi bolýan? – diýip, bilesigeljilik bilen soradym.

-Ärim.

-Ärim?

-Hawa.

-Diýmek, öz öýüňizden gaçyp çykypsyňyz-da?!

-Hawa. Ýogsam...

Aýal bokurdagy dolup, gepläp bilmän dymdy, men häzir möňňürip goýberse gerek diýip çakladym. Emma ýalňyşan ekenim. Ol özüni derrew rastlady:

-Hawa, öldüräýmegi gaty ähtimaldy.

-Ýeri, adam öldüräýmek eşekden palan ýaly aňsatdyr öýdýäňizmi?

- Ol päliýamany siz bileňizok-da.

-Ony siziň özüňizem bilmeýän ekeniňiz-dä, ýogsam adam öldürýän adama äre çykmazdyňyz.

Gürrüňdeşim äheňimdäki kinaýany duýdumy, nätdimi, soň geplemedi. «Kime sataşdym, bi nähili aýal?» diýip, içimi gepledýärdim. «Äri näme üçin öldürjek bolýarka? Munuň özi gowy aýal bolanda ýagdaý şu derejä baryp ýetermidi?! Munuň bir «emmajygy» bolmaly. Garaz belany başyma satyn alan bolmasam ýagşydyr».

-Indi nirä barýaňyz?

Aýal uludan demini aldy:

-Näbileýin.

-Näbileýin diýmäňiz näme. Öýden çykanyňyzda ýüregiňize bir zady düwensiňiz, ahyry?

-Hiç zadam düwemok, diňe şol öýden sag-aman sypsam bolany.

-Şäherde garyndaşlaryňyz barmy?

-Ýok.

-Ene-ataňyz nirede?

-Şäherde.

-Şäherde?

-Be, size düşüner ýaly däl-le, ýaňyja şäherde hiç kimim ýok diýmediňizmi?

-Olar meni öýüne eltmeýärler. Şeýle bolansoň hiç kimiň ýokdugy-da.

-Şeýle diýseňiz-le.

-Hawa, atam öweý. Olam meni öldürmekçi bolanynda öýden gaçdym.

-Haýran galaýmaly. Häzir men hakda nähili pikir edýäňiz? «Şu adamam hem meni öldürmekçi bolaýmasyn» diýip, oýlanyp oturan-a dälsiňiz-dä?!

Aýal birden gaty gülüp goýberdi. Şeýle kyn ýagdaýa düşüp oturan adamyň beýle ýürekden joşup gülşüne haýran galyp, oňa ýiti-ýiti seretdim. Emma garaňkylykda onuň ýüzüni görüp bilmedim. «Näme üçin men beýle oýlanmaly?» diýip, ol gülkisiniň arasynda sowal berdi.

-Aýdyşyňyza görä, siziň üçin pyçak çarhlap ýören adamlar köpelip barýar. Şeýle bolansoň, menem gözüňize ganhor bolup görnemokmy?-diýip soraýan-da.

-Ýok, elbetde. Siz gowy adamsyňyz, gowy adamy bir görende bilse bolýar.

-Diýmek, siziňçe men gowy adam-da?

-Muňa çigit ýalyjagam şübhàm ýok.

-Ýeri, meniň nähili adamdygymy siz nireden bilýäňiz?

-Men muny haýsydyr bir duýgym bilen syzýan.

-Be-e... geň galaýmaly.

-Geň galar ýaly zat ýokmuka diýýän. Dogrusyny aýdanda, şeýle duýgy hemmämizde-de bar.

-Emma meniň bu duýgym siz barada hiç hili düşündiriş berenok?

-Araba münenden soň, aýdymamynam aýtmaly borsuň diýýäňiz-de. Özüm düşündiriş beräýerin.

-Bagyşlarsyňyz, men arabama mündürenim üçin düşündiriş talap edemok. Emma...

-«Emma adamyň tebigatyna bilesigelijilik diýen zat mahsus-da» diýmekçi bolýaňyzmy?

Başda men bu aýalyň osal däldigini aňypdym, bu gepden soň ýalňyşmandygymy duýdum.

-Hawa, şeýle.

-Meniň özüm başdan-aýak gürrüň bereýinmi ýa-da siz sorag bilen meni gepletmekçimi?- diýip, ol edil köne tanşyna näzirgeýän ýaly kinaýaly gürledi. Men onuň kinaýasyny aňmadyksyrap:

-Meniň üçin tapawudy ýok- diýdim.

Ol geplemedi. Oňa seretmesem-de çala ýylgyrýanyny duýdum. Ol meniň nämäni bilmekçi bolýanyma oňat düşünipdi.

-Siz mamla- diýip, ol uludan demini aldy. --Kim hakda alada edýändigiňizi bilmäge haklysyňyz.

-Men näme alada edipdirin?

-Belki, indi edersiňiz?!.

Gözüm ýolda bolsa-da, bu sözleri aýdanynda onuň maňa assyrynlyk bilen seredýänini duýdum.

-Meň elimden näme gelsin?-diýip, men sowuk-sala jogap berdim.

-Şeýle diýseňiz-le? «Elimden näme gelsin» diýip, şähere baryp ýetenimizden soň, aýal maşgalany şu ýagdaýda köçä taşlap gitmersiňiz ,ahyry.

Men näme diýjegimi bilmän aladaly dymdym. Dogrysyny aýdanda, onuň beýle gönümelligi meni biraz aljyradypdy. Maşyna münen wagty «Bu nähili aýalka? Başyma belany satyn almadymmykam?» diýen gümanym çyn bolup barýan ýalydy. «Gowy adamy bir görenden tanasa bolýar, siz gowy adamsyňyz» diýmesiniň beýle emmajygy bar eken-dä» diýip, içimi gepledýärdim.

-Näme dymdyňyz?

«Toba, kime beýle näz edýärkä, ömründe hiç haçan görmedik, natanyş adamsynyň öňünde beýle teklip goýmaga nädip ýüzi çydaýarka?» diýip, içimden geňirgenýärdim.

-Bagyşlarsyňyz, siz meni bir ýakyn tanşyňyza meňzedýän-ä dälsiňiz-dä?-diýdim. Onuň ähli kinaýalaryna garşy ýönekeý jogap tapanyma öz ýanymdan begendim. Emma ok nyşanadan sowa geçdi. Ol meniň diýenimiň düýp manysyna düşünmedi-de, jakgyldap gülüp goýberdi. Çaga sadalygy bilen şeýle diýdi:

-Näme üçin beý diýýäňiz? Men sizi ömrümde ilkinji gezek görýän.

Onuň bilen gürrüňdeş bolalym bäri göwnüme iki hili adam bilen gürleşýän ýalydym. Olaryň biri pikir ýörediş ukybyna seredende örän pähim-parasatly, ikinjisi bolsa ýüregindäki dilinde, çaga ýaly sada. Onuň soňky sadalygy birhili ýüregimi eretdi. Hat-da, beren sowalymyň manysyny düşünmänine

begendimem. Häzir oňa hiç zat wada etmekçi dälem bolsam, sözümi «uýam» diýip başlap, onuň göwnüni göteriji hoşamaý gürlemekçi boldum. Emma gürrüňi nähili äheňde başlamalydygyny bilmek üçin ýoldaşymyň özümden uly ýa-da kiçidigini anyklamagym gerekdi. Emma garaňkyda onuň sypatyny saýgaryp bolanokdy. Şonuň üçin oňa nähiliräk äheňde ýüz tutmaklygy bilmän dymyp gelýärdim. Uzakdan şäheriň yşyklary göründi. Ýoldaşymyň ýaňy: «Aýal maşgalany köçä taşlap gitmersiňiz ahyry» diýeni indi meni çynlakaý alada goýdy. Yşyklar ýakynlaşdygysaýy aladam artýardy: «Nätmeli? Şähere ýetenimizden soň maňa azar bermäň, maşyndan düşüň diýmelimi? Ýok, men muny aýdyp bilmen. Göni öýe eltäýsem nähili bolar? Ýok. Olam bolanok».Ýoldaşym meniň, içimi it ýyrtyp gelýäninden habarly ýaly dillendi:

-Ine, şähere-de ýakynlaşyp gelýäs.

-Hawa, öz-ä ýakyn galdy.

-Haýp... Maňa galsa, şu gijäniň garaňkylygy-da, ine şu ýolam hiç tükenmesedi...

Dogrymy aýtsam, men onuň bu isleginiň aşagynda nähili hyýallaryň basyrylgydygyny duýmadym. Şeýle-de bolsa, oňa başardygymdan wäşiräk jogap gaýtardym.

-Benziniň tükenmegi mümkin.

-Hä, elbetde. Ýöne menem gepiň gerdişine görä aýdaýdym-da. Ähli zadyň benzin ýaly ölçegli, çäklidigini bilýän-le. Hat-da adamlardaky rehim-şepagat, adamkärçilik duýgulary-da ölçegli. Olaryň hem öz menziline ýetende tükenmegi mümkin.

-Munyňyz nädogry.

-Nämeüçin nädogry bolýamyşyn? Ynha, häzir siz rehim edip, maşynyňyza mündürip gelýäňiz. Emma elmydama nätanyş adamyňyzy maşyna mündürip gezip bilmersiňiz ahyry.

-Näme diýseňizem, siziň adamyň mukaddes duýgulary hakyndaky pikirleriňiz dogry däl.

-Bilmedim-dä – diýip, ol birden tukatlandy.- Ýöne siz nähili adamkärçilikli adam bolsaňyzam, meni şu gije myhman alarsyňyz, ertir bolsa men başga ýerden pena gözlemeli borun.

Ýüregim erbet gowsunyp gitdi. Ol bu kiçijik jedelden ussatlyk bilen peýdalanyp, maksadyny açyk aýtdy. Men näme diýjegimi bilmän aljyradym, ol meniň ýagdaýymy duýan ýaly:

-Näme dymýaňyz? Ýa-da, myhman alarsyňyz diýenime gorkaýdyňyzmy? Ýogsa-da... aýalyňyz gaty gabanjaň dälmi?-diýip, ýuwaşja güldi.

-Onçasyny bilmedim, şu çaka çenli öýüme del aýal eltip göremok-diýip hümürdedim.

-Weý, muňa seret-le- --diýip, ol pyňkyryp goýberdi.- Gorkup oturmaň, özüm aýalyňyza oňat edip düşündirerin. Aýallaryň ýüregini aýallar gowy bilýändir.

Şu gepden soň, ýüregim biraz düşüşdi. «Hakykatdanam, aýallar bir-birine gowy düşünýärler, munuň özi nähili ýagdaýda sataşanyny jikme-jik gürrüň berse, Zyba-da ynanman durmaz ahyry» diýen pikire eýerip, ony öýe eltmäge içimden razy boldum. Şeýdip bu çylşyrymly mesele çözüldi. Indi ýene deslapky mesele-ýoldaşymyň nähili adamdygyny bilmek islegi dilimi gijedýärdi:

-Aýallaryň ýüregine diňe aýallar däl, oňatja gürrüň berilse erkeklerem gowy düşünýändir.

-Näme diýmekçi bolýanyňyza menem gowy düşünýän-diýip, ol uludan demini aldy.-Ýöne indi şähere geldik. Baryny gürrüň bermäge ýetişmesem gerek.

Dogrudanam, şähere gelip ýetipdik. Şu uly köçäniň soňuna baryp, saga-biziň

köçämize sowulmalydy. Galan aralygam bir kilometrden daş däldi. Indi öýe barýançak onuň kimdigini, nähili adamdygyny anyklamak mümkin däldi. Şonuň üçin artykmaç gürrüňe gümra bolman, ýolumy dowam etdirdim. Ýene-de bäş minutdan öýe bararys, kimdigini maňa aýtmasa, Zybanyň özüne aýdar ahyry- diýip, içimi gepledýärdim.

Köçämiziň başlanýan ýerine ýetenimizde maşyn birden öçüp galsa nätjek. Ýangyjy görkezýän datçige seretsem, benzin tükenipdir. «Ine saňa gerek bolsa. Oslanmadyk ýerden bolan bu işe seretsene. Bu uly köçäniň ugrunda tanyş-biliş sataşaýmasa ýagşy! Eger-de olardan biri bu ýagdaýda

duranymy görüp kömege geläýse, kelle ýalaňaç, diňe bir jemperde oturan del aýala gözi düşdügi gör, nämeler pikir eder?!» diýip howatyrlanýardym.

Adamyň ruhy ýagdaýy gaty tiz özgerýär. Birden bu biderek howsalanyň ýerine niredendir peýda bolan mertlik duýgusy eýeledi. Özümi beýle gorkaklygym, ätiýaçlygym üçin içimden ýazgarýardym. Ýoldaşym hem gürrüňiň nämededigini aňan bolmaga çemeli, degişen kişi boldy:

-Benzin tükense-de, entek sabyrymyz tükenmedi, galanja ýoly şonuň bilen alyp bolmazmyka?

-Gynansagam, sabyr diýilýän zady benzin ýerine ulanyp bolanok. Şonuň üçinem başga bir alajyny tapmaly-diýip, menem gürrüňi degişmä sowdum.

Wagt hem ýarym gijeden agypdy. Mundan soň maňa benzin beräýjek maşynyň geçjegi ikiuçlydy. Kelläme bir pikir gelip, maşyndan düşdüm. Gapyny ýapmazdan öň pikirimi ýoldaşyma aýtdym:

-Indi öýe geldik diýsegem boljak, ana görnüp dur, çep tarapdan dördünji jaý. Ýöne siz häzirlikçe bir azrak maşynda garaşyň. Men öýe baryp, egniňize geýer ýaly bir eşik getireýin. Onsoň öýe bararsyňyz. Men bolsam, goňşularyň birini çagyryp, maşyny iterip, öýe eltmesek başga alaç ýok.

Ol geplemedi. Men maşynyň gapysyny ýapyp öýe ylgadym. Derwezäniň öňüne gelip seretsem, yşyklar sönüpdir, bar ýer tüm garaňky. «Garaşyp-garaşyp ýatan bolmaga çemeli» diýip içimi gepletdim. Derwezäniň bir çetindäki jaňyň düwmesini basdym. Bir salym garaşdym, soňra yzly-yzyna birnäçe gezek basdym. Ýene garaşdym. Emma içerden ses-üýn çykmady. Öýde hiç kim ýok ýalydy. «Bä, bu nähili boldy. Zyba ukusyna beýle agyr däldi-le» diýip, içimi gepledýärkäm, kelläme birden başga pikir geldi. «Zyba öýde ýok bolsa gerek, derweze içinden däl-de, daşyndan gulplanandyr». Çakym dogry bolup çykdy. Derwezäniň gapysyny sermeläp görsem ullakan köne gulp elime buz ýaly bolup degdi. Bir ýagşysy- bu nuh eýamyndan galan gulpuň iki sany açary bolup, biri mendedi. Zybanyň pikiriçe, bu köne gülp täze çykan gulplara garanda, ygtybarlymyşyn, berkmişin. Täze gulplaryň islendigini ýaş çaga-da açyp bilýämişin. Ine, şonuň üçinem, Zyba bu gulpy atasy öýünden ýörite gidip getiripdi. Gulpy açyp, içeri girdim, dalanyñ yşygyny ýakdym. «Beý, bu nähili boldy indi» diýip, içimi gepledýärdim. Meni beýle alada goýan zat- Zybanyň nirä ýitirim bolandygy däldi. Men onuň häsiýetine gaty beletdim. Men iş saparyna gitdigim , olam oba-atasy öýüne ýumlugyberýärdi. Bu saparam şeýle edenligi ikiuçly däldi. Meni alada goýan zat başgady. Ol aýalymyň ýok wagtynda öýe keseki aýaly alyp gelmegimdi.

Bu ýagdaý maňa bagly bolmadyk pursatda ýüze çykanam bolsa, näme üçindir, özümi günäkär ýaly duýýardym. Öýe girip däliziň, garşydaky uly otagyň yşyklaryny ýakdym, soň dälize çykdym.

Ýene-de uly otaga girdim. Näme maksat bilen girip çykýanymy özümem bilmeýärdim. Uly otaga üçünji gezek girenimde ortadaky stoluň üstünde ýatan sygryň dili ýaly kagyza gözüm düşdi. Şonda Zybanyň hat ýazyp galdyranyny aňladym. Kagyzy alyp, hata göz aýladym: «Kakasy. Bardy-geldi bu gün gaýdyp geläýseň, howatyrlanyp oturma. Näme diýsene, sen gidensoň içim gysyp nätjegimi bilmän otyrkam, obadan agam maşynly geläýdi. Elinje ulag bolansoň, menem oba ejemi görüp gaýdaýyn, diýip, Maýyçkany alyp gaýdyberdim»... Hatyň yzyny okabam durmadym. «Agaň gelmedigem bolsa, bir ugruny tapyp giderdiň» diýip, hüňňürdedim-de, haty dört epläp jübüme saldym.

«Indi nätsemkäm?» diýip, içimi gepledýärdim. «Yzyndan oba baryp gaýtsammykam? Hany oňa benzin? Gijäniň bir wagty ony nireden tapjak. Bardy-geldi benzin tapylaýanda-da kyrk kilometre golaý ýere bu batgada gidip geläýmek oýunjak işdir öýdýärmiň? Bir ýerde bataýsaň nätjek»... Kelläme mundanam başga her hili hyýallar gelip, otagda bir salym huşsuz ýaly bolup durupdyryn. Birden maşynymda üşäp oturan syrly myhmanym göz öňüme gelip, dälize çykdym. Üstki egin-eşik asylýan asawaçdan özümiň köne paltomy alyp, daş çykdym. Indi men «Bu nähili boldy?» diýen öňki soragymy gaýtaladym. Onuň deregine «Aý näme bolsa, şo bolsun» diýip, samyrdap gelýärdim. Maşynyň ýanyna gelip, gapysyny açdym-da, elimdäki paltony ýoldaşymyň öňüne okladym.

-Şuny geýäýmeseňiz, başga zat tapmadym.

Ol çalt geýnip maşyndan çykdy.

-Ýörüň, sizi öýe elteýin. Soňra goňşularyň birini turuzyp gelerin.

-Bimahal çagy goňşulary bimaza etmek nämä gerek. Eger güýjüňiz ýetmese, bir çetiräk çykyň,

özüm itekläp eltäýerin- diýip, ol güldi.

-Sizem bimahal wagty oýnuňyzy goýuň, ýörüň tizräk!-diýip hüňňürdedim.

-Men oýun edemok, gara çynym- diýdi-de ol gapyny açyp, bir eli bilen ruly tutup, egni bilenem maşyny itekläp başlady. Menem maşynyň yzyna geçip, bar güýjüm bilen itdim welin, ol ýuwaş-ýuwaşdan tigirlenip ugrady.

Şeýdip, biz itenek-de- çomanak bolşup maşyny derwezeden içeri saldyk. Men derwezäni bekläp, ýoldaşyma «Içerik giriberiň» diýip, ýüzlenmekçi bolup seretdim. Ol gapynyň öňünde, yşygyň aşagynda meniň hereketlerimi synlap durdy. Ine, şonda, men onuň keşbini ilkinji gezek anyk gördümem welin aňkam aşyp, duran ýerimde doňup galdym. Elhepus! Men

şu ömrümde beýle owadan aýal maşgala sataşmandym. Birhili oraşan düýş görýän ýaly hopukdym. Haýran galaýmaly ýeri-de, onuň gözi-gaşy biziň gündogarda owadanlygyň nyşanasy diýip ykrar edilen şar gara reňkde däldi. Ýaňy ýigrim bäşlerine gadam uran ýewropalylara çalymdaş bu mele gelniň bütin durky, kaddy-kamaty, ýüzi-gözi gözelligiň nusgasy hökmünde döredilen gadymy grek heýkellerine çalym edýärdi. Ol meniň özüne birhili aňkarlyp seredip duranymyň sebäbini aňan ýaly çalaja ýylgyrdy-da:

-Gelnejem uklap ýatyr öýdýän?!-diýdi. Men:

-Ol öýde ýok ekeni- diýip, dogrusyny aýtmaly boldum. Şonda sesim özümiňkä meňzemän gitdi.

-Ýok ekeni? – diýip, ol geň galmak bilen sorady.

-Hawa, onuň barynyň-ýogunyň bize peýda-zyýany ýok- diýip, men batyrgaý gürledim. Zenan kinaýaly ýylgyryp, synçy nazaryny dikdi. Men bu garaýşyň manysyna düşündim. Ol:

-Sallahlygyňyzy ýolda aýdaýan bolsaňyzam hiç zat üýtgemezdi- diýdi.

-Ýok-la, men sallah däl. Aýalymyň öýde ýoklugy bulam bir tötänlik- diýip hüňňürdedim.

Zenan ýyldyz dek lowurdap duran gözlerini süzüp güldi:

-Tötänlik diýseňiz-le, beýle tötänlikler tiz-tizden bolup durýan bolmaga çemeli.

Men onuň «tötänlik» sözüni aýalymyň öýde ýoklugy baradamy, ýa-da, öýe keseki aýaly getirenim baradamy, garaz, haýsy manyda diýenini bilmedim. Şonuň üçin onuň bu sowalyny jogapsyz galdyryp, sypaýylyk bilen öýe mürehet etdim :

-Hany içeri gireliň, bu ýerde üşäýdiňiz öýdýän.

Men ony yzyma tirkäp, myhman garşylanýan uly otaga alyp bardym. Haýran galaýmaly. Oňa bolan öňki şübheli garaýşymyň ýerine indi hormata meňzeş bir duýgy eýeledi. Munuň sebäbi düşnüklidi. Gözellik indi özüniň güýjüni görkezýärdi. Oňa seretdigim saýyn bu deňsiz-taýsyz kämil görküň öňünde özümi barha ejiz duýýardym. Pikir edip görsem, bu meniň ygtyýarymdan daşarydaky ýagdaýdy. Sebäbi ynsanyýet özüni bileninden bäri, gözellige mukaddes zat hökmünde sežde edip gelýär. Aýratynam, ynsanyň keşbinde ýüze çykan gözellik jilwesi, ynsanyň özüni tebigatyň döreden başga ähli gözelliklerine garanda-da köpräk ýesir edip gelýär. Bu hökmürowan güýç häzir meniň üstümdenem agalyk edýärdi.

Öý-ä ýyljak eken, indi bu toý lybasyny çykaraýsamam boljak – diýip, ol meniň köne paltomy egninden alyp elime berdi. Onuñ egninde ýewropça biçüwli mele reñkli köýnegiiniñ üstünden geýen , endamyna ýapyşyp, özüne gelşip duran, maýda dokalan ýukarak gyzyl jemperi bardy. Men paltony eltip dalizdäki asawaçdan asyp, dolanyp otaga girenimde ol henizem stoluň ýanynda aýak üstünde durdy. Töwerek-daşyny otlukly

gözlerini aýlaýardy. Myhmanhana hökmünde ulanylýan bu otag aýalymyň islegine laýyk edip, birneme köne modada bezelendi. Garşydaky diwaryň ýarysyny eýeläp duran ulakan serwantda dürli gap-çanak, çäýnek-käse, üsti-üstüne münderlenip  ýatyrdy. Howly tarapa bakýan penjirä gyzyl ýüpek matadan perde tutulandy. Bu otagdan äpişgesi köçä seredýän çaklaňja ýatylýan jaýa girilýärdi. Onuň iki ganatly aýnabent gapysyndan üsti ýumşak düşekli goşa krowat görnüp durdy. Ol ýere nazary düşen myhmanymyň birden  ýüzi gamaşdy. Ol birhili agyr oýuň aşagynda galan ýalydy. Şeýle-de bolsa, egnindäki  gyzyl jemper onuň gyrmyzy ýaňaklaryny hasam gül reňkine girizipdi. Depesinde ikuç aýlap  goýan  garadan goňra ýakyn saçlaryndan al ýaňaklara seçelenip düşen tarlary şu tapda onuň keşbini perişan görkezýärdi.

-Näme aýak üstünde dursuňyz, otursaňyzlaň, Men häzir çaý goýjak.

-Çaý diýýäňizmi?- diýip,  maňa seredeninde  öňki  tukatlygy aýrylyp, gözlerinde  bir ýeserje uçgun ýylpyldady,  birhili kinaýaly ýaly ýylgyryp:

-Çaýdan başga içilýän zadyňyz ýokmudy? - diýdi.

Men özümi birhili oňaýsyz duýdum. Myhmanyň göwnündäkisini beýle aç-açan aýtmagy onuň häsiýetiniň aýal maşgala gelişmejek taraplaryna şaýatlyk edýärdi. Emma men oňa sypaýylyk bilen jogap berdim.:

-Tapylaýmagy mümkin, seredip göreli, az-owlak içseňiz sowuklama peýda eder.

Ol inçe biline ellerini diräp, assa-ýuwaş maňa ýakynlaşdy. Ondan şeýle bir ýakymly ys kükedi welin, muňa başym aýlanyp, ýüregim endiräp gitdi. Bu ys hiç bir atyryň ysyna meňzemeýärdi. Eger gözelligiň ysy bolýan bolsa, şonuň özüdi. Men garşymda duran gözelligi hem görüş, hem ys biliş agzalarym arkaly duýýardym.

-Az-owlak içilse sowuklana peýda edýär diýseňizläň?!- diýip, ol ýaňsyly äheňde gürledi. – Näme köpräk içmek mümkin dälmi?

Beýle diýmek bilen ol kartyny açyp taşlan oýunçydan ugur alan ýaly etdi. Indi menem oýny açyk oýnabersem bolman durjak däldi. Emma ynsabym muňa  ýol bermedi:

-Bagyşlarsyňyz, men  köp içmegi halamok.

Ol maňa «Baý, arzyňy artdyrýaň-ow» diýen ýaly gaňrylyp seretdi-de, baryp diwanda oturdy.

Men aşhana baryp çaý goýdum. Sowadyjydan  gowrulan eti alyp, gantdyr çörek bilen stola goýdum.

-Ynha, bary bilen bazar eýläberýäs- diýip, ýene-de aşhana gitdim. Çaý gaýnaýança şol ýerde garaşanymy kem görmedim. Beýnimde her hili pikirler at salýardy. Şeýle görmegeý gözeliň özüni beýle gadyrsyz tutmagy meni gaty geň galdyrýardy.

Çaý demläp eltdim. Ol diwanda meniň hereketlerimi synlap ümsüm otyrdy. Men serwantdan bir çüýşe konýak alyp stolda goýdum.

-Hany, çaýyň başyna geçiň, hormatly myhman.

Ol gelip garşymda otyrdy. Çäýnegi öňüne çekip, çaýy gaýtarýarka ýuwaşja dillendi:

-Bagyşlaň, sizi azara goýaýdym öýdýän.

-Aý, ýok-la, azary bolmaz-diýip, oňa siňe seretdim-de, konýagy elime aldym. Ol kellesini ýaýkap:

-Eger özüňiz içmeseňiz açyp oturmaň. Men içjek däl-diýdi.

-Näme üçin? Ýaňyja dür saçyşyňyz başgaçady-la- diýip, degşen kişi boldum. Ol:

-Aý, men-ä degşip aýdaýdym- diýdi. Soňra boş käsä çaý guýup, maňa uzadýarka, - Siziň adyňyz näme? - diýip sorady.

-Ahmet.

-Meniňki Aýjemal.

Şeýdip onuň bilen tanyşdyk. Emma indi onuň kimiň maşgalasydygyny, aňyrsynyň kimlerdendigini soramaga dilim baranokdy. Aýjemal çaý içip oturşyna maňa assyrynlyk bilen seredýärdi. Ýaňyja onuň näz-kereşmeden doly humarly gözlerinde, indi bolsa çagalaryňky ýaly ýöne bir bilesigelijilikden başga many ýokdy.

-Ahmet, siz bagtlymy?

Garaşylmadyk ýerden berlen, çagaňka meňzeş bu sada soraga şol pursadyň özünde jogap gaýtarmak aňsat däldi. Sebäbi bu hakda meniň özümem çynlakaý pikir edip görmändim.

-Bilmedim, bagtly bolsam gerek-diýdim.

-Bagtly bolsam gerek, diýmäňiz näme? Muny özüňizem anyk bilmeýän ekeniňiz-dä. Öň öýlenipmidiňiz?

-Ýak, aldyňow. Sen meni hakykatdanam sallah öýdýän bolmaga çemeli-diýip, men birden «sizden» «sene» geçenimi bilmän galdym.

-Häzir öýde ýok, diýsene- diýip, ol hem senlik ýöňkemä geçip, ýaňsyly güldi. – Meniň bilen «gizlenpeçek» oýnap oturmak näme gerek? Bir gije müň gije däl, «sallah ekeniň meni alaý» diýip, boýnuňdan asylmaryn, gorkma.

-Sen gaty ýalňyşýarsyň, uýam.

Sözümiň äheňimi ýa-da «uýam» diýen sözümmi, oňa düýbünden başgaça täsir etdi. Maňa synçy nazary bilen garap, ýuwaşja dillendi.

-Bagyşlaň!

Indi men öz nobatymda oňa sowallar berip, bilesigelijiligimi kanagatlandyrmagym mümkindi.

-Ýeri, Aýjemal, özüň nähili pikir edýäň, özüňi bagtsyz saýaňmy?

-Ýok, näme üçin men özümi bagtsyz saýmalymyşym?- diýip, maňa göni seretdi. - Bagt diýilýän zada her kim özüçe düşünýär.

-Sen nähili düşünýärsiň?

-Ahmet, özüň-ä sowatly, düşünjeli adama meňzeýäň. Beýle zatlary maňa garanda ýüz esse gowurak bilýänsiň-le.

-Men seniň pikiriňi bilmek isleýärin.

-Seniň pikiriňi? Meniň bu hakda hiç hili üýtgeşik pikirim ýok. Ýöne men şu halyma seretmezden «waý, gara maňlaýym, men nähili bagtsyz» diýip ýörýänlerden däl. Ine, şu gün seniň öýüňde başpena tapdym. Şunuň özi meniň üçin kiçijik bagt, eger ýolda sen sataşmadyk bolsaň, bir bagtsyzlygyň üstünden baraýmagym mümkindi.

Ol şeýle diýdi-de, gamgyn ýylgyryp, maňa gözüni süzüp seretdi.

-Diýmek, bagtyň çüwüp, men duşaýypdyryn-da?!

-Hawa.

-Sen häli ýolda-da şeýleräk manyda bir söz diýipdiň, Aýjemal.

Aýjemal meniň sypaýylyk bilen diýen bu sözlerimiň äheňindäki «Indi aýdyp berjek dälmi, näme bolanny» diýen manyny şol bada aňdy.

-Hä, sen sataşmadyk bolsaň, ärim yzymdan ýetip, öldüräýmegi mümkin, diýipdim. Düşünýän. Seni «Äriň biderek ýere öldürmekçi däldir» diýen sorag gyzyklandyrýan bolmaga çemeli.

Men geplemedim. Emma ol meniň dymyp oturşymda «Hawa, elbetde» diýen manynyň bardygyny düşündi. Uludan demini alyp, hasratly äheňde söze başlady.

-Meniň ykbalym birneme çylşyrymly. Täleýiň ters bolsa, şeýle bolýandyr-da. Iki gezek äre çykdym, birinjisi menden gaçyp gitdi. Ikinjisinden, ine özüm gaçdym.

Ol oýurganyp dymdy. Men gürrüňiň dowamyny eşitmek üçin ýerliksizrägem bolsa sorag berdim:

-Häzirkiden seni öldürmekçi bolany üçin gaçypsyň. Ää... öňkiň senden näme üçin gaçdy, ýa-da, senem ony öldürmekçi bolduňmy?

Aýjemal dertli ýylgyrdy.

-Ýok, men ony janymdan-da artyk söýýärdim. Ol meniň söýgimiň ýüküni göterip bilmän gaçdy.

-Gaty geň zat, söýgüden-de adam gaçarmy?

-Söýgi diýilýäni-de her hili bolýan ekeni, soň pikir öwrüp görsem, men oňa söýgim bilen azar baryny beripdirin. Men ony duzagyma ildiren guşum ýaly saklajak bolup çalşypdyryn. – Ol şeýle diýip aşaky dodagyny dişledi, soňra maňa müýnli seredip, sözüni dowam etdirdi. –Ol ajaýyp ýigitdi. Duldegşir goňşy bolup ýaşaýardyk. Öweý atam onuň bilen aragatnaşyk edenimi duýup, şeýle bir gazaba mündi welin, eger gaçyp gitmedik bolsak ikimizi-de soýardy.

-Bä, haýyp,.. janyňy howp astynda goýup, gowşan kişiňden aýyrylypsyň-da

-Alajyň näme. Durmuşda garaşylmadyk zatlar bolaýan ekeni. Kän kitap okadym. Emma durmuşdaky wakalar kitaplardakydan hasam çylşyrymly ekeni. «Gazma düşersiň, ýakma bişersiň» diýenleri ýaly, bu ärim maňa edil özümiň öňki ärime görkezen günümi görkezip başlady. Hetden aşa gabanýardy. Söýmedigiň gabansa-da gaty ýokuş degýän ekeni.

-Söýmedik bolsaň näme üçin bardyň?

-Täsin sorag berýäň, dünýädäki hemme kişiler söýşüp durmuş gurýandyr öýdýäňmi?... Seniň özüň aýalaýňy söýýämiň?

-Men ony söýüp aldym.

-Ýalan aýdýaň. Öz aýalyny söýýän adam keseki aýala beýdip işdämen seretmeýär.

Men çym-gyzyl boldum.

-Bagyşlaň, men şeýdip seredýänmi? Göwnüňe alma, men ýöne bir...

Ol şoh gülki bilen sözümi böldi.

-Özüňi aklap oturmagyň hajaty ýok, dogrymy aýtsam, maňa  şeýdip seretmedik bolsaň, göwnüme alardym.

Men gürrüňi başga tarapa sowmaga çalyşdym.

-Sen-ä sygan aýallary ýaly ýaman dilewar ekeniň Aýjemal. Sygan-a dälsiň-dä?

-Sygan bolup çykaýsam nätjek?- diýip, ol gözlerini mekirlik bilen güldürdi.

-Tapawudy ýok, sen kimem bolsaň meniň myhmanymsyň.

Ol  ýeserlik bilen seretdi-de :

-Tapawudy ýok, bir sapar syganam bolsa-da  bolýar, diýsene - diýdi.

Ýüzüm birden gyzyp, çym-gyzyl boldy, geplemän aýak üstüne galdym. Aljyrap nätjegimi bilmän, entek ýarysy-da içilmedik çäýnegi alyp, aşhana çykdym. Ol ýerde biraz oýlanmaga pursat bardy. Kelläm özüne çekiji jadynyň täsirinden daşyrakda parasatlyrak işlejek ýalydy.«Janlarym, bu niçik ahwalat boldy? Kime duşdum? Bu ýagdaýdan sag-aman sypaýsam är boldugym...»

Emma şol bir wagtyň özünde meni näbelli bir güýç onuň ýanyna itekleýärdi. Dogrusy, onuň bilen gürrüň edip otyrkam men özümi üýtgeşik bir syrly dünýäde  ýüzüp ýören ýaly duýýardym.

Gazda gaýnap duran çaýdan elimdäki çäýnegiň üstüni doldurdym. Dolanyp otaga girenimde, özümde her niçik jadynyň güýjüne-de garşylyk görkezip biljek güýjüň bardygyny syzdym.

-Ine gyzgyn çaý getirdim.

Men mümkingadar özümi sypaýy hem salyhatly tutmaga çalyşýardym.

-Sag boluň, men bu gyzgyn çaýyňyzdan öňürti bir owurt konýak içenimi kem görmedim. Isleseň senem içäý-diýip, Aýjemal garaşylmadyk bir resmi äheň bilen gürledi. Seredip görsem, ortadaky konýak açylypdyr. Meniň öňümdäki bulgur doly. Özüniň öňündäkiniň bolsa içilendigi bulguryň düýbünde galan konýagyň galyndysy aýdyp durdy. Men oňa geňirgenip seretdim :

-Ýaňyja içjek däl diýipdiň-ä?

-Indi bolsa birugsat içipsiň diýýäňizmi?

-Ýok gürrüň rugsatda däl, orta çykarylan zadyň rugsady, birugsady bolmaz. Ýöne gönimden gelsem, men-ä saňa düşünemok, Aýjemal.

-Bu ýerde düşünmez ýaly şeýle bir çylşyrymly zat ýog-a. Ýaňy içesim gelenokdy, indi içesim geldi. Şonuň üçinem içdim. Görýäňizmi, adamyň ähli edýän hereketi onuň islegine bagly.

-Bä, gaty geň pikir- diýip, men oňa ýazgaryjy nazar bilen garadym. Onuň bu sözüni ýüze çykyp barýan gelşiksiz ýagdaýy düzetmek üçin peýdalanjak bolup çalyşdym :

-Eger özüň aýtmyşlaýyn, ähli hereketlerimiz isleglerimize bagly bolýan bolsa, onda isleglerimiz bizi nä küýlere salmazdy. Hatda ahlaksyzlyga-da baş urdurardy.

Aýjemal birden jakgyldap gülüp goýberdi. Ol şeýle şowhunly güldi welin, meniň bütin endamymda garynja ýörän ýaly boldy. Ol gülküsini bes edip, ýanyp duran owadan gözlerini meniň gözlerime dikdi.

-Ahyrsoňy seniň nämeden gorkýanyň belli boldy- diýip ol ýene-de güldi.

-Men nämeden gorkýamyşym?- diýip geňirgenip soradym. Dogrymy aýtsam, onuň näme diýmekçi bolýanyna birbada göz ýetirip bilmedim. Ol maňa ýaşajyk çaga seredýän ýaly hossarsyrap garady-da, şeýle diýdi:

-Häliden bäri meniň güman edip oturan zadym dogry bolup çykdy. Seniň gorkýan zadyň – ahlaksyzlyk.

-Hawa, dogry, sen näme ondan gorkaňokmy?

-Ýok.

-Ýok?

-Ýok, gorkamok, men ony ýigrenýän.

Men ýeňillik bilen dem aldym.

-Onuň ikisi-de bir zat ahyryn.

-Bagyşlarsyňyz, bir zat däl, gorkmak bilen ýigrenmek düýbünden başga duýgular.

Men ýylgyryp kellämi ýaýkadym.

-Bä, sen-ä gyly kyrk bölýänlerden ekeniň. Dogry, gorkmak bilen ýigrenmek sözleriniň manysy elbetde, başga-başga, ýöne men ikimiziňem ahlaksyzlyga bolan garaýşymyzyň meňzeşdigini aýtdym.

Aýjemal başyny ýaýkady:

-Ýok, gynansaňyzam meňzeş däl. Bir zatdan gorkmaklyk ondan ejizligi, ýigrenmeklik bolsa güýçlüligi bildirýär. Şeýle dälmi näme? Bir işi etmekden gorkýan adam, etmişiniň äşgär bolmajagyna gözi ýetse, ony edýär. Emma beýle işi ýigrenýän adam bolsa, ony hiç haçan etmeýär.

Aýjemalyň pikir öwrümleri logiki taýdan gaty berkdi. Şonuň üçinem onuň garşysyna gitmek kyn düşýärdi. Şeýle bolansoň, men onuň pikirini bir taraplaýyn bolsa-da, ykrar etmekden özge çäre tapmadym.

-Sen mamla, Aýjemal. Emma ol diýýänleriň maňa dahylly ýeri ýok.
Aýjemal ýeňiji nazar bilen seredip mylaýym ýylgyrdy.

-Näme üçin ýokmuşyn? Ýaňyja özüň «gorkýan» diýip, boýun aldyň ahyryn.

-Ýöne meniň gorkym bütinleý başga zatdan.

-Nämeden?

-Men sen aýtmyşlaýyn, etmişimiň äşgär bolmagyndan däl, öz wyždanymdan gorkýan.

Aýjemal ýüzüme seredip, birsalym dymyp oturdy. Soňra nazaryny başga tarapa sowup dillendi:

-Şeýle diýseňiz-le. Häli adamyň islegi hakynda gürrüň edenimizde, «Eger isleglerimize gulak asýan bolsak, onda islegler bizi ne küýlere salmazdy, hat-da her hili ahlaksyzlyklara baş urdurardy» diýmänmidiň? Ýeri, onda seniň göwnüňde ahlaksyzlyk  etmek hakynda isleg döräninde wyždanyň nirde bolýar?

Ol meni aljyradyp barýardy.

-Sen gepi bulaşdyrýaň, Aýjemal- diýip, men  gürrüňi  başga tarapa sowmaga çalyşdym.

-Bulaşdyrýan däldirin, Ahmet. Men  dogrusyny diýýän. Has dogrusyny diýsem, göwünde yhlas bilen dörän islegleri nämedendir gorkup amala aşyrmazlyk ahlaklylygy bildirmeýär.

-Diýmek, seniň pikiriňçe, göwnümiz nämäni islese, haýyrmy, şermi, edibermeli eken-dä- diýip, men birneme özümi ele aldym.

Aýjemal meniň gyzýanymy geňläpmi ýa-da sözlerime pisindi oturmanmy, kinaýaly ýylgyrdy.

-Ozaly bilen, ýagşy köňülde ýaman islegler döremeýär, Ahmet. Eger döreýän bolsa, onda seniň özüň ýaman adamsyň.

-Adamlaryň ýagşy-ýamany içki  isleglerine däl-de, daşky hereketlerine garap kesgitlenilýär,aýym!-diýip, men gahar gatyşykly sesime bat berdim. Aýjemal hem menden  pes oturmady:

-Adamlaryň daşky hereketleri olaryň içki isleglerinden gelip çykýandyr, ýagşy ýigit!

Men ýerimden turup, otagy bir aýlanyp çykdym, soňra onuň garşysyna gelip aýak çekdim-de:

-Bu gepiň umuman, dogry-diýdim. - Emma gowy adam özüniň ähli isleglerine ygtyýar bermeli däldir. Ol özüne erk edip bilmelidir. Seniň özüň hem janly adamsyň, Aýjemal. Seniň göwnüňde-de ýol berip bolmaýan islegleriň döremegi mümkin ahyryn, şeýle dälmi?

Aýjemal çalaja ýylgyryp bada-bat jogap berdi:

-Meniň göwnümde hiç haçan adam öldürmek, ogurlyk etmek, biriniň öýüne ot bermek ýaly ýowuz islegler döränok, Ahmet. Eger meniň göwnümde adamyň tebigatyndan gelip çykýan haýsy-da bolsa bir isleg döräýse, eger-de, men onuň ýürekden çykýan islegdigine göz ýetirsem, onuň käbir şertli düşünjelerimize ters gelýändigine garamazdan, ony amala aşyrmakdan gorkup oturmaryn.

Men aşaky dodagymy dişläp, näme diýjegimi bilmän, ýüzümi kesä sowdum. Ol bolsa sözleriniň mende nähili täsir galdyrandygyny bilmekçi bolup, synçy nazaryny menden aýyrman otyrdy. Aýal maşgala ýüzüňe şeýdip seredip otyrka, gözleriňi ondan gizlejek bolmagam bir gelşiksiz. Şonuň üçin menem merdemsiräp, oňa tiňkämi dikdim. Indi biz söz bilen däl, göreçlerimiz arkaly jedelleşýärdik. Onuň synçy nazary maňa göýä şeýle diýýärdi:

«Hany aýt, durmuş isleglere ymtylmakdan ybarat dälmi, ahyryn? Senem erkek kişisiň, seniňem meýilleriňi bilýän. Hawa, hawa, eýsem näme meniň jemalyma beýle meýmiräp seredýäň?! Seredişiňe seredýäň welin, emma göwnüňde dörän islegiňiň äşgär bolmagyndan gorkýarsyň. Sebäbi senem köpçülige meňzäp, bir wagtlar adamlar tarapyndan adat edilen şertli düşünjelere ters gelýän işi etmäge milt edip bilmeýärsiň».

Belki, bu göreçler başga zat diýýändir, belki, men ýalňyşýandyryn. Gönümden

gelsem, şol pursatda bu aýal meniň üçin düşünip aňyrsyna ýetip bolmajak bir düýpsüz dünýä ýalydy. Ol özüniň ajaýyp gözelligi, gönümelligi, erjelligi, pikir öwrümleriniň biçak nepisligi, şol bir wagtyň özünde-de ýeňleslige meýliniň ýok däldigi bilen köp gyranly gymmat bahaly daşa meňzäp, dürli reňkde öwşün atýardy. Men bu gyranlaryň reňbe-reň öwüşginine gözüm gamaşyp, daşyň bütewi şekilini anyklamakdan entek ejizdim.

Aýjemal ýerinden turup, ýuwaş ädimläp, howla bakýan penjiräniň öňüne bardy. Onuň perdesini çalaja galdyryp, daşaryk seretdi.

-Tüm garaňky gije...- diýip, öz-özüne aýdaýan ýaly güňlenç ses bilen dillendi. Ol şol durşuna esli wagt dymdy. Ol hatda häzir otagda meniň bardygymy-da unudan ýalydy.

-Aýjemal, belki, ýatyp dynjyňy alarsyň, ýadansyň?- diýip, men bu oňaýsyz ümsümligi bozdum. Aýjemal maňa tarap öwrüldi. Onuň ýüz keşbine gözüm düşüp, geň galmakdan ýaňa içimi çekenimi duýman galdym. Häzir onuň ýüzünde oýnap duran öňki wagtyhoşlukdan, gözlerindäki duýgy uçgunyndan nam-nyşan galmandy. Onuň tutuş keşbi birhili perişan görünýärdi.

-Kakam pahyr ýadyma düşdi. Ony ýatlanymda hemişe tukatlanýan- diýip, Aýjemal gamgyn dillendi. – Seniň nämäňdir kakama meňzeýär. Ýok, daşky sypatyň däl. Içki dünýäňizde birhili meňzeşlik bar ýaly. Ol örän görmegeý adamdy. Göwnüme bolmasa, ol işden geleninde öýümiz dolup, ýagtylyp giden ýaly bolýardy. O döwürde öýümiz gelim-gidimli, şagalaňly öýdi. Dost-ýary köpdi. Ejem bilen biri-birini gaty sylaýardylar. Men onuň iller ýaly: «Eý, heleý» diýip, gygyranyny hiç haçan eşidemok. Men on-oniki ýaşlarymdaka-da olar ýaňy duşuşyp ýören aşyk-magşuklar ýaly bolup oturýardylar. Men maşgalada ýeke çagadym. Ol meni juda eý görýärdi. Ol maňa «Sen meniň aý ýaly gyzym. Şonuň üçinem seniň adyňa Aýjemal dakdym» diýerdi. Hiç bir oslanmadyk wagty, ine şeýle adamdam aýryldyk. Ol tarpa-taýyn aradan çykdy. Onuň yzyndan menem ölerin, ýa dälirärin öýdüpdim. Ýok, hiç zadam bolmady. Bitmejek ýara, aýrylmajak agyry bolmaz ekeni. Wagt ejemem, menem köşeşdirdi. Şol arada ejem birhili özgerdi. Özüne timar berip başlady. Işinden gijiräk gaýdýan boldy. Günleriň birinde yzyna bir adamy tirkäp öýe geldi. Meni howla alyp çykdy-da: «Gyzym, indi şu adam seniň kakaň bolar. Onuň bilen mylaýym gürleş“ diýdi. Meniň gözümiň öňi ümezläp gitdi. Duran ýerimde doňup galdym. Bir haýukdan özüme gelip: «Ýok! Ol hiç haçan meniň kakam bolup bilmez! Indi senem meniň ejem däl!» diýip gygyrdym. Ejem meni gujaklap aglady. «Men nädeýin, gyzym. Biziň täleýimiz şeýle bolsa nätjek“ diýip, meni köşeşdirjek boldy. Emma men onuň göz ýaşyna-da, sözlerine-de ynanmadym. Şunuň bilen mende wepa, söýgi diýen zatlar hakyndaky düşünje-de özgerdi. Göwnüme dünýäde hiç bir mukaddes zat galmadyk ýaly bolup göründi. Indi oýlanyp oturýan- oturýan-da: «Meniň häsiýetime, ana şol wakalar biçak güýçli täsir eden bolsa gerek» diýip, olaýaryn.

Aýjemalyň bu gürrüňi meniň ýüregimi endiredip goýberdi. Men oňa biraz göwünlik berdim. Biz ýene durmuş, ykbal ýaly zatlar hakynda gürleşip otyrdyk. Gijäniň bir wagty boldy:

-Dogrudanam, gaty ýadapsyň öýdýän, ýatyp dem-dynjyňy alaý- diýip, oňa ýüzlendim. Emma özüm welin, şol wagtda onuň jadylaýjy gürrüňinden, özüne çekiji husny- jemalyndan mahrum bolmaklygy islemeýärdim. Aýjemal «bolýar» diýen manyda başyny atyp, ýatmak üçin ýer saýlaýan ýaly otagyň içine göz aýlady.

-Içerki otagdaky krowatda ýataý, men şu taýda diwanda gyşaraýaryndiýdim. Ol «sag boluň» diýip, içerki otaga tarap ýöneldi. Emma aýnaly gapynyň öňüne baryp, içeri gözi düşende nämedendir ejap edýän ýaly aýak çekdi. Soňra maňa öwrülip:

-Içerki otagda özüň ýatsaň gowy bolardy- diýip, ýuwaşja dillendi.

-Näme üçin? «Myhman atańdan uly» diýipdirler.

-Myhmançylyk hukugyndan çenden aşa peýdalanasym gelenok. Her halda ol ýerdäki krowat bilen sen gelnejemiň hususy-mülkisiň. Aýallar bolsa edil guşlar ýaly özi ýok wagtynda-da höwürtgesine başga biriniň gonmagyny islemeýärler.

Degişme äheňinde aýdylan bu sözleriň hakykata bap gelýändigini men ykrar etmeli boldum.

-Be , men meseläniň o tarapyna üns bermändirin, bolýar islän ýeriňde ýataý- diýip, men içerki otagdaky sandygyň üstüne galdyrylyp goýlan täze ýorgan-düşeklerden alyp çykyp, diwanda ýer saldym. Şoňa çenli bir çetde meniň hereketlerimi synlap duran Aýjemal gülümsiräp söz gatdy.

-Aýal bolan bolsaň, bir äri gönendirjek ekeniň, Ahmet. Eliň ýorgan-düşeksalmaga,aýallaryňkydanam gowurak gelşip dur.

Men içerki otagdan ýorgan-düşek göterip çykýarkam Aýjemal olary elimden alar, ýerini özi salar diýip çak edipdim. Emma aýal maşgala bolandygyna garamazdan, ýerini maňa saldyryp, bir çetde seredip durup, maňa göwni ýetmeýän ýaly beýdip degnama degmesi birneme gaharymy getirdi:

-Erkek bolup doglanma närazy däldirin- diýip, gödegräk jogap berdim.

Aýjemal degişmesine näme üçin beýle gödek jogap berenimiň sebäbini derrew aňdy.

-Bagyşla, Ahmet. Balyň tagamyny bilmeýän çaga ony ýekeje gezegem bolsa dadyp görmegi örän isleýän bolsa gerek. Menem ömrümde erkek adamyň özüme şeýle hyzmat edenini görmändim. Bu örän ýakymly bolýan ekeni.

Onuň bu sözlerinden soň ýüregimdäki kine çaýa atylan gant ýaly eräp gitdi. Biderek zat üçin gahar edenime ökündim.

-Şeý diýsene- diýip, men ötünç soraýan ýaly gülümsiredim, Aýjemal:

-Hawa, şeýle- diýdi-de, hamala erkeklerden mähir-şepagat görmänliginiň günäkäri men ýaly, gözlerime günäleýji nazar bilen garady.

-Bolýar, onda, menem ýerime baraýyn, senem rahat ýat-diýip, içerki otaga ugradym. Aýjemal:

-Rahat ýatyp uklajagyma şübhe ýok-diýdi.Dogrymy aýtsam, allaniçigsi bolup gowşap gitdim.

Emma entek meniň erkim duýgularymdan güýçlüdi. Eger şonda onuň bu aýlawly sözlerini düşünmezlige salyp duşumdan geçirsem, onuň ýene şu zeýilli aýlawly söz diýjegi gaty ähtimaldy. Şonuň üçin beýle äheňdäki gürrüňe soňky nokady goýmaklygy, öz ýanymdan makul bildim:

-Dogry, muňa şek-şübhe bolup bilmez. Sebäbi aramyzda hytaý diwarlaryndanam beýik hem-de berk zat bar.

-O nähili zat?-diýip, Aýjemal geňirgenip sorady.

-Ýaňyja özüň aýtmyşlaýyn «şertli düşünjeler» –diýdim.

Aýjemal jakgyldap gülüp goýberdi:

-Wah, şeýle diýsene, olar ýaly bolsa ýaşasyn şol şertli düşünjeler-diýip Aýjemal özüni düşege oklady.

Men içerki otaga girdim. Yşyklar söndürildi. Emma gijäniň bir wagtyna çenli irkilip bilmedim. Onuň hem oýadygyny duýup ýatyrdym. Görsem, ýaňy ýolda onuň kimdigini bilmekçi bolup dyrjaşyp gelýärdim. Emma öýde şunça wagtlap gürleşip oturybam, onuň kimligini anyklamandyryn. Pikir edip görsem, ol özüniň sahypjemallygy, pähim-parasaty bilen göwnümdäki ähli şübheleri kowupdyr. Gep-sözünden ahlak azatlygyna meýliniň ýok däldigi görnüp duranam bolsa, onuň hakykatdanam, şeýledigine meniň ynanasym gelmeýärdi.

...Men ömrümde beýle näzenin aýaly guçmandym, bir düşekde ýatmandym. Ol özüniň pamyk ýaly ýumşak, ýüpek ýaly ýylmanak ellerini boýnuma çolap meni özüne çekýärdi. Duýgulardan doly gyzgyn nepesi ýüzüme urulýardy. Men düýbünden başga bir älemde, başgaça lezzetiň gujagyndadym. Birdenem penjire batly-batly kakyldy. Tisginip oýandym, demim tutulyp, ýüregim gürsüldäp urýardy. Özümi dürsäp, seretsem, bir eýýäm daň atyp, otagyň içi ýagtylypdyr. Ýanymda bolsa hiç kim ýokdy. Ine, şundan soň hälki ahwalatyň düýşdigini aňşyrdym. Penjiräniňem düýşümde kakylanyna göz ýetirip, ýüregim ýerine düşdi. Emma şo mahal meniň ýatan otagymyň penjiresi edil düýşümdäki ýaly zarp bilen kakyldy.

«Ine saňa gerek bolsa, kimkä bu?» diýen howatyr bilen böküp ýerimden turdum. «Diýmek, penjire birinji saparam düýşümde däl-de, hakykatdan kakylan ekeni, men bolsa şonuň sesine oýanypdyryn-da» diýip, içimi hümletdim. Hasyr-husur geýnip öňdäki otaga çykdym. Diwanda Aýjemal uklap ýatyrdy. Gijesine ol köp agdarylan bolmaga çemeli- saçlary çöşlenip ýazylyp gidipdir, häli düýşümde boýnuma dolanan ap-ak bilekleriň biri ýorgandan çykyp aşak sallanyp durdy.

Penjire ýene kakyldy. Men ygtyýarsyz «häzir» diýip goýberenimi duýman galdym. Aýjemal tisginip oýandy tirsegine galyp:

-Näme boldy?- diýdi-de, içki köýneginden mesaňa görnüp duran göwsüni hasyr-husur ýorgan bilen ýapdy. Men aljyranymy bildirmejek bolup:

-Kimdir biri geldi, äpişgäni kakyp dur, sen içerki otaga gir-diýdim. Ol hem birneme alňasan ýaly etdi, elýetimdäki oturgyçdan köýnegini aldy-da, oňy-tersine seretmän geýdi. Şol mahal penjire ýene kakyldy. Men «Çaltyrak bolsana» diýip, ony gyssadym. Ol bolsa: «häzir»... diýip ýorgan-düşegini göterip, içerki otaga girdi. Men howlukmaç dalana çykdym, «kim?» diýip seslenenimem şoldy welin, derwezäniň aňyrsyndan aýalymyň tanyş owazy eşidildi:

-Ýaman köp garaşdyrýaň-la, kakasy.

Elimiň-aýagymyň ysgyny gaçyp, endamymy sowuk der basdy. Men ony beýle ir geler diýip pikirem etmändirin. Derwezäni açmazlygyň alajy ýokdy. Baryp açdym, Zyba ýylgyryp girdi-de:

-Kakasy, sag-aman ördüňmi?-dýip, elindäki düwünçegi maňa tuturdy.-Ine, saňa elin gaýmak bilen sary ýag, ejem berip goýberdi, toba, gyzyndanam giýewisi gowy görünýändir-dä. Haçan barsam, bu-da Ahmediň paýy, o-da Ahmediň paýy diýip tapan-tupanyny goýberýär.

Ol ýüzüme seredip, juda howsala düşenimi aňdy öýdýän, birden äheňini üýtgetdi:

-Weý, saňa näme bolýar, kakasy, gidenimi ýaman gördüňmi? Günin gaýtjagyňy bilen bolsam gitmezdimem, taýynjak maşyn bolansoň, Maýyçkany mamasyna görkezip gaýdaýyn diýip gidäýipdim. Hawa, mamasam agtygyny gaty küýsän eken, ony goýbermedi, «Çaga iki-üç gün arassa howada ýazylyp-ýaýnap oýnasyn, şenbe güni gelende alyp gidersiňiz» diýdi.

Men diňe şondan soň aýalymyň ýanynda gyzymyň ýokdugyny aňdym. Zyba sözüni dowam etdi:

-Agamyň şäherde şu günem irräk gaýtmaly işi bar eken, Menem onuň bilen gaýdyberdim. Oňa «öýe gir» diýsem «wagtym ýok» diýip etmedi.

Uzyn dalandan ýöräp, öýüň gapysynyň öňüne gelýänçäk, ol ýene bir zatlar diýip zeýrendi. Emma meniň gulagyma hiç zat ilenokdy. Muny aňan Zyba :

-Weý, gara çynyň bilen maňa gaharyň gelipdir öýdýän-diýdi.

-Gaharym gelme näme işlesin, Zyba... Saňa nähili düşündirsemkäm... Öýde myhman bar-diýip, müýnli ardyndym.

-Myhman bolsa gaty gowy, kakasy. Agşam hezet edip bilmedik bolsaň, bu gün ederis, ertirden bäri ýüzüňi açman duranyňyň sebäbi şumudy?- diýip, Zyba dälizdäki asawaçdan daşky eşiklerini asyp durka aýtdy.

-Myhman-aýal maşgala... Ýolda sataşdym... Saňa düşündirmegim gerek-diýip, üzlem-saplam dillendim.

-Aýal maşgala?-diýeninde Zybanyň sesi saňňyldap çykdy. - Nämäni düşündirmegiň gerek? Häzir özüm düşünip aňyrsyna-da ýeterin.

Ol şeýle diýdi-de, kürsäp içeri girdi. Onuň yzyndan menem girdim. Aýjemal içerki otagda, krowadyň ýanynda heýkel kimin doňup durdy. Emma onuň ýüz-gözünde ne gorky, ne-de aljyraňňylyk alamaty görünýärdi. Saçlarynyň ýarysy göwsünde, ýarysy-da sagrysynda seçelenip ýatyrdy. Ine, şunuň özi-de Zybanyň şübhesine esas bolmak üçin ýeterlikdi. Aýjemal çawuş çakan ýaly ýuwaş ses bilen: „Salamalik“ diýip dillendi. Zyba bolsa onuň salamyny-da alman, maňa alarylyp garady. Çäksiz gazapdan onuň dili tutulypdy. Men nämedir bir zatlar diýmekçi bolup, ýaňy agzymy açanymda ol şol dälisypat nazaryny menden sowup Aýjemala dikdi. Aýjemal bolsa dar agajynyň aşagynda jezasyna garaşýan mert günäkär ýaly şindem doňup durdy. Höküm sürýän bu dymyşlyk uly partlaýşyň öň ýanyndaky eýmenç ümsümlige çalym edýärdi. Ýöne bu partlaýyş şeýle bir uly gümmürdisiz ýüze çykdy. Zyba maňa öwrüldi-de boguk ses bilen:

-Bu nähili bihaýalyk?-diýdi.

-Hiç hili bihaýalyk ýok, Zyba, Häzir men barysyny düşündiriýen-diýip, men oňa ýalbardym.

-Düşnükli kemi ýok. Ýene nämesini düşündirjek, utançsyz!-diýeninde onuň dodaklary gaharyna tirpildedi.-Indi bu öý meniň üçin dowzah. Ýüzüňi Babaly görsün!

Ol dälize okdurylyp çykdy, ýaňyja çykaran üstki eşiklerini haýda-haý geýdi-de, tasanjyrap çykyp gitdi. Men Zybanyň häsiýetine belet bolsam-da, ondan beýle gödeklige garaşmaýardym, şonuň üçinem ol otagdan çykanynda menem biygtyýar yzyndan çykanam bolsam, onuň ýoluna böwet bolmak islemedim.

Men otaga gaýdyp girenimde, Aýjemal otagdaky stoluň ýanynda günäkär çaga ýaly başyny aşak salyp durdy.

-Munymyz-a gaty gelşiksiz boldy, Ahmet- diýip, ol uludan demini aldy.

-Aý, indi boljagy boldy-diýip, men bildirmediksirän boldum. -Ýogsa-da, sen näme üçin geplemediň? Aýtsaň, düşündirseň bolmazmydy, ahyryn? Ikimizde-de hiç hili günä ýog-a!

Aýjemal maňa birhili ahmyrly nazar bilen seretdi.

-Gaty sada ekeniň, Ahmet. Oňa men näme aýdaýyn? Aramyzda hytaý diwaryndan-da berk düşünjeler bardy, diýenimde ol ynanarmydy? Düýn agşam seniň maňa aýdan şu sözleriň bilen ony yanydyryp bolarmydy!

-Özüň bar zadyň şaýady bolduň, ahyryn Aýjemal. Her niçik ýagdaýda-da päkligi saklamak mümkin eken-ä. Eger Zybanyň ýerine bolanyňda senem ynanmazdyň?

-Her kim öz garyşy bilen ölçeýär diýen gep bar. Aýallaram ýüze çykan beýle ýagdaýy öz terezisinde çekip görüp, onsoň bahalaýar. Bu

zatlary meniň mysalymda anyklamakçy bolsaň, onda düýnden bäri meniň terezimiň daşynyň birneme ýeňilräkdigini aňansyň.

Ol beýle diýmek bilen, meniň özi hakyndaky pikirimi bilmekçi bolýardy. Men muny aňamsoň oňa düşnükli äheňde şeýle diýdim :

-Eger gürrüň daşda bolýan bolsa , men Zybanyň daşyna-da, terezisine-de belet. Onuň daşy ýeňil däl ahyryn.

Aýjemal bir salym dymyp, soň maňa ahmyrly nazar bilen seretdi - de :

-Daşyň agyrlygyny onuň daşky görnüşine garap bilip bolmaýar, - Ahmet - diýdi - Ony terezide çekip görmeli. Ine, şu günki ýüze çykan ýagdaý daşy çekip görmek üçin gowy terezi boldy.

Men oýa batdym. Aýjemlyň gepiniň jany bardy. Zyba özüni meniň ýerimde goýup, netije çykaran bolmaga çemelidi. Men şu pikir bilen başymy galdyryp Aýjemala seretdim.

-Diýmek, men Zyba gaty ýetik däl ekenim-dä. Şeýle-de bir ýeňilkellelik etmek bormy. Ol meniň häsiýetimi gowy bilýär, ahyryn.

-Ol seniň häsiýetiňi bilýämi, ýokmy, onçasyny bilmedim. Emma bir zady gaty bilýän bolmaga çemeli-diýip, Aýjemal aşaky dodagyny dişledi.

-Nämäni?

Aýjemal aýtsammy-aýtmasammy diýen ýaly bir salym ýaýdanjyrap durdy-da:

-Çagakak biz «öý-öý» diýen oýun oýnaýardyk, belki, bu oýny özüňem oýnansyň?-diýdi.

-Hawa, oýnapdym, şunuň bilen näme diýjek bolýaň?

-Ýadyňda bolsa, bu oýunda çagalaryň her biri ýere uly dörtburç çyzyk çyzyp özüne öý edinerdi-diýip, ol sözüni dowam etdirdi. - Onsoň olaryň biri gaçyp, öz çyzygynyň içine giräýse, ol ýere başga biriniň girip, ony tutup çykmagy mümkin däldi. Sebäbi ol çyzylan çyzyk «öýüň» eýesinden başga biri üçin geçip bolmaýan diwar hasaplanýardy. Çagalar muny özleriçe hakykat diýip kabul edendikleri üçin, ol çyzykdan, hiç kim ätläp geçip bilmeýärdi. Sen, Ahmet, henizem şol çagalaryň hatarynda ekeniň.

Aýjemal sözüni tamamlap, maňa synçy nazar bilen garady. Men bu gepiň mundan öňki daş hem terezi hakyndakysy bilen bir pikirdigini şol bada aňdym. Ýöne men näme diýjegimi bilmän biraz dymyp durdum-da:

-Ähtimal, seniňki dogrudyr-diýdim.-Emma men bu meselede henizem şol çagalaryň hataryndadygyma begenýärin.

Aýjemalyň gözlerinde höwesmi-mähirmi bir uçgun ýylpyldady:

-Seniň şeýle adamdygyňy şunça ýyllap bile ýaşap ýören aýalyň bimeýänine haýran galaýmaly.

-Bilmäninden soňam gitd-ä.

-Ýalňyşyna düşünip, belki, gaýdyp geler.

-Ýok,  gelmez .  ol meni gowy bilmese-de, men ony gowy  bilýän. Ol indi gaýdyp gelmez., gerek-ýaragy üçinem birini iberer.

-Aý ýok-la!-diýip, Aýjemal howatyrly dillendi.-Beýtmez-le.

Men geplemedim. Aýjemal ysgyndan gaçan ýaly oturgyja  özüni goýberdi.

-Wah, men guraýyn, nireden saňa sataşdym. Beýle boljagyny bilen bolsaň, ýolda mündürmeseňem  ,  juda bolmasa, şähere giremizde düşürip goýberäýen bolsaňam boljak ekeni. Adam öňünde näme bardygyny bilmeýär-dä -  diýip, ol zeýrendi.

Men ondan beýle sözlere garaşmaýardym. . «Bu meni kimdir öýdýärkä? Aýalymdan gorkyma ony ýolda taşlap gaýdan bolsam, onda meni kim bolardym. Eger Zybanyň şeýtjegini öňünden bilen bolsamam, ony orta ýolda taşlap gaýtmazdym.  Şähere goýup gaýtmaga-da meniň ynsabym çatmazdy».

-Seň bu gepiň-ä maňzyma oturmady, Aýjemal- diýip, men oňa tarap öwrüldim- Eger adam öňündäkini bilse näderdi, seniň pikiriňçe?

-Bilse, hiç kimem özüniň zyýanyna çapmazdy- diýip, ol nägile äheňde gürledi.

-Ýalňyşýaň, Aýjemal!-diýip, men oňa golaýrak bardym. Bilse-de, zyýanyna çapýan adamlaram  bar.

Aýjemal meniň göwnüme degenini indi bilip galdy. Ol ýerinden galyp, maňa köp manyly seretdi:

-Bagyşla, Ahmet!

Men sesimi çykarman başymy atdym:

-Minnetdarlygymy saňa söz bilen beýan edip biljek däl. Özüň düşün... Indi men gideýin-diýip, ol jempiriniň iliklerini ildirdi. – Hoş!

-Hoş!-diýip, menem zordan dillendim. Dogrusyny aýtsam, şundan başga näme diýjegimi-de bilmeýärdim. Ol otagdan çykdy. Yzyndan menem çykdym, dälizdäki  rezin köwşüni tapyp geýdi. Şundan soň men onuň ýuka geýinendigini bilip galdym. Ýöne men oňa galyňrak zat berip biljek däldim.

-Bu bolşuňa sen üşäýmeseň biridir?

Ol meniň kiçi dilden bärde aýdan bu sözümi şol bada aňdy:

-Zeleli ýok, jempirim galyň, üşemerin-diýip, ol hoşlaşmak üçin elini uzatdy. Men onuň elini gysýarkam aladaly soradym:

-Niräk barjak?

Aýjemal aşaky dodagyny dişläp, biraz dymyp durdy. Soňra:

-Nirädir öýdýäň, ejemlere baryp görerin-dä. Nähilem bolsa meň onuň perzendi, ahyryn-diýdi.

Ony derwezä çenli ugratdym, goňşulardan biri görer öýdüp yzyndan köçä çykmadym. Gaýdyp otaga girenimde öýüň birhili gugaryp galanyny

duýdum. Ýaňy Aýjemal barka, Zybanyň öýden gidenligi o diýen bildirmändi. Indi bolsa, birden ýüregimi ýalňyzlyk duýgusy gurşap aldy.

***

Indi nätmeli? Bolan wakany akyl terezimde çekip, belli bir netijä gelmelidim.

Zybanyň häsiýetine belet bolanym üçin ony özümiň päkligime ynandyryp bilmejegime gözüm ýetýärdi. Şeýle-de bolsa bir synanyşyp görmegim gerekdi. Oturyp şeýleräk mazmunda oňa hat ýazdym:

«Zyba! Dünýäde ynam diýilýän beýik bir zat bar. Eger-de şol bolmadyk bolsa adamlara ýaşamak gaty kyn düşerdi. Sen maňa ynanman gaty ýalňyşýaň. On ýyl bäri bir ýassyga baş goýup, biri-birimiziň nähili adamdygymyzy bilmeli ,ahyryn!

Men oňa gije gelýärkäm ýolda duşdum. Öýünden, zalym ärinden gaçyp çykypdyr. Barar ýeri ýok ekeni. Şeýle bolansoň men ony köçede taşlap gitsem nähili bolardy? Senden gorkyma şeýtsem men kim bolardym? Men adamçylyk borjum boýunça ony öýe getirdim. Emma sen öýde ýok ekeniň. Şeýle-de bolsa, men ony myhman aldym. Her hili ýagdaý-da özüme erk edip biljegime gözüm ýetensoň ony myhman aldym. Adam öz edýän işini başgalardan gizlemegi mümkin. Emma özüňden gizläp bilmersiň. Şonuň üçin adam, ilkinji nobatda, özüne özi hasap bermeli. Menem öz şahsyýetimiň öňünde dogruçyl hem päk bolmaga çalyşýan. Häzirlikçe bu iş maňa başardyp gelýär. Mundan beýlesini-de göreris-dä».

Oňa pelsepe baryny ýazdym, kä ýerinde ýalbardym. Ýöne ol maňa düşünmedi.

***

Ahmet aga sözüne dyngy berdi. Durmuşynda uly özgeriş goýan wakany ýatlany üçinmi, ýa-da uzak gürrüň berip ýadany üçinmi, onuň ýüzi birneme tukatlandy.

-Soňra nähili boldy, Ahmet aga?-diýip, men soradym.-Aýalyňyz bilen çyndanam aýrylyşdyňyzmy?

-Hawa, Zyba bilen aýrylyşdyk.

-Bä... Aýjemal bilen näme? Onuň bilenem gatnaşyk eden dälsiňiz-dä?

-Ýok, ýagşy ýigit, onuň bilenem hiç hili gatnaşygymyz bolmady-diýip, Ahmet aga gamgyn ýylgyrdy.

-Häzir bu gürrüňi goýaly inim. Mundan beýlesiniň özi bir dessan. Ony soň, bir oňaýy bilen gürrüň bererin. Häzir bolsa turaly, günorta naharyň wagtyň boldy.

Ahmet aganyň gürrüňiniň yzyny diňlemek üçin iki-üç günläp wagt peýledim. Ahyryn şeýle pursat hem geldi. Ertirki çaýdan soň ýene-de şol salkyn saýadaky oturgyça gelip oturdyk. Onuň keýpi kökdi. Men ýuwaşlyk bilen oňa wadasyny ýatlatdym. Ol ýylgyryp maňa garady-da:

-Görýän weli, inim, gürrüň bolsa, seňňem gözüň açylýar-diýip, Ahmet aga ýylgyrdy. Soňam çynlakaý görnüşe girdi-de, meni heýjana salan wakanyň yzyny ýatlap ugrady.

***

Maşgalany dargatmazlyk üçin meniň eden ähli tagallam puja çykdy. Zyba kes-kelläm ynanmady. Şeýdip men kanuny sallaha öwrüldim. Adam maşgalaly bolmazyndan öň sallahlygyň nämeligini bilmeýän ekeni. Maşgala durmuşyna öwrenişenden soň sallahlyk adama gaty degýän ekeni. Her niçik, dost-ýarlarymyň köplügi ýükümi birneme ýeňledýärdi. Olar meni tiz-tiz myhmançylyga çagyrýardylar, göwnümi götermäge çalyşýardylar. Şol dostlarymyň içinde ýüregime iň ýakyny, iň eziz görýänim Ýusupdy. Ýusup bilen mekdepdeş dostduk. Elmydama bile tirkeşýänimiz üçin deň-duşlarymyz bize Ýusup-Ahmet diýýärdiler. Ulalyp, öýli-işikli bolanymyzdan soň biziň dostlugymyz hasam berkedi. Ol şäher medeniýet bölüminiň müdüri wezipesinde işleýärdi. Onuň Gülşat atly diýseň mylaýym, ýöne welin, az-owlak läligräk aýaly bardy.Ol meniň aýalym Zyba bilen dogan ýaly gatnaşýardy. Ýüsüp hem, Gülşat hem Zybanyň öýden gidenini eşidenlerinde deň gynandylar. Emma onuň gitmeginiň sebäbini aýdanymda bolsa, olaryň ikisem juda geň galdylar. Bu waka aýratynam Gülşada haýran galdyryjy täsir etdi. Şundan soň, ol maňa birhili gyzyklanmamy, bilesigelijilikmi, täsin bir garaýyş bilen seredip başlady.

Bir gün giçlikara olaryň öýünde otyrkak gürrüňden gürrüň çykdy-da, Gülşat:

-Weý, sen beýle iş edersiň diýip, ýatsam-tursam kelläme geljek däl-dä-diýip, gara gözlerini güldürdi.

-Diýýäniň näme, Gülşat! Indi senem maňa ynanmajak bolýaňmy?-diýip, öýkeli äheňde aýtdym.

-Goýsan-a, Ahmet, ahyrym...-diýeninden Ýusup onuň sözüni böldi.

-Bes et, Gülşat! Nämä gerek şu gürrüň. Men Ahmede gaty belet...

Är-aýalyň biri-birine seredişinden bu öýde öňem kesämden gürrüňimiň edilenini aňdym. Gülşat äriniň özüni dalanyna gahary geldimi, nätdimi, gönüsinden geldi oturyberdi:

-Sen Ahmede bu gün belet bolaýdyňmy? Öň näme belet däldiňmi? Düýn näme diýipdiň? Bir keseki aýala ýagşylyk etjek diýip, öz aýalyndan aýrylyşýan akmak barmy? «Bir emmasy bolmasa, guýruk munda nä ýatyr» diýmänmidiň?

Ýusubyň päki bilen mazaly gyrdalan ýaňaklary, ak tegelek ýüzi çym-gyzyl boldy. Ol ýag çalnan ýaly ýylmanak gara saçyny sypap, maňa birhili müýnli garady:

-Bu aýallar degişmä dagam düşünenok-laý- diýip ardynjyrady. Gülşat bolsa äriniň oňaýsyz ýagdaýa düşenine begenip otyrdy.

Wagtyň geçmegi bilen meniň aýalym bilen aýrylyşanlygym baradaky gürrüňlerem ýatdy. Özümem salahlyk bilen öwrenişip başladym. Emma gyzjagazymy gaty göresim gelýärdi. Ony ýatlanymda kyn ýagdaýa düşýärdim. Eger-de Zyba gyzymy maňa bermäge razy bolan bolsa, men galan ömrümi öýlenmän geçmäge razydym. Gyzym üçin meniň çekýän hesretlerimi Ýusup bilen Gülşat gowy bilýärdi. Olaryň durmuş guranlaryna on ýyl bolsa-da, henize çenli çagasy ýokdy. Öňler biziň öýmüze gelenlerinde gyzym bilen degişýärdiler, gülüşerdiler, onuň süýji dilliligine guwanýardylar. Ähtimal, şonuň üçindir meniň ugrumda alada baryny edýärdiler. Gülşadyň hossarlyk edişi hasam üýtgeşikdi. Ol her gün diýen ýaly ýa işime, ýa-da öýüme jaň edip habarlaşardy, hat-da näme biş-düş bişirýänine çenli aýdyp, gelip, bile nahar edinmäge çagyrýardy. Men bolsam olara günde-günaşa barybermäge ejap edýärdim.

Bir sapar iş gününiň soňragynda Gülşat hemişekisi ýaly jaň edip:

-Ahmet, nähili adam sen, bir hepdeden bäri gara bereňok. Işden çykyp göni biziňkä gel. Dostuň kömelek berip goýberipdir. Kömelekden kebap edip berjek, Entek onuň ýaly tagamly nahar iýip görenem dälsiň- diýdi.

Ýaňy başlanan ýazyň özi bilen alyp gelen bu ilkinji nygmatyny men örän gowy görýärdim. Muny Gülşat hem bilýärdi. Ýöne juda süwümsiz bolaýmaýyn diýen pikir bilen möhüm işimiň bardygyny bahanalan bolup ötünç soradym. Gülşat:

-Kömelek diýilse, janyň ýokdy-la. Indi näme üçin beýdýäň? Gelmeseň-ä bolmaz-diýdi.

Her näçe kyn görsem-de Gülşadyň sözüni ýykyp bilmedim. Bardym. Men baranymda Ýusup entek işden gelmän ekeni. Meni howluda Gülşadyň özi garşylady. Howlynyň içi gül pürkülen ýalydy. Hiç bir artykmaç zat göze ilmeýärdi. Hemme zat ýerbe-ýerdi. Bu salkyn howluda daşarda oturyp bolmasa-da, gül atyzyň ýanyndaky tagta sekiniň üstiniň tämizligine gözüm gitdi. Zyba gideninden bäri meniň öýümde guwanar ýaly beýle tämizlik, ýerbe-ýerlik ýokdy.

Gülşadyň egnindäki iri gyzyl gülli ýüpek matadan halady bardy. Juda ýaldyrawuk bu mata onuň salyhatlylygyna birneme kölege salýanam bolsa, Zybanyň kaddy-kamatynda gözüň eglenýärdi.

-Näme üçin bizden beýle gaçýaň, Ahmet?-diýip, Gülşat ýylgyryp öňümden çykdy. Salamlaşýarkak elimi birazlap goýbermän, şeýle mylaýym soraşdy welin, muňa men özümi birhili oňaýsyz duýup, gyzardym. Ol meni myhman otagyna alyp bardy. Otagyň içi gymmat bahaly mebeldir haly bilen bezelendi. Serwantlarda hrustal bulgurlar öwşün atýardy. Ortadaky stoluň üsti almadyr, narmy, garaz, dürli nygmatlardan doludy. Demlenilip goýlan çäýnegiň üsti akja polotensa  bilen basyrlandy.

-Bä, mertebeliräk myhmanlara garaşýaňyz öýdýän-diýip, men stola yşarat etdim.

-Senden mertebeli myhmanymyz ýok- diýip, Gülşat gara gözlerini näzli süzdi. Şonda onuň peýkam ýaly uzyn kirpikleri ünsümi çekdi, kelläme olar emeli bolaýmasa ýagşy diýen pikir geldi.

Gülşadyň özüni alyp barşy, gepleýşi, umuman, ähli hereketlerinde onuň özüne mahsus bolan bir erkinlik duýulýardy. Onuň deňindäki başga aýallarda beýle erkinlik , ýaşyna gelişmejek läliklik ýaly bolup görünmegi mümkin. Emma Gülşadyňky bolsa, edil ýaş çaganyň erkinligi ýaly ýakymly duýulýardy. Ähtimal, şonuň üçinem maşgalada çaganyň ýoklugy Ýusuba onçakly bildirýän däldir. Gülşady synlap oturşyma: «Bu gözellik, bu özüne çekiji näzler wagty ýetip ýitäýse gerek. Ana şonda perzendiň ýeri bildirmän durmaz» diýip, öz ýanymdan pikirlendim.

Gülşat gelip, garşymda oturdy. Çäýnegiň üstündäki polotensany aýyryp, çäýnegi meniň öňüme  süýşürdi. Men çaýy mazaly gaýtaryp, iki käsä guýup birini oňa uzatdym. Şonda Gülşadyň käsäni almak üçin uzadýan eliniň  çalaja titreýändigini görüp galdym. Men onuň ýüzüne içgin seretdim. Emma onuň ýüzünde hiç hili tolgunmanyň alamaty görünmeýärdi. Şeýle-de bolsa ýüregim onuň nämedir bir zada tolgunýandygyny duýýardy. «Ol näme beýle tolgunýarka?» diýip içimi gepletdim. „Ýa-da, Ýusup bilen aralarynda bir zat bolaýdymyka? Aslynda, meni näme üçin çagyrdyka? «Kömelek» diýdi, «kebap» diýdi. Diňe şonuň üçinmikä, ýa-da, Ýusubyň üstünden arz etjekmikä? Gülşat meniň özüni synlap oturanymy duýan bolmaga çemeli, ünsümi başga zada sowmak üçin meni gepe güýmemekçi boldy:

-Näme,  ýöne dymyp otyrsyň, Ahmet? Gürläp otur.

-Näme hakda gürlejegimi bilemok-diýip, men kibtimi gysdym.

-Dilewarlykda senden öňe geçýän ýok. Gepläber-dä.

-Näme hakynda gürlesemem bolýarmy?-diýip, men degişme äheňinde aýtdym.

-Bolman näme, bolar. Gürläber. Dymyşyp oturmakdan ne peýda?-diýip, ol mylaýym ýylgyrdy.

-Onuň ýaly bolsa gepläýin-diýip, menem gülümsiredim. – «Görogly» dessanyny okapmydyň?

-Käbir böleklerini okapdym. Näme dessan aýdyp bermekçimi?- diýip, ol birneme geňirgendi.

-Hawa, degerli ýerinden bäş keleme aýdaýyn- diýip, men söze başladym.

-Eşider bolsaňyz, Görogly beg Weýeňňam şäherine baryp, Öwez jana: „Men seniň atаňyň çopanydym, onuň mende bir topar goýunlary, gullary galdy. Şolary saňa berip goýberjek“ diýip, aldaw bilen ony ýurdyndan alyp

gaýdýar. Olar ýol söküp, bir ýere gelip ýetenlerinde, açlyk, suwsuzlyk zerarly ysgyndan düşen Öwez jan Görogla garap:

Çopan aga alyp geldiň, bu jaýa.

Goýun bilen pul diýgeniň rastmy?

Ýalan sözläp duşman bolma hudaýa.

Goýun bilen pul diýgeniň rastmy? - diýip, zar-zar aglap bir söz aýdan ekeni. Şol diýleni ýaly kömelek diýdiň, kebap diýdiň, şo sözlerem çynmy? Ýa-da...

Gülşat jakgyldap gülüp goýberdi. Soňra:

-Ahmet, näme üçin beýle dessan başladyka, diýip otursam, onuň sebäpjigi bar eken-ow – diýdi. –Kömelek diýenimem, kebap diýenimem çyn. Az salym tagapyl et. Häzir hemmesi-de taýýar bolar. Ýöne welin, ony nähili bişirýänimiň syryny aýtjak däl. Stola getirenimden soň ony özüň aýdarsyň. Eger-de bilmeseň iýmersiň.

-Bolýar, iýmesem dessanyň dowamyny aýdar oturaryn- diýip, menem onuň degişmesine degişme bilen jogap berdim.

Gülşat aşhana tarap çykyp gitdi. Iňrik garalansoň, otagyň içi garaňkyrap ugrady. Ýusubyň işden gaýdýan wagty bireýýäm bolanam bolsa, henize çenli ondan derek ýokdy.

Gapynyň aňyrsyndan ýeňil göçýän aýak sesleri eşidildi. Gapy açylanda otaga Gülşat bilen bile işdäni açyp goýberýän ys hem girdi.

-Ine, kömelek kebap hem taýýar, Ahmet-diýip, Gülşat elindäki mejimäni stola goýdy. Soňra töwerek-daşyna birlaý göz aýlady. – Otagyň içi garaňkyrak ýaly-la. Yşygy ýakaýaly.

Ol çalasyn hem näzli bir hereket bilen baryp diwardaky wklýuçateli basdy. Depedäki owadan hrustal lýustradan ýaýran süýt ýaly ýagtylyk otagyň içine aýratyn bir görk berdi. Orta goýlan nahara gözüm düşende agzym suwjardy. Her biri şa käsäniň agzy ýaly ululykdaky kömelekler diňe göbegi alnyp bitinligine bişirilipdir. Göbegiň ýerindäki çukurjyk bolsa özünden çykan şerbetden doludy.

Ýaş oglan mahalymyzda, tapan kömelegimizi meýdanda ot ýakyp ataşgiriň üstünde şeýdip bişirip iýerdik. Şol mahallaram muňa kömelek kebap diýerdiler. Ol örän süýji bolup, tagamy henizem ýadymdan çykanokdy. Aradan köp ýyllaryň geçmegine garamazdan, ony görenimden işdämiň açylyp, agzymyň suwjarmagy, ähtimal, şonuň üçindir. Emma Ýusup gelmänkä naharyň çekilmegi meni birneme geňirgendirdi:

-Hojaýyna garaşmaly dälmi näme, Gülşat?

Gülşat soragyma jogap bermän, degşen kişi bolup, gepi başga tarapa sowdy:

-Hany, aýt bakaly. Bular nädip bişirilen? Ýaňky şertimiz boýunça bilmeseň iýmeli däl.

Hakykatdanam ot ýok, ojak ýok bu öýde kömelek kebap nähili bişirildikä, diýen sorag bir salym meni alada goýdy. Birden gaz plitanyň duhowkasy kelläme geldi:

-Eger ýalňyşmaýan bolsam, bular duhowkada bişirilen bolmaly.

Çakym dogry çykdy. Gülşat mylaýym ýylgyryp:

-Bildiň, kömelekler seniňki-diýdi. Soňra gidip aşhanadan iki sany tarelkejik,, iki jübüt wilka, pyçak getirdi. Serwantdan bir çüýşe konýak bilen iki sany bulgur hem alyp goýdy. Stola ähli zat iki-ikiden goýlup durulansoň üçünji adama garaşylmaýandygyny aňdym. Galyberse-de onuň hereketleri hemişekisi ýaly sagdyn, gelşikli bolsa-da, nämedir bir zada tolgunýany indi mesaňa duýulýardy. «Eger çakym çak bolsa, är-aýalyň arasynda bir üýtgeşik gürrüň bolup geçen bolmaly» diýip, men içimi hümledýärdim.

-Gülşat, sen meni myhmançylyga çagyranyňy unudaýdyň öýdýän-diýip, men gepiň bir tarapyny degişmä sowup, ýagdaýy anyklamakçy boldum.

-Näme üçin unudaýyn?

-Onda näme, bu enjamlay iki-ikiden goýuşdyrdyň?

Ol meniň gepimiň düýp manysyna indi düşünip güldy, maňa seretmezlige çalyşyp jogap berdi:

-Biz otagda iki adam-a...

-Ýusup näme? Oňa garaşmaýasmy?

-Ol gelmeýär.

-Eýgilikmi, beri, Gülşat? Araňyza tow düşäýen-ä däldir-dä?

Gülşat maňa sowugrak nazar bilen garady:

-Ahmet, häzirlikçe menden hiç zat sorama, haýyş edýän. Soňrak özüm aýdaryn... Hany, nahardan alyşdyryber. Konýagy-da aç, menem bir owurt içjek.

«Bä, gaty çynlakaý bir zat bolaýypdyr öýdýän. Içiniň ýanyp durany üçin içmekçidir-dä» diýip, öz ýanymdan pikirlendim. Konýagy açyp, iki bulgura-da deň guýdum. Öňler, maşgalamyz bilen gatnaşyk edýän döwrümizdäki oturlyşyklarda Gülşat öz bulguryna bir owurtdan köp guýdurmazdy, umuman, içmezlige çalyşýardy. Azajyk içäýse-de nar ýaly gyzarýardy. Şonda onuň ýaňaklary köz ýaly ýanyp, gözlerinden uçgunlar syçrardy. Şeýle ýagdaýda ol öz duýgularyna erk edip bilmeýän aýallara çalym edýärdi.

Bu sapar ol «köp», «az» diýmedi, bulgyryny mendenem öňürtiläp aldy-da:

-Hany, göter Ahmet-diýdi. Onuň bolşuna men öz ýanymdan geň galyp, bulgyrymy aldym. Ol elindäki bulgyryny synlap, oturşyna ýuwaş hem-de birhili armanly äheňde:

-Belki, bir gowy söz aýdarsyň, Ahmet-diýdi.

Oýlandym. Garaşylmadyk bu ýagdaýda tost aýtmak maňa birhili gelşiksiz duýulýardy. Emma meniň bir söz aýtmagymy Gülşat gaty isleýän ýalydy. Onuň göwnüni ýykmak islemedim:

-Gülşat, şu öýde, göwnüňiz ýaly giň öýüňizde köp oturlyşyklar etdik. Duzuňyzy köp iýdik. Köp tostlar hem aýdyldy. Şol sanda menem näçe gezekler aýdypdym. Eger ýadyňyzda bolsa, siziň maşgalaňyza bagyşlanan iň gowy arzuwlarymy beýan edipdm. Indi şol tostlardan başga hiliräk edip, täze sözler tapyp aýtmak gaty kyn...

-Bagyşla, Ahmet, sözüňi bölýän-diýip, Gülşat ýüzüme kinaýaly garady. – Şol aýdylan tostlar, göwnüme bolmasa, edil erteki ýaly ýary ýalan, ýary çyn. Adamlar ýüregindäkisini ýüze çykarman garşysyndaky ýek görýän adamynyň saglygyna içýärdiler...

-Bu sözleriň bilen meni iki ýüzlülikde aýyplajak bolýan-a dälsiň?-diýip, men hem onuň sözüni böldüm.

-Ýok, ýok, beýle däl. Tostuň başlanyşy adatda aýdylýan tostlara meňzäni üçin

dowamy-da şondan ileri bolmazmyka, diýip sözüňi böläýdim. Bagyşla! Gel, gowsy tost aýtman, ýüregimizdäki arzuwlarymyz üçin içäýeli. Ýüregiň düýbünde pynhan saklanýan arzuwlary, armanlary tosta goşup aýdyp bolanok, ahbetin.

Ol bu sözleri şeýle bir ýumşak, mylaýym äheň bilen aýtdy welin, ondan ynjamaklyga ýerem galmady.

-Bolýar. Men razy. Hany, onda göterdik-diýip, onuň teklibine sözsüz goşuldym.

Bulgurlarymyzy çakyşdyrýarkak ol maňa şeýle bir üýtgeşik nazar bilen seretdi welin, muňa men allaniçiksi boldum. Gönümden gelsem, köňlümde bir kiçijik şübhe hem peýda boldy. «Bä, bu garaýşyň manysy başgarak ýaly-la. Bu nähili beýle bolup biler?... Aslynda ol meni näme maksat bilen çagyrdyka?» diýip, men içimi gepledýärdim.

-Men-ä içdim. Sen näme tutup otyrsyň?- diýip, ol pikirimi böldi.

-Hä, menem içýän-diýip, bulgury başyma çekdim. Soňra ümsüm nahar iýmäge başladym. Kömelek kebap biçak tagamlydy. Ondan iýdigimçe işdäm barha açylýardy. Emma onuň ýaňky garaýşy böwrüme dürtüp durdy. Men assa-ýuwaş ýagdaýy anyklamagyň ugruna çykdym:

-Gülşat, Ýusup nirä gitdi?

Gülşat aýtsammy, aýtamasammy diýen ýaly birhowa dymdy-da, soňra:

-Komandirowka-diýdi.

-Nirä? Umuman, araňyzda hiç zat bolanok gerek?

-Ýok. Onuň ýaly zat ýok. Ol agitbrigada bilen Garagumdaky çopanlaryň ýanyna gitdi.

-Şeýle diýsene. Men araňyzda bir bolgusyz zat bolaýdymyka, diýip gorkupdym. Bular ýaly bolsa ýaňy soranymda aýtmaly ekeni.

Gülşat geplemedi.

-Diýmek, onsuz içiň gysyp meni myhmançylyga çagyrypsyň-da?- diýip, men degşen boldum.

-Ýok-diýip, ol birhili ýadaw äheň bilen dillendi.- Men ol ýanymda bolan mahalynda-da ýüregimde giňlik ýok... Bütin ömrüm şeýle geçip barýar...

Men agzyma ýetirip barýan kömelekli çarşajygy çanagyň gyrasynda goýup, oňa sorag berdim:

-Bu näme diýdigiň?

Gülşat maňa manysyna düşünmesi kyn bolan bir garaýyş bilen garady. Bir zat diýmekçi bolup ykjamlanan dodaklary titredi.

-Bu näme diýdigiň, Gülşat?- diýip, men soragymy ýene gaýtaladym. Emma şol wagtyň özünde onuň ýerliksizdigini duýdum.

-Şuňa-da düşüneňokmy... Men ony söýemok...

-Geň zatlary aýdýaň, Gülşat. Ol saňa gaty mähirli ahyryn.

Gülşat ot bolup tutaşdy:

-Mähirli bolaýşyny! Bilýän onuň mährini. Bary ýasama! Mylaýymsyrap aýdýan sözlerinde çigit ýalyjagam hakyky mähriň ýoklugyny ýüregim syzýar...

Men näme diýjegimi bilmän birsalym dymdym. Oýlanyp görsem, Gülşadyň sözlerinde azda-kände hakykat bar ýalydy: Ýusup adamlar bilen gürleşeninde ne mährini, ne-de gaharyny ýüze çykarardy. Hemme kişi bilen bir meňzeş mylaýym äheňde sözleşmäge çalyşýardy. Emma onuň bu mylaýymlygynyň aşagynda nähilidir bir ýasamalygyň bardygy duýulýardy.

-Men araňyzyň beýledigini bilmändirin-diýip, oňaýsyz dymyşlygy bozdum.

Gülşat uludan demini aldy, soňra ýüzüni kese sowup:

-Menem seniň beýle nalajedeýindigiňi bilmändirin-diýdi.

-Nalajedeýin? O nähili men beýle bolýamyşym?

-Wah görüp dursuň-a. Men seni söýýän...

Ol şeýle diýdi-de, iki eli bilen ýüzüni tutup möňňürip goýberdi. Meniň bolsa dilim tutulan ýaly boldy. Bütin göwrämi birhili düşnüksiz duýgy gurşap aldy. Men şu ömrümde hiç haçan beýle aljyraňňy ýagdaýa düşmändim. Oňa näme diýjegimi, näme diýip göwünlik berjegimi bilmän ýöne sömelip otyrdym. Menden hiç hili seda çykmandan soň, Gülşat biderek azara galanyny aňdy öýdýän, ýuwaş, emma gaharly dillendi:

-Ahmet, git... Haýyş edýän, çyk, şu ýerden...

Men geplemän öýden çykdym. Köçelerdäki elektrik sütünleriniň yşyklary bir eýýam ýanypdyr. Özge wagtda bu yşyklar meniň göwnümi göterip, keýpimi kökleýärdi. Bu sapar bolsa, ne olar, ne-de ýüzümi sypaýan baharyň mylaýym şemaly ýüregimdäki dumanly duýgulary kowup bildi. Näme üçindir, bir aýyp iş eden ýaly öz-özümi ýazgardym. Adamlaryň gözüne görünmek islemeýärdim. Şonuň üçinem bolsa ähtimal, öýümiň daş bolmagyna garamazdan, awtobusa münmän pyýadalap gitmegi ýüregime düwdüm. Agras ädimläp gidip barşyma kellämde dürli oý-pikirler at salýardy. Haýran galaýmaly, bir adama lotereýada iki sapar utuş düşüşi ýaly meniň hem yzly-yzyna iki gezek biri-birini meňzeş bulaşyklyga düşenimi nätjek. Bu işler meniň erkime bagly bolmadyk ýagdaýda ýüze çykanam bolsa, özümi günäkär ýaly duýýardym. Şol bir wagtyň özünde iki garaýyş bilen, öz-özüm bilen jedelleşýärdim:

«Ýeri, näme üçin beýle boldy? Sen näme üçin iki sany gözel zenanyň yhlasyny gaýtardyň? Şeýdip dogry etdiňmi?» «Hawa, dogry etdim.»

«Kime gerek seniň bu dogruçyllygyň. Durmuş bir sahna mysaly dälmi näme? Perde ýapyklygynda näme iş edeniňi kim bilýär? Hiç kim. Emma perde tötänden açylyp bir tomaşaçy göräýse, barybir seniň hiç zat etmedigiňe ynanyp durasy ýok. Sebäbi sen sahnada aýal bilen ikiçäksiň. Sahnada aýal bilen erkek ikiçäk duşuşanlarynda, hökman gujaklaşýarlar, öpüşýärler. Muny hemme kişi bilýär. Şonuň üçinem sen bu düzgünden çete çyksaň hiç kes ynanmaýar. Aýjemal bilen edil şeýle bolmadymy näme? Aslynda sen, Aýjemaly näme üçin öýüňe eltdiň? Näme diýip, onuň üçin maşgalaňdan aýryldyň? Özümi ýagşylyk üçin pida etdim diýip, hondan bärisi bolup ýörensiň. Hawa, edil şeýle. Ýöne bu mesele juda bir seniň pikir edişiň ýaly hem däl. Ozalynda, sen bu işi diňe birine tüýs ýürekden ýagşylyk etmek üçin etmediň. Sen muny, ilki bilen, özüň üçin etdiň. Sebäbi sen özüňi rehim-şepagatly, mert adam saýarsyň. Ýeri, şeýle bolansoň sen nädip aýal maşgalany maşynyndan düşürip goýberjek. Eger şeýle edeniňde seniň rehim-şepagatlylygyň, mertligiň nähili bolardy? Öz nazaryňda özüň şol mertlik, asyllylyk derejesinden pese düşüp galardyň ahyryn.»

«Ýalan. Men Aýjemala duşanymda ol zatlar hakynda düýbünden pikir edemokdym.»

«Dogry. Pikirem eden dälsiň. Emma ol zatlar seniň ganyňda bolany üçin olaryň ygtyýaryndan daşa çykyp bilmännsiň. Ýeri, Aýjemaly öýüňe getireniňden soň köňlüňde dörän islegleriňi näme üçin bogduň?"

«Islegler? Ol nähili islegler? Eger şonda ýüregimde nähilidir bir isleg dörän bolsa, ony amala aşyrmaga päsgel berýän hiç zat ýok-da. Sahna ýapyk-da. Näme iş etsemem hiç bir tomaşaçy görmezdi. Hiç tomaşaçy hem ýokdy.»

«Ýok. Bir tomaşaçy bardy. Şonda seniň özüň hem sahnadaky gahryman, hem gahrymanyň hereketlerini synlap duran tomaşaçydyň. Seniň gahrymanyň bolsa göwni isläp duran işi etmäge seniň tomaşaçyňdan gorkýardy. Ýeri, Gülşady näme üçin ret etdiň?» «Ol meniň dostumyň aýaly.»

«Diňe şonuň üçinmi? Ýok. Bu gezek hem sen öz aladaňy etdiň. Öz nazaryňda özüňi pese düşürmek islemediň. Netijede, şeýle ajaýyp aýalyň göwnüni ýykdyň. Bu zatlaryň hemmesine sendäki ýüregiň bir ýerlerinde baslygyp ýatan ulumsylyk sebäpkär. Sen onuň ygtyýaryndan daşa çykyp bilmediň. Ýogsam, senem janly adam ähbetin. Seniň duýgularyň hem, islegleriň hem durmuşyň lezzetlerine ymtylýan adamlaryňkydan tapawut etmeýär.» «Sen näme diýip samahyllaýaň? Mende hiç hili ulumsylyk ýok,seniň ulumsylyk diýýäniň ynsap,mende ana şol ynsap diýen mukaddes düşünje bar.

Ynsanyň duýgulary, islegleri çäksiz ahyryn. Beýle çäksizligi ynsabyň bilen çäklendirip bilmek

gerek! Men hem özüme erk edip, şeriň ýerine haýyr işi ýüze çykarýan»

«Şeriň deregine haýyry ýüze çykarýan diýsene. Gör, nähili owadan söz. Ýöne sen gatyrak gidýän bolaýma. Beýle sözler, beýle işler ähli kişiniň üns merkezinde duran uly şahsyýetlere gelişýär. Sen bolsa kim-aýt?»

«Men adam! Adam bolup hem galaryn.!»

Öz sesime tisginip gitdim, seretsem, soňky pikirimi seslenip aýdyp goýberipdirin.

Emma elmydama öz göwnüňdäki ýaly adam bolup galmak gaty kyn ekeni. Käte adamçylyga sygyşmajak işlere gabat geleniňde öz bolşuňdan üýtgäniňi duýman galýan ekeniň.

Şol wakadan soň hem Ýusup bilen dostlugymyz öňküsi ýaly dowam ediberdi. Ýöne welin, indi olara barmamy seýrekledipdim. Barsamam öňkim ýaly arkaýyn, şähdi açyklyk bilen oturyp bilemokdym. Gülşat bolsa özüni aramyzda hiç zat bolmadyk ýaly edip görkezmäge çalyşýardy. Munuň ýaly ýagdaýda aýal maşgala öz syryny paş etmezlik üçin elinden gelenini etmeli bolýan bolmaga çemeli. Men onuň hereketlerini assyrynlyk bilen synlaýarkam, şol gün onuň «Seni söýýän» diýenine ynanasym gelenokdy, sebäbi maňa onuň bolşy söýgä garanda keýpi-sapa meýilliräk ýaly duýulýardy. Şeýle-de bolsa oňa rehimim gelýärdi. «Adam pahyr gadagan edilen duýgularyny gizlemek üçin, gör, nähili ýasamalyklar etmeli bolýar» diýip içimi gepledýärdim.

Şol arada Ýusup maňa aýratyn duýgudaşlyk bildirip ugrady. Sallahlygyň möhletiniň gutarandygyny, indi bolsa öýlenmekligiň wagtynyň ýetendigini gaýta-gaýta ýatladýardy.

Günleriň birinde giç öýlän işden ýaňy gelip, geýimlerimi çalşyp durkam, Ýusup geldi.

-Ine şeýdip, duýdansyz geläýmesek seni asyl tapyp bolanok. Näçe gezek jaň hem etdim. Jogap berýän ýok-diýip, ol degişme äheňinde gürledi.

Men dostumyň ýörite idäp gelenine monça boldum. Barymy orta döküp, sallahlarça oňa hyzmat etdim. Birazyrak içenimizden soň, Ýusup daşdan aýlap gürrüňe başlady.

-Dostum, adamyň ömri derýadaky suw däl. Ol hasaply, çäkli. Şonuň üçin hem bar zat öz wagtynda bolsa ýagşy. Sen indi mundan soňam sallahlygyňa geziberjek bolsaň, gaty gelşiksiz bolýar.

-Ýeri, onda, näme maslahat berýäň?

-Öýlen. Basymrak öýli-işikli bol.

-Diýýäniň näme, dostum. Aýal diýilýäni-de bazarda satylýan zat däl, ylgap baryp getirer ýaly. Öňürti ony tapmaly, soňra birek-birege ýaramaly...

-Bäriňe seret -diýip, Ýusup sözümi böldi. -Sen bu bolşuňda ony tapmarsyň hem, oňa ýaramarsyň hem.

-Onda näme iş etmeli?-diýip, men güldüm.

Ýusup bir zadyň pikirini edýän ýaly dymdy. Soňra:

-Eger göwneseň mende bir teklip bar- diýip, ol gözlerime synçylyk bilen garady.

-Ýeri, nähili teklip?

-Ikinji mikroraýondaky biziň kitaphanamyza baryp gören-ä dälsiň... Şol ýerde bir ajaýyp zenan işleýär. Ony işe alanyma bir ýyldanam geçdi. Şu döwrüň içinde onuň ýekeje-de aýagyny gyşyk basanyny gören adam ýok. Isleseň eltip görkezeýin. Özüň gepleşip gör. Eger ol saňa ýarasa, galan işi özüm düzederin. Gudaçylyga özüm bararyn. Şeýdip menem bir sogap gazanaýyn.

-Bä, bu teklibiň-ä gulaga ýokman duranok. Ýöne ol maňa ýarany bilen men oňa ýaramasam nätjek?

Ýusup ha-ha-haýlap güldi.

-Ýaramajak gümanyň ýok, dostum. Seniň ýaly ýigit tapar-da olam ýaramazmy. Onuň hem seniň göwnüňden turjagy şübhesiz. Onuň ýaly bir kemsiz gözeli enesi seýrek dogurýandyr.

-Bä, tarypyny gaty ýetirdiň-le. Öte geçýän-ä dälsiň-dä?

-Öte geçemok, dostum. Baranyňda özüň görersiň.

-Onda ony haçan görüp bolarka?

-Ä-hä! Agzyň suwjaraýdy öýdýän-diýip, Ýusup gözlerini mekirlik bilen süzüp güldi-Haýyr işi gijä goýmak bolmaz. Ony ertiriň özünde göräýeris.

Şeýdip men ertir günortanlyk arakesmeden soň Ýusubyň edarasyna barmaly boldum. Soňra bolsa kitaphana onuň bilen gitmeklige şertleşdik.

Ýusup köp saklanmady. Men ony derwezäniň agzynda duran maşynyna çenli ugratdym. Ol mähirli hoşlaşyp gitdi.

Ertesi belleşilen wagtda men Ýusubyň edarasyna bardym. Ol maňa garaşyp oturan ekeni. Kabinetine girenimden ol öňümden çykyp görüşdi. Saglyk-amanlyk soraşanymyzdan soň, ol maňa başdan aýak birlaý göz aýlap şeýle diýdi:

-Tüweleme, öýlenjegiň çyn-ow seň. Bezenib-ä bilipsiň. Galstugyň özüne on gyz aşyk bolarça bar .

Gülşüp daş çykdyk. Şonda men ondan:

-Haýsy maşynda gideris? Seniňkidemi ýa-da meňkide?- diýip soradym.Ýusup biraz dymyp durdy-da:

-Gowusy, herimiz öz maşynymyzda gidiberäli -diýdi. -Her halda ol meniň gol astymdaky işgärim. Seni yzyma tirkäp eltip tanyşdyrsam, meň üçin birhili gelişmejek ýaly, Ahmet. Gowusy men saňa kitaphanany görkezip yzyma dolanaýyn. Sen özüň girip, arkaýynja tanşyber.

-Be, düýnki wada başgaçady-la?-diýip, men onuň sözünden beýle tiz dänenine geňirgendim.

-Oglan bolmasan-a, Ahmet... Galstugyň gaty bogup duranokmy?- diýip, ol galstugymy birneme gowşatdy.-Ine şeýleräk bolsa gowy. Bäriňe seret, sen maňa ters düşünjek bolma. Wada wadadyr, dostum. Ýöne ilki onuň bilen özüň tanyş, soňra sawçylyk, gudaçylyk işlerini özüm oňararyn. Men oňa käbir zatlary çalaja duýduryp hem goýdum. Şu gün ol irden edara bir iş bilen gelen ekeni. Men ony çagyryp: «Seň ýanyňa bir dostum «Graf Monte Kristo» romanyny sorap barjakdyr. «Ýok», diýip, gaýtarmagyn. Öz-ä sallah ýigitdir. Sallahlaryň ýüregi ýuka bolýar, öýkelär“ diýip aýtdym. Ol birden nar ýaly gyzardy. Diýmek, nämäniň nämedigini duýdy.

Ýusup sözüni soňlap, ýüzüme synçylyk bilen garady. Men onuň pikirine goşulýanymy aňladyp, başymy atdym. Şeýdip her haýsymyz öz maşynymyza münüp, meniň üçin bilmesi kyn bir syra öwrülen şol gelniň işleýän kitaphanasyna tarap ugradyk. Ýusup öňde ýol başlap barýardy. Menem çatyryklarda ondan galmajak bolup haýdap otyrdym. Bar ünsüm ýolda bolsa-da, ykbalyň maňa kimi duşurjagy hakdaky pikir meni birneme tolgundyrýardy. Biz gitdigimizsaýyn şäheriň bir çetine çykyp barýardyk, köçe hereketi hem barha seýrekleşýärdi. Bir mahaladan soň Ýusup ýuwaş tormoz basyp saklandy. Menem onuň deňine gelip togtadym. Ol birhili syrly ýylgyryp:

-Gelendiris. Ana şol burçdaky jaý kitaphana. Maşynyňy şu ýerde goýsaňam bolar. Men gitdim. Işiň oňuna bolsun -diýdi-de, duran ýerinden yzyna dolandy. Maşyny ýola salýarka.- Heý, ýene ýadyňdan çykaýmasyn. maňa « Graf MontaKristo» gerek diýmeli. Şondan soň ol seniň kimdigiňi biler. Netijesini giçlik gürleşeris - diýip, sözüniň üstüni ýetirdi.

Ýusup gideninden soňam men birnäçe wagtlap maşyndan düşmäge gaýratym çatman oturdym. Durmuşda öňüňde goýan maksadyňa ýetmek üçin esasan ýüreklilik hem gaýrat gerekdigini men gowy bilýärdim. Emma aýgytly pursatlarda maňa şol ikisi ýetişmeýän ýalydy. Ýöne men özümi ýeňmegi başarýardym. Gerek mahaly olary ýok ýerden tapyp, ýüregimi suwlandyrýardym.

Men kitaphana girenimde ol ýerde hiç kim ýok ekeni. Hatda kitaphanaçynyň özem içerki kitap fondunyň jaýynda ekeni. Dogrudaky içerki jaýyň çala Aaçyk gapysyndan onuň aýak sesi eşidilýärdi. Men içerik eşidiler ýaly ardyndym. Içerden:

-Kim?_diýen ýakymly owaz eşidildi.

-Men... «Graf Monte Kristo» gerekdi -diýip, goýberenimi duýman galdym. Şol bada ol ýerden aýak sesi-de ýatdy, jogap hem bolmady. Bisalym suw sepilen ýaly dymyşlyk höküm sürdi. Soňra «häzir» diýen howatyrly owaz geldi we içerki jaýyň gapysynda onuň özi peýda boldy. Oňa gözüm düşende ilki ynanmadym, gözüme görünýändir öýtdüm . Ýok, gözüme görnenokdy.Ol hakykatdanam şol Aýjemaldy. Hawa, meniň sallah bolup galmagymyň sebäpkäri bolan Aýjemalyň hut özüdi. Ol öňküsine garanda birazrak doluşan ýalydy, emma mundan onuň gözelligine çigit ýaly-da zeper ýetmändir. Gaýtam öňküsindenem görmegeý sypata giripdir, ony görmäge göz gerekdi!

-Ahmet... bi sizmi?- diýip, ol haýran galyp gözlerini tegeledi.

-Hawa... Men- diýip, gyryljak ses bilen zordan dillendim. Şol wagt «Ýazgyt diýenleri çyn bolmaga çemeli. Bu aýal hem meniň maňlaýyma ýazylan bolaýmasyn» diýip içimi gepledýärdim.

Ol meniň bilen elleşip salamlaşdy, saglyk-amanlyk soraşdy. Göwnüme bolmasa, ol gaty tolgunýardy. Emma muny bildirmejek bolup jan edýärdi.

-Başlygyň gözellikde taýsyz bir işgärim bar, seni tanyş edeýin diýip getirdi. Seret, bu sendigiňi bilmändirin- diýip, oňaýsyzyrak ýylgyrdym.

-Eger mendigimi bilen bolsaňyz, gelmezmidiňiz?-diýip, ol öňküsi ýaly dilewarlyk bilen gürledi. Ol maňa duşan şol agşamsy ömründe birinji gezek görýän adamy bolmagyma garamazdan meniň bilen «sen» diýip gepleşipdi. Indi bolsa näme üçindir «siz» diýip gepleşýärdi. Ol indi özüni dürsäpdi. Maňa asuda mähirli garaýyş bilen bakyp durdy.

- Gelmän näme, gelerdim. Seniň şu ýerde işleýäniňi öňräk bilen bolsam, başlygyň aýtmasa-da gelerdim. Şeýle diýenimden ýüzümiň çalarak gyzaranyny aňdym. Aýjemalyň ýüzüne hem gyzyl çaýyldy. Ol ýüzüme birhili naýynjar seredip:

- Men siziň ýagdaýlaryňyzy daş gulakdan eşidip ýörin- diýdi.– Men zerarly birentek ejir çekdiňiz. Gözüňize nädip görünjegimi bilmän ýördüm.

-Sen zerarly däl, Aýjemal. Sen bir bahana bolduň. Köki çüýrük daragt sähelje şemala hem ýykylýar. Köki berk bolsa tupanda-da ýykyljak gümany ýok.

-Bilmedim. Garaz, bir bulaşyklygyň sebäpkäri bolan ýaly özümi gaty günäli saýýan.

-Gel, şu hakdaky gürrüňi bes edeli, Aýjemal. Başlygyň men hakymda näme diýdi, gowusy, şuny aýt.

Şeý diýenimde Aýjemalyň ýüzi birhili tukatlandy. Ol:

-Başlygym-diýip ikirjiňlendi. Soňra ýüzüni keseräk sowup gepledi. – Bir sallah dostum bar, ýanyňa geler... diýdi. Ýöne men ony sizdir öýdemokdym. Hat-da başlygym bilen dostlugyňyzdan hem habarym ýok.

-Habarym ýok, diýsene. Dostum pahyr bolsa köne tanyşlary tanyş etjek bolup azara galyp ýör. .Elbetde, onuňam biziň tanyşdygymyzdan habary ýok bolsa gerek.

Aýjemal meniň şadyýan äheňimi goldamady. Hiç haçan ruhdan düşmäýän, islän wagty özüne erk etmegi başarýan bu zenan häzir birhili ejizlän ýalydy.

-Siziň ýeriňizde başga biri bolanda, belki, men özümi başgaça alyp barardym. Emma size ýalan sözläp biljek däl... –diýip ol dymdy. «Galanyny ine şu bakyşlarymdan düşünäýsen-e» diýen ýaly maňa birhili müýnli seretdi. Men bu ýerde bir syryň bardygyny şol bada duýdum:

-Näme gep, Aýjemal? Açygrak aýtsana.

Ýüregindäkini açyk aýtmaga ejap edýän ýaly ol dymyp durdy. Onuň owadan dodaklary çalaja titreýärdi. Men oňa ýene ýüzlendim:

-Saňa näme boldy, Aýjemal? Geplesene!

-Dostuňyz size näme diýdi?- diýip, ol uludan demini aldy.

-Ol-a artykmaç zat diýenok. Ýöne öňürti tanyş, soň özüm sawçylyk ederin. Şeýdip menem sogap gazanaýyn diýdi.

-«Sogap gazanjak diýdi» diýsene... Maňa bolsa bütinleý başga zat aýtdy- diýip, Aýjemal ýüzüni ýene kesä sowdy.

-Näme diýdi?

-«Söýgüliň dostuňyň öýünde bolsa, oňa ýetesi zat ýok» diýdi.

Meni ýyldyrym uran ýaly boldy. Bütin endamymy ýalyn gurşap aldy. Hawa, edil şeýle boldy. Sebäbi men bu gepiň manysyna şol bada düşündim.

-Şeýle diýsene- Sozup aýdan bu sözlerim öz gulagyma kesekiniň sesi ýaly bolup eşidildi. – diýmek, ol dostuny oýnaşyna öýerip, keýp çekmesini assyrynlyk bilen dowam etdiriberjek ekeni-dä. Dostuňdan tap diýenleri boldy duruberdi-le.

Aýjemal geplemedi. Ol günäsini boýun alyp, wyždanyny päklän adam ýaly maňa arkaýyn seredip durdy. Men bolsa henizem şol gurşap alan

ýalnyň içinde tolgunýardym. Ýusuba bolan ýigrenjimiň çeni-çaky ýokdy. Ýüregimi barha güýçli gazap gurşaýardy. Eger-de şol mahal özüme ygtyýar bersem, baryp Ýusuby öler ýaly ýençmäge taýyndym. Hawa edil şeýle ýagdaýdadym. Dünýäde eý görýän dostuňyň saňa hyýanatkärdigini bilmekden agyr zat ýok bolsa gerek. Şol wagt bu zat maňa deňi-taýy ýok nejislik bolup duýuldy. Eger-de men aýalymyň biwepalygyny bilen bolsamam, beýle ýagdaýa düşmezdim. Çünki, aýallaryň ärine biwepalyk edýän hallary durmuşda bolýan zat. Onuň hem özboluşly sebäpleri bolýar. Mysal üçin, aýal ärini söýmeýär, şonuň üçin özüniň göwnüne ýaraýan adam bilen duşuşmagy isleýär. Emma dost hyýanaty nämä esaslanýar?! Men bolsa dostuma dönüklik etmejek bolup, onuň aýalynyň özüniñ«söýýän» diýenine-de pitiwa etmedim. Ol näme üçin maňa beýle nejislik edýärkä? Näme üçin?! Ganym gaýnap, gazap atyna atlanyp duranym üçin men birbada munuň sebäbine düşünip bilmedim. Kelläni durlap oýlanyp görseň, munuň ýönekeýje sebäbi bardy. Dostum özüniň abraýyna zeper ýetmezligi üçin, meni masgaralamaga taýyndy. Ol Aýjemaldan gorkýardy. Bir gün bolmasa, bir güni süýji posalaryň, lezzetli guçuşlaryň öwezine Aýjemal ondan nämedir bir zat talap eder öýdüp gorkýardy. Has dogrusy, ol bu gatnaşygyň soňunda durmaly boljakdy. Onuň ýaly zada bolsa Ýusubyň gaýraty çatanokdy. Ol wezipesinden, amanat gazanan abraýyndan gorkýardy. Eger Aýjemal äre baraýsa onuň abraýyna, wezipesine abanyp duran howp öz-özünden sowuljakdy. Bardy-geldi Aýjemalyň äri özüniň dosty bolaýsa, onda söýgülisi ýene gözüniň öňünde, onuň ygtyýarynda galjakdy. Şeýdip Ýusup bir ok bilen iki towşany urmakçydy. Men samsyk bolsa şunça ýyllaryň dowamynda onuň bilen dost bolup, dostumyň kimdigini tanamandyryn. Indi bu adam bilen nähili haklaşmaly? Bir salym bu hakda kelle döwdüm. Häziriň özünde onuň ýanyna baryp, nejisligini aýdyp, ýüzüne tüýkürip gaýtsammykam? Ýok, beýtsem bolmaz, onda şonuň bilen ähli zat gutarar. Ol menden aňsatja gutular. Munuň üstesine syry açany üçin Aýjemala-da gün bermez. Şonuň üçin oňa düýbünden başgaça jeza oýlap tapmaly. Ol şeýle bir jeza bolsun welin, ömri ötýänçä ýadyndan çykmasyn!

-Aýjemal, senden bir haýyşym bar-diýip, meniň beýle uzak dymmagymyň sebäbini özüçe çaklap duran Aýjemal ýüzlendim. – Häzirlikçe aramyzda bolan gürrüňi-de, ikimiziň öňden tanyşlygymyzy-da Ýusubyň bilmezligi gerek.

Aýjemal Ýusup bilen aralaryndaky syry açyp, meniň ýüregimde nähili harasat gopduranyny aňan bolmaga çemeli, ýüzüme birhili müýnli seredip geplemän durdy. Ol meniň haýyşyma-da «bolýar» diýen manyda başyny atmak bilen jogap berdi.

-Oňa hiç zat aýtmarsyň gerek? Söz berýäň dälmi?-diýip, men haýyşymy ýene nygtadym.

Bu gezek Aýjemal ýüzüme batyrgaý seredip:

-Söz berýän-diýdi.

-Sag bol, Aýjemal-Men sözde beýan eden minetdarlygymyň üstüni ýetirmekçi bolup, onuň elini gysmak üçin elimi uzatdym. Ol sag elinde «Graf Monte Kristony» tutup durdy. Ol kitaby öňüme süýşürip, elini berdi.

Aýjemal bilen hoşlaşyp köçä çykanymdan soň elimde kitap bardygyny duýdum. Ony biygtyýar alyp çykypdyryn. «Bu nämäme gerek, öň okapdym ahyryn» diýip içimi gepletdim. «Ol näme üçin maňa parol höküminde başga bir kitaby däl-de, «Graf Monte Kristony» aýtdyka? Kelläňde näme bolsa diliňe-de şol gelýär» diýýärler. Ol şeýle görmegeý aýala al salanyna monça bolup, özüni

Graf Monte Kristo meňzedip ýörmikä? Örän gowy. Şeýle bolýan bolsa menem oňa Graf Monte Kristonyň oýnuny görkezmegim gerek. Graf hem özüne pent beren «dostlaryndan» şeýle ar alýar ahyry." Kitaby gaýtaryp bermek üçin yzymy dolandym. Gapynyň öňünde gelenimden ýene näme üçindir içeri girmäge ýaýdanyp, yzyma öwrüldim-de, maşynyma tarap gitdim. Köçedäki hereket gözüme öňküsinden has başgaça görünýärdi. Nazarymda şu adamlaryň içinde-de Ýusuba meňzeşleri bar ýalydy. Şonda ýüregim birhili ýalňyzlygy küýsedi. Adam-gara ýok, pynhan ýerde bir sellemem bolsa galasym geldi. Şonuň üçin iş ýerime baryp, bir bahana tapdym-da, jogap alyp, göni öýe geldim. Maşyny içeri sokup, derwezäni içinden gulpladym. Öýe girenimden eşiklerimi çalşyryp, özümi uly otagdaky diwana okladym. Bir seretsem, elimde henizem şol kitap. Näme üçindir ony maşynda-da, eşiklerimi çalşyran ýerimde-de galdyrmandyryn. Ony ýatan ýerimden ortadaky stoluň üstüne zyňyp goýberdim.

«Ýeri, indi nätmeli? Ol nejise nähili jeza bermeli?» Birden göz öňüme Gülşat geldi. Şol kömelek kebaba çagyrylan günüm aramyzda bolup geçen gürrüň gulagymda gaýtadan ýaňlandy. Kelläme gelen pikirden ýüregimiň gürsüldisi has batlandy. «Ýok. Ýok. Men beýle edip bilmen. Nejislige nejislik bilen däl-de, adalat bilen zarba urmaly.» Şol wagt telefon jyňňyrdady. Çaky, bu Ýusupdy. Ony ýüregim duýup durdy. Ol meniň Aýjemal bilen duşuşygymyň netijesini bilmäge howlugýardy. Ilki ol edara jaň eden bolmaly. Meniň ol ýerde ýokdugymy anyklap, öýe til edýärdi. Trubkany aljagymy-da, almajagymy-da bilmän ýaýdandym. Sebäbi şol wagt onuň bilen gürleşmäge ruhy taýdan taýýar däldigimi duýýardym. Telefon uzak jyňňyrdady. Trubkany almadym, çydap ýatdym. Telefonyň jyňňyrdysy dynansoňam uzak wagtlap ýerimden galman ýatdym. Emma kelläme hiç bir netijeli pikir gelenokdy. Ýusuba mynasyp jezany oýlap tapmak üçin ilki içimde möwç urýan gazabymy birazrak köşeşdirmegimiň,

kellämiň bolsa sowukganlylyk bilen işlemegi gerekdigini aňyp, ýerimden turdum. «Tizräk öýden çykyp gitmeli, ýogsam, ol işinden çykdygy meniň ýanyma gaýdar» diýen pikir bilen howlukmaç geýinmäge başladym. Gaty howlugýanym üçin bolsa gerek, köýnegimiň düwmelerini-de dalanda ildirdim. Ýöne bu wagt maşynymy münmäge-de meýil etmedim. Köçä çykanymdan soň bolsa, nirä barjagymy bilmän birsellem ikirjiňlenip durdum. Maşynda daşrak bir ýere- garyndaşlaryň biriniňkä gidäýsem diýip hem küýlendim. Ýene pyýadalap gezelenç edenimi gowy görüp, köçäniň ugry bilen çalt ýöräp gitdim. Duralga baryp, çem gelen awtobusa münüp gitdim. Ondanam düşüp, başga birisine mündüm. Bir görsem, restoranda otyryn. Bu hereketlerimi, ähtimal, beýnimdäki ikinji bir merkez dolandyrandyr. Çünki meniň asla restorana girmek niýetim ýokdy. Onsoňam öýden çykanymdan bäri kelläm Ýusup hakyndaky pikirlerden boşanokdy.Restoranyň içi petişdi. Adam hem ol diýen köp däldi, zalyň ýarysy boşdy. Men äpişgäniň ýanyndaky stoluň başynda ýeke özüm otyrdym. Köp wagtdan bäri restorana girmänim üçinmi, özümi birhili oňaýsyz duýýardym. Gelşiklije ýaş hyzmatçy gyz

gelip, mylaýymlyk bilen «Näme buýurýarsyňyz» diýip sorady. Dilime gelşine görä «kömelek kebap» diýip goýberenimi duýman galdym. Hyzmatçy gyz geň galyp, mawy gözlerini tegeledi, soňra ýakymly ýylgyryp:

-Beýle nahar bizde hiç haçan bolanok-diýdi.

Men aljyraňňy ýagdaýdan çykmak üçin «Kömelek kebap bolmaýan restorany ilkinji gezek görşüm» diýip degişmä sowdum. Soňra menýudaky naharlardan birini, mineral suw hemde ýüz elli gram konýak buýurdym.

«Geň galaýmaly. Näme üçin men indi şol kömelek kebaba çagyrylan günümdäki wakalary ýatlaýarkam?»-diýip, içimi gepledýärdim. «Ýa-da, şol gün Gülşadyň meýiline garşy gidenim üçin puşman edýärmikäm? Ýeri, restorana näme maksat bilen geldiň? Konýak içmek üçinmi? Ýa-da keýpi-sapa bilen meşgullanýan adamlaryň keşbini synlamak üçinmi? Näme üçin beýe adamlar restoranlarda bolýar diýip hasaplamaly?" Buýran zatlarymy hyzmatçy stola tarkyldadyp goýup başlanda pikirim bölündi.

-Işdäňiz açyk bolsun-diýip, ol gyz ýene bir gezek mylaýym ýylgyryp gitdi. Işdäm ýokdy. Şonda-da öňümdäki bifşteksi çokjalap başladym. Konýagy az-azdan guýup içip oturşyma töwerek-daşyma syn edýärdim. Restoranda artykmaç şowhun bolmasa-da, bu ýeriň özüne mahsus bolan durmuşyň joşguny duýulýardy. Adamlar şu ýerde oturmaklygyň özüni hamala başgalara ýetdirmeýän bir mertebe diýip hasaplaýan ýaly özlerine gaty göwni ýetikdi. Birek-birege mylakatlylyk bilen söz gatylýanam bolsa, käbirleriniň ýüzünde tekepbirlik alamaty bardy. Menden bir stol aňyrda oturan garaýagyz gyz bilen saçlaryna ak girip ugran bolsa-da, otuz

ýaşlaryndan geçmedik ýigidiň gürrüňi has alyşypdy. Emma gyzyň bulgurly elini salym geçmän, galdyrybermegi, ýigidiň bolsa saçlaryny tiz-tiz sypap, timarlaberişi gelşiksizdi. Olaryň sag tarapynda oturan üç sany ýigidiň şowhuny zala has şüweleň berýärdi. Olar gezek-gezegine tost aýdyp, bulgurlaryny çakyşdyrýardylar. Belki, olar biri-birine: «dostlugymyz bozulmaz, müdimilik bolsun» diýýändirler. Olar dostlaryñ arasynda dönükleri hem bolýandygyny entek bilýan hem däldirler. Kelläm konýagyň täsiri bilen işleýärdi. Gowusy, wagtynda bu ýerden gitmelidi. hyzmstçy gyzy çagyryp, hasaplaşdym-da, daşary çykdym. Giç öýläniň salkyn şemaly tenime başgaça bir rahat bagyşlady. Kelläm açylyp, pikirlerim aýdyňlaşan ýaly boldy. Ine, şol pursat mende Ýusuby, onuň hyýanatkär kalbyny ýaşyryp duran gözlerini bir görmek islegi döredi. Belki, bu isleg indi onuň bilen syrymy paş etmän gürleşmäge ruhy taýýarlygymyň ýeterlikdigini aňanym üçin dörändir. Galyberse-de, indi ol ozal meniň tanaýan, bilýän Ýusubym däldi. Ol bütinleý başga adamdy. Onuň başga adamdygyny men şu gün açypdym. Indi bolsa özümiň täze açyşymy oňatja synlamagy, onuň içki dünýäsi bilen daşky sypatyny deňeşdirip görmegim gerekdi. Şeýle maksat bilen awtobusa münüp, göni Ýusuplara ugradym.

Men olaryň howlusyna girenimde Gülşat suw kranyna uzyn şlangany ötürip güllere suw sepýärdi. Uly howlynyň iki ýan tarapyna ekilen dürli gülleri Gülşadyň özi yhlas bilen bejerýärdi. Onuň bar ünsi öz edýän işinde bolany üçin, meniň girenimi duýmady. Men oňa golaý baryp:

-Arma-da, Gülşat!-diýdim.

Diňe şondan soň ol gaňyrylyp seretdi-de perwaýsyz äheňde:

-Hä, geliň, bakaly- diýdi. Kömelek kebap wakasyndan soň ýanynda adamsy bolmasa, ol meni hemişe şeýle perwaýsyz garşylaýardy, Men hem oňa artykmaç hoşamat etjek bolamokdym. Emma bu sapar başga perdeden gopdum. Onuň elinden şlangany aldym-da, degişme äheňde söz gatdym:

-Gülleriň meniň elimden bir suw içsin, Gülşat, görseň, başgaça öwşün atar durar.

Ol meniň bu günki bolşumy geň görüp, ýüzüme synçylyk bilen seretdi:

-Ahmet, sen içgili ýaly-la, agzyňdanam ysy kükäp dur-diýip, ol seňrigini ýygyrdy. Men bolsa:

-Bä, içgilini anyklamaga ýaman ökde ekeniň. Öň huşagetirijide işläpmikäň öýdýän?!- diýdim.

Ol meniň bilen degişip durmaga meýliniň ýokdugyny bildirip, ýüzüni turşatdy-da, elimden şlangany aldy, soňra:

-Içeri giriber, dostuň öýde-diýdi.

-Dostumy göresim gelip gözüm çekip duranok-diýdim.

Gülşat geňirgenip gaşlaryny gerdi-de:

-Şeýlemi? Eýsem näme üçin geldiň?-diýdi.

-Kömelek kebap iýmäge geldim- diýip ardyndym. Gülşat maňa gazap bilen seretdi:

-Gaty rehimsiz adam ekeniň-diýip, ýüzüni kese sowdy. Şonda men hetdimden aşýanymy duýdum. Oňa geçen işi ýatladyp, köne ýaranyň üstüni dyrnamak näme gerek diýsene. Pikirlenip görsem, men öjümi almaly güýçli günäkäri goýup, ejiz bigünä ýapyşýan ekenim.

Şol arada içerden ýol-ýol pijamaly Ýusup çykdy. Ol maňa gözi düşenden:

-O, Ahmet! Şu gün seni gözlemedik ýerim galmady. Nirä ýitirim bolduň?- diýip, öňümden çykdy. Ony ilkinji gezek görýän ýaly, oňa içgin-içgin garadym. Onuň ýylmanak ak ýüzünden, asuda seredýän goýungözlerinden hiç zady aňyp bolmaýardy. Ol hemişekisi ýaly sowukganly hem-de hoşamaýdy. Elhepus, onuň içindäki nejislik daşyndan asla bildirenokdy. Ol ikimiziň şu gün günortan duşuşanymyza seretmän, meniň bilen elleşip görüşdi.

-Seni gözläp öýüňe-de bardym - diýip, ol içeri girip barýan aýalynyň yzyndan tizräk gidäýse, açyk gürleşerdik diýen manyda garady.

-Gözläniň üçin sag bol, dostum. Meni sen gözlemeseň, kim gözlesin, ýeke-täk howandarym sen ahyryn- diýip, onuň arkasyna kakdym. Birdenem içimiň ýangynlydygyny ol duýaýmasyn diýip, howatyrlandym. Hern-ä Ýusup sözlerimiň beýle göçgünlidigini agzymdan gelýän içginiň ysy zerarly başgaça düşündi.

-Oh-ow! Keýpiň gaty kök ýaly-la. Yşkdan serhoşmy, ýa-da şerapdan?- diýip, ol güldi. Men döşümi gaýşardyp:

-Yşkdan, dostum, yşkdan-diýdim.

-Bolubilýä, bolubilýä. Diýmek, saňa ol ýarapdyrda.

-Wah, nämesini aýdýaň, dostum. Mürçe-miýan, pisse dahan, bir apaty jan. Maňa örän ýarady.

-Özi-de gowy zat ahyry.

-Gowyň näme. Biçak üýtgeşik zat ekeni.

Soňky sözümi has göçgünli aýtdym, ýöne birneme öte geçýänimi duýup, dymanymy gowy gördüm. Ýusup bolsa ýüzüme synçylyk bilen seretdi, soňra hakykatdanam serhoş diýen netijä geldi öýdýän kellesini ýaýkap ýylgyrdy. Ol birden goýun gözlerini maňa dikdi-de:

-Näme diýsene, Ahmet-diýip ardyndy. – Häzirlikçe bu gepi Gülşadyň bilmäni gowy.

-Nämäni? Meniň öýlenýänimimi?

-Ýok, öýlenýäniňi bilibersin, Ýöne bu işe meniň goşulýanymy bilmäni makul.

-Näme üçin?- diýip, men geňirgenip soradym.

-Hm... Saňa nädip düşündirsemkäm- diýip, ol birsellem ikirjeňlendi. – Umuman, ol beýle zatlara goşulyp ýörmegi halanok.

«Näme üçin ol bu «haýyr» işini aýalyndan gizlejek bolýarka? Ýa-da asyl maksadynyň bilnip galmagyndan gorkýarmyka?» diýen pikir meniň kelläme geldi.

-Bolýar. Bilmesin diýseň, bildirmeris- diýdim.

Ol keýpi kök halda meni goltuklap, içeri girdi. Uly otagyň ortasyna goýlan stoluň başynda Gülşat oýa çümüp otyrdy. Şonda onda birhili nebsim agyrdy. Ýaňy biderek gepläp, göwnüne degenim üçin gaty puşman etdim. Biz girenden ol ýerinden turup, «geliň, geçiň» diýip, ýasama sypaýyçylyk bilen dillendi.

Ýusup aýalynyň tukatlygyny duýmadymy, ýa-da duýsada duýmadyk kişi boldumy, şadyýan äheňde gürledi:

-Heý, keýwany, dostumyzy gutlamaly boljak. Ol öýlenýär. Göwnüme bolmasa, Gülşadyň ýüzi birhili üýtgäp giden ýaly boldy. Emma şonda-da ol ýylgyran kişi bolup:

-Şeýlemi? Gutlaýan, Ahmet!-diýdi.

Oturdyk. Bir käse çaý içenimizden soň, Güşat palaw getirdi. Ýöne içgi çykarmady. Ýusup oňa birki gezek manyly seretdi. Gülşat bola äriniň garaýyşlaryna düşünmediksiräp oturyberdi. Ahyry Ýusup göwnündäkini açyk aýtmaly boldy:

-Gülşat, dostumyzyň şatlygyna bizem şärik bolmasak bolmaz. Bir çüýşe konýak getir.

Gülşat ýasama ýylgyrdy:

-Göryän weli, dostuňyň keýpi şeýle-de gaty kök ýaly-la.

-Gülşat, konýak bermeseň berme welin, ýöne meni beýle içip ýöräne saýma-diýip, men öýkeli äheňde aýtdym. Ýusup aýalyna gözüni alardyp seretdi-de:

-Gülşat oýun edýändir, Ahmet!-diýdi.

-Hawa, degişäýdim, göwnüňe getirme, Ahmet-diýip, ol äriniň sözüni tassyklady. – Häzir konýak hem bolar.

-Onuň ýaly bolsa getir konýagy- diýip men güldüm.

Özüme özüm geň galýardym Men öňler hiç haçan içgini höwes edip içemokdym. Emma häzir näme üçindir içesim gelip durdy.

Gülşat uly serwantyň bir ýerinden bir çüýşe ermeni konýagyny çykardy. Üç sany hrustal bulgur bilen ony stoluň üstünde goýýarka maňa gözüniň gytagyny aýlap goýberdi. Men bu garaýşyň manysyna şol şol bada düşündim. Ol «Görýämiň, üç sany bulgur. Seniň şatlygyňa menem goşulýan» diýdigidi.

Hakykatdanam, öňler ol beýle özara oturlyşyklar-da özi üçin bulgur getirmezdi. Äri özelenip hödür edeninde-de «Ýok içjek däl» diýip, berk durardy. Onuň bu saparky bolşuna Ýusup hem geň galdy:

-Bä, keýwany, ertir gün haýsy tarapdan dogarka?

-Haýsy tarapdan dogsa-da, men şu gün içjek. Ahmediň beýle şatlygy bolýan bolsa oňa goşulman bolmaz-diýip, Gülşat açyk ýüz bilen aýtdy. Emma onuň bu sözleriniň hem, ýüzündäki ýylgyryş alamatynyň hem aňyrsynda niçikdir bir gussanyň bardygyny ýüregim duýup durdy.

Birinji bulgury öý eýelerine söz bermän özüm aýdyp içdim. Olara-da içirdim. Ikinji bulgura nobat ýetende Ýusup:

-Rugsat bolsa, menem bir tost aýdaýyn-diýdi.

-Hawa, aýt. Dostumyzyň bagtynyň çüwmegini arzuw etmek gerek-diýip, aýaly söze goşuldy.

-Hökman, hökman...- diýip Ýusup söze başlady.- -Eziz dostum, Ahmet jan, sen meniň çagalykdan iň eý görýän dostumsyň. Maşgalaly bolalymyz bäri diňe meniň däl, maşgalamyzyň hem dosty bolduň. Şonuň üçin hem seniň bagtyň-biziň hem bagtymyz...

Ol şular ýaly, ýuwnuksyz sözleri başga-da tapdy. Eger bu sözleriň daşynyň süýjem bolsa, içiniň zäher gatyşyklydygyny bilmeýän bolsam, onda meniň dostuma hoşallygym ýene artardy. Bu taýsyz ikiýüzlilige çydap oturmak üçin elimdäki bulgury şeýle bir gysypdyryn welin, onuň gyralary aýama batyp gidipdir.

Ýusup sözüni tamamlap, bulguryny dabaraly göterdi. Men özüme zordan basalyk berip:

-Sag bol, dostum, sag bol-diýdim. Içdik. Gülşat hem bir ýuwdum içip, bulguryny stoluň üstünde goýýarka:

-Ahmet gelinligiň kimdigini-de aýtmadyň-a? – diýip, aýallara mahsus bolan bilegelsijilik bilen dillendi.

-Onuň kimdigini entek özümem bilemok- diýip, Gülşadyň ýüzüne ýylgyryp garadym: Ol geňirgenip:

Weý, bu näme diýdigiň?-diýdi.

-Adamyň kimdigini, nähilidigini bir bada bilip bolýamy näme? «Adamyň alasy içinde» diýip, biderek ýere aýtmandyrlar.

Ýusup meniň bu sözlerimden birhili üýşendi. Maňa synçylyk bilen esetdi. Ol bir zat diýmekçi bolup ardyndy. Ýöne Gülşat ondan öňürtiledi.

-Bu diýýäniň dogry, Ahmet. Ýöne men senden onuň içini däl, daşyny soradym. Özi nireden? Kimleri bar?

-Şeýle diýsene-diýip men gülümsiredim. – Niredendigi anyk. Şu şäherden. Enesi bar, atasy-da bar bolsa gerek. Ýöne äri barmy ýokmy, onçasyny bilmedim. Ýokdur çak edýän. Bolanda maňa durmuşa çykmaga razylyk bermezdi.

Gülşat häliden bäri ilkinji gezek gara çyny bilen güldi. Ýusup bolsa bu degişmäniň aňyrsynda bir syryň bardygyny aňan ýaly ynjalyksyzlanyp, yzly-yzyna ardyndy.

-Ahmet, sen se-serhoş ýaly-la, gepiň-sözüňem birhili... Gowusy, içmäni bes edäýeli- diýip, ol sen nähili görýäň diýen manyda aýalyna garady. Gülşat bolsa henizem jak-jaklap gülýärdi.

-Weý, munuň diýýänini, gyz! Äri bolsa, maňa durmuşa çykmaga razylyk bermezdi diýsene- diýip, Gülşat gülkisiniň arasynda aýtdy. Gülkiniňmi, içginiňmi täsirinden onuň gözleri bir geňsi şöhlelenip ýaňaklary bägül ýaly lowurdaýardy. Şol pursatda, meniň göwnüme bolmasa, dünýäde ondan görmegeý aýal ýokdy. Birden beýnime bir pikir geldi. «Äri bolsa maňa durmuşa çykmaga razylyk bermezdi» diýen sözleri içimden gaýtaladym. «A Gülşadyň özi nä? Ol razylyk berermidi? Diýýäniň näme? Kömelek kebaba çagyrylan günüm bu mesele aýdyň bolupdy ahyryn. Ewriko! Ýusuba mynasyp jezany tapdym!» Kellämde bu pikirler at salýarka ýüregimiň gürsüldisi barha batlanýardy. Has dogrusy, içimde bir ýowuz şeýtan dabara edýärdi. Men ýerimden tarsa turdum. Ýusup aňk-taňk bolup:

-Näme boldy-how? – diýdi.

-Özüň içmäni bes edýäs, diýmediňmi näme? Eýle bolýan bolsa men gaýtjak- diýip, özümi serhoşlyga saldym.

-Bolşuň nähili. Şu ýagdaýda nirä gitjek? – diýip, Ýusup hem ýerinden galdy. Meni oturtjak bolup çalyşdy. – Ýatyber, şu taýda.

-Ýatyp näme. Ýatjak däl! Näme meniň öz öýüm ýokmy? Aýalym bolmasa-da, öýüm bar. Öýüme gitjek- diýip, onuň elinden sypdym. – Sallahyň öýüniň hözüri ýok diýip pikir etme. Bar. Bilýäňmi, hözür nämede? Azatlykda, erkinlikde! Hiç kime garaşly bolmazlykda! Ol ýerde men özüm han, özüm soltan. Hiç kim maňa nädip ýörsüň, näme üçin içip geldiň diýenok. Islesem ýene içýän, islemesem aýdym aýdýan, islesem başga iş edýän. Sen bolsa beýle zatlary edip bilmeýäň. Sebäbi, bu öýde sen ýeke-täk hojaýyn däl. Bu ýerde goşa häkimýetlilik höküm sürýär. Belki, beýle-de däldir, belki, seniň üstüňden Gülşat höküm sürýändir...

Bir seretsem, Gülşat meniň bolşuma haýran galmak bilen gaşlaryny çytyp, gözüni menden aýyrman otyr. Men ony öňküdenem beter aňaldyp, dowam etdim :

-Bagyşla, Gülşat! Men seni öýkeletmekçi däl. Ýöne dostuma gaty haýpym gelýär, nebsim agyrýar. Ýaşlygynda, sallahlygynda nähili erjel, gaýratly, özdiýenli ýigitdi. Indi seret! Nähili bolupdyr? Ol indi seniň çyzan çyzygyňdan çykyp bilmeýän sada, mön, hatda nalajedeýin bir adama öwrülipdir. Hawa, hawa! Beýle sada adamy gündiziň güni eliňe çyra alyp gözleseňem tapmarsyň.

Soňky sözlerimiň äheňi  manysyna ters gelýänini aňyp, birden dilimi dişledim.

-Ýeri, näme sem bolaýdyň? Monolgyňy dowam etdiriber – diýip, Ýusup kinaýaly dillendi.

-Besdir. Şunsy-da ýeterlik. Gaýtjagy çyny bolsa, ony ugradaý – diýip, Gülşat ärine ýüzlendi.

-Gaty gowy! Kowmasaňam gitjek, Gülşat!- diýip, men gahar bilen daşary çykdym. Meniň bilen tirkeşip çykan Ýusup halymsyran bolup gepledi.

-Bä Ahmet, gaty kesir ekeniň-aýt. Seniň beýledigiňi bilemokdym. Ýatyp gidibereniňde-de boljak ahyryn.

-Ýatjak däl, diýdimmi, ýatjak däl! – diýip, çürt-kesik aýtdym. Ol kinaýaly ýylgyrdy-da:

-Seniň beýle serhoş bolanyňy birinji gezek görşüm, Ahmet. Gaty geň zat – diýdi.

-Nämesi geň? Seniň ýaly mähriban dostumyň öýünde içip, keýip çeksem aýypmy näme? – diýip, sözlerimi sozup gepledim.

Ol meni tiziräk ugradanyny kem görmän:

-Ýok, ýok, aýyp däl- diýip, arkama kakdy.

-Hä, şeý diý. Gel, onda bir gujaklaşyp, hoşlaşaly, dostum– diýip, men ony ilki gujakladym. Soňra iki gulagyndan tutup ýüzüni özüme gönüledim.

-Waý, gulagym! Goýber! Goýber, diýýän! – diýip, ol agyrsyna çydaman özelendi. Şol mahal onuň ýüzüne tüýkürip, üstesine-de bir ýelmäp goýberesim geldi welin, ýöne özüme basalyk berdim.

. Ol bir emel bilen gulaklaryny elimden boşatdy-da, meni itip goýberdi.

-Baryp ýatan samsyk ekeniň-eý!

-Bagyşlap bilersiň, dostum. Entek kimiň samsykdygyny görübiris- diýip, men ondan daşlaşdym.

***

Men şol günüň ertesi irden oýandym. Kelläm durlananam bolsa, azrak agyrýardy. Ýöne öten agşamky özümi alyp barşym üçin çigit ýaly-da puşman edemokdym. Tersine, özümden juda razydym. Sebäbi özümi serhoşlyga salyp onuň işini görüpdim. Iň möhümi, men oňa mynasyp jezany oýlap tapypdym. Emma bu jeza hakda entek mazaly kelle döwmelidi. Ýogsa gaş bejerjek diýip, göz çykaranyň galar. Eger men ondan şeýdip öç alsam, onda Gülşat bilen Aýjemalyň ykbaly nähili bolar? Kesekiniň ykbaly bilen oýun edip bolýarmy näme?!

Şeýle pikire gidip, ertirlik edinip otyrkam, birden telefon jyňňyrdady. Çak edişime görä, bu Ýusupdy. Trubkany almaga ýaýdanyp, bir salym gymyldaman oturdym. «Ol maňa näme diýmekçikä? Öten agşamky

bolşumy ýazgarmakçymyka? Ýa-da öýe aman-sag gelip ýetenligim hakynda özüniň ýasama mähribançylygyny beýan etmekçimikä?» diýip içimi gepledýärdim. Şol mahal kelläme başga pikir hem geldi:«Ýok. Ol men hakda ýasama däl-de gara çyny bilen aladalanýan bolsa gerek. Sebäbi öten agşam maňa bir zat bolaýan bolsa, onda onuň bar meýilleri puja çykardy. Şoňa görä, öten agşamky serhoşlugym zerarly meniň nähilidir bir bagtsyzlyga duçar bolmagym onuň bähbidine ters gelýärdi. Düşnikli.

Her kim öz bähbidini gözläp hereket etmeli bolýan bolsa, häzir onuň bilen tersleşmeklik, meniň üçin-de peýdaly däldi. Çünki men hem öz maksadymy üstünlikli amala aşyrmak üçin ara tow düşürmeli däldim. Trubkany göterdim. Şonuň özüdi. Ol salam-heligi-de, howlugyp:

-Alo, Ahmet, nähili? Ýagdaýlar oňatmy?-diýip sorady.

Men şähdaçyklyk bilen jogap berdim:

-Gül ýaly. Soranyň üçin sag bol , dostum.

-Beý, sen-ä meni gaty alada goýduň-ow- diýip, ol uludan dem aldy. Ýene nämedir bir zat aýtmakçy bolup ardyndy. Emma geplemedi. Göwnüme bolmasa, ol: «Saňa näme bolup ýör? Beýle içýän gylygyň ýokdu-la» diýmekçidi.

-Bagyşla, dostum- diýip, men ötünçli äheňde gürledim- Agşam birneme öteräk geçäýipdirin.

-Zyýany ýok. Ýöne...-Ol ýene sözüni soňlaman dymdy. Men:

-Ýönäň, näme? Göwnüňe degäýdimmi ýa? – diýip soradym.

-Aý, zyýany ýok. Arynyň zäherini datmadyk, balyň gadyryny näbilsin, diýenleri ýaly dostlugyň hem ajysyna-süýjüsine çydamaly bolýa – diýip, ol dilewarlyk satyp ugrady.

Menem onuň sözlerine monça bolan kişi bolup:

-Sag bol, dostum. Hakyky dost şeýle-de bolmaly. Men senden gaty minetdar- diýdim.

Şeýle äheňde ondan-mundan bir salym gürleşdik. Emma näme üçindir ol gürrüňi meniň garaşýan tarapyma sowanokdy. Aýjemal barada kelam agyz soranokdy. Soňundan gürrüňi özüm şol tarapa sowmaly boldum:

-Ýusup, indi ol işimiz nähili bolarka?

-Haýsy iş?- diýip, ol düşünmediksirän bolup sorady.

-Haýsy işdir öýdýäň. «Graf Monte Kristoly» meseläni aýdýan- diýip güldüm.

Ýusubyň birneme sesi açylyp ugrady.

-Hä, ony diýsene. Indi näme, ol iş diňe seniň gaýratyňa bagly.

-Onyň dogry. Ýöne meniň ony ilki oňatja tanasym, hüý-häsiýetine belet bolasym gelýär.

-Sen mamla. Bu işde howlukmaly däl. –Gepiniň äheňinden misil tutsaň, bu işe meniň haýal çemeleşmegim oňa ýokanokdy. – Ýöne howlukmasaň hem bolanok. Sebäbi başga biri senden öňürtiläýmegi mümkin – diýip, ol sözüniň üstüni ýetirdi.

-Dogry aýdýaň. Şonuň üçin bu işde hem howlukmaly däl. Şeýle bolansoň bu tarapyna-da özüň kömekleşip goýbermeseň boljak däl öýdýän – diýip, men haýyş äheňinde aýtdym. Ol meniň haýyşymy birhili geňlän ýaly edip:

-Nähili kömek gerek?- diýdi. Men gönümden geldim.

-Eger kyn görmeseň, işden gaýdyşynyň kitaphanadan ony-da alyp, öýe taşlap geçäýseň... Men işden irräk gelip garaşyp oturaryn.

Ol sesini çykarmady. Trubkadan onuň agras dem alýany duýulýardy. Meniň soňky sözlerim oňa örän ýokuş degdi. Maňa geregi-de şoldy. Men bu sözlerim bilen onuň degnasyna dekmekçidim., gabanjaňlygyny gozgamakçydym. Aslynda, ol Aýjemaly maňa diňe kanuny aýallyga berip, özi gapdaldan oýnaş bolup galmaga razydy. Entek meniň Aýjemaly aýallyga aljak almajagym näbelli bolup duran bir wagtda ony maňa peşgeş hökmünde asla getirip beresi ýokdy. Ol:

-Sen entek öten agşamky serhoşlygyňdan açylmansyň öýdýän?- diýip hüňürdedi.

-Näme üçin beý diýýäň?- diýip, men geň galan bolup soradym. Ol gaharyna erk edip bilmän gürrüňimiziň başyndaky şertliligi-de unudyp, aç-açan gürrüňe geçdi:

-Men öz işgärime: «Ýör, seni bir dostumyň goýnuna salaýyn» diýip, nädip aýdaýyn?

-Bä, nätdiň-aýt, Ýusup. Men nämäniň pikirini edýän, sen nämäniň?- diýip, onuň gaharyny köşeşdirmäge çalyşdym. – Ahyrynda, men ir-u-giç onuň bilen gowuja tanyşmaly bolsam, munuň üçin öz öýümden arkaýyn ýeri nireden tapaýyn?

-Ol öz işiň, dostum. – Onuň äheňinden meniň niýetimiň halys ýürekdendigine ynanmanlygy bildirip durdy. – Galyberse-de bu zatlar telefon gürrüňi däl. Işe gitmeli wagt hem boldy. Hoş!

Ol trubkany goýdy. Men oýa çümdüm. «Işiňi ölçerip edeňok. Ahmet» diýip, men öz-özüme igendim. «Onuň gaharyny getirmek, degnasyna degmek nämäňe gerek. Beýtseň, wakalaryň mundan beýläkki ösüşine goltgy bermegiň ýerine, päsgel beräýmegiň mümkin. Ýeri indi nätmeli?»

Men şu sowalyma jogap tapjak bolup, günuzyn kelle döwdüm. Maksadym anykdy. Emma ony nähili ýol bilen amala aşyryp boljakdygy hakynda irginsiz pikir edýärdim. Käte pälime haý berip: «Ata-babalar: «Daş bilen urany, aş bilen ur» diýipdirler ahyryn» diýip içimi gepledýärdim. Emma dostumyň keşbi göz öňüme gelende gazap atyna atlanyp, ýene öz

pikirime özüm garşy çykdym. Başga hili pikir öwürýärdim: «Ýok. Ýagşylyga ýagşylyk, ýamanlyga ýamanlyk! Eger-de biz daş bilen urany aş bilen urýan bolsak, onda ýamanlygyň tohumyny köpeltmäge şert döredip bereris. Ekin meýdanlarynda hasyla  zyýan ýetirýän mör-möjeklere garşy nähili göreş alyp barylýan bolsa, durmuşda hem ýamanlygyň tohumyny guratmak üçin şeýle göreş alyp barmaly! Nejislik jogapsyz, haýynlyk jezasyz galmaly däldir!» Bu pikirim öňküsine garanda rüstemräk gelýärdi. Onuň täsiri bilen men etjek bolýan işimiň meýilnamasyny düzmäge başladym. Birini çalarak düzüp, ony öz ýanymdan makullap hem goýdum. Ýöne ony amala aşyrmak üçin Aýjemalyň kömegi gerekdi. Bu bolsa meseläniň iň çylşyrymly tarapydy. «Aýjemal meniň pikirimi goldarmyka?» diýip öz ýanymdan ikirjeňlendim. «Näme üçin goldamasyn. Ýusup bilen aralaryndaky syry maňa onuň özi açdy ahyryn...Açanda näme? Ol diňe wyždanynyň diýenini etdi. Emma ömründe menden birje gezek ýagşylyk gören aýal ömür boýy dostum bolup gelen adamyň maňa niýetlän hyýanatyna goşulmady. Şeýle, bolansoň, meniň hak işime onuň goşulaýmagy mümkin.»

Çak bilen hakykat biri-birine hemişe-de gelip durmaýar. Ony iş ýüzünde synap görmeli bolýar. Men ýüregimi bire baglap, işden irräk çykyp, Aýjemalyň işleýän kitaphanasyna bardym.

Gapynyň öňünde men kitap alyp çykyp barýan özüm ýaly bir ýigide duş geldim. Ol pälwan sypatly, görmegeý hem-de özüne gaty göwni ýetýän ýigitlerdendi. Ol menden salama garaşýan ýaly şeýle ýiti seretdi welin, oňa salam berenimi duýman galdym. Ol bolsa başyny çalaja atyp, salamymy aldy-da, geçip gitdi. Onuň beýle ulumsylygynamy ýa-da Aýjemalyň ýanyndan çykanymy meniň birneme ýüregim çişdi. Meniň ýerime Ýusup bolan bolsa gabanjaňlykdan ýarylaýjak bolardy diýip pikir etdim. Hakykatdanam Aýjemal gabanylýan aýallardandy. Ol diňe özüniň gözelligi bilen däl-de, alçaklygy, köp manyly gylyk-häsiýeti bilen hem özüne ýakyn bolan erkek adamyň gabanjaňlygyny gozgamaga ukyplydy.  ". Ähtimal, Ýusup Aýjemalyň ýanyna gelip-gidip ol zeýilli ýigitlerden gabanmakdan irendir.Bir tarapy şonuň üçinmi onuň başyny bogup, özünden özgäniň eli ýetmeýän etmekçidir" diýip içimi hümletdim. Men içeri girenimde Aýjemal kitap alýan iki sany gyz bilen gürleşip durdy. Maňa gözi düşenden ol ýylgyryp salam berdi. Onuň ýylgyryşy şeýle bir enaýy, şeýle bir özüne çekijidi welin, men ony ilkinji gezek gören adam ýaly tolgunýardym. Dogrusyny aýdanda bu görk, görmeklik meni heýjana salýardy. Şol bir wagtda-da Aýjemalyň özüniň şeýle taýsyz gözelliginiň gadyryna ýetmän, tenini Ýusup ýaly adama bagyşlap ýörmegine haýpym gelýärdi. Gyzlar çykyp gidenden:

-Geliň, öýlenjek ýigit- diýip gözlerini güldürdi. – Näme beýle gaçdyňyz? Ýa-da gelinlik ýaramadymy?

Ol şu gün öten saparky Aýjemala düýbünden meňzänokdy. Ol indi meniň ilkinji gezek duşuran aýgytly, degişgen Aýjemalyň özüdi. Men ýarym çyn, ýarym degişme äheňde jogap berdim :

-Gaçamok, Aýjemal. Ine geldim. Hemme zady oýlanyşyp, ýüregimi bire baglap geldim. Indi galany saňa bagly.

-Maňa bagly? Ol näme-kä maňa bagly zat?– diýip, Aýjemal gyzyklanyp sorady.

-Bu hakda arkaýyn gürleşmeli boljak- diýip, men oňa synçylyk bilen garadym - Men daşarda maşynda garaşjak, sen işiňi basymrak gutarjak bol.

Aýjemal kibtini gysyp, geňirgenip ýylgyrdy.

-Meniň iş wagtym gutardy. Häzir çykýan.

Men daşary çykdym. Ol hem kän garaşdyrmady. Men maşynymyň duran ýerine baryp yzyma seredenimde ol daşky gapyny gulplap, maňa tarap ugrady. Onuň ýörüşi-de keşbi ýaly biçak owadandy. Esli salym ondan gözümi aýyryp bilmän durdum. Şonda öz-özüme „Görýän welin, Ahmet, sen bu aýala göwünsiz däl ýaly-la“ diýdim. Ol meniň golaýyma gelip, ýüzüme soragly nazar bilen garady-da:

-Gitdikmi?- diýdi. Göwnüme bolmasa, ol diýseň tolgunýardy. Emma muny bildirmejek bolup çalyşýardy. Çaky, ol meniň näme maksat bilen gelenim bilen, nämeler diýjek bolýanym bilen gaty gyzyklanýardy. Maşyna münüp ugradyk. Ol meniň çak edişim ýaly yzky ýere däl-de, öňde meniň ýanymda oturdy. Şonda ol uludan bir demini alyp:

-Bu gezek hem benziniňiz gutaraýsa näderis? Ýene itip-itip ýörmeli bolarmyka?- diýdi.

Onuň äheňinden bu sözler ýöne bir degişme däl-de, ikimiziň hem durmuşymyzda düýpli özgeriş eden wakalary ahmyr bilen ýatlanýandygyny aňmak kyn däldi.

-Ýok. Bu gezek saňa maşyn itdirmen, Aýjemal. Ýöne bir işde maňa seniň kömegiň gerek – diýip, men gürrüňi maksadyma tarap burdum:

-Eger ol meniň elimden gelýän iş bolsa, hökman kömek ederin.

-Gelýär. Diňe seniň eliňden gelýär.

-Geň galaýmaly. Diňe meniň elimden gelýän iş nähili işkä? – diýip, Aýjemal maňa soragly nazaryny dikdi. – Häzir meni nirä alyp barýaňyz. Şol işe kömekleşdirmek üçinmi?

Ýogsa-da men nirä barmalydygy hakynda entek belli bir pikire gelmändim. Ony öýüme eltmäge nämedendir ejap edýärdim. Ýöne onuň bilen arkaýyn gepleşmek üçin bir boşlaň ýer gerekdi. Çak edişime görä, Ýusup özüniň arkaýyn gelip-gitmegi üçin Aýjemala boşlaňrak ýerden öý

tapyp beren bolmaly. Diýmek, beýle ýer Aýjemalyň öz öýi bolup biler. Men şoňa yşarat edip dillendim:

-Gönimden gelsem, nirä barýanymyzy özümem bilemok. Eger mümkin bolsa ýa siziňkä ýa-da biziňkä baryp şu barada arkaýynja naslahatlaşaýsak.

Aýjemal birsalym oýa çümüp, sesini çykarman oturdy. Soňra bolsa kesgitli gepledi.

-Ýok. Biziňkä-de, sizikä-de barmak bolanok. Aýratynam meniňkä mümkin däl. Eger öý diňe arkaýyn gürleşmek üçin gerek bolsa, onda ol hökmanam däl. Islendik bir ýerde saklan, maşynda oturyp gürleşiberýäs. Biziň bilen kimiň nä işi bar.

Bu sözlerden soň Aýjemalyň maňa öýüni görkezmejekdigini aňdym. Ýöne mundan beýläkki işler üçin onuň öýüni bilip goýmagym gerekdi. Emma häzirlikçe munuň alajy ýokdy. Aýjemalyň maşynda oturyp gürleşmek hakyndaky teklibini kabul etmeli boldum.

-Örän dogry pikir. Häliden bäri meniň başym çykman gelýän meseläni sen aňsatja çözäýdiň. – Men onuň öýüni görmek niýetimiň puja çykany üçin lapymyň keç bolanyny duýdurmazlyk üçin wäşisiräp gepledim.

Maşyny saklamak üçin oňaýly ýer biziň golaýlaşyp gelýän uniwermagymyzyň öňüdi. Ol ýerde maşynlar üçin ýörite duralga hem bardy. Men maşyny şol tarapa sowdum. Duralgada maşynlar adatdakydan köpdi. Bu biziň üçin ýene-de oňaýlydy. Şunça maşynyň içinde bize hiç kim ünsem berjek däldi. Men maşyny saklap, motory söndürenimden soň Aýjemal:

-Aýdyberiň, Ahmet, iki gulagym bilen diňleýän- diýdi. Onuň sesi adatdakysyna garanda birneme sandyrap çykdy. Ol meniň diýjek bolýan zadyma sabyrsyzlyk bilen garaşýardy. Ýüregime düwen işimiň amala aşjagy, ýa-da, aşmajagy belli boljak wagtyň gelip ýetenine özüm hem az tolgunamokdym.

-Aýjemal – diýip, onuň göreçlerine seretdim. – Sen maňa bir zady bassyr-ýussursyz aýt. Onsoň men saňa göwnüme düwen zadymy aýdaýyn. Sen Ýusuby gowy görýäňmi?

Aýjemal ajymtyk gülümsiredi:

-Siz maňa on sekiz ýaşlylara berilýän soragy berýäňiz, Ahmet. Gowy görsemem, görmesemem men onuň bilen baglanyşykly. Siz «Gowy görmeýän bolsaň, näme üçin oňa baglandyň?» diýersiňiz. Munuň ýönekeýje, durmuş talap edýän sebäbi bar. Mätäçlik çekýän mahalym ol maňa kömek etdi: işe aldy, ýaşamaga tünek tapyp berdi, maddy taýdan kömek etdi. Bu ýagşylyklar ýöne ýere edilmeýär ahyryn. Men olary näme bilendir gaýtarmalydym.

Onuň bilen meniň ylalaşasym gelmedi:

-Bu diýýänleriňe menem düşünýän, Aýjemal. Emma men başga bir zada düşünemok. Onuň „oýnaşyň dostuňyň öýünde bolsa has hem gowy“ diýeni bilen sen nähili razylaşdyň?

Men «söýgüliň» diýen sözi bilgeşleýin «oýnaşyň» diýip aýtdym. Emma Aýjemal oňa üns hem berenok. Ol uludan demini alyp:

-Alajym näme – diýdi. – Iň soňunda, menem ömürboýy onuň oýnaşy bolup galmagy islämok. Öz öýüm, öz ärim bolsa gowy-da.

-Elbetde, gowy. Munuň üstesine oýnaş hem bolsa, oňa ýetesi zat barmy?! – diýip kakdyrdym.

-Ýok, Ahmet. Siz aýallaryň häsiýetini bileňzok – diýip, ol ýüzüme seretmezlige çalyşdy. – Olar işi bitýänçä, ähli zada razy bolýarlar. Işi bitensoň ýagdaýa seredýärler. Eger meniň size meňzeş ärim bolsady, onda onuň ýalylara barmajygymdanam tutdurmazdym.

Aýjemal sözüniň soňunda ýüregindäkini aýdyp goýbereni üçinmi nämemi çym- gyzyl boldy. Göwnüme bolmasa, ol meni özüne öýlenmekçi, ediljek gürrüň hem şol hakda dälmikä, diýen tama bilen gelen ýalydy. Ediljek gürrüň bilen onuň örän gyzyklanýandygy, sowukganlylygyny ýitirip, tolgunýandygy hem şonuň üçin bolara çemeli. Men bolsa esasy gürrüňimi nämeden başlasamkam, diýen pikir bilen lam-jim bolup oturdym. Bu ýagdaý onuň umydyny puja çykardy.

-Bilýän. Siz meni almakçy däl – diýip, burulyp dillendi. – Erkekler ýoldaşy degen aýaly it degen tabak ýaly görýärler.

-Muňa her erkek her hili seredýär- diýip, men gürrüňi maksada tarap burdum. – Emma munuň ýaly ýagdaýda aýallar başga ýerden är gözläp ýöreninden öz aragatnaşyk edýän erkegine baraýsa akylly iş etdigi bolardy.

-Nämä kakdyrýanyňyza düşünýän - diýip, ol sähel gyjyndy.- Ýöne siz mümkin däl zady aýdýarsyňyz.

-Men kakdyramok hem-de mümkinçiligi bar zady aýdýan – diýip kesgitli gepledim.

Aýjemal maňa geňirgenip garady. Men gürrüňi aýlap oturman maksadymy göni aýtdym. Oňa niýetimi jikme-jik düşündirdim. Ol sözümi gaty gyzyklanyp diňledi. Emma soňundan birhili ýaýdanjyraýan ýaly etdi. Eger ol bu işe baş goşmajak bolsa, onda "işiñ" puja çykjagy ikuçly däldi. Şol mahal men özüniñ bar baýlygyny humara goýup, ony utduraýjak gorkusy bolan humarbaz ýaly duýýardym. Hakykatdan-da bu "iş" nämesi bilendir humar oýnuna meňzeýärdi. Bardy-geldi men utduraýsam örän uly zadymy – arymy utdurjakdym. Şonuň üçin nähili ýol bilen bolsa bolsun, Aýjemaly bu işe boýun etmegim gerekdi.

-Nämeden gorkýarsyň, Aýjemal? Ýa-da bu işden soň Ýusup menden bütinleý ýüz dönderer öýdýärmiň? – diýip, men onuň ikirjeňlenýäniniň sebäbini anyklamaga çalyşdym.

-Ýok, Ahmet, tersine – diýip ol sus jogap berdi. – Şondan soň ol ähli zadyndan: aýalyndan, wezipesinden, öýünden aýrylar, maňa öýlenmäge-de mejbur bolar. Men bolsa özümi onuň boýnuna zorlap dakan ýaly bolaryn. Men ine şondan gorkýaryn.

Aýjemal barada men ýalňyşan ekenim. Ol meniň çak edişimden has beýik ekeni. Men ony Ýusup bilen şeýle aragatnaşykda bolansoň nähili ýol bilen bolsa-da oňa kanuny aýal bolup bilse, armany ýok diýip pikir edýärdim. Ýok, ol käbir ýeňleslige meýilli bolsa-da, birini mejbur edip är edinmek ýaly peslikden heder edýärdi. Ýusup bolsa ondan biderek gorkup ýören ekeni.

-Eh, Aýjemal. Saňa şeýle bir bil baglapdym. Bolmady, baryny puja çykardyň – diýip ahmyrly hüňürdedim.

Aýjemal birden özgerdi. Garaşylmadyk bir mähribanlyk bilen dillendi:

-Ahmet, men elmydama sizi ýatlanymda, eger şol adam maňa janyňy sogrup ber, diýse-de bererdim – diýip oýlanýardym. Siz maňa ýagşylyk etjek diýip maşgalaňyzdan aýryldyňyz ahyry. Bolýar. Eger siz şony isleýän bolsaňyz, men razy.

Begenjimden tas ony gujaklapdym. Oňa minnetdarlyk baryny bildirdim. Soňra Ýusuba garşy guraýan dildüwşigimiziň käbir jikme-jikleri barada şertleşip, bir çukura tüýkürdik. Şeýdip Aýjemalyň öýüne tarap ýola düşdük. Ol şäheriň çetiräginde ýaşaýan eken. Aýjemalyň aýtmagy boýunça dört gatly

jaýlardan biriniň öňünde maşyny sakladym. Maşyndan düşmezinden öň ol öýüniň salgysyny berdi:

-Ine şu ýerde. Birinji podezd, ikinji etaž, çep tarapdaky gapy. Ýatdan çykarmarsyňyz-a?

-Çykarjak gümanym barmy! – diýip begenjimden ýylgyrdym. – Ýöne gepleşişimiz ýaly maňa tizräk jaň etjek bol.

Aýjemal „bolýar“ diýen manyda gözlerini süzüp, başyny atdy-da, maşyndan çykdy.

Men işiň togsan dokuz essesi bitdi hasap edip, öýe gaýtdym. Galan bir essesi bolsa Gülşada baglydy. Eger ugruny tapyp çemeleşsem, onuň bu işden çetleşmejegine gözüm ýetýärdi.

Günler geçýär. Men Aýjemalyň jaňyna sabyrsyzlyk bilen garaşýardym. Emma Ýusubyň göwnünde-de şübhe döretmezlik üçin olaryň öýüne her gün diýen ýaly barýardym. Ony meniň Aýjemally meseledäki pikirim, niýetim gaty gyzyklandyrýardy hem ynjalykdan düşürýärdi. Göwnüme bolmasa, ony Aýjemalyň özünden alan maglumatlary kanagatlandyrmaýardy ýa-da oňa ynanmaýardy. Şonuň üçin bolsa gerek, menden içgin-içgin soraýardy, anygyny biljek bolup çalyşýardy. Men oňa „Erbet aýal däl ýaly, ýöne gylyk-häsiýetine birneme ýetik bolaýsam gowy

boljak“ diýen terzde jogap berýärdim. Gülşat bolsa meniň öýlenjegim baradaky habary eşideninden bäri meniň bilen öňküsine garanda has mylakatly gepleşmäge dyrjaşýardy. Ýöne munuň ýasama mylakatlylykdygy görnüp durdy. Onuň entegem maňa göwni ýok däldi. Bu bolsa ediljek işiň oňa bagly tarapyny, wagty ýetende, amala aşyrmagyň mümkindigine mende ynam döredýärdi. Şonuň üçinem ony bu işe öňünden taýýarlamagyň geregi ýokdy. Hat-da oňa bu gepi öňünden aýtmak howplyrakdy. „Tamdyry gyzanda ýap“ diýipdirler ahyryn.

Aradan bir hepde geçip-geçmänka şol garaşylýan pursat hem gelip ýetdi. Men işden ýaňy gelip, eşiklerimi çalşyryp durkam, telefon jyňňyrdady. Trubkany göterenimden Aýjemalyň tanyş sesi eşidildi:

-Alo, boýdaş jan, bi senmi? – Onuň bu terzde gep urşunda ýanynda kimdir biriniň bardygyny aňdym. Menem sesim trubkadan daşa çykmaz ýaly ýuwaşja jogap berdim.

-Hawa, men, Aýjemal. Aýdyber.

Aýjemal iki gadyrdan boýdaşyň arasynda bolýan gürrüňiň bir bölegini ussatlyk bilen ýerine etirdi. Esasy aýdylmaly gepi soňundan diýdi:

-Seni doglan günüme çagyryp bilmän eden günämi şu gün ýuwjak. Ýoldaşyň bilen gelgin. Hawa-la, olam hökman bolar. Bu adamyň beýle oturlyşyklara wagty ýokmuşyn. Ýöne şu gün zordan boýun etdim.- Diýmek onuň ýanyndaky adam Ýusup bolmaly. – Ýok, ýok. Başga hiç bir del adam bolmaz. Siz ikiňiz, biz ikimiz. Wessalam. Hawa, şeýdip ikisini tanyşdyrarys. Eşidýärmiň, aşhanadan gelýän jyzyrdyny. Palawy onuň özi bişirýär. Hawa... Iňrik garalansoň sagat dokuzlara golaý geliberiň. Bolýar, onda garaşýas.

Ol trubkany goýdy. Ýerimden böküp turanymy duýman galdym. Özümi her näçe sowukganlylyk bilen saklajak bolsam-da, tolgunmam içime sygman ýüregimi bökdürýärdi. Sagada seretsem ýedä golaýlapdyr. Meniň ygtyýarymda iki sagatdan gowrak wagt bardy. Indiki wezipe şu wagtyň içinde Gülşady ele almalydy. Öň aýdyşym ýaly, muňa ynamym ýok däldi. Çünki meseläniň Gülşada bagly tarapyny çözmek üçin iki ýol oýlanyp goýupdym. Olaryň birinden netije çykmasa, ikinjisinden çykmalydy.Howul-hara geýinmäge başladym. «Şu gün ol öýe giç gaýtjaklygyny, ýa-da gaýtmajakdygy hakynda bir bahana tapyp Gülşada jaň edendir» diýip, içimi gepledýärdim. Birdenem kelläme: «Gülşat häzir öýde bolmasa nätjek?» diýen pikir geldi. Äriniň şu gün gelmejegini eşidensoň onuňam bir ýana gidibermegi mümkin. Eger şeýle bolsa, onda ähli işimiz pyrryk“.

Şu pikir bilen özümi bilmän telefona ýapyşdym. Trubkany Gülşadyň: «Alo, diňleýän» diýen sesini eşidenimden soň, ýüregim birneme düşüşdi. Tolgunmamy duýdurmazlyga çalşyp gürleşdim.

-Gülşat, öýde ekeniň-dä – diýdim.

-Men pahyryň barmana ýerim, batmana kölüm barmy näme – diýip Gülşat zeýrendi. – Ýogsa-da sen gitmediňmi?

-Nirä?

-Dostuň telefon edip, obada bir dostumyzyňkyd6a oturlyşyk bar. Şoňa gidýäs, diýip-dä?

-Meniň-ä habarym ýok – diýdim.

Gülşat biraz dymyp durdy-da :

-Geň galaýmaly – diýdi. Men:

-Geň galaýmaly zatlar entek öňüňde – diýenimi duýman galdym.

-Näme,näme?

-Men häzir barjak. Nämäniň, nämedigini şonda aýdaryn.

Gülşat geplemedi. Çaky, ol meniň beýle oslagsyz ýere barjak bolýanymyň sebäbini başga zatlara ýoran bolara çemeli, näme jogap berjegini bilmän dymýardy. Men «Dymmaklyk razylyk alamaty» diýen pikir bilen trubkany goýdum. Indi tizräk Gülşadyň ýanyna ýetmelidim.

Gülşatlaryň öýi howlukman gidilende-de on bäş minutlyk ýoldy. Entek wagtym ýeterlikdi. Şeýle-de bolsa, gatyrak sürüp barýan bolara çemelim, çatrykda duran Ýol gözegçisi jürlewügini çalyp, eliniň yşaraty bilen duýduryş berip galdy.

Maşynyň tizligini birneme peseltdim. Gözüm ýolda, elim rulda bolsa-da, hyýalym Gülşat bilen, soňra Ýusup bilen boljak duşuşyklary janlandyrýardy, ediljek gürrüňleri gulagymda ýaňlandyryardy: , " lne men hä diýmän Gülşadyň ýanynda peýda boldum. Ol meni sowukganlylyk bilen garşy almaga çalyşýar. Bolsa-da, içinden tolgunýany mesaňa bildiýär. Men gürrüň açýançam sabry ýetmän :

-Ahmet, eýgilikmidir?- diýýär.

-Eýgilikdir. Howatyrlanar ýaly zat ýok.

-Onda näme beýle howlukmaç geldiň?

-Howlukmaç däl, bir käse çaý içmäge geldim.

-Çaý içmäge?

-Bir käse çaý berseň besdir. Indi, barybir, kömelek kebap bişirip bermersiň. – Men şeýle diýenimde, onuň gözlerinden gazap uçgunlary syçrap:

-Bu gepi sen ikinji gezek gaýtalaýaň. Aýal maşgalanyň bir säwliginiň üstünden gaýta-gaýta gülmäge utanaňokmy?

-Utanýan, Gülşat. Özümiň sölpiligime, söliteligime utanýan.

Gülşadyň gözlerindäki gahar-gazabyň ornuny geň galyjylyk alamaty eýeleýär . Ol bir möhüm gepiň bardygyny aňyp :

-Ýeri, aýdyber, Ahmet. Nämeler diýmekçi? – diýýär. Men ýürekden syzdyryp:

-Sözüme ynan, Gülşat, men kömelek kebaby biderek ýere ýatlamok. Şol günki eden akmaklygym üçin indi gaty ökünýän, puşmanym içime syganok - diýýän.

Gülşadyň ýüzünde kinaýaly ýylgyryş peýda bolýar :

-Akmaklyk däl, akyllylyk etdiň-ä, şonda.

-Şol wagt özümem şeýle pikir edipdim. Indi oýlanyp görsem, şondaky meniň bolşum tüýs akmaklyk ekeni, Gülşat.

-Şeýle eken-dä. Ýeri, indi näme etmekçi? – diýip, ol ýene şol kinaýa bilen ýylgyrýar.. Ol meni ahyrsoňy dyza çökerendirin öýdüp, içinden begenýär. Men onuň göreçlerine göni garap:

-Indi şol ýalňyşymy düzetmekçi .

Ol ýaňsa alyp ha-ha-haýlap gülýär.

-Bi, gep urşuň özüne gelinlik tapan, öýlenmekçi adamyň gepine meňzänok-la, Ahmet?!

-Gelinlik nire, zat nire. Bularyň bary seň äriňiñ hilesi ahyryn – diýip men jany ýanýan kişi bolup ýerimden turýaryn. Gülşat birden özgerýär, onuň ýüzi agaryp gidýär. Ýerinden turup, meniň garşyma gelýär.

-Ärimiň elinden hilebazlygam, başga işem gelýänini azda-kände duýýaryn. Ýöne ol saňa nähili hile edip biler, Ahmet? Ol seniň jana-jan dostuň , ahyryn?

-Dostluk mukaddes zat, Gülşat jan. Emma şeýle bir adamlaram bar, olar üçin dünýäde hiç hili mukaddes zat ýok. Äriň ana şolaryň hilinden ekeni.

-Bu nähili beýle bolýar? Düşnükliräk edip aýtsana, Ahmet. Näme gep özi?

Men onuň çigininden tutup, ýüzüne towakga bilen seredýän:

-Gülşat, dogryňy aýt. Meni gowy görýäniň çynyňmy?

Ol säginmän jogap berýär:

-Görýärdim. Indi göremok.

Onuň gözleri sözleriniň tersine oýnaklaýar. «Indi göremok» diýen sözleri bolsa

onuň ýüregi däl-de, ozal söýgüsi inkär edilen aýalyň buýsanjy bolmaly. Şonda men

ony gujaklap, bagryma basanymda-da hiç bir garşylyk görkezmejegini bilýärin. Emma men ony etmen. Meniň maksadym beýle zat däl, başga: „Häzir Ýusup özüniň keýphanasynda meslekdeş myhmanlaryna, ýagny, özi ýaly bir orramsy bilen onuň oýnaşyna garaşýar. Olaryň ýerine men bilen onuň öz aýaly goltuklaşyp girip baranda haly niçik bolarka?! Ine şuňa bir tomaşa etmeli! Munuň üçin nähili bolsa-da, Gülşady şol ýere bile barmaga boýun etmeli.

-Bolýar. Men muňa-da razy, Gülşat – diýip, men onuň «söýemok» diýenine ynanýan kişi bolýan – ýöne sen meniň bilen bir ýere barmaly, ana, şondan soň meni ýene söýjegiňe şübhe ýok.

-Nirä barmaly? – diýip,Gülşadyñ  geň galmakdan ýaňa gözleri tegelenýär. Men gara çynym bilen:

-Meniň gelinligimiňkä – diýýärin.

-Seniň gelinligiňkä? – onuň dodaklary kinaýa  bilen kemşerýär. – Näme üçin, ýa-da, sawçylygamy?

-Ýok, ondanam möhümräk iş üçin...

Gülşat «Näme üçin barýanymyzy ilik-döwme etmeseň gitjek däl», diýip, aýak diräp oturyberse nähili bolar? Onda syry soňuna çenli saklamak kyn düşermikä? Bolsa-da ony saklamaly. Sebäbi ol syryň nämeden ybaratdygyny bilesi gelse, elbetde, meniň bilen barmana razy bolar. «Aýallaryň ygtyýary bilesigelijiligindedir» diýipdirler. Gülşat hem gaty bilesigeliji aýal. Men onuň bu häsiýetinden peýdalanýaryn. Ol hökman razy bolar. Ine, şeýdip, hem Gülşat bilen ýola düşeris. Ýolumyzam gaty bir daş däl. Biz aýny belleşilen wagtda- sagat dokuzda şol dört gatly jaýyň öňüne gelip ýeteris. Bu iňrik garalyp, ýaňy yşyklar ýanan wagty bolar. Onsoň nätmeli? Onsoň maşyny şol podezdiň öňünde galdyryp, Gülşat bilen içe ýönelýäris. Basgançaklardan ikinji  gata çykyp barýarkak, men Gülşada ruhy medet bermek üçin elinden ýuwaşja tutýaryn. Onuň eli ýüreginiň howsalasyny bildirip çalaja  sandyraýar.

-Eliň titreýär-le, Gülşat. Gorkýarmyň näme?

-Ýok, ýüregim nämäň, nämedigini duýup başlady.

Ikinji gata  çykyp, çep tarapdaky gapynyň jaňyny basýaryn. Ýanymda lal-jim bolup duran Gülşadyň ýüzüne seredýän: Onuň dodaklary adatdakysyndan hem gaýym gysylan, gözleri nämedendir howatyrlanan maralyň gözleri kimin bikýar. Gapy açylýar.

-Geliň, myhmanlar, giriň – diýip, Aýjemal bizi  dälizde  garşylaýar. Onsoň... Onsoň ol özüni nähili alyp barar? Ol bu pursata özüni bir eýýäm taýýarlan  bolmaly. Şonuň üçin onda hiç bir üýtgeşiklik, aljyraňňylyk duýmarsyň. Ýöne ol boljak şermendelige güwä geçmekden gaçan ýaly bize Ýusubyň oturan otagyny ümläp görkezip,  özi aşhana sümülýär. Şeýtse-de zyýany ýok. Galanyny özüm oňararyn. Iň möhümi sowukganlylyk. Ýogsa oňa  aýtjak sözlerimi edil nyşana atylan ok ýaly edip diýip bilmerin...

Ine men sowukganlylyk bilen Gülşady goltuklap, içeri girýärin. Myhmany garşylamak üçin dürli nygmatdan doly stoluň aňyrsyndan turup gapa ýönelen Ýusup bize gözi düşenden aňk-taňk bolýar. Ol birsellem edil doňdurylan heýkel ýaly gatap galýar, ýüzi agyp-dönüp gidýär. Soňra hereketsiz, sessiz sahna janlanyp, diýaloglar başlanýar.

-Garaşýan myhmanyňyz, ine biz bolmaly. Nähili hezzet-hormatyňyz bolsa ediberiň.

-Nejis. Bu näme etdigiň boldy?

-Bu meniň Graf Monte Kristo boldugym, dostum. Eger meniň ýerime Grafyň özi bolan bolsa-da, seniň nykabyňy edil şeýdip ýyrtardy.

Oslanmadyk ýerden çykan bu hadysanyň düýp maňzyna entek doly göz ýetirip ýetişmedik Ýusup meniň bu sözlerimden soňra nämäniň nämedigini aňan ýaly bolýar. Onuň gözlerindäki gahar-gazabyň ýerini günäkäriň garaýşyndaky müýnlülik eýeleýär. Özüne ýigrenç bilen seredip duran Gülşadyň gözlerine gözi kaklyşanda bolsa gowşap, ýüzüni kese sowýar.

-Sen meniň günümi buladyň- diýip, ol güňlenç ses bilen dillenýär. Men oňa şeýle jogap berýärin:

- Sen öz gazan çukuryňa özüň düşdüň. Men bolsam seniň oýnaşyňa öýlenenimden aýalyňy alanymy makul gördüm.

Bu sözlerim onuň üçin ýene bir garaşylmadyk urgy. Ol gaňrylyp Gülşada garaýar.Gülşat bolsa ondan ýüzüni sowýar. Men ýoldaşymy nähili goltuklap giren bolsam, şeýdibem çykýaryn. Ine şunuň bilenem oýun gutarar...

Bir görsem, aşagymdaky maşyn ýoluň çetinde dur. Menem rula söýenip,

gymyldaman otyryn. Çaky, beýnimdäki merkezleriň biri kelläňde beýle oýlar bilen maşyn sürmek mümkin däldigini aňan bolara çemeli-hyýalymdaky wakalaryň jümmüşine girip ugranymda maşyny bir gyra çykaryp saklapdypdyr. Özümem, göýä diýersiň , bu zatlar hyýalda däl-de, hakykatda bolup geçen ýaly tolgunýaryn.

Şeýdip, ähli edilmeli işiň, aýdylmaly sözleriň zynjyry düzülipdi. Indi diňe hyýaldan herekete geçäýmek galypdy. Emma men ýerimden gozganamokdym. Meni ygtyýarymdan daşky bir güýç saklap durdy. Men içimden öz-özüme igenip balşadym: «Ýeri, Ahmet, näme işläp otyrsyň? Pylança günläp oýlanyp, «plan» düzüp, indi näme gaýratyň çatanokmy? Hany, seniň "ýagşylyga ýagşylyk, ýamanlyga ýamanlyk" diýen ýörelgä uýanyň? Ýa-da, sen daş bilen urany aş bilen urmakçymy? Heý, seni bir diýsänim».

Şu pikirler gop berip, maşyny otladym-da, Gülşatlara tarap sürdüm. Men «arym köýenden imanym köýsün» diýip, içimi gepledip barýardym. Emma olaryň öýüne golaýlanymda ýene şol ygtyýarymdan daşky güýç meni saklady. Göýä ol maňa: «Dur, Ahmet. Sen näme etmekçi bolýarsyň? Sen ýagşylyga ýagşylyk, ýamanlyga ýamanlyk, diýen bolup, peslige peslik bilen jogap berjek bolýarmyň?» diýen ýaly boldy. Soňra ol meni Aýjemala duşan şol ýatdan çykmajak gijä gaýtardy, onuň bilen şol gije edilen jedeli

ýatlatdy: «Hany ýadyňa sal, Ahmet, şonda sen Aýjemalyň ahlak hakyndaky pikirlerine garşy çykyp, näme diýipdiň? Adamyň köňlünde her hili islegiň döremegi mümkin. Emma ýagşy adam adamçylyga dogry gelmeýän islegiň ýüze çykmagyna ýol bermeli däldir diýmänmidiň? Indi näme, sen özüňiň baýdak edinen bu pikiriňe garşy gitjek bolýarmyň? Ýa-da, sen şonda bu gepi ýöne bir aýal maşgalanyň öňünde özüňiň ýasama adamkärçiligiň bilen öwünmekçi bolup aýdypmydyň? Onsoñam sen Ýüsüpden ar aljak diýip, iki zenanyñ gününi bularsyñ, ahyry. Iñ ýakyn dostuny gaýgyrmadyk ol namart , gör, olaryñ başyna nä günleri salar. «Döwüşseň mert bilen döwüş, namardy kowujy bolma» diýip ata-babalar aýdyp geçipdir. Her ýeten namart bilen deň boljak bolup ýöremezler...»

Meniň içimi şeýle äheňde gepledýän güýç, ine şeýdip ygtyýarymy elimden aldy oturyberdi. Ýogsam, bir oýun gurap humardan çykjakdym. Bolmady. Şol ýerden yzyma dolanmaly boldum. Öýe gelip, özümi diwana okladym. «Be ygtyýarymybeýle elimden alan bu nähili güýç boldy?» diýip, öz ýanymdan pikir edýärdim. Oýlanyp otursam, bu güýç maňa öňden tanyş. Ol meniň ähli hereketlerime, isleglerime gözegçilik edip, durmuşda maňa hemişe ýoldaş bolup gelýän ekeni. Aýjemala duşan şol gijede-de, Gülşadyň kömelek kebaba çagyran günü-de meniň adamkärçiligimi heläkçilikden saklan şu güýç ekeni.

Men jaýyň petegine gözümi dikip, dürli oýlara çümüp esli wagtlap ýatdym. Telefon birnäçe gezek jyňňyrdady. Trubkany galdyrmadym. Sebäbi kimleriň jaň edýänini duýup ýatyrdym. Ol garaşmakdan halys iren Gülşatdy, ýa-da Aýjemaldy. Belki, ikisi-de jaň edendir...

***

Ahmet aga gürrüňini tamam edip, maňa ýadaw bir garaýyş bilen esetdi-de:

-Hawa, durmuşda adam ine şular ýaly wakalara-da gabat geler ekeni, inim- diýdi.

Göwnüme bolmasa, Ahmet aga gürrüňini howlugyp jemlän ýalydy. Meni wakanyň dowamy gaty gyzyklandyrýardy.

-Onsoň nähili boldy. Ahmet aga? Dostuňyz Ýusup soň siziň bilen habarlaşmadymy?

Ahmet aga biraz dymyp jogap berdi:

-Ýok. Şol gün Aýjemal hemmesini oňa aýdandyr. Onsoň ol meniň gözüme nädip görünsin?! Ýöne şol wakadan köp wagt geçmänkä Gülşat hem Ýusubyň edip ýören bar pyrryldyklaryny bilip, onuň bilen aýrylyşypdyr. «Bir-ä ýagşylyk, birem ýamanlyk ýatdan çykmaz» diýenleri ýaly şondan bäri Ýusup bilen ýüz görşemizok. Ýöne Aýjemal bilen salam-heligimiz bar. Ol hem oňat bir adam bilen durmuş gurdy.

Ahmet aganyň gürrüňi gaty täsir edeni üçinmi, nämemi, men näme diýjegimi-de bilmän otyrdym. Şol wagt bize tarap gelýän uzyn boýly, çal saçly adama gözi düşenden Ahmet aganyñ ýüzi ýagtylanyp gitdi:

-Anha, meniň dostlarymyň ýene biri gelýär – diýip, ol begenjine ýylgyrdy.

# GIRDAPDAN KENARA

Otly gijäniň gara perdesini böwsüp, öňe tarap ümzük atyp barýar. Ýary gijeden agypdy. Ýolagçylaryň hemmesi sallançakda ýatan ýaly hezil edip, ýaýkanyşyp, uklap ýatyrlar. Diňe Mansuryň gözüne çiş kakylyp, asla ukusy gelenokdy. Ol tamburda duran ýerinde äpişgeden gijäniň garaňkylygyna garagyny sanjyp, sigaret sorup dur. Ol durmuşyň manysy hakda hiç haçan häzirki ýaly çynlakaý pikirlenip görmändi.

Dogry, mundan ýedi ýyl ozal edil şunuň ýaly kiçijik, emma galyň demir gözenekli äpişgäniň öňünde durup, bu hakda uzak oýlanypdy. Emma onuň şol wagtky, şondan soňky ýedi ýylyň dowamyndaky oýlary-da häzirkisi ýaly agyr oýlar däldi. Ol arzuw ganatynyň dyngysyz pel-pelleýän ýetginjeklik döwründe özüni durmuşyň her hili basgançaklarynda goýup gören bolsa-da häzirkisi ýaly ýagdaýa düşjegi barada asla-da pikir etmeýärdi. Aslyýetinde ol kim bolmakçydy. Emma häzir kim?!

Ol gözlerini ýumdy-da, maňlaýyny sowuk aýna degirdi. Aýnanyň sowuklygy ony üýşendirmedi. Gaýtam, ondan birhili lezzet alyp, geçmişiň alabeder sahypalaryny ýekän-ýekän agtaryp ugrady.

***

Mansurlaryň maşgalasy uly şäheriň çetki köçeleriniň birinde ýaşaýardy. Olaryň ýaşaýan jaýlary-da şu şäherdäki päk zähmeti bilen güzeran geçirýän müňlerçe ýönekeý adamlaryňkydan tapawutlanmaýardy. Mansuryň kakasy Ähmet aga bolsa sürüjidi.

Onuň gazanjy maşgalanyň eklenjine bolelin ýetip artýardy. Emma goňşysy Setdar Salyhlar ýaly zynat içinde ýaşamaga mümkinçilik bermeýärdi.

Setdar Salyhlaryň öýi özüniň kaşaň görnüşi, nagyşly derwezesi, gür bagy bilen beýlekilerden saýlanyp durdy. Ylaýat-da ýaz aýlarynda öýüniň arka tarapyny gurşap alan bag howlyny gözel görnüşe getirýärdi. Şol wagtlar ýedi-sekiz ýaşlaryndaky Mansuryň bu jaýa gözi gidýärdi. Onyň nagyşly derwezesine nebsewürlik bilen seredýärdi. Käte bolsa şu derwezeden Setdar Salyhyň gyzy köçä çykardy.

Gyzjagazyň kapasa salnan guş ýaly öýünde içi gysýan bolara çemeli. Ol köçede her hili gyzykly oýunlar bilen başagaý bolup ýören Mansur daga gatyşmasa-da, olaryň oýnuny hezil edip synlardy. Oýnuň aýny gyzykly puirsatynda bolsa çyny bilen jak-jaklap gülerdi.

Günleriň birinde Msansur oýnamak üçin ýene-de köçä çykdy. Emma oňa deň-duşlarynyň hiç biri gara bermedi. Ol näme ederini bilmän ýaýdanyp durka. Salyhlaryň derwezesi çalaja açyldy-da, gyzjagazyň enaýyja göwresi göründi. Ol ýuwaşja ýöräp Mansuryň ýanyna geldi-de:

Gel, ikimiz bile oýnaýly? –diýip, owadan garaja gözlerini

gyrpyldatdy. Mansur: „Seniň bilen näme oýnarkak?“ diýen manyda kibtini gysyp göýberdi.

Gyzjagaz oňa seretdi-de:

-Seniň adyň näme? – diýip, onuň garaşmadyk soragyny berdi.

Mansur bolsa buýsanç bilen: - Bürgüt – diýip jogap berdi.

Gyzjagaz gülüp göýberdi. – Şeýle-de bir at bolarmy?

-Näme bolman? Bu ady özüm tapyp goýdum. Oglanlar hem maňa Bürgüt diýýärler – diýip, Mansur oňa çyny bilen düşündirdi.

Gyzjagaz oglanlaryň ony „Bürgüt“ diýip atlandyrýandygyny eşiden bolsa-da, bu onuň adydyr öýtmändi.

Gyzjagazyň bilesigelijiligi artyp:

-Bu ady seň nireden tapdyň? – diýdi.

-Haýwanat bagyndan. Öňki ýyl kakam bilen haýwanat bagyna bardyk. Ol ýerde men bürgüdi gördüm. Bilýäňmi, ol nähili güýçli guş. Ulalamda men hem bürgüt ýaly güýçli bolaryn!

Mansuryň gepine gyzjagaz arkan-ýüzin gaýdyp güldi. Soňra ol:

-Bolýar, menem saňa Bürgüt diýiberjek onda- diýdi. Mansur „razy“ diýen manyda başyny atdy. Şol wagt haşamly derweze açylyp, içerden bir kempir çykdy-da:

Sümbül! –diýip gygyrdy.

Mansur gyzjagazyň gidibermeginden howatyrlanyp:

-Seniň adyň Sümbülmi? –diýip, sözüni dowam etdirmek isledi. Gyzjagaz hawa diýip baş atdy.

Kempir ene gygyrdy. Sümbül:

-Ýör, bizde oýnaly – diýip, onuň elinden tutdy. Mansur gitjeginem bilmedi, gitmejeginem. Gyzjagaz „Ýör-ýör“ diýip, ony ýene dogumlyrak çekdi.

Mansur gyzjagazyň emrine biygtyýar boýun bolup onuň bilen tirkeşip ugrady. Olar el tutuşyp derwezeden gireninde, Mansuryň ýüregi atygsap gitdi. Ol birden kürtduryp duranyny duýman galdy. Sümbül derwezäniň ýanynda doňan ýaly bolup galan Mansura geň galyp seretdi.

-Näme duruberdiň? Ýörsene, ho-ol howzuň ýanyna baraly, şol ýerde oýnarys.

Şonda Mansur öýüň tutuş gaýrasyny tutup duran bagyň öňündäki meýdançada bişen kerpiçden edil oýnawaç ýaly enaýyja edip bejerilen howzy, ondaky çüýşe ýaly dury suwy görüp, gözleri gamaşyp gitdi. Sümbül ony howzuň başyna alyp bardy. Kempir içeri girip, Sümbüliň bir oglan bilen gelenini habar beren bolmagy çemeli, öýüň bir tarapyndaky aýnaly eýwanyň gapysyndan kümüş reňk gülli halatly Sümbüle meňzäp duran aýal göründi.

-Ol goňşy şoferiň ogly ýaly-la, Goý oýnabersinler – diýip, ýanyndaky kempire ýüzlendi,Soňra ol çagalaryň ýanyna geldi. Mansur oňa çekinjeňlik bilen seretdi.

-Kimiň oglusyň? – diýip, ol aýal ýuwaşlyk bilen Mansurdan sorady.

-Kakamyň.

Oglanyň jogabyna ol biygtyýar gülüp göýberdi.

-Sen-ä oňat oglana meňzeýäň, uruşmanjyk oýnaň, bolýamy?

-Men gyzlar bilen uruşmaýaryn.

-Oglanlar bilen nä?

-Degmeseler degemak. Degseler-ä gaýgyrjak däl.

Aýal mylaýym äheňini üýtgetmän:

-Oňat oglan hiç kim bilen hem uruşýan däldir – diýdi.

Mansur geplemedi. Aýal soragyny dowam etdirdi:

-Näçenji klasda okaýaň?

-Ikinjide.

-Ynha, Sümbülem mekdebe şu ýyl barýar –diýip ýaňky aýal enelik mähri bilen şatlygyny ýüze çykardy.

-Beýle bolsa mekdebe bile gatnabereris.

-Bolýar, uruşman oýnaň – diýdi-de, aýal içerik girip gitdi.

-Biz hiç haçan uruşmarys – diýip, Sümbül onuň yzyndan gygyryp galdy.

Indem içiňi ýakaýyn diýen ýaly, Mansura Sümbül sorag berip başlady.

-Bürgüt, sen nähili kitaplary okadyň?

-Ertekili kitaplary. Öýde örän gyzykly ertekili kitaplarym bar.

- Meniňem ertekili kitaplarym köp. Men medebe barmasam-da okap bilýän, ejem öwretdi. Ejem maňa piýanino çalmany hem öwretdi. Ýogsa-da, sen piýanino çalyp bilýäňmi?

Mansur henize çenli piýanino diýilýän zada el hem degrip görmändi. Ol onuň suratyny kitapda görüpdi. Şeýle bolsa-da bilemok diýip aýtmaga Mansuryň buýsanjy ýol bermedi Ol:

-Bilýän-diýip göýberenini duýman galdy.

-Ýör onda. Öýde piýanino bar, çalyşaly-diýip, Sümbül gyzykly güýmenje tapanyna begendi.

Mansur oňaýsyz ýagdaýda galdy. Sümbül ony ýene-de öňki ýaly elinden tutup, içerik alyp ugrady. Olar uly otaga girenlerinde, Mansuryň haýran galmakdan ýaňa agzy açyldy. Otagyň içinde ýazylan gülli türkmen halylary, belent, giň aýnalardaky tolkun atyp duran ýüpek perdeleri, oňa nätanyş bolan ençeme bezegleri entäk bahyllygyň nämedigini bilmeýän çaga ýüreginde täsin duýgyny oýatdy. Onuň gözi jaýyň bir böwründe duran gara ýaldyrawyk zada düşdi „Hälki aýdany şu bolsa gerek“ diýip, ol

oýlandy. Sümbül ony piýaninonyň ýanyna eltdi-de:

-Hany, bilýän heňleriňden birini çalyp ber - diýdi.

Mansur ýaýdandy. Ol gözlerini Sümbüle dikip:

-Men çalmany bilemok, piýananyň özüni bilýän-diýdi.

Sümbül Mansuryň piýanino sözüni-de dogry aýdyp bilmeýşine kikirdäp güldi.

-Onda men çalyp bereýin –diýip, elleriniñ barmaklaryny piýaninonyň klawişleriniň üstünde hereketlendirip başlanynda, ýakymly ses otagy doldurdy. Mansuryň gözleri ak sadaplaryň üstünde Sümbüliň ondan-oňa böküp ýörän enaýyja barmaklaryny yzarlaýardy. Sümbül biraz çalandan soň,Mansuryň gözlerine gülümsiräp bakdy-da:

-Aýdymam aýdyp bereýinmi? – diýdi.

Mansur „hawa“ diýip başyny atdy. Şondan soň

Sümbüliň piýaninonyň sesine goşulýan näzik owazy ýaňlanyp başlady:

Eý bilbiller, jan bilbiller,
Geliň, geliň saýraşalyň,
Biziň bagda köpdür güller.
Jakjaklaşyp gülüşeliň.
Eý, bilbiller, jan bilbiller,
Sizi küýsär biziň güller...

Mansuryň ini jümjüldäp, göwni göterildi. Şol wagt koridorda aýak sesleri eşidilip, otaga Setdar Salyh bilen ýene iki adam girdi. Sümbül aýdymyny tapba kesdi-de, kakasyna şelaýyn bakdy.

Setdar Salyh gyzynyň ýanynda ýadyrgap duran oglany görüp, otaga girip gelýän aýalyna gaşlaryny gerip, soragly nazaryny dikdi. Bu garaýşyň manysyny aňan Mansur Sümbüle seredip:

-Men gitjek – diýdi.

Sümbül rugsat diýen manyda başyny atdy-da, onuň bilen gapa baka ýöredi. Mansury derwezä çenli ugradyp:

-Şundan şeýläk hemişe bileje oýnarys, bormy, Bürgüt – diýdi.

Mansur:

-Bolýar –diýdi-de, öýlerine tarap ökjäni göterdi.

Mansur öýlerine gelende, özüne şu wagta çenli tanyş bolmadyk täze bir dünýäni açana meňzeýärdi.

Onuň hyýalynda Sümbülleriň öýi ertekilerde taryp edilýän patyşalaryň köşgünden bir-de kem däldi.

Şondan soň Mansur deň-duşlaryna känbir goşulmady, olar bilen bile oýnamady. Sümbüliň piýanino goşup aýdan aýdymy onuň ýadyndan asla çykmaýardy. Ol ony özüçe gaýtalap gezdi. Ol köçä çykanda, nagyşly derwezeden Sümbüliň çykaryna, özüni öýlerine çagyraryna sabyrsyzlyk

bilen garaşýardy. Köçä tiz-tiz çykyp, Mansury göräýse, ony derrew öýlerine alyp gitmek Sümbüliň-de adaty endigine öwrülip gidipdi....

Emma bu ýagdaý uzaga çekmedi. Günleriň birinde Mansur bilen Sümbül howzuň boýunda oýnap ýörenlerinde bagyň töründen olara tarap bir tawus guş gelýärdi. Mansur oňa gözi düşüp:

-Sümbül, Sümbül! Ol guşa seretsene!!- diýip, gygyrdy-bu hol kitapda suraty çekilen guş-la!

- Hawa, tawus. Kakam ony Azerbeýjandan getirdi.

Mansur Sümbüle seredip:

-Bä, siziň şeýle guşuňyzam bar eken-ow – diýip ýylgyryp sorady.

Sümbül Mansuryň tawus guşa gözi gidýändigini aňyp, hezil edindi.

-Guýrugyndaky perleri gör nähili owadan! Ondan birini ýolup alaýynmy, Sümbül? – diýip Mansur oňa ýüzlendi.

-Bolýar. Ýöne alyp maňa bergin.

Bolýar – diýdi-de, Mansur tawusa tarap ýöneldi. Mansury gören guş yzyna öwrülip ýorgalap gaçmaga başlady. Mansur onuň yzyndan kowup barýarka, büdräp ýykyldy. Sümbül el çarpyp gülýärdi. Mansur ýerinden turanda, onuň gulaklaryna çenli çym-gyzyl bolupdy. Sümbül oňa beter gyjalat berdi:

-Sen bürgüt däl-de, serçe ekeniň-ä!

Mansur gyzjagazyň ýanyna ylgap geldi.

-Kim serçe?! – diýip, onuň

-Sen, sen-dä! Bürgüt diýeniň nähili guşam bolsa kowup ýetýär. Sen bolsa...

Mansur gyzjagazyň ýeňsesine düşüp duran gap-gara saçlaryna penjäni urdy.

-Ynha, saňa serçe! – diýdi-de, güýç bilen çekip, ony ýere ýykdy.

Sümbül:

-Eje-e! – diýip çirkin gygyrdy-da, Mansuryň bilegine agyz saldy.

Mansur agyra çydaman:

-Waý! – diýip gygyryp, gyzyň saçyny göýberdi. Sümbül ýerinden böküp turdy-da, Mansuryň bileginden syrygyp barýan gana gözi düşüp, aglap göýberdi.

Bu gykylyga içerden çykan Setdar gyzynyň aglap duranyny gördi. Ol ylgap çagalaryň ýanyna geldi-de, näme bolanyny hem soraman Mansuryň ýakasyndan tutdy.

-Bu ýere uruşmaga geldiňmi, eşek?! – diýdi-de, onuň dulugyna şapbat çaldy.

Mansur dyzap, Setdar Salyhyň elinden sypdy. Bar güýji bilen derweze tarapa ylgady. Ol öýlerine gelende ysgynynyň gaçyp gözüniň garaňkyraýandygyny aňdy. Mansuryň bu ýagdaýyny gören ejesi „waý

oglum, saňa näme boldy?“ diýip howsala düşdi. Derrew ak ýaglykdan ýyrtyp onuň elini mäkäm daňdy. Şu wagt öýe Mansuryň kakasy hem girip geldi. Reňki agaryp giden Mansury jaýa eltip, krowatda ýatyrdylar. Ejesidir kakasy näme bolanyny näçe sorasalar-da Mansur: -Köçede bir oglan bilen uruşdym. Şol dişledi, - diýmekden başga zat aýtmady.

Bu wakadan soň Mansuryň Sümbülleriň derwezesine öňküleri ýaly höwes bilen bakasy gelmeýärdi. Hatda onuň öňünden ötende hem, oňa gaňrylyp seredesi gelmeýärdi. Emma ol, näme üçindir, Sümbüli küýseýärdi, onuň bilen olaryň öýlerinde däl-de, köçede bileje oýnamagy isleýärdi. Sümbüli bolsa indi küçä göýberenokdylar.

Daňylgy eline gözi düşende, Mansur özüni Sümbüle görä köpräk günäli hasaplaýardy. „Özümden boldy ahyryn! Özüm ilki degdim!“ diýip, ahmyr edýärdi.

Şol günüň ertesi Mansur mekdepden gelip nahar edindi, soň biraz oýnap gelmek üçin köçä çykdy.

Ol Sümbülleriň derwezesiniň deňinden geçip barýarka arkasyndan:

-Bürgüt! – diýen ses eşidildi. Mansur biygtyýar yzyna öwrüldi. Ondan bäş ädim aňyrrakda Sümbül gözlerini güldirip durdy. Sümbül oňa golaýlaşdy-da:

-Bürgüt! – menden gaty gördüňmi? – diýip, ötünç soraýaň äheňde gepledi.

-Ýok, senden gaty göremak...

Mansur sözüni soňlamanka, Sümbül mylaýym, emma çalt bir hili hereket bilen ouñ elinden tutdy-da: - Bilýän sen kakamdan gaty görensiñ. Ejem onuñ bilen käýişdi. "Sen onuň kakasyny özüňçe görmäniň üçin urdyň – diýdi.

Mansur elini sümbüliň elinden çekip aldy-da:

-Ejeň ýalan aýdypdyr, meniň kakam seniňkiçe ýokmy? – diýdi.

Sümbül Mansuryň bu bolşyna näme diýjegini bolmän, nalajedeýin görnüşde oňa seredip galdy. Mansur onuň gözlerinde edil öz ejesiniň gözlerindäki ýaly mähriň bardygyny dýup, göwni bozulyp gitdi. Şundan soň Mansur Sümbül bilen köçede duşanda gepleşse-de bile oýnasa-da olaryň nagyşly derwezesinden ätlemedi.

Bir gün Mansur öýde ähli ünsüni kitaba berip, erteki okap otyrdy. Erteki örän gyzyklydy, onda bir batyr oglanyň döwleriň mekanyna düşüp, zordan onuň penjesinden sypyşy, soňra ýigit ýetip, döwden aryny alşy beýan edilýärdi. Mansur kitaby ýapyp, özüne şabpat çalan "döwden"aryny almagy arzuw edýärdi. Emma takdyr onuň özünden arly bolsa nätjek?!

Birden ol ejesiniň daşardan:

-Waý gara maňlaýym! – diýen agy gatyşykly sesini eşitdi. Ol tisginip gitdi. Şol wagt ejesi içerik howlukmaç girdi. Onuň gözleri gorkudan ýaňa

tegelenip durdy. Reňki ak tam ýaly agarypdy. Mansur nähilidir bir betbagtlygyň bolanyny aňyp, ejesiniň gujagyna özüni oklady.

-Näme boldy eje jan?!

Wah bagtymyz ýatdy! Kakaň awariýa edipdir. Özünem dokdara alyp gidipdirler.

-N-n-nähili.... n-näme üçin?....

-Bilmedim, balam, bilmedim. Käwagt bir içäýmesi bardy. Rulda oturanda içme diýip näçeler aýtdym.

-Sen öýden çykman otur, men keselhana baryp geljek. Hernä jany bir bar bolsa ýagşy....

Ejesi ýarym-ýaş hamsygyp gelşi ýaly alňasap çykyp gitdi. Mansur näme etjegini bilmän, aňk-taňk bolup galdy. Onuň öz ýumrugy ýalyjak ýüregi gursagyna sygmajak bolýardy....

***

Ejesiniň „hernä jany bir aman galsa“ diýen umydy puja çykdy. Mansur kakasyz galdy. Ol bu betbagtlygy ejesine garanda merdana garşylady. Ejesine meňzäp, zol-zol aglabermedi. Emma uzak wagta çenli adatdaky şadyýanlygyny ýitirip, dymma bolup gezdi.

***

Kakasynyň ýyly geçensoň goňşy şäherde ýaşaýan ejesiniň dogany olara hossarlyk etdi. Ol doganyny öz erkine goýman, jaýlaryny satdyryp, öz ýanyna göçürip getirdi. Mansuryň daýysy Halyl söwda ulgamynda işleýärdi. Onuň durmuşy ýönekeý sürijiniňkiden has tapawutlanýardy. Onuň bäş otagly täze jaýy, kiçrägem bolsa gelşiklije bagy bardy. Bir mahallar ol bagyň bir burçundan iki otagly jaý hem saldyrypdy. Bu jaýy ol çaga-çugalary köpeliberse, olardan aýry dynç almak, gelen myhmanlary kabul etmek maksady bilen edinipdi. Emma onuň täleýi ters gelip, aýaly önelgesiz bolup çykdy. Perzent görmedi. Şol sebäpdenem bu öýi doganynyň maşgalasyna berdi. Halyl göç getirilen güni dogany bilen Mansury uly jaýynda myhman aldy. Mansur öýüň içini nebsewür synlaýardy. Bu otag Sümbülleriňki ýaly hem bezemen bolmasa-da örän oňatdy. Öýe gyp-gyzyl haly ýazylandy. Halynyň üstündäki stola hem çym gyzyl mahmal ýapylandy. Otagyň hemme ýerinde göze ilýän gyzyl reňkler semizlikde bir-birinden pes oturmaýan Halyl daýysy bilen onuň aýalynyň ýüzlerine hem ýokaşan ýalydy. Mansur öz hyýalynda kakasy bilen daýysyny deňeşdirip görýärdi. Olar daşky görnüşi boýunçada, häsiýetleri boýunçada biri-birine meňzemeýärdiler. Kakasy daýysyna garaňda, arrykdy, akýagyzdy. Geplemäge-de ýaltanýan ýaly köplenç ümsüm oturýan daýysynyň tersine, kakasy dilewar adamdy. Aýallaryň arasynda hem şeýle tapawudy saýgarmak mümkindi. Owadan goýun gözlerinde edil gyzlaryňky ýaly çekinjeňligi bildirip duran ejesiniň tersine, daýysynyň aýaly

gödeksiligi hem-de eňegine jaň dakylan ýaly geplemsekligi bilen adamsynyň geplemek paýyny hem öz üstüne alan ýalydy.

***

Mansur bu täze ýagdaýa birnäçe wagtlap öwrenişip bilmedi, özüni ýat ýerde ýaly duýýardy. Emma iki-üç oglan bilen tanşyp, ýoldaş tapynan soň ýalňyzlygyň gussasyny unutdy. Indi ol ýarym gününi mekdepde geçirse wagtynyň galan bölegini hem köçede doslary bilen oýnap geçirerdi, öýde ertekili kitaplary okardy. Umuman, durmuş öňkisi ýaly öz akymyna gidip duran ýalydy. Emma tyg ýarysynyň tiz bitmeýşi ýaly, onuň ýaş kalbyndaky agyr hesret hem bütinleý aýrylyp gidibermandi. Käwagtlar onuň öz öýüni, oýnan köçelerini göresi gelýärdi. Kakasyny ýatlap pikire gidýärdi. Näme üçindir ol tiz-tiz düýşüne girýärdi. Düýşleriniň arasynda biri welin onuň hiç hakydasyndan gitmeýärdi. Bu örän täsin düýşdi.

Mansur gije üçege çykyp, asmandaky sansyz ýyldyzlara seredip oturanmyş. Birden asman gümmezinden kakasy oňa seredip, ýylgyryp ýüzüp gelýärmiş. Mansur ony görüp: „Kaka, kaka jan! Geldiňmi?“ diýip, gygyryp göýberýärmiş. Ol bolsa „Ýok, oglum. Entek gelemok. Emma tiz gaýdyp gelerin. Sen akylly oglan bolup ýetiş. Ejeň gepinden çykma“ diýýärmiş. Mansuryň „Siz nirelerde ýörsüňiz, kaka jan?“ diýen soragyna kakasy asmany görkezip: „Sen indi okap ýörsüň, kartany tanaýarsyň? Ynha şu asmandaky aýdyň ýyldyzlary görýäňmi? Men, ana şol tarapdadyryn...“ diýýärmişin.

Mansur oýanyp, gözüni ýalpa açsa, gapynyň öňündäki sekiniň üstünde ýatyr. Asman doly ýyldyz. Ýanynda ejesi parahat dem alyp uklap ýatyrdy.

Aýyň ýagtysynda ejesiniň ap-ak nurana ýüzi juda owadan görünýärdi. Başyna atynan ýaglygy çözülip gidenligi sebäpli, uzyn, gara saçlary çöşlenipdi. Ýokarky dodagynyň sag tarapyndaky kiçijik haly bolsa süýde atylan kişmiş dänesi ýaly galkyşlap durdy. Birwagtlar ol ejesiniň bu haly hakynda kakasynyň goşgy aýdanyny eşdipdi. Kakasy ejesini örän gowy görýärdi. Ol muny hemişe syzardy. Ejesiniň şeýle gowy görmegi, belkem, ol kakasyndan öwrenendir?

Mansur ejesiniň ýüzüne delmuryp bakýarka ýüregindäki çagalyk mähri akar suw ýaly tolkun atyp gitdi. Gör nähili oňat ejesi bar onuň! Mansur ejesi hakda hemişe şeýle pikirdedi. Oňa ejesiniň ähli hereketleri, ylaýta-da onuň özüne mahsus bolan merdemsiligi ýarardy. Ol ejesiniň birine baş egip ýalbaranyny hiç haçan görmändi. Hatda käwagt kakasy bir zat hakda ondan maslahat soranda ejesi:

-Gerek däl, onuň ýaly adamyň öňünde özüňi pes tutma! Başyňy dik tutarlar – diýip, gygyrardy. Ýok, ol gygyrmazdy. Ýöne ol bir zada gahary gelse, örän parahat, emma nähilidir bir içki hujuw bilen aýdardy. Şonuň

üçin bolsa gerek, onuň gahary gelen wagtlaryndaky aýdan sözleri edil gygyran ýaly bolup ýatda galardy. Mansur entek kiçijik wagtlarynda kakasy oňa:

„Gaharlanmak erbet zat“ diýip düşündirerdi. Emma bu „Erbet zat“ ejesinde hem, kakasynda hem beýlekilere garaňda seýrek ýüze çykardy. Şu tarapdan weli ol ne ejesine meňzärdi, ne-de kakasyna. Ol sähel zada-da gyzmalyk edip, sähelçe zadyň üstünde-de biriniň göwnüne degmegi eşekden palan alança görmezdi. Emma ol näçe tiz gyzsa, şonça-da tiz köşeşerdi. Ine, onuň bu häsiýeti hem mekdepdäki ýoldaşlary bilen dost bolup gidibermäge häli-şindi päsgel bererdi. Emma onuň dosty hem ýok däldi. Eger biri bilen dostlaşsa, oňa göwün bererdi. Dostuna wepaly bolmaga çalşardy. Mansuryñ mekdepdäki şeýle dosty Jemşitdi. Mansur Jemşit bilen üçünji synpda okap ýörän wagtlary dostlaşypdy. Bu garaýagyz oglan mekdebe täze baran günleri hiç kimi äsgermeýän ýaly, başyny dik dutar ýörerdi. Şonda-da ol Mansura ýaraýardy Mansura öz diýenli oglanlar ýaraýardy. Çünki Mansuryň özi hem şeýledi. Şonuň üçin ol aňkawlary, sölpüleri ýigrenerdi. Ikinji klasdan Mansuryň ýanynda oturýan Möwlam şeýle sölpülerdendi. Mansur ony ýumşak pagatadan ýasalan gurjaga meñzedýärdi, onuñ boluşyna içinden gaharlanýardy. Bir gün bir sebäp bilen Mansur gaharyny daşyna çykardy. Şo güni mekdepde sapaklar gutaransoň, çagalar adatdakylary ýaly, ala-galmagal bolşup, öýlerine gaýdyp gelýärdiler. Möwlam köpçülige goşulman, Mansuryň gapdalynda dymyp gelýärdi. Name üçindir Mansuryň oňa bolan gazaby hetden aşyp gitdi. Ol Möwlamyň ýaňagyna bir şapbat çalyp göýberdi. Möwlam entirekledi-de agyp düşdi. Çagalar el çarpyşyp gülüşdiler. Şol wagt Mansuryň ýanyna gelen Jemşit:

-Bu bolşuň bolanok, Mansur. Ejize ganym bolmazlar, ahyry – diýdi.

Mansur oňa-da gazap bilen seretdi-de:

-Şeýlemi?! Eger sen güýçli bolýan bolsaň, gel ýekeme-ýeke çykaýaly-diýdi.

Jemşit sowukganlylygyny bozmazdan:

-Men uruşsam-a senden galmaryn, ýöne uruşmak islämok-da – diýdi-de, yzyna öwrüldi gidiberdi.

Mansur birden allaniçigsi bolup, tisginip gitdi. Öz bolşundan utanyp, der basdy. Özüni daş töweregindäki oglanlaryň arasynda ganat-perlerini hüjjerdip duran urşagan horaza meňzetdi.

Mansur öýe gelensoňam, tä agşama deňiç ýüzüni sallap gezdi.Ejesi oňa bir zat bolanyny gelen badyna aňypdy. Her hili şelaýýň sözler bilen onuň göwnüni awlamaga çalyşdy. Mansur enäniň mylaýym sözlerine pagyş-para eredi oturyberi. Ýolda bolan wakany bolşy ýaly ejesine aýdyp berdi.

Ejesi bu sözleri eşidip, Jemşidiň tarapyny çalyp ugrady:

-Jemşit diýen oglan dogry aýdypdyr. Ol oňat oglan eken. Özünden ejize sütem etmek merdiň işi däl. Men seniň mert ýigit balmagyňy isleýärin, oglum. Ertir baryp Möwlamdanam, Jemşitdenem ötünç sora, oglum, bormy? – diýdi.

Ertesi Mansur öýkeläp, başga ýere geçip oturan Möwlamyň ýanyna bardy. Emma näme üçindir ejesiniň tabşyryşy ýaly Möwlamdan ötünç soramaga bogny ysmady. Ýöne ol Möwlama mylaýym garap, öz duýgudaşlygyny bildirdi:

-Ýör, bile oturaly, Möwlam, indi saňa degmerin, bormy -diýdi.

Hemme zada kaýyl bolan Möwlam ýene-de ýerine geçip, Mansur bilen bile oturdy.

Möwlamdan ötünç soramaga bogny ysmadyk Mansur Jemşide gezek gelende saklanyp bilmedi. Ol ýaňy Jemşidiň ýanyna baraýyn diýip durka, synpa mugallym girdi. Mansur arakesmä sabyrsyzlyk bilen garaşýardy. Ol Jemşidiň oturan tarapyna tiz-tiz gözüniň gytagyny aýlaýardy. Jemşit bolsa, adatdakylary ýaly hemme zady unudyp, mugallymyň sözlerini diňläp oturdy.

Jaň kakyldy. Jemşit Öňki bolşunda daşaryk ýöneldi. Mansur onuň yzyndan ýetip, elinden tutyp bir çete çekdi-de:

-Düýnkini bagyşla – diýip, Jemşidiň ýüzüne müýnli bakdy. Jemşidiň ýüzi açyldy. Garamtyl dodaklarynyň arasyndan ap-ak dişleri göründi. Ol Mansura elini uzatdy.

-Sen hem meni bagyşla.

-Näme üçin?

-Düýn men seni bezzat oglanmykam öýdüpdim, şonuň üçin.

Mansur geplemedi. Jemşit onuň goluny doslarça gysýarka:

-Sen oňat oglan ekeniň-diýdi.

Şu wakadan soň Mansur bilen Jemşit hasam ysnyşdy gidiberdiler. Olar biri-birleriniňkä tiz-tizden baryp, bile oýnaýardylar, sapaklaryna hem bile taýarlanýardylar.

***

Günler geçip durdy. Emma şu arada Mansurlaryň maşgalasynda az wagtlygam bolsa bir bolgusyz waka ýüze çykyp, birsydyrgyn durmuşyň mazasyny gaçyrdy. Soňky wagtlarda Mansuryň ejesi bilen daýzasynyň arasynda sen-mene köpelip başlady. Daýysy-da käwagt doganynyň gepine gulak assa, käte aýalynyň gepine giderdi.Bu ýere gelenleri bäri Mansuryň ejesi bularyň ody bilen girip, küli bilen çyksa-da indi näme üçindir olara ýaraman ugrady. Mansur bu ýagdaý barada häli-şindi pikirlenýärdi. Onuň sebäbibini agtarýardy.Bir gün mekdepden gaýdyp gelende bagdaky sekiniň üstünde ejesiniň aglap oturanyny gördi. Sebäbini anyklandan soň ol şeýle

bir gazaplandy welin hatda ol özüne erk edip bilmän, öýe ylgap girdi-de, daýzasyna bir zatlar diýip çykdy. Ondan soň daýysy işden geldem bu öýde kyýamat gopdy.

-Şular ýalydan şeýle gep eşidip, bu öýde durmaryn! Ýa olar çyksyn, ýa men.... – diýip, daýzasy goh turuzdy. Mansur hem dymyp oturyp bilmedi:

-Näme beýle gygyrýaňyz! aýtmasaňyz hem gideris! Bu ýerde asla durmarys! – diýip pert jogap berdi.

Iki odyň arasynda galan daýysy şol güniň ertesi başga ýerden jaý tapyp, olary göçürip eltdi. „Özüm garaşyk edip duraryn. Hiç zada mätäç bolmarsyňyz“ diýip, teselli berip gitdi.

Daýysy „Garaşyk ederin“ diýeninden on güne golaý wagt geçensoň gelip doganyny şäherdäki naharhanalaryň birine aşpez edip işe ýerleşdirip gitdi. Ejesi işe girensoň köp wagt geçmänka bulara kiçiräk bolsada jaý berdiler. Şunuň bilen durmuş ýene-de öňki maýdalyna tigirlenip ugran ýaly boldy.

Dost agyr günde tanalýar. Jemşit hem şu aýgytly günlerde Mansuryň hemrasy boldy. Gussasyna şärik bolup, derdini deň çekişdi, göwnüni göterdi. Indi bolsa olar şu aladaly, agyr günlerden ýene şadyýan çagalyk dünýäsine gaýdyp geldiler.

***

Ýyllar kerweni ýük ýazdyryp geçip dur. Ulalyp, jahyl çykdyklaryça iki dostyň arasyndaky gatnaşyk hem has ysnyşýardy. Olar orta mekdebi gutaranlaryndan soň şu ýerdäki gurluşyk tehnikumyna bile okuwa girdiler. Tehnikumda hem olar ozalkylary ýaly beýlekilerden tapawutlanyp okaýardylar. Mugallymlaram olary gowy okuwçylar hökmünde hormatlaýardylar. Ýoldaşlary bolsa olaryň gylgeçmez doslygyna haýran galýardylar. Olaram şeýle doslugy höwes edýärdiler. Mekdep durmuşy bilen tehnikumyň arasynda uly bir tapawut bolmasa-da, Mansur-da, Jemşit-de özlerini çagalykdan saýlanyp ýigitlige gadam basan dek duýýardylar. Indi olaryň höwesleri-de, arzuwlary-da çagalyk arzuw-isleglerinden bütinleý tapawutlanýardy.

Durmuş olaryň dostlugyny synaýyn diýen ýaly ikisiniňem söýgü ýoluny bir çeşmäniň üstünden eltdi. Bu çeşme olaryň kursdaşy- Nurjemal atly gyzdy. Iki dostuňam ýüregi şu bir çeşmeden pynhan suw içýärdi. Emma olar şeýle gyl geçmez dost bolmaklaryna garamazdan, biri-birine bu hakda dil ýaranokdylar.

Nurjemal diýseň görmegeý gyzdy. Serwi kamat bu gyzyň garlawajyň ganaty ýaly gara gaşlarynyň aşagyndaky elmidama gülüp bakýan gözlerinde adamy özüne çekiji bir güýç bardy. Ýylgyranda gyrmyzy dodaklaryň arasyndan görünýän ap-ak dişleri onuň bugdaý reňkli

ýüzüne aýratyn bir gözellik berýärdi. Şeýle bolansoň Nurjemala Jemşit bilen Mansurdan başgada hyrydar göz bilen seredýänler az däldi.

Nurjemal birinji kursdan bäri Jemşit bilen bile oturýardy. Ilkiler Jemşit oňa onçakly ünsem bermedi. Emma dura-bara ýigitlik duýgulary kämilleşip ugradygy saýyn, Nurjemal onuň gözüne yssy görnüp başlady. Soňabaka Jemşit özüni ýöne bir gyzyň ýanynda däl-de, oduň golaýynda oturan ýaly duýup ugrady. Ol şol oduň özüne ýakyndygyndan hem lezzet alýardy, hem oňa bir ýerim degäýmesin diýip ätiýaç edinýärdi. Ýaşlyk hyjywy bilen dek duryp bilmeýän el-aýaklaryň gapdaljygynda oturan gyzyň tenine degmejek gümany barmy? Degerdi. Käte eli eline degse, käte aýagy aýagyna degerdi. Şonda Jemşidiň ýüreginiň alla nirelerinde gizlenip ýatan pynhan duýgular ýüze çykyp, arkasynda garynja ýörän ýaly bütin endamy bir hili tisginýärdi. Nurjemal onuň beýle gödeksi hereketine nägile bolup, seredäýse, Jemşidiň hindileriňki ýaly garaýagyz ýüzi utanjyndan çym gyzyl bolýardy. Jemşit şeýle bir utanjagam däldi. Gaýtam ol batyrgaý hereketleri, dilewarlygy bilen deň-duşlaryndan saýlanýardy. Emma Nurjemal bilen iki çäk galan pursatlarynda bolsa bu batyrgaýlykdan, dilewarlykdan nam-nyşan galmazdy. Gyz bolsa onuň bu bolşyny gaty gowy düşünýärdi, ýöne syr bermeýärdi. Jemşit onuň synçy nazaryna döz gelip bilmän, soraglaryna jogap tapman aljyran mahallarynda zoraýakdan ýylgyryp, ýüzüni kese sowýardy. Bu ýagdaý köpden bäri dowam edip gelýärdi. Şeýlelikde olar tehnikumyň ahyrky kursuna-da geçdiler. Indi bu ýagdaýyň mundan beýläk dowam etmegi mümkin däldi. Sebäbi Jemşidiň sabyr käsesi püre-pür bolupdy. Ol pursatyny tapyp, Nurjemal bilen aç-açan gepleşmekligi ýüregine düwdi. Şeýle pursat hem uzak garaşdyrmady.

Şol gün Jemşit tehnikuma adatdakysyndan bir sagat öň gaýtdy. Ol okuw başlanýança mugallymyň tabşyran diwar gazetiniň adyny ýazyp, bezeglerini gutarmakçydy Suratkeşlik işine ökde bolany üçin öz kursunyň şuňa meňzeş işleri köplenç oňa tabşyrylýardy.

Ir ertir bolmagyna garamazdan, köçelerde bireýýäm janly hereket başlanypdy. Işine, ýumşuna howlukýan adamlaryň birnäçesi duralgada

saklanan awtobusa ýetişjek bolup ylgaşsalar, başga birleri daz ýasap barýan taksidir beýleki ýeňil maşynlara ellerini galgadyp saklajak bolup jan edýärdiler. Ýöne Jemşidiň pyýadalap barýan ýan ýodasynda adam seýrekdi. Ýoluň iki ýan gyrasyny tutup oturan agaçlaryň altyn çaýylan kimin sarygylt öwüsýän ýapraklary-da seýrekleşipdi.

Güýz aýynyň ertirki tämiz howasy Jemşidiň şähdini açyp, ruhyny göteripdi. Öz aladasy, işi bilen başagaý bolup barýan adamlaram, agaçlaryň depesinden assa pyrlanyp gaçýan sarygylt ýapraklaram onuň gözüne birhili enaýy görünýärdi.

Şol wagt on ädim çemeli arkasyndan tanyş aýak sesi gulagyna ildi.

Muňa ýüregi bir tüýsli atygsap gitdi. Howa ökjesi beýik köwüşli aýaklaryň çalasyn ädimlerinden çykýan bu ses Jemşide tanyşdy. Edil tans ýolyna kakylýan depregiň sesine meňzäp bu aýak seslerini nirede eşitse-de tanajakdy. Sebäbi iki-üç ýyl bäri ol bu sese gulak gabartýardy.. Gyzyň özü gözüne görünmese-de, diňşirgenip, aýak seslerine garaşýardy.

Aýak sesleri barha ýakynlaşýardy, ýakynlaşdygy saýy, onuň tyrkyldysy Jemşide ýüregine pitiklenen bolup syzylýardy. Jemşit artyk çydap bilmedi, ol sakga durdy-da, yzyna öwrüldi. Nurjemal hünji dişlerini güjeňleýän kimin ýylgyryp gelýärdi. Jemşit gyzyň ýylgyryşyna jogap hökmünde zor edip ýylgyran boldy. Ýöne munuň hakyky ýylgyrşa meňzemändigini özü-de duýdy. Gyz gelip salamlaşmak üçin elini uzadanda onuň ýüzündäki ýasama ýylgyryş hem zym-zyýat boldy.

Içki aljyraňňylygyny bildirtmejek bolup jan edýän Jemşit salamdan soň ilki söze başlady:

-Bu gün ýaman irläpsiň-le, Nurjemal?

-Sebäbi seniň şu gün ir gaýtjagyňy düýn eşidipdim,-diýip Nurjemal ýeserlik bilen güldi. Jemşit begenjinden howlygyp:

-Çynyňmy? Çynyň bilen diýýänmi, Nurjemal? - diýip özelendi.

-Görüp dursuňa, ýogsam men beýle ir nämişläýin - diýip, gyz gözlerini güldürip bakdy. Jemşit onuň gözlerine dikanlap seretdi. Gyzyň gülüp duran gözlerinde diýýän sözlerine kybapdaş gelýän many ýokdy. Bu gözlerde bütünleý başga derdiň ünjüsi uçganaklaýandygyny Jemşidiň ýüregi şol bada syzdy. Emma bir garaýşyň manysy ýürekdäki pynhan söýgi oduny nädip öçürsin? „Belki men ýalňyşýan bolaýmaýyn“ diýip, Jemşit umyt bilen içini gepledýärdi. Ýok. Jemşit ýalňyşmandy. Nurjemal, hakykatdanam, şu gün Jemşidiň ir gaýtjagyny eşidipdi. Şonuň üçinem ol ýola ir çykypdy. Ýöne beýtmekden onuň maksady başgady. Eginme-egin

ýöräp ugranlaryndan soň, Nurjemal assa-ýuwaş maksadyna ýakynlaşyp başlady.

-Jemşit diýýän-ä, men senden bir zady sorajakdym.

-Soraber.

Nurjemal ýaýdanýan ýaly edip dymdy.

-Soraber. Näme sorajak? – diýip, Jemşit gyza synlap seretdi. Nurjemal dillendi:

Bi.... ýakyndan bäri dostuň ýüzi salyk görünýä-le. Onuň sebäbi nämekä?

Bir bada Jemşit özüne berlen soragyň düýp maňzyna göz ýetirmedi.

Ol;

-Haýsy dostumyň? – diýip geňirgendi.

Nurjemal oňa ýylgyryp bakdyda:

-Meniň bilişimçe seň ýekeje dostuň bar, Jemşit. Olam Mansur-da - diýdi. Indi Jemşide bar zat düşünikli boldy. Ol sandyrawyk ses bilen:

-Mansur diýsene -diýip dymdy. Gyz hem onuň ýagdaýyny aňany üçin artyk geplemedi. Bir näçe sekuntlap dowam eden bu dymyşlykda Nurjemalyň köwşüniň ökjesinden çykýan tyrkyldy Jemşidiň gulagyna indi öňküsinden bütünleý başgaça - ýat bolup eşidilýärdi. Nurjemal dymmasyny dowam etdirsede, Jemşit onuň jogaba garaşýandygyny duýdy:

Ol azda-kände özüni ele aldy:

-Mansuryň ýüzi salyk görünýä diýdiňmi? Men-ä şoňa üns bermändirin. Onuň sebäbi näme bolup biler?

-Sebäbi.... söýýän gyzy bilen tersleşen bolaýmasa.

Jemşit ajy ýylgyrdy:

-Onuň entek söýýän gyzy ýok. Arkaýynja bolaý, Nurjemal.

Gyzyň ýüzi soňky „arkaýynja bolaý“ diýen sözemi ýa begenjinemi nar ýaly gyzardy. Jemşidiň ýüzi bolsa ak tama dönüpdi.

Nurjemal bilen bolup geçen bu duşuşyk entek ajy-süýjini dadyp görmedik Jemşit üçin durmuşyň ilkinji zarbasydy. Ähli umyt-arzuwlarynyň puja çykmagy oňa barha güýçli täsir edýärdi. Ol şol gün sapakda nädip oturanyny nämeler geçileneni hem seljerenokdy. Bir hili aňkasy aşan ýaly dymdy ýördi. Mansur dostunyň serinde nämedir bir zadyň güýçli täsiriniň bardygyny duýdy. Ýöne sapaklar gutarýança ol bu hakda dil ýarmady.

Öýe gaýdyşyn Mansur Jemşidi goltuklap, ýoldaşlaryndan saýlandy:

-Ýeri, halypa, saňa näm boldy? - diýip ol ýoldaşynyň ýüzüne tiňkesini dikdi.

-Näm bolsun. Hiç zadam bolanok - diýip, Jemşit zoraýakdan ýylgyran boldy.

-Sen näme meni gözi ýokdyr öýdýäňmi? Şu gün-ä seň öňküligiň ýokdugy görnüp dur, ahyryn, aýt näme boldy? – diýip, Mansur özelendi.

-Jemşit hyrçyny dişläp, dostunyň gözlerine seretdi. Onuň dodaklary bir zat diýjek ýaly müňküdedi. Ýöne geplemedi. Jemşit özüniň ret edilmeginde Mansuryň hiç hili günäsiniň ýokdygyny bilýärdi. Emma şonda-da bäsdeşine häzirlikçe kituwsiz seretmek kyn düşýärdi. Ýöne ol mert bolmaklyga, eý görýän dostuna görüplik etmezlige öz ýanyndan şert etdi. Indi ol Nurjemalyň göwnüniň kimdedigini Mansura aýtmalydy. Ýatsa-tursa kellesine gelmejek bu

habary eşiden Mansur näderkä? Elbetde, begenjinden depesi göge ýeter. Şeýle gözel gyzyň söýgüsine mynasyp bolan ýigidem begenmez öýdýäňmi? Jemşit içini gepledýärdi. Emma ol bu gezek ýalňyşypdy.

-Näme, agzyňa suw alan ýaly gepläňok - diýip Mansur ortadaky dymyşlygy bozdy - Aýtsana, saňa näme boldy?

Jemşit häliden bäri aşak salyp gelýän kellesini galdyryp, ýoldaşyna köp manyly seretdi, soňra:

-Bolýan zady-ha saňa aýtmaly boljak - diýip, naýynjar ýylgyrdy.

Ýak walla, senem näziňi çekdirýäň-ow. Aýtmaly bolsa aýt-da - diýip, Mansur onuň arkasyna kakdy.

-Aýtsam, eliňi bäri al- diýip, Jemşit Mansuryň elini gaty gysdy – Tüýs ýürekden gutlaýan!

Mansur geňirgenip sorady:

-Näme bilen?

-Nurjemal bilen. Ol seni söýýär.

Mansur hahahaýlap güldi.

-Bar aýtjak zadyň şumy?

Jemşit Mansuryň bolşuna hem haýran galýardy hem gaharlanýardy. Ol:

-Saňa ýene näme gerek?-diýip azgyryldy.

-Men-ä täze bir zat aýdarmykaň öýdüpdim. Men onuň söýýänini bilýän - diýip, Mansur perwaýsyz gürledi.

Bilýän?! Sen onuñ bilen öňden gepleşip ýörmüň?

-Ýok, entek gepleşemok.

-Onda onuñ söýänini nirden dilýäñ?

-Onuň özi diýýä, her günem diýýä.

Jemşit dostuna öýkeli seretdi:

-Sen näme, meni oýnajak bolýaňmy? Ýaňyja gepleşemok diýdiň. Indem özi aýtdy diýýäň.

Mansur elini Jemşidiň egnine atyp, ony mähremlik bilen özüne çekdi:

-Beýle zatlary geplemänem aýtsa bolýar, ahyryn. Akyldarlaryň biri aýtmyşlaýyn, adymyň diline garanynda-da gözi köp zatlary aýdyp berer.

Jemşit ulydan demini aldy, dymdy. Ol „Gör men sada ekenim. Bu oglan maňa garaňda, has akyllyrak, has mekirräk ekeni“ diýip, içini gepledýärdi. Indi Mansur hem nämedir bir zatlary pikirlenip dymyp gelýärdi. Jemşit oňa gözüniň gytagy bilen seredip, haýran galýardy: „Näme üçin ol, sen muny nireden bilýäň? Onuň özi aýtdymy? Haçan aýtdy? Nirede aýtdy? diýip soraberenok?."...

Mansur Jemşidiň bu pikirlerini ýüzünden okaýan ýaly şol wagt söz açdy.

-Sen muny gaty uzaga çekäýdiň öýdýän. Öňräk gürleşip düşünişen bolaňda, özüň üçin gowy bolardy. Salgymy suwdur öýdip, ylgap ýörmezdiň.

Mansur dostuny barha haýran galdyrýardy. Jemşit onuň pähimli, zehinli oglandygyny öňdenem bilýärdi. Ýöne ony beýle bilgirdir öýtmeýärdi.

Mansur giň maňlaýyna düşip duran saçyny eli bilen yzyna gaýtaryp goýdy-da sözüni dowam etdirdi:

-Maňa beýle seretme, halypa. Men seniň göwnüňdäkinem, onuň göwnündäkinem köpden bäri aňşarypdym.

-Mümkin aňşyransyň...Ýöne meň onuň bilen gürleşenimi nireden bilýäň?

Mansur ernini gyşardyp ýylgyrdy:

-Öz-özünden görnüp duran zatlary bilmek üçin geniý bolmagyň geregi ýok, halypa. Gürleşipsiň. Gürleşmedik bolsaň, beýle ýagdaýa düşmezdiň.

-Eger sen ähli zady öňünden bilýän, görýän bolsaň näme üçin şu wagta çenli maňa hiç zat aýtmadyň. „Ol seni söýenok, oňa sözüňi zaýalama“ diýäýseň bolmadymy!- diýip, Jemşit jowrandy.

-Şeýdip aýdan bolsam, ynanarmydyň? Ynanmazdyň. Gaýtam men hakda gör, nähili pikir ederdiň. Şonuň üçin hiç zat aýtmadym. Garaşdym. Ine, indi mesele aýdyň boldy - diýip, Mansur dymdy-da, dostunyň salyk ýüzüne synçylyk bilen garady. Jemşitden hiç bir seza çykmansoň, Mansur sözüni dowam etdirdi:

-Ýöne, Jemşit, bir gyrnak üçin menden ýüz öwürjek bolsaň, häzir aýt!

Jemşit ulydan demini aldy:

-Diýýäniň näme. Näme üçin senden ýüz öwüreýin. Men özümiň söýülmedigimi bagtymdan görerin. Sende hiç hili günä ýok. Isleseň, ony häziriň özünde çagyr, gepleş, duşuş.

Jemşit aýtmasa-da, Mansuryň ýüregi Nurjemal bilen tiziräk duşuşmak, gepleşmek arzuwy bilen joşýardy. Emma ol syr bildirmedi, sypaýyçylyk bilen gürledi:

-Men howlygamok. Entek pikirlenip görerin: Oňa söz diýmelimi, ýokmy.

Jemşit onuň sypaýyçylyk edýänini aňmady.

-Hökman diýmeli! Nurjemal ýaly söýgüliň bolsa armanyň näme!

Mansur birhili ahmyrly gürledi:

-Nurjemal ýaly söýgüliň bolmagy oňat, ýöne ähli zadyň şoňa

kybapdaşrak bolaýsa-da....

-Ähli zadyňam diýýäňmi? Ýene näme gerek saňa? –diýip, Jemşit geňirgenip sorady.

-Näme gerek diýişiňi? Eýsem nämämiz bar seň bilen meniň? Ynha, bulary görýämiň - diýip, ol köçeden geçip barýan maşynlary görkezdi.-Ine, şulardan her haýsymyza birjegi bolaýsa men Nurjemaly, senem...

-Görşüň ýaly, maşyn bolaýanda-da meň oňa mündürer ýaly hiç kimim ýok.

-Maşyn bolsa münjek adam tapylar-la, dostum-diýip, Mansur Jemşidiň arkasyna kakdy.Bolanyna görä meniň daýymyňky ýaly şarňyldap duran jaýymam bolaýsa...

Jemşit çynlakaý görnüşde:

-Menem bu zatlaryň bolmagyna garşy däl, Mansur. Ýöne biz o zatlara ýetmek üçin öňürti okuwy bir gutaraly, onsaňam köp zähmet çekmeli, ahyry-diýdi.

*****************

Mansur iň soňky synagy tabşyran güni begenjinden öýlerine aýagy ýere ilmän geldi. Ol dabara bilen öwündi.

-Eje, gutardy!

Ejesi-de oglunyň şatlygyny paýlaşdy:

-Bu-da bäşlikmi, oglum!-diýip sorady.

-Hawa-la!

-Berekella oglum. Hany, şahadatnamaňy göreli, bakaly nähilikä?

Diplommy? Ony entek berenoklar. Ertir gutardyş agşamy bolar, şonda berjekler.

Ejesi başga hiç zat diýmezden, oglynyň syratyna mähirli gözlerini dikdi.

Mansur ertesi öýländen gutardyş agşamyna geýip barjak eşiklerini tertipleşdirip başlady.

Entek köneleşmedik kül reňk kastýumyny yhlas bilen ütükledi. Şu günki satyn alan ilkinji galustugyny düwmek üçin iki sagatlap iş edinse-de, başarmady, ahyry ony goňşusynka gidip düwdirip geldi.

Taýarlyk işlerini biryüzli edip, özüni synlamak üçin otagyň bir burçyndaky köneleşen ullakan aýnanyň öňüne geçdi.

Açyk asman reňkli köýnege dakylan kül reňkli galustyk kastýumyna kybapdaş gelipdir. Başdan-aýak kül reňkli eşik onuň ýüzini pähimdar adamlaryňky ýaly agymtyl sypata girizipdir. Boljak. Ýöne welin bu entek edil onuň göwnüdäki ýaly däl-de.

Eger häzir mümkinçiligi bolsady, ol has başgaça geýnerdi.

Onuň gözleri süýji arzuw bilen süzilip aýnadaky şekline

birsellem hyýaly gözi bilen garady:

Şonda onuň üstündäki kastýum, birden şar gara bastona öwrüldi. Onuň aşagyndan gar ýaly ak ýüpek köýnek, boýnunda gara atlas galustyk peýda boldy.Tolkun atyp duran gara saçy, ýaýran gara gaşlary bu geýimleri bilen kybapdaş gelip, syraty göze ýakymly ajaýyp bir görnüşe girdi. Hyýaly ony myndanam ýokarrak alyp gaçdy.Ol şu sypaýy görnüşinde daşary çykdy-da, edil kastýumy ýaly gap-gara, ýalpyldap duran wolga maşynyna mündi. Ol agşama gelende tehnikumyň öňünde jemlenişip duran kursdaşlary-da, mugallymlary-da olaryň arasyndaky Nurjemal hem oňa höwes bilen seredip durdy. Ol özüniň başgalardan beýle tapawutlydygyna

ähmiýet hem bermän, salyhatly ädimler bilen basgançaklardan ýokary göterildi-de, göni Nurjemalyň ýanyna baryp „Ine men geldim“ diýen manyda owadan dişlerini görkezip ýylgyrdy. Şonda bu sallanjyrap duran owadan gyzyň garamyk ýaly gözleri oňa näzik bir duýgy bilen delmuryp, gunça dodaklary "ezizim" diýip çawuş çakaýjak-çakaýjak boldy...

Bu süýji hyýaldan soň Mansur gözüni açyp, aýnada özüniň hakyky keşbini gördi-de, tisginip gitdi. Ulydan bir demini aldy. Şol mahal onda şu zatlaryň hemmesini birden ele salmak islegi şeýle bir güýjedi dötedi welin, bu isleg tä tehnikuma barýança-da onuň beýnisini gemrip bardy.

Ol agşama gelende, edil hyýalyndaky ýaly hemmeler tehnikumyň öňünde jemlenişip durdylar. Emma hiç kim oňa üns bermedi, seretmedem. Nurjemal-da ezizim diýmegiň deregine howa yssyla diýip, kinaýaly ýylgyrdy. Şonda Mansur özünden başga hiç kimiň egninde kastýum ýoklugyny görüp, aşa gidenine birneme kiçeldi.

Agşam örän şowhunly geçdi. Dargaşyljak bolanda Mansur Nurjemalyň ýanyna baryp, ony ugradyp gaýtmak üçin razylyk aldy. Olar şäheri kesip geçýän uly ýabyň boýy bilen gaýtdylar. Bu ýer adaty seýil edilýän ýerem bolsa, häzir onuň hemme tarapyny agras dym-dyryslyk gurşap alypdy. Diňe ýabyň boýndaky asmana ujyny diräp duran boý derekleriň ýokarky şahalaryndaky ýapraklar syrly pyşyrdaşýardylar.

Asmandaky orak şekilli aý ýabyň ýuwaş tolkunly suwynda çümüp-çykyp barýardy. Tibigatyň bu gözelligi Mansuryň arzuwlaryny ýene-de galkyjaklatdy.Ol asuda gijäniň goýnunda özüniň sessiz uçýan hyýal maşynyna münüp, ýanyndaky ýoldaşyndan daşlaşdy. Ol hälki aýnanyň öňündäki göz öňüne getirmeleriniň dowamyny yzarlap, aýlanyp çykmadyk ýeri galmady, ol şol pursatda hiç bir emgenmezden ummasyz baýlygy ele salyp, şeýle bir ýokary derejä galdy welin,

şonuň bilenem ol dostlarynda guwanç, duşmanlarynda görüplik oýaryp, niçe näzenin gyzlaryň göwnünde yşk odyny ýakdy, huşyny başyndan uçurdy...

-Ugradanyň üçin sag bol, beýlesine özüm giderin-diýende, Mansur tisginip Nurjemala seretdi. Gyz oňa öýkeli gözlerini dikip durdy.

-Nurjemal, bagyşla süýji oýlara gark bolup seni bütünleý unudaýan ekenim - diýip, müýnli görnüşde ýylgyrdy.

Hyýalyň mendenem derwaýysyrak bolmaga çemeli--diýdem weli, gyz özüniň öteräk geçenini aňyp, ýüzi lowlap gyzyp gitdi.

Mansur gyzyň bolşuny görüp, şatlykdan ýüregi tolgunanam bolsa, özüni äm-sämlige saldy.

Mansuryň beýle sowuk-salalygy gyzyň gaharyny getirdi. Ol kalbynyň iň çuň ýerinde köpden bäri gizlenen duýgusyny has açygyrak aýtmaga meýil etdi.

-Bilýärmiň, men ertir-ä däl welin, öýe...oba ugramakçy bolýan.

Bu bolsa „diýjek zadyň bolsa häzir aýdyp gal“ diýlenidi. Elbetde, muňa Mansuryñ düşünmezligi mümkin däldi. Emma ol gyzy mundanam beterräk ýagdaýa düşmäge mejbur etmek üçin ýene-de hiç zada düşünmediksirän boldy. Bu gezek weli gyzyňam ulymsylygy diliniň ujyna geldi-de:

-Hoş-diýdi-de, gaty-gaty ädimläp ondan arany açdy. Şonda Mansur artyk saklanyp bilmedi. Ol: "Nurjemal" diýdi-de, gyzyň yzyndan ylgady. Nurjemal onuň çakylygynyň ýürekden çykandygyny syzyp, ädimini gysgaltdy. "Nurjemal!" diýen ses ikinji gezek gaýtalandy, gyz tolgunyp, haýal-ýagallyk bilen togtady. Mansur haşlap ýetip gelende, gyz Ÿabyñ kenaryndaky boý derege söýenip durdy.

Şeýdip iki ýürekde pynhan ýatan duýgular ýüze çykaryldy.

Mansuryň haýyşy bilen Nurjemal ýene-de bir aý galmakçy boldy. Şol dowürde ýygy-ýygydan duşuşyp durmaga söz berdi. Mansuryň gyza bolan duýgusy indi düýpgöter özgerdi. Hatda bu duýgy ony eý görýän dosty Jemşitdenem birneme sowaşdyrypdy. Emma Jemşit onuň bilen öňki dostlugy elden bermejek bolup çalyşýardy. Ol söýgüsiniň ret edileni üçinmi Aşgabada inistituta girmekçi bolup gidipdi. Ol şol ýerdenem Mansura hepdede bir gezek hat ýazýardy. Mansur onuň hatyna käte jogap ýazsa, käte ýazmazdy. Ol özüniň Nurjemaly bilen gumrady.

Mansur gyzy hakykatdanam söýýärdi. Ol muny gyz bir gezek duşuşyga gelmän galanda anyk syzypdy. Her gün bularyň tapyşak ýeri Nurjemalyň baýaky söýenip duran deregiň ýanydy. Şonda ol adatdakysy ýaly, has ir gelip, sagat peýkamlarynyň bellenilen wagta golaýlaşdygy saýy tolgunmasy artýardy. Ýöne Nurjemal gelmedi.

Mansur onuň gelmän galmagyna gyzyň ygtyýaryndan daşarda bir zadyň täsir edndigini, ony bu gün bolmasa ertirki tapyşykda anyklajagam bolsa, gaty howsala düşdi.

Ol ýüregini myçgylap gysyp barýan allaniçigsi duýguny dargatmak üçin sykylyk atyp, deregiň töwereginde gezmeläp başlady.

Şonuň ýaly ýagdaýda ep-esli wagt geçdi. Ol şol gezmeläp ýörşüne, kellesine bir pikir geldi-de, sakga durdy. Jübüsinden kiçijik çakgysyny çykaryp, derege ýakynlaşdy.

Oýlan zadyny edeninden soň bir hili ýylgyrdy-da, ýuwaşja ädimläp gitdi.

Şondan soň tapyşyk ýene dowam edip ugrady. Ahyry bular wadalaşdylar.

Nurjemal toýa çenli öz obalaryna Mansurdan razylyk alyp gitdi. Mansur bolsa şäherdäki kärhanalaryn birine normirowkaçy bolup ýerleşdi.

Emma köp wagt geçmänkä bu iş ony irizip başlady.In ýaman ýerem ol her sapar aýlyk alanda, onun keýpine sogan dogralýardy.Çünki beýle “Ujypsyzja pula” hyýalyna häkimlik edip ýören şagalaňly durmuş desgalaryny tiz düzedip boljak däldi. Ýigitligiň tükeniksiz eşret talap ediji ýyllary geçip gidenden son bolsa, beýle zatlaryň geregi hem ýokdy.

Näme etmeli?

Mansur bu sowala jogap agtaryp,kelle döwüp yören günleriniň birinde bir waka ýüze çykdy, bu meseläniň aňsat yoly tapyldy duruberdi. Ýöne onuň agtarýany şeýle ýolmudy?

Mansur işden dolanyp gelende, aýda-ýylda gara bermeýän daýysynyň ýassygy tirsekläp çaý owurtlap ýatanyny görüp geňirgendi. Indi daýysy söwda pudagynyň awraýly wezipeleriniň birinde işleyärdi. Ejesiniň aýtmagyna görä wezipe bilen baýlyk onuň gözüne ýag basdyryp, garyndaş-doganlaryny görmez ýaly şowa kör edipdi.Bu gün bolsa ol uly başyny kiçi edip, ýekeje aýal dogany bilen ýegeniniň ýetme-ýykylma halyndan habar almaga gelipdi. Diýmek, ol adamkärçiligini bütinleý ýitirmedik bolara çemeli. Mansur içere giren badyna, daýysynyň hem-de onuň ýanynda oturan ejesiniň arasynda bussur-ýassyr gürrüň edilenini olaryň ýüz keşbinden aňlady.Daýysy salamlaşandan soň:

-Ýeri, ýegen, işler niçik?- diydi.

-Sag boluň, ýaman däl- diýip. Mansur onuň garşysynda otyrdy.

Daýysy oňa bir salym synçy nazaryny dikip, kanagatlanmak bilen gözlerini süzdi.

Mansuryň ejesi orta gowrulan et getirip goýdy-da:

-Palaw edeýin diýsem daýyň göwnemedi, wagty ýokmuş-diydi.

Daýysy mekir gözlerini oýnadyp:

-Ejeke, hälkileriň içinde bir çüýşe-de bardy, şonam äkeliň- diýdi.

Mansur öz içinden “Hälkileri nämekä? Diýmek daýym sowgat-serpaý bilen gelipdir-ow’’diýip oýlandy.

Daýysynyň “Çüýşe’’diýýäni konýak eken. Birinji bulgurdan soň daýy-ýegeniň arasyndaky sowuk-salalyk gowşap başlady.

-Ýeri, ýegen, ýaňy ýagdaýlaňy sorasam, ýaman däl diýipdiň. Hany, ýol kesip otyr işiň nämesi gowy?- diýdi.

Mansur daýysynyň birden çynlakaý görnüşe geçenine geňirgenip:

-Nämesini gürrüň bereýin?-diýdi.

-Diýmek, ýagdaýlaram, işlerem oňat-da onda, ýegen?

-Başga name diýeýin eýsem? Köplenç şeyle diýilýär-da-diýdi.

-Hä, köplenç göz üçin şeyle diýilýär. Yöne dogan daýyňa dogrusyny aytmak bolar, ahyry. Bilýän, heý bolgusyz diýsäni, yogsam bir eýýäm daýyň ýanyna barardyn sen. Howa, keýpiň kelläňde…Sen barmasanam ine daýyň özi geläýdi. Seniň işleriň ugrunyň ýoklugyny bilip, delalatym degermikä diyen niyet bilen gelendirin.

Gürrüň şo ýere gelendä, hälide bäri başyny aşak salyp oturan Mansur daýysyna ýalta garady: ”Nähili delalat-ka?" diyen piker onun beynisinde at saldy.

-Şeyle ýegen-diýip, keýpi kök daýysy garyljak ses bilen sözüni dowam edýärdi. -Sen ozumiziňkisiň, ýegen. Uzyn sözüň gysgasy, häzir mende saňa bolýan bir iş bar.”Goýnuňdan dökülse, gonjuňa’’ diyenleri, isleseň şoňa şarta yerleşdirjek otyryberjek. Akyp duran derýa, özüň ezber bolsaň islaniňçe çelegiňi batyryp alyberersin-diýip, Mansura göz astyndan seretdi. Soň gülümsirän bolup: -Käte-kate daýyňy hem ýatdan çykarmasaň bolany-diýip, sözuniň üstüni yetirdi. Bir salymdan:

-Adam ogly bu dunýä bir gelýä, ýegen - diýip, ýene sözüni dowam etdirdi, -şonuň üçinem bu dünýäniñ keýpini,sapasyny wagtynda sürmek gerek. Beýle keýpi-sapa üçinem gök guýruklardan ganat edinmek gerek, ýegen. Eger razy bolsaň, şeýle bolelinçilige eýe bolup bilersiň, ýegen.

Daýysy gepledigi saýy Mansuryň ýüregi tarsyldap, urmasyny tizlendirdi. Nähilem bolsa hyýalynyñ hakykata owrülmegine ýol tapylypdy. Mansur onuň nähili ýoldygyna düşünýärdi. Daýysynyň özi hem hut şeýle ýol bilen uly baýlygy ele salypdy. Emma ol şeýle ýola duş bolanyna, bir tarapdan begese, ikinji tarapdan, kalbynyň allanirelerinde bu ýola garşy närazylyk hem syzýardy.

Belki, onuň öz arzuwlaryna bu hili ýol bilen yeterin diýip pikir etmändigi üçin şeyledir?

Daýysy ýene dillendi:

Ýeri ýegen, name diýýäň?- diýip, Mansuryň çuň pikire gark bolanyndan howatyrlandy. Mansur daýysyna iki göwünli garaýyş bilen seretdi-de:

Bilmedim…-diýdi.

Heý, akylsyz oglan-eý. Men-ä seniň başyňa döwlet guşuny getirip gondurjak bolsam indi seniň bilmedim diýmäň näme?!

-“Haramdan müň teňňe, halaldan bir teňňe’’diýen nakyl bar, daýy.

Şeýlemi?... Seniň şol halal diýän zadyň iýilýämi, geýilýämi, münülýämi?... Aýt göreýin! Heý şu zamanda halal-haramy seljerip duran kişi barmy, özi? Ine bir mysal, şu şäherde hemme meni tanaýar. Elimdäki emlägimi hem diňe öz daban azabym-aýlygymdan ýygnamandygymam bilýärler. Emma köçede sataşanda maňa hiç kimiň ters bakyp geçenini göremok, gaýtam, gol gowşuryp salamlaşýarlar…

Daýysy şol gyzyp oturşyna gürrüňini hetden aşyryp goýberenini aňan şekilli, ýüregini bir salym basa tutup dymdy. Soňra basyk ses bilen:

-Ygtyýaryn, ýegen. Meniň elimden geljek ýagşylyk şu saňa. Bu hakda ejeň bilenem gepleşipdik. Ol bu işlere düşünenok, hemmesini özüňe saldy. Oýlanyp görüber...

Gijaniň bir wagty bolanda daýysy turdy. Mansur welin şol gije ukysyny terk edip, pikir derýasyna gark boldy. Gijesi bilen iki baka urnup çykdy.

Mansur daýysynyň aýdan durmuşyna gadam basmakdan biraz howatyrlansa-da şu bir ädimi bilen nähili derejelere ýetjegini oýlap, süýji arzuwlara çümüp gitdi. Uzak ikirjiňlenmäge wagt ýokdy. Mansur wagty biderek geçirmedi-de, bagtyny bir synap görmekçi boldy.

Ertesi Mansur yüz dürli hyýal bilen daýysynyň işleýän söwda bazasyna ugrady. Ol baza ýakynlaşyberende endamy birhili üşeýän ýaly galpyldap ugrady. Tomus aýynyň ertirki howasy üşeder ýaly salkyn däldigini duýup gelýän Mansur ozüniň tolgunýandygyny aňdy. Emma ol her niçik ruhy halatda-da ozüne erk edip bilýänlerdendi. Ol söwda bazasyna gelip ýetende, özüni ele alypdy. Entek ir bolmagyna garamazdan bazanyň äpet demir derwezesiniň iki ganaty-da açykdy. Mansur derwezeden girip dört-bäş ädim ätdi-de, haýsy tarapa gitjegini bilmän saklanyp, içerik göz aýlady. Giden giň meýdanyň çar tarapy arynyň öýjügi ýaly hatar-hatar ammardy. Orta aradaky meýdana bolsa ýaňyja wagonlardan düşürilen motasikldir maşynlar hatarlanyşyp durdy. Ammarlaryñ öňünde bolsa adamlar hinine girip-çykýan arylar ýaly başagaý bolşup ýördiler.

-Ahow ýigit, saňa näme gerek?!

Mansur ses çykan tarapa öwrüldi. Derwezäniň düýbünde niredendir peýda bolan, goluna gyzyl mata daňlan daýow pyýada oňa hyrsyz seredip durdy. Şeýle daýow, özem entek garrylykdan daşda bolan bu adamyň bu ýerde garawulçylyk edýändigine Mansur geň galyp, oňa gyzyklanyp garady.

-Näme maňa tiňkäňi dikýäň! Bu ýere propuskasyz girmek bolonok,

-diýip garawul eli bilen “derwezeden daş çyk diýen’’ yşaraty etdi. Garawulyň bolşuna Mansuryň ýeňsesinden tutdy. Emma ol “Synalmadyk atyň syrtyndan geçme’’ diýlenini edip, sypaýyçylyk bilen:

-Ýaşuly, beýdibermesene. Maňa başlygyňyz gerekdi- diýip oňa ýakynlaşdy. Garawulyň derjirän semiz, saryýagyz ýüzinde ajy ýylgyryş peyda boldy:

-Meň başlygymmy?! Bilýäñmi, meniñ başlygym kim? Palkownik Gandymow! Bu yerde ol name işlesin. Ol gerek bolsa mlisä bar!

Bu adamyň wezipesine gelişmejek gopbamsylygyna gülküsi tutan Mansur tas pyňkyryp goyberipdi, ýöne özüne erk edip çalaja yylgyrmak bilen çäklendi.

-Yaşuly, seniň mlisäniň adamydygyñy bilyänle-diýip Mansur arkaýyn gürledi,-yöne men diýmelisini bilmändirin. Maňa şu bazanyň direktory gerek.Onuň oturýan ýeri nirede?

Bu atylýan haýbatlaryň garşysyna Mansuryň özüni örän arkaýyn, ynamly alyp barşy agzyndan ak köpük saçyp duran garawulyň birneme ýelini ýatyrdy.

-Ha, şey diý-dä,-diýip ol öňküsinden has gowşady, -sen näme, bu ýere öň gelip görmänmidiň?

-Ýok, ilkinji gelşim.

Garawul Mansuryň soragyny ýene jogapsyz galdyryp:

-Heý toba, biziň bazanam gelip görmedik adam bar eken-ow- diýip öz ýanyndan hüňňürdedi.

“Bu adam şu bazany älemiň merkezidir öýdýän bolmaga çemeli’’- diýip Mansur içini gepletdi. Soňra ol soragyny ýene gaýtalamaly boldy:

-Ýaşuly, direktoryň oturýan ýeri nirede?

-Edarasynda-da, dagy nirededir öýdýäñ--diýdi.. Mansur munyň ýaly kesir adama ilkinji gezek sataşypdy. Ol indi öňküsi ýaly gödek gelmese-de berlen soraga ýene ters jogap gaýtardy. Mansur sypaýyçylyk bilen iş bitmejegine gözi ýetensoň azmly gepledi:

-Ýaşuly, näme beýdýäň! Dogry salgy beräýseň bolýar-a! Ony görmeli zerur işim bar!

-Aý zerur işiňi bilýän-le. Bir zatjyk sorap gelensiň-le- diýdi. Mansuryň indi sabyr käsesi dolupdy.

-Hiç zat sorap gelemok! Ol menin daýym bolýar-diýip goýberenini duýman galdy.

-Daýym bolýar?... Päheý, ertirden bäri şeý diýseň bolýar-a , han ogul.

Häliden bäri ýüzi-gözünden gar ýagyp duran garawul birden üç yüz altmyş gradus beýlesine döndi duruberdi.

-Han ogul, sen gaty görmäweri. Tanamadygy sylamaz diýipdirler. Edara ynha şujagaz ýerde, derwezeden daş çykansoň sag tarapdaky gapy.

Ýöne ýaşuly entek gelenok, öýdýän. Gelse maşynyny şu ýerde meň ýanymda goýup gidýär. Gelmeli wagtam-a boldy. Bir azajyk şu taýda garaşaý.

Şol wagt kelte boýly, saçlary ýaşyna laýyk däl derejede ap-ak bir adam gelip, ýaňrap duran garawulyň eline propuskasyny tutdyrdy. Garawul onuň ýüzüne çiňňerilip seretdi-de, halamaýan adamsyny gören ýaly seňrigini ýygyrdy, soňra:

-Haýsy sklada barjak, diýip yeňsesi bilen sorady:

-Aýakgap.

Ol adam şeýle diýenden, garawul ýalta onuň aýagyna garady. Aýagynda gymmat bahaly, emma birazyrak könelişen aýakgaby bardy. Garawul geplemän duryp birdenem:

-Baý adamlaram bet bolupdyrow. Magazinde bary bilen oňybereýin diýýäni ýok. Näme zat bolsa, sklatda gowusy barmyşyn diýip çozuşyp durlar.

Ak saçly adam ýeňi kelte köýneginiň döşüniň üstündäki jübüsinden gara äýnegini alyp dakyndy. Soňra garawula kinaýaly gürledi:
-Näme gowy zat bolsa skladyň törüne basyp, aňsatlykda magazine çykaraýaňyzok. Onsaň adamlar nätsin? Şu ýere gelmeli bolýa-da. Soňky wagtda defisit diýilýän zadyňam sanyny ýaman köpeltdiňiz-ä!

-Haý, haý. Agzyňa garap geple, agam. Biz nämäni köpeldipdiris. Adamlarda pul köpeldi, pul! Şonuň üçin gowudan gowusyny isleýärler. Pul näçe köpelse defsidem şonça köpeler. Ynha, meniň, özüm-ä bir garawul. Ýöne satylýan ýeri bolsa "Wolga"maşynam aljak-diýip garawul, köweklenip döşüne pitikledi. Ak saçly adam gözünden äýnegini aýyrdy, soňra:

-Aý satylsa samalýot aljagyňam bilýän-le seniň-diýip, äýnegini ýene dakyndy. Onuň bu hereketlerinden içinde gaharynyň gaýnaýandygy äşgär görnüp durdy.

-Bäh, gep urşuňa garanda sen maňa ýaman belet ýaly-la. Eh! eý,seni nirede gördümkäm diýip entekden bäri bilibilmän durdym. Indi ýadyma düşdi- diýip, garawul ömür ýuwulmadyk tagaşyksyz kir dişlerini syrtardyp ýyrşardy.

-Ýadyňa düşen bolsa gaty gowy. Hany meni içeri goýberjekmi, ýokmy?

-Goýberjek, goýbermän näme. Ýöne agam saňa gerek skladçy häzirjek köçä çykdy. Şu ýerde garaş, geläýmegi mümkin- diýip garawul mekirlik bilen gözlerini ýyldyradyp, derwezäniň gapdalyndaky garawulhana girip gitdi. Garawulhananyň iç ýüze bakýan aýnasyndan onuň bir zatlary gäwşäp oturandygy görnüp durdy. Ak saçly adam kibdini bir kakyp goýberdi-de, çeträkde duran Mansuryň ýanyna baryp çilim otlandy. Mansur oňa

duýgudaşlyk bildirip, ýylgyran boldy. Ol hem gülümsiräp:

-Inim, senem bu zalymyň demine düşüpsiň öýdýän- diýdi.

Howa.. Bi-ýä gürläninde deminde polat eredýän ekeni. Asyl ozüni ýönekeý garawuldyryn öýdenok-diýip Mansur ýangynly gepledi.

-Öýtmez. Onuňam sebäpjigi bar inim. Dellek bilen han hakyndaky rowaýaty eşitmänmidiň?

-Ýok o nähili rowaýat?- diýip Mansur gyzyklanyp sorady. Ak saçly adam elinde oýnap duran äýnegini dakyndy, çilimini nebsewürlik bilen sordu-da, agzyndan, burnundan goýy tüsse goýberip, gürrüňe başlady:

-Gadym zamanda ine şuňa meňzeş bir dellek bar eken. Ol ýanyna baran adamyň saçyny syrýarka, müşderisi kimem bolsa:

-Päkini bogazyňa salyp goýbereýinmi-diýýän ekeni.

Dellegiň bu gylygy baryp hanyň gulagyna ýetipdir. Han bu habary getirenden

-Eger oňa menem baryp saçymy syrdyraýsam şol sözüni maňa-da aýdarmyka?- Diýip sorapdyr. Habarçy:

-Size-de aýdar- diýip jogap beripdir. Şondan soň han wezir-wekilleri bilen dellegiňkä barypdyr. Dellek hany iki bükülip garşy alypdyr, kürsüde oturdyp, saçyny syrmaga durupdyr. Emma ol sag tarapyny syryp bolup, çep tarapa geçenden päkisini galgadyp:

-Han aga, şu päkini bogazyňa salyp goýbereýinmi?- diýip, goyberipdir. Han töwereginde duran wezirlerine, "bu nähili boldy" diýen manyda seredipdir. Hanyň bir akylly weziri bar eken. Ol hana ýüzleni

-Aly hezret, munyň şu duran ýerinde bir bela bar, aýagynyň aşagyny gazyp görmek gerek- diýipdir. Gazyp görseler, ol ýerden bir hum doly altyn çykypdyr. Wezir hana ýüzlenip:

-Dellekde günä ýok, ony gepledýän ine şu- diýipdir.

Ak saçly adam gürrüňini gutaryp, äýnegini ýokary-maňlaýyna süýşürip goýdu-da:

-Weziriň aýdyşy ýaly, bu garawulda günä ýok, inim, diýip, köp manyly ýylgyrdy.

-Näme munuňam dellegiňki ýaly hazynasy bardyr öýdýäňmi?

-Hökman bolmaly, “ýaňy satylýan ýeri bolsa "Volga" maşynam aljak’’ diýenini eşitdiň gerek.

-Bä! Ol munça puly nireden tapýarka?

Men onuñ pul gazanýan bir ýolunyň gözli şaýady boldum. Hol hatarlaşyp duran maşynlary görýäň gerek. Näçe bardyr öýdýäň?

-Ýüz dagy bardyr- diýip Mansur çak urdy.

-Köp bolaýmasa kem däldir. Ine şu maşynlaryň hersinden bir gyzyl onluk garawul daýyň jübüsine girýär. Ýüz maşyndan müň manat bolýa gerek. Munuň ýaly maşyn aý aşa gelip dur. Onsoň özüň hasaplada görüber-

diýip, ak saçly adam çilimini soňky gezek sorup taşlady-da, ökjesi bilen mynjyratdy.

O nähili beýle bolýa?- diýip Mansur geňirgenip sorady.

Nähili beýle bolýanyny maşyn alyjylardan sorap göräý. Men saňa hut öz başymdan geçenini diýsem, öňräk menem şu ýerden “moskviç" aldym. Maşynyň puluny, paý pulyny töläp, sürüp derwezä gelemde ine şu garawul saklady. Ýyrşaryp, elini uzatdy, menem uzatdym.

- Gutlaýan, münmek, sürmek nesip etsin, agam. Hany munuň derweze pulunam oklap goýber,- diýdi. Men öň maşyn alyjylardan “bazadanam ýöne çykaryp goýberenoklar, derweze puly diýilýäni bar” diýip eşidipdim. Şonuň üçin onuň soranyna kän bir geňirgenip durmadym-da, jübimde galan bäş manadymy uzatdym. Ol bolsa, seňrigini ýygyrdy-da “munyň näme agam? Illere bir onlukdan kem berenoklar. Il hatary etmeseň alman” diýýä. Menem näme Türkmençilik-dä, göwnüni ýykmajak bolup: “meniň galanjam şu, alaý, gardaş, diýip ýalbarýan, ol bolsa ”Ýa walla, seniň ýaly husyt adama ilkinji gezek sataşyp durşym. Daşdanam gaty ekniň-aýt” diýip minnet edýär. Menem geldi gaharym “Näme men saňa bergilimi-aýt! Almasaň nekene al!”diýdim-de sürdüm gitdim. Ýaňy onuň “seni nirede görenim indi ýadyma düşdi” diýeni şondan:

Mansur bu adamyň gürrüňini gyzygyp diňledi, assyrynlyk bilen ony başdan aýak synlap, eşiden zatlaryna geň galdy. Ak saçly adam birdenem:

-Anha-da, maňa gerek skladçy içerde gezip ýör-ä! Ol bolsa maňa köçä çykyp gitdi diýýä. Ynha-da bolýan zatlara! -diýip gören adamyna tarap çalt ýöräp gitdi. Garawul gäwşenip garawulhanadan çykdy, özüne göwniýetijilik bilen ýyrşaryp, onuň yzyndan seredip durdy. Şol wagt gysga-gysga signal berip, mawy “wolga”derwezeden girdi. Bu Mansuryň daýysydy. Ol maşynyny bir çeträkde goýup, derweza tarap ýöräp ugranda garawul ylgap onuň öňünden çykdy, iki elläp salamlaşdy.

-Sag-aman geldiňmi, ýaşuly. Ine, ertirden bäri yegeniňem saňa garaşyp dur- diýip ýalym-ýulum etdi. Mansuryň daýysy töweregine ýallaklaýan garawula äwmezlik bilen seredip:

-Şu oglanmy? O nähili meniň ýegenim bolýamyş. Munuň ýaly ýegenleriň her gün birini işe al diýip üstüme goýberýäler- diýip, Mansuryň salamyna çalaja başyny atyp, edarasyna tarap gitdi. Mansura garawul hem hiç zat diýmedi. “Näme üçin ýalan gepledineň” diýmedi. Sagatda segsen ýalan sözleýän garawul üçin Mansuryň bujagaz “Ýalany” geň görerlik däldi. Mansur daýysynyň bu gylygynyň bir inçe syry bardygyny aňdy, emma keseki adamyň ýanynda dogan daýysynyň ondan göz-görtele ýüz döndermegi degnasyna degdi. Ol göni gidiberjek hem boldy. Beýtmäge gurby çatmady. Ygtyýaryndan daşarda bolan nähilidir bir güýç ony daýysynyň otagyna girmäge mejbur etdi.

-Geç otur- diýip, daýysy oňa ýer görkezdi. Mansur ümsüm geçip oturdy.

-Sen turuw başdan bozupsyň-a - diýip, daýysy oňa nägilelik bilen çiňňerildi- bu ýerde her hili adam bar, agzyňa berk bolmaly. Men adamlaryň “öz garyndaşlaryny işe çekýär”, diýen sözünden gaça durmaly düşundiňmi?

-Düşündim-diýip, Mansur maňlaýynda peýda bolan monjuk-monjuk deri eliniň arkasy bilen syrdy.

-Düşünen bolsaň “daýy- ýegen”sözi öýde, öz aramyzda bolýar. Bu ýerde bolsa men hemme kişi ýaly seniň üçinem, Halyl Haýdarowiçdirin. Düşünikli gerek-diýip, ol “günäñi bagyşladym’’ diýen manyda ýyljyraklady.

-Düşnikli Halyl Haýdarowiç- diýip Mansur hem gülümjirän boldy.

-Onda gürrüň şeýle, Mansur-diýip Halyl Haýdarowiç elinde oýnap oturan gymmat bahaly ruçkasy bilen stoly tyrkyldatdy -eger meniň bilen işleşjegiň çynyň bolsa, häziriň özünde 22-nji sklady kabul edip al!

Mansur “22-nji sklad nähilikä’’ diýip öz ýanyndan geňirgendi. Ol asyl ammarlara nomer dakylýandyr öýdmeýärdi. Indi 22-nji sklad diýlende, name üçindir küt-küt basylyp ýatan defesit matalar, ýaglyklar, geýim-gejimler göz öňüne geldi. Ol mesele beýle tiz çözüler diýip, oýlanmandy. Şonuň üçin Halyl Haýdarowiçe birneme ýaýdanjyrap seretdi. Onuň özüne tiňkesini dikip, jogaba garaşyp oturanyny gören Mansur:

-Entek işimdenem çykamoga- diýip ikirjiňlendi.

-Zyýany ýok. Işiňden soň çykar yörersiň-dä. Ol ýerde saňa gözi-gaşy çekip duran adam ýok. Arzany ýazan badyňa-da boşadarlar- diýip, Halyl Haýdarowiç öňünde duran iki taraplaýyn gepleşik apararadynyñ düwmelerinden birine basdy:

-Alo! 22-nji sklad!-diýip aparada çalaja pitikledi. Aňyrdan misli ýanynda gürleýän ýaly ses geldi:

-Eşidýän Halyl Haýdarowiç!

-Häzir meniň ýanyma gel!- diýip Halyl Haýdarowiç buýruk berdi.

Mansuryň ýüregine bir hili bükgildi gitdi. Ol şu pursatda begenýänini-de, gynanýanyny-da bilenokdy. Onuň beýnisinde dürli oý pikirler at salýardy. Bir salymdan soň otaga uzyn boýly, orta ýaşlaryndaky, hortap adam girdi. Onuň garaýagyzrak ýüzünde birneme ýadawlyk görünýärdi. Mansur “daýymyň çagyran adamy şu bolaýmasyn’’ diýip çak etdi. Mansuryň çaky dogry çykdy. Salam hälikden soň Halyl Haýdarowiç oňa ýüzlenip:

-Ynha, ýeriñe-de adam tapyldy. Häziriň özünde sklady tabşyr-da, rugsada gidiber. Dem-dynjyňy alyp gelensoň başga iş bererin- diýdi. Ol adam naýynjar ýylgyrdy, dodaklaryny münküldetdi, soňra pettikläp gepledi:

-Rugsada s-sag-aman çykaýyn, osoň gaýdyp-gelerinmi, g-gelmerinmi, göribiris.

-Bah! Beýle diýer ýaly, bizden näme ýamanlyk gördüň?-diýip Halyl Haýdarowiç yañsylap sorady.

- N-näme ýagşylyk g-gördüm?-diýip ol soraga sorag bilen jogap gaytardy. Halyl Haýdarowiç onun bilen ýañkalaşyp otyrmaklygy özüne uslyp bilmedik bolara çemeli, gürrüňi çurt-kesik etdi.

- Onuň yaly bolsa, gözel gownüň. Gep gutardy. Baryň!

Mansur ol adam bilen tirkeşip otagdan çykdy.Tä ammara barýançalar ikisi-de sesini çykarmady. ammara gelip yetenlerinde ol adam Mansura bir laý synçy nazaryny aýlady, soňra ammaryñ iki gabsaly uly gapysyny açyp:

- G-giriber, ýigit-diýdi. Mansur girip töwerek daşyna ýaltaklady. ammaryñ içi edil gaýş pökgi oýnabermeli ýaly giňdi, aşagy betonlanany üçinmi, ýa-da gün düşer yaly aýna-apişgeşinin ýoklygy üçinmi gaty salkyndy. Yöne, diwar ýakasyna üsti-üstüne münderlenen ýaşiklerden başga zat göze ilmeýärdi. ammarçy ýaşiklere elini çommaldyp, peltekledi:

- I-ine bu tarapda a-alty ýüz ýaşik d-duz, h-her ýaşikde ýigrimi paçkadan. B-bu g-gapdaldaky dört ýüz e-elli ýaşik sabyn. Ýaşyginde kyrk tokgadan.

Aňkasy aşan Mansur tas aglapdy. Daýysy näme, ony oýnajak bolýamyka? Ol duz bilen sabyny başyna ýapsynmy? Mansuryň jyňkyny çykarman, sañ gatyp dyranyny duýup, sebäbine düşünmedik ammarçy ýene sakawlap ugrady:

I-ikuç gün bäri m-magazinlere berişdirip, galanjasy şu. M-men priýem-s-sdaçy akdyny ýazýançam ýaşikleri s-sanada g-göriber

Mansur oña seredip, kellesini ýaýkady-da:

-Bu gün meniň wagtym ýok-diýip, ylgap ammardan çykdy. Ol şol gelşine kürsäp, daýysynyň otagyna girdi. Halyl Haýdarowiç iki sany adam bilen gepleşip otyrdy. Ol Mansura soragly nazaryny dikdi. Mansur keseki adamlaryň ýanynda näme diýjegini bilmän dilini dişlap, gapydan giren ýerindäki oturgyja özüni goýberdi. Ol adamlar köp saklanmady. Olar gapydan çykandan Halyl Haýdarowiç:

-Ýeri, näme boldy?-diýip, howsalaly sorady.

-Maňa berjek skladyň şomy, daýy?-diýip Mansur “daýy’’ sözüni nygtap aýtdy. Halyl Haydarowiç Mansury şol sklada iberýärkäde, onun ol ýeri gaty bir oňlamajagynam bilipdi. Ýöne beýle aç-açan nagilelik bildirer diýip piker etmedi. Ol:

-Beýle dar gursak bolmazlar, Mansur-diýip, yuwaşlyk bilen gepledi.-Sakawuň soňuna seret diýipdirler. Men näme saňa haziriň özünde haly sklady bereýinmi? Beýle iş meň elimden gelip duranok. Ýöne häzirki aljak skladyň, bilseň, seniň üçin bir tramplin bolmaly. Ana şol tramplinden soňa

baka islaniňçe beýiklige böküp bolýar, düşündiňmi?

Aý, näbileýin…Sen maňa düýn öýde düýbünden başga zat aýdypdyň, ahyryn.

-Düýn aýdanlarymyň hemmesi-de dura-bara amala aşar. Howlukmak gerek däl, Mansur. Onsaňam seň 22-njini şeýle bir sürtse ýokmaz görüp oturma. Ugruny tapsaň onda-da çaý puly bar- diýip Halyl Haýdarowiç köşeşdiriji ýylgyrdy. Mansur özuniň ýeňleslik edenini duýdy, näme diýjegini bilmän ümsüm otyrdy. Halyl Haýdarowiç ýuwaş, emma buýrujy aheňde gürledi:

-Hany, wagty geçirme-de, baryp sklady al.

-Men oňa, bu gün wagtym yok- diýip gaýdypdym. Indi ertir gelerin-de- diýip, Mansur aşak bakdy. Halyl Haýdarowiçiň owurdynda ýumry peyda boldy, müňkülledi, emma gaharyny daşyna çykarmady:

-Him… Onuň ýaly bolsa, bu gün işie barda, boşamak hakyndaky meseläni çöz.- Halyl Haýdarowiç sözüni gutaryp-gutarmanka dört sany adam yzly-yzyna zompuldaşyp girdiler. Olar Halyl Haýdarowiçiň köne ülpetleri bolara çemeli, gapydan girenlerinden ala zenzele edip, wakyrdaşyp, degşip başladylar. Mansura hiç kim ünsem bermedi. Ol ýuwaşlyk bilen çykyp gitdi.

Mansur söwda bazasyndan şu wagta çenli özune mälim bolmadyk täze bir dünýäni açyp gaýtdy. Bazanyň äpet derwezesiniň oňündäki garawul, şol yerde sataşan ak saçly adam, sakow ammarçy göwnüne bolmasa onuň görüp yören adamlaryna menzemeýärdi. Aýratynam daýysy! Ol öz öýünde-de, Mansuryň öýünde-de garyndaşlyk duýgusy çogup duran mahriban adamdy! Mansur ony elmydama seýledir, başga hiç hili bolmagy mümkin däl, diýip berk ynanýardy. Bu gün bolsa ol dayýsynyň hakyky keşbini, ol hiç haçan göz öňüne getirip bilmejek keşbini gördi. Ine şular zerarly özünde dörän täsin duýgyny näme üçindir ol ýasajyk oglanka goňşusy Setdar Salyhlaryň öýüni ilkinji gezek göreninden soň dörän duýga menzetdi. Bu meňzetme oňa çagalyk döwrüni ýatlatdy. Setdar Salyhyň gyzy-garaja gözli Sumbul gyz göz öňune geldi. Çagalykda bile oýnap –ösen bu ajaýyp gyzy Mansur ýygy-ýygydan yatlayardy. Sumbuluň pioninada çalan sadaja heňi, şoňa goşup aýdan aýdymy henizem gulagynda ýaňlanýan ýalydy. Bir ýatlama ikinji ýatlamany döredýär: Mansuryň Sumbul hakyndaky ýatlamarynyň soňy Nurjemal hakyndaky süýji yatlamalara ýazdy. Nurjemal bilen geçiren unudylmaz günlerini ýatlanda ýüregi meýmirap, gözleri süzüldi. Nurjemal bilen aralary daş bolsa-da, häzirem ýürekleri ýakyndy. Tiz-tiz hat alyşýardylar. Nurjemala ýetmek, ony özüniňki etmek Mansuryň ýüreginde beslän arzuwlarynyň biridi. Ol onuň bilen başga arzuwuna-baýlyk we zynatly durmuş baradaky arzuwyna ýetmekçidi. Hiç bolmanda şol arzuwynyň üçden birine ýetäýse-de

Nurjemala öýlenip, zibi-zynat içinde yaşatmakçydy. Ol bu hakda Nurjemala ýazan hatlarynda-da telim gezek ýaňzydypdy. Nurjemal bolsa onuň beýle meyilleri bilen ylalaşmak islemeýärdi. Ol Mansura ýazan hatlarynyň birinde şeyle diýipdi:

“Ezizim Mansur!

Men senden hiç wagt zibi-zynat talap etmen. Çunki men hakyky bagty başga zatda- duýgularyň päkliginde, müdimiliginde diýip düşünýän. Sen bir zady unutma: birek-birege päk hem-de joşgun duýgular arkaly baglanan pukara oňalgaly adamlar, köşgi-eýwanlarda zibi-zynat içinde ýaşaýan adamlardan hem bagtly bolup biler’’

Mansur Nurjemaly her naçe söýse hem, ondan akyl öwrenmekçi däldi. Durmuş hakynda indi onuň oz düşünjesi bardy. Galyberse-de, daýysynyň baýlyk, zibi-zynat hakyndaky jadyly sözleri onuň gözi-başyny aýlapdy. Şonuň üçin ol öňki işinden çykyp, söwda bazasyna ýerleşdi. Ilki daýysynyň “tramplin"’diýip atlandyran duz-sabyn ammarynda sabyr-takat edip işlemeli boldy. Diňe bir ýyldanam gowrak wagt geçensoň daýysy ykraryna dolandy-ony taýýar geýimler ammaryna geçirdi. Şol ammara müdir edip bellemek hakyndaky buýruga gol çeken güni Halyl Haýdarowiç ony öýüne çagyryp tä ýary gijä çenli öwüt-nesihat etdi:--Seniñ ammaryña her dürli defiçit zatlar gelýär. Diňe şol defisidiň hasabyna-da, ine şundanam ýasamak bolýar-diýip, Mansur Haýdarowiç elini bokurdagyna ýetirdi – Bu ýerde sen hökümediň ýekeje köpügine zyýan ýetirmeýäñ. Diňe bir azajyk söwda düzgüni bozulýar. Emma Mansur, ýene gaýtalap aýdýan, gaty seresap bolmaly. Bäş barmagyň deň däl, bazada özleri-de bir köpük iýmeýän, iýýänlere-de görüplik edýän adamlar kan. Şoňa göra kim bilen nähili iş salyşmalydygyňy bilmeli, gaty aga bolmaly. Şol meniň aýdýan magazin müdirlerimden başga bilen hergiz “paçakgömdi’’ ediji bolma.

Şol güni Halyl Haýdarowiç Mansura işiň ähli inçe syrlaryny açdy. Nähili edip defisit harytlardan artdyryp alyp galmalydygyny soň olary nähili ýerleşdirmelidigini düşündirdi. Käbir adam öň edip görmedik işiňi ilkinji gezek etjek bolaňda aljyraýmagy mümkin. Emma Mansur olardan däldi. Ammara defisit harytlar gelen gününiň ertesi garadan gaýtmaz häsiýetini ýene bir gezek iş ýüzünde synap gördi. Ol ýaňy ammary açyp agyza golaý goýlan stoluň üstündäki faktura blankalaryny tertipleşdirip duran wagty semizlikden pökgi kimin tokgalanan bir adam ýaltaklap gapydan girdi. Ol:

-Essalawmaleýkim inim Mansur jan-diýip, iki elini uzadyp görüşdi. Soňra ellerini ýellenip duran ganar ýaly giň balagynyň jübüsine sokup, ördek ýöreýşinde gezmeläp başlady. Bu adam Halyl Haýdarowiçiň aýdan dükan müdirleriniñ biridi. Onuñ ady başga bolsa-da, näme üçindir hemme kişi oňa Dumanly daýy diýýärdi. Dumanly daýy ynançly adamdy. Onuň

bilen arkaýyn “paçakgömdi’’ oýnabermelidi.

-Ýeri, inim Mansur jan, biz garyby begendirer ýaly nämeleriň bar-diýip Dumanly mekirje gözlerini ýyldyratdy.

-Näme gerek?-diýip Mansur sowukganlylyk bilen sorady.

-Güýz girdi, inim. Adamlaram gyş şaýyny tutýarlar. Şonuň üçin, bu gündelik harytlardan başga-da, aýallaryň hytaýy possuny, andatr telpek ýaly zatlardan bolaýsady kem bolmazdy-diýdi. Mansur ýasama ýylgyrdy:

-Bah! Dumanly day işdåñä erbet dal eken. Onun yaly zatlar nirede bar?

-Aý, inim Mansurjan, at oýnatmasana, sende baryny bilip soraýan-diýip Dumanly asty-üsti zybrym gyzyl dişlerini güjeňläp ýyrşardy. Mansur onuň gözleriniň bäbegine galdyr-basdyrsyz seretdi-de:

-Dumanly daýy, sen bilseňem, bilmeseňem ýok diýsem ýokda!-diýdi. Dumanly äheňine salyp goşgy okaýan ýaly edip:

- Bah, onyň dogry, Mansur jan. Sen ýok diýseň, ýel öwüsjegini, bar diýseň bazar boljagyny bilýän-le-diýip, ýene ýyrşardy. Mansur indi çyny bilen gürledi:

-Şony bilýän bolsaň, aýdan zatlaryň hersinden dört-bäşden tapyp bereýin, Dumanly daýy.

-Bereket tap, şeýt inim. Ýöne dört-bäşden diýme, hiç bolmanda ondan bolsun. Mansur oňa köp manyly seretdi:

-Ony diýmeseňem, fakturyňa ondan yazjak. Ýöne hersinden bäşşiniň pulyny berjek. Dumanlynyň ýüzi boz-ýaz boldy:

-Mansur jan, muny sähel ynsap bilen edäýmeli, mendenem hasap soraýanlar bar, inim.

Dumanly daýy- diýip Mansur ýüzini sowatdy. -Gürrüňi süýndirip oturmaga wagt ýok. Häzir adamlar gelýär.

Mansuryň indi ýumşamajagyna göz ýetiren Dumanlynyň razy bolmakdan özge çäresi galmandy. Şeýdip, Mansur ynançly magazyn müdirleriniň haýsysyna näçe sany defisit haryt ýazan bolsa, onuň deň ýarysyny, şol ýeriň özünde nagt pulyny sanap berip ‘‘satyn’’ alyp galdy. Şu hili edip, Mansur özüne gelen defisit harytdanam bir entegini artdyryp galdyrypdy. Indi ol şol harytlary ýerleşdirmegiň ugryna çykmaly. Emma nähili edende bu iş hamyrdan gyl sogyrlan ýaly aňsat boljagyny entek ol

gowy bilmeýärdi. Bu işde-de ol Halyl Haýdarowiçiň özem “hökmän kömek ederin. Artdyrylan harytlary skladda köp saklamak bolonok’’ diýipdi.

Iş güni ahyr bolup barýardy. Mansur “Näme etsemkäm? Nätmelisini häzir daýymdan sorasammykam?’’ diýip içini gepledýärdi. Edil şol wagt ammara garaýagyz ýüzine gelşip duran ap-ak dişlerini ýyldyradyp, Jemşit gelip girdi.

-Oha! Jemşit, dostum! –diýip, Mansur elini uzadyp onuň öňünden çykdy. Mähirli salamlaşyp, soraşdylar. Jemşit Aşgabada inistituda gideli bäri kanikul döwründen başga wagtda köne dostlar seýrek duşuşýardylar. Ýöne Jemşit bir sebäp bilen Aşgabatdan öýlerine geläýse, Mansury görman gitmezdi. Jemşit häzir hem bir işi çykyp okuwdan üç güne jogap alyp gaýdypdy.

-Bah! Muňa seret-le! Student diýseňem-ä, özini alyp barşy professor ýaly-aýt!- diýip, Mansur dostuny başdan-aýak synlady.- Üçinji kursa daga-da geçäýdiň öýdýän . Beý, wagtam çalt geçýär-ow.

-Howa, öz-ä geçip dur. Göwnüme bolmasa geçdigi saýyn durmuşam, adamlaram özgerip, üýtgeşip, barýan ýaly-diýip, Jemşit ap-ak endigan dişlerini görkezip ýylgyrdy. -Ine senem tüýs söwda işgärlerine meňzäp duryberipsiň.

Olar bir salym gümür ýamyr etdiler. Mansur içinden howlugýardy. Ol tizräk Halyl Haýdarowiçiň ýanyna barmalydy, özüni alada goýýan hälki zat barada maslahat soramalydy:

-Jemşit, bagyşla dostum-diýip, Mansur gönülemeli boldy. -Men iş wagty gutarmanka edaramyza barmaly. Gowusy sen agşam öýe gel, arkaýynja, gürleşeris.

-Ertirden bäri şeý diýäýseň bolmaýarmy. Men bir eýýäm giderdim- diýip, Jemşit ýylgyrdy.-Mansur, wagtyňy alanym üçin bagyşla. Agşam öýede bararyn. Ýöne bu ýere gelmegimiň sebäbi, saňa birje ýumuşym bar.

-Ýumuşmy?... Näme ýumuş?

-Sende andatr telpek barmyşyn diýip eşitdim. Şondan birini puluma berip bilmezmiň? Jygyldykdan aljak bolsaň-a üç-dört bahasyna-da berenoklar. Onsaň studente kyn düşäýýä.

Mansur bir bada näme diýjegini bilmän ýaýdandy. Şu ammara geçen güni daýysynyň öýüne çagyryp, beren öwütleri misli gulagynyň düýbünde gaýtalanan ýaly boldy: “ Indi senden zat sorap gelen köp bolar. Birine bir zat beriji bolma. Iliň göwnüni aljak diýseň, öz jübiňe zyýan eti-rersin. Onsaňam biriniň togsan dokuz gezek işini bitirip, bir gezek bitirmeseň senden ýaman adam bolmaz. Adamlaryň gurlyşy şeýle.’’

Howa, ol telpekden bardy… Iki üç gün oňräk aýdan bolsaň tapyp beredim. Indi gutardy. Öýkeleme Jemşit.

Jemşit onuň aheňindäki ýasamalykdan ýalan sözleýänini derrew aňdy.

-Indi gutardy, diýsene- diýip, Jemşit köne dostuna ahmyr bilen dowamly seretdi. Ol ýene, “Telpegiň-a gutarmadygyny gözlerinden görüp duryn, ýöne sende wyjdan, adamkärçilik diýilýän zatlar gutarypdyr’’ diýip aýtmakçy boldy, emme saklandy, onuň deregine:

-Bolýa, zyýany ýok. Onda men gitdim, hoş!-diýip gapa tarap ugrady.

-Häzirlikçe hoş! Ýöne agşam öýe gel! –diýip Mansur elini galgatdy.

Jemşit geplemän çykyp gitdi. Mansur dostunyň öýkelänini syzdy, özuniň etmişine ökündi “Näme üçin beýtdim? Birjejigini bersem näme bolardy? Jemşit köne, gadyrdan dostum, ahyryn.’’ Mansur bu etmişine näçe puşman etse-de,esasy işi ýatdan çykaranokdy. Ol howur-hala ammary gulplap, edara tarap eňdi.Ýöne ol gijä galypdy, Halyl Haýdarowiç eýýam giden eken. Ol “Indi nätsemkäm, öýlerine baraýsammykam’’, diýen pikr bilen köçä çykyp töweregine yaltaklap durdy. Şol wagt bir sary “Moskowiç’’ gelip, onuň deňinde saklandy. Maşyny sürüp oturan orta yaşlaryndaky, owadan ayallara meňzeş, koseleç adam gapyny açdy-da:

-Mansur jan, mün alyp gideýin- diýdi. Oslagsyz ýerde peyda bolan bu adamy tanajak bolup, Mansur oña siňe seretdi. Ýylmanak ak ýüzli, gara gaş, gara göz bu adamy Mansur öň hiç ýerde görmändi. Nätanyş Mansuryň ýaýdanyp duranyny añyp ony gyssady:

-Gel,mun! çekinip durasy zat ýok, inim.

Mansur geňirgenýänini bildirmejek bolup, ýylgyrjaklady:

-Çekinip name, men gyzmydyryn, ýaşuly-diýip, maşyna mündi, salam berdi. Nätanyş maşyny sürüp otyrşyna bir kemini goýman soraşdy. Ol Mansuryň asly-nesline belet bolara çemeli, hatda ejesiniňem adyny tutup, jan saglygyny sorady. Arasynda Halyl Haýdarowiç bilen hem gadyrdan aşnadygyny ýaňzytdy. Bir çatryga ýetende bolsa:

- Mansur jan, bir gören tanyş, iki gören garyndaş diýipdirler. Gowusy, biziňka gideli. Bir sellem oturarys, ýüzleşeris. Nähili görýäň?--diýip ýaşynyň bir çene baranyna garamazdan henizem lowurdap duran gara gözlerini gyrpdy.

-Ýok, ýaşuly. Sag bol. Ine şu çatrykdan geçenden soň men duşýän, öýümiz şu ýere golaý.

- Onda, bu gezek seniňkide bir käse çaý içäýeli-diýip ol maşyny göni Mansurlaryň gapysyna sürdi. Mansur bu adamyň bolşuna haýran galyp, näme diýjegini bilmän dilini dişledi. Ol bolsa:

-Näme dymýañ, inim? Ýa-da bir käse çaýyñy gysganýañmy? –diýip, ardynjyrap goýberdi. Mansur çaýyny gysganmasa-da, bu adamy näme üçindir öýüne eltmegi islemeýärdi. Onda-da näme, türkmençilikde öýüne barjak diýip duran adama zat diýip bolýarmy. Içinden ýaman görse-de, daşyndan güler ýüz bilen mürehet etmeli boldy. Natanyş çaýyň başynda özüni tanyşdyrdy.Yştymagy gelip çykysyna çenli gurrun berdi:

- Maña Hojamguly Bazarow diyyaler. Meni şu etraplarda tanamayan adam yok, inim.Kakam pahyram il içinde tanalýan adamlardan bolupdyr. Onun ady diñe Bazar bolman, özu-de tuys bazar adamsy bolupdyr. Ol, pahyr mañada: “Oglum, baýyň ogly bolandan, bazaryň ogly bol. Hiç haçan hor bolmarsyn" diýerdi. Howa, inim.

Hojamguly ine şu giriş sözünden soň, esasy maksada geçdi:

-Inim Mansur jan, hazirki zamanda hemme kişä syr bildirip, ynanyp bolonok. Mundan beýläk näme algy-bergi bolsa ikimiziň aramyzda bolsun. Meniň bilen iş salyşsaň zyýan görmersiň. Pul diýseň-ä bizde hemişe nagtdyr.

Mansur bu adamyň biderek yere ilişip gelmänini öňden syzýardy. Ol täze tanşyny synlap oturşyna, atiýaç edip geplemedi.

Hojamguly owadan gözlerini gyrpyldadyp, jogaba garaşýardy. Mansur bolsa daýysyndan geňeşsiz oňa hiç zat aýdyp biljek däldi. Hojamguly misli Mansuryň pikirini okan dek:

-Meniň bilen aragatnasyk etseň, Halyl Haýdarowiç hem ters görmez, inim-diýip, endigan maýda dişlerini güjeňlap ýylgyrdy. Mansur: “Bä, bu adamyň owadanlygyny” diýip içini gepletdi. Soňra oňa ikuçly jogap berdi:

-Aý, entek göribereris, Hojoguly aga.

-Sen, görübereris diýip gümürtük etme, inim. Onsoňam bir zady ýadyňdan çykarma: Artykmaç harydy skladda köp saklamak bolonok. Artykmajyny beýleden gümüni çekmek gerek-diýip Hojamguly Mansura çiňňerildi, soňra mylaýymlyk bilen üstüni yetirdi-Meniň bilşime göra häzir sende on-onbäş sany defist haryt bar.

Mansur aşak bakyp dymdy: “Bä, bu mende nämäniň bardygyny nirden bilýärkä? Ýöne onuň, artykmaç harydy köp saklamak bolonok diýýäni dogry. Muny daýym hem aydypdy” diýip, ol içini gepledýärdi.

Hojamguly bu dymyşlygyň öz peýdasyna çözüljegini aňyp, soňky sözüniň täsirini has artdyrmaga çalyşdy:

-Näçe diýseňem pul bizde nagtdyr.

Mansur gözuni gyrpyldadyp oňa seretdi. Hojamguly gözlerini süzüp, uzyn ak barmaklaryny biri-biriniň daşyndan aýlap oturşyna jogaba garaşýardy. Henizem näme diýjegini bilmän oturan Mansur öňki sözüni gaýtalady:

-Entek görübereris, Hojamguly aga.

Hojamguly süzüp oturan gözlereni yalpa açyp, Mansura aýgytly garady:

-Görüp oturasy iş ýok, inim. Men ertir işiň soňunda  maşyn bilen göni skladyň agzyna bararyn. Harytlary bagaja atarsyň. Bu gep şunuň bilen gutardy. Gel, indi bahasyny gepleşeli, nämäni naçeden berjek?

-  Wah! Hojamguly aga, ýaman ynamly gepleýaňle,-diýip, Mansur güldi-maşynlyha beýlede dursun, seni garavulymyz pyýada-da baza goýbermez.

-Hojamguly bir gözüni gypyp yeserlik bilen güldi:

-Arkaýynja bolaý, garavul meniň öz adamym. Gowusy, ýol pulyny, gepleşeli, inim. Pul bizde nagtdyr.

Mansur onuň “Pul bizde nagtdyr’’diýen sözüni uçinji gezek eşidýärdi.

Bir söz gaýtalanyberse adama öz tasirini geçirýän bolara çemeli, indi Mansuryň göwnüňe Hojamgulynyň bar yerinden puluň ysy kükäp duran ýalydy, şonuň üçinmi ýa-da bu adamyň üytgeşik owadanlygy üçinmi, garaz indi ol onuň gözüne birneme yssy görnüp başlady. Ýöne onuň yzyny üzmän: “Pul bizde nagtdyr”- diýip gürläp oturşyna Mansuryň gülkisi tutýardy, myhmanyň hatyrasy üçin zordan çydaýardy.

-Onuň ýaly maşynly girip bilýän bolsaň, pulyňy-da şol ýerde, harydy görenden soň gurleşeris-diýip, Mansur ahyrsoňy uç berdi.

Hojamguly hoşal bolup yylgyrdy:

-Tapawudy yok. Şeytşegem bolman durmaz. Haçan diýseň pul bizde nagtdyr.

Mansur indi gulman çydap bilmedi. Näme üçindigini bilmese-de oňa goşulyp Hojamgulynyň özü-de güldi. Şeýdip, ol çaýdan bolmasa-da, edilen gürrünüň netijesinden keýpini köklap gitdi. Hyrydaryň öz aýagy bilen gelenine Mansuram begenmäni durmady. Hojamguly gidenden ol hem Halyl Haýdarowiçlere tarap eňdi. Iş bitiren kişi bolup daýysyna öwünmekçidi.Ýöne ol Halyl Haýdarowiçiň öýüniň deňine gelende birden aýak çekdi, göwnüne bir hili inkis gitdi. “daýysy onuň Hojamguly bilen eden gürüňini oňlamasa nähili bolar? Näme üçin oňlamasyn? Hojamguly, özüniň aýtmagyna göra daýysynyňam ýakyn tanşy ekeni, ahyry” Mansur şu hili inkise batyp duran bolsa-da, garşysyndaky hasamly jaýa nebsevurlyk bilen seredýärdi.

Halyl Haýdarowiç iküç ýyllykda öňki allanäme jaýyny ýykdyryp, onuň ýereni soňky döwürde moda öwrülen hywa stilinde belent gabaraly jay saldyrypdy. Jay tutuş bişen kerpiçden bolup, köçe ýüzi üýtgeşik haşamamlanandy. Ayratynam, onun karnizine, derweze, aýna jaýlaryň gyralaryna kerpiçden kesilip goýlan nagyşlar aklyňy haýran ediji derejede nepisdi. Bu nagyşlary ýekeje gezek synlan adamam beýle iş diňe öz käriniň hakyky ussady bolan kişiniň elinden gelmegi mümkindigine göz ýetirerdi. Batyp barýan günüň elwan şöhlesine çaýylan bu nagyşlar Mansuryň gözüne has nepis, has üýtgeşik bolup görünýärdi. “Hywa derwezeli jaý’’ diýip atlandyrylýan beýle jaýlar soňky wagtda şäherde köpelip ugranam bolsa, onun göwnüne daýysynyň jaýyna taý gelýäni ýokdy. Mansur derwezeden girenden, bir burçynda zynjyrlanan ala köpek üýrüp ýerinden galdy. Itiniň sesine içerden eýwana çykan Halyl Haýdarowiç Mansury görüp şähdiaçyklyk bilen dillendi.

-Gel, gel Mansur. Görýämiň seýrek gelýaniň üçin itimizem seni tananok.

Daýy, ýegen tirkeşip, poluna burnuñ gany yaly paýandoz ýazylan giň dälize girdiler. Bu ýerden otaglara girýän goşa gabsaly, ýalpyldap duran dubdan ýasalan gapylara gözi duşen Mansur “Iki baş masgala munça otag

nama gerekkä” diýip içini gepletdi. Halyl Haýdarowiç ony myhman kabul edilýän uly otaga alyp girdi. Bu otag kiçiräk zal eývan gornüşindedi. Diwar ýakasyna hatarlap goýlan, ýüzünde suratyň gornüp duran nemes garniturynyň reňki pola ýazylan Turkmen halylaryň renki bilen utgaşyp, gözüň ýagyny iýýärdi. Garşydaky diwarda bolsa Halyl Haýdarowiçiň suraty çitilen çaklanja haly asylandy. Ony Halyl Haýdarowiç bir topar pul berip, ýörite dokadypdy. Olar şol halynyň aşagyna goýlan pessejik stolyň başyndaky ýumşak kürsilerde otyrdylar.

-Geleniň gowy boldy ýegen. Menem ýeke özüm, içim gysyp otyrdy. Häzir kiçiräk bir zat gurarys. Akdanmy ýa konýak? – diýip Halil Haýdarowiç şelaýynlyk bilen ellerini owkalady.

-Tapawudy ýok,-diýip, Mansur ýylgyrjaklady. Işde gabagyndan gar ýagyp duran, talap ediji bu adam öýünde örän kiçi göwünli, mylaýymdy. Ol:

-Onuň ýaly bolsa, öňürti men gelnejeňden bir habar tutaýyn, naharyny tizleşdirýämika- diýip, çykyp gitdi.

Mansur töweregine nebsewürlik bilen göz aýlaýardy. Serwantlardaky gymmat bahaly hrustallar, perlamut serwisler, şuňa meňzeş sanardan köp dürli ownuk-uşak zynat şaýlary onuň gözüne el ýetmez baýlyk bolup görünýärdi. Mansur öňki gezek geleninde daýysynyň jaýynyň deňinden geçip barýan iki sany ýaşulynyň özara gürrüňini eşiidip galypdy. Ol häzir muzeýe giren oglan ýaly töwerek daşyny ýaltaklap oturşyna şol gürrüňi ýatlady. Ol ýaşulular şeýle gürrüň edişipdi:

-Sakgaldaş, diýýän-ä, dogrusyny aýdanda, şular ýaly jaý öň hywa hanynyň wezirlerinde-de bolan däldir.

-Hawa, bolan däldir. Durmuş häzir örän oňat bolup barýar diýseňem-ä, sakgaldaş, meniň bu diýýänimiň umumy durmuşymyz bilen baglanyşykly ýeri ýokmyka, diýýän. Sebäbi bular ýaly jaýy halal girdeji bilen ýaşaýan adamyň saldyraýmagy gaty ähtimal. Bu bir lomaý puluň etdirýän işi.

Şol wagtda Mansur bu gürrüňe o diýen üns bermändi. Häzir bolsa, name üçindir, onuň hakdygyny ykrar etdi.

Saçagyň başynda Mansur Hojamguly bilen şu günki duşuşygyny, eden gürrüňini daýysyna aýdyp berdi. Halil Haýdarowiç Mansur tä gürrüňini gutarýança geplemän, hm, hm diýip oturdy,. Soňundan:
Aýdyp gutardyňmy? – diýip Mansura hyrsyz seretdi, - Sen onuň name pikiriniň bardygyny nireden bildiň?

Mansur aljyrady:

-Özi aýtdy. Seni-de gowy tanaýan eken-ä….

-Gör, seniň samsyklygyňy! Meni, name, alyp satyjylardan başga

kişi tanamaýandyr öýdýäňmi? Sen ilkinji gören adamyň kimdigine göz ýetirmän name üçin syr bildirdiň?!

Mansur ýüzi ak tama döndi. Muny gören Halyl Haýdarowiç birden gowşady. Bulgurlara konýak guýdy:

-Göter! Mundan beýläk oglanlyk etme. Seni şeýdip öňünden gorkuzyp goýmasam boljak däl öýdýän. Biziň işimizde edil razwedkadaky ýaly konspirasiýa kadalary berk saklanmaly. Şuny ýatdan çykarma! Hojamguly bilen iş salyşsaň bolýar. Ondan ýamanlyk ýok.

Mansur ulydan dem alyp, daýysyna "nätdiňaýt" diýen manyda ýyljyraklap garady. Şundan soň ýenede bulgurlar birnäçe gezk dolup boşady. Mansur öýüne keýpini kökläp gaýtdy.

Halil Haýdarowiçiñ aýdyşy ýaly Hojamguly iş salyşmaga bolýan adam eken. Muňa ilkinji gezekden göz ýetirensoň Mansur onuň bilen arany sazlap ugrady. Aradan bir ýyl geçip-geçmänka Mansur öý goşlaryny birkemsiz düzetdi. Indi bu öýde bir kem zat bardy, ol-da Nurjemaldy. Bu işem şeýle bir kynçylyksyz ýola goýuldy. Daýysynyň özi toýuň kethudasy bolup, gelin getirip berdi. Toýdan soň Mansur ýene-de uly höwes bilen işlemäge girişdi. Gün geçdigiçe öýüň bezegleriniň, sandykdaky gymmat baha zatlaryň sany artyp başlady.

Göräýmäge hemme zat ýerbe-ýer ýaly bolsa-da, bir zat Mansuryň maňzyna batanokdy. Onuň işi rowaçlandygy saýyn Nurjemalyñ gabagyny bulut büräp barýardy. Ol muny aýallaryň ynjyklygy, näz-kereşmesidir, "düzeler gider" diýipdi. Emma bu bulut ötüp gidibermedi. Gaýtam ol gümmürmamanyň sanajyna aýlanyp, ýyldyrym çakdyryp göýberdi.

Günleriň birinde Mansur çakdanaşa hoşwagt görnüşde öýüne gaýtdy. Ol jaýa gereninden, Nurjemaly bagryna basyp, onuň gözlerine seretdide:

-Bilýäňmi name?-diýdi.

-Hä, name bolupdyr?

-Ýene bir hepdeden gapyň agzyna "wolga" gelip, hyzmatyňda taýar durar.

-Maşyn aljakmy?

Mansur gülüp duran gözlerini ulumsylyk bilen süzüp, başyny atdy.

Nurjemal ynjalyksyzlandy:

-Nähili edip… onça puly nirden aljak? –diýdi.

-Miýwesini iýiber-de, bagyny sorama, diňe bagbanyndan minnetdar bolsaň bolany….

Mansur sözüni gutarmanka, Nurjemal onuň gujagyndan çykyp diwanyň üstüne baryp, tukatlanyp oturdy.

Mansur çydamly adamlara has bolan görnüşe girip, esli wagt dil

ýarmady. Soňra ol agras ädimläp baryp, aýalynyň ýanynda jaýlaşdy-da, ýuwaşlyk bilen gollaryndan tutup, ony özüne bakdyrdy.

-Nurjemal, sen name üçin beýle?

Nurjemal sowukdan demine aldy. Başyny galdyryp, batyrgaýlyk bilen äriniň göreçlerine garagyny dikdi, ýuwaşja gepledi.

-Görýän weli, Mansur açyk gepleşmeli wagt geldimikä diýýän… Men köp wagta çenli saňa düşünibilmän ýördüm, soňra özümde dörän gapma-garşylygy çözübilmän hynaba barany ýuwutdym. Ahyrsoňy….

-Ýeri? –diýip, Mansur onuň sözüni böldi.

Nurjemal oňa tukatlanyp seretdi-de, şeýle diýdi:

-Mansur, söýgümiziň hormaty üçin, haýyş edýän, şu işiňi goý, gaýt şu ýoldan!

Mansur ornundan tutup, otagyň içnde gezmeläp, çilimini tütedýärdi. Biraz salymdan soňra ýene öňküsi ýaly agras ädimläp, Nurjemalyň garşysyna gelip aýak çekdi:

-Sen niçik sada, Nurjemal! –diýip, ýuwaşjadan mylaýym gepledi.-Entek köp zatlara düşünmeýärsiň.

Nämelere düşümeýämişim?-diýip, Nurjemal geňirgendi.

Mansur "düşündirdi":

-Durmuşa, ezizim durmuşa! – Ol sözlerini üýtgeşik bir äheň bilen aýtdy.-Sen pugtarak bir oýlanyp gör, hany durmuş diýen zat nämeka özi? Adama ýekeje gezek berilýän ömri öz göwnüň halanynça ötürmek dälmi?! Munyň ýoluny tapan adamam akyl satyp otursa, barypýatan akmaklyk, ahyry “Hasabyny tapan iki aşar” diýen sözi unutma!

-Dogrudanam, men seniň aýdyşyň ýaly, sada ekenim-diýip, Nurjemal ah çekdi,-sadalygyma seret, şeýle işleri şu mahala çenli gowy düşünmeýänligi üçin edýändir diýip çaklapdym.. Tersine, sen muňa düşünmeg-ä beýlede dursun, gaýtam, ony allaowarralardaky çüýrik pelsepelere esaslanyp edip ýörän ogşuýaň!

-Mansur muňa içýakgyç güldi.

-Bu çüýrik pelsepe däl, bilseň, dogry pelsepedir. Hawa, häzir ýörgünli pelsepedir.

Nurjemal soňky gezek öz güýjini synap görmekçi boldy.

-Eger şu dogry pelsepäniň soňuna gözüň ýetmeýän bolsa, men saňa bu işiň jemgyýet hem-de ýene nämeler üçin ters işligi barada aýdybam oturjak däl. Aýdanymyňam peýdasy ýok. Bular hakda-da seň öz pikiriň bardygy anyk. Ýöne ahyry soňy başyňa belany satyn alarsyň. Şoňa bir düşün ahyry! Seň bu işiň çaganyň şary çişirip oýnaýşyna meňzeýär. Şar çişdigi saýyn çaga guwanyýar, emma soňunda onuň ýaryljagyny bilmeýär.

-Bar, gorkyň şo bolsa arkaýynja bolaý, meniň şarym hiç haçan

ýarylmaz! – diýip, Mansur gürrüňi gutardym etdi.

Uzak dymyşlyk ara düşdi.

Nurjemal ärine ahmyr bilen bakýarka, onuň ýüzi-gözünde şu wagta çenli göze ilmedik bir ýakymsyzlygy gördi. Şu mahal bu adam oňa ýedi ýat ýaly duýlyp, ýüregini allaniçigsi bir sowuk zat gurşap aldy:

-Seni bu ýoldan gaýtaryp bilmejekdigime gözüm ýetdi – diýip, Nurjemal ýadawlyk bilen gepledi.

-Gözüň ýeten bolsa, şundan şeýläk meniň işime aralaşma – diýip, Mansur ýuwaş, emma buýruk berji äheňde gepledi.

-Ýok, aralaşman-a ýaşabiljek däl, gowusy….

-Näme gowusy?

-Gitjek!

-Şeýlemi?Nirä?

-Obamyza!

-Hm… gözel göwnüň! – diýip, Mansur gahar eden kişi bolup çykyp gitdi. Şonuň bilen ol şu pursadyň özünde Nurjemalyň çykyp gidibermeginiň öňüni almakçydy. Emma onuň bu pirimi başa barmady. Çünki ol gelende, Nurjemal eýýäm öýde ýokdy. Onuň ýaňyja oturan diwanynda bolsa öz ejesi gözýaş edip otyrdy.

****************

Nurjemalyñ gitmegi Mansura şeýle bir täsir etmedi."Nirä barýa, bir gün gaýdyp geler" diýip pikir etdi. Ol ençeme wagtdan bäri köňlünde besläp gelýän arzyly zady – "wolgany" hem ele saldy. "Wolganyñ" rulunda outran Mansur şu çaka çenli özüne mälim bolmadyk başgaça bir lezzetli dünýäniň gapysyndan ätlän ýaly boldy. Täze maşynynyň şäheriň tekiz köçelerinden suw ýaly süýnip gidişi, tanyşdyr nätanyşlaryň onuň yzyndan gözigidijilik bilen seredip galyşlary Mansuryň başyny asmana ýetirýärdi. Ol bu täze güýmenjäniň keýpinden şeýle bir serhoşdy welin, dünýäni suw alsada onuň topugyna çykjak däldi. Mansur ýaňy-ýaňylaram böwrüne sanjy bolup duran maşgala durmuşyndaky ýakymsyz iñirdi-ni-de hatda Nurjemaly-da unudana meñzeýärdi

*****

Adaty günleriň biridi. Mansur irden maşynyna münüp, işine ugrady. Bahar daş-töwerege gök kürtesini atypdy. Ýolyň iki tarapyny hem jähekläp oturan daragytlar tebigatyň peşgeş beren ýaşyl lybasyny geýinensoň, has-da göze ýakymly görünýärdi. Ertiriň salkyn howasyna goşulan alabaharyň atyr ysy adamy meýmiredip, ýüregini joşdurýardy.

Aýagynyň aşagynda täzeje maşyn bar adama bu zatlar aýratyn täsir edýän bolara çemeli, Mansuryň diýseň keýpi kökdi. maşynyñ radiosynda şirin aýdymyň ýaňlanyp duranyna seretmezden onuň özi

hem hiňlenýärdi. Göýä täze maşyny hemmeler synlasyn diýen ýaly ol ""wolgany" öz maýdalyna göýberipdi. Ýuwaşja barýan maşynyň matory sessiz işleýän ýalydy. Şol wagt otuz-kyrk ädim çemesi öňünden barýan welisepedlä gözi düşende onuň ýüregi jigläp giden ýaly boldy. Mansur çala gözi kaklyşandan ony tanady. Ol Mansuryň köne dosty Jemşitdi. Mansuryň ony görmänine näçe wagt boldyka? Näçe oýlansa-da, Mansur muny ýadyna salyp bilmedi.Mansur Nurjemala öýlenende ol toýa sowgat salamly gelipdi. Toýdan soňam olar iki-üç duşuşyp, oturyşyp-turşan boldular, emma aralarynda hiç hili öýke-kine bolmadyk bolsa-da, dura-bara birek-birekden sowaşyp daşlaşypdylar. Şeýlelikde Jemşit inistituty gutaryp gelensoň hem ikisiniň baryş-gelişi bolmandy.

Mansur Nurjemaldan aýrylyşansoň, kalbynyň alla niresindäki ýalňyzlyk duýgusynyň ezýet berýändigi üçin bolsa gerek ol gadyrdan dostyny görenine diýseň begendi. Ol edil Jemşidiň deňine gelende, tormuzy bat bilen basdy. Maşyn bir göterilip gonan guş ýaly nyşana alnan nokatda silkinip saklandy. Beýle gödek hereketden tisginen Jemşit welisepetden böküp düşdi-de, sürüjä gazaply seretdi. Görse rulda Mansur ýylgyrjyrap otyrdy. Ony gören Jemşidiň biraz gahary gaçdy, köşeşen ýaly bolsa-da kinaýaly gürledi.

-Bo-how, baý aga, bu senmi?!

Mansur ýaňsylamany aňsa-da, oňa üns berip durmady. Maşyndan düşüp, onuň bilen gadyrly elleşip görüşdi, içgin hal-ýagdaý soraşdy.

-Jemşit dostum, bir-birimizi görmänimize näçe wagt boldy? Seni gaty göresim geldi…

Jemşit dostunyň göreçlerine siňe seredip durşuna olarda nämedir bir zady küýsemek alamatynyň bardygyny aňyp, onuň sözleriniň ýasama däldigine ynandy. Şeýle bolsa-da, Ol “göresiň gelýän bolsa, men Sibirdemi name, öýümi bilýäň, işleýän ýerimi bilýäň” diýip aýdasy geldi. Ýöne häzir beýle diýmekligi ýerliksiz hasap etdi-de, öňküsi ýaly assarly gepledi:

-Nurjemaly nä? Ony göresiň gelenokmy?

Garaşylmadyk bu soragdan Mansuryň gaşlary çytyldy. Diýmek, Jemşit ähli zatdan habarly eken-dä?

-Sen muny nirden eşitdiň?

-Nirden boljakdy, bütin şäheriň dilinde dessan ahyry sen!

Mansur bir zatdan gorkan ýaly, tisginip Jemşide seretdi.

-Bütün şäheriň diýýäňmi? Meň bilen bütin şäheriň ne işi bar? Jemşit oňa sypaýyçylyk bilen seretdi.

-Nä işi barmyşyn diýişiňi, sen adamlaryň arasynda, jemgyýetiň içinde ýaşaýandygyňy unudaýypsyň öýdýän?

Mansur ulydan demine aldy, soňra dostuna müýnli seretdi.

-Jemşit, bes etsene bu gürrüňleri. Keseki, görüp adamlaryň gepini gaýtalap nätjek? Sen meň dostum ahyry. Gowusy, dostlugymyzy öňküsündenem berkideli. Baryş-gelişi kesmäli, oturyşyp turşaly. Gerek bolsa birek-birege hemaýat bereli.

Jemşit welesipedine atlandy-da aýaklaryny ýere diräp durşyna Mansura garap ajy ýylgyrdy.

-Men senden beýle hezzet-hormata garaşmaýardym, sag bol! Ýöne özüňiň oturyşyp-turşup ýören ülpetleriň bilen bolyber. Meniňem özüme laýyk dost-ýarym bardyr. Hemaýat meselesine gezek gelse-hä, görýän welin, sen häzirlikçe hiç hili hemaýata-da, kömegede, mätäç däl ýaly.

Mansuryň ýüzi gamaşdy, Jemşide sözüni soňlamaga maý bermedi:

-Has dogrusy, meniň entek hiç-hili öwüt-nesihata-da mätäçligim ýok! Sen bolsaň….

Bu gezek Jemşit onuň sözüni kesdi:

-Bagyşlarsyň, men saňa öwüt-nesihat etmekçi däl. Dogrusyny aýtsam, ýaňy-ýakynda bir adam maňa: “Sen birwagtlar Mansuryň ýakyn dostudyň, seniň maslahatyňa onuň gulak gabartmagy mümkin. Ony dogry ýola salmak gerek” diýdi Men bolsa oňa “Öz bähbidinden başga zat gözüne ilmeýän adama nesihat berýän adamyň özi nesihata mätäçdir” diýen köneleriň dana sözüni eşitmänmidiňiz? diýip jogap berdim.

Bu sözler Mansuryň hasam gaharyny getirdi.

-Hm, bolýa-da, gardaş. Sen elmidama-da özüňi menden akyllyrak saýadyň, henizem şol pikiriňi üýtgetmänsiň. Hany, göreli bakaly, şu bolşuň bilen nirä ýeterkäň? Ýöne bir zady unutma, wagty gelende, sen meniň bilen başgaça gürleşmeli bolarsyň!

Jemşidiň gaşlary kinaýaly ýazyldy:

-Ine, munyň bolýa, şun-a örän dogry aýtdyň! Eger-de şeýle wagt geläýse, belki seň bilen başgaçarak gürleşerin - diýip, welesipediniň pedalyny batly basyp gitdi. Mansur hem "wolgasyna" münüp, gaharyny maşyndan çykarjak bolýan ýaly gapysyny gütledip ýapdy-da, motory otlap, gazy şeýle bir batly basdy welin, maşyn duran ýerinden güýçli depilen pökgi ýaly atylyp gitdi. Jemşidiň deňinden dazlap geçen maşynyň ýelgini onuň ýüzine ýakymsyz uruldy. Şol gün günuzyn Mansuryň keýpine sogan dogralan ýaly boldy gezdi. Emma “Bir tukatlygyň bir şatlygy-da bar" diýleni çyn bolup çykdy. Şol gün bolup geçen garaşylmadyk bir waka onuň göwnüni göterip, keýpini kökledi.

Iş güni tamamlanypdy. Ol öýüne gitmekçi bolup, maşynyň gapysyny ýaňy açan mahaly edil gulaklarynyň agzynda:

-Mansur agamyzyň bu gün gaşlary çytyk görünýä-le? – diýen ýakymly ses ýaňlandy. Mansur degişmä meýli bolmany üçin ýüzüni turşardyp yzyna gaňryldy, görse ýanynda özüniň işleýän söwda bazasyna ýaňy-ýakynda fakturaçy bolup işe geçen gyz ýyljyraklap dur. Mansur entek onuň adyny-da bilmeýärdi. Onuň göreçleri gyzyň bir geňsi jadylaýjy ot ýanyp duran gözlerine kaklyşanda, täze oýnawaja gözi düşen çaga kimin ýyrş edenini duýman galdy. Emma ol gyzyň degişmesine bada-bat nähili jogap bermegiň ebeteýini tapmady-da:

-Ýoldaş bolsaňyz alyp gideýin – diýip oňaýdy.

Gyz Mansura syrly bir ýylgyryş bilen garady-da:

-Sag boluň. „Dilenip alnan hezzet dyzyňa çykmaz“ diýipdirler. Şeýle bolsa-da, özüňizden bilmäniňiz üçin, beýle hezzeti diläp almaly bolduk – diýip, näzli gyzlara mahsus bolan bir hereket bilen towlanjyrap maşynyň yzky gapysyny açyp, gaýym ýerleşip oturdy.

-Näme üçin öňünde oturmadyňyz? – diýip Mansur ikuçly sorag berdi.

Gyzam ýaýdanyp durmady.

-Sizi aljyratmaýyn diýdim – diýip, içýakgyç güldi.

„Bo-how, ýaman ýeserje gyz oguşýa, bu gyz“ diýip, Mansur içini gepletdi.

Maşyn ýola düşdi. Mansur yzyny görkezýän aýnany usullyk bilen gyza dogrulap goýup, gözüniň gytagy bilen ony synlap başlady. Onuň bu hilesini gyz şo bada syzan bolsa-da, bilmediksiräp, arkaýyn oturyberdi. Gyzyň süýt ýaly ak dury keşbiniň düzülişinde tebigat hiç bir ýalňyşlyga ýol goýmandyr. Şonuň üçinem bir garaýyşda: „Owadanja gyz eken“ diýip kimem bolsa ykrar etjekdi. Emma Mansur oňa gözüniň gytagyny birki gezek aýlanynda, onuň ýüzünde aýal-gyzlaryň gözelligine aýratyn bir nepislik bagyşlaýan nämedir bir zadyň etmeýändigini duýdy. Şeýle-de bolsa onuň uzyn peýkamlarynyň aşagyndan ot saçyp duran gözlerinde erkek adamy özüne maýyl ediji bir üýtgeşik güýç bardy.

„Wolga“ uly köçä çykyp, maşynlaryň umumy akymyna goşuldy.

-Sizi nirä eltmeli? – diýip, ertirden bäri dymyp oturan Mansur dillendi.

-Gorkmasaňyz öýüme – diýip, gyz jakgyldap güldi.

-Onuň ýaly bolsa, siziň üçin bir gezek batyrlyk edäýeris – diýip, Mansur gyzyň gülküsine goşuldy.

-Emma men öýüňizi bilmeýän, ýoly salgy berip oturyň.

Gyz birnäçe wagta çenli „saga“, "çepe" diýip, buýruk berip oturdy. Ahyrsoňunda ol şäheriň çetiräginde salnan iki gatly tamlardan biriniň öňüne ýetende: „Saklaň!“ diýdi. Mansur maşyny gapynyň öňünden iküç ädim bärräkde saklady. Maşyn saklanandan soň gyz derrew düşäýmedi, ol nämedir bir zady pikir edip, bir salym dymyp oturdy. Soňra çynlakaý äheňde:

-Hany, düşüň, hyzmat hakyňyz üçin bir käse çaý içip gidiň- diýdi.

-Sagja boluň, ýene bir gezek...

Gyz maşyndan düşüp geldi-de, Mansuryň gapysyny açdy.

-Ygtyýaryňyz, ýöne siziň ýeriňize men bolan bolsam, ýok diýmezdim – diýip ýeserlik bilen ýylgyrdy.

Mansur gyzyň köp zatlary wada berip lowurdaýan gözlerine nazary kaklyşandan maşyndan düşenini-de duýman galdy. Gyz ikinji gata bakan ugrady. Mansur onuň yzyna düşüp basgançaklardan göterilýärkä, ony nähilidir öz erkine bagly bolmadyk bir güýç çekip barýan ýalydy.

Gyz soňky basgançaklardan ýüwrüp çykdy-da, gapysyna howlukmaçlyk bilen açar sokdy. Gyzyň bu hereketlerini synlap duran Mansur, onuň gaty tolgunýandygyny aňdy, şeýle owadan maşgalanyň ýüreginde gozgalaň turuzanyna monça boldy. ol ähli zada bir eýýäm düşünenem bolsa, alňasap gapyny açyp bilmän duran gyzyň ýeňsesinden gelip bilkastlaýyn sorady.

-Men sizi ejesiniň töründe oturan gyzmyka diýsem, ýeke özüňiz ýaşaýan ekeniňiz-ä?

-Ejeňizi hasaba almanda häzir sizem ýeke ýaşaýaňyz-a.

-Tüweleme. Men hakda maglumat köküni toplana meňzeýäňiz.

Gapy açyldy, gyz ýeňillik bilen dem alyp, näzli jogap gaýtardy:

-Gereginden toplandyrys. Giriň bakaly.

Darajyk dälizden geçip, garşydaky otaga girenden Mansur töwerek-daşyna göz aýlady. Otag sadaja bezelenem bolsa, onda aýal maşgalanyň yhlasly elleriniň yzy duýulýardy.

-Oturyň, häzir çaý getireýin –diýip, gyz çalasynlyk bilen stoluň üstünde galan gap-gaçlary ýygnaşdyrmaga başlady. Mansur onuň hereketlerini synlap durşuna aýgytly bir karara geldi. Ol gyzyň iki elindenem tutup, ony emaý bilen özüne tarap öwürdi. Gyz ne çekinjeňlik etdi, ne-de ol hereketleri geň gördi. Mansur ýagdaýa doly göz ýetirip şeýle diýdi:

-Bu zatlary bir salym goýup duruň. Entek siz maňa adyňyzy-da aýdaňyzok – diýip onuň gözlerine ýiti seretdi.

-Bazaňyzda işläp başlanym bäri bir aýdanam köp wagt geçdi, siz bolsa henize çenli meň adymy-da bileňizok.

-Bagyşlaň, bazada işgärler köp, hemmesiniň adyny ýatda saklamak kyn düşýär.

-Onda ýatda saklajak bolsaňyz aýdaýaryn.

-Hökman saklaryn!

-Adym Şemşat.

-Şemşat diýsene – diýip, Mansur birden „sizden“ „sene“ geçdi-de –sen Şemşat däl-de, Şetdat ekeniň – diýdi.

Şemşat Mansuryň näme diýmekçi bolýanyna düşünenem bolsa, mönsürän bolup, çetde duran diwana barmagyny çommaltdy.

-Baryň-da, indi şol diwanda oturyň.

-Oturansoň näme iş edýäs?

-Näme iş ederis öýdýäňiz, çaý içeris-dä.

-Şomy bar bolany?

-Ýeri, eýsem göwnüňiz nämeleri küýseýär?

-Göwnüm gaty köp zatlary küýseýär, Şemşat jan...

Şemşat jykyrdap gülüp goýberdi:

-Işdäňiz ýaman däl öýdýän? Bolýa, buýruň. Myhmanyň göwni näme islese, öý eýesi şony etmäge borçly.

-Onda maňa seret – diýip, Mansur çynlakaý äheňde gürledi. – Şäherde meniň maşynymyň nomerini gaty köp adam bilýär, seniňem şu ýerde ýaşaýanyňy bilýänler az-küş däldir. Şonuň üçinem men maşyny öýde goýup, birneme garaňky gatyşansoň geläýsem, arkaýynja oturardyk. Nähili görýäň?

Şemşat uýaldymy ýa-da näzirgäp diýdimi garaz, ýüzüni bir gapdala sowdy-da:

-Ygtyýaryňyz – diýdi.

Mansur onuň elini hyjuwly gysyp çykyp gitdi. Ol gaýdyp gelende stoluň üstünde dürli-dümen nygmatlar, konýakdyr bulgurlar lowurdaşyp durdy. Tördäki krowatyň ýapynjasy aýrylyp, onuň üstünde gar ýaly ap-ak pododeýalnigiň içine salnan atlaz ýorganyň ortasy ojakdaky köz ýaly gyzaryp, gözüň ýagyny iýeýin diýýärdi.

Şemşadyň çeňňegine hakyky altyn balyk düşüpdi. Aradan köp wagt geçip-geçmänkä, onuň barmaklarynda altyn ýüzükler, gulaklarynda tylla syrgalar peýda boldy.

Mansur bolsa „wagtyňy hoş geçir,döwran ýoluksa“, diýleninden ugur alyp, Nurjemalyň aýdan şaryny ýene-de zor berip çişirmäge başlady. Emma ol şaryň ýarylmaly gününiň ýetip gelenini bilenokdy. Gaýtam şol gün onuň keýpi hemişekisindenem kökdi. Çünki şol gün oňa iki sany göwnüni göteriji zat garaşýardy: Birinjiden işiň ahyrynda Hojamgula artdyrylan harytlary berip, gepleşilen baha boýunça puluny almalydy. Hojamgulydan alynjak paçkaly pullar göz öňüne gelende onuň keýpi ýene-de göterilip, göwni joşýardy. Ikinjiden oňa şu agşamam Şemşadyň näzli garaýyşlary, gyrmyzy dodaklary garaşýardy. Emma ol şol gün özüne garaşýan üçünji bir zatdan bihabardy.

Iş güni ahyrlapdy. Mansurdan başga ammar müdirleri ammarlaryny gulplap gidipdiler. Ol bolsa Hojamgula garaşýardy. Hojamguly köp garaşdyrmady, edil belleşilen wagtda sary „Moskwiç“ gelip, ammaryñ agzyna direndi. Ondan düşen Hojamguly maýmyna mahsus bolan

çalasynlyk bilen maşynyň syrtyna geçip, bagažnigi açdy. Ýüküni tutan „Moskwiç“ Mansury-da alyp, bazadan çykdy.

Ähli ýerde işiň gutaran wagty bolany üçin köçede maşyn köpdi. Işden ýadap çykan adamlar öýlerine tizräk ýetip, dynç almaga howlugýardylar. Mansur bilen Hojamguly bolsa olardan beter howlugýardy. Şonuň üçinem sary „Moskwiç“ daz ýasap beýleki maşynlary kowup geçip barýardy. Emma bir çatrykda gyzyl swetofora dogry gelip, sary „Moskwiç“ saklanmaly boldy. şonda Hojamguly yzyndan gelýän „milisiýa“ diýen ýazgyly „Wolgany“ görüp galdy. Onuň ýüregine howsala düşdi:

-Mansur seret, yzymyzdan milisiýa gelýä-le – diýip, hüňürdedi.

-Baý senem gorkak bolupsyňow, Hojamguly aga. Ýöne geçip barýan maşyndyr-da – diýip, Mansur batyrlyk satan boldy. Mansur ýalňyşypdy. Ol ýöne geçip barýan maşyn däl ekeni. Çatyrykdan geçen badyna ol maşyn sary „Moskwiçi“ ýoluň gyrasyna gysyp çykaryp saklady.

Ine şeýdip Nurjemalyň sözi hak bolup çykdy: şar ýaryldy, dogrusy, partlady. Bu partlaýyşyň sarsgyny Mansury ýedi ýyllyk ýola zyňyp goýberdi.

***

Ine, häzir ol şol ýedi ýyllyk ýoly ädimme-ädim geçip gelýärdi. Tamburyň howasynyň dymyklygyndanmy ýa-da köp oýlanandanmy, Mansuryň başy daş asylan ýaly agyrlaşyp, agyrmaga başlady. Arassa howadan dem almak üçin aýnany açmakçy bolup synanýarka, prowodnik öz jaýyndan çykyp, oňa başdan-aýak şübheli nazar taşlady-da:

-Bimahal çak näme işläp ýörsüň? Ýatyp uklasaň bolmaýamy! – diýdi. Mansur hiç zat diýmezden, oňa müýnli garady-da, wagonyň içine girip ýerinde süýndi. Hany gözüne uky gelse. Ol her hili oýlaryň girdabynda tolgunyp ýatyrka, otlynyň tigirleri birsyhly „takyrryky-tark“ diýip seslenýärdi, göýä oňa: „Nirä barýaň, kimiň ýanyna?“ diýen soragy gaýtalaýan ýaly duýulýardy.

Dogrudanam, ol nirä, kimiň ýanyna barýardy? Önüp ösen şäherinemi? Hawa. Onda kimiň ýanyna? Onuň gelenine kim begenerkä? Hiç kim! Enesi bolsa ýalňyz oglunyň yzynda ýanyp-köýüp ölüp gidipdi. Jaýlary hökümet haýryna geçirilipdi. Daýysynam onuň yzy-süre ýygnadylar.

Nurjemalam...

Ýok. Nurjemaldan entek umydy üzülmändi. Nirede-de bolsa, ony Mansur gözläp tapjakdy. Baryp, günäsini ötmegi sorajakdy. Ol diňe Nurjemal üçinem şu taraplara gelýärdi. Çünki onuň şundan soňky durmuş ýoluny ýagtyldyp biljek ýalňyz şamçyragy şudy...

Daňa golaý Mansury uky basmarlady. Onuň uky basmarlan beýnisinde Nurjemalyň keşbi duman içinde ýüzüp ýören guş dek esli wagta çenli gaýyp aýlandy ýördi, aýlandy ýördi.

Mansury çagalaryň şadyýan gykylygy oýatdy. Ol gözlerini açanda, wagonyň äpişgesinden güneş garap durdy.

Mansuryň garşysyndaky polkada otuz ýaşlar çemesindäki bir gelin, onuň ýanynda alty-ýedi ýaşlaryndaky bir gyzjagaz, ýene bir kiçijik oglanjyk oturdy. (Olar otla daňdanlar münen bolsa gerek).

Ol gelin çagalryny köşeşdirjek bolýardy:

-Gygyrşyp, ana ol adamam oýatdyňyz – diýip çagalryna käýindi.

Mansur bolsa biparhsyrady:

-Zyýany ýok – diýdi-de, turup oturdy. Şonda Mansuryň gözi oglanjygyň elindäki rezin şara düşüp, bir zatlary ýatlap, allaniçigsi boldy.

Çagalar ol „zyýany ýok“ diýensoň ýene-de oýna başladylar. Oglanjyk şaryň agzyna dodaklaryny goýup, üflemäge başlady. Gyzjagaz bolsa:

-Ýararsyň, indi üfleme! – diýip, çyr-çytyr bolup, onuň elinden şary almaga çalyşdy. Oglanjyk şardan dodagyny aýyryp:

-Degme! Ýarylmaýar ol – diýip, gyzjagazy itekläp goýberdi-de, ýene üflemäge başlady. Birmahal şar „tars“ edip ýaryldy.Keýpi gaçan oglanjyk elindäki şara garap durdy-da aglap goýberdi.

-Özüň ýarybam nämä aglaýaň? – diýip, gelin çagany köşeşdirmek üçin kiçijik çemodandan bir gysym şokolad alyp, onuň eline tutdurdy. Çaga derrew köşeşip, ýylgyrjaklap töweregine göz gezdirdi. Onuň gözleri özüne täsin bir garaýyş bilen seredip oturan Mansuryň gözlerine kaklyşdy. Bu garaýyşyň manysyna düşünibilmän, çaga ondan gözlerini aýyrmady. Ahyram bu garaýyşda içgin bir duýgudaşlygyň barlygyny aňlan şekilli elindäki konfetleriň birini Mansura uzadyp:

- Me, alyň – diýdi.

Mansur aljagyny-da, almajagyny-da bilmän, oňaýsyz ýagdaýda ýylgyrdy.

Gelin:

- Alyň, çaganyň badyny gaýtarmaň – diýdi. Mansur konfeti alýarka, ojagaz oglana minetdarlyk bildirmek üçin „şaryň hiç haçan ýarylmasyn, jigim“ diýmekçidi. Emma bu gepiň manysyna özünden başganyň düşünmejegini aňyp:

-Berekella, bagtly bol – diýip oňaýdy. Çaganyň ýüzi açylyp, onuň bilen gepleşesi geldi. Ol:

-Bagtly bolanda nähili bolýar, daýy? – diýdi. Mansur aljyrap çaga näme jogap berjegini-de bilmedi. „Bagtly bolsaň, maşynyň bolýar, öýünde her hili gowy zatlaryň köp bolýar“ diýsinmi, ýeri näme diýsin?! Ol biraz wagtlap näme diýerini bilmän, dilini dişläp durdy.

Ahyrsoňy:

-Gowy bolýa, örän oňat bolýa-da – diýdi, şeýle ýönekeýje jogap tapanyna begendi. Bu jogap çagany kanagatlandyrmak bolara çemeli, ol

gözlerini petredip durşuna:

-Bagtyň özi nirede bolýar-a? – diýip sorady.

Mansur indi çyny bilen aljyraňňy ýagdaýa düşdi. Bu sowala-da onuň taýyn jogaby ýokdy, ahyry. Bagt nirede bolýa diýsin? Asmanda ýa-da ýerde diýsinmi? Şäherde ýa-da obada diýsinmi? Ýa-da bagt diýeniň bir

guş, gaýypdan gelip barşyňa gonýar. Eger eliňdäki şaryň ýarylsa, ürküp, uçup gidýär diýsinmi? Näme diýsin?!

Şu mahal olaryň sözlerine bar ünsüni berip, ol gelniň dyzyna söýenip oturan gyzjagaz hiç kimiň çözübilmedik soragyny özi jogap tapan dek ýüzi açylyp gitdi. Ol şaňňyja sesi bilen:

-Şonam bileňokmy? Bagt diýen adamyň içinde bolýar-da – diýdi.

Mansur bu söze ýylgyrsa-da, çaganyň  sadaja düşünjesiniň aşagynda hakykatyň ýatandygyny ykrar etmeli boldy.

-Hawa jigijigim ol dogry aýtdy!- diýdi.

Soň ara dymyşlyk aralaşdy.

İkindinara otly haýkyryp şähere ýetip geldi. Mansur hemmeden öňürti goşhaltasyny egnine atyp, düşmek bilen boldy. Onuň kalbynda bir düşnüksiz galagopluk döräp, ynjalygyny gaçyrýardy. Otlynyň togtamagy bilen perronda duran mähelle wagonlara bakan akyp ugrady. Mansur gözleriniň ygtyýarsyz bakyşyndan kimidir agtarýanlygyny duýup, öz hantamalygyna içinden güldi. Ony garşy almak üçin kim çyksyn ahyry?!

Ol wagondan böküp düşdi-de, bu ýerdäki garşylamak, ugratmak dessuryndan bukulýan dek tiz-tizden ýöräp gitdi.

Mansur awtobusa-da münmän önüp-ösen şäheriniň köçelerinden pyýadalap ugranda, çagalygyndan  tanyş binalar, görnüşler gözüne has-da yssy basyldy. Emma ol olara näçe yssy mähir bilen garasa-da, olar welin muňa ýat garaýyş bilen biperwaý seredişýän ýalydy.

Mansur aňyrdan niýet edip gelýän myhmanhanasyna bardy. Ýazuw-çyzuw işlerini gutaryşdyryp, nobatçy oňa oňatja ýerden bir jaý görkezdi. Ol äpişgäniň öňünde duran stulda oturyp, sigaret otlandy. Hamana diýersiň, häzir hiç zat barada oýlanmaýan, hiç zadyň aladasyny etmeýän ýalydy. Onuň oýu-da, gaýgysy-da hetdenaşa sarp edilip, gutarana meňzeýärdi. Ýöne öz önüp-ösen şäherinde özüni sergazdan ýaly syzyp, myhmanhanada oturmagy oňa diýseň agyr degýärdi. Ol ýadawdy, jysmany däl, ruhan ýadawdy. Şonuň üçin bu gün gem-dynjyny alyp, ertirden başlabam Nurjemalyň soragyna çykmagy karar etdi. Ol ajyganyny duýup, myhmanhananyň restoranyna bardy. Restoranyň içi adamdan bireýýäm dolupdy. Adamlaryň açyk gürrüňleri, şowhunly gülküsi Mansuryň ýüregindäki düwni biraz ýumşadan ýaly boldy. Ol çeträkdäki boş erleriň birine baryp oturdy-da tagamlaryň atlaryny gözden geçirmäge başlady. Şol wagt onuň gulagyna bir serhoşyň şaňňy sesi eşidildi.

-...Şeýle, inim, patyşa ýaly ýaşamagy başarsaň, şa bolmagyň hajaty ýok.

Mansur ýylan çakan ýaly tisginip, ses çykýan taýa seretdi. Onuň gapdaljygyndaky stolda iki adam otyrdy. Olaryň biri ýaňy ýigrimi bäşlerine giren uzynak görmegeý ýigitdi, ikinjisi semizliginden ýaňa alkymlary sallanyp ýatan orta ýaşly adamdy. Mansur oňa ganym duşmanyny gören ýaly alarlyp seretdi.

Ol Mansura bütinleý nätanyş bolsa-da, onuň nämesidir Mansura ozaldan tanyşdy. Dogrusy, bu adamyň edim-gylymy daýysyny ýatlatmanam duranokdy.

-Bu dana sözleri unutma – diýip, ol semiz adam sözüni dowam etdirýärdi. – Durmuş diýleni şeýle. Ýoluny tapsaň, döwran sürersiň, tapmasaňam jebrini görersiň...

Uzynak ýigit hem, Mansuryň bir wagtky bolşy dek, beg ýaly ýaşamak ýoluny gözläp ýören bolsa gerek, ýoldaşynyň gürrüňini höwes bilen diňleýärdi.

-Meniň aýdanymyň galady bolmaz, saňa ters ýoly berjek gümanym barmy? – diýip, ol semiz adam ýene gep nokatlaýardy. – Ýagşy diýiber, ýitirjek zadyň näme?

„Ýitirjek zadyň näme?!“ Bu söz Mansuryň kalbynda eýmenç ýaňlanyp gaýtalandy. Bu ýigit şu geplere uýup, nämeleri ýitirjegini bir bilsedi! Mansur erbet bir zada gözi düşen dek, ugry gaçyp, işdäsi tutuldy.

Ol jenaýata güwä bolmakdan çekinen ýaly, basym turup gitdi. Ol indi haýsy ýere baryp göwün açmak, naharlanmak mümkinçiligini oýlap, myhmanhananyň öňünde garalyp durdy. Dogrusy, häzir onuň ýüregi nämänidir isleýärdi, bu islegiň hem oňa bu gün gijesi bilen uky bermejekdigem hakdy.

Bu nähili isleg?

Mansur özündäki bu duýgynyň nämedigini anyklamaga çalyşdy. Kalbyny gaplap alan bu duýgy durmuş gözýetiminiñ öňüni bekläp duran perdäni ýyrtyp taşlamak, onuň aňyrsynda näme bardygyny tizräk görmek islegidi. Onuň üçin häzir bu meseläniň bir ujy baryp Nurjemala direlipdi. Diýmek, häziriň özünde Nurjemalyň gözlegine çykmak gerek. Eger ony yzlap tapmasa, onuň geçirimli, mylaýym gözlerine bakyp, aýagynyň astynda durmuş esasynyň barlygyna anyk göz ýetirmese, Mansuryň göwni takat tapjak däldi.

Ol karara öwrülen pikirleri bilen gümra bolup, şäheriň gündogar çetine gatnaýan awtobusa nähili müneninem duýman galdy. Ol awtobusdan düşüp seretse, şäheriň bu tarapy tanar ýaly däldi, özgerip gidipdir. Ýöne Nurjemallaryň obasyna eltýän uly ýola gözi düşen bada tanap, ýüregi jigläp gitdi. Bu ýol, göwnüne bolmasa ony durmuşuñ gujagyna göni alyp barýan

ýeke-täk ýoldy.

Ýagyş ýagjakdygy bildirip durdy. Mansur oňa ähmiýet bermän, tiz-tiz ýöräp barýardy. „Şu ýöriş bilen gitsem, üç sagada bararyn. Eger bagtyma maşyn-saşyn sataşaýsa-ha işimiň oňdugy“ diýip oýlanýardy. Bir haýukdan yzyndan kuzuwy ýükli bir maşyn ýetdi. Mansur şatlandy. Dazlap gelýän maşyn derrew ýakynlaşdy. Mansur iki elinem deňine göterip ony duruzmaga synanyşdy. Maşyn Mansuryň deňinden biraz ötüp togtady. Kabinadan:

-Halypa, nirä barýaňyz? – diýen şadyýan ses eşidildi.

Mansur barjak obasynyň adyny aýtdy.

-Ýoldaş ekenik, münüň! – diýdi.

Mansur kabina mündi. Sürüji ýigit Mansur bilen deňräk bardy. Onuň ýüzünde ýakymly şatlyk alamatlary oýnap durdy. Onuň gözlerine Mansur dykgat bilen seredýärkä, otludaky kiçijik gyzyň
„Bagt adamyň içinde bolýar-da“ diýen sözlerini ýatlatdy. Mansur „Bu içinde uly bagty bar adam bolmaga çemeli, onuň bagty gözlerinde-de balgyldap dur“ diýip oýlandy. Şol wagt Mansur kabina oturdylan aýnada öz gözlerini görüp, ýüregi içinden sogrulan ýaly bolup gitdi. Ýoldaşynyň gözleri bilen onuň gözleriniň arasyndaky tapawut baýlyk bilen gedaýlyk arasyndaky ýaly.

Mansur aýnada öz keşbini görýärkä gussadan doly gözleri bilen üstündäki nähili reňkdedigi hem bilinmeýän köne kostýumynyň arasyndan nähili-de bolsa, bir umumy meňzeşlik tapdy. Şonda ol özüni bagtly hasaplan günlerini, gymmat bahaly kostýumlar geýip, öz maşynynda ýören wagtlaryny ýatlady. Onuň maşynynda-da hut şeýle aýna bardy. Maşynda gezelenç eden wagtlarynda ol her mahal şu aýna bakyp, özüne tomaşa ederdi. Şol wagtlardaky özüniň tutuş görnüşi, kaddy-kamaty, ýüz keşbi häzir hem onuň göz öňünde. Ýöne şol wagtlar onuň gözlerinde bu ýigidiňki ýaly bagt uçgunlary beri barmydy! Mansur muny hakydasyna getirmekçi bolanynda uly bir hakykatyň üstüni açdy. Şol döwürde-de onuň gözlerindäki uçganaklaýan bagt alamatlary dälde-de, ýasama buýsanç bilen gorky uçgunlarydy. Hakykatdan-da bu gorky duýgusy bagtyň ornuna onuň içinde mekan edinipdi. Gijelerine goňşularynyň gapysy gatyrak kakylsa-da, ol birhili howsala düşüp oýanýardy. Köçe-pöçede iki adam oňa garap özara gürleşip duranam bolsa, näme üçindir tisginerdi. Gysgasy, bu iç hümletmelere ýol bermezlige çalşyp, durmuş şerbetini has-da goýurak edip, içmek üçin, bezeg, zynatlar ugrunda hars urdy. Ýöne göze yşnakly görnen bu zatlar bagt lezzeti ýaly duýulmaýardy. Diýmek, ol şol mahallaram bagtly bolman eken-dä! Arman! Bu hakykata ol öz wagtynda düşünmedi.Masur hyýal derýasyna çümüp otuşyna gün ýaşyp garaňky düşüp ugranyny-da duýmandyr.

Sürüji maşyny uly ýoldan gapdala sowdy. Mansur oňa soragly nazar bilen garady, sürüji bolsa:

-Şu ýerde, daýzamlarda meniň aýalym bar, şonam alyp öteli – diýip, sowulmagynyň sebäbini oňa düşündirdi, Mansur başyny bir atyp, ýene-de öz hyýallaryna gark boldy.

Maşyn egrem-bugram ýollardan biraz ýöränsoň, bir öýüň öňünde togtady. Sürüji maşyndan düşdi-de:

-Halypa, isleseňiz bir käse çaý içip gideli – diýdi.

Mansur:

-Giçden soň öý eýelerini azara goýmasak gowy bolardy – diýdi.

-Gözel göwnüňiz, onda men aýdyp çykaýyn – diýdi-de, sürüji içeri girip gitdi. Biraz wagtdan soň jaýyň işigi açylyp, dälizden kempiriň "Bally, gelniňi tiz-tiz getirip durgyn. Hoş-Hoş!“ diýen sesi eşidildi. Soňra sürüji ýigit bir aýaly tirkäp çykyp:

-Halypa, şu-da ortada otursyn – diýdi-de, özi kuzowa ildirilip goýlan bedräni alyp, maşyna suw guýmak üçin ýigrimi ädimlik aňyrdaky salma baka gitdi.

Ine, şonda garaşylmadyk bir waka ýüze çykdy.

Mansur kabinanyň gapysyny açanda, garşysyndaky aýal birden:

-Waý!..-diýip tisgindi. Mansur oňa dikanlap seretdi. Kabinadaky çyranyň yşygy garşysynda duran Nurjemalyň agaryp giden ýüzüni aýdyň görmäge mümkinçilik berýärdi. Mansur hemme zada düşündi-de, üstünden gaýnag suw guýlan ýaly bolup, bedeni lowlap gitdi. Şol arada kempir gelip, gaýtadan hoşlaşmaga durdy. Soň Nurjemalyň adamsy gelip, aýalyny ýerleşdirdi-de, maşyny otlap ugramak bilen boldy.

Maşyn ýola düşdi. Nurjemal bolsa ortada Mansura hiç ýerini galtaşdyrmazlyga jan edip, ärine gysmyljyrap oturdy.

Güýçli urgynyň agyrysynyň dura-bara syzylyşy dek, bu rehimsiz jezanyň hem zäheri Mansuryň ýüregini para-para edip başlapdy. Ýöne syr bildirmezlige salyp, ähli gussasyny ýuwudyp geplemän otyrdy. "Näzir

Nurjemal nämeleri oýlaýarka? Kalbynda nähili duýgular peýda bolduka? Garaşmadygyna gynanýarmyka?“ diýen ýaly soraglar onuň beýnisine süri-süri bolup gelip geçýärdi. Maşyn uly ýola çykansoň, ýol birneme önüp ugrady. Birden Mansuryň kellesine: men indi nirä barýaryn? diýen pikir gelip, hanjar dek gezeldi. Emma geçmişiniň ýeke-täk hakyky bezegi bolan, indi bolsa bütinleý ýat bolup giden bu aýalyň ýanynda az salymam bolsa-da, galasy gelýärdi. Häzir ol Nurjemaly garalajagynam, aklajagynam bilenokdy. Emma ýüregindäki gahar-gazaby öz erkine goýberse, ol ony oňlulygyň üstünden alyp bararly däldi.

Öýländen bäri howany gaplap duran galyň bulut az-kem ýagyp, ýaňy dargamaga başlapdy. Aram-aram gök gürläp, asmanyň uzak ýerlerinde

ýyldyrym çakýardy. Üç kişiniň arasyndaky agyr ümsümligiň syryndan bihabar oturan sürüji ýigit gürrüň açmaga çalyşyp:

-Şu günleriň buludyna hiç ynanar ýaly däl. Galyňlygyna seredip, suw-sil edip gidiberermikä diýseň, birden dyr pytrak bolup dargyýa gidiberýär.

Bir görseň, ýok ýerden peýda bolup, agyp başlaýar-diýdi. Bu sözler Mansury ynjalykdan gaçyrdy. Ol içini sowatmaga meýil etdi.

-Hawa, bulut diýeni şeýle durnuksyz bolýar. Haýsy tarapdan şemal güýçlüräk öwüsse, şonuň ugry bilen ygyberýär.

Bu sözleriň bulut hakda aýdylmandygyna düşünip oturan Nurjemal çydap bilmedi.

-Bagyşlaň, ol  asla beýle däl. Nähak ýere buluda aýyp ýöňkeýärsiňiz!..

Mansur içini ýaryp barýan duýgusyny syzdyrmazlyk üçin ýuwaşlyk bilen:

-Siz bulut hakda şeýle oýlanýarsyňyzmy?- diýip sorady.

-Men häzir bulut hakda däl-de, asmanyň aňry burçynda çakyp giden ýyldyrym hakda oýlanýaryn. Ony, ine, bu uç-gyraksyz ýyldyzlar bilen deňeşdirýärin.

Sürüji ýigit aýaly bilen bu nätanyş adamyň arasyndaky täsin gürrüňe biraz geňirgendi. Ýöne bu gürrüňiň aňyrsynda basyrylgy ýatan syr bardyr diýip pikir hem edenokdy. Nurjemal bilen Mansur bolsa içki galagoplygyň täsiri bilen ony unudana meňzeýärdiler. Mansur Nurjemalyň nämäni nazarda tutýanyny hem anyk düşünmän:

-Ýyldyrymyň nämesi barada oýlanýarsyňyz? – diýdi.

Nurjemal:

-Ýyldyrym ýekeje gezek ýaldyrap görünjek diýip, derrew öçüp gidýär. Ýyldyzlara bir serediň, olar ýyldyrym ýaly gözüňi gamaşdyryjy ýalpyldap görünmeseler-de, her haýsy bir tüýsli ýagtylanyp dur. Olar ömür boýy şol durkyny saklaýarlar. Siz häzir buludyň ötegçiligi hakda aýtdyňyz, gaýtam, siz ýyldyzlar bilen ýyldyrym meselesine köpüräk pikir beriň. Olaryň haýsy ötegçi?

Mansur ulumsylyk bilen:

-Men bular barada oýlanandyryn – diýdi. – Emma siz ýyldyrymy bir çakyp öçýär diýip, nädogry düşünýän ekeniňiz. Ol asmanyň bu çetinden bir çakyp öçeni bilenem aňyrky çetine baranda öňküdenem güýçliräk çaknaýandyr.

Nurjemal:

-Barybir ýene öçüp gidýä-de,  bu onuň üçin kanun- diýdi.

Mansur näme diýjegini bilmän, dilini dişledi galdy. Hawa, bu ýyldyrym üçin kanun. Ol muňa ýagşy düşünen bolsa-da soňky sözüni buýsanjaňlyk bilen aýdypdy. Sürüji ýigit aýalynyň bu täsin çekişmede ýeňenine buýsanyp:

-Biziň keyweni kä ýarym şunuñ ýaly pelsepeli gürrüňleri ýagşy görýär- diýip goýberdi.

Nurjemal dikelip oturmakdan ýadan bolmaga çemeli, arkan gaýşyp köpjege söýendi. Şonda Mansuryň gözi onuň biraz güberlip duran garnyna düşüp, ýüregine köz basylan ýaly boldy. Bu zat oňa hälki gürrüňlerden on esse erbet täsir etdi. Gabanjaňlyga meňzeş bir ýowuz duýgy onuň içinde ýylan bolup towlanmaga başlady. Birden onuň beýnisine bir kölegeli pikir şuwlap indi. Maşyn bolsa tekiz ýolda okdurulyp barýar. Ýoluň çep tarapy jarlyk. Rula ýapyşaga-da bir bursa, wessalam! Şeýdip ol özüni durmuşa baglap duran iň soňky umydyny çym-pytrak eden bu adamlardan hem öj aljakdy, ýürek bagryny gemirip barýan içki azaplaryndan hem gutuljakdy. Beýnisinde nokat bolup dörän bu pikir ulaldygy saýyn ýüregi tarsyldap urmaga başlady. Ýöne bir ýagşysy, onuň bu ýowuz niýetiniň ýoluny beklär ýaly güýji bar eken. Ol birden:

-Sakla şu ýerde! – diýip gygyranyny hem bilmän galdy.

Aňk-taňk bolan sürüji birden tormozy basdy. Ol:

-Näme boldy - haw! – diýdi.

Mansur gapyny jarka açyp, böküp düşdi-de sandyrawuk ses bilen:

-Sag boluň!.. Bu ýanyna özüm giderin – diýdi. Sürüji bu adamyň şübheli hereketini aňyp, ondan tizräk gutulanyny kem görmedi gerek, hiç zat diýmezden sürdi gitdi.

Mansur garaňky gijede ýeke galdy.

Indi näme etmeli?

Bu sorag onuň öňünde ikinji gezek goýulýardy.

Birinji gezek bu sowal onuň öňünde tehnikumy gutaryp, buhgalteriň kömekçisi bolup işläp başlanynda, alýan aýlygy bilen hyýalyndaky zynatly durmuş hözürini görüp bilmejek bolup gynanan wagtynda goýulypdy. Gepiň tümmek ýeri, şol wagt bu sowaly öz öňünde özi goýupdy. Indi bolsa bu sowaly durmuşyň özi getirip, onuň öňünde goýdy.

Bir mahaldan ýoluň sag tarapyndaky elli ädim aralykda towlanyp akyp ýatan uly  ýaba gözi düşdi-de, beýnisine gelen pikirden özem gorkup gitdi. Emma nähilidir bir gara güýç ony ýap tarapa  itekläp alyp barýardy. Ol ýabyň boýuna gelip aýak çekdi. Suw sessiz-üýnsiz, emma batly akýardy. Ýabyň ululygy tiz akyşy gijäniň garaňkysynda örän elhenç görünýärdi.

Ýapdan gözüni aýyrman duran Mansur birden tapdan düşdi-de, aýak astyndaky gök otuň üstünde süýndi. Onuň kalby beýnisi haňkaryp galan köne haraba dek gugaryp durdy. Bu harabalykdan: „Näme ýatdyň? Bol tiziräk , tijen ahyry!“ diýen ses eşidilen ýaly boldy.

Şol mahal ýabyň aňyrsyndan traktoryň gürrüldisi, adamlaryň gygyryp gepleşýän sesleri eşidildi. Ol: „güýz sürüm, adamlar gijelerine-de durmuş zerurlyklaryna ulaşýarlar“ diýip oýlady.

Traktoryň sesi daşlaşdy, peseldi, adamlaryň birisi bir zat diýdi, beýlekisi şeýle bir jak-jaklap güldi weli, muňa Mansuryň ini jümşüldäp gitdi. Hamana, ol gülki janly zat ýaly onuň üstünden uçyp geçdi.

„Gülki, gör nähili ajaýyp zad-a! Ol ynsanyň ähli şatlyklarynyň jarçysy... Ýok ýaşamak gerek! Özüm hiç wagt şeýle gülübilmesemem, şular ýaly gülküleri eşidip gezmek üçin beri ýaşaýyn!“

Mansur şu pikirler bilen ýerinden turup gitdi.

Gök ýüzüni gaplap, häkimlik satyp duran bulutlar daňa golaý dargaşyp, nirädir zym-zyýat boldular. Asman giňişligi oňat arassalanan çüýşe ýaly ajaýyp görnüş aldy.

Daň tilkiguýruk bolanda, Mansur şähere golaýlady. Ol gijesi bilen paýy ýyýada ýol ýöränem bolsa, özünde ýadawlyk syzanokdy. Ol ölüm penjesinden gaçyp gutulan dek tolgunýardy.

Ynsan balasy agyr pursatlarda ýakyn hossaryny, mähriban adamyny ýatlaýar. Janymyz agyranda, ruhy taýdan ejir çekenimizde „ Eie jan“ diýip seslenmegimiz hem şondan bolsa gerek. Häzir Mansuryň hem içinde „Eje jan! Men indi näme iş etmeli?! Aýatda sen diri bolanda maňa ýol salgy bererdiň, ahbetdin!“ diýen nala ýaňlanýardy. Bu nala ony şäheriň çetindäki gonamçylyga alyp bardy.

Gonamçylyk! Bir giden meýdany tutup ýatan tümmek-tümmek mazarlar  bir eýesiz şäheri ýatladýardy. Daňdanyň salkyn we arassa howasynda bu ýer adamyň gözüne has sowuk görünýärdi, inini tikenekledýärdi, ömür diýilýän zadyň wagtlaýyndygyna, ölümiň gutulgysyz netijedigine ynandyrýardy.

Mansur öz eli bilen jaýlamadyk ejesiniň mazaryny bu giden gonamçylykdan nädip tapjagyny bilmän daş-töweregine garanjaklap durşuna bir wagtlar Magtymgulydan okan setirlerini ýatlady:

Gör nä ärler ýatyr munda güm bolup,
Sen dünýäni tutajaksyň kim bolup!

Gurşun ýaly saldamly bu sözleriň düýp manysyna Mansur diňe häzir düşünen ýaly boldy. Şol wagt onuň ýeňsesinden bir şygyrdy eşidildi. Ol tisginip, yzyna öwrüldi. Görse, garşysynda saçy- sakgally çuw ak bir garry ýaý ýaly egrelip durdy.  Mansur onuň gonamçylygyň müjewiridigini aňdy, salam berdi. Garry başyny atyp, salamy alansoň, sandyrawuk inçe ses bilen habar sorady:

- Oglum, beýle bimahal näme işläp ýörsiň?

Mansur birbada näme diýjegini bilmän ýaýdandy. Eger diýse diýere zat kändi. Bu dünýäniň ähli al-aladasyny terk edip, gonamçylygy özüne mesgen edinen bu garra içini dökse döküp oturmalydy. Emma ol öz derdine bu terki dünýä adamy şärik edip, oturmagyň geregi ýokdugyna göz ýetirdi. Gonamçylyga gelmeginiň sebäbini aýtmak bilen çäklendi.

-Meniň ejem şu ýerde bolmaly, ýöne men onuň mazarynyň nirededigini bilemok. Belki-de siz kömek edersiňiz.

Müjewür oňa manysyz nazary bilen dowamly seretdi, soňra:

-Ejeň kimlerden bolmaly? Haçanyrak jaýlanan? – diýip sorady. Mansur ikirjiňläp jogap berdi:

-Ejem... Halyl Haýdar diýip eşiden bolsaňyz, ejem şonuň dogany bolmaly. Jaýlananyna –da bäş ýyla golaýlady.

Müjewür çu ak ösgün gaşlaryny sypalap durşuna:

-Halyl Haýdar, Halyl Haýdar- diýip, gaýtalady- ýok, ýadyma düşenok oglum. Ýogsam, sen näme üçin ejeňiň mazaryny bäş ýyldan soň idäp ýörsiň? Öň niredediň, oglum?

Mansur geplemedi. Ol jogaba garaşýan müjewüriň ýüzüne-de seretmän gelen yzyna dolandy.

Mansur şähere gelip girende, köçelerde ýaňy hereket başlanypdy.

Ol tanyş köçelerden ötüp barýarka ýoly ýaşlygynyň iň bagtly döwri geçen ýeriniň üstünden düşdi.

Ine, Nurjemal bilen gol tutuşyp gezen tanyş ýodalary. Halha niçe duşuşyklaryň, niçe şirin posalaryň güwäsi bolan gadyrdan boýderek. Mansur derege ýakynlaşdygysaýy lowurdap duran gözleri onuň synasyndan nämedir bir zady agtarýardy. Geň galmaly zat, onuň agtarýan zady öz ýerinde ýokdy. Şonda onuň kellesine „Näçe ýyllar“ diýen pikir gelip, göreçleri derege ýarmaşyp, ýokary ýüwürdi.

Hol-ha, onuň agtarýan zady „ Nurjemal“ diýip oýulyp ýazylan ýazgy. Ýadyňyzda bolsa gerek, Nurjemal bilen Mansuryň söýgi-muhabbetiniň ilkinji sahypalary açylyp başlan wagtda şu deregiň ýanyndaky tapyşyklaryň birine Nurjemal gelmän galypdy. Şonda çüňker keýip bolan Mansur jübüsinden çakgysyny çykaryp, ýüregine söýgi tygy bilen ýazylan bu ady entek tyg düşmedik deregiň synasyna göçüripdi. Şeýdip birinji aýralygyň jebrini şärikleşip çekeni üçin derek oňa gadyrdan bolup galypdy.

Ol wagtlar ýazuw Mansuryň egni bilen barabardy. Häzir niçik? Indi Mansur oňa daraklygyna galyp, el uzatsa-da ýetip bilmedi. Ýyllar "Nurjemaly“ şeýle belentlige göterip, Mansury-da şunça aşakda galdyrypdy. Aslynda welin elýetmez belentlige göterilen zat diňe, Nurjemal atly söýgüli aýalyň ady bolman, durmuşdy, hut durmuşyň özüdi!

Mansur ysgyndan gaçyp derege söýendi. Ol şu durşuna öz ýüregine diň saldy. Onda ne arman, ne hasrat, ne-de şuňa meňzeş duýgy bardy. Häzir onuň içinde diňe güýçli ýer yranmasyndan soň bolýan elhenç bir asudalyga çalymdaş asudalyk höküm sürýärdi. Ol esli wagt şu ýerde duransoň, dünýädäki iň eziz zady bilen hoşlaşýan ýaly derege serede, serede ondan daşlaşyp gitdi.

Mansur birwagtlarky özüniň „Wolgaly“ gezýän köçeleriniň birinden

kellesini aşak salyp, gözlerini ýamaly botinkasyndan aýyrman, lapykeç halda ýöräp barýardy. Ol käwagt başyny göterip, töwerek-daşyna gamgyn nazaryny aýlaýardy. Onuň bu köçeden geçmänine ýedi-sekiz ýyla golaýlapdyr. Şu döwrüň içinde köp zatlar özgeripdir. Bir wagtlar köçäniň iki gapdalyndaky körpe nahallar indi saýa salyp oturan äpet daragytlara öwrülipdir. Öňki pesejik görmeksizje tamlaryň ýerinde iki, üç gatly owadan jaýlar peýda bolupdyr. Bu zatlaryň ählisine Mansur birhili müýnli seredýärdi. Göwnüne bolmasa, ol zatlaram Mansury geň görýän ýalydylar.

Mansur gaty ýadawdy. Ol aýaklarynda ysgyn galmanyny syzyp köçäň ugrundaky dynç alyş bagyna sowuldy. Ol kölegeräk ýer gözläp barşyna şaglap akyp ýatan bir salmanyň gyrasynda saklandy, özüni aşak goýberdi. Ol ýumşak çaýryň üstünde aýaklaryna dynç berip otyrka, beýnisinde ýene dürli oý-pikirler at salýardy. „Önüp-ösen şäherime-de gaýdyp geldim, emma bu ýerde maňa kim garaşýar, men kime gerek? Nurjemaldan bolsa umydym üzüldi. Ejem pahyr indi ýok. Ýakyn-ýatlarymdan ýene kimler barka? Şemşatmy? Şemşadyň indi meniň bilen „salam-helik“ edişmekjekdigem belli zat. Men oňa kisämiň pully, işimiň şowly wagtynda gerekdim. Indi ol meni başyna ýapsynmy?.“

Mansur şeýle oý-pikirler bilen gumra bolup otyrka, salmanyň aňyrky gyrasynda pyrlanyp aýlanyp duran girdaba gözi düşende, oňa seretdi galdy. Onuň ünsüni çeken zat girdabyň däl-de, oňa düşen bir çöpüň ahwalatydy. Girdap toruna düşen çöpi özi bilen bile pyrlandyryp aýlaýardy. Ol çöpi ýene bir azrak şeýle aýlandyransoň, ýuwdup goýberjegi ikuçly däldi. Ol çöp bilen girdabyň başa-baş söweşine seredýärkä, edil stadionda oturan futbol humarbazy dek bu söweşde çöpüň ýeňip çykmagyny tüýs ýürekden isleýärdi. Birdenem girdabyň aýlanmasy güýçlendi-de, çöpi ýuwutdy. Muňa Mansuryň ýüregi agzyndan çykara gelip, hamala girdap çöpi däl-de, onuň özüni ýuwdan ýaly boldy. Emma köp wagt geçmänkä çöp ýene suwuň ýüzüne galkyp çykdy. Mansur ýeňillik bilen dem aldy. „Indi sähelçe hereket etse, girdapdan gutulyp gidäýmegi mümkin“. Emma girdap Mansuryň göwnüni görenokdy. Ol çöpi birsalym ozalkysyndanam güýçlüräk pyrlandyrandan soň, bütinleý ýuwudyp goýberdi! Şonda Mansuryň beýnisinde bir pikir ýyldyrym dek çakyp gitdi-de zöwwe ýerinden galdy.

„Her niçikde bolsa, men çöp däl! Janly adam, ahyryn! Näme üçin men täzeden öz bagtymyň gözlegine çykmaly dälmişim?!“

Mansur şu pikiriň goltgy bermegi bilen göni wokzal tarapa ýöneldi. Ol tiz-tiz ädimläp barýarka, şu günüň özünde agşamky otly bilen Daşkende gitmeli diýen berk karara geldi.

Ýer titremesinden soň bu äpet şäher mertligiň hem-de janypkeşligiň mekdebine öwrülipdi. Ol ýere çyn ýürekden zähmet çekip, özleriniň doganlyk kömegini bermek üçin ähli ýerlerden barýan adamlaryň san-

sajagy ýokdy. Goý, olam şol gaýnap duran zähnet gazanyna düşüp, bişip çyksyn. Belki, onuňam bagty şol ýerdäki zähmet gujagynyň bir ýerinde ýatandyr. Mansury Daşkende itekleýän zat diňe şu pikir, şu umydam däldi. Ol ýerde onuň çagalyk dosty Jemşit bardy. Mansur tussagdaka-da Jemşidiň ähli işlerinden habarlydy. Daşkentde ýer titremesinden soň, ol şol ýerde başlanan umumyhalk gurluşygyna gidipdi. Häzirem Jemşit şol ýerdäki bir trestde başlyk bolup işleýärdi. Ýeri, indi ol Daşkende näme üçin gidip barýar?

Jemşitden hemaýat isläpmi? Mansur kalbynyň nirelerindedir ýaňlanýan bu soraglara şu pursatyň özünde jogap tapmaga ejiz gelýärdi. Nähilem bolsa, ol Daşkende baran badyna ilki Jemşit bilen duşuşmagy ýüregine düwdi.

Otly haş-haşlap Daşkent wokzalynda saklandy. Mansur bu şähere ozallaram iş bilen telim gezek gelipdi. Görküne gözüň gidýän köçelerdir baglarynda seýil edipdi. Indi bolsa onuň käýerlerde ýykylan, ýumrulan jaýlaryny görüp, Mansuryň ýüregi awady. Ol kä tramwaýda, kä pyýada ýöräp şähere aralaşyp barýarka, entek arassalanyp ýetişmedik harabalara gözi düşende, olar bilen öz kalbynyň arasynda nähilidir bir meňzeşlik bar ýaly duýdy.

Erte-birgün bu harabalar arassalanyp, olaryň ýerinde owadan-owadan ymaratlar bina ediler. Munuň şeýle boljagy şübhesiz. Emma harabalyga öwrülen göwün ýaňadandan abat bolup bilermikä?! Entek bu zat Mansura näbellidi...

Mansur günuzyn soraglap Jemşidiň ýolbaşçylyk edýän trestiniň jaýyny tapdy. Ol kabul ediş otagyna girende, başlygyň kabinetiniň gapysy çalaja açyk durdy. Şol aradan gelýän Jemşidiň sesini eşidip, Mansuryň ýüregi jigläp gitdi. Ol gapa ýakynlaşyp, gözüniň gytagy bilen içerik seretdi, Jemşit ullakan stoluň aňyrsynda oturyp, ýanyndaky iki adam bilen bir zatlar hakynda gürrüň edýärdi. Kabulhanada oturan kätip aýal bu adamyñ ilki özünden soraman başlygyñ otagynyñ gapysyndan jyklap duruşyna geñ galyp:

-Size kim gerek? – diýdi. Diñe şundan soñ Mansur kabul ediş jaýynda sekretar aýalyň oturandygyny görüp oña salam berdi. Soñra:

-Başlygyňyzyň ýanyna girmekçidim-diýdi.

-Onuň ýaly bolsa birsalym garaşyň, ýanyndakylar çyksyn, soň girersiňiz

Mansur hatara goýlan otugyçlaryñ birinde çekinjeňlik bilen oturdy. "Jemşit ony nähili garşy alarka? Ähli bolup geçen zatlary ýüzüne basyp, paralanan ýüregine duz sepäýermikä? Ýa-da..."

Mansuryň kellesinde at salýan bu pikirler soňlanmanka içerdäkiler gadyrly hoşlaşyp daş çykdylar. Mansur ýerinden galyp, gapa tarap

howlukdy. Ol içerik girip, gapyny ýapdy-da, sandyrawuk ses bilen:

-Mümkinmi? – diýdi.

Ol öz sesini tanamady. Gulagyna kesekiniňki ýaly bolup eşidildi.

Şol wagt oňa gözi düşen Jemşidiň kagyzlary ýygnaşdyrýan elleri stoluň üstünde ysmaza öwrülip doňup galdy.

-Bu.. Senmiň?..

-Hawa, men...

Mansur şu pursatda dostunyň tarsa ýerinden turup, özüniň öňünden çykmagyny, gujaklaşyp, mähirli görüşmegini isleýärdi. Emma Jemşit beýle etmedi. Ol agraslyk bilen ýerinden turup, stoluň aňyrsyndan elini uzatdy. Onuň bu bolşy Mansura gaty ýokuş degdi. Şeýle-de bolsa syr bildirmän, mähirli görüşip-soraşmakçy boldy, emma şol demde ýüreginde dörän duýgularyndan rüstem gelip bilmedi, dostunyň uzan elini sowuk-sala gysdy-da onuň garşysyndaky boş stula geçdi. Jemşit Mansuryň ýüzündäki ynjy alamatyny görüp, özüniň çendenaşa perwaýsyzlyk edenini aňdy, mylaýym söz bilen günäsini ýuwmaga çalyşdy.

-Sag-aman geldiňmi, Mansur... Bu ýerlere nädip düşdüň?!

Ullakan buz harsaňyny kiçijik şem çyra bilen eredip bolmaýşy ýaly, Mansuryň göwnündäki düwünem bujagaz mylaýym söz bilen ýazylarly däldi. Ol kineli gürledi.

-Sag bol. Duz nesibäni çöpläp gaýtdyk. Bu ýerik bolsa seniň bilen şol wadalaşan duşuşygymyz üçin geldim.

-Wadalaşan duşuşyk diýýämiň? Haçan wadalaşypdyk – diýip, Jemşit geňirgendi.

-Ýadyňdan çykypdyr öýdýän! Hawa-da, ýatdan çykar ýaly wagtam bolaýdy öýdýän. Ondan bäri ýedi-sekiz ýyl geçip gitdi.

-Näme diýmekçi bolýaň? Menä-ä hiç zada düşünemok.

-Häzir hemmesine düşünersiň. Seniň çyzgylaryňy welosipediňiň syrtyna daňyp, işe gatnaýan günleriň ýadyňdamy?

-Elbetde ýadymda.

-Şol günleriň birinde men seniň yzyňdan „Wolgaly“ kowup ýetipdim, şonda ikimiz ýol üstünde esli wagt durup gürleşipdik. Ýadyňa düşýämi?

-Hawa, hawa, ýöne näme hakda gürleşenimiz hakydama gelenok – diýip Jemşit aýtsa-da, şol wagtky bolup geçen ähli gep-gürrüňleriň şu günki ýaly ýadyndadygyna gözlerinde uçganaklaýan hilegärlik alamaty güwä geçip durdy.

-Onuň ýaly bolsa ýatladaýyn. Şol wagt sen özüňi häzirkidenem sowuk-salarak alyp barypdyň. Seniň bolşuňa gaharym gelip, men: „Şeýle bir wagt geler welin, şonda sen meň bilen başgaçarak äheňde gepleşmeli borsuň“ diýip aýdypdym.

-Ä-hä, indi ýadyma düşdi – diýip, Jemşit oňa dikanlap seretdi.

-Ýadyňa düşen bolsa, şonda sen maňa näme diýip aýdypdyň?

Jemşit birneme ýaýdanybrak jogap berdi.

-Menmi? „Eger şeýle wagt geläýse, belki-de, başgaçarak gürleşerin“ diýipdim öýdýän?

-Hawa, edil şeýle diýipdiň – Mansur uludan demini alyp, dowam etdi. – Ine, şol aýdylan pursatam geldi. Ýöne ol meniň isleýşim ýaly däl-de, seniň isleýşiň ýaly bolup geldi. Sebäbi, bu gezek men seniň alnyňa "Wolgaly“ däl, ýamaly botinkada geldim.

Mansur sözüni soňlap bilmedi, hamsykdy. Sözüniň dowamy hökmünde has köneleşen botinkasyny görkezmek üçin bir aýagyny ýokary galdyryp goýberdi.

Jemşit ony synlap otyrka, birwagtlar gymmat bahaly kostýumlar geýip, özüniň hususy „Wolgasynda“ gezýän bu gedem adamyň, indi naçar görnüşinde ejizläp oturyşyna ýüregi awady. Ol Mansuryň çökgün göwnüni götermekçi bolup ýerinden turdy, ýanyna baryp, alçaklyk bilen bir elini onuň egnine goýdy, mylaýym gürledi.

-Boljak iş bolup geçdi, Mansur. Durmuş saňa sapak beren bolsa gerek. Indi men saňa elimden geldiginden kömek etmäge taýyn.

-Sag bol! Men senden kömek sorap gelemok- diýip, Mansur birden kejine tutdy. – Özüm ýykyldym, özümem aýaga galjak bolup görerin, „özi ýykylan oglan aglamaz“ diýleni, öz ýolumy tapyp giderin.

-Ýollar dürli-dürli bolýandyr, Mansur – diýip, Jemşit agraslyk bilen gepledi. – Bilmedim, indi sen nähili ýol bilen giderkäň?

Mansur dostunyň sözüni-de soňlatman gyzyp başlady:

-Çem gelen ýol bilen giderin welin, nätsemem ozalky kaddyma ýeterin! Saňa, oňa, adamlara entek elimden nämeler gelýänini bir görkezerin! Islesem, ýene-de şarňyldap duran öýüm, maşynym, käbir agzy açyklaryň düýşüne-de girmeýän näzeninlerim hem bolar!

Jemşit Mansuryň gany gyzanda agzyna geleni gaýgyrmaýan gylygynyň bardygyny bilýärdi. Şonuň üçin ol dostunyň sözlerini soňuna çenli çydamlylyk bilen diňledi.

-Näzeninem däl, näzeninlerim hem bolar diýsene- diýip, Jemşit ajy ýylgyrdy.

Mansur özüniň çendenaşa gidenini aňdy:

-Ýaňsa aljak bolma! – diýip hüňürdedi.

Emma Jemşidiňem jany ýandy:

-Mansur, men seni paltasy daşa degensoň ýalňyşlaryna düşünendir, toba gelendir, diýip pikir edipdim. Sen-ä entegem düzelmänsiň, şol bolşuňa-da galypsyň- diýip, daljykdy.

Emma Mansur nämedir bir zat aýtmakçy bolup ykjamlandy, birden bogazy dolup, gepläp bilmedi. Ol ýerinden turdy-da ýuwaş ädimläp, çala

açyk duran äpişgäniň öňüne bardy, göýä howa etmeýän ýaly, ony ýene birazyrak açdy, uludan demini aldy.

-Bagyşla! Bu sözleri içim ýanany üçin aýdyp goýberenimi özümem duýmadym. Aslyýetinde bolsa bar zada bireýýäm göz ýetirdim. Kör gözüm açyldy!

Orta agyr ümsümlik düşdi. Mansur jübüsinden otluçöp çykardy, ýene nämedir bir zat gözläp, beýleki jübüsini dörüşdirip başlady. Onuň çilim çekmekçi bolýanyny aňan Jemşit dostunyň ýanyna baryp, oňa özüniň filtrli sigaretini uzatdy. Mansur bolsa özüniň „Pamirini“ çykaryp, birini otlady-da, nebsewürlik bilen üç-dört gezek sordy:

-Ine şuňa öwrenişipdirin, filtirinlini halamok.

Şol wagt gapy çalaja açylyp, sekretar aýalyň kellesi göründi.

-Bagyşlaň, iş wagty gutardy, men gidibersem bolmazmyka? – diýip, ol Jemşide ýüzlendi.

-Gidiberiň, bizem häzir çykarys.

Gapy ýapyldy. Jemşit sagadyna seredip durşuna:

-Bä, sekretar daýzany mazaly garaşdyrypdyrysow, diýdi. –Bizem gideli, näme gep-gürrüň bolsa öýde gürleşeris.

-Öýüňde näme iş etjek meni, gowusy myhmanhana baraýyn, eger iş dagy tapyp berseň, ertir geläýerin-dä.

Jemşit ony goltugyndan tutup daşary alyp ugrady.

-Bolşuň nähilaý seniň? Men seni hergiz myhmanhana ibererinmi? Hany gitdik. Hal-ahwaly gök çaýyň başynda soraşybereris.

Mansuram garşylyk görkezip durmady. Köçede täzeje „GAZ-69“ durdy. Jemşit dostuny maşynyň ýanyna eltdi-de, çalasynlyk bilen sag tarapky gapysyny açyp, Mansury oturtdy. Özi bolsa ruluň başyna geçdi-de maşyny dazladyp, sürüp ugrady. Onuň bu hereketlerini birinji gezek görýän adam: „näme, maňa minnet edýärmi?“ diýip oýlanmagy mümkindi. Emma Mansur dostunyň ähli gylyklaryny ýaşlykdan bilýäni üçin onuň bolşuny geň görmedi. Ol ýuwaşja gülüp:

-Henizem şol öňki bolşuň, üýtgemänsiň. Bir iş edeňde, göýä yzyňdan ýagy kowup gelýän ýaly-da seniň – diýdi.

-Häzirki döwürde durmuş şuny talap edýär. Dähedem-dessemläp ýöräbem bu uly şäheri dikeldip bolarmy?

-Munyň dogry. Emma şeýle uly şäheri guryan gurluşyk ýolbaçylarynyñ biri özi maşyn sürüp ýörse birhili geňräk ýaly, näme sürüjiñ ýokmy? – diýip Mansur dostunyň maşynyny özi sürüp barýany bilen gyzyklandy.

-Ýok diýseňem boljak, bar diýseňem.

-Muňa nähili düşünmeli?

-Ştat bar. Emma özümiň başarýan zadym üçin başga bir adamy işden

goýasym gelenok.

-Hä, şeý diýsene. Men-ä seniň ýeriňe bolsam, maşyny sürüjime sürdürip, özüm ýanynda gaýşaryp oturardym – diýip, Mansur degişme bilen aýtdy.

-Ol meniň ýek görýän zadym. Men beýle bolmagy asla halamok.

-Biz biri-birimizden bütinleý başga hili adamlar ekenik dostum. Näme üçin seniň halamaýan zatlaryňy owal başdan menem ýaman görmedimkäm? – diýip, Mansur özüne sorag berdi.

Jemşit hiç zat diýmän, dostuna mähirli seretdi.

Dostunyň bu garaýşynyň manysyna düşünen Mansur:

-„Hä, indi adam bolsaň gerek“ diýip pikir edýärmiň? – diýdi.

-Hawa, hut şeýle. Sen öňem synçydyň, adamlaryň hereketinden olaryň pikirlerini bilýärdiň. Emma edýän işleriň welin samsyk adamyň işine meňzeýärdi. Men hemişe şoňa, haýran galardym.

-Bu zatlara indi meniň özümem haýran. „Soňky tüýkülik sakgal ezmez“ diýlişi ýaly, indi öz etmişlerime her näçe ökünsem-de, onuň peýdasy degenok.

Şondan soň olaryň hiç birinden ses-üýn çykmady. Olar dymmak bilen ýoly dowam etdirdiler.

***

Mansur töweregine synçylyk bilen ser salyp barýardy. Ýaňyja gurlup başlan şäher onuň bar ünsüni özüne çekdi. Ähli ýerde gurluşyk işleri giň gerimde alnyp barylýardy, zähmet gaýnap joşýardy. Şadyýan zähmetiň şowhuny ony gujak açyp garşylaýan ýalydy. Mansur özüniň bu ýere gelip, ýalňyşmanyna düşündi. Bu zähmet gujagyndan öz bagtyny, öz ýoluny tapjakdygyna ynanasy geldi. Göwnüniň bir çetinde dörän bu umyt uçgunlary az hem bolsa onuň ruhuny göterdi.

-Görýäňmi, nähili gigant şäher gurýas? – diýip, Jemşit buýsançly aýtdy.

-Hawa görýän.

-Görýän bolsaň, aslynda, sen hem gurluşykçy, indi özbaşdagam bir işläp gör-dä?

-Işläp görmänimi nireden bilýäň? Belki işländirin, meni görmedigiňe ýedi ýyldanam köp boldy ahyry.

-Bagyşla dostum, bagyşla! Men munam oýlanman gepläpdirin. Ýagny, näme iş etdiň? Prorablyk edensiň-dä?

Mansur dostunyň ýüzüne gazaply seretdi.

-Muny hem oýlanman aýtdyňmy ýa-da meni oýnajak bolýaňmy?

-Garaçynym Mansur, näme üçin oýnaýyn? Men seniň näme işläniňi nireden bileýin?

-Muny bilmeseňem, meniň näme üçin tussag edilenim-ä bilýänsiň?

Maňa maddy jogapkärçiligi bar işi ynanarmydylar, ahyryn.

-Bagyşla dostum, bagyşla! Men munam oýlanmandyryn. Ýagşysy, özüň aýt näme iş etdiň?

-Beton guýdum, kerpiç ördüm, suwagçylyk etdim. Umuman hemmesem elimden gelýär! Maňa iş tabşyrmakçy bolsaň, haýsyny diýseňem men taýýar!

Jemşit biraz dymdy. Soňra:

-Her zadam bolsa, sen orta bilimli gurluşykçysyň. Saňa ýönekeý iş bermeris. Bizde boş duran prorablyk orunlar bar.

-Sen başlyk bolsaňam kanuny bilmeýäň öýdýän? Men saňa näme diýdim? Maňa kanun boýunça maddy jogapkärçiligi bolan işi İynanmak gadagan- diýip aýtdym ahyry.

-Näme üçin? Sen jezaňy çekip, aklanyp çykan adam ahyryn. Indi sen hemmeler bilen deň hukukly graždanin. Men sen hakda ulular bilen gepleşip görerin.

-Gerek däl, Jemşit. Maňa ýönekeý iş berseň, senden müň-de bir razy. Geçen ýedi ýylyň içinde el bilen edilýän işi, halal zähmet diýen zady gaty oňat öwrendim. Onuň gadyryny bildim.

-Bolýar, seniň iş meseläňi ertir edarada çözeris. Ynha, öýe-de ýakynlaşdyk.

-Onda magazine baka sür. Öýüňe birinji barşym, çagalara bir zatlar alaly, boş barmaýyn.

Jemşit ýylgyrdy. Munuň manysyna düşünen Mansur özüniň perwaýsyzlygyndan käýindi:

-Bagyşla, Jemşit, men öz derdim özüme ýetik bolansoň seň maşgalaň hakda soraşmandyrynam. Öýlenensiň. Çagaň barmy?

-Bar welin, ol entek hiç zat iýmeýär. Şonuň üçinem magazine barmagyň geregi ýok – diýip, Jemşit ýylgyrdy.

-Şeý diýsene, bolany gowy, ogulmy, gyz?

-Entek ony hem bilemok, nesip bolsa ýene üç aýdan belli bolar.

-Şeýle diýsene. Men seni häli üç-dört çaganyň atasy bolandyr öýdüpdim.

-Ýok dostum. Bu ugurda men ekin ekmekde biraz gijä galan daýhana meňzeýän – diýip, Jemşit güldi. Öýlenenime entek bir ýylam bolanok.

-Bä, şeýle diýsene. Aýalyň şu ýerlimi?

-Ýok. Moskwaly. Daşkent gurluşygyna gelen inženerlerden – diýip, Jemşit Mansura seretdi.

-Şeý diýsene, diýmek, bu gün borşdan bir doýýan ekenik-dä onda? – diýip Mansuram degişdi.

-Ony nesibäň bilýär, belki saňa başga nahar taýýarlanar? Ol milli naharlary hem gowy bişirýär.

Maşyn alty gatly jaýyň öňüne gelip saklandy.

-Ine, geldik. Içerik gireli. Sen çaý-paý içýänçäň men maşyny goýup gaýdaýyn. Garaž şujagaz ýerde, ýakyn.

Olar maşyndan düşüp, üçünji gata çykdylar. Jemşit jaňy basdy. Gapyny ýigrimi bäş ýaşlar çemesindäki saçlary altynsow towlanyp duran mele gelin açdy.

-Liza, ynha men myhman alyp geldim. Myhmany kabul etmäge gurbuň çatjakmy?

-Baş üstüne, giriberiň, hudaýa şükür hemme zat bar – diýip, ol çagalaryňky ýaly şadyýan äheňde gürledi.

Mansur salamlaşýarka onuň özüni synlaýandygyny aňyp biraz oňaýsyz ýagdaýa düşdi.

Liza olary myhman kabul edilýän uly otaga alyp bardy:

-Geçiň, oturyň – diýip, mylaýym gürledi.

Jemşit aýalyna ýylgyryp seretdi-de:

-Ilki men seni myhman bilen tanyşdyraýyn – diýdi. Mele gelin ellerini fartugynyň etegine süpürip durşuna çekinibräk Mansura bakan ýöredi.

Jemşit oňa ýüzlenip:

-Liza, bu meniň partadaş dostum Mansur – diýdi. Bu sözleri eşidende, Lizanyň ýüzündäki şadyýanlyk alamatlary zym-zyýat boldy. onuň ornuny gynançmy, gaharmy birhili alamat eýeledi.

Lizanyň bu bolşuny gören Mansur özüniň kimdigini onuň ýagşy bilýändigini, özi hakda bu öýde ençeme gürrüňiň bolanyny derrew aňdy.

Liza onuň bilen elleşip görüşip durşuna:

-Tanyşanymyz üçin şat – diýdi.

Mundan göwni biraz aram tapan Mansur baryp burçda duran kürsüde oturdy. Jemşit bu ara düşen oňaýsyz ýagdaýdan çykalga agtaryp, bir aýalyna, birem Mansura garady.

-Men gitdim. Maşyny goýup, derrew gelerin – diýip çykyp gitdi.

Liza aşhanasyna çykdy. Otagda ýalňyz galan Mansur töweregine ser saldy. Bu otagyň çar tarapynda „maşgala“ diýilýän mukaddes zadyň özüne mahsus täsiri mese-mälim duýdurýardy. „Maşgala bolup ýaşamaklyga nä ýetipdir?“ diýip Mansur göwün ýüwürdýärkä, mejmede çäýnek-käse göterip, içerik Liza girdi.

-Köp garaşdyraýdym öýdýän? Ynha, çaý. Häzir Jemşidem geler – diýip, Mansuryň oturan kürsüsiniň ýanyndaky stolda mejimäni goýdy, özü-de gapdaldaky kürsüde oturyp, käselere çaý guýdy.

-Alyň, içiň.

-Sag boluň.

Mansur çaý owurtlaýarka, biygtyýar Lizanyň keşbine göz aýlady. Biriniň maşgalasyna tiňkäňi dikibermek biedeplikdigi ýadyna düşüp, derhal

gözüni aşak goýberdi. Bir pursatlyk gözi düşeninde-de Lizanyn keşbi gözöňünde galdy. Onuň asly rus bolmagyna garamazdan, goňras gözleri, süýtden dury ak ýüzi bilen altyn ýaly towlanjyrap duran saçlarynyň ýanynda gap-gara bolup görünýärdi. Onuň bakyşlaryndaky ýumşaklyk Nurjemalyň öňki mähirli garaýyşlaryny ýatlatdy. Ol çaýdan bir owurtlap, uludan dem alanyny duýman galdy.

-Jemşit sizi tiz-tiz ýatlaýardy – diýip, Liza agyr dymyşlygy bozdy, - ol size, size... – diýende, Mansur kömege ýetişdi:

-Gynanýardy diýmekçimisiňiz? – diýdi.

-Bagyşlaň.

-Ötünji günäkär adam soraýar, Liza. Siz bolsa gönüsinden gelmekçi bolduňyz. Bu aýyp däldir. Maňa gaharlanmalymy ýa-da gynanmalymy, muny welin häzire çenli özümem bilip bilemok – diýip, Mansur käsesindäki çaýkanyp duran çaýa dikanlap seredip, oýa çümdi.

Şol wagt içeri Jemşit girdi.

-Bu näme boldugy, Liza? Stoluňda henize çenli hiç zat görünmeýär-le? Myhmany gep bilen naharlana meňzeýäň-le – diýdi.

-Häzir hemme zat taýýar bolar. Biraz tagapyl ediň – diýdi-de, Liza ornundan turup, aşhanasyna gitdi.

-Mansur, ýör, saňa wannamyzam görkezeýin. Nahar taýýar bolýança ýuwnup-ardynaly.

-Beýle bolsa hasam gowy. Şu mahal ýuwunaýsak kem boljak däl özi. Ilki sen ýuwun, soňra menem bararyn.

-Näme üçin? Bile ýuwunarys. Ol ýerde duşam bar. Men duşda, sen bolsa wannada ýuwunarsyň. Oglankak suwa düşmäge hemişe bileje giderdik, ahyryn. Indi, näme menden utanýaňmy? – diýip Jemşit dostuna ýylgyryp seretdi.

-Bolýar. Sen menden utanmasaň, men senden utanmaryn. Olar wannaly otaga girip çykaryndylar. Jemşit wanna suw dolduryp bermek üçin kranlary açyp goýberdi. Mansur wannanyň dolaryna garaşyp, onuň bir gyrasynda ellerini dyzynyň üstüne goýup oturdy.

-Şu oturyşyň gadymy grekleriň ýalaňaç hudaýlarynyň heýkellerine çalym edýär – diýip, Jemşit dosty bilen degişdi.

-Aslynda adamlar hem şol hudaýlara meňzeş ýalaňaç ýöremekligi özlerine adat edinende ýagşy bolardy – diýip Mansur ýarym degişme äheňinde gepledi.

-Näme üçin? – diýip, Jemşit gyzygyp sorady.

-Näme üçindir öýdýäň, geýim-gejim, mal-dünýä diýip, meniň ýaly bir topar adammlaryň bagty garalmazdy.

-Ajaýyp pikir! Arhimet özüniň meşhur kanunyny wannada tapan eken. Sen bolsaň wanna girmänkäň beýik bir hakykaty açdyň – diýip, Jemşit

güldi.

Mansur dostunyň bu degişmesine näme diýip jogap berjegini bilmän, suwdan dolup barýan wanna girdi. Dostlar ýuwnup çykanda, Liza saçak ýazyp, olara garşyp otyrdy. Stol başyna geçip oturanlaryndan soň Jemşit:

-Hany dostum, konýakdanmy ýa-da akdan? – diýip sorady.

Mansur başyny ýaýkady-da:

-Hiç haýsyndan – diýip jogap berdi.

-Nämüçin? – diýip Jemşit geň galyp sorady.

-Içip bozaýmagym mümkin.

-Goýsana. Baý senem bolmajak zady aýdyp oturyberýäň. Şeýle günde içmän bolarmy ahyryn?

-Ýok, men içjek däl. Isleseňiz Liza bilen içiberiň.

-Keçjallyk etmesene, iň bolmanda ýüz gramjyk içeli.

-Senem düşünsene, Jemşit. Ýüz gramjyk içsem, soň bu iki çüýşäňi ýeke özüm içerin – diýdi-de, Mansur çekinibräk Liza seretdi.

-Seniň öýüňde özüm hakda ýene-de erbedräk pikir döretmek islämok.

Liza söze goşuldy:

-Içmese azar berme, Jemşit.

-Bolýar-da. Bu aýallara galsa-ha, erkekler agyzlaryna gazly suwam almasa, şonça şatlanjaklar – diýip Jemşit sözüniň soňuny degişmä ýazdyrdy.

Olar içgisiz hem ýary gijä çenli oňat gürleşip oturdylar.

Bu ýerde Mansuryň göwni güýçli şemaldan gaçylyp gutulan kebelek ýaly aram tapdy.

***

Jemşit dostuny öz edarasyna garaşly kerpiç örüjiler brigadalarynyň birine brigadir edip belledi. Oňa ýatakhanadan jaý alyp berdi. Mansur işe düşen güni brigada tabşyrylan binanyň birinji gaty beton plitalar bilen ýapylyp, ikinji gatyna ýaňyja kerpiç örülýän eken. Irden işe başlamak üçin taýýarlyk görülýän wagtda prorab Mansury özi bilen samoswalyň kabinasynda alyp gelip, brigadanyň agzalary bilen tanyşdyrdy. Prorab gidensoň, bir ýaş ýigit onuň ýanyna geldi-de:

-Halypa, siz işleýän brigadirlerdenmi ýa-da işlemän hak alýanlardanmy? – diýdi.

Mansur beýle ýagdaýlara ozaldan öwrenişeni üçin asuda jogap gaýtardy:

-Men düşünşime görä, brigadir gözekçi däl, onuň hemme bilen deň işleşmegi gerek.

Ýigit ýene sorag berdi:

-Siz işlemegi, ýagny kerpiç örmegi bilýäňizmi?

Şu pursatda Mansur gahary gelen bolsa-da, özüni basarak tutubam

biljekdi, ýöne häzir onuň wagty däldigini aňyp gazap atyna mündi:

-Men kerpiçden seň ýaly işçisumaklaryň heýkelini hem ýasapdym – diýdi.

Beýlekiler bu gürrüňe hezil edip gülüşdiler. Olara goşulyp, ol ýigidiň özi hem ýylgyrdy-da, garaşylmadyk ýagdaýda birhili müýnürgäp:

-Bagyşlaň, halypa – diýdi.

Mansur ýuwaşja ýylgyrdy-da, goltugyna gysyp gelen täzeje öňseligi tutup, baglaryny mäkäm daňdy. Şondan soň hemme ýokary çykdy, iş başlandy. Mansur adamlara etmeli işlerini görkezenden soň, özi hem işe girişdi. Mansuryň ýedi ýylda zähmetde taplanan, kerpiç örmäge öwrenişen elleriniň hereketine ýerli-ýerden nazar salýan ýigitler onuň ýaňky ýigide beren soňky jogabynyň hakdygyna şo wagtyň özünde göz ýetirdiler. Şo gün Mansur hem brigadadaky dokuz ýigidiň nähili adamlardygyna biraz göz ýetirdi.

Brigadanyň işçileri ýurdumyzyň dürli ýerlerinden gelen, dürli milletiň wekillerinden ybaratdy. Olaryň hemmesi hem ýaş, zähmetsöýer ýigitlerdi. Olaryň arasynda käbiri degişgen, şadyýan, käbiri agras bolsa, başga birleriniň azda-kände gyňyrlygy hem ýok däldi. Mansur bu adamlaryň hemmesi bilen bir bada oňuşyp gidibermejekdigini birinji günden aňdy. Şonuň üçinem ol her haýsysynyň özüni alyp barşyna görä hereket etmelidigini ýüregine düwdi. Brigadada ýigitlerden başga Sonýa atly kranççy gyz hem bardy. Adynyň rusça bolmagyna, rusçany gowy bilmegine garamazdan, Sonýanyň rus däldigine diňe onda gündogar gyzlaryna mahsus bolan şar gara gözleri şaýatlyk edýärdi. Adamlar onuň özüne „Sonýa“, „Soneçka“ diýseler-de, kesesinden weli „Garry gyz“, "Garry gyzymyz“ diýýärdiler. Şeýle-de bolsa, onuň ýaşynyň näçedigini hiç kim anyk aýdyp bilmeýärdi. Ýigitleriň käbiri oňa söz gatsa, Sonýa olaryň gepine görä gep gaýtaryp duzlap giderdi. Mansur işe gelen güni onuň bu hili gylygynyň bardygyny duýdy.

Günortan wagtydy. Daş-töwerekde işleýänler ýekän-ýekän nahara ugradylar. Emma Mansuryň brigadasyndaky ýigitleriň nahara gitmek isleginiň ýoklugy hereketlerinden bilnip durdy. Olaryň bir-birlerine syrly garaýyşlaryndan üm-yşaratlaryndan bir gepiň bardygyny Mansur derrew aňdy. Ol öňseligini çözüp, özi işläp duran diwaryna iki gatlap ýazdy-da, şemal uçuryp gitmezligi üçin üstüne bir kerpiç goýdy. Soňra ellerini owkalap, kerpiç galyndylaryny düşürişdirdi-de:

-Hany ýigitler, dänimizlige bir zat atmaga gitmerismi? – diýip olara ýüzlendi.

Ýokarda öňseliklerini çykaryp aşak düşmäge taýýarlanyp duran ýigitler bir-birlerine syrly bakyşyp, hiç zat diýmediler. Aşak düşüp çilim çekýän Gylyç diýen aşgabatly ýigit Mansura garap ellerini agzyna tutdy-da:

-Aşak düşüberiň, aşgazanyň maslahatyny etmekçi – diýdi.

Hemmeler aşak düşdüler. Gylyç Mansuryň ýanyna gelip:

-Garşylyk görkezmeseňiz, bu gün şu ýerde naharlanaýsak nähili bolarka? Ynha derrew iki kerpiçden oturgyç alty kerpiçden stol bejereris – diýdi.

Mansur:

-Naharhana baranymyz gowy dälmi? – diýip sorady.

-Gowy welin, ýöne...

-Ýönäň näme? Bu gün bir zadyň baryny özümem aňypdym-la. Ýeri, näme gep bar?

-Dogursyny aýtsam –diýip, Gylyç has dogumlanyp gepledi. – Şu gün siziň işe geleniňizi ýüz-ýüzden ýuwup goýbersek diýipdik. Hemme zat bar. Iýmeli zatlary hem, „ýuwulýan“ gurallary hem taýýar edip geldik.

- Razylyk beräýiň, Mansur aga, diňe ýüz gramjyk, başga artyk zat ýok diýip, başga bir ýigit söze goşuldy.

Mansur ýigitleriň raýyny ýykyp, özüni turuwbaşdan ýigrentji görkezmek islemedi.

-Munyňyz-a erbet maslahat däl welin, ýöne bu wagt-iş wagty-da. Birden biri görüp, ýüz gram üçin adamyň öňünde gyzarylyp durmaly bolaýmalyň?

Birbada hiç kimden ses-seda çykmady. Ýöne Gylyç saklanyp bilmedi.

-Aý goýsaňyzlaň, ýüz gram üçin syn-deramat edilip durasy ýok-la. Biz işi taşlap meslik edip ýöremzok, ahyryn.

-Bolýar, bolýar. Emma bu meniň işe gelişimi ýuwmak üçin bolsa, biraz howlukmasaňyz özüm ýuwardym-la?

-Onda işden soň arkaýyn oturyp, çynlakaý ýuwarys-da, oglanlar – diýip, ir bilen „paýyny“ alan ýigit ýyrşaryp gepledi. Gylyç onuň sözüni makullaman, oňa hyrsyz seretdi-de, ylgap gidip gizläp goýan ýerinden uly bir sebedi göterip geldi. Bir ýerde gazetden saçak ýazyldy. Şol wagt Sonýa hem krandan düşüp naharhana tarap ugrady. Oňa gözi düşen hälki ýigit dilini saklap oturyp bilmedi.

-Soneçka daýza, geliň saçak başyna,  duz dadyp gidiň!

Sonýa ýylgyryp, üýşüp oturan ýigitler tarapa ýöneldi. Onuň göwresini dik tutup, çalt ädimläp gelşine garanda duz datmakdan „daýza“ diýeni duzlamak niýetiniň güýçlidigi görnüp durdy. Ol ýigitleriň oturan ýerine gelende, ortadaky boş doňdurma gutularyny görüp ýylgyrdy. Mansur oňa irden işe geleninde  pete-pet gelipdi, emma ýüzüne dikanlap seredip bilmändi. Ýöne Sonýanyň welin özüne gabak astyndan yhlasly seredenligini duýupdy.Mansur ony ogrynça synlamaga durdy. Onuň gözleri ýanyp durdy, şadyýandy, güne ýanan ýüzine şeýle serendeniňde,  ýaş  gyza meňzeýärdi. Emma içgin synlan adam ýigitleriň ony „garry gyz"“ diýip

atlandyrmagynyň ýerliksiz däldigini aňardy. Ýaşy biraz ötüşenine garamazdan bir seretseň juwan gyzlary, bir seretseňem, ýaşy durugşan akylly-başly bir aýaly ýatladýardy. Hatda ýaglygynyň aşagyndan görnüp duran gap-gara saçlaryna ornaşan tozanda hem özüne mahsus bir üýtgeşiklik bar ýaly bolup duýulýardy.

Sonýa hiç zat diýmezden ortadaky çörekden datdy-da, lak atan ýigide seretdi:

-Çöregiň duzuny datsam bolanymy ýa-da morožny gutyňdakydan hem datdyrjakmy?

Şonda Mansur onuň agzyndaky owadanlyk üçin goýlan tylla dişleri görüp, näme üçindir, ondan öňki yhlasy sowaşdy:

-Indi ýaman görmäň, täze brigadirimiziň gadamy batly, işi şowly bolmagy üçin biraz oturyşmakçy. Isleseňiz oturyň, içgi guýup bereýin, islemeseňiz siz üçin bir guty morožny getirip bereýän. Oňa çenli siz brigadirimiz bilen hem ýagşyja tanyşarsyňyz – diýip, şol öňki ýigit ýene oturyp bilmedi.

-Brigadir bilen biz deňeçerräge meňzeýäs, sensiz hem tanyşyp bileris. Sen bolsa morožnyňy getir-de maňkaňy süpürip iýiber. Habardar bol maňkaň morožna çyrşalaýmasyn! – diýip, ýigide garady. Oturanlar pakyrda berdiler.

-Berekella, Sonýa, muny-ha oňardy – diýip, Gylyç gülki aralaş gepledi.

Sonýa gitdi. Ýigitler ol ýigide yza berip başladylar:

-Bir nol bolaýdy öýdýän?!

-Munuň Sonýa degip nol bolmadyk wagty barmy?

-Muňa näçe gezekler aýdyldy, şonuň bilen eňekleşme diýip.

-Geçiniň taýak iýesi gelse, çopanyň taýagyna süýkenermiş.

-Indi lak ataýsaň, tumşugyňa ýelmär.

Mansur gürrüňe goşuldy:

-Bu hakykatdan hem tumşygynyň gögererine garaşýar öýdýän? Ýa taýaga mätäçmiň?

-Ýok, halypa, az-kem pula mätäçligim bar-da, ýöne taýaga mätäçligim ýok – diýip, ol boýnuny pyşdylyňky ýaly edip içine çekdi.

Bu günki arakesme örän oňat geçdi. Sonýa ýene kranyň çür depesine çykyp işe başlady. Soň beýlekiler hem öz işlerine tarap haýal ýöreşip gitdiler.

„Dünýä tötänliklere, täsinliklere baý“ diýleni dogry eken. Mansur hem öz durmuşynda birnäçe täsin wakalara duş geldi. Emma onuň ýüreginde çuň yz galdyran täsin wakalaryň biri Nurjemal bilen ýolda bolan duşuşyk bolsa, ikinjisi şu gün ýüze çykdy.

Mansur göteriji kranyň garşysyndaky diwara kerpiç örýärdi. Özüne

mahsus hysyrdy talap edýän bu zähmetiň ýakymlylygyndanmy ýa-da ýüz gramyň keýpindenmi, ol adatdan daşary hyjuw bilen işleýärdi. Şol wagt onuň aýdym aýdasy gelýärdi. Bu ýerdäki adamlaryň hemmesini bagryna

basyp: „Siz nähili ajaýyp adamlar!“ diýesi gelýärdi. Ol içki şatlygyny daşyna çykarman durup bilmedi. Haýsydyr bir aýdyma hiňlenmäge başlady. Şu wagtam kimdir biri heňe salyp sykylyk çalyp, onuň hiňlenmesini kesdi. Mansur sykylyk çalynýan tarapa seretdi. Gözi kranyň üstünde oturan Sonýa düşdi. Sykylyk çalmak aýal-gyzlaryň arasynda seýrek zat bolany üçin, Mansur gülümsiredi-de ýokary garap gygyrdy:

-Bu özüňizmi ýa-da kabinaňyzda birini gizläp goýduňyzmy?

Sonýa hiç zat diýmezden gyzyl dişlerini ýaldyradyp bir seretdi-de, sykylygy has belendräk, has anygrak çalmaga başlady. Mansur işini dowam etdirip, oňa gulak goýýarka, näme üçindir, ondan täsin lezzet aldy. Bu heňi Mansur halk arasynda-da, radioda-da, eşitmändi, bolsa-da, ol heň oňa öňden tanyş ýaly bolup durdy. Kranyň kabinasyndan oňa nazar salyp oturan Sonýa Mansuryň diňleýänini bilip:

-Size ýarady öýdýän, ýoldaş brigadir? Aýdymyny hem aýdyp bereýinmi?-diýdi.

Mansur başyny göterip oňa seretdi:

-Hä, aýdyň bakaly, eşideli!

Sonýanyň çagalaryňky ýaly dury owazy ýaňlanyp ugrady:

Eý bilbiller, jan bilbiller,
Biziň bagda köpdür güller.
Geliň, geliň saýraşaýlyň,
Jakjaklaşyp gülüşeliň!...

Mansur duran ýerinde doňdy galdy.

-Ahow, alyň elim ýadap gitdi-le, diýen sözi eşidip, gapdalyna seretse, kömekçi ýigit henizem bir kerpiji uzadyp durdy.

Mansur başga bahana tapman:

-Goýup dur. Bir çilim çekeli – diýip, ol sigaretini tüsseledip, diwaryň üstünde oturdy. Aýdymyň sözlerini içinden gaýtalady:

Eý bilbiller, jan bilbiller
Biziň bagda köpdür güller

Ol bu setirleri ozaldan ýatdan bilýärdi. Şol wagtam onuň göz öňünden doglan şäheri, çagalyk ýyllary, goňşulary Setdar Salyhlaryň nagyşly derwezesi birin-birin geçip başlady. Bir gezek ýadyňyzda bolsa şu derwezeden Sümbül atly gyz çykyp ony öýüne alyp gidipdi. Ullakan otagdaky pianinoda şu heňi çalyp beripdi. Şonda olam edil häzir Sonýanyň soraýşy ýaly „Aýdymyny hem aýdyp bereýinmi?“ diýip sorapdy. Şonda ol bu aýdymy birinji gezek Sümbüldan eşidipdi.

Çagalygyň ýatkeşligi bu aýdymyň sözlerini hemişelik ýatda

galdyrypdy. "Bu kim? Sümbülmi? Ýa-da Sümbüli tanaýan, onuň aýdymyny eşiden maňa meňzeş birimi? Sümbül bu ýerde näme işlesin? Setdar Salyh ýaly döwletli adamyň gyzy heý kranç y bolup işlärmi? Ol bireýýäm ylymlaryň kandidaty ýa-da doktory bolandyr? Emma kim bilýär, takdyryň işi bu...“

Ol Sümbül bilen Sonýanyň arasyndaky meňzeşligi tapmak üçin çagalyk ýyllaryny göz öňüne getirmäge çalyşdy. Gap-gara ýüpek saçlary arkasyna düşen, gara gaşlarynyň aşagynda gap-gara gözleri gülüp duran enaýyja gyzjagaz göz öňüne geldi. Mansur erksiz kranyň depesine Sonýa tarapa seretdi. Gara gaşly, gara gözli Sonýa birdenkä Sümbüle meňzedi, emma şol wagtyň özünde-de birden-kä Sümbüle çalymdaşlygyny ýitirdi.

Şondan soň Mansur perişan halda öňküsi ýaly hyjuwly işläp bilmedi. Gijara, iş wagty gutaransoň, Mansur iň ilki aşak düşdi. Ol ygtyýarsyz kran tarapa seretdi. Seretse bäş-alty ädim gapdalynda başyndaky ýaglygyny elinde tutup, altyn dişlerini güjeňleýän ýaly Sonýa gelýärdi. Ol Mansuryň özüne bir geňsi seredip duranyny görüp: „Bu erkekleriň hemmesi hem bir suw“ diýen manyda ýüzüni sowa tutdy-da, tiz-tiz ädimläp geçip gitdi.

Ýatakhana gaýdyşyn Mansur ýigitleriň gülkisine-gepine goşulmazdan, yzrakda öz pikir-hyýallary bilen gümra bolup, geplemän gelýärdi. Gylyç ýuwaş ýöräp onuň deňine geldi-de, egniniň üstüne elini goýup:

-Näme boldy Mansur aga? Birhili sus görünýäňiz – diýdi.

-Ýok-la sus däl-le. Bir hyýal alyp gaçdy – diýip, Mansur ýylgyran boldy.

Gylyç onuň şu wagt hiç kim bilen gepleşmäge meýliniň ýoklugyny aňyp geplemedi.

Olar ýatakhana baryp ýuwundylar. Geýimlerini çalşyrynyp, naharlanmak üçin naharhana girdiler. Mansur nahar wagty hem pikire çümüp otyrdy. Ony munça azaba goýan zat Sonýanyň birdenkä Sümbül bolup çykaýmagy ýa-da çykmaýanynda-da onuň çagalyk dünýäsinde çuňňur yz galdyran şol çepiksizje gyzjagazyň takdyrydy.

Eger ol Sümbül bolsa, nädip bu ýerlere düşdükä? Ol bu soraglaryna jogap tapmaýança ynjalyp biljek däldi.

Nahardan soň Mansur Gylyjy goltuklap daşaryk alyp çykdy. Onuň hereketlerinden anyk bir karara gelendigi görnüp durdy. Olar naharhananyň öňündäki çilim çekişip, gürleşip duran ýigitleriň ýanyndan ötüp, çete çykdylar. Mansur ýoldaşynyň ýüzüne seredip:

-Ýogsa-da Gylyç, sen Sonýanyň nirede ýaşaýanyny bilýäňmi? – diýdi.

-Bilýän. Hä näme? – diýip, Gylyç bu garaşylmadyk sowaldan biraz howatyrlandy.

-Bilseň senden bir haýyş bar, meni şol ýere eltsene. Onuň bilen zerur gürrüňim bar.

Gylyç oňa: „Ertirden hyýal ýüwürdýäniňiziň sebäbi şu eken-dä?"diýen manyda gülümsiräp seretdi-de:

-Bir göreňde ýüregiňizden turan eken-dä – diýdi.

-Biderek zady aýtmasana Gylyç. Meniň bütinleý başga işim bar, soň saňa gürrüň bererin, şonda hemmesine düşünersiň – diýdi.

Gylyç Mansuryň ýüzüne seredip durşuna meseläniň öz pikir edişi ýaly däldigini aňyp:

Beýle bolsa, bagyşlaň, ýörüň, elteýin – diýdi.

-Daşmy?

-Ýok, daş däl. Awtobusa münsek derrew bararys. Agşamky mekdepde okaýan bir boýdaşynyň öýünde bolýar. Men ony bir gezek profsoýuz ýygnagyndan soň ugradypdym.

Olar awtobusdan düşüp, biraz pyýada ýörediler. Gylyç dört gatly bir jaýyň deňine gelenlerinde saklandy-da:

-Ynha, şu jaýda. Şu podezden girilýär, emma näçinji kwartirada ýaşaýanyny bilemok.

-Sag bol, Gylyç. Indi sen gidiber, özüm taparyn. Ýöne biri eşidäýmesin. Diliňe bek bolgun.

-Ýok-la. Şeýle bir pähimsizem däldiris, Mansur aga – diýdi-de, Gylyç gitdi.

Mansur indi näme etmelidigini oýlanyp biraz durdy. Soňra şu ýerde oýnap ýören on ýaşlar çemesindäki bir gyzjagazy ýanyna çagyryp:

-Sonýa daýza nirede ýaşaýar, bilýäňmi – diýdi.

-Sonýa daýzamy? Ikinji etažda. Galina daýzalaryňkyda ýaşaýar, geliň görkezeýin.

Mansur gyzjagazyň yzyna düşüp, ikinji gata çykdy. Gyzjagaz ylgap baryp sag taradaky gapynyň jaňyny basýarka Mansur ýüreginiň gürsüldäp urýanyny syzdy. Birazdan soň şyrkyldap gapy açyldy.

Gyzjagaz:

-Sonýa daýza, bu daýy sizi soraýar – diýdi-de, ylgap aşak düşüp gitdi.

-Ýoldaş brigadir, eýgilikmidir?

Mansur näme diýjegini bilmän, edil çaga ýaly bolup ýaýdanjyrady. Soňra oňa günäli ýaly gülümsiräp seretdi-de:

-Siziň bilen gürrüňim bar, Sonýa – diýdi.

-Meň bilenmi?! Bolýar, aýdyň, eşideýin.

-Bagyşlaň, bu şeýle ýol üstünde aýdylýan gep däl-diýdi-de, Sonýanyň ýüzünde dörän üýtgeşmäni aňyp:

-Göwnüňize müňkürlik gitmesin, men siziň bilen oýuňyzda bolmadyk bir zat hakda gürleşmekçi – diýip duýdurdy.

Sonýa onuň bir möhüm zat aýtmakçydygyny aňdy.

-Bagyşlaň, içeri griň hem dýmändirin – diýip, Mansura ýol görkezdi.

Mansur içeri girip, gapa ýakyn goýlan iki adamlyk kiçi diwanda oturdy.

-Çaý içermisiňiz? – diýip, Sonýa ondan sorady. Mansur içesi gelmese-de, özüni ele almak üçin wagt geçirmekçidi:

-Ygtyýaryňyz, eger kyn görmeseňiz – diýdi.

Sonýa çaý taýýarlamak üçin aşhana çykdy. Mansur töweregine syn etdi. Bu iki  otagdan ybarat jaýda pola ýazylan insiz halydan başga ünsüňi çekiji artykmaç zat ýokdy. Mansur, näme üçindir, şol wagt Setdar Salyhlaryň haşamlanan öýüni, poluna türkmen halylary ýazylan, pianino duran uly otagyny ýatlady. Sonýa çaý demläp geldi. Stoluň üstünde gant, çörek getirip goýdy-da, Mansura ýüzlendi:

-Hany çaýa ýakynyrak geliň!

Olar garama-garşy oturyp, bir-birine soragly nazar bilen seredip oňaýdylar. Sonýanyň bakyşynda: „Näme gürrüňiňiz bar? Indi aýdyberiň“ diýen many bar bolsa, Mansuryň garaýyşynda: „Sen kimsiň?“ diýen soragy okamak mümkindi. Şeýle bolsa-da, Mansur birden esasy maksada geçmekden çekinip, gepi başga zatdan başlady.

-Sizi boýdaşy bilen ýaşaýar diýipdiler. Öýüňizde hiç kim ýog-a?

-Hawa, boýdaşym otpuska alyp, ejesi bilen Astrahana daýysynyňka gitdi. Häzirlikçe ýeke özüm.

Mansur onuň bilen arkaýyn gürleşip biljekdigine begendi. Günüň ýaşmagy bilen penjireleri gündogara seredip durany üçin otagyň içi garaňkyrap başlady. Sonýa ornundan turup, burçdaky gyzyl gapakly stol çyrany ýakdy. Otag ýagtylyp gitdi.

Sonýa ýerine gelip oturansoň „Ýeri, näme gepiňiz bolsa aýdyberiň“ diýmekçi boldy, emma onuň deregine:

-Gepläp oturyň – diýip, ýuwaşjadan aýtdy.

Mansur onuň bitakatlanýandygyny aňyp:

-Bilýäňizmi Sonýa, adama hemişe özüniň geçmişi eziz bolup duýulýan eken. Şonuň üçin bolsa gerek, köne dostlar täzesine garanda ýakynrak bolýar. „Donuň täzesi ýagşy, dostuň könesi“ diýip, şonuň üçin aýdylýandyr.

Sonýa käsesindäki çaýy owurtlaýarka Mansura gülüp bakdy-da:

-Bu diýýäniňiz dogry, Mansur aga, emma munuň bize näme dahyly bar? –diýdi.

-Eger men ýalňyşmasam, dahyly bara meňzeýär, emma men nämeden başlajagymy bilmän otyryn.

-Bolsa-da – diýip, Sonýa oňa bir hili tolgunyp garady..

Mansur hem ony mundan artyk tolgundyrmak islemän:

-Gowusy, gürrüňi şu günki siziň aýdymyňyzdan başlaýsak näder:

Eý bilbiller, jan bilbiller,
Biziň bagda köpdür güller.

Geliň, geliň oýnaşalyň,
Jakjaklaşyp gülüşeliň!
Eý bilbiller, jan bilbiller,
Sizi küýsär biziň güller

Mansur aýdymyň sözlerini aýdyp gutarandan soň Sonýa gülüp goýberdi, soňundanam şeýle diýdi:

-Muňa seredñ, bir gezek eşidende ýat tutaýypdyr!

-Ýok, men bu goşgyny öňdenem bilýärdim.

-Öňden hem?!

-Hawa!

-Geň galaýmaly! Mümkin däl!

-Näme üçin?

-Çünki ony menden başga hiç kim bilmeýär. Ol goşgyny özüm düzdüm, ahyry.

Mansuryň anyklamakçy bolýany hem şu zatdy Ol uludan dem aldy: -Diýmek, sen Sümbül-dä!

Sonýa Mansura ýalt edip seretdi:

-Hawa, ýaşlygymda maňa şeýle diýip ýüzlenýärdiler. Aslynda siz kim bolmaly onsoň?

-Ýaşlygymyzda siz Bürgüt diýen oglany bilýämidiňiz?

-Bürgüt? – diýip, Sonýanyň geň galmakdan demi tutuldy. Hä-ä, Bürgüt diýseňiz-le? Bilýän! Onuň hakyky ady Mansur bolsa gerek? Näme üçin ýadymda bolmasyn! – diýip, Sonýa birdenkä ejizldi – Hemmesi ýadymda. Hatda bir gezek „Sen bürgüt däl-de, serçesiň“ diýenim üçin taýak iýenim hem ýadymda.

Sonýa sözüni tamamlap, Mansura esli wagtlap aňalyp seretdi, oturdy. Ol göýä şu wagt Mansuryň keşbinde özüniň uzak geçmişini, şadyýanlyklardan doly çagalyk ýyllaryny görýän ýalydy.

Mansur ýüzüni keseräk sowup, birbada sowukganlylyk bilen dillendi:

-Meniň bilen duşuşaryn diýip kelläňize-de gelmedik bolsa gerek.

-Gelipdi. Çagalygymy ýatlasam, hemişe sizi ýatlaýardym. Bir gün bolmasa, bir gün siziň bilen bolmagy mümkin duşuşyşygy göz öňüne getirip, şondanam lezzet alardym. Ýöne bu buduşuşygymyz bir hili boldy...Üýtgeşik tolgunma-da ýüze çykmady. Geň galaýmaly...

Mansur öz gezeginde:

-Dogrusyny aýtsam, men size bu ýerlerde duşaryn diýip oýlanmandym. Kakaňyz gaty döwletli adamdy. Sizi okadyp, eýýäm ylymlaryň kandidaty ýa-da doktory edendir diýip oýlapdym – diýip, gyzyň pikirini bilmäge çalyşdy.

Sümbül Mansura hasratly garap, uludan demini aldy.

-Onuň döwletli kagyzdan ýasalan oýunjak öýe meňzeýän eken. Bir

şemalda hemmesi uçup gitdi.

-Näme üçin? – diýip, Mansur aladaly seretdi.

-Şol gören döwletiň halkyň hasabyna toplanan haram baýlyk eken. Hemmesini gaýtaryp aldylar. Baýlygy bilen bile özüni hem alyp gitdiler. Şo gidişinden gaýdyp gelmedi.

Bu habary eşidip, Mansur allaniçigsi bolup tisgindi. „Diýmek, bu ýoldan gaýdyp gelmedikler hem bar ekeni-dä? Meniň bagtym bar eken, gaýdyp geldim“ diýip içini gepletdi.

Sümbül sözüni dowam etdirdi:

-Men hem ençeme hasratlary başymdan geçirip, şu ýere nesibämi çöpläp geldim. Kwartira alamsoň ejemi alyp gelerin. Ol häzir obada ýaşaýar. Ejem gelensoň agşamky mekdepde okaryn. Görýäňizmi, meniň uly arzuwlarym bar entek.

Mansur Sümbüliňmi ýa-da öz takdyrynymy oýlanyp esli wagt aşak bakyp oturdy.

-„Öňüm bolandan soňum bolsun“ diýipdirler – diýip, Mansur başyny galdyryp, Sümbüle seretdi.

Sümbül:

-Eger siz aýal maşgala bolan bolsadyňyz, boýnuňyzdan gujaklap, tä mährim ganýança aglap ogşardym.

-Näme üçin aglamaly? – diýip, Mansur oňa ýylgyryp bakdy.

-Bilemok. Şeýle edesim gelýär.

-Munyňyz bolanok. Birwagtlar maňa bir adam: „Durmuşda hemişe gülkiniň gaýgydan, şatlygyň gamdan üstün çykmagy gerek“ diýipdi.

-Şol adam dogry aýdypdyr – diýip Sümbül çagalyk wagtyndaky ýaly ýakymly ýylgyrdy. Soňundanam: - Wiý, ýogsa-da, biz näme beýdip, bir-birimize bakyşyp otyrys-a? Öýden gury gitmek bolmaz. Häzir men garbanar ýaly çalt bir zat taýýarlaýyn – diýip ýerinden galdy.

-Ýok, ýok, alada edinmäň. Gürleşip oturanumyz müň paý gowy.

-Onuň hiç hili aladasy bolmaz. Heýde men sizi duz - çörek dadyrman goýbererinmi? Bu boljak zat däl, ahyryn- diýip, Sümbül aşhana tarap çykyp gitdi.

Öýde ýeke özi galan Mansur hyýal deňzine gark boldy:

„Aslynda durmuş diýilýän zat oýlaýşyňdanam üýtgeşigräk ekeni! Munda hyýalyňa gelmedik zatlar bolup, oslanmadyk adamlara-da duşuraýjak ekeni! Durmuş özüniň ajy hem süýjüligi, alada ýugrulandygy, ynsana hem şatlyk hem gussa getirýänligi bilen gyzykly hem çylşyrymly ekeni! Şeýle hem adamy özüne bent etmegi başarýan ekeni! Şonuň üçinem agyr günlerde-de, gussaly möwritlerde-de biwepa ýardan ýüz dönderen kimin ondan ýüz döndermäge milt edip bilmeris! Sebäbi geljege alyp barýan durmuş gämisiniň öňünde, hemişe maýak bolup umyt uçguny ýanyp

dur, ahbetin! Şeýle halatda durmuş girdabyna bir säw bilen gark bolan ynsanyň şol umyt uçgunyndan güýç alyp, ýene-de kenara sag-aman çykyp, durmuşyň şa ýoluna ymykly düşmegi, özüne bagt, göwnejaý rahatlyk tapmagy mümkin ekeni“.

# TOGALAK DÜNÝÄ

Otagda açyk mawy reňkli çyra ýanyp dur. Bu reňki Sonagül gowy görýärdi. Täze jaýa göçüp gelenimizden, ol uly otagdaky ak lampoçkany mawy reňklisi bilen çalşyrdy. Dogrudanam, bu reňk gijelerine otaga bahar daňynyň görküni berýärdi.

Şu mawy reňkli şöhlede  Omar Haýýamy okap otyryn. Şahyryň setirlerine siňen ajaýyp pikirlere birhili togunýardym. Kitaby agtaryp oturşyma, gözüm şeýle setirlere kaklyşdy:

„Jahana etsedi mendäki kuwwat
Bu harap düzgüni ederdim berbat
Ýaňadan salardym şeýle bir dünýä,
Adamlar islegne ýeterdi aňsat “

Gör nähili ajaýyp arzuw! Nähili gowy maksat!

Şu bendi gaýtadan gözden geçirýärkäm, şahyryň soňky setirlerini:

„ Ýaňadan salyndy şeýle bir dünýä
Adamlar islegne ýetýändir aňsat “

diýip  düzedesim geldi.

Şol mahalam elimi ýumşak, eýjejik eller tutup özüne çekdi. Bu dokuz ýaşly gyzym Gülüstandy. Başymy galdyryp, oňa ýylgyryp seretdim.

-Näme okap otyrsyň, kaka?

-Omar Haýýamy, gyzym.

-Kim ol Omar Haýýam?

-Şahyr.

-Ol näme hakda ýazypdyr?

-Dünýä hakda.

-Dünýä hakda?!----diýip, Gülüstan haýran galmak bilen sorady.

-Hawa, dünýä hakda.

-Wiý, dünýä hakynda menem bilýän!

-Sen näme bilýärsiň? – diýip, bilesigelijilik bilen soradym.

-Dünýä togalak, ol mydama aýlanyp durýar-diýip, Gülüstan mekdebinde mugallymdan eşidenini aýtdy.-Şeý diýip ýazypmy şahyr?

-Hawa mydama aýlanyp dur, çünki dünýä çarhy-pelek diýip ýazypdyr.

Gülüstan soňky sözlerime düşünmän, gözlerini petretdi. Eýsem, ol dünýä sözüniň müň dürli manysynyň bardygyny, onuň müň hili aýlanyşyny entek nireden bilsin? Muny Gülüstan ýaly çaga wagtynyzda hiç haýsymyz hem bilmeýärdik ahyryn! Meniň gözlerim Gülüstanyň balkyldap duran sada,

goýungözlerine düşende, onda Haýýamyň rubagylarynda tesfir edilen dünýäniň aýlanma hereketleriniň birini gören ýaly boldum.
Hawa, bu sada goýungözlere men mundan çärek asyr öň duşupdym. Şony ýatlap, çuň pikire gitdi.

*****

Nirededir uzaklarda başlanan urşuň uzyn eli kakamy öz gujagyna çekip aldy. Meni bolsa ýedinji klasyň partasyndan aýryp, ädikçilik artelindäki pesejik oturgyja çüýläp goýdy.
Indi men kiçijek şäherimiziň asfalty çala garalyp duran merkezi köçesi bilen her gün artele gatnaýaryn. Gyşda asmandan dört damja ýagyş düşse, köçäniň trotuarlary çalpaw laýa öwrülýär. Şeýle wagtda biz, artele gatnaýan şägirt oglanlar, şu köçäniň ugrunda ýerleşen peduçilişäniň gyzlarynyň deňinden geçip barýarkak, aýagymyzy bilgeşleýin tarpyldadyp, olaryň üstlerine laý syçradyp geçýäris, Gyzlar bolsa yzymyzdan ,,Aýagy kesilmişler“ diýip käýinip galýardylar.
Şol gyzlaryň arasyndan owadan goýungözli bir gyzyň käte maňa birhili nazarany dikip geçýänini syzýardym. Muny özümden başgalaram aňýan bolmaga çemeli. Narym kelçik diýen şägirt oglan maňa degip:
-Heý Abdy, Malýaň gyzy näme saňa gözüni petredip geçýä? – diýýärdi. Oglanlar onuň gepine gülüşýärdiler. Olar muny oýna sowsalarda näme üçindir, özüm muňa çynlakaý üns bermäge başladym.
Artele gelip, ýerimde otursam-da, hyýalym welin şol maňa ogryn garaýan goýun gözlerdedi. Emma halypam elime iş berip „Abdy jan, şu ädigiň başlygyny tikip göýber“ diýende, özümi ele aldym. Soň ol ünsli seredip dillendi:
-Näm boldy, oglum, tukat görünýäñ-le?
-Ýok hiç zat bolanok – diýip, işe başladym.
Halypam örän synçy adam, tukatlygymyň ýöne ýerden däldigini aňdy. Emma ol muny maşgalamyzdaky ýeter-ýetmezçilikdendir öýdendir-dä, göwnümi götermäge jan etdi.
-Gam atynyň başyny ugryna göýberme Abdy jan, pursady geler, hemme zat ýerbe ýer bor. Uruş diýen belada hä diýmän gutarar. Kakaň-da gaýdyp geler. Sen bolsa ýene okuwyňy dowam etdirersiň. Uly mugallym borsuň Häzirki ýagdaýda bolsa keselbent ejeňe sen seretmeseň, kim seretjek? Şükür, ine tutan käriň hiçkimiňkiden kem däl, onsaňam, biziň işimiz diňe öz bähbidimiz üçin däl ahyryn, häzirki wagtda ädikçilik-de gowy hünär. Aýakgap fabrigimiziň köpüsi uruş zererly ýapyldy. Indi halkyň dadyna biz ýetişmeli. Aýakýalaň meýdana çykyp, kätmen urup-da bolmaýar, zawoda baryp işläp-de.Hawa, oglum, şeýle..... – diýip, çalaja agaran gytyk sakgalyny sypalady-da Magtymgulydan bir bent aýtdy:

„Mert ogul göwnüne gaýgy getirmez,
Namardyň ogly dek gaýgyçyl bolma“

Ine şunuň bilen ol diňe meniň däl, eýsem arteldäki beýleki ussalaryň hem göwnüni götermegi başardy.

-Uzak ýaşa, Mahmyt aga. Aramyzda sen bolanyň üçin günümiziň nähili geçenini-de bilmeýäris – diýip, ussalar halypama alkyş aýtdylar.

Halypam arteldäki adamalaryň göwnüni götermek üçin özüni näçe şähtiaçyk tutsa-da öz öýünde pikire çümüp tukatlanyp oturanyny ençeme gezekler görüpdim. Onuň ýigit ýeten ýalňyz ogly urşa gidip, goja bilen kempir öýde galypdy. Oglundan hat gelmegi sähelçe gijikse, halypam tukatlanyp birhili bolýardy. Maňa günaşa hat ýazdyrýardy.

-Şeýdip ýaz –diýip, ol kagyza tiňkesin tikip oturşyna nokatma-nokat aýdýardy.

-Eger hat ýazmaga eliň degmese ýa-da ýaltansaň „Salam, kaka, eje, men sag-aman ýörün“ diýen sözleri ýazaga-da günaşa iberip dur, oglum....

Oglundan hat gelmesi sähel gijikse, halypamyň howatyrlanýandygyna oňat düşünýärdim.

Biz hem kakamdan birki hepde hat gelmese, edil şeýle howatyrlanýarys, şonuň üçin kakama ýazan hatlarymyň soňuna:

„Kaka jan eger hat ýazmaga eliň degmes birje tagta kagyza:“Men sag-aman bardyryn“ diýen sözleri ýazyp gönderip durgun“ diýip goşýardym. Soňra haty ejeme okap berýärdim.

Soňky sözlemi dogry ýazypsyň balam - diýip ejem şel bolan aýagyny zordan ýygnap, ýerinden galýardy.

„Bela gelse goşa-goşadan“ diýlişi ýaly kakamyň gitmeziniň öň ýanynda ejemiň aýagy bir gijede şeýle bolaýdy. Kakam ony doktorlara görkezjek diýip ýören wagtam, goşunçylyga çagyryldy. Ejem biçäre ony ugratmaga-da barybilmedi.

Kakamy ugratmaga ýeke özüm bardym. Irden öýden bile çykdyk. Ojuk-bujuk salyşdyran haltasyny göterişjek bolsam, razy bolmady. Edil esgerleriňki ýaly edip egnine atdy. Ugradyş punkutyna barýançak, pyýada gitdik. Men üç-dört ädim yzdan kakamyň katdy-kamatyna nebsewürlik bilen seredip barýardym. Ol bolsa adatdaky ýaly mekdebe çagalary okatmaga gidip barşy dek başyny dik tutyp, ynamly ädimläp barýardy.

-Näme yza galýaň, men bilen deň ýöreseň bolmaýarmy? – diýip, ol maňa ýüzlendi. Yzyndan ýetdim. Ol elimden tutdy-da, kiçijek çaga ýaly idip ugrady. Ol birsellem näme hakdadyr oýlanyp, ümsüm gitdi. Birhaýukdan soň bolsa:

-Kiçijik çagakaň hem edil häzirkiň ýaly edip elinden tutup ýörýärdim. Ýadyndamy? -diýdi- Indi bolsa, tüweleme, ýigit ýetipsiň meni uzak ýola ugradyp barýaň.
Men kakama bir zatlar diýmekçi boldum, emma damagym dolup dilim diýenimi etmedi. Kakam muny aýtdy.
-Gözýaş etmek erkeklere has zat däldir, Abdy jan – diýip, ol maňa temmi beriji äheňde seretdi:- Meniň bilen hoşlaşan mahalyňda aglap däl-de, şähdiaçyklyk bilen ýylgyryp galmagyňy isleýän. Ýadyňdamy, geçen ýyl kurorta gidenimde, ejeň ikiňiz meni aeroportda ugradypdyňyz. Şonda sen: „Hoş, kaka, maňa gowy awtoruçka alyp gel“ diýip ýylgyryp galypdyň. Bir aýlap Kawkazda gezenimde aeroportda seniň ýylgyryp galan keşbiň göz öňümden gitmedi. Uruşda ýörenimde hem seni ýatlanymda, göz öňüme seniň aglap durşuň däl-de, gülüp, ýylgyryp galanyň gelse, maňa ullakan medet şol. Şoňa seniň akylyň ýetmelidir, oglum.
Ýöne çagalygymdan başlap gulagyma guýlan beýle sözler meniň üçin täzelik däldi. Emma ol bu gezek ozalkysy ýaly öwüt-nesihat äheňde aýtmady. Edil öz deň-duş ýoldaşyna derdini döküän ýaly bir äheňde gürledi. Şonda men özümi eýýam ulalan, kakam hataryndaky adam ýaly syzdym. Yňyp gelen gam-gussa şo bada yzyna serpikdi.
-Yzymda sen galýaň, şonuň üçinem men arkaýyn -diýip kakam sözüni dowam etdirdi-Ejeň keseli welin biraz oýlandyrmanam duranok. Tiziräk ganymatlaşyp gidäýsä ne ýagşy, ýogsam ýaş başyňdan işlemeli bolaýmagyňam mümkin. Häý, görübermeli-dä.

Harby komissarlyga gelenimizde eýýäm adamlary hatara durzup, barlag geçirip duran, ekenler. Kakam hem baryp hatara durdy.
Barlag gutarandan soň:
-Maşyna!- diýlip, komanda berildi. Kakam ýanyma geldi-de, elini uzatdy: -Al onda hoş!
Elimi mäkäm gysyp bir siltedi-de, ýüwrip maşyna mündi. Maşyn gozganyp ugrady
-Hoş saňa nemisleriň iň gowy awtoruçkasyndan getirerin! –diýip, ýylgyryp durşyna gygyrdy.
Men nätdimkäm? Ýylgyryp bildimmikäm? Howwa ýylgyrdym.
Bütin erkimi güýjimi jemläp ýylgyrdym. Emma maşyn gözden ýitenden soň aşaky dodagyma iki düwme ýaşyň togalanyp düşenini bilip galdym.
Öýde galan ejeme göwünlik bermek üçin, özümi merdemsi tutmaga jan edip, öýe gaýtdym. Içerik girenimden ejemiň dady-perýat etjegi göz öňüme geleninde welin, ýüregim gyýylyp gitdi. Emma men ýalňyşan ekenim. Otaga girenimde, ejem kitap şkafynyň ýanyndaky oturgyçda žurnala seredip oturan eken. Ol maňa gamgyn seretdi-de, ýuwaş äheňde:

-Geldiňmi, balam?- diýip, ýene žurnala başyny egdi, hat-da „Kakaňy nähili ugratdyň, ol nämeler diýdi?“ diýibem soramady. Ol şol ümsüm oturyşyna, žurnaldan ýene birki sahypa agdardy-da, birden bütin göwresini titredip, sessiz aglamaga oturdy.
-Eje!..
-Bolýa, balam. Ine, häzir bes ederin- diýip, ýaglygy bilen gözlerini süpürdi.
- Hany, hol burçdan taýagymy äber, naharyň ugruna çykaýyn. Ajygansyň, häzirjik kartoşka gowraýyn. – Ol taýagyna söýenip, ýerinden galdy-da, çep aýagyny süýräp çykyp gitdi.

***

Ejemiň ýanyny ýere bermegi meni çynlakaý pikir etmäge mejbur etdi. Onuň keseliniň barha beterleşýändigine gözüm ýetdi. Doktorlaryň aýtmagyna görä, onuň derdine uly şäherlerde şypa tapylaýmasa, bu ýerde tapyljak däldi. Indi özüm işlemesem, gün görmegiňem başga ýoly galmandy.
Şeýdip okuw ýylynyň soňky çäregi galanda mekdebi taşlap goňşymyz Mahmyt aga şägirt boldym. Deslapky günlerde artel durmuşyna öwrenişibilmän heläk boldum. Ertirden giç agşama çenli pessejik oturgyçda ýagyrnyňy tüňňerdip ädik tikmek, çüý kesmek jyda hem irizýärdi. Ýöne halypamyň mähribanlygy, göwnüňi göteriji sözleri bolmadyk bolsa, onda men arteli taşlap gitmäge-de taýyndym. Emma wagtyň geçmegi bilen hemmesine-de öwrenişdim ötägitdim.
Üç aý geçenseň halypam maňa özbaşdak işlemekligi ynandy. Menem şol ynamy ödemek üçin jan edýärdim. Bir gün ol meniň tikip gutaran ädigimi üns bilen synlady-da:
-Tüweleme, tüweleme, ýaman gözden saklasyn, ukybyň bar, Abdy jan- diýip, arkama kakdy. Onsoň arteldäki ussalaryň hemmesi meniň tiken ädigimi elden-ele alyp, gözden geçirdiler, öwdüler. Şonda Narym kelçigiň halypasy ädigi eýläk-beýläk öwrüp synlap:
-Görýäňmi muny,yhlas diýeniň, ine, şeýle bolýar. Sen bolsa henize çenli tor tikmäni hem bileňok- diýip, şägirdine igendi.
Meniň öwgä ruhum göterilip, işe diýseň yhlasly ýapyşdym. Işimiň birini beýlekisinden oňat etmäge jan etdim. Beýleki ussalar işini çalt bitirmek üçin syzy
üçin dişli tigri ulansalar, men syzyny ak sapak bilen tikip ugradym. Şonda hünji dek ak ýördümler göze diýseň ýakymly görünýärdi. Şol ýakymlylygam meniň zähmete, işe bolan ukybymy kesgitläp, mende nähilidir üýtgeşik bir duýgy döredýärdi. Ýöne zähmetim zerarly peýda bolan lezzetli duýgudan başga bir duýgy üstün çykyp ugrady. Olam bolsa şo maňa seredip geçýän goýun gözlerdi.Bu gözleriň mähri soňa baka meni öz girdabyna gark etdi.Geň galmaly zat! Maňa seredip geçýän diňe sol goýun gözler däl ahyryn! Köp! Gaty köp! Ýöne... ol gözler... O başga-la...

Bakyşyndaky gyzgyn mähri syzýan-la! Bu hili mähir bir-ä söýýän gyzyň gözlerinde, birem mähriban enäniň gözlerinde bolup biler. Ýöne olaryň güýji deňem bolsa manysy welin başga-başga.

******

Ýüregimde oýanan bu duýgy meniň mydama hemramdy. Artelde ýagyrnymy tüňňerdip, ädik tikýärkämem, öýe gelip, peçde ot ýakýarkamam, daňdan bäşde turup, çöregiň nobatyna barýarkamam, şu duýgy ýüregime hemişelik hemrady. Onuň täsiri bilen hyýal derýasyna çümýärdim, arzuw guşuna münip, uzaklara uçardym.
Bir gün işden gijä galyp alňasap barýarkam, uzakdan oňa gözüm kaklyşdy, ol hem okuwyna gijigen bolara çemeli, gyssanyp, gaty-gaty ýöräp gelýärdi. Şu onuň bilen birinji gezek ikiçäk duş gelşimdi. Şol sebäpdenmi, ýa başga zatdanmy garaz, ýüregim gürsüldäp urmaga başlady. Ädimlerimi biraz salykatlyrak ätmekçi bolýan welin hiç bolanok, edil aýagym kösseklenen ýaly. Iň erbet ýerem - onuň deňine ýetiberemde, aýagym taýyp, diň arkan serrelip gaýtdym.Elimdäki korzina honda zyňylyp gidip, onuň içindäki biz, pyçak, çekiç, çalgydaş pytrap gitdi.Utanjymdan çym-gyzyl bolup, ýerimden turdum. Seretsem, ol hykyr-hykyr gülüp, meniň zatlarymy ýygnaşdyryp ýör.
-Seresap bolsaň bolmaýamy? -diýip, ol maňa korzinkany uzatdy. Ol bu sözleri çyny bilen diýse-de gözleri welin diýseň mähirli gülüp durdy.
-Äý... muň ýaly zat bolar öýtmändim -diýip, men birhili gelşiksiz ýylgyrdym. Ol pyňkyryp göýbermezlik üçin aşaky dodagyny mäkäm dişledi. Ýöne onuň ýanyp duran gözlerinde gülküsi görnüp durdy.Soňra ol bir zat diýmekçi bolup, dodaklaryny çalaja açsa-da hiç zat diýmedi.
Diňe şondan soň men egnimdäki mawut güpbimiň gara-läbik bolandygyny bilip galdym. Artele gelenimde, ussalar meniň bolşymy görüp, gülüp hezil etdiler. Ruhy göçgün, keýpi kök adamyň üstünden gülünse-de oňa täsir etmez eken. Ussalara goşulyp, özüm hem güldüm. Soňra güpbimi çykaryp, pejiň golaýynda bir gazyga ildirip goýdum-da, işe başladym.
Ýöne meniň şo günki şatlygymyň soňy birdenkä bir erbet waka öwrüldi duruberdi.
Ynha ol şeýle boldy: Pirmät aga şägirdine degip: ,,Üçem oýnamasyny goýaly bäri, biziň Narym jan hem işine ökdeläp ugrady.Tiken ädigini dagysyny görseň, tüýs ,,Amerikany-da“ - diýdi.
-Amerkada-da Narym janyňky ýaly gyşyk-çaýşyk ädikler tikilýärmikan-aý - diýip, başga bir ussa degişmäni alyp göterdi.
Ýene biri hem:
-Häý tikäýşini onuň- diýdi. Halypam:
Amerikada Naryma meňzeş ussalar ajyndan ölýär. Fabrigiň eýesi bir gün hem saklamaýar onuň ýalyny.

Şol mahal gapy bat bilen açylyp, artelimiziň başlygy Hasan güpjek çym-gyzyl bolup girdi. Ol gysga boýly, garny sallanyp duran semiz adamdy. Şol sebäpli hem oňa „Güpjek“ diýen lakam dakylan bolmaly. Ol gapynyň aňyrsynda durup, bolan gürrüňleri diňlän bolmaga çemeli, halypama bakyp azgyryldy:
-Sen, garry, näme diýip bälçiräp otyrsyň? Aýdýanlaryň manysyna pähimiň ýetmeýärmi seniň? Jemagat içinde çet ýurduň towaryny öwmek, özümiziňkini döwmek, bu hut kosmopolotizm dälmi?
Başlygyň beýle gödek sözleri halypama örän agyr degdi. Onuň reňki öçüp, dodaklarynyň gany gaçdy.
-Hasan! - diýip , ol gaharly gürledi: - Men seniň ataň bilen deň adam, gepläniňde sylaşyga, salawmaleýkime ýer goýup gepleseň oňat bordy! Men seniň kosmalitizmiňi-de pasmalatyzmiňi-de bilemok, dilimem öwrülenok. Meniň diýýänim hak. Nämesi aýypmyşyn munuň?!
-Samsyk garrynyň nämesi aýypmyş diýşine seret-le- diýip, ol öňküsinden-de beter azgyryldy: -Şu aýdýanlaryňy ýazga-da iki adama gol çekdirip, inkewide beräýsem, saňa nämesiniň aýypdygyny, nämesiniň aýyp däldigini görkezerdiler!
-Ahow, oglan, agzyňa geleniňi samrap durma-la! - diýip, halypam gahardan ýaňa çym-gyzyl boldy: -Beýle gepiň bilen meni gorkuzmarsyň! Sen kesekiden aýyp tapjak bolýançaň, iliň gözüne dürtülip duran öz aýbyňy düzetseň bolmaýamy? Bu ýerde harby komissarlykdakylaryň gözüne çöp atyp, maňa meňzeş garry-gurtynyň, oglan-uşagyň arasynda, doňuz ýaly symyşlap ýörýänçäň duşman bilen söweşmäge giden ýigitleriň hatarynda bolsaň bolmaýamy? Mert bolan bolsaň, iliň kastyna gelen belanyň öňünden çyk, haramzada!
Hasan güpjek gahar-gazapdan ýaňa titräp, gök-nil boldy. Soň ýumrygyny düwüp:
-Gap sesiňi!-diýip bogazyny ýyrtara getirip gygyrdy-da, halypama topuldy. Şonda men elime iş pyçagymy nädip alanymy, nähili ýerimden böküp turanymy-da bilmän galdym.
-Halypamyň golaýyna gelme! Içiňden geçirin! – diýip, onuň alkymyna girdim. Hasan güpjek elimdäki pyçaga gözlerini petredip durşuna, ýuwaş-ýuwaşdan yza çekildi. Soň:
-Şu günden, başlap, ikiňizem gözüme görünmäň! Ýogsam ikiňizi-de eýgiligiň üstünden eltmerin, eşitdiňizmi?-diýip, gapyny bat bilen ýapyp çykyp gitdi.
Ýerime geçip oturdym. Hemmäniň eli işden sowaşdy, hemme ümsüm. Pirmät ussa temmäki dolap otlady-da, üç-dört gezek çalt-çalt sordy. Yzyndanam ümsümligi bozup dillendi:
-Bulaşdy, Mahmyt aga. Indi, gowusy, bu peläket bilen erjeşip ýörmäň, bir

çete çykaýmasaňyz bolmaz. Indi ol size gün bermez. Erbet boldy, erbet!
-Biderek ýere atyňy gordyrma, Pirmät! – diýip, başga ussa gürrüňe goşuldy:
-Elinden hiç zat gelmez onuň, ýaňky diýen kagyzyna gol çekjek adam biziň aramyzdan tapylmasa gerek.
-Gitjek, dostlar. Gitmesem bolmaz- diýip, halypam aşak egip oturan başyny galdyryp, ussalara ýekän-ýekän seretdi: - Ýöne men ondan gorkanym üçin gitjek däl-de, başga sebäp bilen gitjek. Indi ol deýýus göni gelýän bolsa, menem göni yzyma gaýdaryn! Onsaňam, bokurdagymyzy deşen şol däl, ahyryn! Ýanymda Abdy jan bolsa, bizem güzeran geçirmegiň bir alajyny ederis. Al, oglum, özümize derekli ojuk-bujuklary
Halypam bir sözli adamdy. Häsiýetine belet bolansoňlar, oňa töwella-da edip durmadylar. Biziň bilen hoşlaşdylar galyberdiler.
Köçä çykdyk. Howa onçakly sowuk bolmasa-da, ýakymsyz şemal bardy. Halypam ýedi-sekiz ýeri ýamaly köne possunyna duwlanyp, sesini çykarman barýardy. Peduçilişäniň deňine geldik. Şu ýerde-de meniň ýüregim atygsap ugrady. Dogrusyny aýtsam, agyr degýän zat –diňe artelden gidenimiz däl-de, şu köçeden indi gaýdyp ýöremek, şol goýun gözli gyza gaýdyp duşmak miýesser bolmajaklygydy. Bütin ýol boýy lam-jim bolup gelýän halypam, köçämize ýetiberende dillendi:
-Abdy jan, artelden gidýänimizi entek ejeňe duýdurma. Ertir ir bilen biziňkä gel. Hiç zady gaýgy etme, oglum. Ölümden başgasynyň alajy bolar.

*******

Öýde mundanam beterräk bagtsyzlyk garaşýan eken. Içerik girenimde, ejemiň aglamakdan ýaňa gyzaryp giden gözlerine gözüm düşüp, ýüregim gyýlyp gitdi.
-Näm boldy, eje? – diýip, zordan dillendim. Ejem ýaşa dolan gözlerini bir ýana sowup stolyň üstünde ýatan haty maňa uzatdy. Hat ejemiň adyna ýazylypdyr. Hat: „Siziň adamyňyz dereksiz ýitdi“ diýen sözler bilen başlanýardy.
Daň golaýlap gelýärdi. Meniň welin gözüme çiş kakylan ýalydy.
-Abdy jan – diýip, ejem ýatan ýerinden dillendi.Men tisginip gitdim. Wah, garabagyr, olam uklaman ýatan bolsa nätjek?
-Näme eje?
-Gaýgy etme, guzym, dädeň bir ýerden çykar. „Dereksiz ýitdi“ diýildigi „Öldi“ diýildigi däl ahyryn. Wah, men guraýyn! Aslyýetinde, men şony saňa duýdurmaly däl ekenim. Bu agyr zarba ýeke özüm döz gelip bilmämsoň aýdaýdym-da. Özümiň ýarawlygymyň ýoklygy hem onuň üstesine! Gaýgy etme, guzym.„Müň gaýgy bir iş bitimez“ diýipdirler.

********

Artelde bolan waka hakynda ejeme dil ýarman, adatdaky ýaly geýnip çykyp

gitdim. Dogry halypamyň öýüne geldim. „Ölümden başgasynyň çäresi tapylýar“- diýip, biderek aýtman eken. Içerik girsem, ol mahmal ýaly gara hromy ülňüläp, ädik biçip oturan eken.
-Geleweri, ussa Abdy-diýip, halypam degişme äheninde gürledi: - Ine, görýäňmi çäresi tapylandyr görseň? Düýn gös-göni şol gelşime, Atajan gönçiniň ýanyna bardym. Kesbinden bereket tapsyn. Nesýe dört sany hamy berdi göýberdi. Görýäňmi, özi-de hromyň barypýatany. Hrom işlände, bu golaýda onuň öňüne çykýan ýok-la. Artelde işlemedigimiz bilen hem hiç zat bolasy ýok. Öýde minnetsizje işläbiris. Bazar diýeniň açyk. Iki-üç bazary görsek, peýdamyz elmize gelip ugrar. Şondan soň maliýe baraga-da bäş-on prosentini öňünden töläp, peteklije ussa bolar otyrybiris. Soňra biziň pişigimize „piş“ diýen adam bolmaz. Şeýdip güzeran geçirip oturan ussalar şäherde gytmy näme?
Halypamyň bu sözleri ýüregimdäki daşlary biraz ýeňletdi. Ýogsam men öten agşam oňşuk-oňalga barada-da pikir edip, aňyrsyna ýetip bilmän, halypama bil baglap galypdym. Şolam dogry çykdy. Indem öýdäki ýagdaýymy gürrüň bersem, onda bujagaz şatlygyňam üstüne suw sepiljek. Halypam oňa menden beter gynanjak. Ony gynandyranym bilen näme peýdam bar ahyry! Hiç zat! Goý, şonuň üçin meniň halypamyň beri gaşy çytylmasyn! Men muny asla islämok!
-Ýene bir zady aýdaýyn, oglum – diýip, halypam sözüni dowam etdi.“Gämä müneniň jany bir“ diýipdirler. Seni närazy etmerin, oglum, peýdasy bolsa ikimize-de deň bolar.
-Ýok-la, halypa, maňa üçden birini berseňiz bor- diýip, men sypaýyçylyk etdim.
-Näme üçin, üçden birini bermelimişim? Sen indi şägirt däl, ussa bolduň, tiken zatlaryň meňkiden-de gowy.
Men ýene-de sypaýyçylyk etjek boldum welin, ol maňa gezek bermän:
-Boldy-boldy, gepiňi köpeltme, „Gepiň azy ýagşy, kel gyzyň näzi“ diýipdirler. Hany başla işe- diýip, soňyny degişmä sowdy.
Halypamyň degişmesi ertirden bäri geplemän ojagyň başynda çugutdyryp, ody dörüp oturan kempirini hem dillendirdi:
-Abdy jan, halypaň jahyllygynda, „kel gyzyň näzi ýagşy“ diýip, diňe şoň ýalylaryň yzyna düşüp gezen bolmaga çemeli.
-Aý, ýok, gaýtam, gaçanym kel gyzdy. Emma olam maňlaýyma ýazylan bolsa nätjek, gaçyp gutulyp bilmedim.
-Şeýlemi? – diýip, kempiri halypama kineli seretdi. – Nirede, şol maňlaýyňa ýazylan kel?
-Ynha, şindem maňlaýymda – diýip, barmagyny çommaldyp, kempirini görkezdi: - Ýadyňdan çykdymy? Ýaşlygyňda şyr keldiň ahyryn, maňa geleniňden soň, kelläňi her gün sypalap, saç çykaran men dälmi näme?

-Mysalaň gursun. Abdy jandan utananagam bi! Göwnüňe getirme kempir, seň bilen degişmesem, kim bilen degişeýin? Abdy jan entek beýle gepleriň manysyna düşünýänem däldir-le – diýip, halypam kempirini köşeşdirdi.
Soňam işe girişdik. Ilkinji günlerde köpçülige öwrenişenimdenmi-nämedenmi, diýseň içim gysdy.
Goja bilen kempiriň ýaňky ýaly degişmeleri hem arteldäki şagalaňyň ýerini tutanokdy, wah, köpçüligiň gadyry başga-la!
Artelde günümiziň nähili geçýänini-de duýmaýardyk. Günler biri-birine meňzeş, hiç hili üýtgewsiz geçýärdi.Emma iküç hepde geçensoň bu ýagdaý bilen öwrenişdim. Halypam köpi gören adam hemişe öten-geçenden gyzykly gürrüň tapýardy. Bazardan-da wagtymyz hoş, tiken zadymyz geçip dur. Bazara köplenç men çykýardym. Halypam „Sen ýeňil aýaksyň, men süýrenip ýörmäýin, özüň satyp geläý, oglum.“ diýerdi. Bazara birinji gezek baranymda, örän çekindim. Menden başga-da ädik göterip ýören ussa köp bolsa-da, göwnüme bolmasa, hemmeler maňa seredýän ýalydy. Birazdan soň çekinjeňligim unudyldy.
Ahyry meniň malyma-da hyrydar tapyldy. Ýigrimi bäş ýaşlaryndaky bir gelin ýanyma geldi. Onuň aýagyndaky ädiginiň azyndan on ýamasy bardy. Ol meniň elimdäki burnuň gany ýaly gyzyl hromdan tikilen ädigi gören badyna:
-Bäh, munuň gowudygyny! Näçe bolsa berjek muny, jigi? –diýip, çekinjeňlik bilen sorady.
-Müň bäş ýüz, gelneje – diýip, men hem çekinjeňlik bilen jogap berdim,
Gelin ulydan bir demini alyp dillendi:
-Ädigiň-ä oňat welin, gaty gymmat ekeni, jigi. Sekiz ýüze berseň alaýyn-diýip delminip seretdi.
-Ýok, gelneje, birneme galyň.
Şol mahal başga bir aýal:
-Hany, bäri al, göreli – diýip, ädigi elimden aldy. Onuň iki ýaňagynyň hal atyp durşyna, aýagyndaky ýalpyldawuk köwüş-mesisine seredeniňde, onuň ädige mätäçlige ýok ýalydy. Ol ädigi gözden geçirdi-de:
-O diýen oňadam däl eken. Ýöne nyrhynda ylalaşsak, men alaýyn – diýip, agzyndaky altyn dişlerini görkezmek üçin ýalandan ýylgyran boldy.
-Ýeňňe, bary şu! Gerek bolsa-ha al, ýogsam.... - diýip, ädigi elinden kakyp aldym. Näme üçindir Hasan güpjek ýaly biriniň aýalydyr diýen bir pikir kelläme gelip, ony diýseň ýigrendim.
-Aýdanyň üçden birini gaýdaly. Dos-dogry müň manat bereýin – diýip, ýaňky aýal ýene-de ýylgyran boldy. Şol wagt söwdamyza gulak gabardyp duran bir kempir gürrüňe goşuldy.
-Wiý gyzym, „Möminleriň söwdasyny şugullar bozar“ diýipdirler, birisiniň söwdasynyň arasyna düşmezler, aýyp bor. Ilki söwda, ine, bu gyzyňky

ahyryn! Ol almasa, onsoň sen söwdalaşmaly. Munyň aýypdyr, gyz!
- Alsyn, näme men almasyn diýýänmi? – diýip ýaňky gahar bilen tasanjarady.
Şondan soň öň hyrydar bolan obaly gelin ýygralyk bilen dillendi.
-Ýok, ýok, dogan jan, alybersin. Meniň munuň ýaly zada pulumam ýetjek däl. Biziň ýala muň ýaly zat nirede! Garaz, oňatja görüp soraýdym-da. Öýüň eýesi uruşdan sag-aman  gelip, öýe eýe bolsa, onsaň geýäýmesek, muň ýaly zady geýibilesimiz ýok-la, Häzir alybilen alybersin.
Ol gelniň bu gürrüňlerine ýüregim bir hili awady gitdi. Onuň gamgyn gözlerine seredenimde, kakamy urşa ugradan mahalymdaky, ejemiň gussaly gözlerini  ýatladym.“Bu  gelnem adamsyny urşa ugradanda,  edil ejem ýaly bolup, ýüregini paralandyr, biçäre“ Altyn dişli aýal welin, bu gürrüňden özüçe  netije çykaryp:
-Ynha, eşitdiňmi, kempir, bu gelin aljak däl ahyryn. Puly ýetmeýämiş. Indi berin ara düşmäň! – diýip, kempire azgyryldy.
Kempirden ses çykmady. Onsoň ol maňa ýäzlendi:
-Ýaňky aýdanyma beraý, oglan?
-Ýok!
-Müň bir ýüze berjekmi?
-Ýok!
-Bermeseň, ýapyş-da ýat ädigiňe – diýip, ol mähellä siňip gitdi. Onuň yzy süre hälki  obaly gelniňem gidip barýanyny görüp, ony ýanyma çagyrdym.
-Bäri geliň, gelneje, soraň. Belkem, size nesip eder? – diýdim.
Gelin uýaljyrap dillendi.
-Ýok, jigim, o baha alybiljek däl. Bary-ýogy dokuz ýüz manadym bar Ondanam çagalara süýji-püýji alyşdyrmaly. Meniň çakym däl – diýdi.
-Bolýar, ýaňky diýen sekiz ýüz manadyňyzy beriň-de alaýyň. Gelin muňa birhili boldy. Gözlerini tegeläp seretdi. Utandy. Bolsa-da ädigi aldy. Soň ol köp alkyşlar aýdyp, meniň ýanymdan, göýä, ömründe birinji  gezek gurjak satyn alan gyzjagaz ýaly bolup, begenjine uçaýjak bolup gitdi.
Şol wagt kimdir biri arkama kakyp:
-Heý, samsyk, mugt berdiň-ä ony! – diýdi.
-Ol öz işim!
Soň ol nätanyşdan ses çykmady.
Men bolsam şo gelniň şatlygyna şärik bolup, halypamyň ýanyna nädip baranymam bilmedim.  Barybam bolan wakany birin-birin gürrüň berdim.
Halypam:a
-Seniň ýeriňe men bolan bolsam-da şeýderdim – diýip, gülümsiredi: - Ýöne ýorganyňa görä aýak uzatmalydygyny hem unutma, oglum. Eger hemmesine-de şu hili garyp-gasarlaryň ýagdaýyna garap satjak bolsaň, onda gazanjymyz nas pulumyzy-da ýetmez, oglum-diýdi. Men utanjyma ýer

dyrmap oňaýdym.

*********

Gün öýleden agypdy. Halypamyň kempiriniň  günertanlyk üçin bişiren mäşewesinden halypam bilen bir okarany öňümize alanymyzda, gapy ýuwaşjadan kakyldy.
Halypam:
-Kimem bolsaň giriber –diýdi.
Içerik ýanyp duran sugur gulakjynyny maňlaýyna basyp geýen, eli papkaly, orta  ýaşlaryndaky bir  adam  girdi. Ol salam bermän:
-Mahmyt ussa diýenleri sizmi? – diýdi.
-Howa şol-a biz bolmaly. Hany, mäşewäniň  başyna geç – diýip, ussam oňa mürähet etdi.
- Sag boluň, mäşeweleşip otyrara wagt ýok, işli geldim.
-Bizden bitýän işiň bolsa, baş üstüne,  inim, otur, aýdyber – diýip, halypam geňgalyjylyk bilen oňa seretdi. Ol pejiň ýanynda çök düşüp oturdy-da papkasyndan bir tagta kagyz aldy.
-Gizlin hünärmentçilik bilen meşgullanýanyňyz üçin, size maliýe bölümi elli müň manat möçberinde  jerime saldy. Ynha kagyzy, goluňyzy çekiň – diýip, ol sygryň dili ýaly kagyzy uzatdy. Halypamyň ýäzi uç ýuwlan ak esgä döndi.
-Elli müň manat? Näme üçin beýle inim? Meniň öýde işlemäge başlanyma entek iküç hepde-de bolanok ahyryn?! Näme üçin beýle bolýar?
-Men hiç zat bilmeýärin –diýip, ol halypamyň sözüni böldi:
-Hökümetiň kanunyna oňat düşünýänsiň, ussa.  Kanun kanundyr.
-Kanuna düşünýäs inim, emma elli müň manady men nireden tapaýyn? Muňa öýümi satsam-da, ýetmez. Munyň-a ynsapsyzlyk bolýar, inim. Gürrüňe halypamyň aýyly goşuldy.
-Wah bally, men seň ejeňi, kakaňy tanaýan, aslyňa belet, näme üçin beýdýäň? Birazyrak puryja berseňiz, ussanyň özi maliýaňyza baryp, kagyz alyp gelerdi. Özi-de  şeýtjek  diýip otyrdy.
Ol kempiriň diýenine üns hem bermän, ýaňky kagyzy halypama ýene uzatdy-da:
-Çekeleşip oturmaly ussa. Gol çekip ber, men  gaýtjak – diýdi.
Halypam bu gezek saklanyp bilmedi:
Çekjek däl, ertir  özüm ulyňyzyň ýanyna baryp düşünişerin! Petent sorap arza berjek!
-Biderek, edýäň, ussa. Häzir patent diýilýän zat her kese berlip duranok, Gaýtam, salgydyňyzy ýüz müňe çykarmaklary mümkin. Sebäbi elli müň diňe seniň ýeke özüňi nazarda tutulyp çykarylan. Ynha, şägirt oglanyňam bar ekeni. Onuňam el güýjünden peýdalanyp otyrsyň. Aktyň bir punkytyna

munam goşup goýbersem, elli müňi ýüz müň edip tölederler. Şonuň üçinem, çekeleşip azara galma, ussa.
-Aý, iki ýüze çykarsalaram, bir baryp görjek. Işim seň edaraňdan bitmese, ispolkoma barjak, arz etjek.
Halypamyň gara çynydygyny bilensoň, ol näme üçindir, gowşap ugrady:
-Ýaşuly, sen-ä edenlisireýärsiň welin, ýöne ýeke özüň müň gapa başyňy ursaň-da, peýdasy bolmasa gerek. Gowusy, siz azara galyp ýörmäň. Ine, daýzamyň
aýtmagyna görä, ozaldan tanyş ekenik. „Bir gören tanyş, iki gören garyndaş“ diýipdirler. Meniň özüm siziň üçin alada edip göreýin. Belki, bir ugruna bolýady-da.
-Beýle bolsa, sag bol, inim, bereket tap! –diýip, halypam deň ýary agaran gytyk sakgalyny barmaklary bilen daraşdyrdy-da:
- Dogrusyny aytsam, ertirden bäri göwnüm başga bir gümana gidip otyrdym. Men seni Hasan güpjek ýaly biriniň gepi bilen gelendir öýdüp otyrdym. Beýle şeýtanyň pikirene gidenim üçin, meni bagyşlaweri, inim – diýdi.
-Ynsan çig süýt emen bolýar, ýaşuly. Zyýany ýok. Ony men göwnüme getirmerin. Siziň üçin elimden gelen ýagşylygy etjek bolup görerin. Emma gurudan – gury çar tarapa at salanym bilen iş bitmezmikä diýýän.
-Bu näme diýdigiň? – diýip, halypam biraz geňgalyjylyk bilen sorady.
Aý... ýaşuly, düşünmediksirän bolmasana, gury sözden palaw bolmaýar ahyryn. Siz köpügören adam, gepiň bir çetini eşdenden düşünibermeli-le- diýip, ol gözlerini birhili ýyltyldatdy.
-Şeýlemi? – diýip, halypam oňa dikaryňlap başlady-Munuň ýaly maksadyň bar bolsa, ertirden bäri „Mus-mus“ diýip oturýançaň Mustapa diýäýseň bolmadymy?
Hawa, Mustapa, Mustapa! – diýip, ol gelşiksiz ýylgyrdy.
Halypam birdenem dergazap bolup:
-Sen näme, para sorap geldiňmi bu ýere? Indi men ömrüm bina bolup etmedik işimi edip, para bermelimi? Haramzada, çyk öýden! – diýip, onuň üstüne sürindi.
Ýaňky ýigit gapydan nçykyp barýarka:
Şu puly hökman saňa tölederin, tölemeseň, mal-mülküňi konfiskasiýa etdirerin! – diýip haýbat atan boldy.
Halypam onuň goýup giden kagyzyny dört bükläp jübüsine salyp, gaharly dillendi:
-Hasan güpjeklden-de geçiren deýýus ekeni, haramzada! Ertiriň özünde başlygynyň ýanyna barjak, ispolkomada arz etjek, ýurtdan adalat giden däldir entek! – diýip, sowap galan mäşeweden iki çemçe içdi-de, gaýra çekildi.

-Işdäme-de  sogan dogrady, haramzada! Maňa seretme, içiber, Abdy jan – diýdi..
-Enesinden käse  gelmişi şu hili para-pullar  azdyran ekeni, asyl! Düýn heleýler ony „Boýy ýeten gyzy bilen aýalyny kowup, ýaşajyk bir gyza öýlnepdir“ diýip  oturdylar –diýip halypamyň kempiri käýindi.
Dogrydyr. Bu terzli adamyň elinden her hili hilegärlikler geler – diýip, halypam kempiriniň  sözüni tassyklady.
Kempiriň: „Boýy ýeten gyzy bilen kowupdyr“  diýen sözleri, näme üçindir, meniň depämden sowuk suw guýlan ýaly etdi.  Pikire gitdim. Ýogsa-da, Narym ony maliýanyň gyzy diýipdi. Aý, ýoga! Ol şu adamyň gyzymyka? Neneň şeýle ajaýyp gyz bu hili nejisiň gyzy bolup biler? Bu waka, iş-alada bilen tas ýadymdan çykaňgyrlap barýan şol goýungözli gyzy  ýene-de ýadyma saldy. Ýüregimde ony ýene  bir gezek görmek arzuwy oýandy.
 Giçlik öýe gaýdanymda pikirimiň bir bölegini şu  günki bolup geçen waka eýelän bolsa,  ikinjisini  şol goýungöz eýeläpdi.
Şol günüň ertesi halypam ir bilen şähere çykdy. Men işlemesine işledim welin, halypam meseläni nähili çözerkä diýip pikir edip, wagtyň nähili geçeninem bilmändirin.
Halypam günortana golaý ýylgyryp geldi,
Abdy jan, hoş habar alyp geldim – diýip ol maňa ýüzlendi – Gadymkylardan galmadyk söz ýok. Kemlige kemal bar, menlige zowal. Hasan güpjek masgara bolup, tussag edilipdir. Onuň gözboýagçylygyna, ynanman, komissiýadan geçirip, esgerlige çagyran ekenler, ol bolsa hilegärlik edip, sag eliniň üç barmagyny çapyp taşlapdyr, namart!'
Çyndan tussag  edilipmi? –diýip, men  begenjimden soradym.
-Howala, beýle namardy jezalaman bolarmy näme? Ispolkomyň başlygyndan eşitdim. „Asylsaň  belent şahadan asyl“ diýenlerini edip, dopba-dogry onuň ýanyna girdim. Biçäräniň oglundan şum habar gelenine üç gün bolan eken. Gaty sus, biçäre. Arzy-halymy diýdim. Dykgat bilen diňledi. Malyýa til kakyp, salgydy şol wagtyň özünde ýatyrtdy. Men onuň bilen hemme zat barada gürrüňleşdimem, ýöne düýnkiniň para sorap gelenini aýtmaga dilim barmady.
-Hasan güpjek diýeniňiz şeýle namart adam ekeni, ussa-diýip, ol soňundan maňa gürrüň berdi: - onuň milliýonlarça deň-duşlary watan üçin jan berip gan döküp ýören wagty, bu namardyň ýeke özüniň jany gözüne görnüpdir. Aý  bolýar-da etmişine görä jezasynam çeker. Meniň maslahatymy alsaňyza artele  dolanyp baraýyň, köpjüligiň içi oňat bolar. Köpjüligiň  içinde adam gaýgy gamyny hem unutgyç bolýar-diýdi.
-Näme üçin, düýnki parahory oňa aýmadyňyz? Aýdan bolsaňyz, oňam jezasyny bererdi – diýip men halypama igendim. Halypam:
-Kim ýaman bolsa hudaýdan tapsyn, bizden tapmasyn, oglum. Olam bolşy

şol bolsa, bu gün bolmasa erte Hasan güpjek ýaly pälinden tapar gider – diýdi.

************

Şeýdip, ýene artele gelmeli bolduk. Muňa meniň neneňsi begenendigimi bir bilseňizdi! Ejeme bu hoş habary aýdanymda, ol näme üçindir, muňa biparh garady. Diňe meniň göwnüm üçin:
-Gowy bolupdyr, Köpçüligiň içinde içiň gysmaz-diýip oňaýdy. Onuň biparhlygynyň sebäbini bilýän. Ol ha artel bolsun, ha halypamyňky – umuman meniň işlemegimi islemeýärdi. Käwagtlar meniň işden ýadap gelenimi göreninde uludan bir demini alyp:
-Wagtyň geçip barýar, bilimsiz galyp barýañ, oglum. Gijeki mekdep açyljakmyş diýen habar bar, käşge şo açylaýsa, onda saňa meňzeşler üçin gowy bolardy. guzym – diýerdi.
************
Şu aralykda tötänden ýüze çykan bagytsyzlyk biziň artel baradaky şatlygymyzy ýele sowurdy oturyberdi. Halypamyň kempiri tarpa-taýyn aradan çykaýdy.
Halypamy bu hasrata çydap bilmez diýip gorkupdym. Emma men ýalňyşan ekenim. Ol ýalňyz mahalynda aglan olsa aglandyr, emma märekäniň içinde welin gözüne ýaş hem aýlamady. Märeke d....argap, onuň ýanynda diňe goňşusynyň aýaly bilen men galdym, şonda ol ýüregindäkisini dökdi.
-Kempir pahyr bu dünýäniň gowgasyndan dyndy. Boldy-boldy maňa boldy... Täk özüm gugaryp galdym-diýdi. Goňşusynyň aýaly oňa göwünlik bermekçi boldy:
-Umytsyz bolmaň, Mahmyt aga. Siziň ýalňyzlygyňyz wagtlaýyndyr. Hä diýmän, ogluňyz uruşdan geler, öýerersiňiz. Öýüňiz agtyklaryňyzdan dolar. Agzyňyzy haýyr açaweriň.
Şonda welin halypam saklanyp bilmän, gözüne ýaş aýlady.

***********

Aradan birnäçe gün geçensoň artele geldik. Gelen günümiz ussalaryň begenşini bir görseňizdi! Olar halypam bilen meni asyl ýitirip tapan ýaly, ýeke-ýekeden gujaklap görüşdiler. Adamlaryň beýle mähirli garşylamagy biziň depämizi göge ýetirdi. Indi her gün, ozalkym ýaly, artele gatnaýardym. Şondan soň, hemişeki tanyş ýol-ýoda ýene-de maňa birwagtky goýungözli gyzy ýatlatdy.
Peduçilişäniň gyzlary öňümden ýene topar-topar bolup çykýardy. Emma olaryň içinde, näme üçindir, ol goýungözli gyz görünmeýärdi. Ýöne onuň bilen mydama el tutyşyp ýören owadan gedem gyzy welin häli-şindi görýärdim. Ol meniň gözlerimiň näme agtarýandygyna düşünýän ýaly,

mydama manyly gülümsiräp  geçip gidýärdi.  Men bolsam Belkem, yzyrakdan gelýändir, Ine häzir öňümden çykar diýip, içimi gepledýärdim. Ýüregim welin gürs-gürs uryp, kükregimden çykaýjak bolýardy.
Bir hepdäm şu hili ýagdaýda geçdi. Umydym  puja çykdy. Ol indi okuwa gatnamaýardy. Munyň sebäbini nireden, nädip anyklajagymy bilmeýärdim. Nätsemkäm? Ýada şol maňa gülümsiräp geçýän  boýdaşyndan soraýsammykam? Ony şonça gyzyň içinden saýlap saklaýmagam aňsat iş däl. Aňsat bolmasa-da saklamaly soramaly.Emma  ol meniň  bu bolşyma dogry  düşünermikä, üstümden gülmezmikä? Bardy-geldi, ol meni  başga bir zat aýdar öýdüp, küýinip gidiwerse nähili bolsada saklamaly, soramaly, anygyny bilmeli, ýogsam ýüregim ynjalyk tapanok.
Ertesi onuň gyzaryp-bozaryp sakladym.
-Boýdaşyňyz näme üçin görünmeýär? – diýip,  gyzyň meni synlap duran gözlerinden gözümi gizledim. Ol meniň soragyma şo bada düşündi.
-Sonagülmi,  gerekmedi?-diýip ýylgyrdy. Men onuň adyny birinji gezek eşitdim.
-Hawa, ädik buýrupdy. Taýyn – diýip, kelläme gelen zady aýdyp göýberdim. Emma bu hili ýagdaýda gyz maşgalanyň gözüni gapyp bolýarmy näme?
Ol gülüp göýberdi-de:
-Ädigimizi maňa sataýyň – diýdi. Men çym-gyzyl boldym. Hiç zat aýdyp bilmän, oňaýsyz ýylgyrdym.  Gyz birden  gaşyny çytdy-da:
-Sonagül okuwy taşlap gitdi. Indi ony bu töwerekden tapyp bilmersiňiz – diýip, özüne garaşyp duran  gyzlara bakan dogumly ätläp ugrady.
-Sebäbi näme-diýip, men zordan dillendim. Ol gyz gaňrylyp birhili manyda seretdi-de, hiç zat diýmän gidiberdi. Onuň nähili manyda seredenine şo mahal pikirem bermedim.
Sebäbi aladam özüme ýetikdi. „Okuwyny taşlap gitmäge ony näme mejbur etdikä?  Şonda halypamyň  kempiriniň bizden para sorap gelen adam hakynda aýdany birden ýadyma düşdi. „Gyzy bilen aýalyny kowup, ýaş gyza öýlenen onuň kakasy ekeni-dä? Ine, onuň okuwyny taşlap gitmeginiň sebabi! Biçäre gyz, ol hem men ýaly güzeran görmek üçin bir ýerde işläp ýörendir....“
Şeýle pikirler bilen bilelikde, kelläme başga-da bir pikir geldi. „Näme üçin boýdaşy maňa muny açyk aýdaýmady? Bir hili gyz eken-aý, walla! Näme üçin ol meniň bilen gürleşeninde beýle suwjarýar-a? Gülümsiriýär, birhili seredýär? Boýdaşynyň başyna düşen gara gün onuň üçin hiç zat ýaly!“
Assa ädimläp barýarkam, kellämde şu pikirler at salýardy. Ýüregimde bolsa "Sonagül“ diýen at häli-şindi ýaňlanyp durdy.

************

Aýlar, günler geçip, Sonagüliň owadan goýüngözleriniň kalbymda galdyran yzy dura-bara öçüp ugrady....
******
Gyşyň içiňi gysdyrýan tukat günleri geçip, köçelerde baharyň şadyýan ýeli öwsüp başlady. Teniňe mahmal ýaly mylaýym degýän ýazyň ýeli çöküp ýatan duýgularymy hem oýardy. Ýüregimde düşnüksiz bir isleg döretdi. Bu islegiň peýda bolmagynyň bahardan başga-da bir sebapkäri bardy. Ol hem Sonagüliň şol baýaky boýdaşydy.
Sonagül zerarly aramyzda bolup geçen gürrüňden soň bu lälik gyzyň salamlaryna gözlerini allaniçiksi güldürip geçişlerine ilki günlerde parhsyz garap gelipdim. Emma gyzyň yzyny üzmän gaýtalaýan bu hereketleri kem-kemden göwnüme hoş ýakyp başlady. Soňky wagtlar her gün ir bilen işe gidip barýarkam, oňa duşuşanymda, gözlerini güldürip, salamlaşmagyny isläp başladym. Bir günem bu islegim on esse  artykmaçlygy bilen ýerine ýetirildi.
Ine, ol şeýle boldy.
Gijara işden ýeke özüm pikire çümüp, başymy  aşak salyp gelýärdim. Bäş ädim çemesi öňümden biriniň aýak sesine başyma galyrdym. Gözüm şol Sonagüliň boýdaşyna düşdi. Ol näzli gülümsiräp, gös-güni maňa seredip gelýärdi. Ol garşyma gelip aýak çekdi-de:
Ussa salam – diýip, gülüp duran gözlerini  gözlerime dikdi. Men onuň gyzlara mahsuz bolmadyk beýle aýgytly hereketindenmi ýa-da gapyl galanym üçinmi garaz, birhili özümi ýitirdim.
Salam...-diýip, zordan dillendim.
Gyz meniň bolup durşumdan nähili ýagdaýdadygymy aňyp, mylaýym ýylgyrdy-da:
-Şol baýak aýdan ädigiňizi nätdiňiz, hiç  kime satmadyňyzmy?-diýdi.
-O nähili ädik?
-Sonagüle tiken ädigiňiz-dä.
Şo bada ýalan sözlänim ýadyma düşdi-dä:
Ýok entek....-diýip, çym-gyzyl boldum.
-Henize çenli hyrydar tapyp bilmänsiňiz-dä?-diýip, gülip göýberdi. Onuň bu gülküsini özümiň ýigitlik mertebäme  dil ýetirmegi diýip düşündim-de, birden-kä  gaharym geldi. Mertebäme dil ýeterileninde men özümi  diýseň merdem tutýardym.  Şu häsiýetim bu gezek hem kömege ýetişdi.
-Hyrydar näçe diýseň bar, emma ol ädigiň özüne mynasyp hyrydary tapylýança hiç kime satjak däl-diýdim.
Gyz gepiň manysyna düşündi öýdýän, boz-ýaz boldy. Ýöne dillenmän durup bilmedi:
-Şeýlemi? Maňa sataýjak däl-da onda?
Çyn hyrydar bolsaňyz....

Ol ýenede hüjüm edip ugrady:
Seret-le muňa! Çyn hyradardygymy men nädip subut etmeli, ýa-da pulumy çykaryp görkezäýinmi? – diýip, gyz ýenede güldi. Bu saparky gülki hilesiz gülki bolansoň, menem goşulanymy bilmäni galypdyryn.
-Eýsem söwdasyny haçan edýäs? – diýip, ol gyz birhili çynyrgadyp ugrady. Menem onuň özünden kem galmadym.
-Onuň söwdasyny şu gün agşam edil şu ýerde ederis- diýdim.
Gyzyň häliden bäri gülüp duran güzleri birden aşak bakdy...
-Ýok bu gün däl.
-Näme üçin? Şu gün bolaýsa, gowy bordy-da!
-Ýok, ýok, başga wagtda.
-Ýok diýmesene....Bolýarmy? Bolýa diýäýsene.
Bolýa... Gadalan ýeriňden gan alýan oglan ekeniň.
Gyz gitdi.
Men öýe ýöräp däl, uçyp geldim.

************

Ol şol döwürlerde ýörgünli bolan „han atlas“ köýnek geýip, gül ýaly açylyp geldi. Meniň begenjimiň çägi ýokdy. Gyzyň gözleri-de bagryýarlyk bilen lowrdaýardy.
Bz iki ýany gur bagly ýan ýoda bilen egnimizi deňleşdirip, ýuwaşja ýöräp ugradyk. Ikimizdenem ses çykanok. „Näme diýsemkäm? Gürrüňi nämeden başlasamkam?“ Ýüregimi gurşap alan süýji duýgunyň niçikdir bir lezzetli tolgunmanyň gujagynda bir agyz söz tapmaga-da rowgatym bolman, ejizläp barýardym. Maňa galsa, şu hili ýagdaýda tä ýary gijä çenli aýlanyp gezmäge razydym. Emma ümsümligiň uzaga çekmegi aramyzda birhili ebeteýsiz ýagdaý döretmäge başlady. Söz tapyp bilmän, azara galýanymy gyz aňan bolmaga çemeli, özi dillendi:
-Bolşymyz-a birhiliräk – diýip, ol mylaýym ýylgyrdy.
-Näme üçin birhili bolýar?
-Entek biri-birimiziň adymyzy-da bilmeýäris. Şondada, ýedi ýyllyk tanyşlar ýaly aýlanyp ýörüs-diýip, ol güldi.
-Hawa, dogrudanam, munymyz birhiliräk –diýip, men gülesim gelmesede, onuň gülkisine goşylan kişi boldum.
-Gel gowusy biri-birimize adymyzy aýtmaly –diýip, gyz edil ýaş çaga ýaly läliksiräp gepledi.
-Haçana çenli?
-Hiç haçanam.
-Şeýlede bir zat bormy?
-Biz bolduraly-da.
-Ýok munyň bolmaýar! Adyňy häziriň özünde aýt!

Gyz näzirgäp dillendi:
-Eýýämden hemle atýaňmy?
-Bagyşla.
- Sen näme, gyzlaryñ adynyñ nädip soralýandygyny kitaplarda okamadyňmy, kinolarda görmediňmi? Hany, meniň adymy biljek bolda?
Men näme diýjegimi bilmän ýylgyrdym. „Kitaplarda, kinolarda, dogrusyny aýtsam, mekdepden gidelim bäri, elime kitap almadym diýsem-de boljak.Ozalky okan erteki kitaplarymda-da ýigitleriň gyzlardan nädip adyny soraýanyna
duş gelmedim. Duş gelen bolsam-da, ol mahallar muňa üns bermänim üçin, ýadymda galmandyr. "Çapaýew", „Nasreddin Buharada“, „Bagdat ogrusy“ kinolaryny birnäçe gezek görüpdim. Olarda-da bu hakda gep-söz ýokdy. Belki, şeýle gep-gürrüňli kinolar bolsa-da bardyr?" diýip, oýlanyp dymdym.
Ol -Gyzlaryň adyny soramagy oňarmasaň, onda öňürti öz adyňy aýdaý- diýip, keerjekledi.
-Adym Abdy.
Gyz pyňkyryp göýberdi.
-Näme gülýäň?
-Näme üçin öz adyňy özüň kemsidip aýtýaň?
-Kemsidip dagy edemok. Adym Abdy-da.
-Hemmede adyňy Abdy diýip tutýarmy?
-Ýok ejem Abdy jan diýýär, halypam Abdy baý diýýär, oglanlar ýöne Abdy diýýärler.
-Bular seniň doly adyň däl, ahyryn. Doly adyň näme?
-Doly adymy indiki gezek, dogluş hakyndaky şahadatnamamy görüp, gelip aýdaryn.
Gyz maňa hezil edip güldi.
-Eý-waý, gepiň gursyn, tas içegäm üzülipdi. Seniň adyňy goýan kim?
-Bilemok, kakam goýan bolmaga çemeli.
-Kakaň nirede işleýär?
-Ol uruşda.
-Hm... Meniňem agam uruşda – diýip, gyz birden tukatlandy: - Ozal nirede işleýärdi kakaň?
-Mugallymdy.
-Mugallymlar şahyrlaryň atlaryny gowy görýärler. Çyn adyňy häzir bilerin. Haýsy şahyryň adyna dogry gelýärkä adyň janym? Abdy... Abdy..... tapdym! Abdyrahman! Jamynyň ady-la bi!
-Azyrak ýalňyşdyň. Abdyrahym. Indi senem aýt-da adyňy.
-Ýok. Özüň tap. Adym „Z“ harpy bilen başlanýar. Muny tapmak aňsat-la.
Adyň ýa Zulaýha ýa Zyba
-Ýok

-Tapmadymmy? Eýse muny seň ýaňky usulyň boýunça tapmaly bolýar. Seň adyňy goýan kim?
-Kakam
-Kakaň käri näme?
-Kakam gorispolkomyň başlygy.
-Şeýlemi?
Men dymdym. Halypamyň salgydy ýatyrmak üçin ispolkomyň başlygynyň ýanyna baryp geleninde "Biçäräniň oglundan şum habar gelenine üç gün bolupdyr Örän tukatlanyp oturan ekeni" diýeni ýadyma güpbe düşdi. Bu gyz hem "meniňem agam uruşda" diýýär. Onuň şum habardan habary ýok bolmaga çemeli. Kakasy biçäre, bu elhenç habaryň azabyny ýeke özi çekip ýörene meňzeýär.
Tapdyň gerek? – diýip, ol meniň sesimi çykarmanyma özüçe düşündi.
-Gorispolkomyň başlyklarynyň nähili atlary gowy görýändigini hakydama getirip bilemok – diýdim.
Sözlerimiň manysy degişmä meňzese-de, äheňi meňzemedi. Sesimde ýüregimde berçigen tukatlygyň täsiri dýulýardy. Muňa-da başgaça düşünen gyz:
-Ýadadyň öýdýän, öýli-öýümize gaýdaýaly –diýdi.
-Ýok-la, ýadamok. Ýene birsalym gezeli.
-Ýok. Gijä galsam, ejem käýýär.
Ony öýüne çenli ugratdym. Gapysynyň öňüne gelenimizde ol:
-Gaýdyber onda – diýdi.
-Adyňy aýtman gidiberjekmi?
Gyz hilegärlik bilen ýuwaşja güldi-de, „Hoş“ diýen manyda elini uzatdy. Şeýle bir näzik, şeýle bir mylaýym bu eli gabarçakly elim bilen emaýja gysýarkäm, özümi ömrümde ilkinji gezek eline altyn alyp gören garyp ýaly duýdym. Gyz näme üçindir, elini birden çekip aldy. Men adyny aýtman gider öýdüp, howlugyp soradym.
-Aýtmadyň-la
-Zülputar.
Şeýle diýdi-de, tiz-tiz ýöräp, howla girip gitdi. Bu etraplarda örän seýrek duş gelýän bu owadan ady näme üçindir, men şo näzik ellere meňzedesim geldi.
***************
Gumguk köçäni ýeke özüm eýeläp gelýärdim. Hyýalymda welin, o gyzyň görküne guwanyp, sözüne, gülküsine gulak asyp, şadyýanlygyna, mähremligine guwanyp gelýärdim.
Asyl öýe gelenimem duýman galypdyryn. Gijäniň birwagty bolanyna garamazdan, äpişgämizden yşyk görünýärdi. Ejem uklamandyr. Gijä galanym üçin, howatyrlanyp oturan bolmaga çemeli. Pişik basyşyny edip

öýe girdim. Ejem krowatda arkasyna ýassyklary goýup, kitap okap oturan ekeni. Gapydan girenimden başyny kitapdan göterip, ulydan demini alyp dillendi.
-Nirede eglendiň, oglum?
Şonda ol ýüz-gözümden birhili üýtgeşikligi syzjak bolýan ýaly geňirgenip, maňa diklenip seretdi. Men gyzaryp gitdim.
-Kino bardyňmy?
-Howa
Ejem soň gülümsiräp gepledi.
-Gyzykly ekenmi?
-Hawa „Çapaýew“.
-„Çapaýewdan “ başgasy ýokmuka? Hemişe şo kino-la? Şeýledir-dä. Kino çykarýanlaram uruşdadyr bu wagt....
Ol kitabyny ýapyp, ýüz-gözüme ýene bir gezek mähirli seretdi.
-Indi ýataý, oglum. Ir bilen bäşde çöregiň nobatyna gitmelisiň.
Hemişeki ýatýan ýerime – pejiň ýanyndaky köne diwanyň üstüne düşek ýazyp, çyrany öçürdim. Otagda höküm sürýän garaňkylyk hem ümsümlik meni adatdakysy ýaly rahat ukynyň däl-de süýji hyýallaryň gujagyna çekdi.
-Abdy jan, Näme uklaňok?
Uklaman ýatanymy nireden bildikä? Ejem uklasyn diýip gymyldaman ýatdym ahyry? Ene-dä, ene ýüregi gör, nähili duýgur bolýar! Ol seniň dem alşyňdanam ukudadygyňy ýada oýadygyňy, gaýgylydygyňy ýa-da şatlanýandygyňy – ählisini duýup ýatyr!
-Eje!
-Jana!
-Ýaňky okap oturan kitabyň näme hakynda?
Ejem birsalym dymyp, ulydan demini aldy. Şonda ol maňa: „Ýüregiňde nähili tupan turanyna indi düşündim“ diýen ýaly boldy.
-Ol kitap ajaýyp bir adam hakynda. Senem wagt tapyp okaýsaň, zyýan etmez, oglum. Ýöne seniň iş-aladaňam kän-dä. Bu-da geçer, oglum. Hany, ýat, dynjyňy al. Ertir ir turmalysyň.
-Bolýar eje.
Soň uka gidipdirin
**************
Budilnigiň jyňyrdysyna oýandym, görsem sagat bäş. Ýumşajyk düşegi terk edip, ýerimden galasym gelmeýärdi. Isleg bilen hajatyň işi ýok. Turmaly boldy. Turdym. Ähli ýeriniň syrçasy gopup, çypar bolup giden köne budilnige gaharly seredip durşuma çalt geýnip, çöregiň nobatyna ýüwürdim.
Daňdanyň çigreksi şemaly teniňe ýakymsyz degýärdi. Köçelerde eýýäm

hereket başlanypdyr. Adamalaryň ädimleri aladaly. Çörek dükanyna gelenimde, uzyn murtyna ak sepen garry milisiýoner nobaty tertibe salyp duran eken. Şol wagt nobatyň soňunda duran gök biýz köýnekli, uzyn boýly, näzenin gyza keseden gözüm düşende, näme üçindir, ýüregim jigläp gitdi. Oňa golaýlaşyp nobatyň yzyny soraýarkam, ol yzyna öwrüldi. Şonda bir wagt ýüregime ot atan goýungöze gözüm sataşdy. Sonagül! Birbada demim ýetmeýän ýaly boldy. Der basdy. Ozallar oňat geýnip, gül ýaly açylyp ýörän gyzy biýz köýnekli görenimde, inim dyglap gitdi, ýüregim awady. Gyz hem özüniň bu halyndan utanýan dek, başyny birden aşak egdi. Soň asuda garaýyş bilen bakyp:

Gurgunmusynyz? – diýdi.

Juda mylaýymlyk bilen aýdylan bu söze jogap bermäge-de ejiz geldim. Bogazym dolup, diňe başymy egip oňaýdym. Şo bada hem köpden bäri ýüregimizde saklanýan şol gaýybana tanyşlyk mesaňa ýüze çykan ýaly boldy durdy. Emma şondan soň sagatlap nobatda ýüzbe-ýüz duranam bolsak, aramyzda hiç hili gep-gürrüň bolmady. Ýöne bu dymyşma biziň üçin manyly manysyz sözlerden has ähmiýetlidi. Sebäbi biz biri-birimize gyýa-gyýa seredişmek bilen, aram-aram nebsewür ýuwdunmak bilen, hatda göze ilmeýän kiçijik bir hereketlerimiz bilenem sözde düşündirip bolmaýan syrly bir zady-bir-birimize düşündirýän ýalydyk. Sagat sekize golaýlaşanda biziň nobatymyz ýetdi. Bir elimize kartoçkany, beýleki elimize-de bukankadan sähel azyrak çöregi mäkäm gysyp, nobatyň kadasyz itnişiginden çykdyk. Şol mahalam orta ýaşlaryndaky iki sany sygan aýal gelip, adamlary gepe güýmemäge durdy. Nobatyň yzyragynda duran bir kempir syganlary ýanyna çagyrdy. Syganlaryň biri kempiriň sag eliniň a ayasyna seredip samramaga başlady.

-Palyňda malyň göründi, malyň bilen janyň göründi. Uzak ýerde diýsemmi, ýakyn ýerde diýsemmi, ýadyňmy, ýakynyňmy, ýalňyz gaýybyň bar, gözüň ýolda intizar...

Tapdyň tapdyň, başyňa döneýin – diýip, kempir janykdy.

Sygan aýal hinizem samyrdaýardy. Men bolsa oňa seredip agzymy öweldip galypdyryn. Şol wagt goltygyma mäkäm gysyp duran çöregimi biri silkip aldy. Zährem ýarylyp, yzyma öwrüldim.

Adamlar:

-Haý tut! – diýip, yzan-çuwan bolşup gygyryşdylar. Milisiýoner gulagyňy deşip barýan ses bilen yzly-yzyna jürlewigini çaldy. Emma bary biderek boldy.Çöregi alyp gaçan oglan birdemde köçäniň aňyr çetindäki öwrüme gabat boldy. Men

näme etjegimi bilmän, ol oglanyň kemzolynyň arkasyndaky ýyrtygyndan görnüp duran çym-gyzyl içligine seredip aňk-taňk bolup galyberdim.

Adamlaryň içinde wagyr güýjedi, Bir inwalid ýigit milisiýonere:

-Hemmesi sizden, düýnem bir aýalyň nanyny  alyp gaçdylar. Näme üçin tertip-düzgüne seretmeýärsiňiz – diýip haýbat atdy. Başga bir aýal: Wah, ýaşy kesilen, ýaňyjada meniň çöregime  burnuny tutyp: „Wah munuň ysynyñ oňatdygyny,  peçden ýaňy çykypdyr öýdän“  diýip, ýalt-ýult edip durdy – diýdi.
 Men özümiň aňkawlygymdan utanyp, märekeden saýlandym. Yzyma seretsem, Sonagül gelýär. Gyz  maşgalanyň öňünde bir bukanka çörek üçin özümi ýitirip durmagy uslyp bilmedim-de ekezlendim.
-Şeýdip alany, halaly bolsun onuň – diýdim. Sonagül bir hili ahmyrly äheňde:
-Näme üçin şeýle adamlar bolýar-a? – diýdi
-Nähili adamlar?
-Diňe özi hakda pikir edýän. Özüm dok bolsam bolany, özge aç galsa-da jähennem  diýýänler. Ýaňky oglan çöregi ýöne ýere alyp gaçan däldir. Ähtimal, açdyr. Ýöne ol näme üçin „Men biriniň çöregini alyp gaçsam, ol hem meniň ýaly aç galar“  diýip pikir etmeýärka?
-Onuñ ýaly pikir eden ogurlarmy?
-Onyňa dogry.
Ol gyzy men beýle ýüregi ýukadyr öýtmeýärdim. Onuň meniň halyma gynanmagy meni birhili geň galdyrdy.Öňki ysnyşygymyz ýene güýjäp ugran ýaly bolup duýuldy.
Şol gidip barşymyza ýolymyz  halwaçynyň dükanynyň üstünden geldi. Sonagül maňa „Bäri geliber“ diýen ýaly yşarat etdi-de, halwaçynyň dükanyna sowuldy. Orta ýaşlaryndaky halwaçy  dükanyny ýaňyja açyp daş-terezisini sazlaşdyryp duran ekeni. Dükanyň  öňüne gelip aýak çeken  gyzy görüp halwaçy ýarydan  deşilen ýaly kiçijik, bitik gözlerini birhili edip eljiredi:
-Gurgunmyň, gurgunjamyň, keýigim? Halwa çekeýinmi? Kakaň: „Gyzym halwany gowy görýä“ diýip öwerdi. Hawa-da....
-Mümkin bolsa, pyçagyňyzy berip duryñ– diýip, Sonagül onuñ gepini böldi. Halwaçy oňa „Keýigim keýpiñ kelläňde, sensizem halwanyň hyrydary köp“ diýen manyda pyçagy alyp uzatdy. Sonagül  çalasynlyk bilen  pyçagy alyp, elindäki buhankany ikä böldi. Dukanyň öňünden dört-bäş adim aňry gidenimizden soň, ol bölekleriň birini maňa uzatdy.
-Al.
-Ýok, sag bol.
Çöregi hernäçe almajagam bolsam bolmady. Aldym. Şonda ol gyz ýylgyryp:
-Seni öýüňe boş ibersem, onda meniň şo çöregi alyp gaçan oglandan näme tapawudym bolar – diýdi.
Minnetdarlyk bilen oňa seredenimde, bu biýz  köýnekli gyz öňler ýüpek

köýnek geýip, gözlerini güldürip, şadyýan gezýän gyzdanam gözel göründi.

************

Bir bölek çöregi goltugyma gysyp, öýe gelenimde ýüz-gözümde bir üýtgeşiklik bar bolmaga çemeli, ejem geňirgenip seretdi. Çöregi saçaga goýdym Şonda ejem çöregiň azdygyny bilip dillendi:
-Näme? Normany ýene kesipdirlermi?
-Ýok.
-Onda näme bu az?
Bolan wakany ejme gürrüň berdim. Ejem birsellem pikirlenip oturdy. Soňam ýüzi birdenkä açylyp ugrady. Men muny ejemiň Sonagüle gaýybana minnetdarlygyna ýordum. Ejem ýuwaşja dillendi:
-Onuň diýäýenine seret-le: „Seni öýüňe boş göýbersem, çöregi alyp gaçan oglandan näme tapawudym bar?“ Bu sözleriň manysyna düşündiňmi, oglum! Bu kitabyň sözleri! Köp okan gyz bolmaga çemeli- diýip ejem maňa manyly seretdi. Menem oňa düşündim.
Ejemiň bu garaýşynda iki many bardy: biri onuň Sonagüle çäksiz minnetdarlygy bolsa, beýlekisem meniň sowatsyz galyp barýanlygymdy. Kitaba üns bermeýänligimdi.
Hawa, şu güne deňiç okuwsyz galyp barýanyma birjigem gynanamokdym.
Ýene şo güniň ertesi Sonagül bilen nobata durmaly bolduk. Hijimizden ses çykmaýardy. Diňe ogryn hem-de nebsewür seredişip oňýardyk .Soňam çöregimizi alyp, bile ýola düşdik. Şonda Sonagül ulydan demini alyp dillendi.
-Ertirden başlap, men çörek almaga bu ýere gelmeýän – diýip, başyny aşak egdi.
-Näme üçin?!
-Başga ýere göçýäs.
Başym aýlanyp, gözümiñ öňi garañkylap gitdi. Nobata Sonagül bilen bile durmak, onuň mylaýym keşbini synlamak meniň üçin bagtdy!
Bu habaryň maňa agyr degenini Sonagül aňdy öýdýän. Başyny wagty bilen galdyrmady, geplemedem.
Hoşlaşaýjak wagtymyz welin gülümsiräp:
-Zülputara menden salam aýt – diýdi. Şo bada dilim damagyma gitdi. Sowuk der basdy. Haýsy manyda aýdanyna-da düşünmän içimi gepletdim. „Ol meniň Zülpütar bilen duşuşyp ýörenimi nirden bildikä? Eýrandaky gyzyň halyndan Turandaky gyzyň habary bolýar diýenleri çyn ekenow.
Hyýalymda olary deňeşdirip, Zülpütara bolan duýgum gözüňi gamaşdyrýan ýiti öwüşgünli bir zat ýalydy. Sonagüle bolan duýgym welin negada bir duş gelýän örän gymmat bahaly zada meňzeýärdi.
Öýe gelip ejem bilen jaý içmäge oturdym. Şol gymmat bahaly duýgy

käsämdäki çaý ýaly ýüregimde asuda çaýkanyp durdy. Işe gidip barşyma, uçilişäniň öňünde Zülpütara duş geldim.

Salamlaşanymyzdan soň oňa:

-Agşam duşuşaly aýtjak zadym bar – diýdim. Gyz gözlerini ýeser güldirip:

-O nähili gep?- diýdi.

-Biri saňa salam aýdyp göýberdi.

Kim?

-Agşam gelseň aýtjak.

-Bolýa, mümkinçiligim bolsa göreýin – diýip, ol ýeserje ýylgyrdy.

Belleşilen wagtda ol gyrmyzy ýüpek köýnekde lowurdap geldi. Özümiziňki diýilýän ýan ýodadan ýuwaşja ýöräp gitdik.

-Salam aýdan kim? Hany aýt.

-Boýdaşyň.

-Haýsy boýdaşym?

-Sonagül-dä.

Zülpitar gaşlaryny çytyp, esli wagt dymdy. Bir haýukdan soň:

-Şeý diýsene.... Ony nirde gördüň?-diýdi. Çöregiň nobatynda gördüm diýmäge dilim barmady.

-Tötänden köçede sataşdym.

-Zülpütar birden telpegini ters geýdi duruberdi. Dodaklary titräp, gözleri kiçeldi. Men Sonagüliň salamyny gowşuryp, gaýtam ony bigendirmekçidim. Jorasynyň habaryny eşitse, hökman begener diýip pikir edipdim. Pikirim tersine bolup çykdy. Bir tarapdan, Zülpitaryň jan ýaly jorasyna bolan beýle garaýşy ýüregimi ynjydan bolsa, ikinji tarapdan şeýle owadan gyzyň meni gabanmagy göwnüme hoş ýakýardy.

- Aýtjagyň bary şumudy?– diýip Zülpitar gaharly seretdi.

-Ýok-la, men saňa başga bir zat aýtjak bolýan. Dogrusy, senden bir zat hakda sorajak bolýan.

-Mendenmi? Baş üstüne, soraber! – diýip, ol kineli äheňde aýtdy.

-Bu işimiziň soňy nähili bolarka, Zülpitar?

-Düşünmedim. Näme diýjek bolýaň?

-Uruş gutarsa, kakam dagy gaýdyp gelse, ikimiz durmuş gursak....

Şeýle diýenimden Zülpitar sözümi kesdi:

Sonagül tamsüpüriji, aýdandyr-a saňa kim bolup işleýänini, senem ädikçi ikiñiz durmuş gusañyz bolýar." Deñ deñi bilen, tezek gaby bilen" diýipdirler-ä...

Şobada meni göze görünmeýän ýalyn gurşap aldy, bütin göwräm ot bolup tutaşdy gitdi. Dulugyna çalyp göýberenimi duýman galdym. Ol beýle zada garaşmadyk bolara çemeli, gözlerini petredip bir seretdi-de yzyna öwrülip, ýüzün salaýdy.

*************
Ömrümde ilkinji gezek beýle kemsidilmegime tap gelip bilmän, tä ýarym gijä çenli köçelerde entäp gezdim.. Öýe gelip ýatanymdan soň uzak wagtlap uklap bilmedim, Diwanyň jygyldysyndan ejem uklamany ýatanymy duýup:
- Bu gün saňa näm boldy, oglum? Näme uklaňok?-diýdi.
Ejemiň bu mähribanlygy meni hasam ejizletdi. Tas müňňüripdim. Zordan saklandym.
-Işden çykjak, eje. Okuwa girjek –diýdim.
-Haçan?
-Ertiriň özünde- diÿdim. Ejem oýaçümdi öýdýän, hiç zat diýmedi.
-Näme gepläňok eje? Ýada sen garşymyň?
-Sen okajak diýseň, men, heý, garşy bolarynmy? Ýöne güzeranymyz nähili geçerkä, oglum?
Gije öýde işlejek. Her bazar arasy iki jüp ädik tiksem, şol bize bolar, eje.
Bu sözüň jany bar, oglum. Eger şeýtseň, okamaga doly mümkinçiligiň bolar.
Okamak barada bu mümkinçiligi oýlap tapanyma gaty begendim. Beýle pikiriň ozalyrak kelläme gelmänine ökündim. Ejem ýene dillendi:
-Eger adamda erjellik dörese, ol öz islegini amala aşyrmagyň çäresini tapar, oglum. Ozallar okuwa islegiň ýokdy. Görýän welin indi sende okamaga çynlakaý isleg döräpdir. Bu islegiň birden döremegine näme-de bolsa bir zat sebäp bolan bolmaga çemeli. Ony-da menden gizläp otyrsyň, oglum. Aýdaýanyñda näme?
Ejemiň duýgurlygyna telpek goýdum. Emma gizleýän syrymy oňa açyk gürrüň bermäge utandym....
Gözümi açsam otagyň içi ýagtylan ekeni. Başujymdaky sagadyň jykgyldysy gulagyma ildi. Seretsem, sekizden geçipdir. Onuň jaňynyň dili süýşürilip goýlan
ekeni. Ejemiň ukymy bozmaga gözi gyýmandyr öýdýän? Şol wagt eýwanda ejemiň aýak sesi eşidildi. Ol içeri giren bada:
-Çörege gijä galypdyryn-a, eje –diýdim.Ejem asudalyk bilen:
-Zyýany ýok , bu güne ýeterlik çöregimiz bar. Ertir iki günlügini goşup alaýarsyň – diýip elindäki çäýnegi saçagyň gapdalynda goýdy.
Çaý içmäge otyranymyzda, Zülpitaryň sözleri birden ýadyma düşdi-de, işdäm tutuldy. Ejemiň göwnü üçin bir käse çaý içip, ýerimden turdym. Men iş korzinkamy goltygyma gysyp, köçä çykdym.
Ilkinji niýetim peduçilişä baryp, bagtymy bir synap görmekdi. Okuwa girsemem, diňe şol ýere girmekçidim. Zülpitara: „Seniň okan ýeriňde, maňa meňzeş ädikçi-de okap bilýändir!“ diýmekçidim. Şo maksat bilenem peduçilişäniň öňünde aýak çrkdim. Ýüregim guş ýaly elesleýärdi. Şeýle bolsa-da, özüme erk, edip içeri girdim. Iki ýanyna eliň ýetip duran darajyk

uzyn dälizden gidip barýarkam, „Direktor“ diýen ýazgyly gapa gözüm düşdi. Gapyny çekdim-de batly ses bilen:
Mümkinmi – diýip, içeri girdim. Men beýle ýasama häsiýet bilen öz çekinjeňligimiň, tolgunmamyň üstüni örtmekçidim.
Tördäki ullakan stolyň aňyrsynda oturan hindi ýaly gara adam mylaýym ses bilen:
-Näme, han ogul? – diýdi.
Onuň gözleri-de sesi ýaly mylaýymdy. Men onuň seredişinden biraz ruhlanyp:
-Okuwa girmäge geldim – diýdim.
Ol elimdäki iş korzinkama garap:
-Ädikçimi sen? –diýdi.
-Hawa.
-Biraz gijä galypsyň, han ogul, okuw ýylynyň çärýegi geçdi.
-Näçe geçilen bolsa, özbaşdak okap özleşdirerin, ýoldaş mugallym.
-Käbir sapaklar başartmaz, ýetişmersiň.
-Men size ähli sapaklardan diňe bäşlige okamaga söz berýän!
Şeýle diýenimde, sesimiň batly hem-de öwünjeň äheňde çykany üçin çym-gyzyl boldum.
Ol apbak dişlerini görkezip ýylgyrdy-da:
-Berekella. Beýle bols-ha bir gowy zat – diýdi. Emma ýanynda oturan semiz takyr kelle adam ardynjyrap, ullakan äýneginiň aňyrsyndan maňa seretdi-de:
-Söz bilen iş hemişe bir bolmaýar –diýdi.
-Bolýarmy-bolmaýarmy, ony soň görübiris. Häzirlikçe bir zat anyk: oglanyň okuwa yhlasy zor, kabul edýä--diýip, ol takyr kelle adama ýüzlendi. Takyr kelle adam bolsa egnini gysyp:
-Ygtyýar özüňizde, ýoldaş direktor – diýdi.
Direktor soň maňa seredip dillendi:
-Dokumentleriňi getiriber. Arza, terjimehal, ýediýyllygyň şahadatnamasy, Iki sany surat...
Şahadatnama ýok..... Ýedinjiniň ýarysynda galypdym –diýip, ýere bakdym:
- Işe girmeli boldum....
-Sen-ä tüýs bir täsin oglan ekeniň – diýip, ýaňky takyr kelle adam maňa gözüni alartdy: - Dökümentsiz seni okuwa nähili kabul edeli?
Başymy galdyryp seretsem dirtektor hem maňa siňe seredip otyr. Ol ak aralaşan buýra saçlaryny ýuwaşja sypap, takyr kellä ýüzlendi:
-Bolýar-da, munusynyňam zyýany ýok, okaýsyn.
-Ýoldaş direktor, bu kanuna dogry gelmeýär, ahyryn – diýip, ol ýüzüni ajytdy.
-Eger oglan sözünde tapylyp, bäşlige okasa kanun bizi bagyşlar. Onsaňam,

okuw ýylynyň soňunda ýedinjä-de egzamen tabşyryp, şahadatnama alar. Şeýle dälmi? – diýip, direktor maňa bakyp ýylgyrdy.
Men onuň sözüne tassyklap, başymy atdym.
Takyr kelle ýüzüni kese sowdy-da:
-Ygtyýaryňyz ýoldaş direktor. Soňundan bir , gep-söz çykaýsa, özüňiz jogap berersiňiz-dä –diýdi.
-Bolýa, onuň gaýgysyny etmäň, gerek bolsa, özüm jogap bererin! – diýip, direktor çürt kesik gepledi.
Begenjime: „Sag bol“ diýmänem unydypdyryn. Ylgap çykyp gaýtdym.
Emma begenjim biderek bolup çykdy. Ol ýerde okamak maňa miýesser bolmady..
Artele gelenimde, hemme zat ýerli-ýerindedi. Emma halypamyň kürsüsi, näme üçindir boş durdy.Pirmät ussa agzyndaky tüssäniň ýarysyny ýuwudyp, ýarysyny çykaryp:
-Halypaňdan habaryň barmy? – diýdi.
-Ýok näme?
-Bilmedik-diýip, ol uzyn edip dolanan çiliminiň közüniň ujyna tüýkürdi-de, kuldana atdy - Mahmyt aganyň beýle gijä galýan wagty ýokdy. Bir zat bolandyr sen baryp habar tut. Hernä, eýgilik bolsun.
Şol bada ýüregime bir howsala düşdi. Dessine yzyma dolanyp, köçä çykdym. Halypamyň öýüne ýakynlaşdygymça, ýüregimdäki howsala barha güýçlenýän ýalydy. Howatyrym ýerliksiz däl ekeni. Gapysynyň agzynda eli çäýnekli duran goňşy aýala duş geldim. Ol maňa gamgyn seretdi.
Howlygyp içeri girdim. Ozaly bilen, nazarym tördäki krawata düşdi. Ol boşdy. Halypam ýere ýaszylan düşekde ýatyrdy. Belent ýassykdaky kellesine ak mata saralgydy. Gözleri ýumukdy. Sag eli çala agaran sakgalynyň ujundady. Men onuň ýanyna baryp, gapdalynda çök düşüp oturdym-da:
-Mahmyt aga-diýip, ýuwaşja seslendim. Halypam Gözlerini açyp maňa, soň töweregine göz aýlady. Onuň garaýşy birhili parhsyzdy.
-Ertirden bäri saňa garaşyp ýatyryn –diýip, ol zordan dillendi.
-Men bilmändirin. Näme boldy size?
-Bilmedim. Garaşylmadyk waka boldy – diýip, ol demini rastlady: -Bizem amanady gowşurmaly bolaýdyk öýdýän, oglum? Saenden haýyşym: Şäkir şireçä mesi tikip bermegi boýun alypdym, ýetişip bilmedim, bir taýy bitmän galdy. Şony bitirip ber. Kyýamat karzäýna galmaýyn – Ol ýene demini raslady-da, dowam etdi: - Onsoň sandykda gyzyl mata düwlen pul bar. Ýagşy niýet bilen ýygnapdym... Şonam saňa ak ýürekden berýän.
-Beý diýmäň, Mahmyt aga. Hiç zat bolasy ýok, gutular gidersiňiz –diýip, men oňa göwünlik berdim. Halypam kinaýa bilen halsyz ýylgyrdy. Bu maňa gyşyň bulutly gününde gün görnip giden ýaly birhili täsin duýuldy.

Emma onuň ýylgyranda çalaja açylan dodaklary gaýdyp ýumulmady, tersine barha ulyrak açylyp, agzynyň bu açyklygy wähimeli görnüşe geçdi Men tisginip gitdim.
****************
„Ýagşynyň meýidem gadyrly“ diýleni dogry ekeni. Halypamy jaýlamaga şäheriň ähli ýerinden adam bary geldi. Meýidi arteliň ussalary gezekme-gezek göterip äkitdiler. Arteldäki ona golaý ýetginjek oglaryñ içinde meýide boýy ýetýäni diňe Narym kilçik ikimizdik. Bir tapgyrynda ol ikimiz bir tarapa düşdik ol:
-Abdy, Abdy –diýip eşidiler-eşidilmez edip çawuş çykdy.
-Näme?
-Eşitdiňmi, Zülütaý äýe gaçyp gidipdiý.
Samsyk! Kim sorady häzir senden şony! –diýip ýerliksiz gepläni üçin Narymy dalamasyna daladym welin, emma bu habar maňa gaty täsir etdi. Näme üçindir, özümi kemsidilen ýaly duýdum.

****************
Halypamyň üçünden soň, işden çykmak niýeti bilen artele bardym. Ussahana girenimde, Halypamyň kürsüsiniň ýanynda ýatan mesä gözüm düşdi. Onuň edip giden haýyşy güpbe ýadyma düşdi. Ony ýadymdan çykaranym üçin, içimden özüme gaty käýindim. Mesini alyp, öz kürsüme geçip oturdym-da, tikmäge başladym. Mesiniň bir taýynyň gonjy ýarsyna çenli tikilendi. Halypamyň hiç kimiňkä meňzemeýän owadan ördümlerine gözüm düşüp ýüregim jigläp gitdi.Ýördümlerimi onuňka meňzedip tikmäge çalyşdym emma başarmadym. Meniň ýördümlerim-de tekizlikde, owadanlykda kem-kössüz ýalydy, emma halypamyň ýördümleri, nämesi bilendir meniňkiden düýpgöter tapawutlydy.
Başymy aşak salyp, şol işläp oturşyma töweregimdäki ähli zady unudyp, çuň pikire gidipdirin. Kimdir biriniň şyrt-şyrt edip, çöp çüý kesişi, biriniň pyçak çalyşy, ýene kimleriñdir özara gürrüňi gulagyma kämahal bir ilýärdi.
Birwagt töweregimdäki ähli hereket ýatyp, ähli zat togtan ýaly boldy. Başymy galdyryp seretsem, hakykatdanam, adamlar işini taşlap, näme üçindir maňa seredişip otyrdylar. Men hiç zada düşünmän soragly nazar bilen ussalaryň ýüzüne ýekän-ýekän seretdim. Şonda Pirmät ussa ýanyma geldi-de, elimden tutup, ýokary galdyrdy:
-Abdy jan, üç günden bäri Mahmyt aganyň boş duran ýerine seredýäs-de elimiz işe barmaýar. Sen agamyzyň mynasyp şägirdi. Indi onuň ýerinde seniň oturmagyň gerek-diýdi-de, eltip meni halypamyñ erinde oturtdy. Başga bir ussa: --Indi seni „Ussa Abdyreýim“ diýip atlandyrsak-da bolýar– diýdi.. Onuň sözüni beýleki ussalar makullap, alyp göterdiler. Men näme diýjegimi, näme etjegimi bilmän galdym. Işden çykmak barada

ýüregime düwüp gelen niýetimi hem aýtmaga dilim barmady. Aýtsam halypamyň ruhy aýak astyna düşüp galjak ýaly bolup dýuldy....
Iş wagty tamam boldy. Köçä çykanymyzda. Pirmät ussa meni saklap, elime dört eplenen bir kagyz berdi-de:
-Muny halypañyň jübüsinden tapdylar, häliden bäri seni tukatlandyrmaýyn diýip aýtman otyrdym-diýdi.kagyzy çalt açyp seretsem, ol-a halypamyň oglynyň wepat bolandygy hakyndaky şum habar ekeni. Başym aýlandy gitdi. „Halypamyň biwagt ölümine, belkim, şu hat sebäp bolandyr?“ Näme üçindir Pirmät ussanyň aýdyşy ýaly tukatlanmadymam. Bu bolşuma özümem haýran galyp: „Käbir adamlar doň ýürek bolýamyş, menem şeýle adammykam?“ diýip pikirlendim. Öýe gelenimden, haty ejeme berdim. Ol haty açyp okady-da:
-Biçäräniň çyragy sönüpdir –diýdi.
Men ejeme özümiň doň ýüreklik hakyndaky pikirimi aýtman durup bilmedim.
-Ýok, oglum, meniň bilşimçe, sen doň ýürek dälsiň-diýip, ejem elindäki kitabynyň bir sahabyny açyp okady:
„Tupanda ösen daragtyň köki-de, özi-de berk bolýar. Adam hem şeýle“.
Şeýle bolsa şeýledir diýip, içimi gepletdim-de oňaýdym .
Emma şol gün otursam-da, tursam-da halypamyň özüne meňzeş uzyn boýly, giň eginli, mylaýym bakyşly ýigit göz öňümden hiç gitmedi.

****************

Şol güniň ertesi halypamyň maňa bagyş eden puly ýadyma düşdi-de: „Indi ony nätsemkäm?“ diýen pikir meni ynjalykdan gaçyrdy. Eger ogly öwrülip geljek bolsa, ony tutuş saklajakdymam, emma... indi... Muny halypam öňünden welin aýdan bolmaga çemeli.
Birdenkä kelläme bir pikir geldi: geçen aýda fronta kömek ýygnanlarynda, biz hiç zat berip bilmändik. Puly fronta kömek diýip berenden gowusy ýok diýen netijä geldim. Pikirimi ejeme aýdanymda, ol hem makullady.
Çemedandan puly alyp sanadyk. Müň manada sähelçe etmedi. Ony gazete dolap goltugyma gysdym-da göni ispolkama tarap ugradym. Ispolkomyň jaýyna girenimde, Moskowanyň sagady sekiziň janyny urýardy.Başlygyň kabineti ýapykdy. Sekretar aýal ýaňyja gelip, kabul ediş jaýyny tertibe salyşdyryp ýören ekeni. Ol maňa gözüniň gytagy bilen seretdi-de
Başlyk gerek bolsa biraz garaş – diýdi edil şol wagt hem ol ýaňy harby geýimli bir adam bilen geldi. Onuň saçlary agarypdyr, belent biraz bükülipdir. Keşbi nähilidir Zülpütary ýadyňa salýardy. Onuň hem ýadaw gözlerine seredýärkäm, Zülpütaryň eden-etdiliginiň oňa nähili täsir endigini bilmekçi boldum. Göwnüme onuň gözlerindäki alada özüniň hususy aladasy bolman başga bir möhüm işiň aladasy ýalydy.

Bu ýere maňa meňzeş arzaçylar seýrek gelýän bolmagy çemeli, ol maňa birhili mähirli seretdi-de:
Meniň ýanyma geldiňmi, oglum? –diýdi.
Men baş atdym. Ol kabinetini açyp, ýanyndaky ýoldaşy bilen içere girdi. Soňra:
Hany, gel bakaly –diýip seslendi.6
Men gapydan giren ýerimde papagymy çykaryp, aýak çekdim.
Ýeri, oglum, näme iş bilen geldiň? –diýip, ol maňa siňe seretdi.
Men elimdäkini onuň golasýynda goýdum-da, gelenimiň sebäbini düşündirdim.
Başlyk bilen harby geýimli adam bir-birine seredişdiler. Soňra başlyk pul dolanan gazeti açyp görenden, ör boýuna galdy-da, harby geýimli adama ýüzlendi:
Komissar, hatarymyzda şeýle soldatlar barka biz hökman ýeňäýmeli!

***************
Men ol ýerden çykanymda, özümi hem ruhy, hem fiziki taýdan ulalan ýaly duýdum.
Ol meni soldat diýip atlandyrdy. Bu meniň adamkärçiligime berlen örän uly bahady.
Öýe gelýärkäm, ýol boýy ertirden bäri kellämde mekan tutan „soldat“ diýen söz hakynda, özümiň nähili soldatlygym hakynda pikirlenip gelýärdim. Şol wagtam gulagymyñ ýanynda biri:
„Abdyrahym“ diýip seslendi. Beýläme seretsem,
gapdalym bilen ýylgyryp Sonagül gelýär. Tötänden duşanym üçinmi ýa-da başga sebäbe görämi, garaz, ýüregim kapasa gabalan guş ýaly böküp durdy.
-Eşitdiňmi? Gijeki mekdep açylypdyr – diýip, ol maňa mylaýym ýylgyryp seretdi: - Men eýýäm dökumentlerimi tabşyrdym. Senem girseň, bileje okarys.
Çynyňmy?!
Gyz gülümsiräp başyny atdy-da, gapdaldaky köçä öwrüldi. Göreçlerimiz hoşlaşyk üçin çaknyşdy. Şonda onuň gözlerinde şu mahala çenli görülmedik bir uçgun ýylpyldap gitdi. Bu uçgunyň ýylpyldysy meniň ýüregimem ýyladyp giden ýaly boldy.
Asyl, şol gün meniň işimiň oňan güni ekeni. Şatlygymy içime sygdyryp bilmän, öýe gelsem, öýde-de maňa ýene bir şatlyk garaşýan ekeni. Gapydan içerik ädenimden gözüm eli gazetli oturan ejemiň gözlerine düşdi-de, haýran bolup, giren ýerimde aýak çekdim. Ejemiñ ýüzünde bir keýpi köklik uçganaklaýardy, gözlerinde bolsa begenç ýaşynyň yzy duýlup durdy. Men sabyrsyzlyk bilen soradym:
-Eje, kakamdan hat geldimi?!

-Hawa oglum. Ine, eşit, kakaň näme diýip ýazypdyr? – diýdi. Gazede seretsem, onuň ýüzünde uzyn bir goşgy bardy. Ejem ony tolgunyp okady:

Maňa garaş, men gelerin,
Emma garaş, sen intizar,
Garaş, ýagyş irizse-de,
Garaş maňa ýaganda gar.

Goşguda aýdylyşy ýaly kakama juda intizar bolup garaşdyk. Juda köp gezek garlar ýagdy, ýagyşlar irizdi. Emma kakam wadasynda tapylmady....

****************

Hyýalymy bes edip, Haýýama gulak salýan:
Ol:
„Dünýäniň çarhy heniz-de aýlanyp dur“ diýýär. Şol aýlanmak hereketi ädikçiniň şägirdini pesejik kürsüden institut kafedrasyna eltdi. Gözi ýolda bolup, kakasyna garaşyp ýörän oglanyň özüni kakalyk derejesine ýetirdi. Kakalygymy ykrar etmek üçin töweregimden Gülüstany gözleýän. Ol ejesine kömekleşmek üçin aşhana çykypdyr. Ol ýerden ikisiniň-de sesi eşdilýär. Gülüstan bir zatlar diýip jedirdeýär. Sonagül bolsa özüniň mahmal ýaly mylaýym gülküsi bilen gülýär.
Bu gülki meniň oturan mawy yşykly otagymda hem ýaňlanyp, töweregime mahmal ýazylan ýaly edýär.
Gülüstan gelep meniň, kitaba eglen başyma näzijek barmaklary bilen dürtýär-de:
-Nahar bişdi – diýip kikirdeýär.
Şonda men başymy göterip, onuň mähirli gözlerine bakýan-da ol gözlerde mundan çärek asyr ozalky şol ozalky päkize goýungözleriň hiç üýtgewsiz gaýtalanmasyny! Görýärin. Şonda men „Dünýäniň ähli gowy hadysalary hem şeýle gaýtalansady“ diýip, öz ýanymdan arzu edýärin.

# DÜNÝÄNIŇ SYRY
## (fantastiki powest)

Kosmosyň tüm garaňky gije kimin giňişliginde «Jeýhun» atly ýyldyzara gämisi süýnüp barýar. Bu ýyldyzara gämisine «Jeýhun» diýlen taryhy adyň dakylmagy, ýigriminji asyrdan bäri geçen müňlerçe ýyllardan soňam adamlaryň Orta Aziýanyň ol beýik derýasyna bolan çäksiz hormatynyň nyşanydy. Illýumenatorlardan daş-töweregiň görnüşi gaty enaýy. Gara mahmalyň ýüzüne lagly-merjen sepilen ýaly sansyz ýyldyzlar äleminde adam özüni ýerdäkiden bütinleý başgaça duýýar. Hatda, ömrüni kosmasda geçiren adamlaram bu görnüşe biparh seredip bilmeýärler. Gäminiň Gün ulgamyndan çykanyndan bäri ýeriň hasaby bilen bir ýyldan hem agypdy. Ekipaž geçen wagty takyk belläp barmak maksadynda kosmosda ýöredilýän ýagtylyk ýyl hasaby bilen bir hatarda ýeriň ýyl hasabyny-da ýöredýärdi. Gün ýaşyp, daň atmaýan, aýlar aýlanyp, pasyllar çalşyp durmaýan ebedi garaňkylyk äleminde bu hasaby ýöretmek aňsat iş däldi. Şonuň üçinem bu wezipäni elektron hasaplaýyş maşynlaryň biri ýerine ýetirýärdi.

Gämi kapitany Nur Bar uzyn boýly, ýagyrnylak, daýaw pyýada bolup, garaýagyz ýüzi, gara jöwherli gözleri onuň aslynyň aziýalydygyna güwä geçýärdi. Ekipažyň hatarynda onuň aýaly Deýa we sekiz ýaşly gyzy Zeýa hem bardy. Ekipaž kyrk adamdan ybarat bolup, olaryň aglabasy maşgalaly astronawtlardy.

Uzak müddetli kosmos uçuşlarynda adama ähli zada, ähli kynçylyklara döz gelmek başartsa-da, iň ýakyn adamlary bilen aýralyga çydamak gaty kyn düşýärdi. Şonuň üçin ýeriň Beýik Geňeşi şeýle uzak-uzak saparlara çykýan astronawtlara maşgalasyny bile alyp gitmäge rugsat edýärdi. Bu saparda aýallar diňe ärlerine ýoldaş bolup galman, gämide belli bir wezipäni ýerine ýetirýärdiler. Olaryň her haýsy bir ugurdan hünärmendi. Kapitan Nuruň aýaly Deýa bolsa mugallymdy. Ol gämidäki ýigrimä golaý çagany ýeke ozi ähli dersler boýunça okadýardy. Gämide çagalar üçinem, ulular üçinem ähli şertler döredilendi. «Jeýhun» özüniň ösümlik we haýwanat dünýäsi, basseýni, sport meýdançasy we beýleki medeni obýektleri bilen özboluşly şäherjige meňzeýärdi. Gämide emeli grawitasiýa döredilendigi sebäpli adamlar özlerini edil ýerdäki ýaly duýýardylar

-Emeli grawitasiýanyň döredilmegi biziň eramyzyň ylmynyň we tehnikasynyň beýik ýeňişleriniň biri boldy –diýip, Deýa öz sapagynda çagalara düşündirýärdi. Çagalar özleriniň mawy gözli, ak ýüzli, tylla saçly görmegeý mugallymasynyň ähli sapaklaryny üns bilen diňleýärdiler. Zeýa bolsa ejesiniň sapaklarynda okadylýan bilimler bilen çäklenmek islemeýärdi. Garaýagyz monjuk ýalyjak bu gyzyň daş sypaty kakasyna çekse-de bilesigelijilikde kakasynyň hem, ejesiniň hem çeni-çaky däldi. Ol

özüniň ýaşyna laýyk gelmeýän zatlar bilen, hatda, özüniň aslyýeti bilen hem gyzyklanýardy.
Bütin Ýer ýüzünde bir dil bolup, sosial aýratynlyklaryň bolmadyk, siwilizasiýanyň iň ýokary nokadyna ýetilen bu döwürde-de adamlar özleriniň düýp gelip çykyşlaryna gyzyklanýardylar. Kapitan Nur hem özüniň asly eždadyny gowy bilýärdi. Ol gadymy Garagum sährasynda ýaşan çarwa türkmenleriň neslindendi. Baryp mundan näçe müň ýyllar öň ata-babalarynyň ýaşap geçen Garagum sährasyny Kapitan Nury indi diňe köne arhiwlerde saklanýan kino disklerden bilýärdi. Indi ol beýik sähranyň üçden iki bölegini adamlar gür baglyga bürenip oturan çaklaňja şäherdir obalyklara öwüripdirler. Munuň beýle edilmegi çölüň gadyryna ýetilmänligi üçin bolman köne şäherleriň biçak ulalyp, ubranizasiýa şertlerinde ýaşamaklyk gaty kyn düşýänligi üçin täze durmuş şertlerine geçilmegi mynasybetli bolupdy. Adamlar ene tebigatyň döreden zatlarynyň, şol sanda çölüň hem sarpasyny belent tutýardylar. Şoňa görä-de, Garagumyň galan bir bölegini medeni zona öwürmekden el çekildi. Onuň haýwanat we ösümlik dünýäsi, hatda çägesiniň strukturasy-da gadymy ýadygärlik hökmünde gözün göreji ýaly goralyp saklanýardy.
Kapitan Nur biriji klasly alym-astronawt hökmünde Ýewropanyň orta gürpünde ýerleşýän planetanyň paýtagtynda ýaşaýanam bolsa, dynç alyş günlerini ata-babasynyň dogduk mekany Garagumda geçirmegi halaýardy. Şeýle günlerde ol özüniň howa ulagyna münüp, Garaguma tarap ýola düşerdi. Ilki bilen ol ýigriminji asyryň ikinji ýarymynda gazylyp, iki müňünji ýylyň ahyrynda kenarlary hem aşagy betonlanan Garagum kanalynyň boýuna gelip gonardy. Bu kanal soňky döwürlerde mermerden tapawut etmeýän granitli beton bilen gaplanyp, has hem gözel görnüşe girizilipdir. Onuň iki tarapynda-da ýüzlerçe kilometre uzap gidýän ajaýyp dynç alyş zonasy döredildi. Tomsuň jöwzasynda aşagyna teňňe ýaly gün düşürmeýän gadymy güjümler, serwidir palmalar bilen bir hatarda soňky asyrda botanikler tarapyndan döredilen geň-enaýy gibrit daragtlar dünýäniň dürli künjeklerinden getirilen ýerli şertlere uýgunlaşdyrylan reňbe-reň güller bu ýeriň görküne görk goşýardy. Iki tarapyny şeýle ajaýyp güller we daragtlar tutup oturan giň parallel ýodalar her üç ýüz metrden çüwdürimler meýdany bilen bölünýärdi. Mermer howuzlaryň arasyndaky dürli şekildäki tylla çaýylan çüwdürimlerden göge atylýan suw göýä zer dänesi dek gözüňi gamaşdyrýardy. Eger ýeriň şu künjegine älemiň uzak burçundan aňly bir jandar gelip düşäýse, bu ýerdäki gözelligi görüp, beýle gözelligi döreden adamalaryň ýüreginde, düşünjesinde haýyrdan, ýagşylykdan başga zat ýok bolsa gerek, diýip pikir etmegi iki uçly däldi.
Emma Kapitan Nuruň öz planetadaşalary baradaky pikiri başgaçarakdy. Tehniki progresiň, medeniýetiň iňňän ýokary nokadyna ýetilen bu döwürde

genetika bilen meşgullanýan adamlar adamzadyň tohumyny fiziki taýdan kämilleşdirip, agressiw häsiýete eýe bolan mikroelementlerden arassalan hem bolsalar, entek dürli häsiýetler, dürli temperamentler saklanyp galypdy. Bu şeýle hem bolmalydy. Sebäbi standart häsiýetli, bir hili niýetli, sterilnenen adamlar ýaşaýan jemgyýetiň hiç kime geregi ýokdy. Şoňa görä, bu kämil jemgyýetde-de haýyr bilen şeriň göreşi gadymy XX asyrdaky ýaly aç-açan ýüze çykmasa-da şöhratparazlyk, egoistlik, görüplik ýaly nogsanlardan saplanyp bilmedik adamlaryň päk niýetli adamlar bilen çaknyşygynda göze ilýärdi. Beýle çaknyşyklar döwre görä öz görnüşini üýtgedipdi. Indi olar ylmy çekişmeler, dürli nukdaýnazarlar görnüşinde ýüze çykýardy. Elbetde, olary hakyky ylmy jedelden, nukdaýnazarlaryň çaknyşygyndan tapawutlandyrmak şeýle bir kyn hem däldi. Ýöne şeýle-de bolsa munuň ýaly çaknyşyklarda haýryň tarapdaryna zarba urulýan mahallary-da bolýardy. Beýle zarbanyň yzasyny Kapitan Nuruň özi-de dadyp görüpdi..

Ol ýaşlygynda uly alym bolmagy öz öňünde maksat edip goýupdy. Bu ugurda ol köp ejir çekdi. Emma onuň maksady amala aşman galdy. Özüniň bile okan dosty ýazan dissertasiýasyny bilkastdan puja çykardy. Ol islese garşydaşyna bäs gelip, dissertasiýany gorap hem bilerdi. Emma özüne ýakyn adamyň beýle dönüklügi onuň elini sowatdy. Ine, şol sebäpli ol özüni astronawtika bagyşlady.

Dynç alyş günleriniň biridi. Kapitan Nur adatdakysy ýaly Garagumda, onda-da onuň çöl zonasynda dynç alýardy. Ol özüniň bu ýerde dynç alýan gününi «ýabany adama öwrülmek güni» diýip atlandyrýardy. Sebäbi ol içki balagyndan başga ähli eşiklerini çykaryp, köne ok-ýaý bilen aw awlardy. Şeýlelikde onuň bedeni, hem ruhy hem rahatlyk tapýardy. Şol güni ol aw gözläp, güýz aýynyň güneşine ýaňy gyzyp ugrap ýylyjak çägelikde ençe kilometr ýol geçdi. Elbetde, aw gyt däldi. Ýöne bu ýerde islän zadyňy atybermek bolanokdy. Kapitan Nuryň gowy görýän awy towşandy. Şeýle ýyndam, ýüwrük janaweri ýaýyň oky bilen uraýmak her ýeten mergeniň elinden gelýän iş däldi. Kapitan Nur bu işe şeýle bir ökdeläpdi welin, ol towşany gaçyryp atanynda ýaýyň oky bilen damagyny çalyp göýbererdi. Ol iki towşany awlap, goşuna geldi. Sazak ýakyp, özüniň gadymy usulda bejerilen mis tüňçesinde çaý atardy.

Towşanlaryň birini arassalap, sazagyň közünde şorja kebap bişirdi. Şeýdip, ol siwilizasiýanyň ähli gazananlaryny unydyp, hezil edip oturşyna, oýa çümdi: «Asyrlar! Garagumyň, diňe bir onuň hem däl bütün Ýer togalagynyň üstünden geçen asyrlar adamzadyň durmuşynda gör nähili özgerişler etdi. Ine, şu beýik sährany söküp, gadymy Merwden Ürgenje gatnan düýeli kerwenleriň döwründen bäri adamzat näçe unudylmaz wakalary, hiç haçan ýatdan çykmajak harasatlary başyndan geçirdi. Şol

aralykda näçe gezek dünýäniň ykbaly gyl üstünde galdy. Ana, şonda akyl-paýhasyň gudraty gara güýçlerden rüstem gelmedik bolsa, adamzadyň, tutuş Zeminiň kysmatynyň çepbe çöwrülmegi iki uçly däldi. Akyl-paýhas! Adamzadyň asyrlardan-asyrlara ýoluny ýagtyldyp gelýän ajaýyp şamçyrag! Akyl-paýhas güýjüne daýanyp, adamzat ine şeýle beýik siwilizasiýany döretdi. Indi adamlar üçin kosmos giňişliginde bir planetadan ikinji planeta barmaklyk düýeli kerwenleriň Marydan Hywa aşmagyndan hem aňsat boldy. Emma adamzadyň häsiýetindäki bir zat öz serhedini, gözýetimini, özüne tabyn ýerleri giňeltmeklige bolan höwes üýtgemän galdy. Bu höwes juda gadym zamanlarda at bilen, gylyç bilen amala aşyrlan bolsa, indi tizligi ýagtylygyň tizligine golaý faton kosmiki gämileriniň kömegi bilen amala aşyrylýardy.

Isgenderdir Çingiz han hem, Temurleňdir Napalýon hem öz ýurdunda, öz köşgünde şalara mahsus bolan eşretde ömrüni geçirip bilerdiler. Emma beýle bolmady. Olary şol höwes öz ýerinde, öz ýurdunda oturtmady, ýüz müňlerçe leşger bilen çöl söküp, dag aşyp özge ýurtlara goşun çekmäge, biriniň zadyny özünüňkä öwürmek üçin gan dökmäge mejbur etdi. Siwilizleşen dünýäde bolsa bu höwes başgaça ýol bilen kanagatlandyrylýan boldy. Ýer ýüzünde alynmaly, goýulmaly ýurt galmady. Hemmesi bir merkeze tabyn edildi. Indi adamzat özüniň dogduk mekany-Ýer togalaynyň üstünde oňup bilmedi. Ol çäksiz kosmos giňişligine çykdy. Ilki-ilkiler ýörjen-ýörjen çaga ýaly öz planetasy-Ýeriň orbitasynda aýlandy. Kem-kemden Marsdyr Ýupiter ýaly goňşy planetalara bardy. Olary özünüňki edip dyndy. Faton tehnikasynyň döredilmegi adamzadyň işdäsini has açyp goýberdi. Ol faton kosmiki gämilerine münüp Gün ulgamyndan daşa çykdy. Indi ol galaktikanyň şa ýollary bilen ýyldyzlar älemine ugur alýar. Öz häsiýetine görä, adamzat munuň bilen hem çäklenmez. Ol hökman älemiň serhetlerini tapmaga dyrjaşyp başlaýar. Alymlaryň anyklaýşyna görä, giňelýän älemiň serhetleri, çägi bolsa-da, adamzadyň islegi ymtylyşy çäksizdir. Sebäbi ol gazanylan üstünlik nähili ägirt bolmagyna garamazdan, ýene täze-täze üstünliklere, ýeňişlere tarap ymtylmagyny bes etmeýär, Adamzat ozaldan şeýle, hemişe-de şeýle bolup galar!

Gapdaldaky aragatnaşyk enjamynyň ,«pip-pip-pip-pip» edýän gysga, çasly signaly kapitan Nuryň oýlaryny böldi. Ol enjamyň ses düwmwsini basdy. enjamdan tanyş ses eşdildi: «Kapitan Nur Bar! Kapitan Nur Bar! Siz nirede bolsaňyzam şu gün agşam sagat on sekizde başlanjak Beýik Geňeşiň adatdan daşary mejlisine ýetip gelmelisiňiz!»

Kapitan Nur birden ykjamlandy, aýaga galdy. «Alla janlaym, näme waka ýüze çykdyka? Beýik Geňeşiň mejlisi ýaňy-ýakynda bolup geçipdi. Onuň müňdenem köpüräk, dünýäniň dürli künjeklerinde ýaşaýan agzalaryny ýene-de ýygnamak nämä gerek bolduka?» diýip, ol içini gepledýärkä,

çalasynlyk bilen geýindi. Goş-golamyny ýygnaşdyryp, maşynynyň ýanyna geldi. Gapynyň düwmejigini basdy, gapy ýuwaşlyk bilen bir gapdala süýşdi. Ol ýadowam bolsa, çalasynlyk bilen maşyna böküp mündü-de, özüni sürüjüniň ýumşak kürsüsine atdy. Sagadyna seretdi. Ýene-de iki ýarym sagatdan gowurak wagt bardy. Wagt ýeterlikdi. Garagumdan planetanyň paýtagtyna çenli kapitan Nuryň howa maşyny ýarym sagatdan köp uçanokdy. Şoňa görä, ol gyssanmaç geýnip ýola çykanyna birneme ökündi. Entek sazagyň odunyň başynda oturyp, ýene ýarym sagat keýp çekmäge wagt bardy. Çünki elin bişirilen kebap bilen gök çaýyň lezzeti diýseň başgaçady. Uly şäherlerdäki lýuks-restoranlarda bişirilýän islendik delikates naharlardan hem lezzetliräkdi.

Ol ýaltanan ýaly ýuwaşlyk bilen uçyş düwmejigini basdy. Maşyn ýeňil silkinip, howa göterildi. Ol ugry dogrulap , tizlik ryçagyny süýşürdi. Maşyn howalanyp sesiz süýnüp gitdi. Ol kürsüde has oňaýly oturdy. Ýumşak kürsi onuň ýadaw tenine rahatlyk berýärdi. Agzyndan bolsa sazagyň közüne bişirilen şorja kebabyň tagamy henizem gidenokdy.

Kapitan Nuryň garaýagyz ýüzünde kinaýaly ýylgyryş peýda boldy. Agzyndaky hoş tagam zerarly entägem işdäsi açyk kapitanyň serine gelen pikirler ony adamzadyň käbir ejizlikleriniň üstünden güldürýärdi. Hawa, adam pahyr garny, diýip näçeme ejirler çekmäge mejbur bolýar. Ol şol zerarly ekin-dikin edýär, mal bakýar, bir giden azyk senagatyny işleýär. Garaz, gymmatly wagtynyň deň ýarysyny şoňa sarp edýärdi. Emma, garyn doýurmak näçe kyn hem bolsa, şony dogry edýär. Sebäbi adamzat ilki dörän döwründen başlap, gara garnynyň ugrunda ylgapdyr. Şony doýurjak bolup dürli haýwanlar bilen söweşipdir, oýlanyp zähmet gurallaryny döredipdir. Şeýdip kem-kemden akyl derejesine daýanyp, azyk diýilýän zatdan ýüz döndermekçi hem boldy. Has dogrusy, belli bir döwrüň içinde ýüzem dönerdi. Ol bir tabak tebigy naharyň ýokumlylygyny berýän ululygy noýba ýalyjak gerdejikleri hem oýlap tapdy. Şol hili gerdejikler bilen adamzat bir asyra golaý wagt güzeran geçirdi. Azyk bazasyny döretmäge sarp edýan güýjüni başga ugurlarda peýdalanmakçy boldy. Emma belli bir döwürden soň adamzadyň gylla ýarysy işsiz galdy, has beteri, gerdejikler asyrynda adamlaryň durmuşa garaýşy özara gatnaşyklary düýpgöter özgerdi. Birek-birege bolan mähir-muhabbetiň, hormatyň ýerine gurak, tehnokratiki gatnaşyklar eýeledi. Bir ýagşysy, adamzat ýalňyşyny öz wagtynda duýdy. Ýene assa-ýuwaş tebigy azyklyk önümleri bilen iýmitlenmek kadasyna dolandy. Ýene-de gazanlar gaýnap, saçaklar ýazyldy. Adamlaryň arasynda duz-tagam gatnaşyklar başlandy. Indi «Gerdejikler asyry» bir wagtlar bolup geçen uzak taryhy döwüre döndi. Eger şeýle bolmadyk bolsa Kapitan Nur hem häzirkisi ýaly awa çykmak, sazagyň közüne aw etinden kebap bişirip iýmek ýaly lezzetlerden mahrum bolardy.

Aw-şikar! Adamyň aw awlamaga bolan höwesi nireden gelip çykan? Bir garaýyşda bu zat wagşylyk ýaly bolup görünýär. Emma şonda-da, adamyň aňy, akyl-paýhasy iň ýokary nokada ýeten häzirki döwürde-de bu «wagşylyga» bolan höwes ýitip gidenokdy. Näme üçin? Sebäbi, aw-şikar diýilýän zat ilkinji dörän adamyň durmuş zerurlygy bolupdyr. Ol daş bilen taýak bilen aw awlap güzeranyny dolapdyr. Müňýyllyklara çeken bu döwür, elbetde, adamzadyň aňynda, duýgularynda öçmez-ýitmez yz galdyran bolmaly. Şoňa görä, bu zat nesillerden nesillere genleriň üsti bilen özboluşly höwes bolup geçip gelipdir. Dogry, indi aw awlamak, şikara çykmak düýeli kerwen döwründäki ýaly meşhur güýmenje däl. Emma şonda-da ol häzirki adamlaryň aglabasynyň ünsüni özüne çekýän gyzykly güýmenje hasaplanýar. Bu bolsa adamzadyň hiç-haçan öz gelip çykyşyndan ýüz döndürip bilmejekdigine güwä geçýär. Kapitan Nuryň oý-hyýallary uzak geçmişiň dürli künjeklerine aýlanyp ýene-de häzirki real durmuşyna dolandy. Onuň howa maşyny paýtagta golaýlaşyp barýardy. Menziline golaýlaşdygysaýyn, onuň ünjüsi artýardy. Şu günki Beýik Geňeşiň adatdan daşary mejlisine özüniň beýle gyssagly çagyrylmagy hem-de oňa serediljek mesele kapitan Nury örän gyzyklandyrýardy hemem alada goýýardy.
Tutuş planetanyň paýtagty hasaplanýan beýik şäher, gözýetimde howalanyp göründi. Kapitan Nur her gezek bir ýaňa gidip gaýdanynda, özüniň howa maşynynda, şäheriň üstünden uçup geçýärkä ýaş çaga ýaly tolgunýardy. Reňbe-reň usulda gurulan ajaýyp ymaratlar, gözel meýdanlar, suwy göge zer bolup atylýan çüwdürimler adamzat hem-de döredijilik güýjüniň taýsyzlygyna güwa geçip, kapitan Nuruň kalbynda bir enaýy buýsanç döredýärdi.
Kapitan maşynyny şäheriň çetinde ýerleşen öz ýaşaýan jaýynyň üstünde gondurdy. Onçakly beýik bolmadyk beýle ýaşaýyş jaýlarynyň tamynyň üsti şahsy howa maşynlary üçin gonalga hökmünde hyzmat edýärdi. Ol ýerden lift bilen islän gatyňa düşüp bolýardy. Kapitan Nur aw haltasyny eline alyp, lifte müneninde-de şu günki boljak Beýik Geňeşiň adatdan daşary mejlisi hakyndaky pikir serinden aýrylmady. Ol öz ýaşaýan gatyna düşüp, öýüniň gapysynyň öňüne geleninde gapyny açýan awtomat, näme üçindir işlemedi. Şonuň üçin ol elektron jaňyň düwmesini basdy. Bir salymdan onuň aýaly Deýa gapyny açdy.
-Awtomat işlemedi, şonuň üçin seni azara goýaýdym, bagyşla Deýa –diýip, kapitan Nur aýalyndan ötünç sorady.
- Gapy açandan bir azar bormy, bu awtomatlar adamy adamçylykdan çykaryp barýa, ähli zady olar etmeli. Öý-hojalyk işinde aýallar üçin güýmenmäge zat galmady, maňa galsa şu artyplaryň işlemäni gowy – diýip, Deýa zeýrendi. – Ýogsa-da, aw ganly bolsun!
- Aw bar-la. Ýöne kadadan çykmak bolanok. Atanym ikije towşan-diýip,

Nur aw haltasynyň agzyny çözüp, ondan bir bütin hem-de arassalanan ýarym towşan çykardy. -Wä! Bularyň biriniň ýarysy gaçyp gidipdyr-a, özüniňem öň tarapy. Towşanyň öň aýaklary ýüwrük bolýa-da-diýip, çyna berimsiz äheň bilen aýalyna degişdi.
-Wah-eý, towşanjyk pahyr! Onuň nirä gaçanyny bilýän-le, ol sazagyň gözünden gaçyp sen garnyna girendir- diýip, äriniň degişmesine degişme bilen jogap gaýtardy.
- Bildiň-aýt – diýip, kapitan Nur aýalynyň ýüzüne ýylgyryp seretdi. - Sazagyň közüne bişirip iýen kebabymyň tagamy henizem agzymdan gidenok. Bileje gideli diýenimde etmediň-dä, giden bolsaň heziller ederdiň. Men-ä gaty oňat dynç aldym.
Deýanyň synçy nazary äriniň ýüzünde saklandy:
- Oňat dynç aldym diýýän, ýöne göwnüme bolmasa ýürejigiňde bir ünji bar ýaly.
-Eger sen ony duýýan bolsaň, hakykatdanam ünjümiň bardygy.
- Ol nämäniň ünjüsi, Nur –diýip, Deýa aladaly sorady.
- Şu gün agşam sagat on sekizde Beýik Geňeş adatdan daşary mežlis geçirjekmişin, meni şoňa gyssagly çagyrdylar, ýogsam entek gelmezdim.
-Şeý diýsene, ol nähili adatdan daşary mejliskä? Onda haýsy meselä serediljek-kä? - diýip, Deýa has gyzyklanyp sorady.
-Menem bilemok, Deýa, bilýän bolsam beýle ünjä galmazdym-diýip, Nur gysgajyk jogap berdi. -Ýogsa-da Zeýanyň çagalar bagyndan gelýän wagty bolanokmy? Ol görenenok-da.
-Wiý, hälden saňa aýtmak ýatdan çykaýypdyr – diýip, Deýa ärine ötünç soraýan ýaly seretdi. - Çagalar bagy Aýa syýahat gurapdyr, seniň gideniň yz ýanyndan maňa jaň etdiler. Menem razylyk berdim, kosmodroma baryp ugradyp hem gaýtdym, olar indi ertir gaýdarlar. Näme diýsene, Nur ýaňy ýadyma düşdi. Hälki kosmodroma çagalaryny ugratma baran aýýallaryň arasynda-da Beýik Geňeşiň şu günki mejlisi hakynda «hyşy- wuşy» gürrüň edilýärdi. Olar ,, Adalatdan daşary gizlin bir meselä serediljekmişin” diýip, gürrüň edýärdiler. Men-ä muňa gaty geň galdym. Sebäbi biziň zamanymyzda halkdan gizlin zadyň bolmagy mümkin däl. Aýalynyň bu sözüni eşidenden soň, kapitan Nuryň gaşy çytyldy. Gyzynyň Aýa uçanymy, ýa-da, Beýik Geňeşiň mejlisi hakynda ilat arasynda myş-myş ýaýranynamy-haýsyna onuň tukatlananyny bilip bolanokdy. Ol esli salym dymyp otyrdy-da, soňra ýuwaşlyk bilen dillendi.
-Biziň gadymy ata-babalarymyzdan galan bi nakyl bar, ,,Hemedan daş bolsa-da, kädilik ýakyn” diýipdirler olar, şol aýdylyşy ýaly Beýik Geňeşiň mejlisiniň başlanmagyna köp wagt galanok, menem suwa düşüp, eşiklerimi çalşyraýyn. Bararys, göreris, diňläris, hemmesi belli bolar.
Kapitan Nur Beýik Geňeşiň mejlisler köşgüne gelip ýeteninde mejlisiniň

başlanmagyna on minuda golaý wagt bardy. Beýik Geňeşiň äpet şar şekilinde ap-ak emeli mermerden gurulan ajaýyp köşgi her sapar bu ýere geleninde kapitan  Nuryň kalbynda ýakymly duýgy döredýärdi. Bu duýgy döwrüň biçak gözel arhitekrurasyna guwanmak duýgusydy. Köşgüň mejlisler zalynyň öňündäki giň eýwanda kapitan Nur özüniň birnäçe tanyşlaryna duşdy. Emma mejlisiň başlanmagyna wagtyň az galandygy sebäpli ol olaryň hiç haýsysy bilenem saglyk-amanlyk soraşmakdan aňry geçmedi. Kapitan Nura bu ýerde gabat gelenleriň hiç biriniňem gürleşip, pikir alyşmaga meýilleri ýokdy. Hemme kişiniň ýüz-gözünde üýtgeşik bir alada görünýärdi. Emma mejlisler zalynyň gapysyndan girip barýarka kapitanyň egnine biri elini taşlady. Ol gaňrylyp yzyna seredende dissertasiýasyny puja çykaran özüniň köne tanyşy Gem Demi gördi.
-Işler neneň, ezizim Nur! -diýeninde Demiň ýuka dodaklarynda ajy ýylgyryş peýda boldy. Kapitan Nur professor Demiň özüne garaýşyny, aralaryndaky köne kinäni unutmandygyny gowy bilse-de, onuň şu pursatda beýle ýakymsyz ýylgyrmagynyň sebäbini düşünmedi. Kapitan Nur Gem bilen bir mekdepde okady. Mekdep ýyllarynda ol uzyn boýly sary ýagyz bu oglany erbet görenokdy. Akdemýada bile okanlarynda hem, ony halaýardy. Emma ylmy işe baş goşup başlanlarynda olaryň arasy bozuldy. Gem Nuryň ylymda öňe gitmegini, alymlyk derejesini öň almagyny halmaýandygyny aç-açan bildirdi. Olaryň ikisiniňem ylmy işi wagtyň kosmiki giňişlik çäkleri barada-dy. Bu mowzugy Nur ymykly işläp täze paradoksal, emma ylmy taýdan esaslandyrylan gipotezany orta atdy. Gem bolsa Nuryň  bu batyrgaý gipotezasyny puja çykarmak üçin käbir pyssy-pujurlykdanam gaýtmandy. Ol Nuruň dissertasiýasynda öňe sürlen pikiriň täzelik däldigini, bu pikir mundan bir ýüz elli ýyl  öň başga bir alym tarapyndan beýan edilendigi, iň beteri şol döwürde bu gipotezanyň ylmy taýdan esassyzdygy subut edilip, puja çykarlandygy barada ýörite çykyş edipdi. Şondan soň bu meseläni barlap görmek üçin ýörüte topar düzüldi. Ýüz elli ýyl öň bolup geçen zadyň dogry ýa-da nädogrydygyny anyklamak aňsat däldi. Topar  bir näçe aýyň dowamynda arhiwlerde iş geçirdi. Emma şu mowzukdaky dissertasiýany-da ony inkär edýän ylmy tezisi-de tapmady. Diňe şeýle mowzukda dissertasiýa goralandygy barada protokol tapyldy.
Çak edilşine görä, ol protokol hem Gemiň eli bilen ýasalan galp protokoldy. Bu wakadan soň Nur ylmy işden sowap, kosmonawtika bilen meşgullandy. Özüniň egilmez gujur-gaýraty, ötgür zehinine daýanyp, bu ugruň ökde hünärmeni we kosmos gämilerini uzak ýollara alyp çykýan kapitan bolup ýetişdi. Beýik Geňeşiň agzalygyna saýlandy. Gem Dem hem her edip, hesip edip ulakan alym hökmünde tanaldy. Indi olam Beýik Geňeşiň agzasy. Geň galaýmaly: ykbal diýilýän zat şu zamanlarda-da ýagşy bilen ýamany kän bir saýgaryp duranok. Käte ýagşynyň hatarynda ýamana-da bagt hödür edýär!

Şu wakalardan soň kapitan Nur bir sapar duşanlarynda Geme şeýle diýipdi:
-Biziň ata-babalarymyz ýeriň ýüzünde jetleşikli bäsdeşligi ýok edip, onuň ýerine adamkärçilikli ýaryşy döretdi. Emma şondan bäri gaty kän wagt geçse-de, biz käbir adamlaryň ýüreginden görüplik-bahyllyk ýaly erbet häsiýetleri ýok edip bilmedik.

Häzir kapitan Nur köne dostunyň ajy ýylgyrşyna serdip özüniň şol aýdan sözüni ýatlady. Emma oňa salhatlylyk bilen jogap berdi.
-Işlerim gül ýaly, dostum.

Kapitan Nur bilen professor Gem tirkeşip mejlisler eýwanyna girdiler. Eýwan gadymy amfiteatr şeklinde gurlan bolup, Geňeşiň agzalarynyň hemmesi biri-birini görüp, eşidip oturar ýaly mümkinçilik döredilendi. Olar gyssagly baryp öz ýerlerinde oturdylar. Mejlisiň başlanýandygyny habar berýän gulaga ýakymly jaň ýaňlandy. Äpet eýwany dolduran mähelläniň bar ünsi ortadaky Beýik Geňeşiň başlyklary oturan ýere çekildi. Beýik Geňeşiň agzalary tarapyndan saýlanylan bir näçe başlygy bolup, her mejlisde olaryň biri ýolbaşçylyk edýärdi. Oturan ýerine garanda şu günki mejlise meşhur alym Ap Tap ýolbaşçylyk etmelidi. Ol nurana ýüzüne gelşip duran gar ýaly ap-ak saçlaryny sypap ýerinden galdy, we üýtgeşik mylaýym, emma hökümli ses bilen söze başlady:
-Beýik Geňeşimiziň hormatly agzalary! Şu günki adatdan daşary mejlisiň çagyrylmagy ýöne ýere däl. Serediljek mesele gaty möhüm, şonuň bilen bilelikde bu mesele gizlin. Ol entek hiç bir habar beriş serişdeleriniň hiç birinde habar berilmeli däl, tele ýaýlymlar arkaly-da berilmeli däl. Ýatladýaryn, Beýik Geňeşiň agzalary-da ony syr saklamaga borçludyrlar...
Hemmäňize mälim bolşy ýaly, biz adamzadyň diňe bir şu günki ýa-da ýakyn gelejegi üçün alada etmän, mundan müň ýyl soňky ykbaly barada-da oýlanmaga, alada etmäge borçludyrys.

Başlyklyk edijiniň sözleriniň manysyna äheňine bar ünsüni berip oturan kapitan Nuryň arkasynda garynja ýörän ýly ini jümşüldäp gitdi. „Allanjanlarym ol nämäniň gürrüňüni etjek bolýarka? Başlaýşy-ha gaty üýtgeşik... “ diýip, ol içini gepledýärkä başlyklyk ediji giriş sözüni tamamalap meseläniň özüne geçdi:
-Biziň Gün Akademýamyzyň uzak wagtlap alyp baran ylmy-barlag işleriniň netijesi jemlendi. Ol begendiriji däl. Soňky döwürde biziň ýagtylyk we ýylylyk çeşmämiz bolan Günüň jümüşündäki prossesler düýpgöter üýtgedi. Bu ýerde oturan adamlaryň aglabasy alymlar. Şonuň üçinem siz meniň soňky sözlerimiň manysyna gaty gowy düşünýän bolsaňyz gerek. Hawa, tebigat öz kanunlaryny ähli ýerde ýöredýär. Nämäniň başlanyşy bolsa, onuň soňy hem bolmaly. Dialektika şeýle. Hiç bir ot ebedi ýanmaz. Bu kanun biziň Günümiz-de degişli. Ine, şonuň üçin hem Beýik Geňeşiň şu günki

adatdan daşary mejlisinde seredilýän mesele, iňňän gizlin bolup, ol halkyň ýüregine howatyr, howsala salmaly däl. Entek wagt kän. Gün öz energiýasyny doly ýitirip, bize hyzmat etmegini bes edýänçä, biz şu tehnikamyz, şu ylmymyz bilen adamzady heläkçilikden gutarmaga ýetişeris. Hemmämize mälim bolşy ýaly, Gün energiýasyny ýitirdigisaýyn göwrümi ulalyp gyzyl köze dönüp barar. Ahyrynda ol gyzyl gigant Ýerimize has ýakynlaşyp ony demir ýaly gyzdyrar ummanlar bolsa edil gazan ýaly gaýnar. Diýmek ýeriň ýüzünde adamzada ýaşamak üçin hiç hili mümkünçilik galmaz. Gün ulgamyndaky başga planetalaryň ýagdaýy-da biziňkiden gowy bolmaz. Şoňa görä, biz nätmeli?! Elbetde, Gün ulgamyndan çykyp gitmeli bolarys, diýmek adamzat başga ulgama ewakuwasiýa edilmeli. Ynha, bu iňňän kyn wezipäni amala aşyrmak üçin bir giden çäreleri işläp düzmeli. Bu çäreler nämelerden ybarat? Ilki bilen biz başga Gün ulgamyndan on bäş milliýarda golaý adam ýerleşip ýaşap biljek, tebigy şertleri biziňkä meňzeş planetany gözläp tapmaly. Ikinjiden şonça adamy täze planeta göçürmek üçin transport seridşdelerini döretmeli. Ynha, esasan şu iki meseläni çözmek, üçin gaty kän akyl-paýhas gerek. Şoňa görä, Beýik Geňeşiň agzalarynyň ählisi şol iki meseläni çözmek baradaky çäreleri işläp düzmäge çekiljekdir. Şonuň bilen men sözümi gutarýaryn, häzir şu mesele bilen öňüräkden tanyş bolan hem-de şu günki mejlise öz pikir we tekliplerini taýarlap gelen Gün Akademýasyndan alty sany alymyň nutuklary diňlenjek. Soňra şu nutuklar boýunça erkin çykyp geplemeler bolar.

Başlyklyk ediji çykyş üçin alymlaryň birine söz berip, özüni kürsüsine goýberdi. Kapitan Nur sag ýanynda oturan professor Gemiň ýüzüne seretdi. Onup ýüzi ak daşa dönüpdi. Nur onuň böwrüne ýuwaş dürtdi-de: «Gem, sen gaty ir namartlaýaň-la. Bu aýdylýan gürrüň biziň neslimiziň döwründe boljak däl, ahyryn»-diýip, kinaýaly ýylgyrdy. Gem gözünden ullakan äýnegini alyp elýaglygy bilen ýüzüniň derini syrýarka:

- Men özümiň däl, geljekgi nesillerimiziň gaýgysyny edýän- diýip hüňňürdedi.

-Berekella - diýip , Nur onuň arkasyna kakdy. Muňa Gemiň gahary gelip, dym-gyzyl boldy. Şundan soň kapitan Nur oňa başga zat diýmedi. Ünsüni çykyp gepleýänleriň sözlerine berdi. Ilkinji çykyş eden alym esasan adamzada täze mekan bolup biljek planetany haýsy koordinatlardan gözlemelidigi barada gürrüň edýärdi. Ondan soňky çykyp geplän täze planeta gözläp, wagty ýitirip artykmaç energiýa sarp edip ýörmegiň geregi ýokdugy, öň açylan planetalaryň iň amatlysyny saýlap almak boljakdygy barada durup geçdi. Bu iki nutukdan soňra çykyp geplemeler başlandy. Ol juda dartgynly hem-de jedelli geçdi. Söze çykanlaryň bir topary öň açylan planetalaryň tarapdary bolup gürleseler; ýene bir topary bu pikire garşy

çykyp, ol planetalaryň hiç haýsynyň hem juda bir amatly däldigi, olaryň Gününiň hem ömri biziň günümizden uzak däldigi, şonuň üçin zähmet çekilenine görä, gowsundan-gowsuny gözläp tapmak barada gep nokatladylar. Şonuň bilen mejlis özüniň şu günki işini tamamlady. Ertirki mejlis ir sagat sekize bellenildi. Kapitan Nur öýüne geleninde agşam sagat onbire golaýlapdy. Deýa onuň otaga girmegine-de howlugyp, dälizde soraga tutdy:
-Nur, eýgilikmidir?! Mejlisde haýsy meselä seredildi?
Kapitan Nur entek mejlisde edilen gürrüňleriň täsirinden gutulyp bilmändi. Öýe geleninden aýalynyň şeýle sowal berjegini bilýänem bolsa, oňa näme jogap berjekdigi barada oýlanmandy. Şonuň üçin ol bir bada oňa näme diýjegini bilmän ýaýdandy.
-Saňa näme diýsemkäm, Deýa... Umuman, mejlisde seredilen meseläniň saňa geregi ýok. Gowsy, sorama, men ony aýdyp biljek däl.
Kapitan Nuryň beýle jogabyndan soň, Deýanyň bilesigelijiligi beter artdy.
-Beý, näme üçin aýdyp biljek däl? Köne zamanlarda ýer ýüzünde dürli döwletler barka, döwlet syry, harby syr, diýilýän zatlar bolýan ekeni. Biziň zamanymyzda nähili syr bolup biler?
Kapitan Nur kibtini gysdy. Biziň zamanymyzda-da syr saklanylmaly zatlar bolýan ekeni, Deýa. Şonuň üçin haýyş edýän, menden başga hiç zat sorama. Gowsy maňa bir stakan kofe ber, ýadadym, kofe içsem ýadawlygym aýrylar....
Häzir ärinden gep alyp bilmejekdigine Deýanyň gözi ýetdi.
Geplemän aşhanasyna girip gitdi. Nur hem uly otaga geçip, özüni ýumşak kürsä atdy. Kürsüsini otagyň bir burçundaky tele ekrana bakan aýlady. Tele ekranda Marsdaky atom elektrostansiýasynyň ýyladyşhanalarynda ösdürülip ýetişdirilen suptropik miweli ösümlükleriň hasylynyň ýygnalyşy barada reportaž görkezilýärdi. Kapitan Nur tele ekrana biparh seredip otyrdy. Sebäbi onuň beýnisinde başga oýlar, başga pikirler at salýardy. Ol şu günki mejlisde seredilen mesele hakda öňem oýlanýardy. Haçanam bolsa adamzadyň şu problema bilen ýüzbe-ýüz boljagyny bilýärdi. Emma ol bu hakda oýlananda ony öz nesiliniň döwründe çözmeli bolar diýip ol hakda pikir hem etmeýärdi... Bu problema entek daşrakda, ony bizden soňky nesiller çözmeli bolarlar, diýip çak edýärdi. Emma oslanmadyk ýerden, ine şu gün bu mesele orta atyldy.
Näme üçin beýle tiz? Hakykatdanam Günüň bize hyzmat edýän müddeti gutaryp barýarmyka? Şeýle bolýan bolsa biziň ygtyýarmyzda näçe wagt galdyka? Ýaňy mejlisde başlyklyk ediji, entäk gaçara-kowara wagt bar diýip aýtdy. Emma bu wagt anyk aýdylmady. Hiç kim bu hakda sorag hem

bermedi. Sorag berilende-de aýdylmazdy. Sebäbi esasy syr saklanmaly zat hem şol!

Deýa iki stakanda kofe göterip girdi.

-Nur, kofe ýadawlygyň aýyrar weli, ukyňy gaçyrar.

Nur geplemän stakanlaryň birini alyp, onuň içindäki altyn çaýylan çemçäni aýlap başlady. Aýaly oňa ýene söz gatdy:

-Nur, seň şu günki bolşuň-a üýtgeşik.

-Üýtgeşik dagy däl, göwnüňedir.

Deýa Nur kofesini içip bolýança bilesigeljiligini kanagtlandyrjak bolup, her hili edip gördi. Bolmady, Nur Beýik Geňeşiň mejlisinde seredilen mesele barada dil ýarmady. Är-aýal ýatylýan otaga geçip, goşa krowada çykanlaryndan soň hem Deýa ýene bir synanşyk etdi. Ol äriniň boýnundan gujaklap, aýratyn bir mähir bilen saçlaryny sypalady... Nur biygtyýar ýylgyrdy. „Bu aýallar ýene-de müň ýyldan soňam şunlugyna galarlar diýip, ol içini gepletdi. Onýança Deýa hereket bilen başlan maksadyny sözde beýan etdi:

-Ezizim Nur, ikimiziň aramyzda nähili syr bolup biler?! Ikimiz bir jan, bir ten diýen ýaly ahyryn.

Kapitan Nur aýalynyň äheňine laýyk äheň bilen jogap berdi:

-Ezizim Deýa, senem düşünsene. Bu syr meň syrym däl. Ol Beýik Geňeşiň syry. Şonuň üçin ony saňa aýtmaga hakym ýok.

Deýa gahar eden kişi bolup, arkasyna öwrülip ýatdy:

-Aýtmasaň, aýtma. Men ony barybir bilýän.

-Bilýän bolsaň, aýt. Men onuň dogry ýa nädogrudygyny aýdaýyn.

Deýa ýene bärsine öwrüldi, tirsegine galdy:

-Aşakky gatda ýaşaýan ol astronawtyň aýalyndan hemmesini eşitdim... Onuň äri golaýda uzak sapardan geldi -diýip, Deýa pyňkyryp göýberdi.

-Munuň nämesi gülküli? -diýip, Nur aýalynyň ýerliksiz gülküsiniň sebäbini sorady.

-Näme diýsene, öň ol aýal ärinden ýigrimi ýaş dagy kiçi ekeni. Özem, „ Ärim menden pylança ýaş uly, meň deňim däl” diýip zeýrenýän ekeni. Indi bolsa ol ärinden on ýaş uly bolup galypdyr. Kosmosda, uly tizlikde geçýän wagt bilen ýerde geçýän wagtyň tapawudyna seret-le! Äri hem aýalynyň nägileligini aňan bolmaga çemli, ýaşyny aýalynka deňlejek bolup ony özi bilen bile alyp gitmändir. Ýere dolanyp geleninden soň görüp otursa netije onuň isläninden has artyk bolupdyr.

Kapitan Nur aýalynyň gürrüňini üns berip diňledi. Emma esasy aýdylmaly zat galyp, gürrüňi başga tarapa sowup goýbereni üçin aýalyna igendi:

-Ýeri sen indi ärinden on ýaş uly aýaldan näme eşitdiň? Şony aýt!

Ol aýal senden gowy bilmez ahyry. Özüň aýdaýsana... Bolýar, bolýar gözüňi alartma, aýdaýyn. Onuň aýtmagyna görä, älemiň uzak bir burçunda biziňkä düýbünden meňzemeýän bir siwlizasiýa ýeriň koordinatlaryny anyklapmyşyn. Olar bir näçe kosmik gämilerde, bize tarap gelýärmişin. Olaryň näme niýet bilen gelýäni belli dälmişin. Şonuň üçin Beýik Geňeş olara garşy uruşmaly bolaýsa, ýarag-enjam taýýarlap goýmak barada pikir edýärmişin. Şu günki sereden meseläňizem ine şol bolmaly. Beýik Geňeşiň agzasy bolan kişi bolup, senem menden syr saklajak bolýaň.

Kapitan Nur oýunlyga salyp, aýalynyň owadan burnuny gysdy-da şeýle diýdi:

- Seniň şol adýan aýalyň beýnisinde akyl diýen zat bolanynda özünden ýigrimi ýaş uly ärinden on ýaş uly bolup oturmazdy. Sapara äri bilen bileje giderdi, Kosmos tizliginde geçýän bir sagat wagtyň ýerde geçýän onlarça sagada deňdigini indi birinji synpyň çagalary hem bilýär ahyryn. Şeýle bolansoň sen ol aýalyň gepine ynanyp ýörme. Beýik Geňeşiň mejlisinde beýle meselä seredilenok.

Deýanyň lapykeç boldy. Ol näme diýjegini bilmän bir salym dymyp ýatdy.

- Ol däl bolsa, başga bir ,,myş" bardy. Şodur onda.

-Näme ,,myş?"

-Beýik Geňeş maşgala, aýal-erkek gatnaşyklaryna-da seretjekmişin diýýäler.

- Onuň nämesine seretmelimişin?

-Käbir adamlar, ynha, ikimiz ýaly maşgalanyň köne formasyny ýagny nikaly formasyny saklaýarlar. Käbir adamlar bolsa azat şähsyýet hökmünde erkin gatnaşyklar edýärler. Olardan önen çagalar hem jemgyýetçilik jaýlarynda terbiýelenilýär. Bir bütewi jemgyýetde beýle iki hili formanyň bolmagy mümkin däl. Beýik Geňeş olaryň birini seçip alyp, şony-da ýaşaýşyň mejbury formasy edip girizjekmişin diýen gürrüň bar.

-Muny haýsy samsyk aýtdy? Ýadyňda berk sakla. Beýik Geňeş hiç haçan hiç zady adamlaryň boýnuna mejbur edip dakmaz. Biziň zamanymyzda, şahsyýet bütinleý erkindir. Ýöne ikimiziň öňki ýaly ýaşaýşyň gulçulyk formasy hem ygtyýarlydyr, ýagny men öz ygtyýarym bilen seniň guluňa öwrüldim –diýip, kapitan Nur gürrüňiniň soňuny degişmä sowdy. Deýanyň bilesigeljiligi içini it bolup ýyrtsa-da, syryň nämeden ybaratdygyny häzir bilip bilmejegine düşündi. Soňra yşygy söndürip, är-aýal rahat uky arzuwy bilen gözlerini ýumdular.

Emma kapitan Nuryň gözüne uky gelmedi. Çäksiz älemdäki dynygsyz dürli hereket ýaly onuň beýnisinde hem dürli oý-pikirler at salýardy. Ýer indi nähili bolýar? Millionlarça ýyllar dowam edip gelýän siwilizasiýa, ylym hem-de tehnikanyň görlüp-eşdilmedik derejede ösmegi netijesinde

adamzat iňňän ägirt gudrata eýe boldy. Indi şeýle gudratly güýji bilen boljak heläkçiligiň öňüni alyp bolarmyka? Şu günki Beýik Geňeşiň mejlisinde beýan edilen pikirleriň  hiç haýsysy Nuryň maňzyna oturmady. Ýeriň on bäş millýard ilatyny başga planeta, onda-da başga ulgamdaky planeta göçürmek oýunjak iş däldi. Munuň üçun millionlarça transport sereşdesi gerekdi. Beýle serişdäni döretmek we ewakuwasiýany amala aşyrmak üçin, azyndan ýüz ýyla golaý wagt gerek boljak. Adamzadyň ygtyýarynda galan wagt bolsa elbetde iki-üç esse köpdür. Beýik Geňeşde galan müddet barada açyk aýdylmasa-da, has öňünden gaçylýanlygy duýduryp durdy. Şeýle bolan soň mikro dünýä-de, makro dünýä-de beýik ylmy ýeňişler gazanan adamzat öňünde duran bu kyn wezipe-de hötde gelip biler.

Emma...Emma... Birden onuň ýanyna bir wagtky gören gadymy kinofilimleriniň biri düşdi. Ol filimi Beýik alym Abureýhan Biruni hakyndaky filimde Biruni ilkinji  gezek Ýeriň togalak şekilini ýasaýar,  ony Horezm şasyna görkezmek üçin bir näçe adam bolup göterip alyp gidýärler... Adamlar ýeriň ulakan şekilini Beruniniň öýünden şanyň köşgüne göterip eltýärler... Ine, çözgüt! Onuň beýnisine bir üýtgeşik pikir gelip ýerinden böküp turdy:

-Näme üçin biz, ýeri taşlap gaçmaly? –diýip gygyryp göýberenini duýman galdy. Äriniň bolşuna aňk-taňk bolan Deýa hasyrdap turdy, yşygy ýakdy.

-Saňa näm bolýar, Nur? – diýip, ol haýran galmakdan gözlerini tegeläp ärine seretdi.  Kapitan Nuryň görnüşi üýtgeşikdi. Gözleri ýanyp, dodaklary tirpildeýärdi.

-Deýa, düşünýämiň, olaryň aýdýanynyň bary biderek! Biz hiç ýaňa göçmeli däl, ene ýeri taşlap gaçmaklyk namartlyk bolar ahyryn! Ol edýän gürrüňiniň syr saklanmalydygyny, ertirden bäri ony aýalyna-da aýtmandygyny hem unudypdy. – Sen bir pikir edip, gör, Deýa eger öýüňi ot alsa, eneňi taşlap äpişgeden çykyp gaçmak bolarmy?! Ýok. Mert adam beýtmez. Ol ot alýan öýden enesini hökman göterip alyp çykar. Bizem şeýtmeli! Ene ýeri taşlap bolmaz!

-Ezizim Nur saňa näme boldy, sen nämäniň gürrüňini edýäň? Seniň gyzgynyň  aşaýan bolmasyn – diýip, Deýa äriniň maňlaýyny tutup gördi. Diňe şondan soň Nur özüne geldi. Syr saklamaly zatlary duýdansyz aýdyp göýberenini aňdy. Ol aýalyna müýnli seredip:

-Bagyşla Deýa ! Men birneme bulaşdyraýdym öýdýän – diýip, dymdy.

Äriniň bu bolşy Beýik Geňeşiň şu günki mejlisinde seredilen mesele zerarlydygyny pähimdar Deýa düşündi. Ol äriniň elinden çekip ýerinde ýatyrdy. Emma yşygy söndürmedi. Tirsegine galyp onuň gözlerine göni seretdi.

- Sen syr saklamaly zady aýdaýdyň-a, indi nätjek? – diýip Deýa kinaýaly

äheňde dillendi.
-Sen näme meň diýenlerimden bir zat düşündüňmi? – diýip hüňňürdedi.
-Elbetde düşündim – diýip, Deýa ýylgyrdy.
-Hudaýa şükür hiç zada düşünmänsiň, düşnen bolsaň ýylgyrmazdyň. Sen beýdip meniň başymy aýlajak bolma, men barybir aýtmaryn – diýip, kapitan Nur gözlerini ýumdy.-Yşygy söndür!
Deýa uludan demini alyp lapykeçlik bilen yşygy söndürdi.

Beýik Geňeşiň ikinji mejlisi bellenilen wagtda, ir sagat sekizde başlandy. Onda ýene Gün Akademiýasynyň iki sany alymy nutuk bilen çykyş etdi. Nutuklaryň biri ewakuasiýa üçin zerur bolan transport serişdelerini gurmak meselesine bagyşlanan bolsa, ikinjisi şol transport serişdelerini herekete girizýän energiýa çeşmesi baradady. Kapitan Nur bu mejlise düýnküsine garanda has başgaça ruh bilen gelipdi. Adamyň ruhy dünýäsi onuň keşbini hem özgerdýär diýýänleri çyn bolmaga çemeli. Onuň ýüzi-gözünde üýtgeşik bir gujur-gaýrat mesaňa görnüp durdy. Onuň bu günki bolşuna, professor Gem hem birneme geň galdy:
-Nur, gije gaty üýtgeşik düýşler gören bolmaga çemeliň-ow – diýip, ol gep oklady. Kapitan Nur onuň sözüne jogap bermedi. Nutuklary üns berip diňleýänden bolup gözüni münbere dikdi oturdy. Emma şol pursatda onuň beýnisi iki wezipäni ýerine ýetirýärdi. Bir wagtyň özünde hem-ä nutuk diňleýärdi, hem-de pikirlerini bir sapaga düzüp çykyşynda aýtjak sözlerini jemledigi saýyn, şonça-da tolgunýardy.

Nutuklar gutaryp, çykyp geplemeler başlandy. Emma kapitan Nur orta atjak bolýan pikiri bilen ilkinji bolup çykyş etmäge ýürek etmedi. Birinji bolup söze bir filosof çykdy. Uzyn boýly, kellesi takyr, sada, mylaýym bu adamy kapitan Nur öňden tanaýardy, onuň adyna Tal-Dal diýýärdiler. Nur onuň bilen oturşyp-turşyp görmedigem bolsa, özünde ol adama ruhy ýakynlyk duýýardy. Aýratynam Nur onuň Beýik Geňeşde edýän çykyşlaryny halaýardy. Ol elmydama akylly pikirleri, jemgyýet üçin peýdaly maslahatlary bilen köpçülikde uly täsir galdyrýardy. Tal-Dal münbere çykanynda kapitan Nur ünsüni jemläp, oňa seretdi. ,,Bu näme diýerkä” – diýip, içini gepletdi.
- Gadyrly Beýik Geňeşiň agzalary- diýip, professor Dal pikirlerini jemleýän ýaly bir sellem sägindi-de, jemendä göni bakyp, gürledi. -Hakykatdanam adamlaryň öňünde iňňän çylşyrymly, emma entek deňi-taýy bolmadyk biçak uly wezipe dur. Materialistik filasofiýada dünýäniň döreýşi we onuň rowaçlanyş kanunlary aýdyň beýan edilen. Şol kanunlary açan hem-de ony öz peýdasyna ulanyp gelýän adamzat dünýäniň eýesi bolup geldi. Meniň pikirimçe, ol mundan beýlägem eýeçiligi elde saklar. Emma bir zat bar. Geçmişde adamlar, tebigatyň käbir kanunlaryny özgertjek bolup synanşyk etdiler. Kä halatlarda bu synanyşyklar üstünlikli amala aşyryldy. Meselem,

genetika boýunça gazanylan biçak uly ýeňişleri ýatlalyň. Bu ýeňişler zerarly adamzat özüniň neslini fiziki taýdan bir deň kämil derejä ýetirdi. Gadymy ýigriminji asyrda adamyň ortaça ömri ýetmiş ýyl bolýan bolsa, biziň eramyzda adamyň ortaça ömri üç ýüz ýyla ýetirildi. Biz bu ýeňişleri genleriň mikro dünýäsine girmek bilen we ol ýerdäki ýagşy-ýaman hadysalara düşünip, ýamanyň ýerini ýagşy bilen çalşyryp, adamzadyň kämil tohumyny döretdik. Ine, şeýle ajaýyp işleri amala aşyran biz Günüň jümmüşinde bolup geçýän prosesleriň düýp sebäbini anyklap, şu prosesleriň tizligine päsgel bermegi, şeýdibem Günümiziň ömrüni ýene milliard ýyla uzaltmagy başarmarysmy?!

Professor Tal Dal şeýle bir näçe soraglary orta atyp, sözüniň soňyny optimistik äheň bilen jemledi.

Filosofdan soň ýüregini bire baglan kapitan Nur söze çykdy. Ol münberden durup, amfiteater şekilindäki eýwanda tegelenip oturan Beýik Geňeşiň müňe golaý agzalaryna gözüni aýlanda birhili sussy basylyp, sözi nämeden başlajagyny bilmän dymdy. Ol häzir orta atjak pikirini mähelläniň nähili kabul etjekdigi barada oýlanyp tolgunýardy. Emma ýalaňaç suwdan gaýtmaz diýilişi ýaly, ol özüni dürsäp, ynam bilen söze başlady:

-Beýik Geňeşiň hormatly agzalary, özümden öňki çykyş edenleriň beýan eden pikirlerini men puja çykarmak islämok. Ýöne erkin pikir aýtmak hukugyndan peýdalanyp men öz ideýamy orta atmakçy. Meniň entek anyk ylmy hasap-hesibim ýok, ýöne Beýik Geňeş meniň ideýamy kabul etse, onuň anyk matematiki netijelerini işläp çykmak bolar...

Başlyklyk ediji elini galgadyp Nuryň ünsüni özüne çökdi:

-Hormatly kapitan Nur, siz öňürti ideýaňyzy aýdyň, hasaplamalar, netijeler hakda soň gürrüň edersiňiz.

-Bagyşlaň, ony-da aýdaryn – diýip, Nur sözüni dowam etdirdi. – Meniň pikirimçe ewakuasiýa meselesi ahlak taýdan hem, maddy taýdan hem dogry däl. Adamzadyň asly ýerde döredi. Şu ýeriň ýüzünde, adamzat kemala geldi. Geçen millionlarça ýyllaryň dowamynda ýerimiz bizi iýdirdi, içirdi, geýindirdi, öz goýnundaky ummasyz köp resurslary bilen bize hyzmat etdi. Biz ol gorlary harç edip gutaranymyzdan soň tükenmez energiýanyň çeşmesi bolan wodorod we faton energiýasyndan peýdalanmaga başladyk. Ýerimiziň deňizlerindäki, okeanlaryndaky suw tükenmese wadorod energiýasynyň çeşmesi tükenmez. Biz ýerimize ene ýer, ene toprak diýip biderek ýere at dakmadyk. Ol hakykatdanam biziň enemiz. Onda-da ýeke täk enemiz. Sebäbi bu giň älemde, şol sanda milliardlarça ýyldyzlardan ybarat bolan biziň gallaktikamyzda-da onuň deňi-taýy ýok. Şeýle bolansoň neneň edip adamzat ony taşlap gidip biler?! Beýle edilse kyn güne düşeniňde öz mähriban eneňi taşlap gaçdygyň bolmazmy?

Başlyklyk ediji öz endigine görä elini galgadyp, kapitan Nuryň ýeni sözüni

böldi:
-Kapitan Nur, biziň ara alyp maslahatlaşýan meselämiz siziň aýdýan sentimental sözleriňizden has daşyrakda. Dogry, siziň aýdýan gepiňiz hem ugrunda bar, ýöne „Ýer biziň enemiz, ony taşlap gaçmak bolmaz” diýip, onuň bilen bile heläk bolmaklyk hem akyl-paýhasa dogry gelýän iş däl.
-Ýok! Biz ony-da heläk etmeris, özümüzem heläk bolmarys! – diýeninde kapitan Nuryň sesi tegeläk eýwanyň ähli künjeklerinde batly ýaňlandy.-Biz ony özümiz bilen bile alyp gideris. Hawa, mähriban ene Ýerimizi Gün ulgamyndan çykaryp alyp gideris we bize ýene milliard ýyllap ýagtylyk we ýylylyk berip biljek ýakyn ýyldyzlaryň biriniň orbitasyna eltip goýarys !
Gowur köpeldi. Dürli ýerden: „ Bolmajak zat! “ , „Fantastika!” , „Utopiýa” diýen sesler ýaňlandy. Ilki kapitan Nur aljyraňňy ýagdaýa düşdi. Bir salymdan özüni dürsäp, elini ýokary göterdi.
- Adamlar, rugsat ediň, men sözümi soňlaýyn, onsoň näçe igenç, näçe käýinç bolsa men diňlemäge taýyn.
Adamlar birneme köşeşdi. Başlyklyk ediji kapitan Nura goltgy berip:
-Dowam etdiriň kapitan, ideýaňyz gaty gyzykly – diýdi.
-Hormatly Beýik Geňeşiň agzalary ! – Men boýun alýan, meniň häzir orta atan pikirim teoretiki esasy bolmadyk, entek injenerlik hasaplamalary-da ýok ýalaňaç ideýadyr. Emma adamzat özüniň halas bolmak ýoluny şu ugurdan gözlese, ýagny ol özi bilen ene Ýeri-de halas etmäge bil baglasa ýalňyşmaz diýip pikir edýän, Elbetde, adamzadyň taryhynda görlüp-eşidilmedik beýle işi amala aşyrmak aňsat däl. Munuň üçin uly taýýarlyk, biçak çylyşyrymly teoretiki hem-de praktiki meseleleri çözmek gerek bolar. Şu meseleler çözülenden soň, meniň pikirimçe, Ýeriň ýüzündäki on bäş milliard adamy haýsydyr bir uzak planeta ewakuasiýa etmek üçin guruljak biçak köp transport serişdelerine sarplanjak güýji beýle tarapa gönükdirsek ýeriň özüni bir bütewi gämi edip kosmos giňişliginde islän tarapymyza sürüp bileris. Biziň ylmymyzyň, tehnikamyzyň, älemiň bir burçunda ýerleşen hoz ýalyjak ýer şarynyň ikije ädim aňyrrak süýşürip goýmaga güýji ýeter öýdýän!
Zalda ýene-de wagyr başlandy, oturan ýerinden her kim her zat diýip seslendi. Kimdir biri: „Kapitan Nuryň ideýasy beýik ideýa!” diýip gygyrdy. Başlyklyk ediji öňündäki gadymy Rim senatynda ulanylýan jaňa meňzeş jaňy kakyp zaly tertibe çagyrdy.
Professor Gem Dem söz sorap münbere çykdy. Kapitan Nur onuň özüni öwmejegini gowy bilýärdi. Şonuň üçin ol Gemiň çykyşyny göwnüne alman, gulagynyň ýelesinden geçerip göýbermekçi bolup tijenip oturdy.
-Beýik Geňeşiň hormatly agzalary – diýip, Gem Dem söze başlady. –Şu eýwan, şu münber biziň üçin , biziň bir bütewi jemgyýetimiz üçin mukaddesdir. Sebäbi bu ýerde adamzat jemgyýetiniň ähli meseleleri

çözülýär. Planeta şu ýerden dolandyrylýar. Şonuň üçin şu eýwanda, şu münbere çykyp söz sözleýän adam, özüniň diýýän zatlaryna ulakan jogapkärçilik bilen çemeleşmelidir. Ýaňy şu münberden peýdalanan kapitan Nur hakynda men näme diýjegimi hem bilemok. Biz kapitan Nury tejribeli, gaýduwsyz astranawt hökmünde tanaýarys. Ol Gün ulgamyndan daşarydaky ekspedisiýalaryň ikisine ýolbaşçylyk etdi. Beýik Geňeş onuň bitiren işlerini hormatlaýar, bizem onuň özüne uly sarpa goýýas. Emma onuň häzirki çykyşy hormata laýyk däl. Ol bütin Ýer togalagynyň ykbalyny çözüp oturan, bu ýerdäki beýik adamlaryň öňünde ertekä meňzeş biderek zatlar hakynda gürrüň edip, biedeplik etdi, diýsemem ýalňyş bolmaz. Onuň aýdanlaryna üns beren bolsaňyz, ylmy taýdan esassyz, owadan arzuwa meňzeş bir zatlar. Ol ,,hoz ýaljak Ýer togalagynyň ýerinden iki ädim süýşürip goýmaklygyň näme kynçylygy bar" diýen äheňde gürrüň etjek bolýar. Ýer togalagynyň hoz däldigini, onuň süýşürüljek aralygynyň hem iki ädim däldigini kapitan Nuryň özi-de gowy bilýär, ahyryn! Bize iň ýakyn ýyldyzdan hem ýagtylyk bir näçe ýylda ýetip gelýär. Ine, size kapitan Nuryň iki ädim diýen aralyga! Şonuň üçin men kapitan Nuryň ideýasyny biderek, puç ideýa hasap edýärin.

Professor Gem Dem sözüniň adamlara nähili täsir edendigini bilmek üçin zala göz aýlady. Emma zaldakylar sakawuň soňuna seret diýilenini edip, ümsüm otyrdylar. Ýöne ol sözüni soňlan ýaly dymyp galdy. Şonda başlyklyk ediji oňa ýüzlendi:

-Hormatly professor Dem, siz kapitan Nuryň ideýasyny puç hasap edýän bolsaňyz, özüňiz nämäni teklip edýärsiňiz?

Professor Gem bada-bat jogap berdi:

-Men ewakuasiýanyň tarapdary. Ýaňy şu münberden çykyş eden hormatly filasofymyz Tal Dalyň pikirine hem goşulamok. Onuň ideýasy hem amala aşyryp bolmajak ideýa. Şonuň üçin men adamzady diňe başga planeta göçürmek bilen halas edip bolar diýip ynanýan. Meniň pikirimçe ýeke-täk ýol şu. Professor Tal Dal oturyp bilmedi. Ol üç minut wagt sorap, gyzyp gepledi.

-Beýik Geňeşiň hormatly agzalary! Biziň ylmymyz adamzadyň ömrüni ýüz ýyldan üç ýüz ýyla çenli uzaltdy. Öňler ýüz ýylda garrap lagşaýan organymyz, indi üç ýüz ýylda garrylyk ýagdaýyna geçýär. Ylym bu ýeňişi organizimde geçýän prosesleriň tizliginiň üç esse peseltmek ýoly bilen gazandy. Şeýle bolýan bolsa Gündäki prosesleriň tizligini üç-dört esse peseldip, onuň ömrüni uzaltmaga biziň ylymymyzyň we tehnikamyzyň güýji ýetmezmikä? Meniň pikirimçe ýeter öýdýän. Eger bardy-geldi Günüň jümmüşinde geçýän prosseslere daşdan täsir edip bolmaýan bolsa, onda kapitan Nuryň ideýasy hem çuňňur öwrenmäge mynasyp batyrgaý ideýadyr. Onsaňom, şu ýerde bir zady ýatladyp geçesim gelýär. Professor Gem Dem

kapitan Nuryň ideýasyny biderek, puç ideýa diýip bütünleý ret etdi. Emma onuň halysalla şeýle edendigine meniň ynanasym gelenok. Sebäbi bir wagtlar kapitan Nuryň „Çäksizligiň çäkleri” diýen temadaky dissertasiýasyna Gem Dem başlyklaýyn iki üç sany alumsumaklar garşy çykyp, ony alymlyk derejesinden mahrum etdiler. Aradan iki-üç ýyl geçenden soň bolsa Gem Demiň özi şol ýatyrylan dissertasiýanyň materiallaryndan peýdalanyp, ullakan kitap ýazdy. Elbetde, şeýle seredende kapitan Nuryň dissertasiýasy bilen Gem Demiň kitabynyň meňzeşligi ýok ýaly. Ýöne ol kitabyň düýp manysy dissertasiýadan daşa gidenok...
Başlyklyk ediji elini galgadyp Tal Daly saklady:
-Hormatly Tal Dal siz bu ýeriň ylmy geňeş däldigini unutmaň. Onuň ýaly meseleler bu ýerde çözülenok, otyryň ýeriňizde.
Başlyklyk ediji filosofyň sözüni soňlatman oturdanam bolsa, onuň şol aýdanlary-da professor Gem Deme batly şarpyk bolup degdi.
Beýik Geňeşiň şu mejlisi has dartgynly geçdi. Söze çykanlaryň birnäçesi kapitan Nuryň ideýasyny goldadylar. Olar bu ideýany ylmy taýdan ymykly işläp çykmagyň gerekdigini aýtdylar. Aýratynam Fizika Akademýasynyň prezidenti, bütin dünýä belli ýaşuly alym kapitan Nuryň teklibini düýpli öwrenip çykmaklygy öz Akademiýasyna tabşyrmaklygy teklip etdi. Şeýlelikde Beýik Geňeşiň mejlisi ähli teklipleri ylmy taýdan öwrenip çykmaklygy her ugruň öz Akademýasyna tabşyrmak barada karar kabul etdi. Beýik Geňeşiň mejlisler köşgünden kapitan Nur filosof Dal bilen goltuklaşyp çykdy. Mejlisiň uzak dowam etmegine garamazdan, olaryň ikisinde-de ýadawlyk duýulmaýardy.
-Ezizim Nur, eger garşy bolmasaňyz, ikimiz gürrüň edip, ýarym sagatjyk pyýada ýöresek niçik borka?! – diýip, Dal kapitan Nura ýüzlendi.
-Ýarym sagat däl, bir sagada-da razy – diýip, kapitan Nur jogap berdi. Olar planetanyň paýtagtynyň baş köçesiniň pyýadalar ýöreýän gür agaçlyk ýanýodasyndan ýuwaş ýöräp gitdiler. Bu köçe şäheriň beýleki köçeleri ýaly uzynlygynda dört zolakdan ybaratdy. Onuň ikisi biri-birine garşylyklaýyn ýöreýän eskalator görnüşindäki ýollar bolup, beýlki ikisi bolsa, pyýada ýöremek üçin bejerilen giň ýodalardy. Bu ýodalar köçäniň iki gyrasynda,eskalator görnüşindäki ýollar ortadady. Ol ýola geçen adamlaryň ädim ätmegi gerek däldi, eskalatoryň özi orta tizlikde alyp gidýärdi.Ýükler bolsa şol köçeleriň aşagyndaky tunnel ýollaryndan daşalýardy. Döwrüň siwilizasiýasynyň döreden bu oňaýlyklary köpçüligiň göwnünden turýanam bolsa, Tal Dal ýaly käbir adamlary gyjyndyrýardy. Tal Dal şäheriň juda uzak bir ýerine gitmeli bolaýmasa eskalator ýollardan hiç wagt peýdalanmaýardy. Ol „Tebigat adama iki aýagy ýöremek üçin beripdir” diýip, elmydama diýen ýaly pyýada ýöreýärdi.
-Ezizim Nur, dogrymy aýtsam, men Beýik Geňeşde edilen şu günki

gürrüňleriň hiç haýsysyna, hatda siziň ideýaňyz-a beýle-de dursun, özümiň orta atan ideýama-da ynanasym gelenok, göwnüme bolmasa adamzady bu heläkçiikden gutulma ýok ýaly – diýip, Tal ahmyrly gürledi. Kapitan Nur ýoldaşynyň ýüzüne geňirgenip seretdi:

-Hormatly Tal, men size düşemok, beýle pikiriňiz bar bolsa näme üçin Beýik Geňeşde aýtmadyňyz. Onsoňam...

-Ezizim – diýip, Tal Nuryň sözüni böldi. – Gadymky akyldarlaryň biri „Hakykaty aýt, emma hemme hakykaty aýdyp bolanok” diýipdir. Şeýle bolansoň Beýik Geňeşde beýle pessimistik pikiri ýüze çykaryp bolýamy näme? !

-Diýmek siziň pikiriňizçe adamzat... Ýok, ýok meniň aýtmaga-da dilim baranok – diýip, kapitan Nur dymdy.

-Ezizim Nur, tebigatyň şeýle bir kanunlary bar, ony özgertmäge adamzadyň güýji ýetenok.

-Adam öler, ölmez adamzat, agaç gurar , gurmaz tokaý, diýenleri-de tebigatyň kanuny dälmi?

-Bu kanun otnositel häsiýete eýe, ezizim Nur! Diňe bir adamzadyň däl-de bu çäksiz älemiň hem soňy bar, ahyryn. Hawa, bu çäksiz giňişlik hem wagtlaýyn hadysa, siz bilýäňiz älem bir bütewi biçak dykyz materiýanyň partlamagyndan emele gelen. Şol beýik partlaýyş inersiýasy bilen älemiň çäkleri henizem giňelip gidip otyr. Emma bu giňelip barýan älem merkeze çekiljekdir, ýene bu çäksiz giňişlik gapyşyp, öňki bir bütewi biçak dykyz materiýa geljekdir. Ol ýene...

-Bes ediň, hormatly Tal – diýip, kapitan Nur gahar bilen onuň sözüni kesdi. – Ýogsam, men size bolan hormatymy ýitirerin. Adamzat özüniň akyl-paýhasy bilen özüniň million ýyllyk ömrüniň içinde ähli heläkçilikleri ýeňip geçdi. Eger taryhdan habaryňyz bar bolsa, gadymy ýigriminji asyrdaky termo-ýadro heläkçiliginiň öňüni aldy, eger şonda adamzat özüniň bütin gujur-gaýratyny, akyl-paýhasyny ulanyp, şol heläkçiligiň öňüni almadyk bolsa, onuň tohumy ýer ýüzünden bir eýýäm ýitip giderdi.

Tal Dal pikirini jemleýän kimin dymyp gelýärdi, ol uludan demini alyp Nuryň ýüzüne köpmanyly ýylgyryp garady:

-O diýýäniňiz hem dogry, ezizim Nur, şol döwürdäki ýadro heläkçiliginiň öňi akyl-paýhas bilen alyndy. Gapma-garşy güýçler, syýasy jedele kelle gyzdyrylsa dünýäniň weýran ediljekdigine göz ýetirdiler. Emma biziň öňümizde duran heläkçiligiň öňüni birek-birege düşünmek bilen alyp bolmaz. Biziň garşydaşymyz öz kanunlaryna eýe bolan tebigatyň özüdir. Şeýle bolansoň...

-Biz ýazgyda boýun bolmaly, diýmekçi bolýaňyzmy? – diýip, kapitan Nur ýoldaşynyň sözüni ýene kesdi. – Ýok, men hiç haçan siziň pikiriňize goşulman. Adamzadyň ähli heläkçilikleriň öňüni alyp, älemde ebedi

ýaşajagyna ynanýan. Öňümizde duran bu uly synagdanam biz üstünlikli geçeris. Mähriban Ýerimizi heläkçiligiň zonasyndan alyp çykyp gideris!
Tal Dal kinaýaly güldi. Emma soňunda ýürekden dillendi !
-Meniň size gözüm gidýär ezizim Nur, hawa, şeýle beýik ynam bilen ýaşaýan adama gözüň gitmezligi mümkin däl. Iňkise gidýändigim üçin meni bagyşlaň. Ýer togalagyny gämi edip sürip barýarkaňyz bu müňkürligim üçin meni ondan itip düşüräýmäň –diýip, Tal sözüniň soňuny degişmä sowdy.
Olar köçäniň bir çatyrygynda säginip, dostlarça hoşlaşdylar. Her kim öz tarapyna gidýän eskalator ýollara geçip öýlerine ugradylar. Kapitan Nury gapysynyň öňünde gyzy Zeýa şowhun bilen garşy aldy. Ol özüniň Aýa syýahaty barada kakasyna howlugyp gürrüň berýärdi. Otaga girýänçäler Zeýajyk jedirdäp bir entek zatlary aýdyşdyrdy. Eger-de  ejesi goşulmadyk bolsa, ol entegem sözüni gutarjak däldi.
-Zeýa, görýämiň, kakaň ýadap geldi. Sen häzir onuň kellesini agyrtma, gowsy öz otagyňa bar-da, gören zatlaryňy suratlandyryp ýaz. Zeýa ýadawlyk diýilýän zady gözleýän ýaly kakasynyň ýüzüne seredip durdy-da, öz otagyna gitdi. Kapitan Nuryň ýüzünde ýadawlyk alamty bolmas-da, Deýanyň gözleri bir hili howatyrly bakýardy. Nur aýalynyň ýagdýyny gören badyna duýupdy. Şonuň üçinem ol gyzynyň sözlerine kän üns bermän aýaly bilen ikiçäk galmagy isläpdi. Zeýa otagyna girenden Nur Deýa ýüzlendi.
-Saňa näme bolýar, Deýa, bir hili aladaly görünýäň-le?
Deýa howatyrly gözlerini ärinden aýyrman sorady:
-Nur, şu diýýänleri çynmy? Günüň energiýasy tükenýämiş, ýerde durmuş boljak dälmiş. Beýik Geňeşde şu mesele seredilenmiş. Senem menden bu zatlary gizläp ýörsüň. Iller-ä aýalyndan gizlänok.
-Näbileýin, Beýik Geňeşde bu mesele gizlin saklanmalydyr, diýdiler. Beýik Geňeşiň agzasy bolan käbir adamlaryň öz borjuny-da ýatdan çykarýandyklary barada men  pikir etmändirin –diýip , kapitan Nur aýalyna müýnli seretdi.
-Men seň düýn gijeki bolşuňa indi akyl ýetirýän. ,,Ýok, ene Ýeri taşlap, hiç ýere göçmeris!“ diýip gygyranyňyň sebäbi bar ekeni-dä!
Deýa «Indem dogrusyny aýtjak dälmi?» diýen manyda ärine göni seretdi. Kapitan Nur aýalynyň egnine elini goýup, ony nahar iýilýän otaga äkitdi.
-Hany, Deýa, getir, agşamlyga nämäň bar bolsa. Ol gürrüňi stoluň başynda ederis . Kapitan Nuryň şähdaçyklygy ýasama-da bolsa, Deýanyň göwnüni bir neme göterdi. Ol stola öňki günki äriniň getiren aw towşanynyň mazaly duzlanan etinden bişirilen buglama bilen adama kuwwat hem rahatlyk berýän dürli şerbetler getirip goýdy.

***** **** ***** *****

Ýer planetasy özüniň ýylylyk we ýagtylyk çeşmesi bolan Güniň töwereginde hemişekisi ýaly aýlanýardy. Aýlar, günler geçip, pasyllar çalyşýardy. Tebigatyň bu kanununda entek üýtgeşiklik ýokdy. Emma adamlaryň kalbynda entek uzak hem bolsa, geljekdäki harasadyň howsalaly, aladasy bardy. Aýratyn-da, bu alada Beýik Geňeşde, Akademýalarda aý-aýdyň duýulýardy.

Günleriň birinde kapitan Nury Beýik Geňeşiň ýörite we adatdan daşary komissýasyna çagyrdylar. Ony daşarky gapyda Beýik Geňeşiň edarasynyň işgärleriniň biri garşy aldy we yzyna tirkäp çaklaňyrak dört burçlak bir otaga eltdi. Ol ýerde aý şekilinde ýasalan uly stoluň başynda ellä golaý adam oturdy. Olar şu komissiýanyň agzalary bolmaly. Kapitan Nur gireninden komissiýanyň başlygy, belli alym Ap Tap oňa ýüzlendi:
-Hormatly kapitan Nur, sizi gutlamaga rugsat ediň. Beýik Geňeşiň mejlisinde siziň orta atan teklibiňizi degişli Akademiýalar ymykly öwrendiler we ony ýeke-täk dogry wariýant diýmeseler hem ýakyn aralykda bize ýene uzak wagtlap ýylylyk hem ýagtylyk berip biljek ýyldyzlar kän. Şoňa görä ol teklibiňizi amala aşyryp boljak diýen netije geldiler.
Ap Tabyň sözleri edil demire çekiç uran ýalydy. Ol Beýik Geňeşiň şol adatdan daşary mejlisine başlyklyk edeninde-de beýle zarply äheň bilen gürlemändi. Ap Taby ýakyndan tanaýan adamlar onuň adatdaky mylaýym äheňine öwrenişipdiler. Şonuň üçin onuň häzirki gürleýşi duýdansyz sepilende tisgindirýän sowuk suw ýaly bolup Kapitan Nura täsir etdi. Ap Tap nurana ýüzüne gelişip duran ap-ak saçlarynyň üstünden elini bir geçirdi-de, sözüni dowam etdi. Ol ýyldyzlardan iň amatlysy Sentawara ýyldyzlar toparynda ýerleşýär. Ol ýyldyza biz eýýämden gözel Gün diýip at dakdyk. Ol ýyldyz barada astronomiýa merkezimiz size doly maglumat berer. Bilip durun, häzir siziň seriňize näme üçin maňa maglumat bermeli, diýen pikir gelip geçdi. Näme üçin diýseňiz şol ýyldyzyň orbital giňişligini, özüne çekiji güýjüni, onsoňam, onuň orbitasyndaky planetalaryň ýagdaýyny ýerinde barlap görmek üçin göýberilýän ekspedisiýa siz ýolbaşçylyk etmeli!
Ap Tap kapitan Nura garap „ näme üçin size maglumat berilýändigi indi düşnükli bolan bolsa gerek” diýen manyda ýylgyrdy. Şol pursatda kapitan Nuryň gözlerinde onuň kalbynda möwç urýan duýgulary aňmak kyn däldi. Onuň gözlerinde agyr söweşde ýeňiş gazanan serkerdäniň gözlerindäki ýaly üýtgeşik bir ot şöhlelenýärdi.
-Men siziň bu habary guwanç bilen garşy aljakdygyňyzy bilýärdim- ýdiýip, Ap Tap kapitanyň ýüzünden nazaryny sowman dowam etdi:
-Siziň ekspedisýaňyz üçin hemme taraplaýyn örän kämil täze gämi bejeriler. Ekspedisiýanyň düzümi kyrk, kyrk bäş adam töwereginde bolar. Galan jikme-jikliklerini gämi taýar bolandan soň gepleşeris. Ähli zat siziň bilen ylalaşykly bolar, kapitan.

-Gämi haçan taýýar bolar?
Ap Tap kapitan Nuryň sowalyny geňleýän ýaly ýylgyrdy. Gäminiň ady-ha taýýar. Biz oňa siziň ata-babaňyzyň ýurdundaky beýik deryanyň gadymy „Jeýhun" diýen adyny dakjak. Onuň özi-de ýene bir ýyldan taýýar bolar. Şoňa çenli siz özüňizi fiziki hem-de ruhy taýdan taýýarlaberiň. Beýle uly işe ýolbaşçylyk etmek aňsat däl.
Kapitan Nur Beýik Geňeşiň jaýyndan çykanynda özüni bütinleý başgaça duýdy. Nuredendir bedenine üýtgeşik bir gujur-gaýrat indi. Onuň gözüne mawy asman öňküsinden  has beýik, jahan has giň bolup göründi. Ol eskalator ýola geçmän, giň ýanýoda bilen pyýadalap gitdi. Ol öýüne ýetýänçä öz geçen ömür ýoluny hyýalynda gaýtadan çöşledi. Ol birinji klasly astranawat bolsa-da, beýle uzak sapara çykyp, beýle uly ekspedisiýa ýolbaşçylyk edip görmändi. Ol şu çaka çenli Gün ulgamyndaky planetalara gatnaýan transport gämilerini sürdi. Öýlenmezinden öň bolsa, ikije gezek Gün ulgamyndan daşa çykyp gördi. Onda-da ol ekspedisiýalar gysga möhletlidi. Indi onuň ýolbaşçylyk etjek ekspedisýasy oýunjak iş däl. Bu uçuşa ol ömrüniň belli bir bölegini bagyşlamaly bolar. Ömür diýilýäni gaty täsin zat. Ony her kim her hili geçirýär. Ol öz ömrüni mazmunly, halk, jemgyýet üçin peýdaly edip geçirmäge çalyşdy. Emma bu maksady hasyl boldumy? Serinde şeýle pikirler bilen öz-özüne hasap berip barýan kapitan Nuryň ýüzünde kinaýaly ýylgyryş peýda boldy. Entek beýle hasabat bermeklige ir dälmi, näme? Ol ýaňy elli ýaşady. Onuňam otuz ýyldan gowragyny kosmanawtika bagyşlady. Üç ýüz ýyllyk ömrüň içinde elli ýaş, otuz ýyllyk zähmet nämemişin? Entek öünde meýdan kän.

***** **** **** **** *****

Kapitan Nuryň ýolbaşçylyk edýän „Jeýhun" atly ýyldyzara gämisiniň hem öňünde entek meýdan kändi, menzil uzakdy. Ol özüniň kaýutasynda illýumenatordan ýyldyzlar älemin tomaşa edip, ýerdäki bolan wakalary ýatlap otyrka, birden gämi bütin göwresi bilen titräp başlady. Kapitan Nur böküp ýerinden turdy-da baş pultuň jaýyna tarap ylgady. Kapitan ol ýere giren badyna?
-Näme boldy-how, ýigitler? – diýip, sorady.
-Haýsydyr bir özüne çekiş güýjüň meýdanyna girdik, kapitan. Gämini şol titredýär – diýip, kapitanyň kömekçisi Rut birhili aljyran ýaly edip jogap berdi.
-Ol nämekä? „ Gara deşik?" dälmi?
-Ýok , kapitan. Bu töwerekde „Gara deşikler" ýok.
- Onda näme bolup biler? Tiziräk anyklaň!
-Anyklamaga wagt ýok, çekiş güýji barha köpelýär. Özem çep tarapda.
Kapitan Nur ştruwaldakylara buýruk berdi:

-Gämini saga sowuň! Garşylyk güýjüni 0,75 esse köpeldiň! Şol bada gämi sag tarapa sowuldy. Emma ol titremesini dowam etdirýärdi. Kapitan ,,Indi bu titreme näçe wagt dowam ederkä?” diýip, içini gepledip diwardaky sekundamere seredip garaşdy. Şol wagt ýer bilen aragatnaşyk enjamyndan signallar geldi. Kapitan derrew onuň nurbatyny towlap Ýer bilen aragatnaşygy ýola goýdy.
-Kapitan Nur, näme üçin ugry üýtgetdiň?
Ýerden berlen bu sowala ol ilki näme diýip jogap berjegini bilmän ýaýdandy. Sowal ýene gaýtalandy.
-Jogap beriň, näme üçin ugruňyzy üýtgetdiňiz? Şonda kapitan Nur özüniň ýalňyşanyny duýdy. Ol çekiş güýjüniň täsirinden çykyp gitmek üçin gämini ugrundan sowmak hökman däldigini, goşmaça reaktiw gurallary işledip, garşylyk güýjüni bir ýarym esse artdyranyn-da gäminiň öz gujagyna çekip aljak bolýan bujagaz näbelli hyrydaryň täsirinden çykyp gitse boljakdy.
-Güýçli çekiş güýjüniň meýdanyna düşdük, häzir ugry dogurlaýan – diýip, ol ýere habar berdi. Gäminiň titremesi hem birneme azalypdy. Ol ştruwalçylara buýruk berdi:
-Öňki ugra geçiň!
-Kapitan! – diýip, ýerden igençli äheňde ses geldi. –Siz on alty sekuntlap, kursuňyzdan sowlup saga tarap uçduňyz. Sekunduna üç ýüz müň kilometrden, on alty sekunta näçe million kilometr çete çykanyňyzy hasaplap görüň! Kosmosda her bir sekundyň näçeräk gymmatynyň bardygyny siz bilmeli, ahyryn!
Kapitan Nur günäsini boýun alan ýaly sesini çykarmady.
Gäminiň titremesi galdy.
Ol ýene bellenilen ugur boýunça süýnip gitdi.

***** **** **** **** *****

Gämi titräp ugran wagtynda Deýa synp otagynda çagalar bilen sapak geçýärdi. Ol kosmosda her hili tötänlikleriň bolmagy mümkindigini, ,,Jeýhun” gämisi bolsa şeýle tötänliklere garşylyk görkezip biljek ähli abzallar bilen üpjün edilendigini bilýärdi. Şonuň üçin hem ol gorkmady. Gäminiň titremesi çagalara her dürli täsir etdi. Olaryň käbirleriniň gorkudan gözi tegelendi, käbiri bolsa bir enaýy ýagdaýa duşan kimin geň galmak bilen töweregine ýaltaklady. Gäminiň titremesi galanyndan soň çagalar deňine diýen ýaly Deýa sorag bilen ýüzlendiler:
-Hormatly mugallym, bu näme?... Bu nämboldugy?
-Çagalar, biynjalyk bolmaň! Üýtgeşik bolan zat ýok. Gämimiz bir azyrak titredi. Onuňam sebäbini soň kapitandan sorap bilýäýeris –diýip, Deýa özüniň mylýym äheňi bilen çagalary köşeşdirdi.
-Ýadyňyzda bolsa, biz öňüräk geografiýa sapagynda Ýer titremeleri barada

gürrüň edipdik. Biziň Ýer planetamyzda gadym döwürlde ýer titremeleri ýygy-ýygydan bolup, adamlara köp zyýan ýetirýän ekeni. Soňa baka ýeriň „garramagy" bilen onuň jümüşindäki prossesler köşeşip, ýer titremeleri galyp gidýär. Häzir Ýermiziň hiç bir nokadynda ýer titremesi bolanok.
-Hormatly mugallym – diýip, yzyrakda oturan garaja oglan ýerinden turdy. – Meniň ýerde gowy görüşýän ýoldaşlarym bar. Olar bilen ulalanymyzda-da, hiç haçan dostlugymyzy bozmazlyk barada şert edişdik. Siziň gyzyňyz Zeýa: «Biziň uçuşymyz on ýyllap dowam eder, şondan soň biz ýere gaýdyp baranymyzda, seniň ol dostlaryň eýýäm ýüz ýaşyndaky garry adamlar bolar» diýýär. Şol dogrumy?
Deýa oglanyň bu sada sowalyna gülmän durup bilmedi. Oňa goşulyp ähli synp gülüşdi. Oglan bu gülkiniň sebäbine düşünmän gözlerini tegeläp durdy.
-Zeýa, umuman dogry aýdypdyr. Umuman diýýänimiň sebäbi, biz ýere gaýdyp baranymyzda ýerde galanlaryň bizden näçe ýaş uly boljagyny häzir aýtmak kyn. Ol biziň uçuşymyzyň näçe wagt dowam etjegine bagly. Emma sen onuň gaýgysyny etme, ezizim. Gaýtam özüňden uly adamlar bilen dost bolmak has gyzykly hem peýdaly bolar.
Onsaňam bizde adamyň ortaça ömri üç ýüz ýyl bolansoň ýüz ýaşly adama garry diýilmeýär. Ýüz ýaş ýüzüş ýaşydyr.
Deýa öz sözleriniň oglana nähili täsir edenini bilmekçi bolup onuň ýüzüne dykgat bilen seretdi. Oglanyň ýüzünden ünji alamaty aýrylanokdy. Ol tebigatyň bu oýnundan närazy görnüşde özüni aşak göýberdi.
-Çagalar – diýip, Deýa sözüni dowam etdirdi. – Eger siz wagt meselesine gyzaklanýan bolsaňyz, biziň şu ekspedisiýamyzda ,,Wagtlaryň deňeşdirme tizligi" diýen kitabyň awtory professor Tal Dal hem bar. Biz onuň bilen duşuşyk geçireris. Ol size bu barada gyzykly gürrüň berer.
-Duşuşaly! – Duşuşaly – diýip, çagalar deňine gygyryşdylar.
-Bolýar, hökman duşuşarys! Men size söz berýän – diýip, Deýa çagalary köşeşdirdi. – Indi sapagymyzy dowam etdireliň, çagalar. Biz sapakdan daşa çykyp gitdik. Hany, kim aýtjak, geçen gezekgi taryh sapagymyzda näme geçipdik?
Çagalaryň ählisi deňine ellerini göterdiler.
-Min, söz saňa – diýip, Deýa ýaňy sorag beren garaja oglana ýüzlendi. Munuň bilen ol oglanyň ünjüsüni ýazyp, göwnüni götermekçi boldy. Min özüne söz berilýänine monça bolup orta çykdy:
-Biz öten saparky taryh sapagynda - ,,Gadymy XX asyr siwilizasiýasy" diýen temany geçipdik, hemem şol asyra degişli iki sany kinofilm görüpdik.
-Gaty gowy. Indi sen geçilen şu tema we gören filimleriň boýunça öz pikiriňi, öz nukdaýnazaryňy beýan et. ,,Taryhy bu öten döwürlere baha bermekdir" diýilenini ýatdan çykarma.

- Gadymy ýigriminji asyr siwilizasiýasy biziň häzirki swilizasiýamyzdan düýpgöter tapawutlanypdyr. – diýip, Min kellesini bir tarapa gyşardyp söze başlady. – Ol döwürde ylym, tehnika öňki döwürlere garanda has ösüpdir. Emma tehniki ösüş biziňki bilen deňeşdirende has sada bolupdyr. Muňa mysal edip transport serişdelerini görkezmek bolar. Hatda şäherlerde ýöreýän transport serişdeleri hem adam sürýän tigirli maşynlardan ybarat bolupdyr. Bu köp sanly awarýalara sebäp bolup, köp heläkçilik getirýär ekeni.
-Ýekeje minut, Min – diýip, Deýa okuwçysynyň sözüni böldi.
-Sen indi şu taýda öz pikiriňi aýt. Näme şol döwürde adamlaryň şäherlerde biziňki ýaly islän ýerine eltýän eskalator ýollar gurmaga gurby çatmanmy ýa-da şoňa akly ýetmänmi?
-Akly ýetipdir. Emma... emma – diýip Min sakynyp ugrady.
Öňki hatarda oturan Zeýa özüni saklap bilmedi.
-Şu soraga men jogap bereýin, rugsat ediň-diýip, elini galdyrdy.
-Zeýa saňa kömekleşäýsinmi, Min?
Mugallymyň bu soragyna oglan hiç-hili jogap bermän dymdy. Ýöne Zeýanyň ýüzüne «Bilýän bolsaň aýdyber» diýen manyda jiňkerilip seretdi. Zeýa mugallymdan rugsat bolmansoň dilini dişläp durdy.
-Hany, onda sen aýdaý – diýip, Deýa gyzyna ýüzlendi.
-Meniň pikirimçe – diýip, Zeýa uly oratorlar ýaly çynlakaý görnüşe girip söze başlady.-Hemme zamanda-da siwilizasiýany adamlaryň döredijilik akly döredýär, emma esasy ugurlary jemgyýetiň aňy kesgitleýär. Gadymy ýigriminji asyrda bolsa adamlaryň aňynda entek wagşylyk elementleri saklanypdyr. Şonuň üçin olar özleriniň maddy baýlyklarynyň köp bölegini harby harajtlar diýip atlandyrylýan birek-biregi gyrýan gurallary öndürmeklige, weýrançylykly uruşlara harçlanypdyr. Eger şeýle harajatlar bolmanda olaryň gurby çatmajak zat bolmazdy.
-Boldy. Indi galanyny özüm aýdaýyn – diýip, Min Zeýanyň sözüni böldi. Mugallymynyň rugsady bilen Zeýa ýerinde oturanyndan soň Min birhili joşgunly äheň bilen sözüni dowam etdirdi:
-Hawa. Zeýa dogry aýtdy. Eger gadymy ýigriminji asyrda bolup geçen weýançylykly iki sany jahan urşy hem-de asyryň ýetmişinji, segseniji ýyllarynda görlüp-eşidilmedik derejede ýaraglanyşyň haýdadylmagy bolmanynda, adamlar öz maddy baýlyklaryny siwilizasiýany kämilleşdirmäge harç edenlerinde olar bu ugurda gaty uly utuş gazanardylar. -Min bir zadyň pikirini edýän ýaly az salym dymyp durdy-da ýene dowam etdirdi. - Taryhda ýigriminji asyryň segseninji ýyllary aýratyn ýer tutýar. Bu döwürde dünýäniň, ýer planetasynyň ýok bolup gitmegi ýaly aýylganç howp döreýär. Sebäbi dünýäniň ýüzünde ýadro ýaraglarynyň uly arsenaly toplanýar. Ana, şol ýaraglaryň güýji bilen adamlar birek-birege

garşy uruş etmekçi bolýarlar...
-Kim kime garşy?- diýip, Deýa okuwçysynyň sözüni kesdi.
-Kapitalizm sosializme garşy.
-Ä-hä! Meselä ine şunda – diýip. Deýa kanagatlanmak bilen Mine garap ýylgyrdy-da, sözi özi dowam etdirdi. – Hawa, çagalar. Ähli belanyň körügi şol iki düzgüniň gapma-garşylygynda bolupdyr. Eger şol döwürde-de ýeriň ýüzi biziň döwrümizdäki ýaly bir hili jemgyýetçilik gurluşyna öwrülip, bir merkezden dolandyrylanda hiç hili gapma-garşylyk hem bolmazdy. Ähli adamlar bolelin ýaşardylar. Çünki, şol döwürde-de adamlaryň öndürýän önümi, döredýän maddy baýlygy hemmeler üçin hem ýeterlikdi. Indi düşnüklimi Min?
-Düşnükli. Ýöne men bir zada düşünemok, hormatly mugallym. Näme üçin şol döwürde iki düzgüne bölünip, öz başyna bir entek döwlet bolup ýaşapdyrlar? Dünýäni bir merkezden dolandyrylýan bir bütewi düzgüne öwürmäge näme päsgel beripdir?
Miniň soragy Deýany çynlakaý alada goýdy. Ol bu kyn soraga nähili jogap berjegi we bu jogabyň sada hem-de düşnükli bolmagy barada pikirlenip, bir salym dymdy. Soňra:
-Sen ýeriňde oturaý Min - diýip, özi ýerinden turdy. – Çagalar Miniň soragy hemmäňizi-de gyzyklandyrýan bolsa gerek. Hawa, adamzadyň asly gelip çykyşy bir, gurluşy bir. Hemme adam hem enesiniň ak süýdüni emip kemala gelýär. Şeýle bolansoň näme üçin bir kiçijik planetanyň ýüzünde agzybirlik bolmandyr. Ol gandöküşikler, ýaraglanyşyklar nämä gerek bolduka? Munuň sebäbini hususy mülk, şahsy eýeçilik, birek-biregiň üstünden häkimlik etmek diýilýän zatlardan gözlemeli. Şol asyrlarda dünýäniň deň ýarsynda milli baýlyklar aýry-aýry adamlaryň elindedi. Dünýäniň ýüzüni birleşdirmek üçin ilki bilen hususy mülki ýok edip, ähli milli baýlyklary halkyň mülküne öwürmelidi.
Deýa okuwçysynyň soragyna has sada, has düşnükli jogap bermek maksadynda gürrüňi şeýle başlap, iki düzgüniň tapawudyny giňişleýin beýan etdi.

*****************

Kapitan Nur ornuny kömekçisine tabşyryp, özüniň dynç alýan otagyna geçdi. Kosmosda gije we gündiz bolmanlygy üçin şertli suratda ýigrimi dört sagatlyk wagt bellenilip, şonuň belli bir böleginde ekipažyň agzalary nobaty bilen dynç alýardylar. Nobat kapitan Nuryňkydy. Şol pursatda ol özünde ýadawlyk duýmasa-da, beýnisindäki dürli oýlaryň agramy bilen diwana gyşardy:

Tebigatyň kanunlary gaty täsin. Adamzat zeminiň ýüzünde, Güniň

töwereginde näçe million ýyldan bäri ýaşap gelýärdi. Indi bolsa älemiň başga bir burçundan özüne we ene Ýerine mekan gözlemeli. Hawa, ene Ýere mekan gözlemeli... Bu ideýa kapitan Nura Beýik Geňeşiň mejlisler zalynda has amatly, ony amala aşyrmagyň artykmaç kynçylyklary ýok ýaly bolup durdy. Indi Kosmosyň giňişliginde bolsa onuň öňki pikiri üýtgedi, has dogursy özüniň şol ideýasyny durmuşa geçirip boljakdygyna ynamy gowşady. Emma ol nähii bolsa-da, özüniň orta atan pikirinden dänmeklik mümkin däldigini bilýärdi. Şonuň üçin ol özünde peýda bolan beýle ejizligi ýeňmek üçin ýerinden bökip turdy-da bir burçda duran äpet ekranyň düwmejigini basdy. Otagyň içinde ýakymly aýdym-saz ýaňlanyp, ekranda onuň eý görýän artistleri peýda boldy. Ol sazyň lezzetine iki ýana çaýkanyp, äpet ekranyň garşysyndaky kürsüde otyrdy.

Otaga duýdurman Deýa girdi. Ol aýak ujunda ýöräp gelip, iki eli bilen äriniň gözlerini tutdy. Kapitan Nur onuň ellerinden gaýym penjeledi-de, ýerinden turup, gujagyna basdy. Deýa äri bilen şeýle oýun edýän mahalynda edil ýaş çaga ýaly begenýärdi. Onuň gujagynda bolsa özüni biçak bagtyýar duýardy. Şeýle pursatlarda ol özüniň ene Ýerden, ol ýerde galan milliard-milliard zemindeşlerinden üzgeňeligini hem unudýardy. Söýgi şeýle gudratly zat. Onuň bilen ýaşasaň hemişe jansyz kosmos giňişliginde hem adam özüni bagtly duýýan ekeni. Deýa äriniň gujagyndan çykyp, ekrany öçürdi-de:

-Bilýämiň, bize häzir kim geljek? – diýip, Nuryň göreçlerine gülümsiräp garady.

-Bilemok. Kim?

- Professor Tal Dal.

-O! Gaty gowy. Ony şu ýerde kabul edýäsmi?

-Isleseň şu ýerde. Bolmasa meniň otagynda.

-Ýok şu ýer gowy. Sen kofe taýýarla. Oňa çenli men şu kiçijik stolyň üstünde iýer ýaly ojuk-bujuk goýuşdyraýyn.

Deýa gapydan çykanyndan aňyrdan Talyň sesi eşdildi:

-Men bimahal gelemokmy, ezizim Deýa?

Kapitan Nur ony gapynyň öňünde garyş aldy.

-Geliberiň. Siz bimahal gelýän adamlardan däl. Ýöne Deýa stoly taýarlap ýetişmedi.

-Meniň üçin hiç zat gerek däl, ezizim Nur. Birje çaşka kofe, on gap gep bolsa besdir.

Olar otagyň bir burçundaky ýumşak kürsülerde ýerleşdiler.

-Kofeni häzir getirer, gep diýeniňiz bolsa taýýar. Gep gaplaryň agzyny açsak bolany -diýip, kapitan Nur myhmanynyň degişmesine degişme bilen jogap berdi.

Görüşmänimizden bäri-de üç gije-gündiz bolaýdy öýdýän, kapitan.

-Ýeri, Ýerden näme habar bar?
-Üýtgeşik habar ýok. Barýan ugrumyz barada maslahatlaşyp durus. Ýöne «Jeýhuny» silterlän çekiş güýjüniň täsirinden çykjak bolup eden düýnki hereketimiz üçin biraz käýediler.
-Käýediler diýseňiz-le. Olaryň pikiriçe näme iş etmelikä?
-Biz çekiş güýjüniň täsirinden çykjak bolup, bellenen ugurdan bir neme çete çykaýdyk. Aslyýetinde beýtmän, gäminiň garşylyk güýjüni iki esse köpeldäýmeli ekeni.
-Şeýle diýseňiz-le.
Deýa üç çaşka kofe getirip, erkekleriň öňünde goýdy, golaýdaky kürsüni süýşürip özem oturdy. Soňra myhmana mürähet etdi:
-Professor kofe sowamanka içiň!
-Sag boluň, ezizim. Kofeni içeris – diýip, ol çaşkany eline aldy. Soňra kapitan Nura bir hili ünjüli seredip:- Ezizim Nur, uly kosmosa çykalymyz bäri meni bir pikir gaty biynjalyk edýär – diýdi.
- O näili pikir?
-Biziň etjek bolýan işimiz kofe içmek ýaly aňsatjak dälmika öýdýän.
Kapitan Nur professor Talyň näme diýjek bolýanyna gaty gowy düşündi. Ol uludan demini aldy-da, ýaňyja özüniň ýüreginde bu barada dörän şübheleri kowandygyny ýatlap, kinaýaly ýylgyrdy.
-Ýylgyran bolýaňyz welin, emma bu äpet kosmosyň oýny gaty kän ekeni, her ädimde duş gelýän özüne çekiş güýçleriň arasyndan Ýerimizi alyp geçmek mümkin däl bolsa gerek.
-Professor, siz meniň ruhymy götermekden ötri, meni ruhdan düşürjek bolýaňyzmy?
-Ýok, ýok. Asla beýle däl -diýip, professor Tal howlukmaç jogap berdi. - Ýöne ezizim, hakykata real göz bilen seretmek hem gerek ahyryn.
-Eger siziň gorkýanyňyz diňe özüne çekiş güýçleri bilen metoritler bolýan bolsa, olardan arkaýynja bolaýyň. Sebäbi Ýer ýumruk ýalyjak gämi däl. Oňa her niçik çekiş güýji hem täsir edip bilmez. Ownuk meteoritler ýeriň atmosferasyna gireninden ýanyp kül bolar. Iri meteoritler bolsa ýörüte guralan enjamlaryň güýji bilen ýok ediler. Onsaňam, professor, ýeriň uly kosmosa sapary siziň bilen meniň döwrümde amala aşyryljak iş däl. Geljekde ylym ýene artar.
-Ony bilýän-le.
Bilýän bolsaňyz, biziň häzirki etmeli işimiz Ýeriň baryp ýerleşjek täze mekanynyň koordinatlaryny anyklamakdan ybarat. Biz özümiziň şu taryhy missiýamyzy amala aşyryp bilsek, geljekki nesiler bizden razy bolarlar.
Professor Tal Dalyň ýüzi ýagtylyp gitdi. Elindäki kofeni yzly-yzyna owurtlap, çaşkany stola goýdy-da, kapitan Nura aýratyn bir mähir bilen seretdi.

-Bä! Siziň üçin hiç hili kynçylyk ýok ýaly, ezizim Nur. Ähli zady ap-aňsat edäýýäňiz. Ýöne, her niçik optimiziň hem real esasy bolmalydyr.
-Onuň real esasy güýç, akyl-paýhas! Hälden bäri äri bilen professor Talyň çekişmesini diňläp oturan Deýa gürrüňe goşuldy:
-Gadymy ýigriminji asyrda ýaşap geçen şahyrlaryň biri ,,Kynçylyk ýok, ejizlik bar dünýäde” diýipdir. Diýmek, gadyrly professor güýjüň, akyl-paýhasyň öňünde mümkin bolmajak zadyň özi ýok.
Kapitan Nur aýalynyň sözüniň üstüni ýetirdi:
-Hawa, gadyrdan professor, şahyryň ol setirlerini başgaçarak edip aýdanda, dünýäde ejizligiň özünden başga kynçylyk ýok. Adam käbir işlere çemeleşeninde ejizleýär-de, oňa ol iş amala aşyryp bolmajak ýaly bolup görünýär.
-Bu mesele barada besdir, ezizim. Siz ikiläp ýeňdiňiz – diýip, Tal Dal iki elini göterip, ýylgyrdy.
Olar ýene-de bir sagada golaý gündelik işler barada gürrüň edip otyrdylar. Professor Tal gaýtjak bolanynda Deýa ony öz okuwçylary bilen duşuşmaga we wagt barada gürrüň edip bermäge boýun etdi.
Myhman gideninden soň Deýa:
-Ezizim, indi senem bir salym ýatyp  dynjyňy alaý – diýip, otagdan çykdy.
Kapitan Nur diwardaky bir düwmejigi basdy. Şol bada diwaryň bir bölegi aşaklygyna açylyp, düşek ýazylan krowat emele geldi. Kapitan çykarynyp, özüni ýumşak düşege oklady. Ol hiç zat barada pikir etmän, tiziräk uklamaga çalyşdy. Emma gözüne uky gelenokdy. Ene ýer, onuň al-ýaşyl gülzarlarydyr baglary, şäherleridir, Garagum ýaly sähralary göz öňünden ýekän-ýekän geçýärdi. Onuň ýüregi dogduk megkanyny küýsäp gyýylýardy. «Adam hiç haçan hem özüniň tebigy gurluşyny üýtgedip, öz duýgularyndan daşlaşyp bilmese gerek» – diýip, ol içini gepledýärdi. – «Ine, men, şeýle ägirt uly gäminiň kapitany, şeýle uly taryhy missiýany ýerine ýetirýän ekspedisiýanyň başlygy, kä mahal ine şunuň ýaly ýüregi ýukalyk edip oturberýän. Bu näme, ejizlikmi? Ýok, adam ruhunyň öwüşgünleri bolsa gerek. Adam şeýle bolmaly, batyrlygy we gorkaklygy bilen, şol bir wagtyň özünde ejizliginden güýçliliginiň, gorkaklygyndan batyrlygynyň rüstem gelmegini başarýanlygy bilen hem adam. Hawa, adam şeýle-de bolmaly. Çünki ol robot däl...»

Kapitan Nur birden tisginip oýandy. Ol bir bada özüniň nirede ýatanyny-da aňşarmady. Töweregine seredip, illýumenatoryň aňyrsyndaky ýyldyzlar älemine gözi düşende özüniň ene ýerden juda alysda, çäksiz kosmos giňişligindedigini, häzirjek gören zatlarynyňam huşunda däl-de düýşündedigini aňdy. «Be, asyl düýş dagy diýer ýaly däl. Hemmesi edil huşuňdaky ýaly» diýip içini gepledip otyrka Deýa girdi. Ol äriniň ukudan turanyny duýup, çaý-suwundan habar tutmaga gelipdi.

- Oňat ýatyp turduňmy, ezizim? Nahary şu ýere getirdeýinmi ýa-da umumy aşhana gidýäsmi?
- Getirdeýinmi, diýem-de özüň gidip getiräý, Deýa. Aşpezlerde kapitan wezipesinden peýdalanyp, bize artykmaç ýumuş etdirýär, diýen pikir döremesin. Hawa, şeýdäý. Şu ýerde ikimiz bileje naharlanarys. Deýa „bagyşlarsyň" diýen manyda kinaýa gatyşykly mylaýym ýylgyryp, çykyp gitdi. Ol bir salymdan üsti naharly mäjimäni göterip girdi-de, ony stola goýýarka:
- Ine, ýoldaş kapitan, siziň mertebäňize zeper ýetirmejek bolup, nahary aýdyşyňyz ýaly özüm gidip getirdim – diýip, ärine degişdi.
Kapitan Nur naharyň başynda bir hili oýa çümip oturdy. Deýa onuň bolşuna geň galyp:
- Saňa näme bolýa, Nur? – diýip sorady.
- Üýtgeşik bolan zat ýok, Deýa. Ýöne men täsin düýş gördüm.
- O nähili düýş? – diýip, Deýa bilesigeljilik bilen sorady.
- Düýşümiň täsinligi nämede diýsene, onda maňa biri huşumda hiç haçan kelläme gelmejek zady aýtdy. Bu zada professor Tal Dal nähili garar-ka? – diýip, kapitan Nur öňündäki kofeni tiz-tiz owurtlady. Deýanyň bilesigeljiligi has güýçlendi:
- Be, şeýle gyzykly düýş bolýan ýolsa, ony maňa gürrüň bersene.
- Saňa gürrüň bererdim welin, sen gabanjaňlygyň gozgarmykam diýip gorkýan.
Kapitan Nuryň bu degişmesi aýalyna özbolyşly täsir etdi. Onuň ýüzünde bir hili kinaýaly ýylgyryş peýda boldy:
- Düýşüňde men gabanar ýaly işler hem boldumy?
- Boldy – diýip, kapitan Nur gülüp aýtdy.
- Men düýşüňde bolan zady gabanyp durjak däl, gürrüň berseň, arkaýyn diňlejek, ezizim.
Kapitan Nur agzyndaky naharyny çeýnäp, bir salym dymyp oturdy. Dogursuny aýdanda kapitanyň düýşünde gören zatlary içine syganokdy, ol gören düýşüni diňe birine-de däl, bir näçe adamy üýşürip, gürrüň bermäge-de taýyndy.
- Bolýar, ezizim. Men düýşümi hökman gürrüň bererin. Emma ony professor Tal Dalyň hem diňlemegini isleýärin. Sebäbi onda Dal bilen jedel eder ýaly zatlar bar. Şonuň üçin bu gürrüňi, sen garşy bolmasaň, nobatdaky günüň dynç alyş wagtyna goýaýaly. Onsaňam men häzir ornuma barmaly, işem ýeterlik. EHM-leriň maglumatyna görä öňümizde gaty uly kwazarlar bolmaly. Olaryň çekiş güýjüni ýeňip geçmek üçin öňünden çäreler görmek gerek.
Deýa äriniň pikiri bilen ylalaşmaly boldy.

***** **** **** **** *****

Kapitan Nur baş pultyň ýerleşýän otagyna gireninde üýtgeşik bir wakanyň şaýady boldy. Gäminiň tizligini görkezýän ullakan elektron spidometr ýanyp-öçip tizligiň aşak gaçýandygyny görkezýärdi. Kapitanyň iki kömekçisi-de baş pultyň käbir enjamlarynyň nurbatlaryny towlaşdyryp, tizligiň beýle aşaklamagynyň sebäbini anyklajak bolup jan edýärdiler. Kapitana gözleri düşenlerinden olaryň ikisi-de deňine ýagdaýy habar berdiler:

- Kapitan, tizligimiz sekundyna 250 müň kilometrden 150 müňe düşdi. Sebäbini entek anyklap ýetişmedik.

- Aljyramaň, ýigitler. Sebäbini häzir anyklarys. Belki spidometr bozulandyr. Ony çalşyryp görmek gerek – diýip, kapitan Nur kömekçileriniň ruhuny götermäge çalyşdy.

- Ýok, spidometr bozuk däl, kapitan. Hakykatdanam ,,Jeýhunyň” tizligi aşak gaçdy – diýip, kapitanyň birinji kömekçisi Rut saryýagyz ýüzünde peýda bolan maýdaja der damjalaryny el ýaglygy bilen süpürdi. Kapitanyň ikinji kömekçisi Pat bolsa sredanyň halatyny bildirýän enjamlaryň berýän maglumatyna yşarat etdi-de:

- Serediň, kapitan! Bu ýeriň giňişligi adatdaky ýaly däl. Ol başga hili! ,,Jeýhunyň” tizliginiň peslemegi hem şondan – diýip, öz pikiriniň goldanmagyny isläp, kapitan bilen Ruta garady.

- Bä, dogurdanam, bu ýeriň giňişliginde bir bela bar ýaly – diýip, kapitan Nur öňündäki selektriň köp sanly düwmejikleriniň birini basdy:

- Kapitan Nur, gepleýär. Kosmologiýa bölümimi? Professor Tal Dala aýdyň, häzir meniň ýanyma – baş pulta gelsin.

Aradan bir minuda golaý wagt geçip – geçmänkä professor Tal Dal ýetip geldi.

- Professor, giňişlik hakyndaky teoriýalary siz gowy bilýäňiz. Giňişlik nähili bolanda gäminiň tizligine päsgel berip biler? – diýip kapitan Nur Dala ýüzlendi.

- Gäminiň tizligi peselen bolsa, ony näme üçin giňişlikden görjek bolýaňiz? Belki , onuň başga sebäbi bardyr – diýip, Tal Dal kapitana sowally nazar bilen garady.

Kapitan Nur ony goltuklap ýanyp-öçüp duran abzallaryň öňüne eltdi:

- Görýäňizmi, abzallar giňişligiň halatyny başga hili görkezýär. Onsaňam biz tizlige päsgel berip biljek başga sebäpleri geremizok, professor.

Tal Dal süýem barmagy bilen burnuny üstüni bir salym gaşap durdy. Ol pikirini jemläp, belli bir karara geljek mahaly şeýle edýärdi. Onuň bu endigini gowy bilýän kapitan Nur dostunyň agzyna gulagyna dikip garaşdy:

- Meniň pikirmçe, eger tizligiň peslemegi giňişligiň göwrümine bagly bolsa, onda giňişligiň göwrüminiň gyşarmagynyň hem ähmiýeti uly bolmaly –

diýip, Tal kapitan Nuryň ýüzüne seretdi. Onuň garaýşynda «Meniň pikirim bilen ylalaşýaňmy» diýen many bardy.
Giňişligiň gyşrmagy! Şu teoriýa müň ýyldan bäri baram bolsa men ony hiç haçan göz öňüne getirip bilemok, Özi giňişlik bolýan bolsa, o nähili gyşarmaly!
- Ezizim Nur, akyl-paýhasyň gözi bilen görülýän zatlaryň köpüsini ýöne şeýle göz öňüne getirmek gaty kyndyr.
Kapitan Nur, professor Talyň bu pikiri bilen ylalaşyp başyny atdy:
- Dogry aýdýaňyz, ýöne giňişligiň gyşarmagy diýilýän zat, teoriýa boýunça-da älemiň gyrak-çetlerinde bolmaly. Şoňa görä, biziň häzirki uçup barýan ýerimizde giňişligiň hiç-hili egrelmesi bolmaly däl.
Kapitan Nur sözüni gutaryp-gutarmanka abzallara gözegçilik edip duran, Pat bilen Put, deňine gygyrdylar.
- Kapitan, serediň! Tizlik ýokary göterilýar, Ana, ikiýüz müň, iki ýüz elli müň!...
Kapitan Nur üstünden agyr ýük aýrylan ýaly ýeňil dem alyp, professor Tala seretdi:
- Jadyly gözeliň gujagyndan sypaýdyk öýdýän – diýip, professor ýylgyrdy.
- Ýöne, ezizim Nur, siziň giňişligiň egrelmegi älemiň seýrek ýerlerinde bolmaly diýeniňiz bilen men ylalaşman. Öňler giňişlik diýilende hiç zadyň ýok ýeri ýa-da nämedir bir zatlar ýerleşýän boşluk diýip düşünülýärdi. Häzir bolsa beýle däl. Alymlar giňişligiň özi-de nämedir bir zatdan ybaratdygyny, şeýle bolansoň onuň islän ýerinde egrelmeginiň mümkindigini subut etdiler.Size bu zatlary öwredip oturasy iş ýok-la. Bu zatlary siz mendenem gowy bilmeli ahyryn.
- Beh, bilişime bilýän-le, professor. Ýöne näme egrelse-de, giňişlik bir egrelmeli däl,ahyryn.
Kapitanyň degişmesine professor Tal kinaýaly ýylgyrdy:
- Siziň islegiňiz başga, tebigatyň kanuny başga, ezizim Nur. Eger adamzat wagty gelip, ýeri göçürmeli bolaýsa, olam biziň şu barýan ýolumyz bilen gaýtmaly bolar. Görşüňiz ýaly, bu ýol gaty bir şa ýolam däl ekeni. Men siziň bilen bu hakda ýene jedel etmekçi däl ýöne meniň soňky gelen pikirime görä adamzat soňabaka bu niýetinden el çeker öýdýän.
- Näme sebäpden?
- Onuň sebäbi gaty ýönekeý. Ynha şu gämi kimiň önümi? Adamyň önümi, ony adam bejerdi. Şonuň üçinem adam oňa erk edip bilýär, ony islän ýerine, islän tizliginde sürüp ýör. Emma ýeri adam ýasanok, ezizim, ol tebigatyň önümi, tebigat ony sekunduna 36 kilometr tizlik bilen Günüň töwereginde pyrlandyryp ýör. Hawa, ol diňe şol hereketi bilen oňmaly bor. Adam ony başga hili herekete getirmegi başarmaz.
Kapitan Nur ajy ýylgyryp, kellesini ýaýkady:

- Professor, size näm bolýar? Öňler siz beýle gürlemeýärdiňiz. Kosmos sizi barha üýtgedýär. Siziň adamzadyň akyl-paýhasyna, onuň egsilmez güýjüne bolan ynamyňyz gowşap barýa-la. Gowsy, siz häzir ýeriňize baryň. Sizi bäri çagyryp, bimaza edenim üçin alyş bagyşlaň.Ýöne bir haýşym bar: meniň nibatdaky dynç alyş wagtymda biziňkä kofe içmäge geliň. Bir gyzykly gürrüň bar.

Professor Tal Dal geplemän çykyp gitdi. Kapitan Nur dostunyň näme üçin beýle ümsüm çykyp gideniniň sebäbine bir bada düşünmedi. «Göwnüne degäýdim öýdýän. «Gowsy, siz häzir ýeriňize baryň» diýip, gödegiräk gürläýdim öýdýän» diýip, içini hümletdi. Asylýetinde bolsa, professor Tal Dal öz aýdan zatlarynyň ýerliksizdigine hem-de ejizligiň alamatydygyny duýyp, geplemän çykyp gidipdi.

Kapitan Nuryň nobatdaky dynç alyş wagty başlandy. Ol aýaly Deýa bilen professor Talyň gelmegine garaşýardylar.Professor gaty takyk adam bolmagyna garmazdan bu gezek näme üçindir bellenilen wagtdan gijä galýardy.

- Tal Dalyň beýle gylygy ýokdy – diýip, Deýa kofeni çaşkalara guýuşdurýarka ärine soragly nazar bilen garady. Kapitan Nur aýalyna baş pultyň jaýynda professor bilen bolan jedeli gürrüň beripdi. Häzir Deýanyň oňa soragly nazar bilen seretmeginde «Ynha, seniň şol eden gödekligiň netijesi» diýen many bardy. Edil şol wagt burçdaky kiçijik stoluň üstünde duran selektre signal geldi. Deýa baryp onuň düwmesjigini basdy. Ondan professor Tal Dalyň tanyş owazy eşdildi:

- Ezizim Nur, siz öz ýeriňizdemi?

- Hawa, professor, Biz-ä ertirden bäri size garaşýas. Gelibermäniňizden soň men-ä baş pultyň jaýynda eden o gürrüňmize öýkeledimikä diýip otyryn.

-Ýok-la. Olar ýaly zada öýkekläp, men nä çagamy? Gije galmagymyň sebäbi has möhümiräk mesele bilen baglanşykly. Biziň bölümimiz Täze Güniň jümüşindäki termoýadro prosseleriniň häsýeti barada size täze analiz taýarlaýar. Men şonuň käbir ýerleri bilen gyzyklanyp gördüm. Bilýäňizmi, netije ýerde edilen spektrial analizlere garanda...

- Hormatly professor – diýip, kapitan Nur, ýumşak äheň bilen selektrden gelýän owazy kesdi.

- Siz ähli zady maňa radio arkaly gürrüň berseňiz çaý başynda näme hakda gürleşeris?

- Dogry aýdýaňyz, ezizim Nur. Men häzir bararyn.

Professor Tal Dal aýdyşy ýaly köp garaşdyrmady. Ol gapydan giren badyna ýerinde oturman Täze Gün baradaky soňky alnan maglumatlaryň kä bir ýerderini gürrüň bermäge başlady. Kapitan Nur ony üns berip diňledi. Emma uzaga çeken bu gürrüň Deýany irizdi:

- Hormatly professor, siz indi şu dik duran ýeriňizde leksiýaňyzy okap,

çykyp gidiberjekmi ýa-da, otyryp biziň bilen bir çaşka kofe içjekmi?
Professor mylaýym ýylgyrdy:
- Bagyşlaň, ezizim Deýa. Kelläm gyzyşanda men aýtjak zadymy aýdyp gutarmasam bolmaýar. Men häzir sözümi aýaklaýyn. Onsoň oturyp, hezil edip kofe içeris. Hawa, şeýdip ezizim Nur, entek analizler doly taýar bolmasa-da, Täze Günüň töweregi ýaşamak üçin iň amatly ýer, diýip aýtsa boljak .
Professor Tal Dal sözüni gutardym edip, kapitan Nuryň garşysyndaky oturgyja geçdi.
- Beren maglumatyňyz üçin köp sag boluň, professor – diýip, kapitan oňa kofe guýyp uzatdy. –Emma meniň düşünşime görä, bu ýerde alynan maglumatlaryň ýerde toplanan maglumatlardan prinsipial tapawudy ýok ýaly. Eger Täze Günüň töweregi öňden ýaşamak üçin amatly, diýip hasap edilmedik bolsa, onda biziň ekspedisýamyzyň hem geregi ýokdy.
- Dogry, ezizim Nur, ýöne siz bir zady ýatdan çykarmaň. Elmydama-da teoriýa praktikada synap görülýändir. Biziň bu ýerdäki toplan maglumatlarymyz praktika has ýakyn. Täze Günüň orbitasyna ýetip baranymyzda bolsa ol praktiki taýdan çürt-kesik tassyklanar.
Professor Tal Dal kofeni bir owurtlap, Deýa ýüzlendi:
- Berekella, ezizim Deýa, kofe taýarlamaga has ökdeläpsiňiz. Kapitanyň gujur-gaýratynyň çeşmesi, megerem, siziň kofeňiz bolsa gerek.
- Ýok, hormatly professor, kapitanyň gujur-gaýratynyň çeşmesi meniň söýgim – diýip, Deýa ärine ,,dogrumy" diýen manyda garady.
Şeýdip, gürrüň ylmy temadan durmuş temasyna geçdi. Şol arada Deýa ärine gören düýşi baradaky beren sözüni ýatlatdy.
- Hawa, professor, men şeýle bir düýş gördüm, asyl düýş diýer ýaly dagy däl. Edil huşdaky ýaly, özem durşyna fantastika, fantastika diýýänimiň sebäbi düýşümde men gadymy ýigriminji asyrda ýaşap ýörenmişim – diýip, kapitan näme üçindir ýerinden turdy. – Entek ony men Deýa-da gürrüň beremok. Diňleseňiz häzir gürrüň berjek.
- Düýş diýýäňizmi? – diýip Tal Dal geňirgenip sorady. – Ony gürrüň berip, menden ýorgudyny sorajak bolýaňyzmy?
- Siz öňünden gülmäň, professor. Men öňürti ony gürrüň bereýin, soň düýşüm gülküli bolýan bolsa, gülüberiň.
- Bagyşlaň, ezizim Nur. Biz sizi hökman diňläris. Ýöne siz ony oturyp gürrüň berseňiz gowy bolarmyka diýýän. Ýeriňizde oturaýyň.
Kapitan Nur ýerinde oturdy, demini dürseýän adam ýaly bir sellem dymyp, soňra gürrüňe başlady:
- Tomsuň petiş gijeleriniň birinde äpet gämide bir okeanda ýüzüp barýarys. Kaýutanyň pesejik petigine tiňkämi dikip ýatmakdan irip paluba çykanymda ummanyň ajaýyp gijesi ýüregimde bir hili ýakymly tolgunma

döretdi. Sansyz ýyldyzlar bilen bezelen asman gümmezi düňderilip goýlan äpet käse ýaly görünýär. Mylaýym şemal bedeniňi sypap, jana rahat bagyşlap öwüsýär. Bir mahal gulagyma şemal bilen bir hiňňildi ilýär. Ony anygyrak saýgarmak üçin demimi içime ýuwdyp diňşirgenýän. Göwnüme bolmasa, biri inçe ses bilen aýdyma hiňlenýän ýalydy. Ses gelýän tarapa bakan assa ýöredim, ýakynlaşdygym saýyn onuň owazy anygyrak eşdilip ugrady. Görsem, palubanyň aňyrky çetinde serwi boýly bir gyz gäminiň eňregine söýenip, ýuwaşja aýdyma hiňlenip dur. Onuň arzuwlaryndan doly heňinden hyýallar ganatyna münüp, uzak-uzaklara seýr edip ýörendigini aňmak kyn däldi. Ol meniň aýak sesimi eşdip, birden tisgindi, yzyna gaňrylyp seretdi. Symgylt garaňkyda keşbiniň nähilidigini bir bada saýgaryp bilmesemem, onuň biçak görmegeýdigini ýüregim syzyp, bütin ruhyma gözelligiň jadyly täsiri ýaýrady. „Saňa kim gerek?” diýen manyda seredip duran gyza bir zat diýmelidim. Näme diýmeli? Munuň ýaly ýagdaýda gowsy ötünç soraýmakdyr, diýip içimi gepletdim-de:

- Bagyşlaň, men size päsgel beräýdim, öýdýän – diýdim. Gyz bir hili şadyýan äheň bilen jogap berdi.

- Ýok, maňa päsgel berip biljek adam bolmaz. Onuň owazynda adamy tolgundyryjy göze görünmeýän bir zat bardy. Gürrüňi dowam etdirmelidi. Emma meniň kelläme welin hiç bir ugurly pikir gelenokdy.

Şonuň üçin bolsa gerek, şeýle ýagdaýda ýigitleriň gyzlara aýda-aýda lenjini çykaran sözüni diýdim:

- Men sizi öňem bir ýerde gören gyzyma meňzedýän.

- Siz meni bir ýerde bir gezek däl, müň ýerde müň gezegem görensiňiz – diýip, gyz şähdaçyklyk bilen güldi. Ol özüniň akyl-paýhasyna göwni ýetýän gyzlardan bolmaga çemeli, onda gyzlaryň adatdaky çekinjeňligi, ýygralygy düýbünden duýulmaýardy, söz äheňi, özüni tutyşy gaty ynamlydy.

Ol gyz sähelçe gymyldasa gözümden gaýyp bolaýmasa ýagşydyr diýip howatyr edýärdim Çünki ony mümkinçiligi boldugyça saklap, söhbetleşesim gelýärdi. Sebäbi şeýle görmegeý gyz bilen näme hakynda gürleşseňem adama ruhy lezzet bagyş etjekdi. Ol gitmekçi bolup, duran ýerinden gozgandy. Men:

- Bir salym dursaňyz-la, nähili tämiz howa – diýip, haýyş äheňinde aýtdym.

- Dogurdanam, gowy howa – diýip, ol gyz gülümsiredi. Ýöne şeýle gowy zady iki adam bolup paýlaşyp durandan onuň hözürini ýeke özüňiz göräýiň. Men-ä gidip ýatjak, dynjymy aljak.

- Aý, bire bolan müňe-de bolar, diýipdirler – diýip, menem gürrüňi degişmä sowdum. – Şu mahaldan ýatyp näme, barybir, adamyň ömrüniň ýarsy ukuda geçýärmiş.

- Käbir adamlaryň ömrüniň baryda ukuda geçýär – diýip, gyz ýüzüni kese sowdy. Men onuň näme diýjek bolýanyna gowy düşündim:

- Dogry, şeýle adamlaram  bar. Olaryň ömrüne haýpyň gelýär.
Ol meniň bu sözüme ünsem bermedik ýaly etdi-de, deňze tarap öwrüldi, gözlerini asmandaky ýyldyzlara dikdi. Soňra:
- Siziň öz ömrüňize haýpyňyz gelenokmy? – diýdi.
-Näme üçin haýpym gelmelimiş? – diýip, geňirgenip soradym. Ol maňa tarap öwrüldi-de, meni synlaýan ýaly bir salym dymdy, soňra:
- Siz özüňüziň kimdigiňizi, bu dünýä nireden gelip, nirä gidýäniňizi hemem şu gelip-gitme diýilýän zadyň ortasyndaky ömür diýip atlandyrylýan bir tutam wagtyň syryny bilýäňizmi? – diýdi. Men:
-  Bu diýýäniňiz-ä Omar Haýamdan galan köne pelsepe bolmaly – diýdim. Ol:
- O näme üçin köne pelsepe bolsun. Bu biziň zamanamyzyňam iň täze pelsepesidir - diýdi.
- Köne bolsa-da, täze bolsa-da, bu pelsepäni çözmek siziň bilen maňa galmandyr. Şonuň üçin gowsy başga zatlar hakynda...
 Ol birden meniň sözümi böldi:
- Bilýäňizmi näme? Men ony çözendirin
- Çözendirin?
- Hawa, özümçe çözendirin.
Dogrumy aýtsam, entek men onuň näme diýjek bolýanyna düşünibem ýetişmändim. Emma ol meni jadylap, öz täsirine salypdy. Göwnüme bolmasa bu gyz görlüp-eşdilmedik bir syry özünde gizleýän ýalydy.
- Ýaňy siz meni bir ýerde, bir gezek görüpdim, diýip aýtdyňyz. Menem, bir ýerde däl, müň ýerde, müň gezegem görensiňiz diýdim – diýip, ol sözüni dowam etdi. – Siz meniň bu gepimi degişmedir öýtdüňiz. Men bolsa ony çynym bilen aýtdym. Hawa, siz maňa oňatja serediň-de pikirleniň. Heý, meniň size ozaldan nätanyş ýerim barmy. Meniň bütin keşbim, hereketlerim, sözleýşim hemmesi size ozaldan tanyş dälmi näme?
- Öz-ä şeýleräk.
- Şeýleräk däl, şeýle! Sebäbi ozal ikimiz telim gezek duşuşan bolmaly. Belki, bir wagt men siziň ýakyn tanşyňyzam bolan bolmagymam mümkin.
- Diýýäniňiz näme!  Men-ä siziň bilen ozaldan tanyşdygymy hiç ýadyma düşürip bilemok.
- Siz ony ýadyňyza düşürip bilmersiňiz.
- Näme üçin? Eger bir wagt bolan zat bolsa meniň ýadyma düşerdi, ahyryn. Hemme gep ine şu wagtda-da!
- Onda özüňiz aýdaýyň. Haçan biz duşuşdyk, tanyş bolupdyk?
- Haçandygyny menem bilemok. Belki müň ýyl, belki million ýyllar ozaldyr.
- Tüweleme, adam oýnamaga ökde ekeniňiz!
- Men sizi oýnap dagy edemok, gara çynym bilen aýdýan.

- Munuň nämesi gara çynmyş-aýt! – diýip, men oňa öýkeli seretdim. Ol bolsa aýdara söz tapmany üçinmi-ýa-da başga sebäpdenmi esli salyp dymyp durdy.

Gözýetimden göterilip ugran tegelek Aý ummanyň ýüzüni mermer ýaly ýaldyradýardy. Hälden bäri lowurdap, biri-birine göz gypyşýan ýyldyzlar kem-kemden Aýyň şöhlesine gark bolup, öçügsi görünýärdi. Ýaňky gyz birden dillendi:

- Eger diňleseňiz, men size ýaňky aýdanymyň oýun däl-de, çyndygyny düşündirjek bolaýyn. Oňa ynansaňyzam ygtyýaryňyz, ynanmasaňyzam diýdi. Men:

- Diňleýän, gürläberiň! – diýdim.

- Ýöne muny bir bada düşündirmek aňsat hem däl. Meniň bilişimçe siz baryp ýatan materialist bolmaly. Şoňa görä meniň beýan etjek bolýan pikirimi düşünmek üçin ikimiz bilelikde ewalusiýa diýilýän zady bir ýada salyp göreliň. Hany, aýdyň ewalusiýa diýip nämä aýdylýar?

-Ewalusiýa?

- Hawa, ewalusiýa.

- Men özümi darwinimizden ekzamen berýän talyba meňzedip, gülesim geldi. Emma oňa agraslyk bilen jogap berdim:

- Darwiniň taglymatyna görä janly tebigatyň tebigy seçip almak ýoly bilen rowaçlanmagyna ewalusiýa diýilýär.

- Umuman dogry. Indi aýdyň, adamzat hem şu janly tebigatyň bir bölegi hökmünde özüniň ilki peýda bolan döwründen başlap, tä häzirki derejesine çenli nähili ýol bilen rowaçlandyka?

- Sowalyňyz nähili? Elbetde, adamzat hem ewalýusiýa kanuny boýunça, ýagny ilki dörän döwründen başlap, durmuşyň, zähmetiň täsiri bilen nesilden nesle dynygsyz özgerip, rowaçlanyp gelipdir we häzirki hemme taraplaýyn ösen derejesine ýetipdir.

- Besdir – diýip, ol meniň sözümi böldi-de, özi dowam etdi:

- Siziň diýýän bu ýönekeý hakykatyňyz hemmä mälim. Ýöne mundan başga ýönekeý bir zat bar. Oňa hiç kim ünsem berenok.

- O nähili zat?

- Şu dynygsyz özgerip, rowaçlanyp gelýän zat bir bütin materiýanyň özi dälmikä?

- Bu näme diýdigiňiz?

-Beýle diýdigim ewalýusiýa ýagny dynygsyz rowaçlanmak prossesi biziň häzirki düşünşümiz ýaly nesilleriň rowaçlanyş prossesi bolman ozaldan tebigatda bar bolan bir bütin materýanyň hut özüniň rowaçlanyş prossesi bolýan bolaýsa nätjeksiňiz

Onuň pikiri meniň üçin henizem gaty bir aýdyň däldi. Geplemän dymyp duranymdan ol meniň ýagdaýymy aňan bolmaga çemeli:

- Düşünmediňiz öýdýän – diýip, sorady.
- Dogrumy aýtsam düşünmedim. Siz tebigatda ozaldan bar bolan bir bütin meteriýa, diýip nämäni göz öňünde tutýaňyz?
- Adamzadyň tohumyny – diýip, ol çürt- kesik jogap berdi.- Ol tohum otda ýanmaýar, suwda eremeýär, göze görünmeýär. Emma ol dumuş diýip atlandyrylýan tebigatyň baky hereketiniň girdabynda ebedi hereket edýär. Muny has sadarak edip aýdanymyzda ol janly organizimiň üsti bilen dünýä inýär. Ýagny aktiw formanyň üsti bilen passiwlikden aktiwlige geçýär. Şeýdibem aktiwlikden passiwliga, passiwlikden aktiwliga dynygsyz özgerip durýar. Ýaňy meniň ,,Belki ikimiz mundan müň ýyl ýa-da million ýyl ozal tanyş bolan bolmagymyz mümkin” diýenimiň manysy hem şundan gelip çykýar. Hawa, siziň bilen meniň tohumym belli bir döwürde, belli bir ýerde bile gaýtalanýan bolmagy ähtimaldan daşda däl.
- Diýmek, ölýäs-direlýäs, direlýäs-ölýäs ekini-de?! – diýip men kinaýaly äheň bilen soradym.
- Ýok beýle diýmek bolmaz.
- Ýeri, onda diýýäniňiz näme?
- Ýaşaýşyň passiw formasyndan aktiw formasyna geçilmegine ölen adamyň bir näçe wagtdan soň gözüni açyp dikelip oturbermegi ýaly bolmajak zat bilen deňeşdirip bolmaz. Adam dirilikden ölüm ýagdaýyna geçende onuň jisiminiň materýasy tebigatdaky başga materialara garylyp gidýär. Emma garylyp, çym-pytrak bolup gidýän materýanyň içindäki adamyň ähli materýasynyň gözbaşy bolan baş materiýa, aýdaly, tohumy belli bir şertlerde, belli bir döwürde passiwlikden aktiwlige geçýär. Muňa-da biz adamdan adam döredi, diýip düşünýäs.
- Onda siziňçe adam adamdan döremeýän ekeni-dä?
- Elbetde.
-Onda men, siziň pikiriňizçe, atamyň ogly däl-de?
- Edil meniň ejemiň gyzy bolmaýşym ýaly. Emma bu zat ,,ata-ene” , ,,ogul-gyz” diýen düşünjelere päsgel berip bilmez.Çünki adam ata-enesiniň jisiminden döremese-de, olaryň jisiminiň üsti bilen dünýä inýär. Muny ençe ýyllap amatsyz şertlerde saklanan bir tohumyň yzgar ýere düşeninde gögerip ötägitmegine meňzetse bolýar. Tohumy gögerden ýer-ene bolsa ata şol tohumy tapyp ýere sanjan daýhandyr.

Bir bada onuň bu pikiri şu çaka çenli hiç kimiň kellesine gelmedik bir hakykat ýaly bolup duýuldy-da, ýüregimde allaniçiksi tolgunma döretdi. Men gözlerimi petredip, oňa seredip durşuma näme diýjegimi bilmeýärdim. Emma bir salymdan tolgunmam köşeşip, beýnim bir neme parasatly işlemäge başlanyndan soňra oňa gülküm tutdy.
- Näme gülýärsiňiz? – diýip ol azgyryldy.
- Bagyşlaň, siz materialistmi ýa-da ideýalistmi?

- Men ideýalist, ýöne edilýän gürrüň materiýanyň gürrüňi dälmi näme?
- Nämäň gürrüňi bolsa-da, beýnisi sagdyn işleýän adam siziň bu pikiriňize goşulmaz.
- Şeýle adamlar känmikä?
- Olar biziň şu gämimizde-de gaty köp
- Meniň pikirimçe goşuljaklaram az däldir.
- Dogrydyr, onuň ýalylaram tapylman durmaz.
- Diýmek, meniň ýeke däldigimi ykrar edýäňiz. Şeýle dälmi? Eger men şu gämini çökdürip göýberäýsem, pikirimiň dogurdygyny subut ederdim.
- Bä! Siziň beýle pikiriňizem barmy?
- Şeýle pikirim ýogam däl. Eger häzir şu gämidäki adamlaryň bary çökip gideninde-de munuň bilen olaryň tohumy ýitip gitmez. Ýaňky aýdyşym ýaly, olar belli bir döwürden soň ele dünýä gaýtadan inerler. Şonda olar siziň däl-de, meniň pikirme goşulmaly bolarlar.
- Asyl şeýle diýseňiz-le! Ýaňy meniň siz idealistmi ýa-da materialist, diýen soragyma, men idealist, diýip jogap berdiňiz. Görüp otursam, siz idealist hem däl, materialist hem däl, başga taýpadan ekeniňiz! Hawa, başga taýpadan! – diýip, hemleli gepledim. Şol wagt birden gök gümürdäp, güýçli ýyldyrym çakyp, jahan gündüziň güni ýaly ýagtylyp gitdi. Şonda häliden bäri gijäniň alsarmyklygynda maňa görmegeý gyz bolup görnen ýoldaşymyň ýüzüne dykkatly seretsem, ol-a gözleri içine çöken, burny guşuň çüňki ýaly egrelen bir jadygöý kempir ekeni. Men:
- Ähe! Ine, indi seniň hakyky keşbiň hem belli boldy! – diýip, gygyryp goýberdim. Gatyrak gygyran bolmaga çemelim, öz sesime tisginip oýandym.
Kapitan Nur sözüni soňlap, beren gürrüňüniň aýaly bilen professorda nähili täsir galdyranyny bilmek üçin olara göz aýlady.
- Düýş bar bo-la! diýip, Deýa äriniň çaşkasyna gyzgyn kofe guýdy – düýş dagy diýer ýaly däl, edil kinoň bir epizody ýaly.
Professor başyny ýaýkap gülümsiredi-de:
- Dogurdanam kinoň epizody ýaly eken - diýip, Deýanyň sözüni tasyyklady. – Ýöne, ezizim Nur, düýşüňüziň biziň zamanamyza degişli ýorgudy bolmasa gerek. Ol düýşüňiz siziň ýaşap gaýdan asyryňyza degişli. Hawa, şol döwürde ilki göräýmäge şeýle özüne çekiji, perdesini syryp seretseň gaty elhenç ideýalar , adamzady heläkçilige duçar etmäge çalyşan güýçler az bolmandyr. Men gadymy kinolentalaryň käbirlerine seredenimde ýakamy tutyp, elheder alýan. Adamlar toparlara bölünip, adam öldürýän, gurluşyklary ýykyp-ýumurýan gurralar bilen biri-birini gyrýarlar.Onsoň oturyp pikir edýän, heý, bu zatlar akyl-paýhas diýilýän beýik zadyň eýesi bolan jandara gelişjek işmi! Hatda ýyrtyjy haýwanlaram beýle guramaçylykly toparlara bölünip, biri-birini gyrgyna sylmandyrlar.Hawa,

ezizim, adamlaryň beýnisinde agrassiw meýilleri ýok etmek üçin näçe asyrlaryň dowamynda ylym dünýäsi zähmet çekipdir.
- Hormatly professor, siz biziň zamanamyzyň adamlarynda agressiw meýilleriň ýoklugyny diňe ylymyň hyzmaty diýip hasap edýäňizmi?
Deýanyň duýdansyz beren bu sowalyna professor Tal Dal birneme geňirgenenem bolsa, oňa bada-bat jogap berdi:
-Elbetde, ezizim, mundan näçe asyrlar öň alymlar adamzadyň tohumyny ýaramaz häsiýete eýe bolan genlerden arassalapdylar. Şonuň netijesin-de...
- Bagyşlaň, professor – diýip, kapitan Nur dostunyň sözüni böldi. – Meniň azda-kände biologiýadan-da, medisinadan-da düşünjäm bar. Eger başga bir faktor bolmanynda siziň arassalanan tohum diýeniňize adamlardaky agressiw meýilleri doly ýok etmek başartmazdy.-
- O nähili faktor?
- Ol planetamyzyň adamlarynyň bir ideýa gulluk edip, bir jemgyýete birikmekligi! Eger biziň zamanamyzda-da dürli sosial düzgünler, dürli ideýalar bar bolan bolsady, onda häzirem birek-biregiň garşysyna agressiw hereketler bolman durmazdy. Siz ýaňy ýyrtyjy haýwanlaram biri-birine beýle guramaçylykly gyrgyn salmandyrlar diýip aýtdyňyz. Munuň sebäbi hýwanlarda ideýa diýen zat ýok. Guramaçylykly uruşlar bolsa her kim öz ideýasyny gögertmek ýa-da gorajak bolmagynyň netijesinde ýüze çykypdyr. Gepiň tümmek ýerini aýdanda, şol döwrüň adamlary öz wagtynda ýeke-täk bir ideýa gulluk edip, bir bütewi jemgyýete birigip bilmändirler. Ähli belanyň körügi ana şonda bolupdyr. Siz aýtmyşlaýyn olaryň genleriniň arassalanmanlygynda däl hormatly professor.
Professor Talyň kapitanyň pikiri bilen ylalaşmajagy ýüz-gözünden görnüp durdy. Onyň jogaby taýyndy, özüne söz gezeginiň ýetmegine sabyrsyzlyk bilen garaşýardy. Emma kapitan söhbetdeşine maý bermän orta başga sowal atdy. Bu barada meniň pikirim şeýle. Ýöne häzir meniň kelläme başga bir pikir geldi: Eger güniň ömrüniň kemelýändigi baradaky problema biziň döwrümizde däl-de, dürli sosial düzgünler hüküm sürýän şol döwürde ýüze bolsa näderdiler?
ProfessorTal kapitana beletdi. Ol jedelleşmegi gowy görýärdi. Emma öz pikirine garşy gidilmegini kän bir halamaýardy. Şonyň üçin jedel dowam ediberjek bolsa, ussatlyk bilen bäsdeşiniň pikirini başga tarapa sowup goýberýärdi. Onuň häzirem köne usulyndan peýdalanjak bolýanyny aňan professor Tal kellesini ýaýkap kinaýaly gülümsiredi-de, sowala sowal bilen jogap berdi:
- Ýeri siziňçe näderdiler?
- Meniňçemi? – diýip, kapitan birsalym dymyp, jogap berdi.-Menimçe bir problemanyň şol döwürde ýüze çykmanyna şükür edibermeli. Sebäbi bu problema şol döwürde ýüze çykan bolsa, häzir bu jahanda sizem, menem,

umuman adamzadyň tohumy hem bolmazdy.
Häliden bäri professor bilen äriniň jedelini ümsüm diňlap oturan Deýany bu gürrüňler irizen bolmaga çemeli, ol birden gürrüňe goşuldy.
- Hormatly professor, ezizim Nur, şu köne syýasat baradaky gürrüňleri bes edäýiň. Gowusy, ylym, siwilizasiýa barada gürrüň etseňiz-le. Aýratynam, hormatly professor men siziň bu syrly älem hakyndaky pikirleriňizi bilesim gelýär.
Professor Talyň ýüzünde mylaýym ýylgyryş peýda boldy:
- Ezizim Deýa, men size öňki sapar gelenimde okuwçylaryňyz bilen duşuşyp, wagt hakynda söhbet geçirmäge söz beripdim. Siziň syrly älem diýýäniňiz hakynda-da ana şol duşuşykda gürrüň edäýeris. Häzir beýle zatlar hakynda gürrüň etmek bilen kapitany geň galdyrasymyz ýok. Şonuň üçin, gowusy, bize ýene bir çaşkadan gyzgyn kofe beriň.
Deýa gyzgyn kofe taýýarlap gelýänçä kapitan bilen professor gürrüňini dowam etdirýärdiler. Olaryň soňky gürrüňi ekspedisiýanyň yklaby, Täze Günüň orbitasyna haçan ýetip baryljagy, ene Ýere haçan dolanyp gaýdyp boljakdygy barada gitdi.

***** **** **** **** *****

Çagalar mugallymyna sabyrsyzlyk bilen garaşýardylar. Ol näme üçindir sapaga gelmeli wagtyndan gijä galýardy. Munuň sebäbini bilmekçi bolup okuwçylar dumly-duşdan Zeýa sowal berýärdiler. Zeýa bolsa:
- Ejem ýaňyja öýdedi, men sapaga gaýdanymda, menem häzir bararyn diýipdi – diýip, jogap berýärdi.
Gapydan kellesini çykaryp, dälize seredip duran oglan, birden synpa öwrüldi-de:
- Gelýär! Ýanynda-da ol ak saçly professor bar – diýdi.
Zeýa bolsa çapak çalyp:
- Ol professor Tal Dal bolmaly, urra...! diýip, gygryp goýberdi. Okuwçylar hem oňa goşulyp, ,,urranyň” soňuny alyp göterdiler. Şol wagt synpa Deýa bilen professor Tal Dal girdi. Olar girenden synpyň içi suw sepilen ýaly boldy. Professor okuwçylar bilen
mylaýym salamlaşyp, Deýanyň görkezen ýerinde okuwçylara ýüzbe-ýüz bolup oturdy. Deýe hem onyň gapdalyndan ýer aldy-da, çagalara ýüzlendi:
- Okuwçylar, ine men size beren sözümde tapyldym, professor Tal Daly getirdim. Ol bize bu syrly älemiň gurlyşy wagt, ginişlik ýaly düşünjeler barada gyzykly gürüň berer. Professor Tal Dal bilen duşyşyk okuwçylaryň kalbynda bir  hili tolgunma emele getirdi. Olar bar ünsüni jemläp, gözlerini professora dikip otyrdular.
Professor okuwçylara birlaý göz aýlap goýdy-da:
- Ezizim Deýa, siz okuwçylaryňyzyň öňünde boýnuma gaty çylşyrymly

wezipäni goýjak bolýarsyňyz-diýdi. Soňra mylaýym gülümsiräp, okuwçylara ýüzlendi:
- Ezizlerim, meniň beýle diýmegimiň sebäbi, men ömrümiň deň ýarysyny bu syrly älem hakynda pikir ýöredip geçirenem bolsa, ol hakda oýlanymda häzirem edil siziň ýaly tolgunýaryn. Älemiň, umuman tebigatyň gurluşy gaty çylşyrymly. Hawa, bu çäksiz älem nireden peýda boldy, onuň ozaly nähili bolupdyr, soňy nähili boljak, muny hiç kim, hiç haçan anyk aýdyp bilmese gerek.
Professor sözüni entek soňlamanka kapitanyň gyzy Zeýa:
- Hormatly professor, onda ol hakdaky gipotezalar näme, olaryň bary ýalanmy siziňçe? -diýip, özelenip sorady.
- Gipotezalar! Gipotezalar gaty kän. Ýöne gipotezalar subut edilen hakykat däl, ezizim Zeýa – professor ardyndy.- Olaryň birinde älem hiç ýerden peýda bolmandyr. Ol hemişe bar, hemişe-de bolar diýilýär. Ýene birinde bolsa şeýle diýilýär: „Älem örän kiçijek öte syk maddanyň partlamagy „Beýik partlaýyş” diýip atlandyrylan partlaýyşyň netijesinde emele gelipdir, ol şol partlaýyşyň güýji bilen henizem giňelip barýar. Onuň giňelmegi belli bir serhede ýetensoň älemiň içindäki sansyz ýyldyzlar, planetalar gepiň gysgasy ähli gallaktikalar ýene-de öňki bolşy ýaly şol kiçijik zerrede jemlenýär. Onsoň ol ýene partlaýar, ýene älem emele gelýär we bu prosses dyngysyz gaýtalanyp durýar. Muny açylyp-ýumulýan älem diýip,, atlandyrýarlar. Biz bolsa älemiň bir açylyp barýan döwründe ýaşap durus, diýilýär. Gadymy ýigriminji asyrda orta atylan bu gipotezanyň häzirki tarapdarlary gaty kän. Olar muny hakykata has ýakyn gipoteza diýjek bolýarlar.
Zeýanyň ýanynda oturan oglan elini galdyryp, ýerinden turdy.
- Hormatly Professor, bir sowal bermek mümkinmi?
- Elbetde, mümkin, ezizim – diýip, professor kiçigöwünlik bilen ýylgyrdy:
Hormatly Professor, siz aýtmyşlaýyn, biz älemiň bir açylyp barýan döwründe ýaşaýan bolsak, ol ýene haçan ýumulyp başlarka?
- Men aýtmyşlaýyn däl, ezizim.Şol gipotezada aýdylyşyna görä, haçan öz serhedine ýeteninde ol ýene ýumylyp başlar. Oglan ýene pofessora, ýüzlendi;
- Hormatly professor, eger şol gipoteza çyn bolsa,onda kapitan Nuruň ideýasy nähili bolar? Adamzat Ýeri biziň Jeýhunymyz; idäp barýan täze Güniň orbitasyna getirip ýetişermikä?
Professor Tal Dal kellesini ýaýkap gülümsiredi:
- Ezizim, älemiň bir açylyp ýumulşy biziň göz öňmize getirişimiz ýaly, adam öýkeniniň açylyp-ýumylyp durşy ýaly çalt bolýan zat däl. Ol gör näçe milliard ýyllaryň dowamynda açylyp, şonça-da wagtyň dowamynda ýumylýar. Ol prosses adamzadyň ömri bilen deňeşdirilende çäksizlige deň

ýaly wagt. Şonuň üçin biz we bizden soňkular hiç ýaýdanman kapitan Nuruň ideýasyny amala aşyrybermeli.
Professor „Eger şol ideýany amala aşyrmak adamzada başardaýsa” diýip sözüniň üstüni ýetirmekçi boldy. Emma bu ideýa uly ynam bilen garaýan çagalaryň göwnünde müňkürlik döretmezlik üçin dilini dişläp saklandy.
- Indi, ezizlerim, wagt hem giňişlik hakynda gürrüň etsek bolmazmyka? Bu zatlar hakyndaky siziň düşünjäňiziň nähilidigini bilesim gelýär? – diýip, professor sözüni dowam etdirdi. -Hany, kim aýtjak, wagt hem giňişlik diýilýäni näme? Olaryň maddy esasy barmy?
Çagalar ilki dymyşyp bir-birine seredişdiler, soňra ýene iküç ýerden el galdyryp, „Men aýdaýyn”, „Men aýdaýyn” diýişdiler. Yzyrakda oturan garaja oglan has yhlasly görünýärdi. Mugallym professoryň ünsüni oňa çekdi:
- Hormatly professor, Min aýdaýsyn, ol biziň içimizde iň dilewarymyz.
Professor mugallymanyň teklibine razy boldy. Min orta çykdy. Ol mugallymasynyň „dilewar” diýip öwenine monça bolupdy. Şonuň üçinem bolsa ýaýdanman söze başlady.
- Hormatly professor „wagt hem giňişlik hakyndaky teoriýalary indi biziň synpymyzda bilmeýän okuwçy ýok. Biz bu zatlar hakyndaky Issak Nýutonyň, hem, Albert Eýnşteýiniň hem, olardan soňky alymlaryň hem teoriýalaryny bilýäs. Olary biz özbaşdak okap öwrendik. Emma şoňa garamazdan wagt bize hemme ýerde öz planetamyzda-da, ine şu gämimiziň içinde-de Nýuton aýtmyşlaýyn geçmişden geljege tarap birtekiz akyp duran ýaly bolup duýulýar. Emma aslyýetinde bolsa ol beýle däl. Albert Eýnşteýiniň otnositellik teoriýasynda aýdylyşy ýaly, wagt hemme ýerde bir hili bolman otnositel häsiýete eýedir. Meselem, ol ýerde biziň şu ýyldyzara gämimizdäkä garanda has çalt geçýär. Şonuň üçinem biz ýere dolanyp baranymyzda biziň deň-duşlarymyz eýýäm garry adamlar bolar.
-Berekella, ezizim – diýip, professor oglanyň dilewarlygyndan kanagatlanandygyny bildirdi. – Ýeri, onsoň bize hiç özgermez bolup duýulýan wagt näme üçin hemme ýerde bir hili däl? Näme üçin ol otnositel häsiýete eýe?
Min birsalym ýaýdanýan ýaly dymdy, soňra professora gülümsiräp garady-da:
- Men bu baradaky teoretiki düşündirişleri gowy edip aýdyp biljek däl. Sebäbi olara meniň özüm gowy düşünmezdim. Onsoň näme üçin wagtyň beýle täsin häsiýete eýedigini özüm oýlanyp tapjak boldum - diýdi.
- Ýeri, ýeri, onsoň tapdyňmy? – diýip, professor gyzyklanyp sorady.
- Ony tapaýmak aňsat däl ekeni. Gaty kän pikirlenenimden soň kelläme bir ideýa geldi. Rugsat etseňiz şony aýdaýyn.

Miniň bu gepi mugallymy üçinem, synpdaşlary üçinem garaşylmadyk täzelikdi. Şonuň üçin bütin synpyň gözi şondady. Professor Tal Dal bu garaja oglana aýratyn bir mähir bilen garap:

- Aýt, ezizim, aýt! – diýdi.
- Meniň pikirimçe- diýip, Min pikirini jemleýän ýaly ardynjyrady, soňra batyrgaý dowam etdirdi. – Biz wagty we giňişligi aýry-aýry zat diýip düşünýäris. Emma meniň pikrimçe wagt bilen giňişlik – ikisi bir zat, ýagny wagt giňişligiň hereketi. Başgaça edip aýdanymyzda giňişligiň hereketi bize wagt bolup duýulýar. Näme üçin men beýle pikire geldim? Tebigatyň kanunyna görä älemdäki ähli zat hereketde bolýan bolsa giňişlik hem biziň gözümize görünmeýän özüne mahsus bolan birhili hereketde bolmaly. Wagtyň ýyldyzara gämilerde ýerdäkisine garanda örän ýuwaş geçýänliginiň sebäbi hem ine şunda. Biziň ýerimiz Günüň töwereginde sekundyna 36 kilometr tizlik bilen aýlanýar. Ýyldyzara faton gämisiniň tizligi bolsa sekundyna üç ýüz müň kilometre barabar. Şeýlelikde gämi kosmosda ýagny hereketdäki giňişlikde Ýer planetasyna garanda on müň esse çalt hereket edýär. Şonuň üçin giňişligiň herket tizligi, ýagny wagtyň akymy onuň üstünde ýere garanda şonça-da ýüwaş geçýär. Muny bir bada mysal bilen aýdyňlaşdyrmaga rugsat ediň. Giňişligi hamala çalt akýan bir derýa, diýip hasap edeli. Biz onuň kenaryndaky bir nokatdan özümizi oklaýas-da, akyma garşy ýüzüp başlaýarys.Biz näçe uly tizlik bilen ýüzsek, şonça-da şol nokatdan ýuwaş daşlaşýarys. Görüp durşuňyz ýaly, wagtyň biziň üçin ýuwaş ýa-da çalt geçmegi biziň dyngysyz akyp duran ginişligiň içinde ediýän tizligimize bagly.

Min sözüni tamamlap öz pikirini adamlarda nähili täsir galdyranyny bilmekçi bolyp, töweregine göz aýlady. Göwnine bolmasa mugallymyda, synpdaşlary-da oňa höwes bilen garap otyran ýalydy. Miniň öz pikirini aýdyň, düşnükli beýan edişi we onuň öz gyzyklanýan zady hakynda ýöntemirägem bolsa batyrgaý pikir ýöredişi professor Tal Dalyň hem göwnünden turman durmady. Şonuň üçin ol Miniň pikirine garşy çykyp, onuň göwnüni ýykmagy islemedi. Gaýtam oňa goltgy berip, arkasyna kakdy-da:

- Berekella-diýdi. –Seniň bu gipotezaňyň hakykata laýyk gelýänini ýa-da gelmeýänini men häzir aýdyp biljek däl. Ýöne men bir zada – seniň pikir ýöredişiňi, fantaziýaňyň ýaşyňa garanda has belentdigine göz ýetirdim. Biz özümizi gurşap alan älem, tebigat barada şeýle çuň pikir ýöretmekligi ýaşlykdan öwrenmelidiris. Çünki, tebigatda entek açylmadyk syrlar gaty kän.

Professoryň bu sözünden ruhlanan kapitanyň gyzy Zeýa, hem, Min baryp ýerinde oturanyndan soň, özüni köpden bäri heýjana salyp gelýän bir pikirini orta atdy:

- Hormatly professor, biziň okan kitaplarymyzda milliýardlarça ýyllar mundan öň diňe jansyz materiýadan ybarat bolan ýeriň ýüzünde nähilidir bir özgerişleriň netijesinde ilkinji göze ilmeýän jandar peýda bolupdyr, bu ýeriň ýüzünde durmuşyň başlangyjy hasap edilýär, onsoň janly tebigatyň rowaçlanmagy netijesinde bolsa has kämil jandarlar, ahyrynda-da maýmyndan adam emele gelipdir, diýilýär. Emma men bu zada gaty geň galýan, nähili edip bu janly emma jansyz tebigat ilki başdan öz-özüňi döretmekligiň mehanizmini emele getiripdir? Ähli jandarlar, şol sanda adam hem öz-özüni döredýär. Pikir edip otursaň bu örän çylşyrymly hem-de geň galdyryjy zat.
- Gaty dogry aýdýaň, ezizim – diýip, professor başyny atdy. – Hakykatdanam, janly tebigatyň öz-özüni döretmeklik häsiýeti gaty çylşyrymly we geň galdyryjy zat. Emma bu zadyň haçan hem-de nähili ýagdaýda emele geleni biziň üçin tebigatyň beýik syrlarynyň biri bolup gelýär. Birwagtlar ilki guş döräpmi ýa-da ýumurtga diýen degişme äheňde bir ylmy jedel hem bardy. Janly tebigatyň öz-özüni döretmekligiň bu ýönekeý mysaly hem adamy gaty oýlandyrýar. Ilki ýumurtga döräpdir, diýsek guş bolmasa ýumurtgany näme guzlapdyr diýmekleri mümkin. Guş ilki döräpdir diýsek onda ýumurtga bolmasa guş nireden çykypdyr diýmekleri mümkin. Eger nähilidir bir biologiki elementleriň birikmegi netijesinde ýumurtga döräpdir-de, onsoň ondan guş çykypdyr diýip pikir etsek onda ol guşuň organizminde özi çykmadyk ýumurtga meňzeş ýumurtgany guzlamak ukybyny tebigat haçan we nähili programmalaşdyrypdyr, diýen sorag gelip çykýar. Görşüňiz ýaly bu soraglara jogap beräýmek aňsat däl. Professor sözüne bir dyngy berip, dowam etdirdi.- Emma, ezizlerim, filosof hökmünde men bir zada gaty ynanýan. Hiç haçan hiç zat ýöne ýerden ýa-da tötänden döremändir. Jandarlaryň öz-özüni döretmeklik mehanizmi hem materiýanyň iň ýokary önümi bolany aňyň döremekligi hem tebigatyň ewalýusion ösüşiniň gutulgysyz netijesidir. Munuň başgaça bolmagy mümkin däl.
- Hormatly professor – bagyşlaň – diýip, Min akja dişlerini görkezip ýylgyrdy. –Siziň soňky aýdanlaryňyz kitaplarda bar. Biz ony telim gezek okadyk. Emma şeýle diýilýän pikiriň özünde bir geň galdyrýan bir zat bar. Eger hiç zat tötänden döremedik bolsa ewolýussion ösüş diýilýän prosses gutulgysyz suratda adamyň we aňyň döremegine alyp gelýän bolsa, onda şol prossesiň özi öňünden bir aň tarapyndan programmirlenen zat dälmikä?
Miniň ýylgyryp ýerinden turanyndan professor onuň üýtgeşik bir sorag berjekdigini duýupdy. Emma ol bu oglanyň kellesine beýle çylşyrymly sorag geler diýip pikir etmändi. Sebäbi bir watlar professoryň özi-de bu soraga jogap tapjak bolup mazaly kelle döwüpdi. Ýöne ol wagtda ol

alymlyk deresine ýetjek bolup duran ýaş ýigitdi. Indi bolsa bu soragy oňa entek orta mekdebiň bilimine-de eýe bolmadyk oglan berip otyr.

- Ezizim – diýip, professor birhili ýaýdanýan ýaly edip ýylgyrdy. Seniň bu soragyňa birbada jogap bermek gaty kyn. Dogrymy aýtsam, biziň zamanamyzda-da alymlar bular ýaly soraglara jogap gözläp, entek ahyryna ýetip bilenoklar. Göwnüme bolmasa tebigatyň syrlary-da özi ýaly çäksiz bolmaga çemeli. Syryň içinden syr, ol syryň içinden ýene başga bir syr çykyp gidip otyr. Indi alymlar şol syrlaryň içine girip bardygysaýyn tebigatyň gurluşyna haýran galyp, ýakasyny tutýarlar. Ezizlerim, men häzir siziň ylma bolan höwesiňiziň şeýle güýçlidigini görüp, hoşal boldum. Siz şu höwesi gowşatman dowam etdirseňiz ol syrlaryň birentegini özüňiz açarsyňyz biziň jogap berip bilmedik syrlarymyza-da jogap taparsyňyz.

Eger-de garaşylmadyk bir ýagdaý ýüze çykmadyk bolsa çagalar bilen professoryň gürrüňi has uzaga çekmegi mümkindi. Birden synpdaky radio nokatdan:

- Professor Tal Dal, tizlik bilen baş pultuň jaýyna ýetip gelmeli! – diýen buýruk iki gezek gaýtalandy. Synpda hemmäniň keýpi bozuldy. Çagalar ynjalyksyzlanyp, soragly nazar bilen bir mugallymyna bir professora garaýardylar. Adatdan daşary ýagdaýyň ýüze çykanyny aňan professor çagalardan, Deýadan ötünç sorap çykyp gitdi. Ol baş pultuň jaýyna ýetip geleninde „Jeýhunyň” ähli jogapkär işgärleri şol ýerdedi. Hemmesiniň gözi gäminiň töwerek-daşyny uzakdan görkezýän teleekerana dikilendi. Professoryň girenini duýan kapitan Nur ekerandan gözüni aýyrman eliniň yşarady bilen ony öz ýanyna çagyrdy.

- Pofessor, biz näbelli gämä duşduk, serediň onuň daşky şekli-de bütinleý üýtgeşik.

Professor Tal Dal ekerana dykkat bilen seretdi. Ekeranda „Jeýhunyň” sag tarpynda, deň tizlikde barýan täsin obýekte gözi düşeninde begenjinemi ýa-da başga sebäpdenmi onuň ýüreginde üýtgeşik bir tolgunma döredi. Ol Obýektiň görnüşi ellips şekiline meňzeşiräk bolsa-da, daşy edil ýüz görülýän aýna ýaly ýalpyldaýardy, göwrümi „Jeýhuna” garanda birneme kiçiräkdi. Obýekt gaty ýiti gyzyl yşyk bilen „Jeýhuna” signal berip barýardy.

Kapitan Nur Tal Dala garap:

- Professor, siziňki dogry bolup çykdy – diýdi. – Ýadyňyzdamy, bir wagt siz, Ýer togalagyndan başga ýerde swilizasiýa ýok diýen pikire men goşuljak däl, uly kosmasa çyksak biz başga swilizasiýalara gabat geläýmegimiz gaty ähtimal, diýipdiňiz. Ine, häzir siziň şol arzuwyňyz amala aşdy. Ýöne biz keseki swilizasiýanyň bu wekili bilen nähili gatnaşyk etjegimizi bilemizok.

- Bilemizok? Näme üçin? – diýip professor Tal Dal geňirgenip sorady.

- Näme üçindigini siz menden gowy bilýäňiz. Pikir edip görüň älemde akylyň her hili görnüşi bolmagy mümkin. Şonuň üçin olar bilen kontakta girmezden öň mazaly pikirlenip görmeli. Belki olar tehniki taýdan bizden geçiren bolsalaram, agressiýe duýguly jandarlar ýa-da antimateria bolaýmagy ähtimal.

Kapitanyň soňky sözi diňe Tal Dala däl-de, bu ýere ýygnananlaryň hemmesine degişlidi. Kapitan Nur sözüni dowam etdirip, ýoldaşlaryna mundan beýläk näme iş etmelisi barada maslahat saldy;

- Görşüňiz ýaly, olar gyzyl yşyk bilen bize signal berip gelýärler. Meniň pikirimçe bu signal, mundan aňyrsyna ýol howply ýa-da gämiňizi saklaň, kontakta gireliň, diýildigidir. Ýeri, näme maslahat berýärsiňiz?

Kapitanyň kömekçisi Rut takyr kellesini sypap:

- Kapitan, gyzyl yşyk biziň şertli düşünjämizde şeýle. Belki olarda başga manyny aňladýan bolaýmasyn – diýdi.

- Olar signaly biziň üçin berip barýarlar. Diýmek gyzyl yşygyň bizde nähili manyda ulanylýanyny olar bilýärler. Ýa-da olarda-da gyzyl yşyk şol manyda ulanylýar diýip, professor Tal Dal kapitanyň pikirini goldady. Bu pikire beýlekilerem goşuldy.

- Ýeri onda, olara nähili jogap signalyny bermeli? – diýip, kapitan ýene maslahat saldy. Rut kapitana ýüzlenip:

- Olar bilen kontakta girmek üçin gämileri saklamak hökman däl. Ýanaşyk uçuş bilen hem gämiden gämä geçip bolýar, ahyryn- diýdi. Häliden bäri ekerandan gözüni üzmän ümsüm oturan kosmologiýa bölüminiň başlygy Gel Gal ynjalyksyzlanyp dillendi:

- Entek ýanaşyk uçuş hakynda gürrüň etmek ir. Eger olar kapitanyň aýdyşy ýaly antimateriýadan bolaýsalar, ýanaşdygyň iki gämi hem partlap, külümiz kosmosda galar – ol giň maňlaýynda peýda bolan deri elýalygy bilen sylyp, sözüni dowam etdirdi. - Şonuň üçin olar bilen ilki tele enjamlar arkaly bir habarlaşyp görmek gerek.

„Jeýhunda” iki taraplaýyn telewiziýon aragatnaşyk etmäge mümkinçilik berýän enjamlar bardy. Şoňa görä Gel Galyň pikiri hemme kişä makul boldy.

- Onda häzir özümiziň şu durşumyzy dürli tolkunda efire goýberiň, belki olar kabul edip, jogap gaýtarar.

Kapitanyň bu buýrugy derhal ýerine ýetirildi. Kabul ediş ekeranyna göz dikip duran adamlar demini içine ýuwdup, jogaba garşdylar. Emma hiç hili jogap bolmady. Beýleki ekeranda bolsa näbelli gämi gyzyl yşyk bilen signal bermegini dowam etdirip gidip otyr.

Tolkunlary üýtgedip görüň – diýip, kapitan Nur gaýtadan buýruk berdi. Tolkunlar üýtgedildi. Ýöne ýene jogap bolmady. Kapitan hem beýlekiler hem olar bilen telewizion aragatnaşygy ýola goýup bolmasa

gerek, diýen pikire geldiler. Emma birden kabul ediş ekrany durlanyp, ilki enaýy bir enjamlaryň, soňra hataryna duran adamlaryň şekli peýda boldy. Hawa, bu adamlar özleriniň daşky gurluşy boýunça ýerlilerden az tapawut edýärdiler. Ýöne gözleri ak hrustalyň reňkindedi. Ekerandan seredip duranlarynda-da içiňden geçip barýardy. Ýüzleriniň derisi gaty ýylmanak bolup, käbirleriniňki gyzyla çalymdaş bolsa käbirleriniňki ýaşyl öwsüp durdy. Emma boýlary gyradeň uzyndy.

Professor Tal Dal begenjini içine sygdyryp bilmän tolgunyp dillendi:

- Men elmydama eger älemiň niresinde bolsa-da bizden başga aňly jandar bar bolsa, ol hökman adam şeklinde bolmaly, diýip ynanýardym.

Bu duşuşyga kapitan hem, beýlekiler hem professor Tal Daldan kem tolgunanokdylar. Emma kosmolog Gel Galyň ýüzünden begenýänini-de, gynanýanyny-da bilip bolanokdy. Ol professora ýüzlenip:

- Hormatly professor, şekiliň mazmundan gaty tapawut edäýmegi hem mümkin diýdi. –serediň olaryň ýüzi-gözünde rehim-şepagat ýok ýaly. Olar agressiw duýguly jandarlar bolaýmasa ýagşy.

- Siziň çaklamaňyzy barlap görmek kyn däl – diýip, kapitan Nur bir elini galgadyp olar bilen salamlaşýan ýaly etdi. Şol bada-da olaryň ortada duran gyzyl ýüzlüsi kapitanyň hereketini gaýtalap ýylgyrdy. Onuň dişleri ap-ak endigan tekizdi. Kapitan Nur ýoldaşlaryna:

- Görýäňizmi, olar biziň salamymyzy hoşniýetlilik bilen aldylar – diýdi. Şol wagt ortadaky gyzyl ýüzli (megerem ol olaryň kapitany bolsa gerek) dodaklaryny gymyldadyp, ýoldaşlaryna bir zatlar diýdi. Şol bada olaryň biri ylgap gitdi-de ini boýy bir metre golaý gara synp tagtasyna meňzeş bir zat getirdi, soňra gyzyl ýüzlüniň eline ýogyn galama meňzeş zat berdi. Gyzyl ýüzli tagtanyň ýüzüne ilki iki sany ýanaşyk ellips çyzyp, olaryň birinden ikinjisine strelkalar geçirdi. Soňra ol çyzyklaryň gapdalyna iki sany kelle ýasap, olaryň hem birinden ikinjisine, ikinjisinden birinjisine ýokardan aýlap ýaý şekilli strelkalar çyzdy.

- Hemmesi düşnükli bolsa gerek – diýip kapitan Nur ýoldaşlaryna ýüzlendi. – ýanaşyk çyzylan ellipsler we olaryň birinden ikinjisine geçirilen strelkalar gämilerimizi ýanaşdyryp birek-biregiňkä geçeli diýildigi. Kelleden kellä geçirilen strelkalar bolsa pikir alyşalyň, diýildigi. Megerem olarda dilden başga-da biotolkunlary gös-göni beýniden beýnä goýberip, pikir alyşmaklygyň mümkinçiligi bar bolmaga çemeli. Onsoňam olaryň agressiw meýliniň ýokdugy görnüp dur. Olar meniň pikirimçe tüýs gumanistler bolmaly.

- Onda näme, haýal etmän kontakta giribermeli. Belki olardan entek biziň düýşümize-de girmedik ylmy açyşlary alarys – diýip, professor Tal Dal teklip girizdi

- Her halda ilki olaryň materiýasynyň gurluşyny bir bileliň – diýip,kosmolog Gel Gal öňki pikirini ýene öňe sürdi.

Kapitan Nur: „Hazir bileris’’diýen manyda başyny atdy. Soňra kabul ediş ekranyndan seredip duran keseki gäminiň ekipažyna garap, iki elini parallel edip geçirdi-de, birden ýokaryk galgadyp goýberdi. Kapitan Nuryň „Eger ýanaşaýsak,partlap gitmerismi?’’diýen bu yşaratyny olar derrew düşündi.Olaryň ortada duran gyzyl ýüzlisi ýylgyryp, kellesini ýaýkady-da, tagtanyň ýüzüne atom gurluşyny ýasady. Muny gören badyna kosmolog Gel Galyň ýüzi ýagtyldy:

-Kapitan, olaryňkam edil biziň atom gurluşymyz ýaly ekeni. Indi meseläniň bu tarapyny gaýgy etmese boljak. Ýöne ...

- Ýene näme, ýöne? – diýip kapitan geňirgenip, Gel Galyň sözüni kesdi.

-Ýöne, kapitan, özüňiz pikir edip görüň. Biz biçak uly taryhy missiýany ýerine ýetirýäris. Eger biz diňe özümiziň bilesigelijiligimizi kanagatlandyrmak üçin olar bilen kontakta girip, heläk bolaýsak, onda nesiller bizi hiç haçan bagyşlamaz – diýip, Gel Gal ýene müňkürlik etdi. – Bularyň näme niýetiniň bardygyny kim bilýär? Gadymy taryhda-da, adamlary al bilen ele salyp, gyran agressorlar az bolmandyr.

- Ezizim Gal – diýip, professor Tal Dal özelenip gepledi. –Adamzat näçe asyrlaryň dowamynda özge dünýäleriň swilizasiýasy bilen duşuşmak arzuwyny edip ýaşady. Biziň ata-babalarymyz näçe müň ýyllap olara ýerde garaşdy. Asmanda üýtgeşik bir obýekt görünse, özge swilizasiýanyň obýekti geldi, diýip jar çekdiler. Hatda gazetlerde-de ýazdylar. Emma soňunda olaryň bary adamlaryň umydyndan dörän salgym bolup çykdy. Ine, indi biz ýerliler, özüňiz aýtmyşlaýyn uly taryhy missiýany ýerine ýetirijiler, şol arzuw edip gelinýän özge swilizasiýa bilen, başgaça edip aýdanymyzda akyl-paýhas boýunça gardaşlarymyz bilen alys kosmosda ýüzbe-ýüz geldik. Onsoň şeýle taryhy duşuşygy sypdyrsak geljekki nesiller bizi bagyşlarmyka?

- Hormatly professor, siziň bu aýdýanyňyz hem dogry, ýöne men ätiýajy elden bermezlik gerek diýýän. – diýip, Gel Gal birneme gyzyp gepledi.

Professor Tal Dal bilen kosmolog Gel Galyň çekişmesini diňläp oturşyna kapitan Nur öz ýanyndan şeýle pikir öwürýärdi: „Ynam we şübhe adamzadyň uzak taryhynyň dowamynda-da onuň ýoldaşy bolup geldi. Adamlar biri-birine ynam bildirip bileleşenlerinde ýeriň ýüzünde we kosmosda örän ägirt uly işleri amala aşyrardylar. Birek-birege şübhe bilen garalan döwürlerde bolsa ýaraglanyşyga zor berlip, adamzat jemgyýetiniň has pajarlap ösmegi uzak wagtlap bökdeldi. Emma mundan ynam gowy, şübhe erbet, diýen netijä-de gelip bolanok. Sebäbi duşmana ynam bildirip, ahmal bolsaň üstüňi aldyraýmagyň, erbetligiň öňi alynmazlygy mümkin’’.

Kapitan Nur öz pikiriniň soňunda aýgytly bir karara geldi. Ol adamlara ýüzlenip şeýle diýdi:

- Ýoldaşlar, Gel Galyň aýdyşy ýaly, ätiýajy elden bermezlik gerek. Emma professor Tal Dalyň aýdyşy ýaly, bu taryhy duşuşygy sypdyrsak biziň gaty namartladygymyz bolar. Şonuň üçin ýanaşyk uçuş edip gämileri geçelge bilen sepleşdireliň, ýöne olary ,,Jeýhuna" goýbermäliň-de, iküç adam bolup olaryň gämisine geçeliň. Bardy-geldi olar agressiz duýguly jandarlar bolaýanynda-da şol geçen iküç adamdan başgamyza zeper ýetirip bilmez.

Kapitanyň bu teklibi hemme kişä makul boldy. Hatda Gel Gal hem oňa garşy çykmaga çekindi.

- Eger meniň bu teklibime hemmäňiz goşulýan bolsaňyz, onda keseki gämä kimleriň geçmelidigi baradaky meseläni hem çözeliň - diýip kapitan ýene öz pikirini orta atdy, eger razy bolsaňyz keseki gämä meniň bilen professor Tal Dal we kosmolog Gel Gal geçmeli bolar. Kapitanyň wezipesini bolsa wagtlaýyn... eger bize bir zat bolaýsa tä ýere gaýdyp barýança meniň kömekçim Rut Run ýerine ýetirer.

Esli salym hiç kimden ses-seda çykmady. Kapitan bu dymyşlygyň sebäbine düşünmän, geňirgenip dillendi:

- Näme, ýoldaşlar, gorkýaňyzmy ýa?

Rut kapitana dik garap:

- Gorkýan adam biziň aramyzda ýok, kaptan. Ýöne göwnümize bolmasa adamlar seniň gämä geçmegiňi bir hiliräk görüp duran ýaly – diýdi. – Men bolsam muňa bütünleý garşy... Sebäbi Beýik Geňeşiň we halkyň öňünde ,,Jeýhunyň" ykbaly üçin sen jogapkär seniň ýeriňe men baraýyn. Eger bize bir zat bolaýanda-da ,,Jeýhun" seniň ýolbaşçylygyňda öz missiýasyny ýerine ýetirip, sag aman ýere dolanar.

- Rut ätiýaçly bolmak gowy zat. Emma öte ätiýaçlylyk hem gülkünç görünýär. Gäminiň kapitany men bolýan bolsam,ol ýere-de hökman men barmaly. Ýogsam olar men hakda, gör nähili pikir ederler.

Bardy geldi bize bir zat bolaýan ýagdaýynda bolsa kapitanyň wezipesiniň seniň soňuna çenli üstünlikli ýerine ýetirjekdigiňe men ynanýan.

Kapitan Nuruň kararynyň üýtgewsizdigi onuň äheňinden belli bolup durdy.Şonuň üçin oňa indi hiç kim garşylyk görkezmedi. Şeýdip keseki gämä üç adam- kapitan Nur, professor Tal Dal we kosmolog Gel Gal barmaly, diýen karara gelindi.

Kapitan Nuruň ekrandan seredip, jogaba garaşyp duran gyzyl-ýaşyl ýüzlülere özleriniň duşuşyga razydyklaryny bildirip , ,,biz size barýas" diýen manyda bir elini döşüne degirdi-de olara uzatdy. Gyzyl-ýaşyl ýüzlüler bu ýşaraty şol bada düşündiler. Olaryň bäşisem deňine ýylgyryp, ,,Bolýar"

diýen manyda başlaryny atdylar. Olaryň ortadakysy gara tagtanyň ýüzüne öň çyzan iki ellipsiniň özi tarapdakysyndan geçelge çykardy-da beýleki ellipsdenem öz tarapyna strelka geçirdi. Bu çyzgylaryň hem manysy düşnüklidi. Olar gämiler ýanaşanyndan soň geçelgäni biz guraly, onsoň biz tarapa geçiberiň, diýýärdiler. Emma olaryň bu teklibi diňe Gel Galda däl-de beýlekilerde hem şübhe döretdi. Şol sanda kapitan Nuruň hem göwnüne iňkis gitdi. «Olar bizi abordaža aljak bolýarlar öýdýän. Şeýlelikde „Jeýhuny" öz geçelgeleri bilen bentläp, sypmaz ýaly etmekçi bolýarlarmyka? » „Jeýhunda" bir nurbatyny towlasaň islän ölçegiňde ulaldyp, kiçeldip bolýan geçelge bardy. Ony ýere gonanda gämiden aşak düşmek üçin hem, kosmosda başga obýekt bilen sepleşmek üçin hem ulanyp bolýardy. «Şeýle mümkinçilik barka ätiýajy elden bermezlik gerek» diýip, Kapitan Nur içini gepletdi. Ol ekrandan seredip duran gyzyl-ýaşyl ýüzlilere, „Ýok" diýen manyda elini ýaýkady. Soňra „Geçelgäni biz guryas" diýen manyda iki elini özünden olara baka uzatdy. Bäride duran şübhe we oňa derek ätiýaçlyk olara düşnükli bolan bolmaga çemeli ortada duran gyzyl ýüzli „Gözel göwnüňiz" diýen manyda ýylgyryp başyny atdy.

Şonuň bilen kontakta girmek hakyndaky gepleşik ylalaşyk bilen gutardy. Iki tarap hem gämileri ýanaşdyrmagyň aladasyny edip başladylar.

Kapitan Nur kömekçisine:

- Rut, ýanaşyk uçuşa geçileninden soň ýigitleriň bilen geçelgäni çaltyrak taýýarlaň. Ony gerek mahaly özümiz tarapdan çalt aýryp goýberer ýaly edip gurmaly – diýip, buýruk berdi. Soňra Tal Dal bilen Gel Gala ýüzlendi. – duşuşyga taýýarlanyberiň, ýoldaşlar. Menem jaýyma gidip özümi ruhy taýdan birneme taýýarlaýyn – diýip, merdemsilik bilen ýylgyrdy.

Kapitan Nur baş pultuň jaýyndan çykyp, öz otagyna geldi. Aýaly bilen gyzy sapakdady. Içerki aragatnaşyk linýasy arkaly olary çagyrdy. Deýa bilen Zeýa üýtgeşik bir ýagdaýyň ýüze çykanyny aňyp, derrew ýetip geldiler. Otaga giren badyna Deýa ärini başdan-aýak gözden geçirdi.

- Näme boldy Nur? Eýgilikmi beri?!

Kapitan Nur aýalynyň howsala bilen beren soragyna özüniň ýüregindäki tolgunmsyny bildirmejek bolup arkaýyn, wäşi äheňde jogap berdi:

- Eýgilik, Bolsa-da üýtgeşik eýgilik. Men häzir bir ýere gidip gelmeli. Ol ýerde näçe eglenjegimiň bellisi ýok. Şonuň üçin siz howatyrlanyp oturmaň.

Deýa äriniň sözlerini hemişeki edýän degişmesidir öýtdi. Emma Zeýa oňa çyny bilen geň galdy. Ol:

- Kaka, biz kosmosda, ahyryn. Sen „Jeýhundan" çykyp, nirä gitjek? – diýip, gözlerini tegeledi.

- Kosmosda hem adamy myhmançylyga çagyrýan ekenler diýip, kapitan gyzyny gujaklap ogşady. Soňra aýalyna ýüzlendi. – Deýa biz näbelli gämä duşduk. Olar bizi öz gämisine çagyrýar, pikir alyşmagy teklip edýärler.

Kapitanyň sözleriniň degişme däldigi onuň ýüzi-gözünden görnüp durdy. Şoňa görä Deýa ilki bir hili aljyraňňy ýagdaýa düşdi.

- Ol nähili näbelli gämi? Biziň yzymyzdan ýene başga gämi goýberäýdilermikä?

- Ýok. Ol biziň ýerimiziňki däl, bütinleý başga swilizasiýanyň gämisi.

Bu habar Deýany bir hili üýşendiren bolsa, Zeýa üçin tolgundyryjy şatlyk getirdi. Ol:

- Ura! Onuň ýaly bolsa, ol gämä hökman geçip görmeli, kaka.

- Dogry aýdýaň, gyzym. Hökman geçip göreris. Olar bilen pikir alyşarys. Gör, olar bize nämeler aýdar. Belki köp zatlary öwrederler.

- Kaka, ol gämä meni-de alyp git. Ony meniň gaty göresim gelýär – diýip, Zeýa özelenip, ýalbardy.

- Ine, munyň bolanok gyzym. Ol ýere ilki diňe ulular barmaly. Sebäbi entek olaryň nähili aňyň eýesidigini bilemizok.

Zeýa ýene bir zatlar diýjek bolup çemlendi, emma ejesi oňa maý bermän, kakasyna ýüzlendi:

- Nur, men entegem seň diýýäniňe oňly düşemok. Siz onuň başga swilizasiýanyň gämisidigini nireden bildiňiz?

- Ol şeýle seredeniňde bes-belli bolup dur. Onsoňam biz olar bilen telewizion aragatnaşyk edip, duşuşyk barada ylalaşdyk.

Kapitan Nur sözüni gutaryp gutarmanka otagdaky radio nokatdan Rutuň sesi eşidildi:

- Kapitan, gämiler ýanaşyk uçuşa geçdi. Häzir geçelgäni gurup başlaýas.

Şondan soň Deýa eýýäm ähli zadyň çözülendigini aňdy. Onuň ýüregine bir hili howsala düşdi:

- Duşuşyga kapitanyň barmagy hökman däl bolsa gerek. Aýalynyň howatyr edip beren soragyna kapitan çürt-kesik jogap berdi:

- Diýýäniň näme, Deýa. Men barmasam bolmaz. Şonuň üçin men birneme eglensem aladalanyp oturmaň, diýip öňünden duýdurýan. Belki biz olar bilen uzak wagtlap pikir alyşarys. Bolýar ezizlerim men baraýyn, entek skafandyrlary geýmeli, başga-da taýýarlyk işleri bar.

- Seniň bilen ýene kimler gidýär kaka? –diýip, Zeýa gözlerini uçganakladyp sorady.

- Meniň bilen professor Tal Dal, kosmolog Gel Gal gidýär. – diýip, kapitan gyzyny ýene bir gezek ogşady. Soňra aýalynyň ýüzüne aýratyn bir

mähir bilen seretdi. Garaýşyň manysyna Deýa şobada düşündi. Ol aýaly bilen uzak sapara gidendäkisi ýaly mähirli hoşlaşjak bolýardy. Diýmek, bu duşuşyk zerarly kapitanyň özünde-de howatyr ýok däldi. Muňa Deýanyň ýüregi beter gyýyldy. Kapitan Nur gysga wagtlap kosmiki saparlara gideninde hem Deýa ýerde garyndaş-doganlarynyň, tanyş-bilişleriniň arasynda galanynda-da özüni ýalňyz duýýardy, uzak wagtlaýyn aýralyga döz geljek bolup, ejir çekýärdi. Şonuň üçin ol „Jeýhunda" äri bilen bile gitmelidigini eşidende gaty begenipdi. Sebäbi uzak wagt dowam etjek bu saparda kapitan ondan aýrylyp, hiç ýere gidip bilmeýärdi. Elmydama ol äriniň ýanynda, onuň mähir-muhabbetinden ganyp ýaşajakdy. Ine, indi bolsa oslanmadyk ýerden, hatda kosmosda-da, ara aýralyk düşjek bolýar.

Deýa ejizlän ýaly boldy, aýaklarynyň ysgyny gaçyp, golaýyndaky kürsüniň ýeňsesine söýendi, soňra sandyrawuk ses bilen dillendi:

- Nur, bu duşuşyga özüň barmasaň bolanokmy?

Kapitan Nur aýalynyň ýaş tegelenip duran gözlerine merdemsilik bilen garady, mylaýym, emma aýgytly äheňde jogap berdi:

- Sen bir pikir edip gör, Deýa. Adamzadyň taryhynda munuň ýaly özge swilizasiýanyň wekilleri bilen ýüzbe-ýüz duşuşmak entek hiç kime miýesser bolanok. Şeýle bolansoň men ony sypdyrsam, gorkaklyk edip ýerime başga birini ibersem, onda mendenem kapitan bolarmy?

- Onyň dogry, ezizim. Ýöne näme üçindir men gorkýan.

- Gorkup oturasy zat ýok, Deýa. Men olaryň hem özümiz ýaly gowy niýetli jandarlardygyna ynanýan –diýip kapitan aýalyny köşeşdirdi. Soňra ony mähir bilen gujaklap, ogşady-da otagdan çykdy. Kapitan Nur çykalganyň öňündäki geçelgäniň öňüne geleninde ol ýerde oňa professor Tal Dal, kosmolog Gel Gal, kömekçisi Rut we ýene birnäçe adam garaşýardy.

- Kapitan, geçelge taýýar – diýip, Rut habar berdi.

- Ony meniň aýdyşym ýaly, bärden sypdyryp goýbermesi aňsat edip gurduňyz dälmi?

- Edil aýdyşyň ýaly edip gurduk, kapitan.

- Gaty gowy. Ýöne bir zat ýatdan çykypdyr. Ýanymyzda jübide ýerleşer ýaly «habarçy» göteräýsek hem ters bolmaz. Eger ol ýerde rejäniň düzüw däldigini aňsak, derhal size signal bereris. Tiz iki sany şeýle «habarçyny» getirdiler.

Kapitanyň beýle ätiýaçlylygy Gel Galyň dilini gijetdi:

- Kapitan, siz meni tankyt edip, özüňiz mendenem ätiýaçlyrak hereket edýäňiz –ä. Emma olar bizi bet niýet bilen çagyrýan bolsalar, onda biz signal berip hem ýetişmeris.

- Her halda bize bu zadyň zyýany degmez- diýip, kapitan Nur Gel Galyň sözüni kesdi. Keseki gämä geçjekleriň üçisem skanfandyrlaryny geýdiler. Indi hoşlaşyp keseki gämä geçiberimelidi. Ýöne kapitanyň hem, onuň bilen bile gitjek ýoldaşlarynyň hem bu işe bognunyň ysmaýandygy görnüp durdy. Kapitan Nur özüniň we ýoldaşlarynyň ýüregindäki beýle howsalanyň sebäbini adamlaryň nesilden-nesle geçip gelýän birek-birege ynanmsyzlyk duýgusyndan görýärdi. „Bu duýgy indi özge swilizasiýa bilen aragatnaşyk etmegine hem päsgel berjek bolýar”. Kapitan Nur serine gelen bu pikirden saplanyp, bir elini aýgytly galdyrdy. Bu onuň ýoldaşlaryna „gitdik”, „Jeýhunda” galýanlara bolsa „hoş” diýdigidi. Şol bada Rut geçelgäniň gapysyny açdy. Kapitan Nur başlyklaýyn Tal Dal we Gel Gal geçelgä sümdüler. Olaryň yzyndan gapy ýene gaýym ýapyldy. Geçelgäniň içinde emeli grawitasiýa bolmanlygy üçin olaryň aýaklary aşak degmän, edil suwda ýüzýän ýaly bolup kynlyk bilen öňe süýşýärdiler. Geçelgäniň aňry çetinde bir enaýy ýaşyl yşyk lowurdap olaryň gözüni gamaşdyrýardy. Yşyga ýakynlaşyldygysaýyn olaryň tolgunmasy artýardy. Bu şeýle-de bolmalydy. Sebäbi, ýene-de sanlyja minutdan soň olar özge swilizasiýa bilen duşuşmak ýaly adamzadyň taryhynda henize çenli bolmadyk örän uly taryhy wakanyň şaýady boljakdylar. Gör, bu duşuşyk nämeler berer, nämeleri ýüze çykarar. Belki bu duşuşyk „Jeýhunlylaryň” diňe olaryňam däl bütin adamzadyň durmuşynda düýpgöter özgerişler döreder. Belki-de munuň tersine bolaýmagy hem mümkin.

Kapitan Nur bu iki gapma-garşy pikiriň soňkusyndan öňküsiniň dogry bolup çykmagyna jan-teni bilen ynanasy gelse-de ýüreginiň niresindendir gizlenen şübhäni kowup bilenokdy.

Kapitan Nur we onuň ýoldaşlary şeýle çylşyrymly duýgular bilen ýaşyl yşygyň çykýan ýerine ýetip geldiler. Ol ýer keseki gäminiň girelgesindäki ötük ekeni. Olar ol ýere girenlerinden göwresiniň agramyny duýup aýaklarynyň üstüne galdylar. Şonda olar bu gäminiň içinde hem „Jeýhundaky” ýaly emeli grawitasiýanyň barlygyna göz ýetirdiler. Entek olaryň gözi bu ýerdäki yşyga öwrenişip, töwerek-daşyny oňly saýgaryp ýetişmänkä garaşylmadyk ýerden alty sany gyzyl-ýaşyl ýüzli peýda boldy. Olar sen ýok, men ýok gelenleri tutup, elini arkasyna daňdylar. Kapitan Nur we onuň ýoldaşlary skanfandrda bolanlary üçin olara garşylyk görkezip hem bilmediler. Göz açyp ýumasy salymda bolan bu işiň näme bilen gutarjagyna göz ýetirip bilmän kapitan Nur we onuň ýoldaşlary gaty aljyraňňy ýagdaýa düşdüler. Olaryň elleri arkasyna gaýym daňylany üçin jübülerindäki «habar» enjamyndan hem peýdalanmagyň mümkinçiligi ýokdy.

„Ähli iş berbat boldy, indi bu nejisler bizi diri sypdyrmaz. Rutuň özi ýagdaýy duýup „Jeýhuny” bulardan halas edip biläýse ne ýagşy!” diýip

kapitan Nur arman bilen içini gepledýärdi. Tal Dal bilen Gel Galyň beýnisinde-de şular ýaly howsalaly pikirler at salýardy.

Gyzyl-ýaşyl ýüzlüler öz aýagy bieln gelen ýesirlerini öňlerine salyp, çaklaňyrak bir tegelek zala eltdiler. Bu ýerdäki mawy yşyga „Jeýhunlylaryň” gözi tiz öwrenişdi. Olar töwerek-daşyna howatyrly göz aýlap durkalar gapysyz diwaryň bir bölegi bir tarapa ýuwaşlyk bilen süýşdi-de, ol ýerden ap-ak ýylmanak matadan sportçylaryňky ýaly ykjam tikilen geýimde uzyn boýly bir gyzyl ýüzli çykdy. Onuň yzyndan bolsa telewizor arkaly aragatnaşyk mahaly ortada duran gyzyl ýüzli girdi. „Jeýhunlylaryň” çak edişine görä, olar şu gäminiň ýolbaşçylary bolmalydy. Ak geýimliniň yşaraty boýunça kapitan Nuruň we onuň ýoldaşlarynyň skanfandrlarynyň kelle tarapyny aýyrdylar. Şol bada „Jeýhunlylar” bu ýeriň howasynyň biçak tämizdigini syzdylar. „Diýmek bular hem biziň ýaly kislorodly howadan dem alýar ekenler” diýip, kapitan Nur içini gepledip, ýoldaşlarynyň ýüzüne seretdi. Bir gowusy Tal Dalyň hem Gel Galyň ýüz-gözünde gorky alamaty ýokdy. Olaryň ikisem özlerini gaty merdemsi tutup durdular. Kellelerinden skanfandr aýrylansoň olara özara gepleşmek mümkinçiligi döredi. Mundan peýdalanyp kapitan Nur Gel Gala ýüzlendi:

- Gel eliň gaty saralanmy? «habarçynyň» signalyny basyp goýbermäge mümkinçilik ýokmy?

- Elim gaty saralan, häzir oňa mümkinçilik ýok. Bardy-geldi elimizi çözäýseler sizem menem deňine signal bermeli – diýip, Gel, Gal, kapitana umyt bilen garady. Şol wagt ak geýimli olara ortada goýlan üç sany tegelek oturgyjy görkezip, „Oturyň” diýen yşaraty etdi. Olar oturanlaryndan soň ak geýimli ýoldaşy bilen olaryň garşysyndaky ýumşak kürsülerde oturdylar. Beýleki gyzyl-ýaşyl ýüzlüler bolsa „Jeýhunlylaryň” kellelerine gadymky patyşalaryň altyn täjine meňzeş zatlary geýdirdiler. Şeýle zady ak geýimli bilen onuň ýoldaşlary hem geýdiler. Ine, şundan soň „Jeýhunlylaryň” kellesi bütinleý başga hili ýagdaýa geçdi. Olar gyzyl-ýaşyl ýüzlüleriň beýnisindäki pikirleri edil düşnükli dilde aýdylan kimin kabul edäýjek ýaly boldular. Şundan soň kapitan Nur we onuň ýoldaşlary kellelerine geýdirilen abzallaryň beýnidäki biotoklary güýçlendirmek bilen pikir alyşmaga mümkinçilik berýän radar enjamlardygyna göz ýetirdiler.

Geplemeklik beýnidäki pikirleri beýan etmegiň bir görnüşi bolany üçin enjamlaryň kömegi bilen, geplenilýän dil bütünleý nätanyş bolsa-da aýdylan pikiriň manysy biotoklar arkaly gös-göni beýniden beýnä geçýärdi. Radar enjamlar işe girizilen badyna bütünleý başga-başga dillerde geplemeklerine garamazdan Ak geýimli bilen kapitan Nuryň arasynda pikir alyşylmaga başlandy. Ilkinji bolup ak geýimli resmi äheňde söz gatdy.

- Hoş geldiňiz, gadyrly myhmanlar!

- Bizde gadyrsyz myhmany-da beýle garşylamaýarlar – diýip kapitan Nur gaharly jogap berdi.
- Biz sizde näme işler edilýänini gowy bilýäs. Şonuň üçinem sizi şeýleräk garşylamaly bolduk.
- Siziň munyňyz gaty namartlyk bolýar!
Kapitan Nuruň bu diýenine ak geýimli kinaýaly ýylgyrdy:
- Mertlik, namartlyk diýen düşünjeler bizde-de bar, ýöne olar bizde siziňkä garanda başgarak manyda ulanylýar.
- Siz-ýaňy „Sizde näme işler edilýänini gowy bilýäs” diýip aýtdyňyz. Indi bolsa „ Mertlik, namartlyk diýen düşünjeler bizde siziňkiden başgarak manyda ulanylýar, diýýäňiz”. Siziň bu aýdanlaryňyza garanda siz bize gaty belet ýaly-la. Ömrüňizde ilkinji gezek duşan özge swilizasiýanyň jandarlary hakynda nähili beýle pikiri beýan edýärsiňiz?
- Sebäbi sizi öz hasabyňyz bilen mundan müň ýyl öňden bäri bilýäris. Siz Gün ulgamynyň Ýer planetasynyň aňly jandarlarysyňyz. Siz özüňize „adamlar” diýip belent at dakypsyňyz, ýöne siz köp babatda beýle belent ada mynasyp dälsiňiz.
- Diýmek, siz bizi älemde ýaşamaga mynasyp däl, pes taýpa hasap edeniňiz üçin ellerimizi daňyp ýok etjek bolýan ekeniňiz-dä? Ýok,biz akyl-paýhasyň ýokary nokadyna ýeten beýik jandarlardyrys. Bizin güýjümiz, kuwwatymyz biçak uludyr. Gowsy siz häziriň özünde bizi yzymyza gaýtaryň ýogsam biziň gämimizdäki lazer toplary siziň külüňizi göge sowrar!

Kapitan Nuruň bu dergazap jogaby ak geýimli bilen onuň ýoldaşynyň ýüzünde ajy ýylgyryş döretdi:
- Ine bu gepiňiz siziň hakyky keşbiňizi açyp görkezýär. Siz ýerlileriň ata-baba pikiriňiz – oýuňyz biriniň külüni göge sowurmak bolup geldi. Şonuň üçinem siz henize çenli biri-biriňize ýarag çenäp gelýärsiňiz. Siz biri diýip hasap edýäniňizem özli-özüňiz, öz planetadaşlaryňyz. Biz siziň şeýle häsiýetiňiziň bardygyny öňden bilenimiz üçin gämimize gireniňizde ätiýajy elden bermäliň diýip, elleriňizi daňdyk. Indi biziň külümizi göge sowurmak meselesine gelsek, biz ondan gaty arkaýyn. Biziň gämimize daşyndan zeper ýetirip biljek güýç entek älemde ýok. Içinden zeper ýetiräýjekleriňem eli mäkäm daňylan.

Kapitan Nur we onuň ýoldaşlary elleriniň näme üçin daňylanynyň sebäbini indi düşündiler. Adamzadyň taryhy gyzyl-ýaşyl ýüzlileriň pikirini doly tassyklaýardy. Uzak geçmişdäki planedaşlarynyň eden-etmişleri üçin olaryň müň ýyldan soňky kapitan Nur başlyklaýyn wekilleri özge swilizasyýanyň wekilleriniň öňünde başyny aşak salyp otydylar.

Kapitan Nur we onuň ýoldaşalary bular biz baradaky bu zatlary nireden bilýärkäler? “ diýip öz ýanlaryndan pikir öwürýärdiler. Olaryň bu pikirini

radar enjemlar şol bada gyzyl-ýaşyl ýüzlülere ýetirdiler. Şondan soň ak geýimli myhmanlaryna olar hakda bilýänlerini açyk aýtdy:

- Ýaňy aýdyşym ýaly, mundan müň ýyl çemesi ozal biziň gämilerimiziň biri siziň planetaňyzyň daşyna uzak wagtyň dowamynda aýlanyp, ol ýerdäki durmuşy ymykly öwrenip gaýdypdyr. Biziň şol ekspedisiýamyzyň anyklamagyna görä siziň bütin, taryhyňyz ýowuzlykdan, wagşylykda ybarat bolupdyr. Biziň ekspedisiýamyz barmazdan kyrk ýyl çemesi öň siz bir-biriňize uly gyrgyn salypsyňyz, hatda öz planetaňyzdaky iki sany uly şäheri atom bombasy bilen weýran edipsiňiz. Emma bu aýylganç wakalardan soňam siz düzelmänsiňiz. Biziň ekspedisiýamyz ýetip baran mahalynda bolsa siziň ýeriňiziň üsti we aşagy gaty aýylganç gurallardan doly ekeni. Şol döwürde siz muňa-da kanagat etmän şeýle gyrgynçylyk niýetli ýaraglary kosmosa-da alyp çykmakçy bolup jan edýän ekeniňiz. Ine, şu zatlaryň anyklananyndan soň biziň ekspedisiýamyzyň wekilleri özüni mälim etmän yzyna dolanypdyrlar. Dogrusy, olar sizden gorkupdyrlar. Sebäbi özli-özüniň külüni göge sowurjak bolup, öz planetasyny şeýle aýylganç gurallardan dolduryp taşlan jandarlar keseki swilizasiýadan gelenleri, gör näme iş ederdiler.

Ak geýimliniň bu aýdanlary hemmedenem aýratyn professor Tal Dala üýtgeşik täsir etdi. Ol çydap oturyp bilmän söze goşuldy:

- Ezizler, siziň biziň planetamyz hakda toplan maglumatlaryňyzy hem-de häzir beýan eden pikiriňizi nädogry diýip, aýtmaga biziň hakymyz ýok. Sebäbi şeýle zatlar öz döwründe bolup geçipdir. Emma şol döwürlerden bäri geçen wagtyň içinde biziň planetamyzyň adamlary düýbünden özgerdi. Häzirki ýerliler gadymy ýigriminji asyryň adamlaryna bütünleý meňzänok. Biziň neslimiz gaty adamkärçilikli, diňe gowy niýetli adamlardyr. Häzir biziň ýerimiziň ne aşagynda, ne üstünde ýekejede çommalyp duran ýarag ýok. Ýeriň ýüzi bir bitewi jemgyýet bolup, ähli adamlar bir dogan ýaly agzybir ýaşaýarlar.

Ak geýimli professoryň sözüni bölüp, kapitan Nura tarap barmagyny çommaltdy-da:

- Bagyşlaň, gardaş, siziň diňe gowy niýetli adamlar diýeniňiziň biri-de şumy? – diýdi.

- Professor Tal Dal howlugyp jogap berdi.

- Siz ony bagyşlaň, ezizim. Ol biziň kapitanymyz. Ol örän gowy adam. Onuň lazer toplary barada diýip goýbereni bolsa ýesirlikden gutulmak üçin atylan bir boş haýbatdan başga zat däl. Biziň gämimizde hiç hili ýarag ýok.

- Onda siziň häzirki nesliňiz biziň ýaly diňe ýagşy niýet bilen ýaşaýan jandarlar-da? – diýip ak geýimli sorady.

- Edil özüňiz ýaly, ezizim. Indi biziň ellerimizi çözüň. Onsoň ylym hakda, swilizasiýalarymyzyň gazananlary hakynda pikir alyşalyň.

Ak geýimli „Munuň aýdýanlary dogrumyka?” diýen manyda ýoldaşyna garady. Ol bolsa:

- Muny häziriň özünde barlap göräýmeli diýip, gysga jogap berdi. Onuň ynamly jogabyna garanda bularyň planetasynda megerem älemiň ähli swilizleşen planetalarynyň geçmişi we häzirkisi barada maglumatlar bar bolmaga çemeli. Şonuň ýaly-da ol maglumatlary häziriň özünde almaga mümkinçilik berýän serişdeler hem bar ýalydy.

Ak geýimli ýoldaşynyň maslahatyny makullady. Olaryň ikisi-de ýerlerinden turup, giren ýerinden çykyp gitdiler. Olar çykanyndan otagda ajaýyp bir saz ýaňlanmaga başlady. Çar tarapdan çykýan bu täsin owaz şeýle bir şirin, şeýle bir duýgulara baýdy welin, onuň sungata höwesi kemräk adamyňam ýüregini meýmiretmejek gümany ýokdy. «Jeýhunlylar» bu sazyň täsirinden ýaňa elleriniň daňylgydygyny hem unudypdylar.

Mukam birden kesildi. Otaga ak geýimli bilen onuň ýoldaşy girdi. Olar şähdaçykdy. Hrustal reňkli gözleri şadyýan gülýärdi. Olaryň ikisem «jeýhunlylaryň» garşysyna gelip aýak çekdiler. Ak geýimli mylaýym äheňde dillendi:

- Bagyşlaň, gardaşlar. Biz bir neme öte geçipdiris. Biz häzir siz barada öz planetamyzdan doly maglumat aldyk. Hakykatdanam siziň häzirki nesliňiz öňkülere düýbünden meňzemeýän ekeni. Siz gowy niýetli adamlar ekeniňiz.

Ak geýimliniň buýrugy boýunça „Jeýhunlylaryň” ellerini çözdüler, skanfandyrlaryny çykarmaga kömek etdiler. Derrew ortadaky tegelek oturgyçlar aýrylyp ýerine ýumşak kürsüler getirildi. Soňra «jeýhunlylar» gyzyl-ýaşyl ýüzlüleriň arasynda dostlarça pikir alyşmaga başlanyldy.

- Siziň bilen biz älemiň dürli künjeklerinde ýaşasak hem akyl-paýhas boýunça dogandyrys, diýip, Ak geýimli myhmanlarynyň göwnüni almaga çalyşdy. –Swilizasiýalarymyz bir-birinden düýpgöter tapawut etse-de, maksadymyz bir, planetalarymyzdaky ähli doganlarymyzyň bagtly durmuşyny üpjün etmekden ybarat.

Soňra ol ýerlileri haýran galdyrýan bir zady aýtdy.

- Ýöne siziň bilen biziň bir aýratynlygymyz hem bar. Siz wagtyň içinde ýaşap, nurdan energiýa alýaňyz, biz bolsa nuruň içinde ýaşap, wagtdan energiýa alýarys. Siz muňa geňirgenmäň. Biz mundan müň ýyllar ozal wagt diýilýän zadyň hem zerresiniň bardygyny we ondan energiýa hökmünde peýdalanyp boljakdygyny bilmeýärdik. Biziň anyklamagymyza görä häzir biziň bilen ýanaşyk uçup barýan siziň gämiňiz nuruň zerresi faton bilen işleýär. Şonuň üçinem siziň ämiňiziň tizligi sekuntda üç ýüz müň kilometrden aňry geçenok. Siziň üçin tebigatda mundan ýokary tizligiň bolmagy mümkin däl. Sebäbi Nuruň zerresi fatonyň tebigy tizligi şeýle. Biziň üçin bolsa tizligiň çägi ýok. Sebäbi wagt nur ýaly mälim tizlik bilen

ýöremeýär. Ol älemiň ähli ýerinde birden peýda bolýar. Şonuň üçin wagtyň zerresiniň energiýasy bilen işleýän biziň gämimiz älemiň isän künjegine islenen wagtynda ýetip barýar. Ine şeýle aýratynlygymyz bolany üçin biz älemiň kän syrlaryny sizden öň ele aldyk, köp kanunlaryny açdyk.

«Jeýhunlylar» Ak geýimliniň gürrüňini diňläp oturyşlaryna gyzyl-ýaşyl ýüzlüleriň ylymda gazananlaryna haýran galýardylar.

Ylmy-tehniki progresde siz näme üçin bizden yza galanyňyzyň sebäbini bilýänsiňiz elbetde – diýip, ak geýimli gürrüňini dowam etdirdi. – Şonuň üçin men ony aýdyp siziň ýüzüňizi gyzardyp oturmaýyn. Ýöne men özüňiz barada bir zady gaty belläsimiz gelýär. Biz turuwbaşdan ylmymyzyň güýjüni diňe parahatçylyk maksatlaryna gönükdirdik.

Ak geýimliniň sypaýylyk bilen aýdan soňky sözi ýerlilere öňki aýdanlaryndanam jaýdarrak şarpyk bolup degdi.

Öz nobatynda «jeýhunlylar» hem gyzyl-ýaşyl ýüzlülere özleri barada gürrüň bermelidiler. Emma kapitan Nur özüniň lazer toplaryny dile alyp, haýbat atanyna utanyp hälden bäri geplemän otyrdy. Onuň bu ýagdaýyny duyup oturan ak geýimli bir tarapyny ýaňsa salyp oňa söz gatdy:

- Kapitan, indi sizem gürrüň beriň. Näme maksat bilen beýle uzak ýola çykdyňyz? –ýa-da lazer toplaryňyzy ýerleşdirmäge kosmosdan ýer gözläp barýaňyzmy?

Kapitan Nur ahyry dil ýarmaly boldy.

- Men siziň kinaýaňyza düşünýän, hormatly kärdeş. Meni bagyşlaň. Biziň beýle uzak sapara çykmagymyzyň maksady düýbünden başga.

Kapitan Nur gyzyl-ýaşyl ýüzlülere ýeriň beýik Geňeşinde bolan gürrüňleri, özleriniň ene ýeri heläkçilikden halas etmek üçin täze mekan gözläp barýandyklary barada jikme-jik gürrüň berdi.

Kapitan Nur gürrüňini gutarandan ak geýimli bilen onuň ýoldaşy kanagatlanmak bilen başlaryny atdylar.

- Gadyrly gardaşlar - diýip, ak geýimli täsirli äheň bilen ýerlilere ýüzlendi. –Eger siz şeýle beýik işi amala aşyrmagyň ugruna çykan bolsaňyz onda siz hakykatdanam beýik adamlar ekeniňiz. Ýöne siziň ylmy tehniki progresi has çaltlandyryp, faton energiýasyndan wagt energiýasyna geçmegiňiz gerek. Eger sizem biziň ýaly wagtyň ganatlaryna münmegi başarsaňyz, ol işleri amala aşyrmak kyn düşmez. Biz size bu işde üstünlikler arzuw edýäris.

Şondan soň iki aradaky gürrüň uzak dowam etmedi. Gyzyl-ýaşyl ýüzlüler myhmanlaryny hezzet-hormat bilen yzlaryna ugratdylar. Kapitan Nur we onuň ýoldaşlary „Jeýhuna” gelip girenlerinden gyzyl-ýaşyl ýüzlüleriň gämisi gözden gaýyp boldy.

„Jeýhun” bolsa çäksiz kosmos giňişliginde bellenilen ugur boýunça ýoluny dowam etdirdi.

# SYRLY MUKAM
## (fantastiki powest)

Horezm ülkesiniň gadymy paýtagty Köneürgenje gelenimde, gün öýleden agypdy. Bu ýere meniň ilkinji gezek gelşim bolany üçin, taryhy şäheriň gadymy görkünden nyşan agtaryp, töweregime göz gezdirýärdim. Emma ozaldan göwnümde nagyş bolup duran minaradyr kümmetleriň hiç biri göze ilmeýärdi.

Sorap-idäp, dostum Muhtaryň işleýän keselhanasyny tapdym. Keselhananyň öňünde ak halatly bir gyz bahar güneşine ýylanyp durdy. Men oňa ýakynrak baryp:

Maňa Muhtar gerekdi – diýdim. Gyz owadan goňur gözlerini gyrpyldadyp, maňa siňe seretdi-de:

Doktor Rahmanowmy? – diýip sorady. Men gyzyň bu ady aýdyşynyň äheňinden Muhtaryň onuň üçin diňe ,, Doktor Rahmanow" däldigini aňdym. Oňa jogap berdim:

Hawa, Rahmanow.

Gyz mylaýym ýylgyryp:

Bard ýörüň – diýip, içeri bakan ugrady. Ol ,,Baş wraç" diýen ýazgyly gapyny görkezdi-de, özi başga bir otaga girip gitdi. Men gapyny ýuwaşjadan kakdym. Içerden Muhtaryň

Giriberseň bolmaýamy. Aýsenem, şundanam degişme bormy! – diýen gaharly ses eşidildi. Men ýuwaşja ädip, içeri girdim. Giň, ýagty otagyň töründäki ullakan stola egilip, bir zatlar ýazyşdyryp oturan Muhtar mylaýymlyk bilen:

Eri, näme gepiň bar? Ayt - diydi. Men gülip:

- Agşam kino gidyasmi? - diydim. Muhtar başyny göterip, maňa gözi duşenden, yerinden zöwwe galdy:

- Bu senmidiň, haý şeýtanyň ogly-diyip, maňa garşy topuldy. Görşup, soraşyp durşumyza, iki ýyllap görmedik dostuma syn edýardim. Iki-üç ýyl ozal onuň örän sagdyndygyna güwä geçip duran nar ýaly gyzyl ýüzi indi solup, agymtyl reňke giripdir. Ozallar hemişe gülüp duran gözleri bolsa, birhili gamgyn bakýardy. Giň maňlaýy, gözleriniň aşagynda wagtyndan öň peýda bolan ýygyrtlary hem bularyň üstüne goşulyp, ony akyldar adamyň keşbine girizipdir. Bu görnüşinde ol maňa özünde beýik bir maksady gizläp gelýän adama meňzeş göründi. Belki, hakykatdan-da, şeýledir. Paýtagty taşlap, bu ýere biderek gelen däldir.

Ylmy merkezleriň birinde onuň örän gowy işi bardy, ýaş bolsa-da kärdeşleriniň arasynda uly abraýa eýedi. Onuň uly ylmy iş alyp barýandygy hakynda her hili myş-myşlar bardy. Emma ol işiň näme hakdadygyny hiç

kim anyk bilmeýärdi. Emma näme üçindir, ol bu zatlaryň hemmesinden geçip, paýtagtdan çykyp gaýtdy. Iki ýyldan bäri-de şu kiçijik şäherde güzeran geçirýärdi.

Muhtaryň beýtmegi ilki-ilkiler kärdeşleriniň arasynda uly gep-gürrüňe sebäp boldy. Wagtyň geçmegi bilen, ähli könelen wakalar ýaly, hemmäniň ýadyndan çykyşdy gitdi.
Muhtara ylmy komandirowka barjakdygym hakynda öñ ýazanymy nazarda tutup:
Diýmek, taryhyň sahypalaryny agtaryp görmäge gelipsiň-dä?
diýdi.
Hawa
Näçe wagtlyk?
Bir aý.
Gaty gowy. Bizde ýaşabersin.
Bolýar. Işleriň nähili?
Oňküsy ýaly.
Ýalan sözleme, gelinlik tapypsyň-a.
Kim aýtdy?
Özi.
Seniň gözüňgen hiç zat sypmaýar-ow-diýip, Muhtar güldi.
Şol mahal eli byr petde kagyzly Aýsenem geldi. Myhtar oňa bakyp:
Tanyş bol, Aýsenem, saňa ozal tarypyny ýetiren taryhçy dostum, ine, şu ýigit bolmaly – diýdi. Aýsenem birneme gyzaryp. Maňa elini uzatdy. Muhtar oňa seredip ýylgyrdy-da:
Seniň kimdigiňi aýdyp durmasam-da bor. Özüň. Hemmesini aýdyp beripsiň.
Gyz çym-gyzyl boldy, gözlerini geň galyjylyk bilen gyrpyldatdy.
Men hiç zat aýdamok.
Bu aýdylmadyk gepe-de düşünýän adam – diýip, Muhtar ýene ýylgyrdy. Aýsenem elindäki kagyzlary Muhtaryň stolunda goýup, otagdan çykdy. Men dostumyň elini gysdym:
Gutlaýaryn, gaty gowy gyz.
Gowulygyna gowy-la ýöne birneme gabanjaňrak.
Gabanjaň?.. O nähili? Bir sebäbi bolaýmasyn?
Muhtar birhili dymdy. Dil ýarmady. Men muňa geň galdym:
Seni ozal bir ygrarly ýigitmikäň diýýädim.
Henizem şeýledirin.
Onda Aýsenemiň gabanjaňlygy ýerliksiz eken-dä?
Ýerliksizem däl.
Men oňa siňe seretdim:

Geň galmaly zat. Saňa nähili düşünmeli indi?
Muhtar geplemedi. Onuň menden-de gizlin saklanmaly bir syrynyň bardygyny aňdym.
Iş wagty gutarandan soň, Muhtar bilen onuň öýüne gitdik. Ýolda men daş-töweregime bilesigelijilik bilen bilen göz gezdirýärdim. Meniň näme gözleýändigime düşünen Muhtar:
- Entek howlugyberme – diýdi. – Taryhy ýadygärlikler şäherden daşarda. Bu gün giç, ertir Aýsenemiň boş güni, bile baryp göräýersiňiz.

Muhtaryň syry

Muhtaryň öýüne ýetip geldik. Ol şäheri deň ikä bölüp geçýän ýabyň golaýynda, töweregi belent haýatly bagyň içindedi. Muhtaryň aýdyşyna görä, köçäniň aňry çetindäki kiçem bolsa, gelşiklije jaý Aýsenemleriňkidi.
Men:
Gelinligi goňşyňdan tapaýypsyň-ow – diýip degişdim.
Ol jübüsinden owadan zynjyra düzülen bir sygym açar çykaryp, olaryň biri bilen bagyň gapysyny, biri bilenem öýüň gapysyny açdy. Giň, uzyn däliz bilen ýöräp, sag tarapdaky uly otaga girdik. Bu otaga başga-da iki otagyň gapysy bakyp durdy. Men baryp, otaglaryň biriniň gapysyny açdym. Ol oňat bezelen,ýatylýan otag eken . Ikinji gapyny açmakçy bolup çeksem, açylmady:
Näme muny guluplap goýupsuň, ýada içinde hazynaň barmy ? – diýip, degişdim. – Aç , göreli bu otagyňam. Otagy açyp görkezmegi islemeýändigi görnüp durdy. Bu bolşuny görüp, gülküm tutdy:
Horezmşanyň altynlaryny tapyp, bu otaga gizläp goýan bolmaga çemeliň-ow-diýemde, Muhtar:
Ýör, aşhana baraly. Ikimiz bir palow bişireli-le diýip, gurrüňi başga ýana sowdy. Bu ýerde nähilidir bir syryň bardygyny aňdym.
Aşhana girdik-de, birimiz käşir-sogan, birimiz et dogramaga başladyk. Birsalym geçensoň, men öýkelän bolup, söz atdym:
„Dost bolan dostundan syryn gizlemez” diýipdirler. Seniň bolsa menden gizlin syryň bar eken .
Ol maňa ýaş çagany köşeşdirjek bolýan ýaly garady-da: Näme diýsemkäm saňa – diýip, gaşlaryny çytdy- Meniň artykmaç bir gizlin syrym ýok-la... Ýöne edip ýören bir kiçijik işim bar. Ony entek hiç kime aýtmazlygy ýüregime düwdüm.
O nähili iş? Ylmy işmi?
Muhtar birhili ýylgyrdy:
Bilmedim, dostum, ylmy işmi, ýa-da ylmy dälmi. Muny işiň netijesi görkezer. Şol gulply otagam iş geçirýän labaratoriýam. Ony örän kynlyk bilen guradym. Häzirlikçe oňa hiç kim, hat-da seni-de göýberip biljek däl.

Onuň bu sözüne haýran galyp, gözlerimi tegeledim :

Gaty geň galmaly zat, iş edýän bolsaň, ony gulpuň astynda, adamlardan gizlin saklamagyň näme hajaty bar?

Munyň iki sany sebäbi bar. Birinjiden, men iliň gözüniň öňünde, ylmy iş bolsa-da, şu işim ýaly adamyň akylyna sygmajak işi edip biljek däl. Ikinjidenem, bu işimiň amala aşjakdygyna ynanjak adam entek tapylmazmykan diýýän. Adamlar özleriniň ynanmaýan zatlarynyň üstündenem gülýärler. Men ile gülki bolmak islämok. Emma özüm bu işiň amala aşjakdygyna ynanýan. Häzirki gazanan netijelerim ynamymy öňkidenem berkitdi.

Akyla sygmajak iş diýýäňmi ? Onda-da, eýýam esli netije gazandym hem diýýäň-le – diýip gaty geň galmak bilen soradym.

Uly däl, ýöne örän oňat netijeler, bu işiň amala aşjakdygyny doly subut edýän netijeler gazandym, dostum.

Bu sözleri aýdýarka, onuň ullakan gara gözleri birhili şöhlelenen ýaly boldy.

Beýle bolsa gutlaýaryn! – diýip, men onuň elini mäkäm gysdym: - Indi onuň nähili işdigini hem, belki menden gizlemersiň?!

Muhtar öýkeli seretdi:

Häzirlikçe aýdyp biljek däl. Wagty ýetende bilibirsiň.

Bä , seniň bolaýşyňy. Men näme, syryňy paş eder öýdýäňmi? – diýip, mylaýymsyradym Bu mylaýymlyk-da Muhtara täsir etmedi.

Goýsana, ýürege düşmesene. Bilesigeljilikde sen Aýsenemdenem ötüren ekeniň – diýip gülümsiredi.

Aýsenem nätdi?

Bir gezek sendenem beter ýürege düşdi. Tas ikimiz käýişipdik. Häli gabanjaň diýmedimmi? Işi başlan günlerimiň birinde, gije gelip, aýnany kakdy. Çykyp açdym otaga girdik. Seretsem, labaratoryanyň gapysy çala açyk galypdyr. Men ony ýapmakçy bolamda, Aýsenem :

Näme bar ol otagda? –diýip sorady.

Men biraz aljyraňňyrak ýagdaýa düşüp :

Hiç zat-la – diýdim.

Ol şübheli seretdi:

Şeýlemi? Onda açyň, göreli. Bu nähili otagka?

Men nätjegimi bilmän, hasam aljyradym. Şeýdibem, Aýsenemiň şübhesini artdyrdym. Ol labaratoriýanyň gapysyna ýakynlaşdy. Men öňüne geçip, ýoluny kesdim.

Açma gapyny. Oňa girmek bolmaýar!

Ä?!

-Aýsenem, haýyş edýän, maňa beýle gahar etme. Bu labaratoriýa.

Adama görkezilmeýän, o nähili labaratoriýamyşyn?
- Ýalan! Sen hazir şu ýerde menden birini gizlediň – diýip, Aýsenem öýi göçürere getirdi.

Muhtaryň bu gürrüňinden soň, onuň labaratoriýasyna hasam gyzyklanyp başladym.

Diýmek , ol ýere söýýän gyzyňy-da göýbermänsiň-dä – diýdim.

Hawa, aýal-gyzlaýň agzynda gep durýarmy! – diýip, Muhtar güldi. Men:
- Berekella! Aýal-gyzlar barada hemme alymlaryň pikiri hem şeýlemikä? -
-Bardy--geldi, ol ýere men ya-da Aýsenem giräýenimizde-de, seniň däridir dermanlaryňdan düşünjek zadymyz ýok ahyryn. Ýa-da ol ýerde hiç kime görkezip bolmaýan başga bir zat barmy? – diýip soradym.

Bar... Ýeri, indi sen meni öz gününme goýjakmy, ýokmy?
diýip, Muhtar gaharlanan

syryň ujy

Paıaw bişdi. Uly otagdaky fegelek stola saçak ýazyldy.
Öten-geçenden gürleşip, palawy halalladyk. Gap-çanak ýygnalansoň, pesejik etažerkanyň üstünde diwara söýelgi duran dutary alyp, Muhtaryň eline berdim-de:
- Hany dost, studentlik ýyllayrmyzda çalýan lezzetli mukamlaryňdan birini göndersene-diýdim .
Muhtar maňa gizlin bir syr aýtjak adam ýaly bolup seredi-de:
- Gowusy, entek seniň hiç ýerde eşitmedik bir mukamyňy çalyp bereyin - diýdi. Menem:
-Ygtyýýaryň – diýdim.

Ol dutaryň gulaklaryny buruşdyryp düzdi-de, mukamy çalmaga başlady. Mukam ilki bada agraslyk bilen başlansa-da, soň ol kem-kemden derýa ýaly möwç alyp, joşup ugrady. Bir hili jadyly heňleriň akymy ýüregimde duýgular tolkunyny emele getirdi.

Muhtar zaryn perdä geçeninde, aşaky dodagyny kemşerdip, gözlerini mäkäm ýumdy. Onuň başy bolsa heňiň tolkunyna görä iki ýana ýaýkan-ýardy. Perdeleriň üstünde arkaýyn oýnaýan ezber barmaklary onuň dutar çalmaga biçak ökdeländigine güwä geçýärdi. Mukam has batly ýaňlandy. Muhtar ýumuk gözlerini açyp, dişlän dodaklaryny goýberdi. Indi onuň öllenen dodaklary öz çalýan heňiniň tarypyny edýän ýalydy, birgeňsi gymyldaýardy, gözleri bolsa enaýy ýaldyraýardy.

Bu mukamyň näçe wagt çalnanyny bilmeýärin. Çünki men sazyň täsiri bilen ähli zady undypdyryn. Bir seretsem, Muhtar maňa bakyp, birtüýsli gamgyn ýylgyryp otyrdy. Meniň tutyş göwräm doňup galan ýalydy. Älhepus! Heň-de adama şeýle täsir edýän ekeni!

Ajaýyp heň eken! Hakykatdanam, men muny ozal hiç ýerde eşitmändim. Kimden öwrendiň-how, muny? – diýip, Muhtara ýüzlendim :

- Şu ýerli bir adamdan. Bu mukam gadymy horezm mukamlaryndan bolmaly. Aýtmaklaryna görä, bu mukam ýetmiş iki heňden ybarat bolupdyr, meniň ýaňky çalyp berenim, şonuň kiçijik bölejigi, biziň günlerimize diňe şol bölejik gelip ýetipdir – diýip, ol biraz dymdy, soňra maňa mähirli seretdip :

Men saňa syrymyň ýene bir bölegini açmakçy. Eger meniň alyp barýan işim başa baraýsa, şol ýitirlen mukamlar hem gaýtadan dünýä iner - diýdi.

Meni oýnamaga başladyň-ow – diýip, ynanmazlyk etdim.

Ýok, dostum, seni oýnamok, çynymy diýýän.

Eýsem seniň işiň haýsy ugyrdan özi? Medisinadanmy? Ýa-da sazdanmy?

Ikisindenem – diýip, Muhtar ýylgyrdy.

Ine,saňa gerek bolsa!Howlukma, dostum, sabyr et! Saglyk bolsa, basym hemmesi aýdyňlaşar.

Ol şeýle diýip, ýerinden turdy. Uzak pikirlendi. Soňra maňa seredip : - Syrymyň ýene bir azragyny aýtmasam, içime sygdyryp biljek däl öýdýän. Sen taryhçysyň, filosofiýa gowy düşünýäň. Şonuň üçin, muny saňa filasofiýa üsti bilen düşündirsem, has oňat bolar. Gulak sal: ,,Dialektiki materializmde zatlar bardan ýok bolmaýar, ýokdanam bar bolmaýar. Olar diňe bir formadan ikinji forma geçýärler” diýen kanun bar – diýdi.

Hawa, bar – diýip, men onuň sözüni tassykladym.

Diýmek, tebigatda ozaldan bar zat hiç haçan ýok bolman, diňe şekilini üýtgedip durýan bolsa, bu hadysa belli bir tebigy täsiriň netijesinde bolýar. Diýmek, tebigy täsiriň netijesinde bir görnüşden ikinji görnüşe geçen zady, emeli täsir bilen ýene-de birinji görnüşine getirmek mümkin. Fizika ylmy bolsa bireýýäm muny gazandy. Mysal üçin, suwy alyp göreli. Ony emeli täsir bilen wodoroda we kisloroda öwrüp, göze görünmeýän, elde tutulmaýan zat halyna getirmek mümkin. Islän wagtyň ony ýene-de ozalky görnüşine getirmek, ýagny suwa öwürmek hem mümkin. Emma biologiýa ylmy entek beýle dabaraly ýeňiş gazanyp bilenok. Men şu ugurda biologiýany fizikanyň yzyndan ýetirmekçi bolýan. Azda-kände muny ele saldym diýsem-de boljak.

-Dogrusyny aýtsam, men seniň näme diýjek bolýanyňa düşünemok - diýip, Muhtaryň ýüzine seretdim.

- Sen, gör, nähili mekir, asyl sen gözüň bilen görmeseň ynanjak dal-ow – diýip, ol bilindäki kemerini eline aldy:

Ynha, şuny görýäňmi?

Hawwa. görýän.

Nämeden edilen şu?

Teletinden-dä!

Şu teletiniň ilkinji görnüşi nähili bolandyr diýýaň?
Haýwanyň bedenini ýapyp duran tüýli ham bolandyr.
Hany düşünmäniň? Düşünmän aňyrsyna-da geçýärsiň –diýip , ol güldi. - Indi meniň aýtmakçy bolýanymy-da aňansyň.

Men birsellem pikirlendim. Soň:
Birazyrak aňaýjak ýaly boldum. Diýmek, sen şu teletini ilkinji halyna getirmek, ýagny oňa gaýtadan tüý çykarmak mümkin diýmekçimiñ ?
Edil üstünden bardyň. Onuň birinji biologiki ýagdaýyny emeli usul bilen gaýtadan dikeltmek, ýagny onu gaýtadan janlandyrmak mümkin.

Aý, goýa –diýip, men ynanmazlyk etdim.

Muhtar hiç zat aýtman, labaratoriýasyna girip gitdi. Birnäçe minutdan soň, ol bir çüýşe gap göterip çykdy. Çüýşäniň içindäki mawy reňkli suwuklykda bir bölek teletin ýüzüp ýördi. Muhtar kiçijik jübdek bilen teletini alyp, ýaňky kemeriň ujuna deňedi. Soňra:
Kemeriň kesilen ýerine laýyk gelýär gerek? – diýip sorady.
Hawa.
Bu, şu kemeriň ujyndan kesilip alnypdy. Indi ikisini deňeşdirip gör, nähili tapawudy bar?

Men bankadan alnan teletine siňe seretdim. Hakykatdan-da, onuň ýüzünde gysgajyk-gysgajyk tüýler peýda bolupdyr.
-Munyň gaty geň zat how! –diýip, Muhtara gözümi tegeläp seretdim.

Meniň oýlap tapan zadymyňam biri, ine, şu mawy suwuklyk. Ony ,,Durmuş suwy” diýip atlandyrsaňam bolýar. Çünki ol her niçiksi hem bolsa, öli dokumany direldýär – diýip,bir hili buýsançly ýylgyrdy.

Sen, hakykatdanam, ,,Durmuş suwy” diýilýän zady tapypsyň, dostum! –diýip, onuň ellerini gysdym. Emma seniň maksadyň adamlaryň ýylmanak kemerine gaýtadan tüý çykarmak däl bolsa gerek.
Muhtar güldi:

Juda hemme zadyň anygyna ýetjegem bolmazlar. Hazirlikçe şu aýdanlarym ýeterlik saňa- diýip, otaga bakan ümledi-de: - Hany, indi girip ýat. Men bir salym işlejek – diýdi.

Men onuň aýdanyna boýun egip, otaga girdim. Krowata düşek ýazyp, çyrany öçürdim. Meniň ýatanyma gözi ýetensoň, Muhtar labaratorýasyna girip, gapyny içinden şakyrdadyp gulplady. Biraz wagtdan soň, nähilidir birhili apparatlaryň zarňyldaýan sesleri gulagyma ildi.

Taryhy ýadygärliklere syýah

Şol günüň ertesi dynç alyş günüdi. Muhtar ir bilen Aýsenemi çagyrdy, meni taryhy ýadygärliklere aýlap gelmegi ondan haýyş etdi-de, näme üçündir özi
biziň bilen gitmekden boýun towlady. Biz Aýsenem bilen ýola düşdik. Şäherden çykyp, gündogar tarapa birazyrak ýörenmizden soňra, göz

öňümizde gadymy şäheriň galyndylary peýda boldy. Köneürgenjiň dünýä belli minarasy,Törebeg hanymyň ajaýyp kümmeti, başga-da birnäçe syrça nagyşly ymaratlar ýalaňaç meýdanda birgeňsi somalyşyp dyrdylar. Hemme ýerde gadymy kerpiç bölekleri göze ilýär. Taryhy şäheriň orny aňyrsy-bärisi görünmeýan uly bir giden meýdany tutup ýatyr.

Bu topraga gadam basyp barýarkam, kalbymda dürli duýgular möwç urdy. Hyýalym asyrlardan aşyp, bu beýik şäher hakynda eşiden ençeme rowaýatlarym göz öňümden ýeke-ýeke geçdi. Biz kerwensaraýa, Horezmşa Tekeşiň kümmetini aýlanyp, minaranyň ýanyna geldik. Men bu minaranyň beýikligine haýran galyp:

Megerem, dünýädäki iň beýik minara şu bolsa gerek – diýdim.

Minara aslynda mundan hem beýik bolupdyr. Temirleñiň çozuşy döwründe onuň ýokary ujundan kyrk gezi urlup düşürilipdir – diýip, Aýsenem düşündirdi. Hakykatdan-da, minaranyň ujundan ýykylan ýeri görnüp durdy.

Bu minaranyň gurluşygy hakyndaky rowaýaty eşidipmidiňiz? - diýip, Aýsenem menden sorady.

Ýok, ol nähili rowaýat?

Aýtmaklaryna görä, bu minarany Ussa guş diýen adam salypmyş – diýip, Aýsenem gürrüňe başlady:

Dogrusyny aýdanda, Ussa guş diýen at oňa soň dakylypdyr. Minaranyň gurluşygy gutaryp barýarka, patyşada bir ýaman niýet peýda bolupdyr. Patyşa başga hiç bir ýurtda şunuň ýaly beýik minara bolmasyn diýen maksat bilen, onuň gurluşygy tamam bolansoň, ussany öldürmegi ýüregine düwüpdir. Patyşanyň niýetini ussa ýetiripdirler. Ussa bolsa minarany salyp bitirensoň, aşak düşmezden, kagyz we gamyşdan ganat bejerip, uçup gidipdir. Şundan soň halk onuň adyna Ussa guş dakypdyr.

Men:

Geň rowaýat ekeni, emma hakykata meňzänok – diýdim.

Kim bilýär. Emma Muhtar muňa doly ynanýar – diýip, Aýsenem birsalym dymdy. Soňra maňa birhili seretdi-de, sözüni dowam etdi: - Muhtar örän täsin adam, işe täze gelen günleri boş wagtyny şu harabalyklaryň içinde geçirýärdi. Şonda gözüne bir zatlar görnüpmi-nämemi, biraz däliräbem gezdi.

Aý, ýog-a – diýip, men onuň gepine haýran galdym.

Hawa. Ýöne bu hakda size gürrüň berenimi oň özüne aýdaýmaň.

Ýok, aýtmaryn – diýip, men ony köşeşdirdim: - Anygrak gürrüň beriň. Nähili beýle boldy?

Nähili beýle bolanyny bilemok – diýip, Aýsenem dowam etdi: Şol gün men tä ýary gijä çenli çykyp, äpişgesine seredýän. Yşk ýok.

Başga bir zatlary göwnüme getirip, gabanjaňlygam edipdirin. Bir gezek ol uzyn günläp işe gelmedi. Men keselläp dagy galaýdymykan diýip, öýüne

barsam, öýünde-de ýok. Gapysy gulply. Men ynjalyksyzlanyp, ondan-mundan soraşdyryp başladym. Bir okuwçy oglan ony düýn garaňky düşen mahaly taryhy ýadygärlikler tarapda görenini aýtdy. Men beter ynjalyksyzlanyp, işgärlerimize habar etdim. Dört adam ony iki günläp, ,,Kyrk gyz " diýen ýerden huşsuz halda tapyp geldi. Biz ony keselhanada aýratyn otagda ýatyrdyk. Gyzgyny gaty ýokarydy. Onuň elinde bolsa ýogyn taýaga berkidilen täsin apparat bardy. Ol ony şeýle bir mäkäm gysyp ýatyrdy welin, asla çekip hem alyp bolmady. Üç sanjydan soň gyzgyny biraz peseldi. Emma huşuna gelibilmedi. Gijesi bilen ýanynda dik oturyp çykdym. Ol wagtal-wagtal :

Taparyn! Nirede bolsaň-da taparyn! – diýip samraýardy.

Men Aýsenemiň gürrüňini örän gyzyklanyp diňleýärdim. Emma Muhtaryň bu gylygynyň däliremekden däl-de, başga bir sebäbiniň bardygyny aňdym.

Ol ertesi daň atanda özüne geldi – diýip, Aýsenem gürrüňini dowam etdi: -

-Men ondan näme bolýanyny sorasam, ,,Gumda azaşdym" – diýip, gysgaça jogap berdi-de, başga z Onuň elinden ýazdyrman ýatan apparatly taýagyny almakçy bolup :

- Göýber munyňy. Beýlede goýaýyn – diýdim.

+1 Ol maňa düýrügip seretdi-de, elindäkini göýberdi.

Men ony krowatyň aşagynda goýup:

Näme bu – diýip soradym. Ol :

Hiç zat – diýdi. Soňra birhili gülümsiräp: Gömlüp goýlan hazynany tapýan zat. Horezmşanyň altynlaryny tapyp, baýajak bolýan – diýdi.

Toba... – diýdim.

Tobaň näme? – diýip, ol gaharlanjak ýaly etdi:

Bilýän, sen meni dälirändir öýdýäň.

Men geplemedim.

Her niçik-de bolsa, ol bäş-üç günden soň sagalyp, aýaga galyp gitdi. Emma ol gijesine öýden gitmesini goýmady. Şeýlelikde, bir ýarym ýyla golaý wagt geçdi. Ahyrsoňy, nämedir bir zat sebäp boldy-da, ol gijesine öýden gitmesini bes etdi. Indi onuň tersine, sagat üçe-dörde çenli öýünde yşyk sönmeýär.

Aýsenemiň bu gürrüňi meni gyzyklandyrdy. Muhtaryň bu bolşy, onuň alyp barýan ylmy işi bilen bagly bolaýmasyn diýen pikire geldim.

Biz gepe gyzyşyp, minaranyň düýbünde esli wagt durupdyrys.

Törebeg hanymyň kümmeytine tarap ugradyk. Men bu kümmetiň tarypyny ozallaram köp eşidipdim. Onuň petigindäki nagyşlar orta asyr nagyşbentlik sungatynyň seýrek duş gelýän nusgasy diýýärdiler. Indi muny öz gözüm bilen bilen görmäge howlugýardym.

Biz kümmete ýakyn gelenimizde, ol ýerden dutaryň sesi

gulagymyza ildi. Biz gümmeziň içine girdik. Onuň töründe ýatan ullakan mermer daşyň üstünde çuw-ak sakgaly göwsüne düşüp duran bir garry gözlerini ýumup, dutar çalyp otyrdy. Ol özüniň çalýan heňinden özi beýhuş bolýan ýaly, gümmeziň nagyşly petigine ýumuk gözlerini dikip, iki tarapa ýaýkanýardy. Çalynýan mukam maňa tanyşdy. Ol düýn Muhtaryň çalyp beren mukamydy. Garry ony Muhtara garanda-da has oňat çalýardy. Bu heňi Muhtaryň kimden öwrenendigini indi aňdym.

Garrynyň ýumuk gözleri dikilen petige seretdim . Nagyşbentlik sungatynyň bu nepis nusgasy aklymy haýran etdi. Ussat nakgaşyň eli bilen bejerilen bu ajaýyp çemenzarlyk üstünden geçip giden näçe asyrlary pisint etmän, edil düýn çekilen ýaly lowurdap dur. Hamana, onda ruh gözlegi, hyýal giňişligi suratlandyrylýan ýalydy. Garrynyň dutaryndan çykýan ses onuň altyn reňkli nepis nagyşlarynda özüne meňzeş gözellik agtaryp gezip ýören ýalydy. Garry mukamy soňlap, gözüni açdy. Biz edep bilen salam berdik. Ol salamymyzy alyp, gadymy horezm dutaryny diwara söýäp goýdy. Soňra bize gülümsiräp seretdi-de:

Bu harabalykda ýeke özi dutar çalyp otyran bu nähili çaşan garryka diýip pikir edensiňiz? – diýdi. Men:

Ýok, ýaşuly. Biz hezil edip diňledik. Ajaýyp heň eken – diýdim.

Garry:

Bu heňiň nähili ajaýypdygyny ussat sazandar çalanda bilerdiňiz. Meňki bir ýöne gazaşdyrmak – diýdi.

Beýle däl, ýaşuly. Siz hem örän ussatlyk bilen çalýan ekeniňiz – diýip, Aýsenem gürrüňe goşuldy.

Aý bizde ussatlyk nämişlesin, gyzym. Aýtmaklaryna görä, bu heňi Rugsar bany çalanynda, asmanda uçup barýan guş hem gelip, onuň dutarynyň gulagyna gonar eken – diyip, garry sakalyny sypalady.

Rugsar banu diýeniňiz kim? – diýip, men gyzyklandym.

Rugsar banu hakynda hiç zat eşitmänmidiňizmi?

Ýok, eşitmedik , ýaşuly. Kyn görmeseňiz, ol hakda gürrüň berseňiz-le – diýip, oňa ýüzlendim. Garry ,, bolýar” diýen manyda, başyny yrap, bize oturmak üçin ýer görkezdi. Biz oturdyk. Garry gürrüňe başlady.

Garrrynyñ gürrüñi

Gadymy Horezmde Rugsar bany atly ýurdy özüne bendi eden sazandar geçipdir – diýip, garry uzyn sakgalynyñ ujuny gysymlady. – Ol gyzyñ saz çalmakda öňüne çykan bolmaýşy ýaly, gözellikde hem deň-taýy bolmandyr.

Rugsar banu ýaşap geçen döwürde Horezm ülkesi güýçli hem-de uly bir döwlet bolan ekeni. Onuň paýtagty Gürgenç köp milletli, şagalaňly şäher bolupdyr. Dünýäniň ähli ýurtlaryndan getirilen dürli harytlar gözüňi

gamaşdyryp, olary satmak üçin bogazlaryna sygdygyndan gygyrýan söwdagärleriň göçgünli sesi gulagyňy kamata getirýän ekeni.

Ýurduň hökümdary Horezmşanyñ şeýle uly hem-de baý ülkäniň eýesi bolanyna buýsanjy çäksiz bolup , şol buýsanç bilen birlikde „täji-tagtymy elimden almak niýetinde ýören adamlaram ýurtda bar bolaýmasyn” diýen howatyry hem ýok däl ekeni.

Günleriň birinde Horezmşa öz ýanyna Mehduny diýen baş wezirini çagyrypdyr-da:

Soňky wagtda, näme üçindir, meý, meýlis hem göwnümi göterip, keýpimi sazlanok – diýip, zeýrenýär. – Şu gün agşamky boljak meýlisi irräk dargat. Özüňem hiç ýaňa gitme, sen bilen aýratyn gürrüňim bar.

Alyhezret, Siziň hökümiňiz biziň üçin kanundyr – diýip, Mehudyny tagzym edip, şanyň huzuryndan çykýar.

Agşamky meýlis adatdakysy ýaly, şagalaňly başlandy. Köşgüň şeýle meýlisler guramak üçin ýörite bejerilen eýwanynyň zer hem tylla suwy çaýylyp nagyşlanan diwarlary şahandazlyk şowhunyndan lerzana gelýän ýalydy. Emma meýlisde şanyň özi görünmeýärdi. Märekäniň sustuny basýan hökümrowanyň ýoklugyndan peýdalanyp, köşgüň şahandaz ýigitleri meý süzüp, keýp çekýärdiler, donlaryna bürenip otyran, sakgallary çalaran gojalaram hyzmatda duran kenizlere hyrydar gözi bilen seredişip, oňaýy gelende olaryň şaram zülplerini ogrynça sypap göýberýärdiler. Birden perwanaçynyň surnaýyň owazy ýaly çirkin sesi ýaňlandy.

Kyblaýy älem, bahadury zaman, Alyhezret Horezmşa bezmi jemşida gelýär.

Ähli şagalaňa, şowhuna suw sepilen ýaly boldy. Mähelle harmandan göterilen torgaý toplumy ýaly, gürre ördi, duran-duran ýerinde baş egip doňdy. Meýlisler eýwanynyň altyn halkaly gapylarynyň biri açylyp, içerik Horezmşa girdi. Ol şalara mahsus bolan tekepbirlik bilen özi üçin törde goýlan tagtyrowana tarap ýöneldi. Şanyň kellesindäki ak gar ýaly Aýüpek sellesine sanjylan tylla jygasy, zer donunyň ýakasydyr ýeňiniň ujuna bentlenen lagly-merjenler, altyn suwy çaýylan nagyşly petikdir diwarlara asylan şemdanlardaky şemleriň şöhlesine lowurdaýardy, ýöne onuň ýüzi gamaşykdy, ünji-aladasynyň ýetikdigi ýüz-gözünden görnüp durdy. Şa baryp ýerinde oturýança aýak üstünde edep saklap durdy. Şa ýerine geçenden soň, adamlar ýerli-ýerinde oturyp, meýlisi dowam etdirdiler. Horezmşa şol bir bolşuny bozman tukatlanyp, çuň oýa çümdi ofurdy, ne ýürekleri meýmiredip ýaňlanýan hoşowaz saza gulak asdy, ne-de gyzlaryň näz-kereşmä ýugrulan nepis oýnuny üns berdi. Şanyň keýpiniň bozukdygyny aňan meýlisçiler irgözünden dargaşanlaryny kem görmediler. Meýlis tamamlanansoň şagalaňly köşk suw sepilen ýaly boldy. Horezmşa

bilen Mehduny wezir ikiçäk galdy. Şa wezirine:

Mehduny, biziň hazynamyzda altyn-kümüş, lagly-merjen näçe diýseň tapylar. Ýöne häzir mäňa iki sany galandar lybasy gerek, şol tapylarmyka? – diýdi.

Wezir baş egip çykyp gitdi. Ol bir çäýnek  çaý içiler-içilmez pursadyň içinde iki sany galandar lybasyny getirdi.

Alyhezret, buýrugyňyz berjaý edildi.

Patyşa wezirine maksadyny beýan etdi.

Mehduny, men halkyň arasynda gep aňtap ýören seniň  jansyzlaryňa gaty bir ynanamok. Men halkyň ýüregindäki sözlerini öz gulagym bilen eşidip, edýän işlerini öz gözüm bilen görmekçi. Şonuň üçün bu gije ikimiz, ine, şu derwuş lybasyna girip, şöwür çekeris. Bu äpet şäherde gijelerine-de durmuş joş urýar. Biz kerwensaraýlarda näme gürrüň edilýändigini, köçelerde nämeler hakda jedel gidýändigini, galandarhanalarda kimleriň gybaty edilýändigini bileris. Şeýdibem ýurduň ýagdaýyndan habarly bolarys, hemem täji-tagta garşy adamlary anyklarys.

Alyhezret näme işi makul bilse, biz gullarynyň däl diýmäge haky ýokdur – diýip, wezir ylalaşdy.

Ine, şu gürrüňden soň gijäniň gara perdesine örtülen Gürgenjiň köçelerinde iki sany täsin derwüş peýda boldy. Olaryň biri uzyn boýly, giň ýagyrnly, daýanykly pyýadady, beýlekisi orta boýly, şemalda gaýyşyp duran derek  ýaly juda inçedi. Ýogyn bilen inçäniň arasynda ýaş jähetdenem, tapavut bolsa-da, ýogunyň onuň ýanynda ähtibarynyň zordugy görnüp durdy Bu ,,derwüşler”  şäheriň kerwensaraýlarydyr köçelerinde edilýän gürrüňlere assyrynlyk bilen gulak salýardylar. Eger biri olara üns berse, hiç zat bilmediksirän bolup, ýene ýollaryna rowana bolardylar.

Köçeleriň birinden geçip barýarkalar, mejaly gaçan inçe derwuş ätiýaçlygy unudyp, dillendi:

Alyhezret, men-ä halys ysgyndan düşdüm, ýuwaşyrak ýöräliň-le.

Onuň bu sözleri  köçäniň ugrunda asylan içi daş çyraly panuslaryň birisiniň ýagtysynda öz peýwagtyna gürleşip duran adamlaryň gulagyna ilýär. Olaryň biri:

Toba, etdim, tagsyrlar. Olara bir serediň ikisiniňem başynda kulah egninde jinde, bilinde betbagt kädi, şonda-da biri-birine ,,Alyhezret” diýen bolýarlar – diýip, geň galyjylyk bilen gürledi. Başga birisi bolsa:

,,Gedalaryň köňli şalykny islär” diýenleri-dä – diýip, hemmesini gülüşdirdi.

Derwuş eşigindäki şa bilen wezir uly şäheriň köçelerini

ýekeme-ýeke söküp baryşlaryna daş görnüşi özleriniňkä meňzeş iki sany galandara duş gelýärler. Olaryň biri kör bolmaga çemeli, beýlekisi ony idip gelýärdi. Kör derwüş ýakymly owazy bilen aýdym aýdyp gelýärdi.

Eý, hudaýyň bendeleri, nireden gelip, nirä barýarsyňyz - diýip, şa olara söz gatdy. Kör derwüş aýdymyny kesip, diňşirgenýän adam ýaly, bir salym dymdy, soňra ýanyndaky ýoldaşyndan „Kimdir bular?" diýip sorady. Onuň ýoldaşy on alty, on ýedi ýaşly görmegeý ýaş ýigitdi. Ol „ Özümiz ýaly iki sany derwüş" diýip jogap berensoň, kör arkaýyn dillendi.

Eý, hudaýyň didaryna aşyk gullar, biz galandarhana – derwüşleriň meýlisine barýarys, isleseňiz, biziň bilen ýöräberiň.

Şa bilen wezire-de geregi şudy. Şoňa görä olar kör derwüşyň teklibine razy bolup, tirkeşip, şäheriň bir çetinde ýerleşen galandarhana geldiler. Olar içeri girenlerinden, serhoş derwüşlar uly goh turuzdylar.

Ýaşasyn biziň beýik sazandarymyz!

Onuň senetkär elleri dert görmesin!

Şeýle ogly dünýä getiren atanyň gözlerine taňry şypa bersin!

Hany, hany ataly ogul ikiňizem töre geçiň!

Bu sözlere gulak salyp duran şa bilen wezir öz ýoldaşlarynyň kimlerdigini bildiler. Diýmek, köri idip gelen oglan onuň ogly, özem sazanda ekeni. Galandarlar köp bilen oglana seredişip, beýleki galandarlara ünsem berenokdylar.

Horezmşa pursatdan peýdalanyp, dünýäniň ähli iş-aladasyny terk edip, şu ýeri özlerine mesgen edinen pukaralary synlamaga durdy. Galandarhananyň içi giň bolup, onda kyrk-elli adam ýerleşip otyrdy. Uly otagyň diwarlary, gamşy görnüp duran petikleri çilimiň, beňiň tüssesine gara keçe ýaly bolupdyr. Emma bu ýerde otyran adamlaryň şähdi köşgi-eýwanda otyranlaryňkydanam açykdy. Çaýdyr çilimden,beňdir neşeden keýplerini mazaly köklän galandarlar dünýäni bir pula satyp, han özleri, soltan özleri bolup otyrdylar. Kör bilen oglany hezzet-hormat bilen töre geçirip oturtdylar. Diňe şondan soň gapynyň öňünde duran iki sany täze derwuşe üns berdiler. Meýlisiň ketdesi - şagalandar sakgaly ýaňy çalaran, garaýagyz, süňklek piýada olara habar gatdy.

Ah-ow, adamlar, siz nireden bolarsyňyz? Biz bu ýurtda size meňzeş galandarlara sataşmandyk?

Şagalandar, bizi sorasaň aslymyz Horasan ýurdundan – diýip, wezir ýaýdanman jogap berdi. – Horezminiň mukaddes topragyny togap etmäge geldik. Şu gije-de siziň meýlisiňizde myhman bolmakçy.

Onuň ýaly bolsa, baş üstüne! Geçiň oturyň – diýip, şagalandar ýer görkezdi, hyzmatda duranlaryň birine buýruk berdi. – Bu mysapyr derwüşleriň çaýdan çilimden keýplerini kökläň! Şol wagt şagalandaryň gözi aýagyrakda oturan gyzyl ýüzli, daýaw ýigide düşdi.

Galandarlara garanda has tapawutly geýnen bu ýigidiň özüni tutuşy barlyrak adama meňzeýärdi. Şoňa görä ol jindä çolanan galandarlaryň içinde mesaňa göze ilýärdi. Şagalandar bu ýigidiň näme üçin bu ýere gelenini öz ýanyndan çaklasa-da, onuň kimdigini bilesi geldi.

A-how ýigit, sen-ä saz diňlemäge gelen bolmaga çemeliň!

Hawa , tagsyr – diýip, ol ýigit edep bilen iki elini gowşurdy.

Sen özüň kim borsuň? – diýip, Şagalandar ýene sorag berdi.

Men bir özüňiz ýaly sazyň, sungatyň muşdagy. Adyma Iskender diýýärler. Eşidekn bolsaňyz, meşhur binagär ussa Semenderiň şägirdi.

Semender ussanyň adyny eşidenden kör galandar ýerinden bir gozganyp oturdy.

Semender ussanyň adyny Horezmiň ýurdunda eşitmedik ýokdur, oglum. Ussanyň taplary neneň? Gurgunmy?

Ussa gurgun, jany sag, ýaşuly.

Oňa menden salam aýt. Mahmyt nakgaş salam aýtdy diýgin . Ol meni gowy tanaýar. Seniňem adyň – owazaň gaty tanyş, ýöne mende indi ýat galmandyr, oglum – diýip, kör galandar hamsygyp gepledi.

Isgender kör galandaryň Mahmyt nagaşdygyny bilýärdi. Ony öňden gowy tanaýardy. Mahmyt nakgaş öz döwrüňde ýurdy baglan nakgaş ussady. Onuň bezän köşklerine girip gören hytaýdyr pereň ilçileri hem beýle inçe sungaty entek hiç ýerde görmändiklerini aýdyp, ussanyň hünärine biçak uly baha berýärdiler. Günleriň birinde Horemşa atasyndan galan köne köşgi timarlamagy Mahmyt nakgaşa tabşyrýar. Nakgaş bolsa ylhamy joş urup duran mahaly köşküň uly eývanynyň depesiniň dört burçuna enaýy gülleriň ortasyna göwsi ýarym açyk  suw perisiniň suratyny çekip göýberýär. Altyn suwy çaýylyp çekilen bu surat köşke girenleriň ünsüni şol bada özüne çekýärdi.

Köşküň timar işleri gutarandan soň, ol ýere döwlet emeldarlarynyñ  hatarynda gelen Horezmşanyň piri Şaýhulyslam ol surata gözi düşenden gazap atyna atlanyp, bu küpr suraty çeken ussany jezalamagy talap edýär. Şeýlelikde onuň buýrugy bilen Mahmyt nakgaşyň iki gözi oýulýar.

-Biziň zamanymyzda ine şeýle işler hem bolýar, oglum - diýip, Semender ussa şägirdi Isgendere ol wakany gürrüň beripdi. – Ine indi on ýyl bäri biçäre galandarlyk edip gün geçirýär. Meniň eşitmişime görä, soňky wagtda onuň ýanynda bir sazandar oglan peýda bolupdyr. Ol saz çalanda Horezminde öňüne öňüne  çykjak ýokmuşyn. Emma meniň bilşimçe, Mahmyt nakgaşyň ogly ýokdy. Onuň ýekeje bir gyzy bardy. Nakgaşyň ol oglany nireden tapanyna  men-ä haýran.

Isgender sazyň, sungatyň ölemen aşygydy. Halypasynyň bu gürrüňi onuň ýüreginde şol sazandaryň sazyny diňlemäge gyzgyn höwes döretdi. Ine şol höwes hem ony galandarlaryň meýlisine getiripdi.

Howa, Isgender özdiýenli, göwnüne düwen niýetini gaýra goýman ýerine ýetirmäge çalyşýan ýigitdi. Ol binagärçilik kärine bolan höwesi zerarly Semender ussany tapdy, oňa şägirt bolup, meşhur ussanyň söýgüsini gazandy.

Isgenderiň Semender ussa sataşmagy gaty täsin bir ýagdaýda bolup geçipdi.

Isgenderiň kakasyna Begmyrat gawunçy diýýärdiler. Edil Isgenderiň özi ýaly pälwan sypatly bu adam ýaşlygynda Horezmşanyň nökeridi. Ol şanyň Samarkant we Buhara ýurtlaryna eden ýörüşlerine gatnaşypdy. Buhara üçin bolan ganly jeňleriň birinde agyr ýaraly bolup, obasyna gaýdypdy. Onuň obasy Gürgenjiň golaýynda ýerleşýärdi. Şondan bäri köp ýyllaryň dowamynda daýhançylyk bilen meşgullanýardy. Ol dünýä belli Horezmiň gawunlarynyň iň naýbaşy görnüşlerini ekip ýetişdirýärdi. Şonuň üçinem Gürgenjiň bazarynda Begmyrat gawunçynyň gawunynyň hyrydary gaty kändi. Isgender hem kakasyny bilen Gürgenjiň bazaryna atarabaly gawun satmaga barardy. Şonda ol bu beýik şäheriň köçelerinden geçip barýarka, bişen kerpiçden gurulan biçak gözel metjitdir medreselere, diwanhanadyr köşklere haýran galmak bilen seredýärdi. Şeýle ajaýyp ymaratlary gurýan adamlara gözi gidýärdi. Emma kakasy oglunyň daýhançylykdan ýüz döndürip başga käre el urmagyny halamaýardy. Megerem şonuň üçin bolsa gerek, gawun ýüklenen öz arabalarynda Gürgenjiň köçeleriniň birinden geçip barýarkalar, ol ogluna şeýle diýipdi:

Dünýäniň işleri gaty geň, oglum. Biriniň guran şeýle gözel binalaryny başga biri gelip ýykyp – ýumurýar. Gurýanam adam, ýykyp-ýumurýanam adam. Bizem Samarkandy, Buharany alanymyzda şeýle ymaratlaryň näçesini kül – peýekun etdik. Bir gün bolmasa, bir gün Horezmşadan hem zorrak biri goşun çekip gelip, Gürgenji-de ýere ýegsan etse gerek. kakasynyň bu gepi Isgenderi uzak wagt oýlandyrypdy, emma onuň binagärlik kärine bolan höwesini syndyryp bilmändi.

Isgender atasyndan şol gepi eşiden güni ýeke özi bazarda gawun satyp otyrdy. Gawunçylar Gürgenç bazarynyň uzyn bir restesini eýeläp, söwda edýärdiler. Uly bazaryň şowhuny, şagalaňy on alty ýaşa ýaňy gadam uran Isgenderiň göwnüni göterse-de, gawun satmak ýaly durmuşyň ýönekeý zerurlugyna höwesi ýokdy. Onuň gözi bazaryň restelerinde toparlanyşyp ýören dürli eşikli, dürli dilde gürleşýän dürli adamlardady. Olaryň keşbinde Isgender dünýäniň dürli ýurtlarynyň aýratynlyklaryny görýärdi.

Isgender bir mahal seretse, ýönekeý geýimli emma örän salyhatly, orta ýaşlaryndaky iki sany adam onuň üýşüp duran gawunlaryna hyrydar

gözi bilen seredip durdular. Olaryň biri bir torly gulabyny saýlap eline aldy-da, ýoldaşyna görkezip:

Munuň toryna bir serediň, Mahmyt aga, siziň bilen biz entek nakgaşlygy tebigatyň özünden öwrenmeli – diýip ýylgyrdy. – Hazirki gurulýan kerwensaraýyň peştagyna edil şu gawunyň toruna meňzeş nagyşlar çekseňiz gelişmän durmaz.

Onuň ýoldaşy gawuny eline alyp, onuň toruna dykgat bilen seredip durşuna şeýle diýdi :

- Inim Semender, siziň danalykda kemiňiz ýok. Men şol peştagy nähili usulda bezesemkäm diýip, pikirlenip ýördüm. Ine, siz maňa bu möhüm işiň ýoluny salgy berdiňiz. Bu ajaýyp maslahatyňyz üçin size minnetdarlyk bildirýärin.

Bu iki adamyň gürrüňini üns berip diňläp duran Isgender üýşüp ýatan gawunlarynyň aňyrsyndan bärisine nädip geçenini, nädip Semender ussanyň elini alyp görşenini özi-de duýman galdy.

Men siziň adyňyzy öňdenem eşidýärdim, siziň guran ymaratlaryňyzy görüp höwes edýän. Meni özüňize şägirt edip alyň, ussa. Eger gije-gündüz iş buýrsaňyzam men ýadaman, ýaltanman ederin – diýip, Isgender Semender ussa özelenip ýalbardy.

Semender ussa pälwan sypatly bu oba ýigidine mähir bilen seredeýärdi. Ol Isgenderiň asly – neslini sorap bolansoň:

Bolýar, oglum. Men seni şägirt edip alaýyn, ýöne, muňa seniň ene-atañyň razylygy gerek. Eger sen şu işe çyn ýürekden bil baglan bolsaň, meniň ýanyma kakañ bilen bile geläý – diýip, oňa öýüni salgy berdi.

Indi kör derwuş adyny alyp ýören Mahmyt nakgaşy Isgender bu ýerde görüp, tananyndan soň şu wakalary göz öňüne getirdi.

Isgender Semender ussa şägirt bolup işe başlan günleri Ürgenjiň gündogar çetindäki ýedinji Kerwensaraýyň gurluşygy gyzgalaňly alnyp barylýardy. Bu ýere ilkinji gezek işe gelen güni Isgenderiň ýadyndan hiç haçan çykmaýardy. Bir giden meýdany tutyp ýatan gurluşykda müňe golaý adam işleýärdi. Güýz paslynyň başlanyna garamazdan howa yssydy. Gurluşykçylaryň bir entegi ak el ýaglyklarynyň dört burçuny düwüp, tahýa edip kellelerine geýip, günüň ötgür şöhlesinden birneme goranýardylar. Semender ussa bilen Mahmyt nakgaş bolsa kellelerine gyzyl mahmaldan ýörite tikilen iş topbylaryny geýip işleýärdiler. Agyr goşunyň serkerdeleri kellesindäki dubulgasyndan tanalyşy ýaly baş ussa bilen baş nakgaşy-da kellesindäki gyzyl topbysy köpçüligiň içinden tiz saýgaryp almaga mümkünçilik berýärdi. Gurluşykda adamlar gaýda – gaýmalaşykdy. Bu ýerde gurluşykçylardan başga-da, işiň gidişine tomaşa etmäge gelen adamlar hem kändi.

Kerwensaraýyň uly derwezesiniň, peştak diýip atlandyrylýan

üstki böleginiň gurluşygy tamamlanypdy. Gurluşyk işleri derwezeden yzky bölümlerde gidýärdi. Derwezäniň iki tarapyndaky sütünlerini hem-de peştagyny Mahmyt nakgaş öz şägirtleri bilen syrçaly bezegiň öň ýanyndan tekizläp timarlaýardy. Agaç gurulmanyň üstünde durup, peştagyň ýokary bölegini timarlaýan garýagyz ýigit aýdyma gygyrýardy :

Gürgenjiň galasy laý bilen daşdan,
Meniň ýarym geler uzakdan, daşdan,
Gözlerim ýoluňda intizardyr,ýar,
Maňa ýene niçe sütemleriň bar, sütemleriñ bar...

Bu aýdym şol wagtyň özünde Isgenderiň juwan kalbyna öçmez hat bolup ýazylypdy. Semender ussa Isgenderi yzyna tirkäp, derweze golaýrak ýerdäki kerpiç örýänleriň ýanyna eltdi, olaryň işbaşçysy bilen tanyşdyrdy-da:

Ine, oglum, sen şu ýigitler bilen bir ýyla golaý işlemeli bolarsyň. Sen bularyň arasynda kerpiji biri – birine ýapyşdyrýan heçjeniň taýýarlanyşyny, kerpiçleriň çarhlanyp timarlanylyşyny hemem olaryň örüliş ussullaryny mazaly öwrenensiň. Onsoň men saňa binagärlik käriniň başga usullaryny öwrederin – diýip, ony ilkinji günden işe ugrukdyryp göýberdi.

Şeýdip aýlar, günler geçdi. Isgender hem binagärlik işiniň tilsimlerini ele alyp ugrady. Onuň zehinine, gujur – gaýratyna diňe kärdeş ýoldaşlarynyň däl, baş ussa Semenderiň hem göwni ýetýärdi. Kerwensaraýyň gurluşygy tamamlanylmagynyň öň ýanynda Semender ussa Isgenderi özüne kömekçi edip geçirdi. Şol gün günortanlyk çaýa oturanlarynda Semender ussa bilen Mahmyt nakgaşyň arasynda bolan gürrüň Isgenderiň ýadynda mydamalyk saklanyp galdy. Semender ussa agzy gapakly mis tüňçä demlenen çaýy mis käsä guýup gaýtaryp otyrka, Mahmyt nakgaşa ýüzlendi:

Mahmyt aga, biziň bu edýän işimize geljekgi nesiller nähili göz bilen serederkäler?

Siz näme, geljekgi nesiller biziň senedimiziň gadryny bilmezler öýdýäňizmi? – diýip, Mahmyt nakgaş baş ussanyň sowalyna sowal bilen jogap berdi.

– Wagtyň geçmegi bilen biziň gurluşyk, nakgaşlyk usullarymyz ýitip gider, bizden galan ymaratlar bolsa olara nusga bolup bilmez diýjek bolýan. Elbetde, olar başga hili, başga görnüşdäki şäherler gurarlar. Biziň häzir beýik şäher diýip atlandyrýan bu gezel Gürgenjimiz tozap ýatan bir oba öwrüler diýip, howatyr edýän.

Ýok, Semender ussa – diýip, Mahmyt nakgaş kellesini ýaýkady. – Adamzat özüniň taryhy geçmişindäki gowy işlere hemişe-de uly hormat bilen garap gelýär. Bizden soňky nesilerem şeýle eder. Meniň muňa şübhäm ýok. Gürgenç bolsa bizden soňky Horezmin ýurdunyň görki –

görmegi we buýsanjy bolup galar.

Semender ussa jedeli dowam etdirip oturmady-da:

Ylahym, siziň aýdanyňyz bolsun – diýip oňdy. Şol wagt Isgendere halypasynyň aýdan gepi ýaramady. Mahmyt nakgaşyň sözleri bolsa onuň göwnünden turup, ruhuny göteripdi.

Ine, şeýle geljege, özüne ynamy güýçli bolan ajaýyp senetkär ussanyň indi beýle gözgyny ýagdaýa düşüp, derwüşleriň öýünde oturanyna Isgenderiň ýüregi gyýyldy.

Galandarlar kör derwüşyň oglunyň gelerine garaşyp, sadylla bolup oturan bolmaga çemeli. Olaryň biri divardan asylgy duran dutary alyp, gabyndan çykaryp, soň diwara söýäp goýdy. Oglan birki käse çaý içeninden soň, bileklerini çermäp dutary eline aldy. Myhmanhananyň içindäki şowhun köşeşdi. Oglan dutaryň gulaklaryny towlaşdyryp, tarlaryny düzüşdirip oturşyna märekä göz gezdirýärdi. Onuň şar gara jöwherli gözleri adamlara birhili howatyrly garaýardy, emma onuň süýt ýaly ak we dury ýüzünde mylaýym bir asudalyk hököm sürýärdi. Oglan dutary düzüp, bir-iki des kakandan derwüşleriň sesine suw sepilen ýaly boldy. Şondan soň dutaryň perdeleri dillenip, ýürekleri gyýyp barýan şeýle bir zaryn owaz ýaňlanyp ugrady welin, asyrlaryň ahy – nalasyny, aşyklaryň mähri wepasyny, zamananyň jebri – jepasyny taryplap, adamlaryň başynyň üstünde edil janly zat ýaly öwrüm edip aýlanýan bu ajaýyp heňiň garşysynda durmaga daşdan ýürek gerekdi. Horezmşa-da özüniň gudratly bir döwletiň hökümdarydygyny bütünleý unudypdy, bu ajaýyp mukamyň ýesirine dönüpdi. Emma köpi gören şa sazandaryň perdeler üstünde ýeňil oýnaýan nepis barmaklaryna syn edip oturşyna gizlin bir syry aňan ýaly, wezirine gözüniň gytagy bilen manyly seretdi. Emma heňiň jadyly labzyna iki ýana çaýkanyp aňkasyny aşyryp otyran wezir hiç zatdan habarsyzdy. Şa onuň böwrüne dürtüp, gulagyna çawuş çakdy:

Sazandaryň ellerine gowja äňet!

Şanyň sözlerine özüçe düşünen wezir:

Äňedip otyryn, edil näzenin gyzlaryňky ýaly, hytaýy barmaklary haýran galdyrýar – diýip jogap berdi.

Bi ýerde haýran galasy zat ýok. Onuň özi gyz bolaýsa nätjek – diýip, şa weziriniň pähimsizligine gaharlandy.

Wezir gözlerini petredip oňa seretdi.

Bä, Alyhezret, şeýlemika?

Şa geplemedi. Sazandar hem çalyp otyran heňini aýaklap, dutary diwara söýedi-de, öňündäki çaýly käsäni eline aldy. Onuň gaşlarynyň üsti monjuk – monjuk bolup derläpdi, gözleri öz çalan heňiň täsiri bilen lowurdaýardy. Ol şu görnüşinde öňküsündenem has görmegeýdi.

Hormatly şagalandar – diýip, Horezmşa meýlisiň ketdesine ýüz

tutdy. - Siziň rugsadyňyz bilen sazandar ýigit birki aýdym hem aýdyp beräýse, gamgyn göwnümiz ýene-de göterilerdi.

Şagalandaryň ýerine kör derwuş jogap berdi.

Gadyrly myhmanymyz, siziň islegiňizi ýerine ýetirmek borjumyz. Emma gynansak-da, munuň mümkünçiligi ýok. Sebäbi meniň oglum aýdym aýdanok, ol saz çalýar.

Bu sözlerden soň şa özüniň gumanynyň ýerliksiz däldigine ynandy. ,, Diýmek, kör derwüş ýeke perzendiniň gyzdygyny owazyndan bilmesinler diýip, oňa aýdym aýtmagy gadagan eden bolmaga çemeli. Näme, körüň ätiýajy elden bermezligininem sebäbi düşnükli: Birinjiden, bu ykmandalaryň içinde gyz maşgalanyň gün görmegi örän kyn bolsa, ikinjiden bir arkasyz derwüşyň şeýle gözel gyzy özünüň owadanlygy zerarly başyna geljek belalardan goranyp bilmezdi. Zamananyň nakyly şeýle ,, owadanlyk başa beladyr. Muny şa hem gedaý hem ykrar etmeli bolýar”. Horezmşa hyýalyny bes edip, galandarlaryň ketdesinden gaýtmaga rugsat sorady.

Biziň külbämizde ähli mysapyrlar üçin ýer tapylar, isleseňiz galyberiň – diýip, şagalandar rehim, şepagatly dillendi.

Köp sag bol, merhemetli ynsan! Biziň kerwensaraýda ýerimiz bar. Rugsat etseňiz besdir- diýip, şa weziri bilen ýerinden turdy. Galandarlar olary ,, Alla ýaryňyz bolsun, dört çaryýar medetkäriňiz bolsun!” diýip, alkyşlar bilen ugratdylar.

Köçä çykanlarynda güýz aýynyň gijeki salkyn howasy şa bilen weziriň çilimdir neşäniň tüssesine dumanlan kellelerini birazrak açan ýaly boldy. Emma Horezmşa ähli eşiden gep – gürrüňlerini unudyp, ýaňyja diňlän sazynyň şirin lezzetinden mes bolup gelýärdi. Onuň henizem gulaklarynda dutaryň jadyly labyzy ýaňlansa, perdeler üstünde enaýy oýnaýan hytaýy barmaklar göz oňünden gidenokdy.

Köşgüň golaýyndaky köçeleriň birinde goşa at goşulan paýtun araba köp wagtdan bäri garaşyp durdy. Hälki iki derwüş gelip, paýtunyň tylla nagyşly gapysyndan sümdüler-de, eşiklerini çalşyrdyar. Şeýdip, köçelerde ýaňja ygyp ýören bu iki galandar ýene-de Horezminiň gudratly hökümdarlaryna öwrüüldiler. Häliden bäri dymyp gelýän şa köşge gelip ýetenlerinde, wezirine gysga buyruk berdi.

Ertir meniň huzuryma birinji salama gelen adam ýaňky sazandar bolmaly.

Lepbeý, Alyhezret – diýip, wezir iki büküldi. – Alyhezret, eger kabul etseňiz, bir maslahatym bar.

Aýt, näme maslahat.

Eger siz ol sazandary köşgünize laýyk görýän bolsaňyz, onda ony gaty inçelik, mylaýymlyk bilen boýnatmak gerek. Ýogsa ony zorluk bilen

özümize hyzmat etdirip bolmaz.

Näme, biz oňa ýalbarmalymy?

Ýok, kyblaýy älem. Ýalbarmak gerek däl – diýip, Mehduny dilini dişledi. Ol tylla tagtda oturan hökümdara „ hemme kişä edäýn gödekligiňizi oňä etmäň" diýip aýdyp bolmajagyny gaty gowy bilýärdi. Şonuň üçin ol bu gepi düşündürmegiň başgarak tärini gözleýärdi.

Alyhezret, zoruň haýyş äheňinde aýdan sözlerini-de ejiz buýruk hökmünde kabul edýändir – diýip, Mehudyny şeýle jüpüne düşen jogap tapanyna begenip dillendi. – Isgender Zulkarnaýyň Çynma-çyn ýurduny nädip alandygy baradaky rowaýaty eşiden bolsaňyz gerek. Bizem ol sazandary ana şonuň ýaly inçe ýol bilen özümize gulluk etdirmeli.

Horezmşa özüni zamanynyň Isgenderi saýýardy. Şonuň üçin ol Isgender Zulkarnaýyň taryhyny gowy bilýärdi. Emma onuň Çynma-Çyny alandygyny eşitmändi.

A-how, Mehduny, sen taryhdan habaryň ýok ýaly-la. Isgender Zulkarnaýyn Çynma-Çyna ýörüş etmändir ahyryn.

Alyhezret, elbetde men guluňyz, taryhy siziň bilişiňiz ýaly bilýän däldirin. Ýöne şol rowaýata garanda Isgender Zulkarnaýyn Çynma-Çyny bir damja-da gan dökmän, hat-da onuň topragyna gadamam basman alypdyr. Eger, diňleseňiz, size şol rowaýaty gürrüň bereýin.

Onuň ýaly täsin gürrüň bolsa aýt, diňläýin!

Lepbeý, Alyhezret – diýip, Mehduny söze başlady:

Isgender Zülkarnaýyn dünýäniň gaty köp ýurtlaryny özüne tabyn edeninden soň, agyr goşun çekip, Çynma-Çynyň serhedine gelipdir. Goşuny serhetden aňry geçirmän, şol ýerde aýak çekmäge buýruk beripdir. OL özüniň haşamly çadyryna girip, Çynma-Çynyň hakanyna gaty inçe mazmunly bir hat ýazypdyr. Haty çapar bilen hakanyň köşgüne ýollapdyr. Şol döwürde Çynma-Çynda Kahyşin diýen ýaşy bir çene baran hakan höküm sürýän eken. Hakan Isgender Zulkarnaýnyň çaparynyň getiren hatyny açyp okamagy mürzesine buýurýar. Mürze haty köşk hadymlary eşider ýaly edip batly ses bilen okaýar.

„Hormaty beýik Çynma-Çyn ýurdunyň beýik hakany Kahyşine! Men, Isgender Zulkarnaýn Siziň jümle – jahana dolan at – owazaňyzy, Çynma-Çyn ýurdunyň biçak gözel we beýik ülkedigini eşidip, Sizi togap edip synyňyzy maňlaýyma degirip gitmek maksady bilen uzak ýoldan ejir çekip geldim. Ýolumyz bihatar bolsun üçin öz ýanyma bäş – alty sany nöker hem aldym. Emma siziň rugsadyňyzy almazdan serhetden geçmäge milt edip bilmän şu ýerde aýak çekdim. Eger serhediňizden geçmäge rugsat etseňiz, köşgüňüze baryp, siziň didaryňyzy görsem we size getiren sowgat – salamlarymy gowşursam diýen niýetim bar.

Tagzym we hormat bilen Isgender Zulkarnaýyn".

Hat okalyp bolunansoň köşk hadymlary ,,Elhapus! Aperin! Biziň beýik hanymyza Isgender Zulkarnaýyn ýaly dünýäni lerzana salan patyşalar hem tagzym etmäge gelipdir” diýişip, dumly – duşdan hakana ýaranjaňlyk edýärler, Kahyşynyň özi-de muňa monça bolup, köşk hadymlaryna buýruk berýär:

Hany, baryň atlanyň! Isgenderiň öňünden çykaly. Bizi hormat eden adama hormat goýmagymyz gerek!

Şeýdip hakan başlyklaýyn otuz-kyrk atly bolup Isgenderiň goş taşlan ýerine barýarlar. Şonda olar Isgenderiň hatynda ,, ýolumyz bihatar bolsun üçin öz ýanym bilen bäş-alty sany nöker hem alyp gaýtdym” diýeniniň uç-gyraksyz agyr goşundygyny görüp, gaty aljyraňňy ýagdaýa düşýärler.

Hakanyň gelenini Isgendere habar berenlerinde, ol çadyryndan çykyp, hakany atdan gujaklap düşürýär, adamlary bilen bile çadyryna teklip edýär, hezzet – hormat edip, öňlerine saçak ýazýar.

Hany, oglum Isgender, sen aýt, bu agyr goşun bilen biz taraplara sapar etmekden maksat näme? Diňe bizi togap edip gitmekmi ýa-da başga maksat hem barmy? – diýip, hakan dil ýaryar.

Isgender oňa mylaýym ýylgyryp jogap berýär:

- Başga-da bir maksat bar, hormatly atam. Ol maksat şeýle : Asmanda Hudaý bir ýerde-de häkim bir bolmady. Men dünýäniň Çynma-Çyndan başka aýurtlaryny zabt edip aldym, olary özüme tabyn etdim. Indi şol ýurtlary men size tabşyraýsam, sizem allatagallanyň ýeke täk häkimi bolup höküm sürseňiz, nähili görýäňiz?

Isgenderiň gaty sypaýçylyk bilen ýazan haty ýaly bu aýdan mylaýym sözleriniň asyl manysy Kahyşine-de, onuň ýany bilen gelen adamlara-da örän düşnüklidi. Maksat aýdyňdy . Kahyşin uzak dymyp oturmady. Dymanynda-da etjek alajy ýokdy. Takdyryna tabyn bolmalydy. Şonuň üçin ol uludan demini alyp, jogap berdi:

Oglum. Isgender, dünýä ýüzüne häkimlik ederden men indi gartaşan adam. Şoňa görä Çynma-Çyny biz saňa tabşyraly. Ýer ýüzünde häkimligi özüň ediber.

Isgenderiň gözlerinde ýeňiş uçguny lowurdaýardy. Ol :

Bu pikiriňiz hem ters däl, atam. Maňa şeýle uly ynam bildireniňiz üçin sag boluň! – diýip, öňden taýynlanyp goýlan şertnamany hakanyň öňüne süýşürýär. Hakanyň şertnama möhür basmakdan başga alajy galmaýar.

Mehduny gürrüňini gutaryp, Horezmşanyň ýüzüne dykgat bilen seretdi. Görnüşine garanda, onuň gürrüňi hökümdara ýarana meňzeýärdi.

Ine, Alyhezret, Isgender Çynma-Çyny şeýdip, ýekeje damja gan dökmän alypdyr – diýip, Mehduny sözüniň soňuny ýetirdi.

Arkaýyn bol, wezir, Isgender Çynma-Çyny şeýdip alan bolsa,

bizem ol sazanadary edil şeýdip özümize tabyn ederis – diýip, Horezmşa başyny atyp ýylgyrdy. – Indi, saňa rugsat, işi et!

Lepbeý, Alyhezret – diýip, wezir bäş egip, çykyp gitdi.

Horezmşanyň emriniň ýerine ýetirilmän galan wagty hiç haçan bolmandy. Bu gezek hem şeýle boldy. Şol günüň ertesi guşluk wagty şa arzhana gelip, tagta oturanynda garşydaky gapydan Mehduny weziriň göwresi göründi. -Kyblaýy älem, rugsat etseňiz, bir pukaraňyz arzysalama gelipdir.

Pukaranyň kimdigi Horezmşa düşnüklidi. Ol ,,girsin" diýen manyda başyny atdy. Wezir bilen sazandar – derwüş içerik girip, gapynyň öňünde tagzym edip durdular.

Horezmşa hiç wagt etmeýän işini edip, gelenleriň hormaty üçin ýerinden turdy, ýuwaş ädip, derwüşyň golaýyna gelende aýak çekdi. Jinde geýen derwüş zynatly köşküň içinde owadan halynyň üstündäki ýyrtyk çokaýa meňzeýärdi. Emma juluň içinde bolsa-da, onuň gözellikde taýsyz keşbi küle gaçan göwher kimin lowurdap durdy. Şa onuň howatyrly oýnaýan şar gara gözlerine siňe seretdi.

Zergär kişiler zeri nirede bolsa-da tanap, tapyp alýarlar. Bizem sizi şalyk mertebämize laýyk bilip, tapdyryp getirtdik.

Sazandar geplemedi. Şa gülümsiräp, sözüni dowam etdi.

Gepläberiň owazymdan kimdigimi bilerler diýip, endişe etmäň. Biz siziň owazyňyzy eşitmesek-de kimdigiñizi bilýäris.

Derwüşiň gözlerindäki howatyr has-da güýçlendi, ol şanyň ýüzüne bakyp dillendi:

Alyhezret, menden näme isleýäňiz?

Öz gizlin syryny paş etmezlik üçin gör näçe ýyllardan bäri dil ýarmadyk on sekiz ýaşly gyzyň enaýy owazyna şanyň hem, weziriñ hem ini çümşüldäp gitdi.

- Biz Siziň özüňize däl-de, sungatyñyza , sazyňyza aşyk bolup köşge çagyrtdyk – diýip, şa salyhatly gepledi. – Mundan soň siz galandarlaryň meýlislerini terk edip, biziň meýlislerimizde sazandarlyk edersiňiz hem-de köşkde erkana kenizlerimiziň biri bolup ýaşarsyňyz diýip umyt edýäris.

Eger sazandary öz erkine goýsalar, howandarsyz ýalňyz atasyndan aýrylyp, köşkde ýaşanyndan şol oňki ykmandalyk durmuşyny müň paý gowy görjekdi. Emma ol şanyň bu ýumşak äheňiiniň aşagynda gaýtaryp bolmajak buýrugyň ýatanyny oňat bilýärdi. Şonuň üçin ol sözsüz ylalaşmaly boldy.

Eger, Alyhezret meni şeýle beýik mertebä laýyk görýän bolsa, men razy. Yöne ýalñyz atam....

. - Atañyzyñ gaýgysyny etmäñ , şeýle senetkär gyzy ösdürüp ýetişdiren atany hor etmeris- diýip şa gyzyñ sözüni böldi , soñ - indi özüňizi äşgär

ediň. Siziň adyňyz kimdir?! - diýdi.

- Adym Rugsar.

Eşidýäňmi Mehduny? – diýip, şa wezirine ýüzlendi. – Meniň şu kararymy ähli köşge mälim et. Rugsar şa neslinden bolmasa-da, sungatyň şasydyr. Şoňa görä onuň adyny tutanlarynda „ banu” sözüni goşup tutsunlar. Indi Rugsar banuny eltip, mährem kenizlerine tabşyr. Olar ony hammama salyp, iň kaşaň lybaslardan geýdirsinler.

- Lepbeý, Alehezret – diýip, wezir Rugsar banu bilen arzhanadan çykdy.

Mehduny wezir şanyň huzuryna gaýdyp gelende, şa köpden bäri köňlünde besläp gelýän bir arzuwyny daşyna çykardy.

Mehduny, biz Horezmin ýurdunyň soltany bolanymyz bäri ähli arzy – isleglerimiz alla – tagalanyň keremi bilen berjaý bolup gelýär. Biziň ýene bir arzuwymyz bar, şony-da amala aşyrmaga wagt ýetdi.

Ol nähili arzuw?

Biz gözel paýtagtymyz Gürgenjiň merkezinde bir beýik minara etmekçi. Ol minara dünýädaki ähli miaralardan hem beýik bolmaly. Goý, ol biziň gudratymyzy äleme jar etsin dursun!

Kyblaýy älem şeýle zady arzuw edýän bolsa, enşalla ol biguman amala aşar.

Onda bu işe hötde gelip biljek kim bar.

Horezminde eli gül binagär ussalar gaty kän , ýöne Semender ussanyň öňüne çykjak binagär ýok. Eger siziň Alyhezretiňiz makul görse, ony işbaşçy edip belläýeris.

Edil meniň göwnümdäki adamy aýtdyň, Mehduny. Men ony gowy tanaýan – diýip, şa sözüne dyngy berdi. Soňra birden buýruk äheňinde seslendi. – Semender ussa çakylyk iber, şu gün agşamky meýlise özüniň ýakyn adamlary bilen gelsin. Şu günki meýlisde Rugsar banu hem ilkinji gezek çykyş eder. Şeýdip biz iki täzeligi bir wagtyň özünde jar ederis.

Kyblaýy älem, emriňizi berjaý etmäge rugsat ediñ, – diýip, wezir şanyň huzuryndan çykdy.

Agşamky meýlis adatdaky meýlislerden has şagalaňly başlandy. Şa gelip tagtynda oturynyndan soň, onuň yşaraty bilen perwanaçy märekä ýüzlendi.

Begler, asylzadalary, hemmaňize mälim bolşy ýaly, biziň gudratly ýurdumyz ylmyň hem sungatyň mesgenidir. Biziň sungat gülzarymyzda ýene bir ajaýyp gül açylyp, kemala gelendir. Beýik şamyz ony köşgüň bezegi bolsun diýip, ygtyýar etdi. Merhaba, Rugsar banu hanym!

Perwanaçy sözüni gutarandan, meýlisler eýwanynyň gapylaryndan biri açylyp, başdan- aýak zer geýnen serwi boýly görmegeý gyz içerik girdi-de, otyranlara tagzym edip, görkezilen ýere geçdi. Bütin köşgüň gözi şondady.

- Asylzadalar, men kyblaýy älemiň ýene bir möhüm kararyny siziň öňüňizde yglan etmek bagtyna miýesserdirin. Onuň Alyhezreti gözel paýtagtymyz Gürgenjiň merkezinde beýiklikde dünýäde tenha bolan bir minara bina etmekçi. Ol minarany Horezminiň meşhur binagäri , ussa Semender ýüz adam bilen bir ýylda gurup bermäge beýik şamyza söz berdi. Merhaba, ussa Semender we onuň şägirdi ussa Isgender!

Gapylaryň ýene biri açyldy, içerik gara kepçe sakgally, garýagyz, orta boýly, orta ýaşlaryndaky adam bilen gyzyl ýüzli, peşeneli pälwan sypatly ýaş ýigit girdi. Soňky gelenlere üns hem bermediler. Adamlar nazaryny Rugsar banuwyň husny- jemalyndan başga ýaňa sowmaga erk edip bilenokdylar. Şanyň buýrugy boýunça hyzmatkärlerden biri Rugsar banuwa tylla saply şahana dutar getirip berdi. Rugsar banu dutary emäý bilen dyzynyň üstünde goýdy-da, zer köýnegiň uzyn ýeňlerini çermäp, oturanlara ýeke-ýeke göz gezdirdi. Soňra peýkam kirpikli gözlerini süzüp, bir enaýy mukama başlady. Dutar göýä janly adam ýaly dillenip, hasratly dünýäniň destinden nala çekýärdi, adamlar hem onuň nalyşyna duýgydaşlyk bildirip, doňup otyrdylar. Ençeme wagtdan soň Horezmşa ilkinji bolup dillendi:

Merhemetli, Rugsar banu , biziň köşgümiz ahy –nalanyň ýeri däl-de, şadyhorramlygyň mesgenidir.

Siziň alyhezretiňiz, bagyşlaň, men öz göwün köşgümiň hasratyny beýan etdim – diýip, Rugsar banu aşak bakdy. – Indi siziň rugsadyňyz bilen şadyýan heňlerden çalyp beräýerin.

Semender ussa sazandar gyzdan gözüni aýryp bilmän oturan şägirdiniň gulagyna çawuş çakdy.

Şäherde ýaýran gürrüň biderek däl ekeni. Şa biçäre Mahmydy ýeke gyzyndan hem aýrypdyr.

Isgender ünjüli sorady.

Indi şa ony haremindäkileriniň biri etmekçimikä?

- Ýok, şa onuň sungatyna uly sarpa goýýamyşyn – diýip, ussa ynamly aýtdy.

Meýlis tä ýary gijä çenli dowam etdi. Bu gezek meýlisçiler meýden, şerapdan däl-de, Rugsar banuwyň sazyndan serhoş bolup dargaşdylar. Semender ussanyň şägirdi Isgender bolsa onuň husny - jemalyna huşuny aldyrdy.

Şol günüň ertesi Semender ussa Gürgenjiň merkezi meýdanlarynyň birinde ýüzden hem govrak gurluşykçy bilen minaranyň gurluşygyna başlady. Ussanyň ähli işi göwne jaýdy, gurluşyk hem gyzgalaňly gidýärdi. Emma onuň eý görýän şägirdi Isgender näme üçindir gaty gamgyn görünýärdi. Durmuşyň ajy-süýjüsini köp dadan ussa şägirdiniň ýüregindäki iňkisiň sebäbini aňyp ýördi. Ýöne ol, ýaşlykda bolýan zatlardyr, geçer gider

öýdüpdi. Emma Isgenderiň bolşy ussany has oýlandyrdy. Şägirdiniň başyna düşen hasrat – hakyky yşk hasratydy. Onuň derdine derman tapmak gerekdi. Ýöne bu iş örän müşgüldi

Semender ussa ugurtapyjy adamdy. Ol şägirdine kömek etmek maksady bilen, ony işden soň ýanyna çagyryp, şeýle diýdi:

Isgender men seniň ýagdaýyňa gaty gowy düşünýän. Ýöne sen şanyň köşgündäki gyza aşyk bolmak, asmandaky elýetmez aýa aşyk bolmak bilen barabardygyna düşünýämiň, beri?

Düşünýän, emma men ýüregimdäki duýgudan rüstem gelip bilemok – diýip, Isgender halypasyna müýnli garady.

Semender ussa nämedir bir zadyň pikirini edip, aşak bakyp, ençeme wagt geplemän oturdy. Soňra ol bir karara gelen ýaly kellesini galdyrady.

Onuň ýaly bolsa, bir çäresini tapmak gerek, Isgender beg – diýip, ussa mylaýym ýylgyrdy. – Eger makul görseň, men bir çäräni öz ýanymdan biçip – kesip goýdum.

Bu sözleri eşiden, Isgenderiň gözlerinde umyt uçguny şöhlelendi. Semender ussa şägirdine oýlap tapan çäresini jikme – jik düşündirdi. Isgender hem onuň bilen ylalaşdy.

Şägirt bilen halypanyň arasynda şu gürrüňler bolup geçen günüň ertesi iňrik garalyp, garaňky gatyşansoň, şanyň köşgünde gara ýüpek ýaglyga bürenen uzyn boýly bir kenizek peýda boldy. Onuň köşge haçan we nahili girenini ne sakçylar bildi, ne-de hyzmatkärler. Ol Rugsar banuwyň bolýan otagynyň salgysyny alan bolmaga çemeli, göni baryp şol otaga girdi. Şol wagt Rugsar banu aýnanyň öňünde zülplerine şana urup otyrdy. Ol duýdansyz giren kenize öwrülip bakdy-da:

Näme ýumuşly geldiňiz? – diýip, mylaýymlyk bilen sorady. Ol bolsa gapa arkasyny diräp durşuna başyndaky ýaglygyny aýryp, edep bilen salam berdi. Onuň erkek adamdygyny gören banu birbada gorkusyna gygyrjak ýaly etdi, emma nämedir bir zady endişe dip, özüni saklady.

Size näme gerek? Ýa atamdan bir habar getirdiňizmi?

- Atańyz sag gurgun. Ýöne men size öz ýüregimiň habaryny getirdim - diýen ýigidiñ ýüzüne Rugsar banu siňe seretdi-de:

– Siz şol bir sapar galandarhana saz diñlemäge, soñam ýakynda köşkdäki meýlise gelen minara guryan binagär ussanyň şägirdi dälmi?-diýdi..

- Hawa, men şol ussanyň şägirdi hem-de siziň ýesiriňiz.

- Diýýäniňiz näme ýigit. Bu ýerde meniň özüm ýesir. Ýesire esir bolmak siziň nämäňize gerek? Onsaňom siz bu ýere bu hili ýagdaýda gelmäge biçik het etdiňiz? Duýsalar sizi öldürerler, ahyryn.

- Çyn aşyklar ölümden gorkmaýar, banu. Meni bu ýere size bolan otly söýgüm itekläp geldi – diýip, Isgender gyzyň öňünde dyza çökdi.

Ýigidiň gözlerinde ýanyp duran söýgi oduna gyzyň nazary kaklyşanda ýüregi jigläp gitdi. Şeýdip iki ýürekdäki pynhan duýgular ýüze çykdy. Olar duşuşdyklary saýyn aralaryndaky söýgi ýürekleriň jümmüşine kök atyp berkeýärdi.

Aý aýlanyp, ýyl geçdi. Minaranyň gurluşygy-da tamamlanyp barýardy. Minara beýgeldigi saýyn Horezmşanyň beýnisinde bir gara niýet barha ösýärdi.

Günleriň birinde şa Mehduny weziri ýanyna çagyryp, şol gara niýetini daşyna çykardy.

Mehduny, minara-da göwnümüzdäki ýaly bolup çykaýjak öýdýän. Erte – birigün onuň soňky kerpiji goýuljak. Ýöne şeýle belent minara diňe Horezminde bolmalydygyny unutma. Horezminiň şöhratyndan beýik şöhrat bolmaly däl. Düşünýämiň?

Kyblaýy älem, dogrusyny aýtsam, Siziň näme diýjegiňize oňly düşünemok – diýip, ol hökümdara müýnli seretdi.

Seniň paýhasyň barha kütelip barýar, Mehduny. Akyl hem gylyç ýalydyr, ony çarhlap durmasaň küteler.

Wezir geplemedi, şa sözüni dowam etdi.

- Düşünmeseň, açyk – aýdyň aýtmaly boljak. Gulak as. Beýle beýik minarany gurmak her bir ussanyň elinden gelip duranok. Muny diňe Semender ussanyň başarmagy mümkin. Eger onuň başy dik bolsa, şeýle minaranyň ýene bir patyşalykda bina bolmagy ähtimaldan daş däl. Indi düşündiň gerek!

Şanyň niýetiniň düzüw däldigini aňan Mehdunyny gara der basdy. Sebäbi ol Semender ussa beýik binagär hökmünde uly sarpa goýýardy. Ýöne wezir hökümdaryň garşysyna gitmäge milt edip bilmedi.

Düşündim, kyblaýy älem. Diýmek Semender ussa soňky kepiji goýup, aşak düşeninden soň, onuň ýoguna ýanmaly.

Berekella – diýip, wezire gitmäge rugsat berdi.

Şanyň bu karary her näçe gizlin-de bolsa, iki üç günüň içinde köşkde ýaýrady. Ol Rugsar banuwyň hem gulagyna gelip ýetdi. Şanyň ýowuz niýetini eşidip, Rugsar banu biçak gaharlandy. Ol: ,, Şa bu niýetine hiç haçan ýetmez” diýip, öz ýanyndan şert etdi. Rugsar banu şol gün Isgender bilen boljak agşamky duşuşyga öňküsinden hem has sabyrsyzlyk bilen garaşýardy.

Uly şäher gijäniň gara perdesine örtülensoň, şanyň köşgüne öwrenişen gara geýimli, uzyn boýly ,,Keniz” bu gün hem hemişeki ýaly, ol ýerde duýdansyz peýda boldy. Ol baryp, Rugsar banuwyň otagyna girenden, ony banu howsalaly garşy aldy.

Ezizim Isgender, bu gün men sizi şatlandyrmagyň, göwnüňizi götermegiň deregine elhenç bir habary aýtmaga borçludyryn.

Ol nähili habar? – diýip, Isgender howatyrly sorady.

Siziň halypaňyzyň başynda ölüm howpy bar.

Meniň halypamyň başynda? Aý, ýo-ga, Rugsar! Ol-a şanyň garamagyndaky adam. Oňa el götermäge hiç kim het edip bilmez.

Wah, Isgender, düşünseňiz-le, ony şanyň özi öldürjek bolýan bolsa nätjek. Hawa, eger Semender ussanyň sanalgysy dolmasa, ol başga bir patyşa-da şeýle beýik minarany gurup bermegi mümkin diýip, şa ony ýok etjek bolýar. Şonuň üçin bu jenaýatyň öňüni almaly. Ony halas etmek gerek!

Şeýle diýseňiz-le, Rugsar. Köp sag boluň! Men ony hökman halas ederin! Bu meniň şägirtlik borjum – diýip, Isgender Rugsar banu bilen hoşlaşdy.

Soňky wagtda Semender ussa işleýän ýeri – minaranyň depesinden gije – -gündiz düşenokdy. Ol şol ýerde naharlanyp, şol ýerde-de ýatyp – turýardy. Minaranyň etrapynda goş tutyp ýatan gurluşykçylaryň arasynda, minaranyň içersine girilýän agzynda-da sakçylar bardy. Olar garaňky düşensoň, hiç kimi minaranyň içine girizmeýärdi. Minaranyň depesine bolsa diňe içindäki basgançaklardan çykmak mümkindi.

Şonuň üçin Isgender Rugsar banudan eşden şum habaryny ussadyna şol gijäniň özünde ýetirmäge mümkünçilik tapmady. Ol daň atýança garaşmaly boldy.

Daň atyp, iş başlanandan soň, Isgender özüniň işleýän ýerine gijesi bilen pugta oýlanan çäresini ýüregine düwüp geldi. Ol minaranyň içersindäki orta basgançaklaryň birinde durup, aşakdan berlen kerpiçleri mazaly timarlap ýokary uzadýardy. Şeýle ýagdaýda kerpiçler elden-ele geçip, ahyr soňunda-da Semender ussa ýetýärdi.

Isgender şol gün birinji timarlan kerpijiniň ýüzüne şanyň ýowuz niýetini ýazyp goýberdi. Ol kerpiç şähdaçyklyk bilen ýaňy işe girişen ussanyň eline baryp düşende, onuň ýüzi ak kagyza döndi. Emma nähili ýagdaý bolsa-da, ondan çykalga tapmagy başarýan ussa özüni ýitirmedi. Ol derhal başga bir kerpijiň ýzüne hat ýazyp, özünden aşakda durana berdi. Ol:

Şu kerpiji Isgendere gaýtaryň, ony mazalyja timarlap bersin – diýip buýurdy. Ýokardan gelen kerpijiň ýüzündäki hata gözi kaklyşandan Isgender öz habarynyň halypasyna baryp ýetenini aňyp begendi. Ol haty nebsewürlik bilen okady. Semender özüne ganat bejermek üçin ýokaryk ýeterlik mukdarda gamyş, kagyz we ýelim ibermegi haýyş edýärdi. Isgender ussadynyň ugur tapyjylygyna telpek goýup, şol günüň özünde onuň haýyşyny ýerine ýetirdi. Emma ol ussadynyň niýetiniň amala aşjagyna – aşmajagyna göz ýetirip bilmän üç güne çenli ynjalyksyzlanyp gezdi. Üçünji gün bolsa, diňe Isgenderi däl-de, bütün Horezmin ýurduny haýran galdyran görlüp-eşidilmedik waka boldy.

Gün guşluga galan wagtydy. Minaranyň süýr depesinde Semender ussa ör boýuna turup, halka ýüzlendi:

Halaýyk! Men häzirjek bir ýyllap iş edinen beýik gurluşygymyz - minaranyň iň soňky kerpijini goýdum. Bu işi hökümdarymyz Horezmşanyň emri bilen başlanam bolsam, bu minara halkymyza, bizden soňky nesillere ýadygär bolsun diýip, zähmet çekdim. Emma men çeken zähmetimiň öwezine şadan uly bir sylaga garaşmadygam bolsam, ýönekeý bir sag bolsuna garaşypdym. Ýöne şa sag bolsunyň deregine maňa ölüm jezasyny taýynlap goýupdyr.

Adamlar! Men bir zada aýdyň göz ýetirdim. Kim zalym şalara hyzmat etse, onuň başyna töhmet ýagýar. Kim adyl şalara hyzmat etse onuň başyna rehnet ýagar. Şoňa göra men siziň bilen, ilim-günüm bilen hoşlaşmaly bolýan. Hoş galyň!

Semender ussa sözüni gutaryp: ,,Ýa rebbim!" diýip, çasly gygyrdy-da özüni minaradan aşak oklady. Şol bada onuň arkasyna gaýym daňylan äpet ganat ýazyldy güýçli elleriniň kuwwaty bilen herekete girip, ony asmana göterdi gitdi.

Şeýdip Horezminiň bir ajaýyp binagäri öz ýurduny taşlap uzak ülkelere uçup gitdi.

Semender ussanyň gaçanyny eşiden Horezmşa gazap atyna atlandy. Ol Semendere gaçmaga kömek eden adamy tapmak üçin buýruk berdi. Derňew şany köp garaşdyrmady. Onuň adamlarynyň biri Isgenderiň ýüzüne hat ýazan kerpijini minaranyň depesinden tapyp getirip, şanyň öňünde goýdy. Muňa öňküsinden hem dergazap bolan şa Isgenderi minaradan oklap öldürmegi buýurdy. Bu aýylganç habar bütin şähere ýyldyrym çaltlygynda ýaýraýşy ýaly, Rugsar banuwyň hem gulagyna gelip ýetdi. Söýgülsiniň pajygaly ölümine döz gelip bilmedik Rugsar banu-da özüni saçlary bilen bogup öldürdi.

Köşgüň bezegi bolan bu senetkäriň ýogalmagy rehim-şepagatdan mahrum bolan şanyň hem daş ýüregini eretdi. Ol ýurtdaky mumiýalaýjy ussalary çagyryp ,, Rugsar banu ýedi müň ýyl ýeriň aşagynda ýatsa-da endamynyň hiç bir ýeri zowal tapmasyn" diýip buýruk berdi.

Gyza mermer daşyndan sandyk bejerip, şanyň aýdyşyndanam zyýada edip, mumiýalap jaýladylar.

Gyzynyň ölümi zerarly aklyndan azaşan kör derwüş bolsa, tä ömrüniň ahyryna çenli, her gün onuň mazarynyň üstüne baryp, dutarda gamly mukamlar çalyp oturypdyr.

Syryň açylyşy

Garry gürrüňini gutardy. Kelläme bir bir pikir gelip, gyssanmaç ýerimden turdum. Muhtaryň eline apparatly taýak alyp, gijelerine nämäni gözlap ýöreni indi meniň üçin aýdyň boldy.

Garry bilen hoşlaşyp, daşary çykdyk. Men Muhtary görmäge howlugýardym.

Ýolboýy Aýsenem keselhananyň işleri barada bir zatlary gürrüň berip gelýärdi. Emma meniň gulagymyň daşýanyndanam geçenokdy. Pikirim Muhtaryň akyla sygmajak işindedi „ Hakykatdanam, ol şu küýe düşdümika? Heý bir, şeýle zady-da amala aşyryp bolarmyka? “ diýip, içimi gepledýärdim.

Beýinimde at salýan şu pikirler bilen gümra bolup, öýe ýetip gelenimizi-de duýman galypdyryn. Hiç zatdan habarsyz Aýsenem hoşlaşyp, öýlerine gitdi. Men Muhtaryň gapysynyň öňüne gelip, aýak çekdim. Syryny açanymy oňa nähili edip aýtjagym hakda pikirlendim. Dälize girenimden, Muhtaryň özi içerki otagdan çykyp garşylady. Onuň bolşy birhili üýtgeşikdi. Gözlerinde düşnüksiz bir ot ýanýardy, ýüzi güýçli tolgunmadan nurlanyp durdy. Gysgasy, ol şu  görnüşinde bir silkinip uçup gidäýjek äpet guşa meňzeýärdi. Men oňa?

Gizlän-de  bolsaň, baryny bilendirin! – diýdim. Ol uly ýeňiş gazanan adamyň ýylgyrşy ýaly ýylgyrdy-da:

Biraz gijigipsiň, meniň özüm saňa häzir ähli syrymy açmakçydym- diýdi. Soňra maňa synçylyk bilen seretdi-de :

Bolýar, häzirlikçe men aýtmaýyn. Bilen bolsaň özüň aýt, nähili syr ekeni meniň syrym? – diýdi.

Sen Rugsar banuwy tapypsyň hem-de ony direltmegiñ üstünde işleýärsiñ- diýenimde, Muhtar meniň bir elimden tutup, aşhana alyp girdi-de gözlerime siňe seredip:

Muny nireden bildiň? – diýdi.

Häzir Rugsar banu hakyndaky rowaýaty soňra seniň „ Bu işim amala aşsa, ýitirilen şol mukamlar hem gaýtadan dünýä iner” diýeniñiň manysyna pähim  ýetirdim.

Kelläň kemi ýok – diýip, ol güldi: - Emma häzirlikçe hiç kime hiç zat diýme.

Diýmerin. Emma häziriň özünde ony maňa görkezmeli bolarsyň. - Çaýyny içip bolsun entek – diýip, Muhtar ýylgyrdy.

- Kim?! Rugsar banumy?

- Hawa. Şunça asyrlyk açlykdan soň. Oňa azrak naharlanmak gerekmi, Ýokmy?

- Aý goýa , hakykatdanam, ol häzir çaý içip otyrmy? !

Muhtar jogap bermegiň deregine hezil edip gülýärdi.

- Meni oýnaýaň  öýdýän, Muhtar? – diýdim.

- Degişýän, dostum. Emma ýakyn günlerde onuň seniň bilen oturyp, çaý içjekdigine söz berýärin – diýdi: - Emma öňünden aýdyp goýaýyn, ahmal bolsaň, elleriňden käsäň düşüp dowülmegi mümkin.

Rugsar banuwyň gözelligi öz döwründe köp adamlary aklyndan azaşdyrypdyr.

- Diýmek... diýmek, işiňden bir netije çykypdyr-da?

Muhtar begenjinden meni gujaklady. Men edil ajaýyp erteki diňleýän çaga ýaly, gözlerimi petredip, oňa serdeýärdim. Muhtar meni goýberdi-de:

- Ýör, görkezeýin- diýip, laboratoriýasy tarapa yşarat etdi.

Labaratoriýa men tüýs jadygöýüň mekanyna girjek ýaly, ýüregimi elime alyp girdim. Laboratoriýa ak tuty bilen ika bölünen, onuň öňündäki bölümünde her hili suwuklyklar salnan çüýşeler, enjamlar, bir topar ululy-kiçili apparatlar bardy. Muhtar meniň elimden tutup, tutynyň aňyrsyna geçirdi. Ana şonda, akylym haýran bolup, dilim damagyma dykyldy. Ullakan wannada mawy reňkli suwuklugyň aşagynda ajaýyp bir gözel ýatyrdy. Suwuklyk şeýle bir durudy welin, hat-da onuň içine çümüp ýatan gyzyň husny jamaly-da anyk görünýärdi.

Wannanyň başuç tarapyndaky jykgyldap ýöräp duran ullakan apparadan çykan simler gyzyň synasyna goýlan kiçijik galkana meňzeş zada birigýärdi. Apparadyň üstündäki kislorod haltasynyň uzyn naýçasy gyzyň dodaklaryna gysdyrylgydy.

Muhtar meni ýaş çaga dek idip, uly otaga alyp çykanynda akyla sygmajak düýşden oýanan ýaly boldum.

Ýeri? – diýip, ol gülümsiredi.

Hakykatdanam, ol direlermi? – diýip, müňkürlik bilen soradym.

Elbetde, direler. Bireýýäm işe girizip göýberilen ýüregi gany dolandyrmaga başlady. ,,Durmuş suwy” bolsa ähli dokumalaryň gaýtadan janlanmagyna kömek eder. Emma organizmiň doly özüne gelmegi üçin, biraz wagt gerek

Näçeräk wagt gerek bor?

Häzir anyk aýdyp biljek däl. Ozalky hasabym boýunça, reaksiýa üç ýüz sagada golaý dowam etmelidi. Emma işiň häzirki barşyna seredende, az wagtam ýeterlik ýaly. Emma yzgiderli gözegçilik edip durmak gerek. Eger reaksiýa wagtyndan geçäýse, organizmi gaýtadan öldürýär.

Muhtar şeýle diýdi-de, labaratoriýasyna girip gitdi, az salymdan çykyp:

- Indi bu işden Aýsenemi-de habardar etmek gerek. Sebäbi mundan beýläk onuň hem gerek ýeri bar - diýdi.

Onuň ýaly bolsa häziriň özünde aýtmak gerek. Özüm oňat edip düşündirerin oňa - diýdim.

Muhtar razy boldy. Men bu adatdan daşary habary eşidende Aýsenemiň nähili ýadaýa düşjegini göz öňüme getirip, köçä çykdym . Aýsenemleriň gapysyna golaýlaşamda, onuň özi içerden çykaýdy.

Duşanyňyz gowy boldy. Öýüňize baryp, çagyryp çykarmaga çekinip

gelýärdim – diýdim.

Näme boldy, eýgilikmi?  - diýip, ol maňa  howatyrly seretdi.

Soňra näme diýjegmi bilmän,  dymyp galdym. Ýedi yklymda, düýşüňe girmejek bu habary  nädip  düşündirsemkäm janym?...

Näme habar? – diýip,  gyz has-da ynjalyksyzlandy.

Aýsenem – diýip, birhili ýylgyrdym, dünýäde nähili wakalar bolup ýörenini bir bilsediňiz!

Nähili waka! Amerikada rewolýusiýa bolupmy?

Men birden gülüp göýberdim:

Ýok... bu waka akyla sygjak zat. däl...

Aýsenemiň sabyr käsesi doldy:

Näm boldy ahyry, aýtsaňyz-la!

Aýtsam, ynsan hudaý boldy!

Bu näme diýdigiň? – diýip, gyz maňa geňirgenip seretdi.

Rugsar banu hakyndaky rowaýat ýadyňyzda barmy?

Hawa.

Maňa  Muhtaryň aklyndan azaşandygyny aýdyp bereniňiz hem ýadyňyzda gerek?

Hawa.

Muhtaryň şol aklyndan azaşany üçin, Rugsar banu direläýdi.

Aýsenem bu gepiň oýundygyna-da,  çyndygyna-da düşünmän, gözlerini petredip, ýüzüme seredýärdi.

Men oňa bolan wakany başdan aýak düşündirdim. Aýsenemiň akyly haýran bolup, duran ýerinde doňup galdy.

Siz entek  aljyramaň, Aýsenem. Muhtar mundan beýläk siziňem kömegiňiz gerek diýdi.

Biz  gaýtdyk. Biziň aýak sesimizi eşidip, Muhtar laboratoriýasyndan çykdy.  Aýsenem  ony görüp, birhili aljyraňňylyk bilen ýylgyrdy-da:

Muhtar, şu gep çynmy? – diýdi.

Çyn! – diýdi-de, Muhtar tolgunyp duran gyzy bagryna basdy. Soňra ol stoluň aşagyndaky oturgyçlardan  çykaryp, bize-de ýer görkezdi. Biz Muhtaryň özara kiçijik maslahat geçirmekçidigini aňyp, onuň golaýynda ýerleşdik.

- Iş göwnümdäki ýaly bolup çykdy – diýip, Muhtar söze başlady: - Rugsar banu häzir biologik taýdan direldi. Programma  boýunça  ýene  birnäçe günden ol doly güýjüne girýär. Ýagny ýerinden turup, ýöräp, gepläp biler. Birinji  gezek gözüni açan  mahalynda, onuň ýanynda Aýsenem, sen bolmaly. Bu onuň ruhy dynçlygyny saklamak üçin gerek. Sen ony ýuwundyrarsyň, geýindirersiň, gysgasy azrak wagt banuwa kenizlik  etmeli bolarsyň.

- Janym bilen, Muhtar.   Emma...-diýip, Aýsenem sakyndy.

- Emmaň näme? Görýän welin, sen muňa henizem ynanaňok, Aýsenem- diýip, Muhtar oňa garap ýylgyrdy.
- Müň ýyllap ýer teýinde ýatan adamyň direlmegi hiç mümkin däl ýaly...
Muhtar Aýseneme kinaýaly seretdi-de:
- Dünýädäki ähli milletleriň dilinde „direlmek" diýen söz bar. Adamzat entek direlmek we direltmek wezipesini çözmezinden öň bu sözi tapyp goýupdyr. Diýmek bu işiň haçan bolsa-da amala aşjagyna müň ýyllar öňünden ynanypdyr. Sen bolsa, bu işiň eýýäm durmuşa geçirilen mahalynda muňa ynanman otyrsyň – diýdi... Aýsenem näme diýjegini bilmän, haýran galmak bilen, Muhtara seredýärdi.

## MÜŇ ÝYLlYK GEÇMIŞDEN GELEN MYHMAAN

Aradan birnäçe gün geçdi. Ölümiň ýaşaýşyň öňünde dyza çökýän dabaraly pursatlary gelip ýetdi. Gije sagat on birler wagtydy.
Muhtar Aýsenemi laboratoriýa alyp girip, Rugsar banu gözüni açan mahalynda, näme işler etmelidigini oňa ýene bir gezek düşündirip çykdy. Soňra özi programma boýunça etmeli iň soňky işleri ýerine ýetirmek üçin, ýene-de dolanyp içeri girdi.
Biz uly otagda garaşýardyk. Bir haýukdan soň, maňlaýyny monjuk-monjuk der basan Muhtar içerden howlukmaçlyk bilen çykdy-da:
Gir! – diýip Aýseneme buýruk berdi.
Aýsenem towsup turdy-da, içerki otaga ugrady.
Muhtar oňa:
Berk bol, aljyrama! – diýdi.
Men tolgunyp Muhtara seretdim. Ol maňlaýyndaky deri el ýaglygy bilen süpürip durşuna:
Ýene-de ýarym sagatdan çykarlar – diýdi.
Soňra ikimiz müňýyllyk geçmişden geljek myhmany garşylamak üçin, otagdaky stoly aýyrdyk, pola saçak ýazdyk. Saçagymyz ozaldan taýýarlanyp goýlan tagamlardan, miwelerden , owadan grafinlere guýlan şerbetlerden doludy.
Saçagymyz patyşalaryň meýlislerindäki ýaly bolmasa-da, göwnejaý boldy – diýip, Muhtar ýylgyrdy.
- Rugsar banu diňe patyşalaryň meýlisinde däl-de, galandarlaryň meýlislerinde-de bolupdy – diýdim. Ikimiziň degişme äheňindäki bu gürrüňimiz minutsaýyn güýçlenip barýan tolgunmamyzy basyp bilenokdy. Bir wagt içerden:
Ah! – diýen zarynja, mylaýym ses gulagymyza ildi. Soňra Aýsenemiň howlugyp bir zatlar diýeni hem eşidildi. Ol sesleri eşidip doňup galdyk. Emma içerden çykan bolmady. Aýsenemiň sesi indi ýuwaş eşidilýärdi.
Meniň gözüm içerki otagyň gapysyndady. Geçýän her bir minut bir gün ýaly duýulýardy. Birden gapy ýuwaşja açyldy-da, Aýsenemiň egnine eli

bilen söýenip gelýän Rugsar banu göründi. Onuň entek gan gelmedik çym-ak ýüzünde owadan gara gaşlary, gaýtadan durmuşyn nuruna dolan gara gözleri has hem gara görünýärdi. Onuň boýy Aýsenemiňkiden esli uzyndy. Aýsenemiň tiken gyzyl atlas köýnegi ony has-da gelşikli görkezýärdi. Göwsüniň üstünden goýberlen şar-gara zülpleri onuň görküne görk goşýardy.

Ol daşky otaga bir ädim ädeninden, dikine doňup duran iki pyýada nazary düşdi-de, gözleri howatyrly oýnady. Men „salam" diýen mamyda başymy aşak egdim. Muhtar bolsa ýuwaş ýöräp, onuň öňünden çykdy-da, mylakatlylyk bilen başyny egdi, soňra:

Desterhanymyza merhemet, bibim! - diýdi.

Biziň özümizi şeýle mylakatly alyp barmagymyzdan Rugsar banuwyň göwni suw içip, gansyz dodaklarynda ejiz bir ýylgyryş peýda boldy. Aýsenem ony soýgetläp, saçagyň başynda oturtdy. Rugsar banu biziň egin-eşiklerimize, saçlarymyza haýran galyp seredýärdi. Petikdäki elektrik çyrasy has-da onuň ünsüni çekdi. Ol juda naýynjar ses bilen bize ýüzlendi.

Men ne diýarda , bu ýer ne dergähdyr?

Siz bir ýönekeý tebibiň öýündesiňiz, bibim – diýip Muhtar mylaýym ýylgyrdy.Rugsar banu :

- Akylym ýetmeýär, maňa nä dert duçar bolupdyr? – diýdi. Muhtar:

Bu zatlaryň ählisini soň bilersiňiz. Häzir özüňizi artykmaç gynamaň – diýdi. Soňra Aýseneme ýüzlenip:

Bibiňize mürähet edip otyryň, ahyry – diýdi.

Aýsenem bulgurlara şerbet guýup, birini Rugsar banuwa uzatdy. Ol bolsa:

- Ezizler, Men meýler derýa kimin akan meýlislerde-de içmedim – diýip ýylgyrdy. Muhtar :

Bu meý däl , bibim , jana şypa beriji şerbetdir. Siziň saglygyňyz üçin peýdalydyr. – diýip, Muhtar bulguryny elini uzatdy.- Siz entek şu şerbetlerden içip , berhiz saklamagyňyz gerek .

Rugsar banu çala başyny atdy. Biz meý ýerine şerbet doly bulgurlarymyzy çakyşdyrdyk. Men bulgurymy ylymda beýik derejä ýeten ynsan üçin göterdim.

### Köne dünýä bilen duşuşyk.

Rugsar banu gün-günden güýje girip,daýanyp başlady. Muhtar bolsa her gün onuň saglygyna gözegçilik edýärdi. Şeýle bolsa-da, ol Muhtaryň köçesinden başga ýere çykyp görenokdy. Aýsenem ony köçäniň ol başyndan bu başyna, juda öte gitse, gaýradaky ýabyň boýyna gezelenç etdirýärdi.

Rugsar banu adamlaryň geýim-gejimlerine, daşy agardylan täze jaýlara gaty geň galyp seredýärdi. „ Bu ne diýar? Aýdyň ahyry!" diýip, Aýsenemi

bizar edýärdi. Goňşy-golamlar Aýsenemiň bu täze jorasyna ilki bilesigelijilik bilen garadylar. Soňra ,,Aý, dogtoryň uýasydyr-da” diýip goýaýdylar

Muhtaryň bolsa, syry oňürti Rugsar banuwuň özi bilýänçä, jar etmek niýeti ýokdy. Aradan iki hepde çemesi geçdi. Muhtar, Aýsenem , men üçümiz Rugsar banuwa syry nähili açmalydygymyz barada maslahat etdik. Muhtar:

- Rugsar banu ýagşy güýje girdi, indi ol her niçik tolgunma-da çydam edip biler –diýdi.

Biz Rugsar banuwy öňürti köne dünýä ýädygärlikleri bilen tanyşdyrmagy, soňra şol ýerde-de syry açmagy makul bildik. Ertesi dynç alyş güni Rugsar bauny ýadygärliklere tarap alyp gitdik.

Rugsar banu Aýsenem bilen gol tutuşyp, bäş ädim çemesi oňden barýardy. Banu: ,,Nirä barýas, aýtsaňyz-la” diýip gyssaýardy. Aýsenem bolsa näme jogap berjegini bilmän, kömek soran ýaly ýeňsesine gaňrylyp, bize seredýärdi.

Muhtar maňa ümledi-de, ädimini tizleşdirdi. Biz gyzlaryň yzyndan ýetenimizde:

- Bibim –diýip, Muhtar Rugsar banuwa ýüzlendi - Şu mahala çenli biz siziň ähli soraglaryňyzy jogapsyz galdyryp geldik. Biz muny siziň saglygyňyz has gowulaşýança sizi artykmaç tolgundurmazlyk üçin etdik. Indi size hakykaty aýtmaly wagty ýetdi.

Bu sözi eşdip, ýadow ädimläp bärýan Rugsar banu birden janlanyp, sabyrsyzlyk bilen Muhtara seretdi.

- Ýene azajyk sabyr ediň –diýip, Muhtar ýylgyrdy - Häzir menzile ýeteris. Şonda ähli zada göz ýetirersiňiz.

- Bolýar, menzil daş bolmasa, sabyr etmek mümkin - diýip, Rugsar banu Aýsenemden ençeden bȧri hazirki dili övrenip ýöräni üçin arssa gepledi.

Biz şäheriň daşyndaky gür baglykdan geçip, açyk meýdana çykdyk. Birden gözümüziň öňünde başyny asmana diräp duran beýik minaradyr ýadygärlikler peýda boldy. Bulara gözi düşen Rugsar banu birhili boldy:

- Geň zatlar... Nirä geldik?

- Nirä gelenimizi özüňiz pähim etjek bolup göriň.

Rugsar banu Muhtara garady-da, birhili dymdy. Soňra gözlerini giňden açyp, töwerekdäki ýadygärlikleri synlap başlady. Minraranyň alkymyna gelenimizde. Rugsar banu oňa seredip, duran ýerinde doňup galdy. Esli wagtdan soň, ol endireýän ses bilen:

- Bu şol betbagt minara meňzeýän eken! -diýdi.

- Artykmaç tolgunmaň – bibim! –diýip, Muhtar jübüsinden kiçijik bir çüýşe çykardy, onuň gapagyny towlap açdy-da, içindäki dermandan oňa guýup, Rugsar banuwa uzadyp:

- Şuny içiň ýüregüňizi sazlar-diýdi. Rugsar banu ony içdi. Tolgunmasy birneme basylan ýaly boldy. Soňra :

- Bu ýer nire? – diýip sordy.

- Şu duran ýeriňiz siziň bir wagtlar ýaşan Gürgenjiňiz –diýip, Muhtar onuň gözlerine dikanlap garady. Rugsar banu başyny ýaýkady:

- Ýog-a, tebip bu ýer Gürgenç däl!

- Men size hak aýdaýryn –diýip, Muhtar ynandyryjy äheňde aýtdy.Rugsar banuwyň gözleri giňden açylyp dodaklary titräp gitdi. Ol töwerek-daşyna müňkürlik bilen göz aýlady-da:

Niçik beýle!... Näme boldy bu beýik şähere? Ýene haýsy ýagy weýran edipdir ony?! –diýip zarynlady.

- Wagt diýen ýagy weýran eden, bibim. Siz Gürgenji mundan müň ýyl ozal görüpdüňiz- diýip , Muhtar oňa ahmyrly garady. Rugsar banu Muhtaryň bu sözüne düşünmän, gaşlaryny çytdy.

-Müň ýyl diýýäňizmi? Bu niçik gep, tebip?

- Men size häzir hemmesini aýdyp berjek-diýip, Muhtar jübüsinden ýaňky çüýşäni çykardy: - Emma, öňi bilen dermandan ýene birazrak içmeli .

- Bolýar, tebip –diýip, Rugsar banu Muhtaryň guyup beren dermanyny içdi. Biz Muhratyň yşaraty bilen şu ýerdäki gadymy kerpiçleri astymyza goýup otyrdyk. Muhtar Rugsar banuwa mähirli garap:

- Banu! - diýdi –men bir mahal, bir adamdan siziň çalýan ajaýyp mukamlaryňyzdan birini eşitdim. Şol adam maňa şu mukamlary mundan müň ýyllar öň çalýan barmaklaryň ýer teýinde mumýalanyp ýatanyny gürrüň berdi. Men bolsa hekimlik ylmyny ýaňyja eýeläp başlan döwrümde göwnüme düwen niýetimi siziň üstüňiz bilen amala aşyrmagy karar etdim. Muny nähili müşgüllikler bilen amala aşyranymy aýdyp otyrmasam-da bolar.

Muhtar sözi şeýle başlady-da, bolan wakalary ýekeme-ýeke gürrüň berdi. Gürrüňiniň soňunda şeýle diýdi:

- Zamanaňyz sizi öz saçlaryňyz bilen bogup öldüripdir. Biziň zamanymyz bolsa size gaýtadan jan bagyşlady. Entek siziň biziň zamanamyz hakda hiç hili düşünjäňi ýok. Bu işiň jar etdirilmegi bilen, siz döwrümiziň köp äpet şäherlerinde bolarsyňyz, meniň bu işimden kem bolmadyk beýik işler bilen tanyşarsyňyz.

Rugsar banuwyň şu mahaldaky ýagdaýyny teswir etmegiň mümkinçiligi ýok. Ol ýanyp duran gözlerini Muhtara dikip, ýerinden turdy-da, gelip onuň öňünde dyza çökdi. Muhtar Rugsar banuwyň bu gylygyndan gyjalat çeken ýaly bolup:

- Beýle etmäň, banu! Meniň öňümde dyza çökmäň! –diýdi. Rugsar banu :

- Men siziň öňüňizde däl, Maňa gaýtadan jan bagyşlan zamanaňyzyň öňünde dyzy çökýärin! –diýip, Muhtara " lndi meni turuzaýyň " diýen

manyda ellerini uzatdy. Muhtar Rugsaryñ ellerinden tutup , ony ýokary galdyrdy .

# Hekaýalar, Nowellalar

## Aýdyň köçeler
## (nowella)

Şäheriň gül pürkülen ýaly uly köçeleriniň birinden barýan  süýt ýaly ak "Mersedesiñ" tigriniň aşagynda bir zat “gyjyrt” etdi. Onuň nämedigini bilmek üçin ulagy saklap, ondan düşen näzenin gyzyň gözi ilki kellesini ahmyrly ýaýkap duran sary keltekçeli ýigide düşdi. Ýigit:

-Sübsämi döwdüňiz-ä-diýdi. Tigriň aşagynda döwlüp ýatan sübsäni görän gyz:

-Bagyşlaweriň, men görmändirin. Puluny töläýeýin, näçe durýa?-diýdi. Ýigit gyza synçy nazar bilen garap:

-Aý gyz, köçäni pul bilen süpürip bolmaýar, sübse bilen süpürilýär-diýdi. Bu ters jogaba gyzyň girre gahary geldi:

-Diýýäniň näme, sen oglanyň! Köçäniň näme bilen süpürilýänini bilmeýändir öýdýäňmi meni?

-Bilýän bolsaňyz, sübsäniň özüni getirip beriň.

-Bazarda öý süpürilýän sary sübse satylýanyny bilýän, ýöne munuň ýaly uly sübse ýog-a. Men ony nireden tapmalydygyny bilemok. Puluny alaýyň, özüňiz tapyp alarsyňyz-diýip, gyz gaharyny ýuwdup, haýyş äheňinde gepledi. Ýigit kinaýaly ýylgyrdy:

-Siz meniň sübsämi döwüp, ýene “özüň tapyp al” diýip, ýumuşam buýurýaňyz. Onyňyz bolmaz, aý gyz.

-Onda men nädeýin, munuň ýalyny nireden tapaýyn?

-“Gözlän Käbäni tapar”, diýipdirler. Gözleseňiz taparsyňyz, gözläň.

-Wah! Men nireden gözlejegimi bilemok-da, siz bilseňiz aýdyñ,alyp getip bereýin. Ýigit bir salym oýlanyp:

-Onda men size bir salgy bereýin, işiňizden gaýdyşyn şol ýere sowulsaňyz, şunuň ýaly sübse satyn alyp bilersiňiz.

-Beriň, ýazyp alaýyn-diýip, gyz ulagynyň çekmesinden ruçka bilen ýandepderçäni aldy.

-Ýazyň, “Şagadam” köçesiniň 10-njy jaýy, Şol jaýda islendik görnüşdäki sübseler satylýar. Ýazdyňyzmy?

-Ýazdym. Şol ýerde bar bolsa getirip bererin-diýip gyz  ulagyny gaty sürüp gitdi. Ýöne “Şagadam” köçesiniň şäheriň niresindedigini soramany ýadyna düşüp, tas yzyna gaýdypdy. Ýene “Aý, işdäkilerden soraryn, biri bilmese biri biler” diýip yzyna dolanmady. Işinden soň köçäniň salgysyny alan gyz göni şol tarapa ugrady. “Şagadam” köçesi şäheriň çetiräginde, iki tarapy ýaşyl daragtly, tekiz, arassa köçe ekeni. Gyz jaýlaryň belgisine seredip, ulagyny ýuwaş sürüp barşyna 10-njy belgili jaýyñ deňine ýetende saklandy,

maşyny öçürmän, bir salym ýaýdanyp oturdy. Çünki, belent haýatly, nagşynkär derwezeli köşk ýaly bu kaşaň jaý ýönekeý sübse satylýan ýere meňzänokdy. “Bäh, bu nähili boldy, girip, sübse sorasam, öý eýesiniň gahary gelip, ýüzümi alsa näderin” diýip içini gepleden gyz, soňunda töwekgelçilik edip, maşyndan düşdi. Derwezäniň gapysyny itip açdy. Içeri iküç ädim ädip, duran ýerinde doňup galdy. Bu giň howlynyň içi üýtgeşikdi. Gül kölçelerde reňbe-reň güller, ortada çaklaňyrak çüwdürim, iki ýan tarapda almadyr ülje agaçlary, Garşyda uzyn aýnabent eýwan, şondanam jaýa girilýän gapylar görnüp durdy. Şol mahal içerden ýuka ak sport eşigindäki, ýalpyldap duran gara saçlary yzyna daralan syratly ýigit çykdy. Ol:

-Geliň, hoş gördük, size kim gerek?-diýdi:

Gyz ony gören badyna tanap, ilki haýran galdy, soňundanam gahary geldi.

-Bu nä oýun, ýagşy ýigit? Meniň bilen oýun etjek bolýaňmy?!-diýip gyz gaharly gürledi.

-Weý, diýýäniňiz näme, aý gyz, men seni öň görmesem, tanamasam näme diýip oýun edeýin?

-O nähili görmesem, tanamasammyşyn! Şu gün irden “Sübsämi döwdüň, şunuň ýaly sübse getirip ber” diýip, ýüzüňi egşidip durduň-a. Ýene-de şu salgyda sübse satylýa diýip, öz jaýyň salgysyny berýäň. Näme jaýyňy mazamlajak bolduňmy maňa?!

Ýigit güldi.

-Men nämäniň nämedigine indi düşündim, aý gyz. Sen meniň däl, Ahmediň sübsesini döwüpsiň. Men Ýusup. Ahmet meniň ekiztaýym. Ikimiz gaty meňzeş bolansoň köp adamlar bizi çalşyrýa. Gyz bu gepe ynanjagyny-da, ynanmajagyny-da bilmän bir dem ýigide synçy nazaryny dikip durdy-da:

-Onda, sübse satylýa diýip siziň öýüňiziň salgysyny berenine nähili düşünmeli?

-Dogry düşünmeli.

- Siz, nä sübse-de satýaňyzmy?

-Biz söwdagär, peýda galsa iňeden başlap düýä çenli alyp satyberýäs. Onsoňam Ahmediň edarasynda müňe golaý adam işleýär. Olaryňam deň ýarysy sübsekeş, olra-da sübse gerek. Şonuň üçin söwdamyza sübsäni-de goşdyk.

-Onda maňa bir sübse beriň.

Ýigit “bolýa, häzir” diýip gapdaldaky pesiräk jaýlaryň birinden uzyn saply sübse alyp çykdy-da, ony öwüp başlady:

-Sübsäniň iň gowusy bu. Özi-de mis sim bilen gaýym edip daňylan...

-Bolýa, bolýa, gowy bolsun, gowy däl bolsun bir gara geçse bolýa. Bahasy näçe?

-Ýüz dollar.

-Näme!? Şunuñ ýaly bir ýönekeý sübse-de ýüz dollar bolarmy?
–Gaharyň gelmesin, aý gyz. Bu ýönekeý sübse däl. Munyñ ösümligi daşdan getirilýär Biziñ özümizem sübseçilerden elli dollardan alýas
–Bu artybyñ elli dollara-da gymmad-a, meniñ häzir elli dollarymam ýok.
Sen bahasyny soradyň, men bahasyny aýtdym. Saňa pylan manat ber diýemok. Puluñ bolmasa, şeýle alaý.
-Ýog-eý, şeýle aljak däl. Puluny berjek.
-Näçe berjek?
-On...onbäş manat bereýin.
Ýigit kellesini ýaýkap ýylgyrdy;
- Birinjiden seniñ ol aýdýanyñ meniñ üçin pul däl, ikinjiden men seniñ bir manadyñy alyp bersemem, satyp berdig bolar. Oguz pähimlerinde: “Sahawatly bol, ýöne mynasyplara bol”diýen pent bar. Sen sahawata hakyky mynasyp gyz ekenıñ. Meniň elimi gaýtarma-da şeýle alaý .
Gyz bu sözleriden soň bir salym ikirjiňlenip durdy. Soňra bir karar gelen ýaly ýigide garap ýylgyrdy.
-Şeýdip, sahawat edip, sogap gazanjak-da sen. Onda men seni sogapdan goýmaýyn.
-Ine, bu başga gep, sag bol!
-Senem sag bol, eden sahawatyň üçin.
-Onda sübsäni ulaga ýükläp bereýin-diýip, ýigit derwezäniň açyk galan gapysyndan görnüp duran ak ulaga ünsli seretdi. Soňra gyza seredip ýylgyrdy-da:
-Bu uzyn sübse maşynyň içine sygmaz, üstüne daňyp beräýeýin-diýdi.
-Ýog-eý, ol-a bir hili bolar...
-Düşündim, eýtsek saňa gelişmez. Gowusy sübsäni ertir irden Ahmede özüm eltip bererin, uzyn furgon maşyn bar.
-Be, sen maňa ýagşylyk üstüne ýagşylyk etjek. Bu-da sahawatmy?
-Bu aýal-gyzlara hormat. Onsoňam “Ýagşylyk et-de derýa at, balyk biler, balyk bilmese halyk biler” diýipdirler.
-Onuň ýaly bolsa köp sag bol! Eden ýagşylyklaryň Alladan gaýtsyn. Men onda gitdim. Saňa ynanýan.
-Şeýle gidiberjekmi, öýe gir, çöregiň duzuny dadyp, bir käse çaý içip git. Türkmençilikde öýe gelen adam gapydan gaýtarylýan däldir.
Gyz türkmençilik agzalandan soň içeri girmeli boldy. Girilen ýerdäki aýnabent eýwanda goýlan stoluň üsti dürli naz-nygmatlardan doludy. Ýigit stola direlip duran bir oturgujy çekip, gyza oturmagy teklip etdi, özi-de gyzyň garşysynda oturdy. Öňden demlenip goýlan termosdan bir käse guýup, gyza uzadan çaýy birden eline dökülip gitdi.

-Wah-eý, eliň bişdimi?-diýip gyz özelendi. Bişen eli awap dursa-da bildirmän:-Zyýany ýok, hiç zat bolanok-diýip, elini üledi. Gyz bu öýde ýigidiň özünden başga adam görünmäni üçin gyzyklanyp sebäbini sorady:
-Ejem, kakam, jigilerim Awaza dynç almaga gitdiler. Olar bilen menem gidibermelidim welin, bu söwda diýen zada ulaşsaň dynç almagam ýadyňa düşmeýän ekeni. Bir uly peýdadan galjak ýaly nebsime çolaşyp gitmedim-diýip, ýigit güldi, gyz çalarak ýylgyrdy.
-Gitmedigiň gowy bolupdyr, ýogsam men sübsäni nirden tapardym. Tapmasamam ekiztaýyň meni suda berermidi, gör - diýip, gyz ýaňy ýigidiň gepine çalarak ýylgyran bolsa indi öz gepine açylyp güldi..
-Dogry, gitmedigim, seniň üçinem, meniň üçinem gowy bolupdyr.
-Seniň üçin nämesi gowy bolupdyr?-diýip gyz gaşyny çytdy. Gaşynyň çatylyşynda gahara garanda näz köpräkdi.
-Meniň üçin gowy tarapy saňa duşup bir müşderi artdyrdymmykam diýýän. Maňa el telefonyňy, salgyňy goýup gitseň, firmamyza gelen täze zatlardan halanyňy bererdim. Bize zenanlaryň gowy görýän üýtgeşik zatlary tiz-tiz gelýär.
-Üýtgeşik nämeler gelýä?
-Iň soňky modada tikilen dürli geýimler, iň gowy fransuz atyrlary, gözelligiňe gözellik goşýan dürli kremler. Zada gyzmaýan gyz barmy :
-Bolýa, telefonymy bereýin, telefonyňyza ýazyp alaýyň-diýip, gyz öz telefonynyň belgisini aýtdy. Ony ýazyp alan ýigit, gyza garap ýylgyrdy-da:
-Men saňa jaň etsem näme diýip ýülenmeli? Alo, sen şol sübse sorap gelen gyzmy diýeýinmi?
Gyz açylyşyp güldi.
“Alo, Gülruhmy sen?”-diýäý. Adymy öňräk sorasaňam aýdardym.
-Gülruh. Gowy adyň bar eken. Indi näme diýsene, men irde-giçde habar etjek bolup telefon edäýsem, ýanýoldaşyñ gabanyp dagy etmezmi?
-Diýýäniñ näme, men entek durnuşa çykamok,
-Şeýlemi? Dogry edýäň, çuň oýlanman durmuş gurup bolýamy, şonuň üçin menem entek öýlenemok. Özüň ýaly bir asylly gyz sataşýança öýlenjek däl.
Ýigit bu gepi bilen gyzyň ýüreginiň urşuny çaltlandyryp, biraz aljyratdy. Gyz oňa bir hili kinaýa bilen seredip, ýerinden turdy.
-Men gaýdaýyn, sübse üçinem, çaý üçinem sag bol-diýip, gapa tarap ýöredi. Ýusup ony derwezäniň öňünde duran ulagyna çenli ugradýança bir zatlar diýip gep nokatlap bardy. Ýusubyň aýdanlary onuň gulagyna ilenokdy, onuň kellesinde Ýusubyň “Özüň ýaly asylly gyz sataşýança” diýen sözleri aýlanýardy.
Gülruh ertesi irden düýnki ýoly bilen işine barşyna sübsäni döwen ýerine seredip geçdi. Ol ýerde hiç kim ýokdy, aňyrrakda başga bir erkek kişi bilen

bir aýal göründi. Gülruh olaryň deňine ýetip ulagyny saklady. Olar bilen salamlaşyp, soňundan düýnki şu ýerde işläp ýören ýigidi sorady.
-Aý, düýn ol sübsesini döwüpdir, ony-da geçip barýan zibil maşyna atyp goýberipdir. Şeýdip eli boş durka ýoldan geçip barýan başlygyň orunbasary görüp: “Sen näme bäri gezmäge geldiňmi, hany sübsäň? Esger söweş meýdanyna eli ýaragsyz girýämi? Bu ýer hem iş meýdany, eliňde iş guralyň bolmasa näme diýip geldiň?"1-diýip käýäpdir. Olam kişiniň minnetini çekjek oglan däl-de:
"Aý minnetiň şu işiň bolsa alsana, men gitdim" diýip, gidip galdy. Indi ol gelmeýär, bir sözli ýigit ol.

Gülruh bu habary eşidip birhili boldy. Içinden «Be, men bir bendäniň işden gitmegine sebäpçi bolupdyryn-a» diýip, özüni kötekledi. Ol adamyň ýanyndaky aýal hem näme üçindir oňa seredip, kellesini ýaýkady. Gülruhyň şol gün güni bilen keýpi bolmady. Özüni bir hili günäkär adam ýaly duýdy ýördi. Ýusuba telefon etmäge-de çekindi. Ol «näme diýer» diýip endişe etdi. Ýöne şol güni işinden gaýdyşyn ony birneme ynjaldan ýagdaý ýüze çykdy. Ertirki bolan gürrüňde ol adamyň ýanynda duran aýal Gülrühyň ulagyny daşrakdan tanap, onuň öňüne çykyp saklady.

-Doganym, irden saňa ol adamyň aýdany ýalan. Ol soran ýigidiň işden çykanok. Ol ýerini şonuň bilen çalyşdy.

-Bä, ol adam näme üçin meni aldadyka?

-Sen giden soň men oňa «näme ýalan sözlediň?» diýsem, ol «onuň özi haýyş etdi» diýdi. Gülruha bu gürrüň bir hili täsir etdi. «näme üçin ol maňa özüni işden çykan edip görkezjek bolýarka» diýen pikirler geçdi serinden

-Sen, doganjan şol wagt ol habary eşidip erbet bolduň, ýüzüň üýtgäp gitdi. Menem ol adamyň ýanynda saňa dogrusyny aýdyp bilmedim. Sen gynanyp ýörmesin diýip, öňiňe çykdym.

-Sag boluň, daýza. Siz onuň täze iş ýerini bilmeýäňizmi.?

-Bilýän, şäheriň gaýra tarapynda-diýip, aýal anyk salgysyny aýtdy. Soňra Gülrüha bilesigelijilik bilen seredip:
-Näme ol senden gaçýa, bergisi dagy barmy?-diýip sorady.

-Ýok, daýza onuň maňa hiç hili bergisi ýok, tersine meniň oňa bergim bardy. Şol bergimi oňa biri gowşurmalydy. Men ondan şony sorajakdym.

-Hä, şeý diýsene. Ol-a bergiden-zatdan gaçýan oglan däl. Ol mert ýigit bolmaly.

-Onuň mertligi şu bolsa, namartlygy nähili bolar-diýip Gülruh daýza bilen hoşlaşyp ýoluna rowana boldy.

Onuň gözleri ýolda bolsa-da hyýaly hälki gürrüňdedi. «Muny Ýusupdan bir sorap göreýin-le, ol näme diýerkä» diýen pikir bilen ulagy ýoluň gyrasyna çykaryp

saklady-da, telegon etdi.

-O-ho, Gülruhjan, Salam, Salam! Men özüm saňa jaň etjek bolup birküç ýola hyýalandym weli, ýene sebäpsiz jaň etsem ýaman görermi, nämemi diýip saklandym. Sag-salamat ýörmiň, gurgunçylykmy, işler bilen arma...

-Ýusup, dursana, maňa gezek bereňoga özünem başda aýdylmaly zatlary soňuna tirkäp başladyň-a. Men sebäpsiz däl, bir sebäp bilen jaň edýän.

Gülruhyň jaň edenine altyn tapan gul ýaly begenjine sözüniň öňüni, yzyny parhlaman geplän Ýusup:

-Bagyşla, diňleýän, näme hyzmat?-diýdi.

-Düýünki hyzmat biten bolsa başga hyzmat ýok. Sübsäni doganyňa eltip beripmidiň?

-Aý, hawa-la, şu gün irden işe gitmezinden öň eltip berdim. Emma ol «indi sübse gerek däl, men işden çykdym» diýip otyr.

«Bu hem ýalan gepledi, näme üçin?» Gülruhy bu sowal örän gyzykdyrdy. Ýöne bilmediksirän bolup gepledi.

-Bä, şeýdip ol, näme sebäpden boşapdyr?

-Aý, düýn başlyklarynyň biri, işe iş guralyň bilen gelmeli, hany sübsäň?-diýip gygyrypdyr. Ahmedem birinden gepini alyp galýan adam däl-de. Şoňa gahar edipmi, bilmedim.

-Bä gowy bolmandyr, onuň işden çymagyna men sebäpçi bolupdyryn-ow...

-Aý, ýok Gülruh, bu ýerde seniň ýekeje-de günäň ýok. Onuň özi öňräkden çykjak diýip ýördi...

-Bolýa-da onda. Oňa aýt menden gaty görmesin.

-Görmez, görmez. Näme diýsene Gülruh, men... men özüm jaň etjekdim diýenim, saňa agşam seýilgähe gitmegi teklip etjekdim...

Gülruh dymdy, ol ýigidiň özüni alyp baryşyndan iru-giç şeýle teklip etjegini bilýärdi, dogrusy garaşypdy hem Ýusup ýüregini eline alyp , jogaba garaşdy.

-Näme diýsemkäm. Saňa... Men bu gün-ä baryp biljek däl. Ertire goýaýaly şuny.

-Ertirem bolsa bolýa!-diýip, begenjine batlyrak aýdanyny özi-de duýman galdy.

***

Gülruh doganlaryň ikisiniň hem ýalanynyň aňyrsynda näme bardygyny oýlanyp-oýlanyp çözüp bilmedi. Şonuň üçin ol ertesi hemişekisinden irräk atlandy-da, işine düýnki daýzanyň beren salgysy tarapdan aýlanyp barmakçy boldy. Aýdylan salga golaýlap baranynda iküç sany sary keltekçeli adamlara gözi kaklyşyp, olardan biriniň Ahmetdigini tanady. Onuň egninde şol öňki sary keltekçesi başynda maňlaýlygy uzyn

baş gaby bardy. Ahmet duýdansyz gelip, deňinde saklanan ulaga gözi düşende, ýüzi tamdyrdan çykan külçe ýaly hem gyzdy hem gyzardy. Gülruh ulagdan ýylgyryp düşdi, salam berdi. Birbada aljyran Ahmet Gülruhyň salamyna baş atyp, oňa geňirgenip garady. Gülruh kinaýaly ýylgyryp:

-Seni işden çykdy diýipdiler-ä, ýene näme işläp ýörsiň? -diýdi.

-Aý, näme-laý, bi başlygyň özi, öýe gelip «Beýtmesene» diýip ýalbaryp oturansoň gelmeli boldum...- Ahmet gepleýärkä onuň sübse tutup duran sag elindäki gyzaryp duran tegmile tötänden gözi düşen Gülruh «hiýk» diýip içini çekenini duýman galdy. Bu şol gün Gülruha uzadylan çaýyň dökülen ýeridi. Gülruh beýik bir syry açan ýaly tolgunyp gitdi. Emma syr bildirmedi. «Dur, bakaly, Ahmetmiň, Ýusupmyň seniň bu oýunyň garşysyna menem bir oýun guramasam bolmaz» diýip içini gepleden Gülruh «işden çykdym» diýen ýalanyň sebäbine indi düşündi.

-Onda gaýrat et-de işläber, Sübsäňem-ä alypsyň-diýip, Gülruh ondan arany açdy.

Gülruhy indi sübse sorap baran kaşaň jaý gyzyklandyryp başlady. «Şol jaý özüniňkimikä? Onuň ýaly jaýy bar adamyň ogly munuň ýaly işde işlärmikä? Muny anyklap görmeli» diýip içini gepleden Gülruh şol güniň özünde işden soň Şagadam köçesine sowuldy. Şol jaýdan iküç jaý bäride gapysynyň öňüni süpürip ýören 13-14 ýaşlaryndaky gyzyň deňinde ulagyny saklap,

-Jigim, bäri gel- diýip gyzy ýanyna çagyrdy. Gyz maşynyñ Gülruh oturan tarapynadan baryp salam berdi.

-Jigim, şol 10-njy jaý kimiňki?-diýip Gülruh barmagy bilen görkezip sorady.

-Ol Töre agalaryň jaýy.

-Töre aga nirede işleýär?

-Nirede işleýänini, bilemok, kakam alyp satar diýýä.

Gülruh güldi.

-Söwdägär diýsene. Töre aganyň oglunyň ady kim?

-Olaryň ogly ýok, iki gyzy bar. Biri meniň boýdaşym.

-Eýsem ol öýde bir ýigit ýaşaýar-a.

-Hä, olmy, garyndaşy. Töre agalar her ýyl dynç alyşa gidende şol oglany garawul goýup gidýäler.

-Onuň adyny bileňokmy?

-Ady, ady Ýusup diýdilermi... anyk bilemok. Ol nä saňa... -diýip gyz soňuny aýtman ýylgyrdy. Gülruham oňa mylaýym ýylgyryp:

-Ol maňa hiç...-diýdi-de ulagyny yzyna aýlap sürüp gitdi. Şol mahalam el telefonyna jaň geldi. Ýusup salam-alekden hem öň, şu günki duşuşygy ýatlatdy. Gülruh oňa ilki salam-heligi ýatladyp degişdi.

Syryny bilen adamyň bilen bilmedik kişi bolup duşuşmak has gyzykly bolsa gerek, Gülruh duşuşyga gije galsa-da örän gyzygyp bardy. Seýilgähiň girelgesiniň öňünde bir kemsiz geýnüwli, şar gara saçlary yzyna daralan, owadan gözleri gülüp duran görmegeý ýigide nazary düşen Gülruh içinden imrinse-de syr açylandan soň oňa bolan ýaňsyly garaýşy yza çekinmedi.

-Seni köp garaşdyraýdym öýüdýän, Ýusup. Garaşyp ýadamadyňmy?-diýip Gülruh ýaňsyly ýylgyrdy.

-Men saňa bir asyr garaşsamam ýadaman.

-O-ho! Bir asyr garaşmaga taýyn ýigidiň elinde bir desse güli bolmazmy?

-Bagyşla, Gülruh. Bu meniň geleňsizligim. Indiki sapar bu ýalňyşymy on esse edip düzedýän.

Olar seýilgähde, ondan-mundan umumy gürrüň edip bir salym aýlandylar. Bir boş oturgyjyň deňine gelenlerinde Gülruh oturmagy teklip etdi. Ol häliden bäri ýalan Ahmediň «işden çykyp, ýene işine geleni» hakynda aýdarmyka, näme diýerkä diýip garaşdy. Ýöne Ýusup o barada dil ýarmady.

-Ýusup, seniň habaryň ýokmy? Ahmet ýene işine barypdyr-a-diýip Gülruhyň özi gürrüň gozgady.

-Ä? Ony saňa kim aýtdy?

-Özüm gördüm, onuň işläp ýören köçesinden geçip barýarkam gördüm, gürleşdimem.

Ýusup birhili gülümjiredi-de:

-Aý, ol baran bolsa-da ol ýerde uzak işlemez.

-Näme üçin?

-Näme diýsene, Gülruh Ahmet diýeniň bir täsin, özboluşly häsiýetli adam. Onuň ýerine başga biri bolanda şol ýere işe barmazdy. Ol öňki işinden çykansoň iş bilen üpjünçilik müdirligine barýar. Müdirligiň işgäri orta ýaşlaryndaky zenan onuň resminamalaryny görüp:

-Häzirlikçe size dogry gelýän iş ýok-diýýär.

-Işiňem dogry gelýäni gelmeýäni bolýamy?-diýip Ahmet gaharly soraýar.

-Bizde häzir köçe işgärleriniň ýagny köçelerde arassaçylygy saklaýan işgärlere ýer bar. Siz bolsa ýokary bilimli injener ekeniňiz.

-Bolanda näme? Injeneri köçe işgäri edip işe almaly däl, diýen görkezme barmy?

-Ýok, ýöne Siziň işlejek işiňiz däl-de.

-Näme üçin meniň işlejek işim däl? Näme, meniň elim sübse tutmaýarmy ýa gözüm görmeýärmi?-diýip Ýusup ol aýala kinaýaly garasa, aýal oňa haýran galyp seredýärmiş.

-Dünýäde arassaçylykdan gowy zat barmy. Pygamberimiz Muhammet Eleýhissalam her gün daňdan turup, goňşularynyň öýleriniň öňi bilen köçesini süpürýän ekeni. Şeýdip sogap gazanýan ekeni. Ol iş sogaply işdir. Ol işi size dogry gelmeýär diýip peseltjek bolmaň. Işiň pesi, belendi bolmaýar, düşünjäniň pesi belendi bolýar. Halal zähmet bolsa, onuň nähili görnüşde bolmagyna garamazdan edibermeli.

Köçelerimize serediň, nähili arassa, gül pürkülen ýaly. Eger şol köçe işgärleri, sary keltekçeli adamlar bolmadyk bolsa köçeler nahili bolardy?

Ahmediň sözlerine kän bir pitiwa etmedik zenan:

-Boldy, boldy, düşnükli. Men size häzir şol işe ýollanma ýazyp bereýin-diýip ondan gutulypdyr. Ine, şondan bäri bir ýyla golaý wagt bäri şol işde işläp ýör. Şu arada birjadan öz injenerçilik käri boýunça iki gezek iş teklip edilip hat gelse-de «biraz işläýin, soň bararyn» diýip baranok. Ahmediň bir gowy häsiýeti onda tekepbirlik, men-menlik diýen zat ýok. Onuň üçin bitmejek iş, bolmajak zat ýok. Hemme zat onuň islegine bagly ýaly.

-Beh! Asmana çykaryp öwdüň-le ony. Men Ahmet bilen däl, seniň bilen tanyşlyk açmak isleýärin. Şonuň üçin özüň hakynda-da gürrüň ber-diýip, Gülruh oňa synçy nazaryny dikip ýylgyrdy.

-Özüm hakda näme diýip bolar. «Özüni öwen akmak» diýipdirler. Ýöne öwündigim bolmasyn, Ahmet ikimiziň häsiýetimiz bir. Ekiztaýlar şeýle bolýandyr-da.

Gülruh onuň sözlerini içki kinaýa bilen, içinden gülüp oturyp diňleýärdi.

-Özüm hakda ýene bir aýtjak zadym, olam seniň bilen baglanyşykly.

-Meniň bilen näme baglanyşygy bar?

-Men seni ilki görenimde, hyýalymdaky perişde asmandan ýere düşdümikä, diýdim. Şonda seniň bilen tanyşmak, dostlaşmak, onsoň... hawa-da şonuň ýaly arzuwlar döredi. Ine şu gün şol arzuwlarymyň bir bölegi amala aşdy, men şuňa örän şat, galan bölegi hem amala aşaýsa men örän bagtyýar...

-Ýusup, gaty köp gürleýän ekeniň. Maňa sözem bermediň-diýip Gülruh onuň sözüni böldi.

-Bagyşla, men seniň bilen duşanyma begenjim içime sygman köpräk gepländirin-de Al onda, saňa söz bereýin.

-Söz bereniňe sag bol. Ýöne men näme diýsemkäm. Seniň ýaly öwmäge ekiztaýymam ýok. Özüm hakda aýtsam, Halk hojalyk institutyny gutardym, trestde ykdysatçy bolup işleýän. Münüp ýören maşynymy kakam alyp berdi. Kakamam, ejemem lukman. Özümden uly agam Aşgabatda işleýär. Kakam, ejem bir jigim, dördimiz bile ýaşaýarys. Jaýymyz gowy, ýöne seniňki ýaly kaşaň howlusy çüwdürimli däl-Gülruh jaý hakynda

aýdanynda kinaýaly ýylgyryp goýdy. -Ine, bilesiň gelse men hakyndaky bar gep.

-Näme diýsene Gülruh, çüwdürimli kaşaň jaý, baýlyk adama bagt bolup bilmeýär. Hakyky bagt bilýäňmi nämede? Söýgide! Söýseň, söýülseň şundan uly bagt ýok. Söýmeýäniň bilen köşkde ýaşandan söýäniň bilen çatmada ýaşanyň müň paý gowy!

-Ýusup, bu aýdanlaryň köneden galan, köp gaýtalanan gürrüňler, täze bir zat aýtsana.

-Hakykat müň gezek gaýtalansa-da, Gurhanyň süreleri ýaly könelmeýär.

-Ýusup, sen juda dilewar ekeniň. Gepiň ýary gijä çenli-de tükenmez seniň. Oýunyň azy ýagşy diýipdirler. Şonuň üçin indi gaýdaýaly. Ýusup gaty kynlyk bilen gaýtmaga razylaşdy.

-Indi haçan duşuşýas?

-Ony özüm aýdaryn.

-Çynyňmy?

-Elbetde çynym, Şonda biznesiňden, alýan peýdalaryňdan, haýsy ýurtlar bilen söwda edýäniňden gürrüň berersiň. Bu sapar bu zatlar hakynda gürrüň bolmady.

-Bolýa, bolýa, sen duşuşygymyzy uzaga çekdirmeseň bolýa.

-Uzaga çekdirmen, belki ertiriň özünde duşarys.

-Aý, ýaşa Gülruh. Onda men maşyny çagyraýyn seni öýüňe elteýin.

-Azara galma, özüm giderin.

-Azary bormy, men sürüjime aýda bäş ýüz dollar töleýän, şonuň üçin islän wagtym, islän ýerime geläýmeli.

-Bäh! Hany, onda çagyr-diýen Gülruh onuň bu oýnuna-da içinden gülüp goýdy. Ol:

-Häzir, bäş minuda seýilgähiň öňüne gel!-diýip, el telefonynda kimedir buýruk berdi.

Ýuwaş ýöräp seýilgähden çykdylar. Ýusup seýilgähiň derwezesiniň bir gapdalynda duran ulaglaryň birisiniň yzky gapysyny açdy-da, Gülruhy mündürdi, özü-de onuň ýanyna münmekçi bolanynda gyz.

-Öňüne mün-diýdi. Gülruh aýtmasa-da ol özünden bilmelidi. Keseki adamyň ýanynda gyzyň gapdalyna münüp, ony oňaýsyz ýagdaýda goýmaly däldi. Ýalňyşyna düşünen Ýusup geplemän ulagyň öňüne geçdi. Gülruh salgysyny aýtdy, öýleriniň golaýyna gelende, ulagy saklatdy. Ýusup ylgap düşüp, Gülruhyň oturan tarapynyň gapysyny açdy. Gülruh ulagdan düşýärkä:

-Saňa etikadan azyrak sapak bermeli boljak-diýdi.

-Ýaňy berdiň-ä, şol ýeterlik boldy-diýip Ýusup güldi. Soňra sagbollaşyp, hoşlaşdylar. Gülruh Ýusubyň bolşyna içinden hem gülýärdi

hem täsin galýardy. Ol ertesi irden turanynda-da kellesinden Ýusup hakyndaky oýlar aýrylanokdy. Näme? Ýusuby ýazgarmalymy? Ýok Ol näme etse-de, maksadyna ýetmek üçin eden bolmaly. Gülruh indi onuň bu guran oýnuny jemlemegi ýüregine düwüp, işine bu gün hem düýünki ýol bilen ugrady. Daşyrakdan işläp ýören sary keltekçeli adamlaryň arasynda oňa gözi kaklyşanda ýüregi birhili jigläp gitdi. «Heý ýürejigim, saňa näme bolýar, sen oňa biparh däl ýaly-la» diýip içini gepleden Gülruh onuň deňine ýetende ulagyny saklady. Gyza gözi düşen ýigit aňk-taňk boldy. Gülruh düýnküsi ýaly maşynyndan ýylgyryp düşdi-de «Salam!» diýip oňa elini uzatdy. Düýn ýöne kelle kakyp salamlaşan gyzyň bu saparky hereketine geň galan ýigit hem biygtyýar elini berdi. Gülruh onuň elini gysyp, ýarym tow ýokary aýlady-da, beýleki eli bilen onuň eliniň gyzaryp duran ýerini sypady.

-Çaý gaty gyzgyn eken-ow, dökülen ýeri entegem bildirip dur-diýip kinaýaly ýylgyrdy.

Syry açylan ýigit ankasy aşyp, gyzyň ýüzüne garap galdy.

-Nämä gepläňok, Ýusup adyň bir dogrumy, ýa Ahmetmiň sen?

-Ýok, Ýusup.

-Ahmet bolsa toslap tapylan at, şeýlemi?

Bu soraga ýigit kellesini kakyp goýdy.

-Düýn seýilgähde maňa beren Gürrüňleriň hem toslap tapylanmy.

-Ýok, maşyn bilen sürüjiden başgasy dogry, Özüm hakynda gürrüň edipdim.

-Onuň ýaly bolsa gürrüňi şu gün agşam düýnki ýerde dowam etdireris.

-Çynyňmy Gülruh?!

-Meniňki hemişe çyndyr-diýip, Gülruh ýylgyyp hoşlaşdy.

Ýusup onuň yzyndan tä ulagynyň garasy ýitýänçä garap galdy.

# *Böwsülen böwet*
## *(hekaýa)*

Bazardan ýüküni tutup ýalpyldap duran täzeje “jipiniň” ýanyna gelen garameňiziräk gelşikli gelin birden:
-Wiý, işim gaýdypdyr!-diýip, goýberdi. Şol wagt şu ýerden geçip barýan arassa işçi geýimdäki bir syratly ýigit ol gelni tanapmy, tanamanmy aýak çekdi-de:
-Hä, näme boldy?-diýdi. Gelin göterip gelen zatlaryny ýere goýdy-da:
-Maşynymyň bir tigri ýere ýapyşyp ýatyr-diýip, ýeli çykan tigre barmagyny çommaldyp görkezdi.
-Näme ätiýaç tekeriňiz ýokmy?
-Bar-la, ýöne men ony goýup bilemik-diýdi.
-Onuň ýaly bolsa gysynmaň. Häzir bäş minutda goýup beräýerin-diýende, gelin oňa bir hili gyzyklanyp seretdi.
-Öňem şunuň ýaly iş edip görüpmidiň?
-Meniň edip görmedik işim ýok. Hany, bagajnigi açyň, dañkraty alaly.
Gelin entegem oňa ynanmajak ýaly göwünsizräk ýagdaýda maşynyň ýükhanasyny açdy. Ýigit gerek zatlary alyp, derhal işe başlady. Onuň çalasyn hereketlerini synlap duran gelin öz ýanyndan "Tüýs maña gerek ýigit eken, teklip etsem gelmezmikä..." diýip goýdy.
-Ýigit, sen öň sürüji bolup işläne meňzeýäň-le-diýdi.
-Goşun gullugyndan gelemsoň bäş ýyllap, şular ýaly maşynyñ ikisini sürdüm. Edara başlyklarynyñkyny
-Şeý diýsene, soň näme, sürüjilik şahadatnamaňy aldyrdyňmy?
-Ýok sürüjilik şahadatnamam özümde. Sürüjilik edemok. Häzir başga işde.
Ýigit aýdyşy ýaly bäş minutda bolmasa-da on minuda ýetirmän ýeli çykan tigiri aýryp, ýerine ätiýaçlyk tigri goýdy-da gelniň getiren zatlaryny maşynyň ýük hanasyna ýerleşdirdi.
-Sag bol, ýigit, köp sag bol-diýip, gelin bir bäşlik uzatdy.
Ýigit kinaýaly ýylgyrdy:
-Men pul üçin etmedim.
-Alaý, şonda-da bir topar iş edindiň, ahyryn.
-Ol size, zenan maşgala jentelmenlik hyzmatym bolaýsyn.
Onuň ýaly, bolsa, sag bol, jentelmen!-diýdi. Ýigit oňa gözüni alardyp seretdi.
-Ýaňsa alyp aýdamok. Adyňy bilmänimden soň şeý diýäýdim. Gaty görme!-diýip, gelin oňa ýakymly ýylgyryş bilen seredip durşuna:

-Adyňy-da bilesim gelip dur, aýtjak dälmi?-diýdi.
-Bilesiň gelýän bolsa aýdaýyn, adym Haýdar.
-Meniň adym Dürhal. Ine, tanyşdyk hem - diýip, ýaňy kellesine gelen pikiri daşyna çykardy.
-Näme diýsene, Haýdar, men söwda bilen meşgullanýan, Maňa özüň ýaly gaýratly, ukyply bir kömekçi hemem şu maşyna sürüji gerek. Eger razy bolsaň aýlyk hakyňy häzirki işiňden kem etmen.
-Sag bol. Özümiň häzirki işimem gowy.
-Oýlanyp gör. Geljek bolsaň öýümiň salgysyny bereýin-diýip, gapjygyndan salgysy ýazylan kakyzy gözläp başlady.
-Gözläp oturma, men öýňüzi bilýän.
-Wiý, sen ony nireden bilýäň?
-Gapyňyzyň öňünde sagatlap garaşyp oturanymdan soň nädip bilmejek.
-Be, be, diýýäniň näme! Meni görjek bolup garaşýamydyň? Maňa aşyk dagy dälmiň, özi?
Haýdar kellesini ýaýkap güldi.
-Başlygyň aýalyna garaşyp oturýadym. Ol sizden bir zatlar aljak bolup girip gidip, çykar ýerde çykmazdy.
-Hä, şeý diýsene, Iki aýalyň başy birikse gepi tükenmän gidýä-dä. Men seni eýdip garaşdyrman. Geläý. Bile işleşeli-diýip, Dürhal çyny bilen ýüzlendi.
-Öň näme, sürüjiň ýokmudy?-diýip Haýdar bilesigelijilik bilen sorady.
-Bardy, Onuň bilen oňuşmadym.
-Meniň bilenem oňuşmarsyň-da, menem öňküden gowy däldirin.
-Seniň bilen oňuşjakdygymy ýüregim duýup dur-diýip Dürhal mylaýym hem näzli äheň bilen aýtdy.
Haýdar bir salym dymdy. Birden ret edýän jogaby berip, Dürhalyň göwnüni ýykasy gelmedimi ýa-da onuň mylaýym, näsli äheňi täsir edip, özünde-de isleg döredimi:
-Bir oýlanyp göreýin-diýdi.
-Nämesini oýlanjak, Haýdar, ýa aýalyň bilen maslahatlaşjakmy? Onyň gabanjaňrak bolsa meniň bilen işlemegiňe razy bolmaz-ow.
-Aýalym ýok. Entek öýlenip ýetişmedim.
Bu gepden soň Dürhal oňa bir hili gyzyklanyp seretdi-de:
-Onuň ýaly bolsa seni özüm öýlendirerin-diýip ýeserlik bilen gözüni gypyp goýberdi. Haýdar kinaýaly ýylgyrdy.
-Ejemem şeý diýýä, ýöne ol gözüni gypman aýdýa-diýdi. Dürhal gyzardy.
-Düşündim. Ejeň çyny bilen aýdýan eken. Ýöne näme üçin şu çaka çenli ejeň aýdanyny edeňok?
-Men islämok.
-Näme üçin?-diýip, soňundan degişdi.-Ýa ýaşyň ýetenokmy?
-Işim bitenok. Hemme tarapymy sazlap onsoň öýlenjek.

-Şeý diýsene, dogry edýäň. Haýdar. Aýdyşyň ýaly hemme tarapyňy tizräk sazlajak bolsaň meniň teklibimi kabul etmeli bolarsyň-diýip, Dürhal Haýdara näzli bakyş bilen gözlerini güldürip seretdi-de gapjygyndan salgy kagyzyny çykaryp uzatdy.
-Bir pikire gelseň öýe baraý ýa-da jaň et. Uzaga çekme, birküç günüň içinde maňa bellisini bildir.
Haýdar salgy kagyzyny döşüniň üstündäki jübüsine saldy-da geplemän bazara girip gitdi.
Dürhal onuň näme üçin beýdenine düşünmedi. “Täsin ýigit ekeni, hatda “Hoş” diýmänem gidiberdi” diýip içini gepledip, maşynyna mündi. Ol ýol boýyda onuň pikirini etdi. “Gelermikä, gelmezmikä, gelmejek bolsa salgy kagyzymy almazdy. Alyp jübüsine sald-a”...
Aradan aýdylan iküç gün geçdi. Haýdardan habar bolmady. Emma bir gün gaşylmadyk wagty - gijäniň ýaryna golaý Haýdar jaň etdi:
-Allo, Dubaý daýza, bu men Haýdar...
-Bela saňa! ýerçeken!-diýip, Dürhal trubkany patladyp goýdy.
Dürhalyň gahardan ýüzine gan urup, dym gyzyl boldy. Haýdaryň "Dubaý" diýenindenem “daýza” diýenine erbet gahary geldi. Ol söwda işi bilen Dubaýa gatnaýany üçin adamlaryň özüne Dürhal-dubaÿ diýip lakam dakandyklaryny hem bilýärdi. Ýöne muňa gahary gelmezdi.
Şol günüň ertesi Dürhal üçin ýene bir garaşylmadyk waka ýüze çykdy. Günortana golaý öýüň daşky gapysyndaky jaňyň düwmesi basyldy.
-Eje, biri geldi öýdýän, gapyny açyň diýen Dürhalyň sesine aşhanada nahara seredip ýören ejesi:-Häzir jigiň açar-diýip seslendi.
Gapyny açan Dürhalyň jigisi:
-Ejeke, seni biri soraýa-diýip, gygyrdy.
-Gelibersin kimem bolsa.
Içeri giren Haýdar bu kaşaň jaýyň içiniň bezelişini görüp, bir bada dili tutulan ýaly boldy. Dürhal uly eýwanda gaýmak ýaly ak teletine gaplanan ýumşak diwanda otyrdy.
Haýdar ilki oňa gözi düşende bir hili aljyrajak ýaly etdi. Emma derhal özüni ele alyp:
-Salawmaleýkim-diýdi-de, giren ýerinde saklandy. Dürhal bir bada gözlerine ynanmady. Onuň garşysynda gür gara saçlary yhlas bilen daralan, gymmat bahaly gara penjekli görmegeý ýigit durdy. Eger-de ak gar ýaly köýneginiň ýakasy açyk bolman galstukly bolanda ony bir uly wezipeli adamdyr öýtmek mümkindi. Düýn gijeki telefon gürrüňi bolmadyk bolsa Dürhal ony uly hormat bilen mylakatly kabul ederdi. Emma düýnden bäri gahary ýazylmadyk zenan:
-Hä, näme diýip geldiň?-diýdi.

-Türkmençilikde öýüne gelen adama degnasyna degýän söz aýdylsa gelşiksiz bolýar.
-Telefonda aýdylsa gelşikli bolýamy?
-Ýok, olam gelşiksiz bolýar. Şonuň üçinem men ötünç sorap geldim. Bagyşlap bilseň bagyşla.
Dürhal geplemän ýerinden turdy. Oňa boýdan başa kinaýaly garaýyş bilen seredip:
-Hmm... Jentelmenmişin ýene-diýdi.
Haýdar başda bu sözi geýnüwli geleni üçin kakdyryp aýtdymyka öýtdi. Soň özüniň ilki duşuşanlarynda aýdany ýadyna düşüp düşündi-de, müýnli adam hökmünde aşak bakyp duruberdi. Onuň bolup durşuny synlaýan Dürhal gaharynyň biraz gowşaýandygyny duýdy. Bolsa-da ýigidiň görmegeýliginiň özüne çekiji güýji onuň ýüregindäki buzy eredip başlapdy. Ol:
-Aý, näme “egilen başy gylyç kesmez” diýipdirler. Eger ötünç soramak üçin ýörite gelen bolsaň bagyşlaman bolmaz. Ýöne hany aýt, näme diýip gijäniň bir wagty beýle samsyklap ýörsüň?
Haýdar dogrusyny aýtmaly boldy:
-Bir toýa barypdym. Ýoldaşlarymyň gyssagyna düşüp iküç käse içäýipdirin. Öýe gelibem şol serhoş kelle bilen degişjek bolup, saňa jaň edipdirin. Soň samsyklyk edenime düşünip, gaty utandym, ökündim.
-Degişjek boldum diýsene. Degişmäni özüňe ýakyn, degişip öwrenişen adamyň bilen edýäler, han ogul. Ikimiziň bolsa entek hiç hili ýakynlygymyz ýog-a.
Dürhal “entek” diýen sözüni aýratyn basym bilen aýtdy. Haýdar muny “geljekde ýakynlaşaýmagymyz mümkin”diýen manyda düşündi.
Şol wagt aşhanadan Dürhalyň ejesi çykyp geldi. Dürhalyň özüne meňzeş dolmajyrak, elli ýaşyň töweregindäki garaýagyz bu aýala Haýdar edep bilen salam berdi. Ol salamy alyp, Dürhala “bu kim” diýen manyda seretdi.
-Eje, bu Haýdar, özüme kömekçi edip alaýsam diýenim. Düýnki samsyklap jaň edeni üçin ötünç sorap gelipdir.
Ejesi Haýdara boýdan başa synçy nazaryny aýlap:
-Özüň-ä gül ýaly ýigit ekeniň. Näme beýle samsyklyk edip, meniň gyzymy agladyp ýörsüň-diýdi. Dürhal çym gyzyl boldy. Ol:
-Näme diýip dursuň, eje! Her zada aglaberýän gyzyň ýok-how-diýip, aglanyny Haýdardan gizlejek boldy. Haýdar muny duýdy. Özüniň bir agyz bijaý sözi bilen aýal maşgala şeýle ezýet ýetirenine içinden gaty gynandy.
-Dogrudanam, men samsyklyk edipdirin, daýza, sizem meni bagyşlaň-diýip, Haýdar Dürhalyň ejesine ýüzlendi.-Eger meniň şol aýdan sözüm Dürhala şeýle erbet täsir etjekdigini öňünden bilen bolsa, dilimiň kesilmegine-de razy bolardym.

Haýdaryň soňky aýdany ýöne bir howaýy sözler bolsa-da, Dürhalyň göwnüne hoş ýakdy, ýüzi açyldy. Ol:
-Ikinji gezek agzyňdan şunuň ýaly söz çyksa diliňi özüm keserin-diýip, näzlenip “haýbat” atdy.
-Bolýa, men razy.
-Onuň ýaly bolsa, geç stoluň başyna, nahar bişip dur.
-Ýok, sag bol. Meni bagyşlanyňyzyň özi uly hezzet, men gaýdaýyn.
Gyzynyň ony goýberesi gelmän duranyny syzan ejesi Haýdara garap:
-Bişip duran nahary goýup gitmeýärler. Ýoluň bolmaz-diýdi. Soňundanam--Geç, otur!-diýip, buýruk äheňinde aýtdy-da aşhana gitdi. Haýdar nalaç oturmaly boldy. Dürhalam oturdy-da jigisine ümläp goýberdi. Ol düşbüje ekeni, bir salymda stoluň üstüni dürli ir-iýmişden, pisse-badamdan doldurdy. Haýdar bu edilýän hezzete özüni birhili oňaýsyz duýdy.
-Bu zatlary nämä gerek. Men bir uly myhman däl-ä.
-Myhmanyň ulusy-kiçisi bolmaýar, myhman atańdan uly diýipdirler.
Haýdar hem bir zatlar diýmekçidi, emma şol wagt bir tabak palawy göterip gyzyň ejesi girdi. Onuň sözi agzynda galdy.
Dürhalyň ejesi diýseň dilewar aýal ekeni, ol naharyň başynda gyzykly gürrüňler tapyp, gülüşdirip oturdy. Naharyň omyny edilenden soň Dürhalyň jigisi owadan çäýneklerde çaý getirip goýdy. Çaýyň başynda Haýdaryň näme üçin şu mahala çenli oýlenmän ýöreni, onuň Dürhala “Hemme tarapymy sazlap, onsoň öýlenjek” diýip aýdany dogrusynda gürrüň gozgaldy. Şonda Dürhalyň ejesi Haýdara mähirli garaýyş bilen seredip:
-Haýdar jan, Dürhal birlen halal-minal işleşseň wagty gelip, hemme tarapyň hem sazlanar. Döwletli-döwranly adam bolarsyň-diýdi.
-Eje, sen beýdip Haýdary yrjak bolup oturmasana. Islese gelsin, islemese...-diýip, Dürhal soňyny aýtman sakyndy. Soňuny Haýdaryň özi aýtdy:
-Islemese gümüni çeksin.
Bu gepe hemmeler gülüşdiler. Gülüşmeden soň Haýdar çynlakaý äheň bilen:
-Daýza-diýip, näme üçindir Dürhala däl-de ejesine ýüzlendi.-Men düýn Dürhala jaň edenimde, seniň teklibiňe razy diýmekçidim. Emma sözümiň başynda kelle gyzgynlykda degişmedir öýdüp, onuň degnasyna degýän söz aýdaýypdyryn. Muňa-da Dürhalyň girre gahary gelip, sözümiň soňuny aýtdyrmady.
-Onda düýnki gürrüňleri ýatdan çykaryp, işe başlaberiň. Işiňiz oňuna bolsun-diýip ejesi gyzyna seretdi.
Haýdaryň razylygyna içinden begenip oturan Dürhal:
-Haçandan geljek?-diýdi.
-Häzirden diýseňem, men taýyn.
Haýdaryň jogabyna Dürhalyň ýüzi ýagtylyp gitdi. Ol:

-Onda gitdik-diýdi-de, ýerinden turup, golaýdaky uly serwantyň çekmesinden “Jipiň” açaryny alyp, Haýdara uzatdy.-Maşyny otlaber, men häzir çykýan. Barmaly ýerler köp.
Haýdar çykyp, maşyny otlap-otlamanka yzyndan çykan Dürhal yzky oturgyja geçende ýaňyja sepilen atyryň ýakymly ysy ýigidiň burnuna urdy.
-Gitdik, sür!-bu gysga buýruk günüň dowamynda birnäçe gezek gaýtalandy.
Giçlik Haýdar öýüne täzeje ulagy münüp geldi. Dürhal bilen şertleşişlerine görä, ulagy Haýdar öýünde saklap, irdenem Dürhallara barmalydy. Howluda duran “Jipi” gören Haýdaryň ejesi:
-Ýene öňki işiňe bardyňmy, oglum?- diýip sorady.
-Öňkim-ä däl, eje. Ýöne şoňa meňzeşiräk iş.
-Dogry edupsiň. Höwri köp bolsun, oglum. Şunuň ýaly maşyny münüp ýöreniň özi nämä deňmeýär-diýip, ejesi oglunyň göwnüni götermekçi boldy. Haýdar ejesine garap kinaýaly ýylgyrdy-da, hiç zat diýmedi. Çünki, ol şunuň ýaly ulagy, onda-da kişiniň ulagyny münüp ýörenini hiç hili mertebe hasap edenokdy. Emma ýumşak ulagda işlemek Haýdara o diýen ruhy lezzet bagyşlamasa-da, jana rahatlyk bagyşlaýardy.
Şonuň üçin bu iş oňa ýaramanam durmady. Şonuň üçin ol örän tertipli işgär hökümnde Dürhalyň aýdan ýerinde ýekeje minut hem gijikmä häzir bolýardy, oňa ähli işlerinde, şol sanda daşary ýurtlardan konteýnerde gelen harytlary Dürhalyň öz dükanlaryna we lomaý alýan beýleki dükançylara paýlamakda, olaryň hasabyny ýöretmekde ýakyndan kömekleşýärdi.
Şeýlelikde günler, hepdeler geçiberdi. Haýdaryň iş hakyny almaly wagty hem geçip barýardy. Dürhal bolsa hak berjek adama meňzemeýärdi. Haýdar hem soramaga çekinýärdi. Ahyr bir gün Dürhaly gijara öýüne düşürjek mahaly Haýdar:
-Başlyk, firmaňyzda işgärleriň iş haky wagtynda berilmeýärmi?-diýip, çekinibiräk sorady. Dürhal:
-Wiý, huşum gursun. Aladanyň köplüginden bu hakda oýlanmandyrynam-diýip, öňünde duran gara gaýyş gapjygyndan bir desse ýüzlük çykardy-da, on sanysyny şahyrdadyp sanap Haýdara uzatdy-da, müň manat. Bolýamy şu?
-Köpräk dälmi?
-Alyber, seniň aýagyň düşdi öýdýän, bu aýda söwda gowy boldy. Ertir uly dükana baranymyzda alanlygyňa gol çekersiň.
-Puly resmileşdirip berýäňmi? Döwlet edarasy däl-ä, nämä gerek?
-Salgyt gullugyna hasabat berende gerek. Men dükançylaryma-da aýlyklaryny şeýle berýän-diýip, Dürhal Haýdara garap näz bilen ýylgyrdy-da, ulagdan düşdi. Haýdar öýüne gaýdyşyn gözleri ýolda bolsa-da hyýaly Dürhaldady. Onuň bolşuna düşünjek bolup kelle döwýärdi. “Iş hakymy wagtynda bermek hakykatdanam ýadyndan çykdymyka ýa-da meni

soramaga mejbur etjek boldumyka? Onsoňam näzirgäp ýylgyrmasy näme diýsene” diýip içini gepledip gelýärdi.
Şu arada ýakyn gatnaşykdaky ýaş ýigit bilen ýaş zenanyň göwünlerinde adamyň ygtyýaryna boýun egmeýän pynhan duýgularyň döremegi hem ähtimaldan daşda däldi. Emma aralaryndaky gatnaşyk şu çaka çenli başlyk bilen işgäriň gatnaşygyndaky resmilikden aňry geçenokdy. Şonuň üçinem Dürhalyň bu günki näzli ýylgyryşy Haýdary oýlandyrdy. Emma onuň Dürhal bilen aralaryndaky gatnaşygy çuňlaşdyrmak niýeti ýokdy. Sebäbi Dürhal hemmetaraplaýyn onuň deňi däldi. Onuň öň durmuşa çykyp aýrylyşanyny hem başlygynyň aýalyndan eşidipdi. Öýlenmedik ýigit bilen aýrylyşan gelniň goşulmagy ilde bir hili görülýäni üçin “Adamlar näme diýerler” diýen pikir şineläp ugran duýgularynyň öňüne böwet bolmagy mümkindi.
Ertesi uly dükan diýilýänine baranlarynda Dürhal bir çetde duran uly stoluň çekmesinden zähmet hakynyň kakyzyny çykardy. Haýdar dört gyzyň atlarynyň yzyna tirkelen öz adynyň dogrusyna gol çekeninde ol ýerde düýnki alan 1000 manadyna derek 600 manat ýazylanyna gözi düşüp:
-Başlyk, bu ýerde başga san ýazyypdyr. Sen düýn ýalňyşaňokmy?-diýdi. Dürhal:
-Ýok, ýalňyşamok-diýip, ýylgyrdy.
Gürrüň näme hakdadygyna düşünmese-de, bir çetde duran dükançy gyz owadan gözlerini Haýdara dikip:
-Başlyk hiç haçan ýalňyşmaýa-diýdi. Haýdar hem oňa garap ýylgyrdy-da, bir salym ondan gözüni aýyrman durdy. Olaryň bolşuna Dürhalyň gaşy çytyldy.
-Gitdik!-diýip, ol buýruk äheňinde aýtdy. Dükandan çykyp, köçede duran ulaga münenlerinden soň Dürhal:
-O gyzdan gözüňi aýrybilmediň-le, göwnüňe ýaradymy?
Kinaýaly äheňde aýdylan bu söze Haýdar biraz dymyp jogap berdi.
-Bilemok, ýöne gözelligiň magnit meýdany bolýamyşyn, özüne çekse, çekendir-dä.
Ol gyzyň owadanlygyna Haýdaryň şeýle uly üns bermegi Dürhala onçakly ýaramady.
-Hm... köp zat bilýäň, sen jentelmen-diýip, kinaýaly gülümjiredi.
Haýdar Dürhalyň sözleriniň äheňinden onuň duýgular dünýäsinde nämeleriň bolup geçýändigini duýdy. Ýöne özüni bilmezlige salyp, hiç zat diýmedi. Dürhal bolsa onuň bir zatlar aýtmagyny isläp garaşdy. Ondan ses-semer çykmanyndan soň jany ýanyp ýene özi dillendi:
-Haýdar, ünsli, sür, ýene kelläňi ýaňky magnit meýdany çekip duran bolmasyn.
Haýdar kellesini ýaýkap güldi-de, ýene geplemedi.

Şu wakaan soň Dürhal göwnündäki maksadyny Haýdara duýdurmagyň ýoluny gözläp başlady. Bir gün Dürhallarda günortan naharyny edinenlerinden soň Dürhal geýnip çykmak üçin özüniň otagyna girip gitdi.
Giçki güýzüň salkyn howasy başlanypdy. Şonuň üçin ýeňilräk paltomy, plaşmy geýmeli bolýardy. Ol şifonerinden birki plaşdyr palto çykaryp krowadynyň üstüne taşlady-da, Haýdary çagyrdy.
Haýdar elindäki çaýly käsäni saçakda goýup, bir hili tolgunyp ýerinden turdy. Tolgunmazça däldi. Aýal maşgalanyň ýatýan otagyna, onda-da näme üçin çagyrylanyňy bilmän girmeklik kimem bolsaň biraz hopukdyrjakdy. Ol çekinibiräk gapyny açyp seretdi. Şifoneriň aýnasynyň öňünde özüni synlap duran Dürhal:
-Gel, gel, giriber-diýip, oňa garap ýylgyrdy. Ýylgyrsa-da içinden tolgunýany bildirip durdy. Ol krowadyň ýanyna bardy-da:
-Haýdar, şularyň haýsysyny geýjegimi bilmän durun. Ine, şu gaýyş plaşy geýäýsem bolmazmyka?-diýip, ony eline aldy.
-Bolar, başlyk. Häzir şu plaşlaryň möwsümi.
-Dogry aýdýaň... Haýdar, näme diýsene, şu günden başlap maňa “Başlyk” diýmäňi goý. Adymy dogry aýdyber. Eger ikiçäk galanymyzda degişesiň gelse, hol gün telefon edeniňde aýdyşyň ýaly “Dubaýjan" diýseňem, gaharym gelmez.
-Ýok, beý diýip bolmaz. Özüň ikinji gezek agzyňdan şunuň ýaly söz çyksa diliňi keserin +diýmänmidiň?
-Meniň “Daýza” diýeniňe gaharym geldi. Niçik men saňa daýza bolýan, ikimiziň ýaşymyzam deňiräk dälmi näme?
-Hawa..
-Hany onda, jentelmenligiňi edip, meniň plaşymy geýdirip goýber-diýip, Dürhal elindäkini Haýdara uzatdy-da, özi şifoneriň aýnasynyň öňüne baryp, ellerini yzyna tutdy.
Aýnadan Dürhalyň ýanyp duran gözlerine gözi düşen Haýdar bu gözleriň näme isleýänine düşündi, emma ol plaşy emaý bilen geýdirdi-de iki ädim yza çekildi. Dürhal şu durşuna birsalym butnaman durdy. Onuň garaşany bolmady. Haýdar oňarmady. Ol üstündäki plaşy birden sypyryp, krowadyň üstüne zyňyp goýberdi-de, hiç zat diýmän äpişgäniň öňüne bardy. Arkasyny öwrüp duran Dürhalyň iki egniniň titreýänini gören Haýdar bir zat diýse gep ula gitjegini duýup, geplemän otagdan çykdy. Muňa Dürhalyň beter agysy tutdy.
Dürhalyň öňem bir gezek şeýle agysy tutupdy. Emma onda onuň sebäbi häzirkisiniň tersinedi. Bir gün onuň öňki sürüjisi şu günki ýaly günortanlyk nahardan soň Dürhalyň paltosyny geçdirmekçi bolup, özi ilgeçden aldy. Göwnünde hiç bir şübhe ýok dürhal arkasyna öwrülip, ellerini yzyna uzatdy. Sürüji bolsa paltony geýdiräge-de ony arkasyndan garsa gujaklap

gulagynyň düýbüne dodagyny basdy. Muňa girre gahary gelen Dürhal bir slkinip onuň gujagyndan boşady-da, dulugyna ýelmäp goýberdi. Batly şarpygyň zarbyna gözünden ot çykan “aşyk”:
-Bagyşla, bagyşla...-diýdi-de, zut çykyp gaçdy. Ine şonda islenmedik adamyň eden, küýselmedik hereketi Dürhala horluk bolup duýlup, agysy tutupdy.
İndi bolsa islendik adamyñ küýselÿän zatdan gaça durmagy oña gaty agyr degdi. Haýdar bolsa Dürhalyñ otagyndan çykyp, özüni eýwandaky diwana goýberdi. "Bu nähili boldy... Näme üçin onuñ islegini ret etdim? Menem oña biparh däl-ä, ahryn...Ýok, ýok! Adamlar näme diýer..." Haýdaryñ bu içhümletmelerini Dürhalyñ içerden çykmagy kesdi. Onuñ aglamakdan gyzaran gözlerine nazary kaklyşan Haýdar ýüzüni aşak saldy. Dürhal hemişekisi ýaly "Gitdik" diýdi. Daşary çykyp, maşyna münenlerinden soñ Dürhal:
- Haýdar, bagyşla... Men elim ýetmejek belentlige el uzadypdyryn. Gatnaşyklarymyz öñküligine galsyn, işleşiberäli - diýdi. Haýdar:
- Sen belentlige däl, aşaga egiljek boldyñ, Dürhal. Eýdip özüñi peseltjek bolma.- diýip, oña müýnli garady.
-Göwünlik berjek bolýañmy... Aşakmy, ýokarykmy, indi tapawudy ýok-diýip, Dürhal uludan dem aldy.
Şol gün Haýdar öýüne perişan halda geldi. Oglunyň ýagdaýyny duýan ejesi näme bolanyny hernäçe sorasa-da dogrusyny aýtmady. “Eje, hiç zat bolanok, ýöne ýadadym” diýip sypdy. “Indi nätmeli?” diýen sowal onuň kellesinden aýrylanokdy. Birmahal bu sowala jogap tapan ýaly, bolup, bir tagta kagyza şu aşakdaky sözleri ýazdy.
“Dürhal, meni bagyşla. Men gidýän. Onda-da saňa ýagşylyk etmek üçin gidýän. Sebäbi sen entek ýaş. Özňe mynasyp adamy tapyp durmuş gurmaly. Eger meniň bilen beýdip tirkeşip ýörseň gep-söz köpeler, şeýle adam tapylmaz. Men seniň bagtyň öňüne böwet bolmaýyn. Hoş, aman bol”. Ertesi ol Dürhallara hemişekisinden irräk bardy. Ulagy gapynyň öňünde saklady. Haty gapdalyndaky oturgyçda goýup, aşak düşdi. Ulagyň açaryny hemişe gapyny açýan Dürhalyň jigisine bardi-de, yzyna ýelk ýasady. Emma, biraz ýöräninden soň ol ikirjiňlenip başlady. “Bä, bu eden işim nähili boldy, birhili gelşiksizräk bolmadymy? Men nämeden gaçyp barýan”-diýip, böwrüni diňläp durdy. Ol öýüne gelenden soňam şu pikirler kellesinden aýrylmady. Ol indi özüni islemedik zadyndan gutulan ýaly däl-de, möhüm bir zadyny ýitiren ýaly duýýardy. " Näme üçin beýle? Ol Dürhaly söýmeýärmibi,näme? Aý ýok. Emma bütinleý biparh hem däldi." Onuň hyýalyny telefonyň jyňňyrdysy böldi.
-Allo, diňleýän...-Trubkany gulagyna tutup duran Haýdaryň ýüzi üýtgäp gitdi. Jaň edýän Dürgaldy:

-Haýdar, hatyňy okadym. Men günortan hemişeki wagtda öýe gelýän. Gel, işlän günleriň hakyny al, hasaplaşaly-diýen Dürhalyň sesi birhili sandyrap çykýardy.
Haýdar näme diýjegini bilmän bir salym dymdy. Ol iş haky barada pikirem edenokdy. "Näme diýsin, hasaplaşmak gerek däl diýsinmi?" Ýok, aýdyp bilmedi. Hak üçin däl...
-Näme dymýaň, Haýdar? Ýa geljek dälmi?
-Barýan...
Haýdar aýdylan wagtda bardy. Dürhal öýüleriniň öňünde maşynyndan düşmän otyrdy. Onuň içerde ejesiniň, jigisiniň ýanynda däl-de, maşynda ikiçäk gürleşmekçidigine Haýdar düşündi. Ol Dürhalyň yşaraty bilen maşyna münüp, onuň gapdalyndaky oturgyçda ýerleşdi.
-Haýdar, hatyňdaky sözleri göni özüme aýtsaň bolmadymy?
-Bolardy, ýöne çekindimmi, nämemi... Onsoňam...
-Näme onsoňam? Maňa ýagşylyk etjek bolup gitjekmi? Hatyňda şeý diýip ýazypsyň-a.
-Hawa, Dürhal, gitsem gowy...
-Haýdar...-Dürhalyň bogazy dolup, gepläp bilmän dymdy. Birazdan özüni dürsap, dowam etdi.-Maňa ýagşylyk etmekçi bolup gitjek bolsaň, gitme, Haýdar... Maňa beýle ýagşylyk gerek däl. Onsoňam men seniň boýnuňa aslyşamok. Gatnaşyklarymyz öňküligine galsyn diýdim-ä... Men seni diňe görüp ýörsem bolýa...-Ol soňky sözlerini aýdanynda gözüne ýaş aýlanyp, ýüzüni kesä sowdy.
Dürhalyň gözleriniň ýaşy, "seni diňe görüp ýörsem bolýa" diýen sözleri Haýdaryň ýüregini dilip goýberdi.
Oňa hemmesi düşnükli boldy. "Diýmek, ol meni çyny bilen söýýä. Men bolsa onuň düýnki özüni alyp baryşyna ýalňyş düşünipdirin..." Ara düşen bir salymlyk dymyşlykda Haýdaryň kellesine gelen bu pikirler onuň erkini elinden alan ýaly boldy. Dürhal ony içeri nahara teklip edeninde-de, maşynyň açaryny eline bereninde-de "ýok" diýip bilmedi. Aradan bir aýa golaý wagt geçdi. Aralaryndaky gatnaşyk daşyndan öňküligine galan ýalydy. Içki dünýälerindäki ýagdaýy bolsa ikisi-de daşyna çykaranokdylar. Emma Dürhal indi tabşyryklary öňküsi ýaly buýruk äheňinde däl-de, haýyş äheňinde aýdýardy. Aýratyn-da käte-käte Haýdara delminip bakyşlary ýigidiň ýüregini barha eredip barýardy. Eger-de Dürhaldaky heser onuň kalbyna-da aralaşsa "adamlar näme diýerler" diýen böwediň böwsüläýmegi ähtimaldan daşda däldi.
Wagty gelip, şeýle-de boldy. Şol gün hemişeki ýaly, Dürhallara günortanlyk nahara geldiler. Dürhalyň ejesi palaw taýýarlap goýup, kiçi gyzy bilen bir ýere giden ekeni. Ikiçäk galanlary üçinmi, Haýdarda birhili tolgunma peýda

boldy. Palawy Dürhalyň özi salyp getirdi. Haýdar tolgunýanyny bildirmejek bolup wäşisiräp:
-Palaw diýen bir aş bolar,
Tabaga salsaň çaş bolar.
Myhmanyň göwni hoş bolar.
Janym palaw, janym palaw-diýip hiňlendi.
Dürhal gülüp:
-Bä, sen şahyram ekeniň-ä. Muny şu duran ýeriňde düzdüňmi?-diýdi.
-Ýok-laý, bu öňden bar goşgy. Sen öň eşitmän ekeniň-ow.
Palawyň başyna geçenlerinde kiçijik tagtanyň üstünde eti dograýan Haýdaryň pyçak tutan eliniň çalaja titreýänini gören Dürhal onuň içinde bir galagoplugyň bardygyny duýdy. “Be, bi nämäniň galawutyny edýäkä? Ýa-da ikiçäk galanymyz üçin meni ýene bir hokga çykarar öýdüp howatyrlanýarmyka?” diýip, içini gepleden Dürhal onuň howatyryny köşeşdirmek üçin bu günki edilen we edilmeli işler hakynda söz açdy. Nahardan soň Dürhal çaý demläp geldi.
-Indi birki käse çaý içeli, Haýdar, onsoň işe gideris-diýip, käselere çaý guýdy. Bir käsäni Haýdaryň eline uzatdy-da, oňa birhili ýeserlik bilen seredip diýdi:
-Haýdar, mydama iş, alada barada gürleşýäs, arasynda liriki yza çekilme diýen ýaly zat sorasam gaty görmezmiň?
-Ýok, soraber.
-Sen şu ömrüňde birini söýüpmidiň?
Haýdar şeýle soraga garaşmanlygy üçinmi, bir hili geň galmak bilen Dürhala garady. Ondan nazaryny aýyrman bir salym dymyp durdy-da:
-Mende nä ýürek ýokdur öýdýäňmi?-diýdi.
-Bardygyny bilýän, ýüreksiz ýaşap bolýamy?-diýip, Dürhal güldi.-Bolýa, aýdasyň gelmese aýtma. Gitdik- diýdi-de, ýerinden turdy. Diwana taşlap goýan paltosyny eline aldy. Edil şu pursata garaşyp duran ýaly Haýdar çalt baryp onuň elinden paltony aldy-da:
-Gel, özüm geýdireýin-diýdi. Onuň niýetinden bihabar Dürhal:
-Oho! Jentelmenlik edýäň öýdýän-diýip, arkasyna öwrüldi-de, ellerini yzyna uzatdy...Dürhalyň gözlerinden syrygyp gaýdan iki damja ýaş döşüniň üstünde sepleşen Haýdaryň ellerine damdy.

# Yşk heseri
## (hekaýa)

**Fyzuly iki älemde muhabbet aşnasy bol,**
**Muhabbetsiz köňüler gyşdyr, hergiz ýaz olmaz.**
**(M.Fyzuly)**

Bir tarapy aýnabent eýwanda oýa çümüp oturan Aýnuryň ejesiniň bu gün ünsüni has artdypdy. Soňky wagtda gyzynyň işinden hemişekisinden gijigip gelýänini aňyp ýörenem bolsa sebäbini soranokdy. «Belki onuň bilen ýene-de duşuşyp, synlap ýörendir» diýip çak edýärdi. «Razylygyňy bereninden soň indikiň näme diýsene» diýen pikir bilen ýerinden turup, gyzynyň ýoluna seretmek üçin gapa ýöneleninde Aýnuryň özi gelip girdi. Onuň ýaňaklary säher şapagy ýaly elwan öwsüp, gözleri birenaýy uçganaklap durdy. Gyzynyň ýüzüne nazary düşen ejesiniň ýüregi onuň duýgular dünýäsinde bir üýtgeşikligiň bardygyny şol bada syzdy. Ol bagtyýarlyk duýgusyna dolanan adamlaryňky ýaly nurlanyp duran gyzynyň görmegeý keşbine seredip durşuna:

-Geldiňmi, gyzym-diýdi.

-Geldim, eje-diýip, ejesini gujaklap göterdi-de, pyrlanyp bir aýlandy.

-Eý waý, gyz, edýäniň näme, dälirediňmi?

Aýnur ejesini gujagyndan goýbermän agzyny onuň gulagyna ýetirip, syrly äheňde pyşyrdady:

-Däliredim, eje, däliredim. Men söýýän, meniňem kalbymda bu ajaýyp duýgy oýandy-diýdi. Ejesi Aýnuryň gujagyndan boşanyp ýüzüne ýylgyryp garady:

-Aýtdym-a saňa, gyzym. Ol söýmezçe ýigit däl. Durmuş guranyňyzdan soň söýgiňiz hasam...

-Eje! Düşünmediň. Seniň onyňy söýüp bolýamy...

-Näme, näme?!..

***

Aýnur ýokary lukmançylyk mekdebini tamamlap, işe başlanyna bir ýyl geçip geçmänkä ejesiniň uzagrak garyndaşlaryndan sawçylar gelip başlady. Aýnur «Men söýmedik adamyňa durmuşa çykjak däl» diýip garşylyk görkezse-de ejesi guda boljak tarap garyndaşy bolany üçinmi gyzynyň razylygyny almaga çalyşýardy:

-Ýokary bilimli, bir uly kärhananyň hasapçysy. Şonuň ýaly ýigide barman, kime barjak? Surnaýça barjakmy?!-diýip gaharlanýardy. Gahar bilen iş bitmejegine gözi ýetende hoşamaý äheňe geçerdi.

-Gyzym Aýnur jan gyz oglanyň wagtynda durmuş gurup, öýli-işikli bolany ýagşy. Wagtyň geçiberse uly gyz bolup, oturyp galýaň. Men seniň bagtly bolmagyňy isleýän.
-Söýmedik adamyň bilen bagtly bolup bolýarmy, eje?!
-Söýgi diýeniň durmuş guranyňdan soňam döräberýä. Olam söýmezçe ýigit däl. Görk-görmegi-de hiç kimden kem däl. Goýun ýaly ýuwaş, gepi-sözi ýerinde.
-Goýun ýaly diýsene-diýip, Aýnur ajy ýylgyrdy. -Ýadymda ýaşlygymda olara gezelenje baranymyzda köçede oglanlardan taýak iýip gelip, sümügini çekip aglap oturýardy.
-O döwürden oba göçdi. Häzir ony görseň, tanamarsyňam. Onsoňam, jigileriň ulalsa olarda-da gyzlar bar, iki taraplaýyn guda bolarys. Kakaňam şony makul görüp otyr.
-Kakam makul görýän bolsa maňa näme hiç zat aýdanok?
-Kakaň işi bilen başagaý. Ol maňa gyzyň bilen özüň gepleş. Men ony mejbur etjek däl, diýdi.
-Onda sen meni mejbur etjek bolýaňmy?
-Ýok, gyzym, menem mejbur etjek däl. Gyzyň razylygyny alman basyp, ýenjip berilýän döwürler geçdi. Özüň gör, duşuş, gürleş. Onsoň razylygyňy berseňem bolýa, gyzym.
***
Aýnur belleşilen ýere-seýil bagynyň öňüne baranynda ol garaşyp duran ekeni. Ol orta boýly, bugdaýreňk, saçlary bir gapdala daralan ýigitdi.

-Salam.

-Salam.

Şundan soň olar ümsüm bagyň içine tarap ýörediler.
Bir oturgyjyň deňine baranlarynda ol:
-Şu ýerde oturaýaly-diýip, garyljak ses bilen dillendi.
Ilki Aýnur oturdy. Ol oňa ýakyn, egin egne deger degmez edip oturdy. Aýnur biraz süýşüp arany açdy. Gyz özüniň bu hereketiniň oňa nähili täsir edenini bilmekçi bolup, ýüzüne seredeninde hiç hili üýtgeşiklik görmedi.
-Seniň maňa aýtjak-goýjak gepiň barmy?-diýip, Aýnur ondan ses-selem çykmansoň ilki bolup söz gatdy.
-Aý, ýok, näme gepim bolsun.
-Onda näme diýip geldiň?
-Ejem dagy Aýnur seniň bilen gürleşjek bolýa diýdiler... Geldim şonuň üçin ...
Aýnur kinaýaly ýylgyrdy.
-Seniň özüň halaşýan gyzyň ýokmudy?
-Ýok.

-Şu ýigrim bäş ýaşyňa çenli hiç bir gyz bilen duşuşyp, synaşyp, söýüşip görmediňmi?
-Meniň onuň ýaly suwjuk gylygym ýok.
Aýnur ýene kinaýaly ýylgyranyny duýman galdy.
-Suwjuklyk başga hili bolýa. Meniň aýdanym suwjuklyk bolmaýa.
-Eýse näme bolýa?
-Oňa sen düşünmeseň gerek. Bolýa, bu gepi goýaly. Indi sen maňa dogryňy aýt. Meni halaýaňmy?
-Hawa...
-Sen öň meniň bilen duşuşyp ýörmedik bolsaň, gylyk, häsiýetimi bilmeseň, nädip meni halaýaň?
-Ejem seni gowy gyz diýdi. Gowy gyzy kim halamaýa...
Aýnur gürrüňi mundan artyk dowam etdirmegiň zerurlygy ýokdugyny duýdy-da:
-Bolýar onda, gaýdaýaly-diýip, ýerinden turdy. Ol gyzy ugradaýyn hem diýmedi. Şol ýerde-de aýrylyşdylar. Her kim öz ýoluna gitdi.
***
-Goýun ýaly diýeniň çyn ekeni, eje-diýip, duşuşykdan gelen Aýnur ejesine garap ajy ýylgyrdy.
-Näme?! Goýun ýaly ýuwaş bolsa ýamanmy? Saňa ýolbars ýaly üstüňe topulyp durany gerekmi?! Aýalynyň sesine işden gelip eşiklerini çalşyryp duran Aýnuryň kakasy içerki otagdan çykdy. Ol:
-Näme gep, sesiň gaharly çykýala, ejesi-diýdi.
-Al, gyzyň bilen özüňem gepleş. Onymyz goýun ýalymyşyn. Muňa ýolbars ýalysy gerek bolmaga çemeli!
-Eje!
-Bolýa, bar, işiň bilen bol. Özüm gepleşerin.
Ejesi çykyp gitdi.
-Gel otur, gyzym, ikimizem bir gürleşeli-diýip, diwana geçip oturan kakasy Aýnura ýanyndan ýer görkezdi.
-Maňa ýüregiňdäkini aýdaý, gyzym. Başga halaşýanyň barmy?
-Ýok, kaka, halaşýanym ýok. Ýöne men ony-da halamok.
-Düşünýän. Söýüp, söýülip durmuş gursaň oňa ýetesi zat barmy. Ýöne onuň ýaly bagt hemme adama nesip edenok. Nätjek. Ýaşyň geçip barýa, wagtynda durmuş gurman oturyp galsaň, gowy däl gyzym. Menem ony soraşdyryp gördüm. Gowy hünärmen, işine jür, guş agzyndan çöp almaýan, hiç kime azarsyz, ýuwaş ýigit diýýärler. Meniň işimde seniň ýaşyňdaky bir gelin işleýär. Ol biçäre hepdede bir ýa iki gezek ärinden taýak iýip, gözüniň üstüni gögerdip gelýär. Şonuň ýalydan hudaý saklasyn...
Kakasynyň nesihatlary täsir etdimi, nämemi, Aýnur başga geplemedi. Dymmaklyk razylygyň alamaty diýip, gudalara rugsat berildi. Indi toý

sähedini belläýmek galypdy, emma şol arada gudalaryň 90 ýaşly garry mamasy aradan çykyp, toý merhumyň kyrky geçýänçä togtadyldy. Munuň Aýnur üçin parhy ýokdy. Ol özünden ötenini özi bilýärdi. Käte aýnanyň öňüne baryp, içki dünýäsiniň ýalkymy lowurdap duran gara gözlerine, gözelligine, bir kemsiz jemalyna seredip: «Alla, maňa şeýle görk-görmek beripdir. Şuňa laýyk bagt hem bermezmi» diýip hamsygýardy.

Ykbal işidir-dä, şol arada oslanmadyk ýerden ýüze çykan bir tötänlik takdyryna tabyn bolup ýören Aýnuryň duýgular dünýäsine başgaça bir öwşün alyp girdi.

Dynç günüdi. Aýnur iki boýdaşy bilen toýunda gerek boljak zatlary almak üçin dükanlara aýlanmaga çykypdy. Olar uly köçäniň ýan ýodasyndan özara gürleşip barýardylar. Olaryň garşysyndanam iki ýigit ellerini galgadyp bir zatlar barada jedelleşip gelýärdi. Gyzlaryň deňinden geçiberäýenlerinde ýol darlyk etdimi nämemi, olaryň biriniň egni Aýnuryň egnine gabat gelip kakyp goýberdi. Aýnuryň elindäki gapjygy zyňylyp gidip, ol ýigidiň aýagynyň aşagyna gaçdy.

-Haý, ýerçeken! Gözüň ýokmy?! -Aýnuryň gazaply nazaryna gözi kaklyşan ol ýigidiň ýüzi biraz gyzardy.. Ol aşak egilip, gapjygy aldy-da Aýnura uzatdy.

-Bagyşlaň, men bilip etmedim. Tötänden bolaýdy öýdýän...

Onuň mylaýym garaýşy, gepiniň ýakymly äheňi Aýnury birneme gahardan düşürdi. Ol gödeklik edenini bilse-de ýigidiň elinden gapjygyny kakyp aldy-da, tiz-tiz ýöräp gitdi. Emma bäş-alty ädimden soň yzyna gaňrylyp seredenini özi-de duýman galdy. Görse ol ýigit hem onuň yzyndan seredip durdy. Bu ýagdaýy gören Aýnuryň ýoldaşlary kikirdäp gülüşdiler. Ýöne tä öýlerine barýança Aýnuryň göz öňüne şar gara saçlary arka daralan, ak ýüzli, mawy gözlerinde gujur, joşgunlyk uçganaklap duran syratly ýigit geldi durdy.

Durmuşda tötänden bolýan zat azmy. Olaryň köpüsi basym ýatdan çykyp gidýär. Aýnur hem bu wakany üç gün geçip geçmän unudypdy. Emma ykbal olary ýene-de duşurmagyň ugruna çykan ekenmi ýa-da ýigidiň erjelligindenmi olar indi ikiçäk duşuşdylar. Aýnur şol gün hem hemişekisi ýaly irden işine geleninde ondanam ir gelen bölüm müdiri geçen gije awtoulag çaknyşygyna uçran bir adamy getirendiklerini, ony bir adamlyk tölegli palata ýatyrandyklaryny aýtdy we oňa seretmegi tabşyrdy. Eşiklerini çalşyryp lukman sypatyna giren Aýnur bölüm müdiriniň aýdan palatasyna bardy. Bir aýagy gipslenip, ýokary asylyp goýlan ýigit ony görenden salam berip birhili ýylgyrdy.

Aýnur bu näme ýylgyrýarka diýip, oňa ünsli seredeninde ýüzi tanyş göründi.

-Siz «ýerçeken»-diýip garganyňyzdan soň meni tas ýer çekipdi. Ýagşysy ony çyn ýüregiňizden aýtman ekeniňiz. Ýogsam men bu wagt bu ýerde däl, ýeriň aşagynda bolardym-diýip, ol ýene-de ýylgyrdy. Bu sözlerden soň Aýnur ony tanady.
-Meniň garganym üçin däl-de, özüňiziň seresapsyzlygyňyz zerarly bolandyr bu ýagdaý.
-Hawa-da seresapsyzlyk edipdirin, boljak işdir-dä.
-Aýagyňyz häzir agyranokmy?
-Begenjime agyry ýadymdan çykyp gitdi.
-Nämä begenýäňiz, aýagyňyzyň döwüleninemi?
-Size şu ýerde duşanyma...
Aýnuryň gaşy çytyldy. Oňa gatyrak bir söz aýtmakçydy, emma ýigidiň mähirden doly mylaýym garaýşyna gözi düşende dilini dişledi.
-Agyry biynjalyk etse aýdarsyňyz, agyryny galdyrýan sanjym ederis-diýip, çykyp gitdi. Iş otagyna baryp, onuň «kesellik taryhyny» gözden geçirdi. 30 ýaşynda, gurluşykçy, inžener, ady Batyr... Aýnur oýa çümdi. «Bu nähili adam, näme maňa beýle sözler aýdýa, beýle seredýä? Otuz ýaşynda bolsa öýli-işikli, maşgalaly adam bolmaly. Ýöne gelin-gyzlara keýpine lak atýanlaryň garaýyşlary bir hili bihaýa bolýa. Onuňky eýle däl. Aýnur onuň ilki köçede kaklyşanlarynda-da aýdan sözleri bilen mylaýym, mähirli garaýşyny ýatlady. Ýöne ol ýene şeýle sözler aýtsa mertebesini saklamak üçin gaýtawul bermegi ýüregine düwüp goýdy.
Aýnur süňk döwüginiň tiziräk bitmegine kömek edýän, nerw asudalygyny saklaýan dermanlardan sanjymlary onuň «kesellik taryhyna» ýazyp, şepagat uýasyna olaryň edilmeli wagtyny belläp berdi. Şundan soň ol beýleki näsaglara seretmek üçin palatalara aýlanmaga gitdi.
Öýläne golaý Aýnur onuň ýagdaýyny bilmek üçin otagyna barýarka ýüreginiň urşunyň birneme çaltlanandygyny syzdy. «Toba, bu näme beýle? Men nä ondan gorkýanmy ýa-da utanýanmy?» diýip, içini gepledip palatanyň gapysynyň öňünde birsalym aýak çekdi. Özüni dürsäp otaga gireninde näsagyň ýüzi ýagtylyp gözlerinde üýtgeşik bir şöhle peýda boldy.
-Ýagdaýyňyz nähili, gowumy?
Ol Aýnuryň sowalyna derrew jogap bermedi. Bir dem oňa seredip durdy-da soňra:
-Gowy däldi, häzir gowy boldy-diýdi.
-Näme üçin gowy däldi?
-Haçan sizi gelerkä diýip, gapa seredip ýatmak meň üçin ....
Aýnur onuň sözüni böldi:
-Sanjym aldyňyzmy?
-Aldym, ýöne ...
-Näme ýöne?

-Sanjymy özüňiz edäýseňiz gowy bolardy.
-Ol meniň wezipäme girmeýär.
-Men ony bilýän.
-Bilýän bolsaňyz näme üçin aýdýaňyz.
Ol uludan bir demini aldy. Aýnura şol mähirli, mylaýym garaýşy bilen bakyp:
-Gadymda meniňki ýaly bir derde uçran şahyr:
«Eger sen bolsaň tebibim meniň,
Maňa saglykdan hassalyk ýagşy» diýipdir diýdi.
Aýnuryň dodaklary gaharly gysylan ýaly boldy. Emma gözleri gaharynyň çyn ýürekden däldigi üçin başgaça seredýärdi. Şonda-da ol öň gaýtawul bermegi ýüregine düwüp goýany üçinmi, nämemi gatyrak sözledi.
-Näme diýsene, Batyr. Onuň adynyň dilinden sypanyny özi-de duýman galdy. Ýigit bolsa adyny onuň agzyndan eşidip, ýüzi has açylyp, gözleri lowurdap ýandy. Ýene bir şunuň ýaly söz aýtsaňyz, göwnüňize degäýmegim mümkin. Öýli-işikli, maşgalaly adam gören gelin-gyzyna lak atyp otursa bolmazmy?
-Öýli-işikli diýeniňiz dogry. Öýüň bolsa onuň işigi-de bolaýmaly. Ýogsa nireden, nädip girip çykjak. Ýöne meni maşgalaly diýip kim aýtdy size?
-Hiç kim aýdanok. Otuz ýaşa çenli maşgala gurmadyk bolsaňyz günä özüňizde. Onsoňam bir gep: Siz näsag, men lukman. Ikimiziň aramyzda siziň şikeslenen aýagyňyzy bejermek baradaky gürrüňden başga gep bolmaly däl bu ýerde. Düşnüklimi?!
Ol Aýnuryň bu aýdan sözlerini gözleriniň tassyklamaýanyny aňdy. Şonuň üçinem çalarak ýylgyryp:
-Düşnükli, lukman-diýdi. Aýnur:
-Düşünen bolsaňyz gaty gowy-diýdi-de oňa birhili kinaýaly nazar bilen garap, otagdan çykdy. Şol gün Aýnur öýlerine hemişekisinden üýtgeşik bir ýagdaýda geldi. Ol bir hili biynjalykdy. Özüniň ruhy dünýäsine nämedir bir zadyň aralaşanyny duýýardy. Otagyna girip, eşiklerini çalşyrýarka-da, aşhana geçip, ejesine çaý, nahar taýýarlamaga kömekleşýärkä-de ol hyýalyndan çykanokdy. Ene ýüregi duýgur bolýar. Gyzynyň şu gün hemişekisi ýaly däldigini aňan ejesi:
-Aýnur, gyzym, şu gün saňa bir zat bolupdyr, näme boldy, maňa aýtjak dälmi-diýdi.
-Ýok, bolan zat ýok, eje. Şu gün işim köp boldy, ýadapdyryn.
Aýnur nahar iýilip, saçak ýygnanandan soň bir salym telewizora seredip oturdy-da «ýadapdyryn» diýen bahanasy bilen hemişekisinden has ir özüniň ýatýan otagyna girdi. Ol özi bilen özi ikiçäk galyp, şu günki bolan wakany we özüniň ýagdaýy barada oýlanyp görmekçidi. Ol özüniň birine adaglanandygy, ýakynda toýunyň boljakdygy üçin täze dörän duýgularyna

erk berip biljek däldi. Emma ol düşege uzalyp gözlerini ýumandan Batyr bilen aralarynda bolan gürrüň, onuň mylaýym, mähirli garaýşy hyýalynda gaýtadan janlandy. Ol pikirini başga ýana sowmakçy bolup synanyşdy, bolmady. Gaýtam onuň aýdan goşgusynyň:
Eger sen boslaň tebibim meniň,
Maňa saglykdan hassalyk ýagşy-diýen iki setiri gulagynyň düýbünde ýaňlanan ýaly boldy. Ol bu setirleriň ýadynda galanyna haýran galyp, ony içinden ýene bir gezek gaýtalady. Birdenem özüniň öz erkli däldigi ýadyna düşüp, «nätmeli?» diýen soraga jogap gözläp başlady. «Menem duýgularyma erk edip bilmesem munuň soňy nähili bolar?... Ýok, şonuň üçin ertiriň özünde zähmet rugsadyma çykmaly. Bir aýlyk rugsadym gutarýança olam gutulyp hassahanadan çykyp gider» diýen pikir bilen biraz köşeşen ýaly boldy. Emma gije uzak, daňam ýakyn däldi...
Aýnur hassahana adatdakysyndan irräk geldi. Ol işlemek üçin däl-de, gijeki gelen kararyna görä zähmet rugsadyna çykmakçy bolup gelipdi. Ol bölümiň gapysyndan gireninde öňünden çykan, gije nobatçylyk eden şepagat uýasynyň öwzaýyny görüp, bir üýtgeşik waka bolanyny aňşyrdy.
-Näme boldy, parahatçylykmy?-diýip, sorady.
-Ol... ýeke adamlyk palatadaky adam ýok, gidipdir.
-O nähili gidip bilýä? Aýagy gipslenip, asylyp goýlan dälmidi näme?
Şol wagt bölümiň müdiri hem geldi. Oňa bu wakany aýdanlarynda ol kinaýaly ýylgyrdy-da:
-Kinolardaky ýaly ony ogurlap giden bolaýmasynlar-diýip, özüniň iş otagyna girip gitdi.
Aýnur bölüm müdiriň bu waka biparhlygyna geň galyp, ýeke adamlyk palata bardy. Hakykatdanam onuň ýeri boşdy. Şonda ony iki hili duýgy gurşap aldy. Birinjisi: bir gymmat bahaly zadyny ýitiren ýaly boldy. Bu ýürekde dörän duýgydy. Ikinjisi: gerdeninden agyr ýük aýrylyp, ýeňlän ýaly boldy. Bu aňyndan gaýdan duýgudy.
Indi oňa zähmet rugsadyna çykmak hem gerek bolmady. Ol adatdaky iş gününe başlady. Emma ol hakda näçe oýlanmaýyn diýse-de hyýalyndan gitmedi: «Nädip gitdikä? Özi ýöräp gidip bilmez, dostlaryna haýyş eden bolsa göterip alyp gitdilermikä? Nobatçylar niçik görmän galdylarka? Bolsa-da, näme üçin gitdikä? Belki, meniň soňky aýdan sözlerim gaty täsir edendir». Ol içinde dörän şeýle sowallar we dürli oýlar bilen gümra bolup, iş gününiň ahyryna ýetenini hem duýmady.
Aýnur hassahanadan çykyp, uly ýoluň gapdalyndaky ýan ýodadan awtobus duralgasyna tarap barýarka bir ak reňkli ulag onuň deňinden on ädim çemesi geçip saklandy-da onuň içinden sag goltugy pişekli, elinde bir desse gül bilen bir adam çykdy. Oňa nazary düşen Aýnuryň ýüregi gobsunyp gitdi. Ol tolgunmasynyň güýji bilen ädimini çaltlandyrdy.

-Bir biçäre maýybyň habaryny alman göni geçiberjekmisiňiz, lukman.
Aýnur hassahanadan çykyp, uly ýoluň gapdalyndaky ýanýodadan awtobus duralgasyna tarap barýarka bir ak «Taýota» onuň deňinden on ädim çemesi geçip, sakga togtady. Onuň içinden sag goltugy pişekli, elinde bir desse gül bilen bir adam çykdy. Oňa nazary kaklyşan Aýnuryň ýüregine bükgüldi gitdi. Ol tolgunmasynyň güýji bilen ädimini çaltlandyrdy.
-Bir biçäre maýybyň habaryny alman göni geçiberjekmisiziň, doktor?
Aýnur biygtyýar saklandy. Ol tolgunmasyny biraz basyp, oňa kinaýaly seretdi-de:
-Bu ýer maýyplaryň habary alynýan ýer däl. Hassahanadan näme gaçyp gitdiňiz?
-Gaçmadym, gaýtam ýuwaş ýöräp gitdim. Gidenimiň sebäbi bolsa siz maňa «ikimiziň aramyzda aýagyňyzy bejermek baradaky gürrüňden başga gürrüň bolmaly däl bu ýerde» diýdiňiz. Menem bu ýerde bolmaýan bolsa başga ýerde bolar onda-diýip, hassahanaňyzdan çykyp gaýtdym...
-Nädogry edipsiňiz, gaýdyp baryň, ýogsa aýagyňyz maýyp bolup galar-diýdi-de Aýnur tiz-tiz ýöräp gitdi.
-Duruň, Aýnur! Men size gül ...-diýip, Batyr dowamyny aýdyp ýetişmän yzyndan delminip galyberdi.
Aýnur ertir şu wagta çenli dürli oýlaryň, dürli hyýallaryň girdabynda ýüzüp, haýsy kenara çykjagyny bilmän ýaýdandy. Ol edil düýnki wagtda oňa ýene duşdy. Işinden çykyp duralga barýan Aýnuryň deňinden dazlap geçen düýnki ak maşyn gyra çykyp saklandy-da içinden pişeksiz, taýaksyz, sap-sag Batyr çykdy. Ony gören Aýnuryň haýran galmakdan gözleri tegelenip gitdi. Salam berip öňünden çykan ýigide Aýnur boýdan-başa garap, gaharly äheň bilen:
-Aý, sen simulýant, ýalançy, hilegär-diýdi. Ýöne onuň gözleri gaharynyň ýasamadygyny bildirip durdy.
-Hawa, simulýant, ýalançy, däli. Näme diýseňiz şol men. Ýöne meniň hakyky ýagdaýymy bilseňizdi, başga at dakardyňyz maňa.
-Näme at dakardym?
-Ony maşynda aýdýan, maşyna münüň ... haýyş edýän, Aýnur!...
Ýüregiň jümmüşinden syzyp çykan soňky üç söz Aýnuryň erkini gowşadyp, ygtyýaryny elinden alan ýaly boldy. Maşynyň yzky gapysyny açyp, delminip duran ýigidiň gözlerine nazary düşen Aýnur biygtyýar maşyna mündi. Gapy ýapyldy. Batyr öz ýerine geçdi. Emma maşyn ýerinden gozganmady.
-Düýnki güllerimi berip bilmedim. Solup galdy. Bu gün size täze güller aldym-diýip, Batyr ýanyndaky otyrgyçda goýan güllerini alyp, Aýnura uzatdy. Aýnur geplemän gülleri alyp, burnuna tutdy. Soňra:
-Sürüň, bu ýerde durmaly-diýdi.

Maşyny sürüp barýan Batyryň gözleri ýolda bolsa-da hyýaly Aýnurdady. Ol tiz-tiz yzy görkezýän aýnadan Aýnura garap-garap goýýardy.
Onuň özüne seredip gelýänini duýan Aýnur:
-Ýoluňyza gowuja serediň, ýene-de aýagyňyz çyndanam döwläýmesin-diýdi.
-Nädeýin ... didaryňyzdan doýup bilemok...
Onuň sözlerine ynanmaz ýaly däldi. Aýnur bu sözleriň çyn ýürekden çykandygyny duýup, öz ýüregine-de diň saldy. «Ol meni hakykatdan hem söýýär. Ýogsa meniň üçin aýagyny döwen kişi bolup, hassahana düşermidi, beýdip yzymda ser-sepil bolup ýörermidi. Bu hakyky söýgi. Ýa Alla, bu duýgy indi meniň ýüregimde-de oýandy öýdýän. Men indi nädeýin? Ýüregimdäki söýgimi ýüze çykaryp, onuň söýgüsine söýgi bilen jogap berip bilerinmi ýa-da ol ýüregimiň töründe gömülip galarmy?...» Maşynyň saklanmagy Aýnury oýlaryndan açdy. Ol aýnadan daşary seretse çolarak bir köçede, ýoluň gyrasyndaky goýy kölegeli agaçlaryň aşgynda durdular.
-Näme sakladyňyz? Men öýe barmaly?
-Öýüňize elterin, ilki meni bir diňläň, size aýtmaly gürrüňim bar-diýip, Aýnura tarap öwrülip oturdy.
-Aýtmasaňyzam bilýän, näme aýtjagyňyzy. Ýöne maňa bir zady aýdyň., meniň nirede işleýänimi size kim aýtdy.
-Şol gün köçede kaklyşanymyzda ýanyňyzdaky gyzlaryň birini tanaýadym. Şondan sorap bildim. Bilseňiz, şol kakylyşanymyzda nähili ahwalatyň bolanyny. Şonda siz maňa gaharly garap käýindiňiz. Emma men käýnjiňize-de, garaýşyňyzda-da çynlakaý gaharyň ýokdugyny duýdum. Ine, şonda siziň seredýän gözleriňizdäki jöwhermi, jadymy maňa şeýle bir täsir etdi welin şol gün güni bilen siziň keşbiňizi göz öňümden gitmedi. Eger ylahyýetden bir zat bolmasa bir görende adama şeýle bendiwan bolmak mümkin däldigine ynandym. Meniň size bolan söýgim ylahy yşarat bilen dörän söýgi bolmaly, Aýnur-diýip, ol Aýnuryň dyzynyň üstündäki bir elinden tutdy, Aýnur tisginip gitdi, emma şol bir wagtyň özünde tutuş bedenine üýtgeşik bir jümşüldi ýaýrady. Ol ýuwaşlyk bilen elini çekip aldy-da:
-Men size ynanýan, Batyr. Emma ... damagy dolup, soňuny aýdyp bilmedi, gözlerine guýulyp gelen ýaşy ýaşyryp, ýüzüni kesä sowdy.
-Aýnur, ezizim, näme üçin aglaýaň, näme boldy?-diýip, Batyr birden «Sizden» «Sene» geçdi.
-Men siziň söýgiňize jogap berip bilmeýän, şonuň üçin...
-Näme beýle diýýäň, Aýnur?
-Men birine adaglanan...
-Men ony bilýän.
-Bilýän?! Bilýän bolsaňyz, näme diýip yzyma düşüp ýörsüňiz?

-Boýdaşyň maňa diňe iş ýeriňi salgy bermedi. Ol sen hakda hemme zady gürrüň berdi. «Boýdaşyma ýüregim awaýa. Şeýle görmegeý, joşgun kalply gyzyň duýgulardan mahrum, bir töňňe adama sezewar boljagyna näme diýersiň» diýdi. Eger meni seni söýmedik bolsam-da bir ynsanperwer adam hökmünde seni şol bagtsyz durmuşdan halas etmäge kömekleşerdim.
-Ah, Batyr, nämeler diýýäňiz. Men size duşmazymdan öň ejemiň, kakamyň raýyny ýykmajak bolup, razylyk beripdim. Toýuň sähedi hem bellenipdi. Şol arada olaryň bir garrysy gaýdyş edip, toý togtadyldy, merhumyň kyrky geçýänçä. Ondan bärem bir aýa golaýlap barýar.
-«Adamyň geljegi ykbalyň elinde» diýip ýöne ýere aýdylmandyr, Aýnur. Görýäňňmi ykbal bizi duşurmak üçin toýy yza sürüpdir. Ejeň, kakaň bilen gürleş. Biz adam hukuklary goralýan, azat, demokratik ýurtda ýaşarys. Hiç kim seni islemedik zadyňa mejbur edip bilmez.
Aýnur bir salym dymdy-da:
-Meni öýe eltiň, Batyr-diýdi.
Batyr munuň ýaly ýagdaýda wagt gerekdigini syzdy. Şonuň üçinem hiç zat diýmän maşyny otlady. Ol Aýnury aýdan ýerinde düşürip, ýüreginde uly umytlar bilen hoşlaşyp gitdi.
Maşyndan düşüp galan Aýnuryň ýüzi  içki dünýäsindäki duýgularyň täsirindenmi lowlap gyzýardy. Bu duýgular onuň diňe ýüzüni gyzdyrman, kalbyna hyjuw we aýgytlylyk guýan ýalydy. Şu günki duşuşyk, Batyryň hoşamaý keşbi, mährem garaýyşlary, mylakatly sözleri Aýnury düýpgöter özgerdipdi. «Söýülmek, söýmek nähili ajaýyp hal. Kakamyň özi hem «söýüp, söýlüp durmuş gursaň oňa ýetesi zat barmy. Ýöne munuň ýaly bagt hemmä-de nesip edenok» diýdi ahyryn. Ine, şeýle bagt maňa nesip etjek bolup duranda  men sähel gowşaklyk etsem ... Ýok! Berk durmaly. Häziriň özünde ejem bilen gürleşjek. Ejemi yrsam, kakamly iş haýyr-la» diýen iç gepletmeler bilen Aýnur öýlerine baryp ýetenini hem duýman galdy.
***
Aýnuryň ejesi bilen gepleşiginiň başyny biz hekaýanyň öňünde beripdik. Ine, onuň dowamy.
-Näme, näme?! Ony söýüp bolýamy diýdiňmi?!
Eýsem kimi söýüp ýörsüň sen?
-Söýüp bolýan adamy, eje.
-Maňlaýym gara, häli sen ýoldan çykyp, azyp ýörmüň?
-Ýok, eje! Azamogam, ýoldanam çykamok, tersine, dogry ýola düşjek bolýan.
-Ýok! Ýok! Men seniň o ýoluňa ýol bermen!
-Eje, eje jan, düşünsene!...
***

Eneli-gyzyň jedeli şu äheňde uzak dowam etdi. Biz onuň nähili gutarjagyny bilmeýäris. Çünki şunuň ýaly ýagdaýlarda gelip çykýan jedeller gör, näçe ýerdebolup durandyr. Olar her ýerde her hili-de çözülýär. Şonuň üçin «Hernä soňy gowulyk bolsun-da, ýaşlar bagtly bolsun» diýäýmek galýar.

# Äşgär bolan syr
## (nowella)

1969-njy ýylyň gyşy ir düşdi. Bazarda balyk gowuryp satýanlaryň gazanyndan asmana göterilýän buguň ýakymly ysy golaýyna baran adamyň işdäsini açyp goýberýärdi. Nazar aýalynyň sargamagy boýunça günortanlyk nahar üçin gowrulan balyk alyp gitmekçi bolup şol ýeresowuldy. Balyk gowurýanlaryň hatarynyň başyndaky aşpez aýal çolpusyny gazana salyp, gyzaryp bişen balyklary süzüp alyp durşuna:
-Geliň, geliň, täzeje balyk-diýip, hyrydar çagyrýardy hem-de golaýyndaky stolda balyklary arassalap, bölekläp duran gyza-Tizräk gymylda, gazanda balyk tükenip barýa!-diýip, azgyrylýardy. Buz ýaly balygy arassalamakdan elleri çym gyzyl bolan, özüde üşemekden galdyrap duran gyz kimdendir haraý isleýän ýaly töweregine garanjaklaýardy.
Nazaryň ol gyza rehimi inip, seredeninde onuň gözleri «Meni bu zulumdan gutaryň» diýýän ýaly delminip bakdy. Nazar aljak balygyny çekdirip durka aşpez aýaldan sorady:
-Bu gyz kimiňiz bolýa?
-Goňşymyň gyzy. Özi iş sorap geldi. Bir aýdan bär şu ýerde. Emma işi oňaranok. Görýäňiz-ä digdirekläp durşuny.
Nazar balygyny alyp gitdi. Ol öýlerine barýança-da, baryp balyk iýip otyrka-da ýaňky gyz gözüniň öňünden gitmedi. Oňa ýüregi gyýyldy durdy. Aýaly onuň tukatlanyp oturanyny görüp sorady:
-Nazar,  çto staboý?
Onuň aýaly rusdy. Ol türkmen dilini suwarabilse-de, käte ene dili biygtyýar diline geläýärdi. Nazar hem aýaly bilen esasan türkmençe gepleşse-de käte rusça sözleri dilinden sypdyraýardy. Olaryñ tanyşyşlary, maşgala guruşlary tötänlikde, täsin bir ÿagdaýda bolupdy. Nazar Aşgabatda lukmançylyk institutyny tamamlap, bir ýyl işländen soň Moskwa aspirantura gidipdi. Ol ýerde dissertasiýa gorap, medisina ylymlarynyň kandidaty bolup gaýdypdy. Özi-de Moskwadan diňe ylmy dereje däl, Nadežda atly görmegeý rus gyzyny-da alyp gaýdypdy. Nadýanyñ Nazar bilen tanyşmagyna-da onuñ türkmençe bilýänligi sebäp bolupdy. Nazar bir güni metroda bir ildeşi bilen gürleşip barýardy. Olaryň golaýynda oturan owadan rus gyzy türkmençe sözleri eşidip:
-Be, Moskwada-da türkmenler köpow-diýdi.
Nazar arassa türkmençe geplän bu owadan gyza bilesigelijilik bilen garap:
-Türkmen  dilini siz nirden bilýäňiz?-diýdi.
-Bilmän näme, menem türkmen-ä-diýip, ýylgyrdy.
-Ýok, ýüz-keşbiňiz türkmene meňzänok, dogrusyny aýdyberiň.
-Dogrusyny aýtsam...

Gep şu ýere gelende Nazaryň ýoldaşy düşmeli duralgasyna gelendigini aýdyp, düşüp gitdi. Nazar:
-Aýdyberiň-diýip, gyza mähir bilen bakdy.
-Siz nirede düşýäňiz? Men aýdyp ýetişmerin.
-Aýdyberiň, menem siziň düşýän duralgaňyzda düşýän.
-Siz meniň haýsy duralgada düşjegimi nirden bilýäňiz?
-Düşjek mahalyňyz bilerin-dä.
Bu jogaba gyz kellesini ýaýkap ýylgyrdy-da, başlan sözüni dowam etdirdi:
-Dogrusyny aýtsam, men Türkmenistanda doguldym. Türkmen çagalary bilen bile oýnap ösdüm. Orta mekdebi gutaranymdan soň Moskwa instituta okuwa gaýtdym. Menden soň ene-atamam bäri göçüp gaýtdylar. Men medinstituty geçen ýyl gutardym. Işläp ýörün.
-Bä! Onda biz hem ildeş, hem kärdeş ekenik. Şonuň üçin garşy bolmasaňyz tanyşaýaly. Meniň adym Nazar!
Özi ýaly ýaş, görmegeý ýigit tanyşyk açmagy teklip edip duransoň gyz nirä gitsin. Bialaç adyny aýtmaly boldy.
«Nadežda, Nadýa! Ady hem özi ýaly gelşikli eken» diýip, içini gepledip gelýän Nazary gözelligiň özüne çekiji güýji ýüpsüz baglady...
Nazaryň ata-eneleri düşünjeli adamlar bolany üçin oglunyň getiren gelnine garşy bolmadylar. Işe ýerleşmeklerine, öý edinmeklerine kömekleşdiler. Hemme zat gülala-güllük bolsa-da, aralarynda perzent ýoklugy bildirýärdi. Wagt bolsa geçýärdi.
Nazar aýalynyň soragyna jogap ýerine häliden bär oýlanyp oturan pikirini daşyna çykardy:
-Nadýa, ikimizem günboýy işde. Işden soň, nahar bişirmek, kir ýuwmak, öýüň beýleki işleri bir özüňe kyn düşýä. Şonuň üçin öýe sereder hem-de saňa kömekçi bolar ýaly bir domrabotnitsa  alaýsak nähili görýäň?
Şunça wagtdan bäri bu barada agyz açmadyk Nazaryň kellesine bu gün beýle pikiriň gelenine biraz haýran galan Nadýa:
-Bu pikir nirden kelläňe geldi? Ýa-da gel, gel indi gaýgyryp başladyňmy meni?-diýip, gülümjiredi.
Nazar aýalyna bu pikiriň özünde nirde, näme üçin döränini aýdyp berdi.
-Şeýle diýsene! Sen meni gaýgyrýarmykaň diýsem, aslynda ol gyzy gaýgyrýan ekeniň-diýip, Nadýa güldi. Onuň gülmegi razylyk alamatydy.
Ertesi dynç günüdi. Nazar irden balyk bazara bardy. Ol gyz hem ýaňy gelip, balykhanany açyp duran eken. Nazary görüp salam berdi.
- Daýzaň gelmedimi?-diýip, Nazar sorady.
-Ýok. Ol soňurak gelýä. Ol gelýänçä men zatlary çykaryp, gazanyň aşagyna ot ýakýan...
-Hm... Şu işiň özüňe ýakýamy, gyzym?

-Nämesi ýaksyn, daýy. Ellerime serediň, buz ýaly sowuk balygy arassalamakdan ellerimiñ hamy-da ýarylyp gitdi.
-Şeý diýsene... Seniň adyň näme?
-Jemal.
-Onuň ýaly bolsa, jemal, men saňa başga arassa iş tapyp bereýin. Bu işiňi goýaý.
-Wah, daýy jan, şeýdäýseňiz dym gowy bolardy. Ejemem size alkyş baryny ederdi.
-Onda näme, gepleşdik. Bazaryň ine, şu girelgesinden çykan ýeriňde meniň maşynym dur. Men saňa şol ýerde garaşaryn. Daýzaň gelenden açaryny ber-de, çyk.
Jemal birbada jogap bermedi. Az salym oýlanyp, Nazara bir zat haýyş etjek ýaly edip garady-da:
-Men şu günem çydaýyn, daýy. Häzir gitsem, daýzanyň işi togtar. Ýeke özi balyk gowuryp bilmeýär. Iş sagat üçe golaý gutarýa. Şundan soň oňa işlemejekdigimi aýdaryn. Ertire çenli kömekçi tapar. Iş sorap ýörenler bar-a.
Nazar gyzyň boýnuna alan işiň jogapkärçiligini gowy duýýandygyna, borjuna ygrarlydygyna göwni ýetip, onuň gepini makullady-da, ertir sagat üçde geljegini aýdyp gitdi.
Nazar aýdylan wagtda gelip, maşynynyň ýanynda garaşyp durdy. Jemal hem köp garaşdyrman geldi. Ýöne maşyna münmän, Nazaryň ýüzüne soragly seretdi:
-Daýy, aýdýan işiňiz nirede, nähili iş-diýip, bir hili howatyrly sorady. Nazar kinaýaly ýylgyryp, onuň soragyna sorag bilen jogap berdi:
-Nämeden howatyr edýäň, Jemal. Men ýalançy, ýaramaz adama meňzeýänmi?
-Ýok. Şonda-da öňünden bilsem gowy.
-Aýdýan işim biziň öýümizde. Meniň aýalyma öý işlerinde kömekçi gerek. Nahar bişirmäni bilýäňmi?
-Bilýän, daýy, ejem «seniň eliň süýji» diýip meniň bişiren naharymy magtaýa.
-Onda gitdik.
Maşyn uly köçedäki dört gatly jaýlaryň biriniň öňünde saklandy. Maşyndan düşüp jaýa tarap tirkeşip barýarkalar Nazar:
-Ine, häzir Nadýa daýzaň bilen tanyşarsyñ - diýdi.
-Aýalyñz rusmy?-diýip, Jemal gyzyklanyp sorady.
- Hawa, ol gowy aýal, seniň balykçy daýzaň ýaly däl-diýdi. Olar ikinji gata çykanlarynda Nazar garşydaky gapynyñ jañyny basdy. Gapy açylyp, altynsöw saçlary ýeñsesine düşüp duran owadan aýal göründi. Biraz tolgunyp duran gyz: - - Zdaste..-diýdi. - Geliñ, geliñ-giýip, öý bikesiniň

güler ýüz bilen garşy almagy Jemala hoş ýakyp, tolgunmasy aýrylan ýaly boldy.
Emma içeri gireninde munuň ýaly gymmat bahaly, üýtgeşik mebeller bilen bezelen öýi öň görmänligi üçinmi biraz sussy basyldy. Nadýa gyzyň serwi boýuna, görküniň owadanlygyna, sadalyk bilen bakýan bigünä gara gözlerine seredeninde bir göwrede jem bolan bu gözellige gözi gitdi.
-Jemal, men seniñ adyňy Nazardan bilip aldym, meniň adym Nadezda, Nadýa daýza diýseň hem bolýa maña. - diýip, aýal özüni tanyşdyrdy. Jemal:
- -Nazar daýy maña-da siziñ adyňyzy aýdypdy-diýdi.
- Şeýlemi, Nazar ikimizi gaýybana tanyşdyran ekeni-dä, bolubilýä - diýiip, Nadýa ýumşak kürsüleriň birini çekip, gyzy oturmaga teklip etdi. Üçüsi-de stoluň başyna geçdiler. Stolda ir-iýmişden başga zat ýokdy.
-Jemal, al alma, üzüm iýip otur -diýip Nadýa gyza mürâhet etdi. Jemal ir-iýmişe elini uzatmanyndan soñ Nadýa bir almany alyp onuñ eline berdi. Jemal almany ýerine goýdy-da: - Sag boluñ, iýesim gelenok - diýdi. Nadýa almany gyzyñ eline berip, ony kiçelden ýaly edenine düşünip, birhili boldy.
Nazar aýalyna ýylgyryp, manyly seretdi-de, ýerinden turdy:
-Içginräk tanyşyberiň. Men bir az dynç aljak-diýip, içerki otaga girip gitdi.
Nadýa Jemal bilen iki çäk galanlaryndan soň esasy gürrüňe geçdi:
-Jemal, sen bizde işlejek bolsañ, biziň öz gyzymyz ýaly bolarsyň. Şonuň üçin sen özüň, maşgalaň hakynda hiç zady gizlemän aýdyp ber. Sebäbi biz kim bilen...-diýip, Nadýa soňuna söz tapmanmy ýa-da aýtsa gyzyň göwnüne geler öýdüpmi, sägindi. Onýança:
-Düşündim, Nadýa daýza, meniň gizlejek zadym ýok-diýip, Jemal özi, ejesi barada gürrüň berdi. Jemalyň ejesi Suraý käri boýunça şepagat uýasy bolup, iki ýyl bäri gözi ejizläni üçin işden galyp, döwletden kömek pul alýan eken. Jemalyň özi bolsa orta mekdebi tamamlanyndan soň ejesiniň ýagdaýy şeýle bolany üçin ony taşlap okuwa gidip bilmändir. Ilki naharhanada gap-gaç ýuwýan bolup işläpdir. Ol ýerde alýan haky örän az bolansoň, goňşysynyň balyk dükanynda işleýän ekeni. Nadýa ondan kakasy barada soranynda ol «Men diňe jeme bilen ýaşaýan» diýdi-de, başga zat aýtmady. Bu gepden soň Nadýanyň göwnüne bir hili müňkürlik gitdi. Ol onuň ejesi bilen duşuşyp, gürleşip, Jemalyň nähili aýalyň gyzydygyny anyklamagy ýüregine düwdi.
Jemal diwardaky sagada seredip, birden ýerinden turdy. Onuň bu hereketine Nadýa geňirgenip, soranynda Jemal özüniň gödegiräk hereket edenini aňsa-da, gaýdyp ýerine oturmady.
-Bagyşlaň, Nadýa daýza, meniň öýe barmaly wagtymdan geçip gidipdir. Öýe wagtynda barmasam, ejem howatyr edýä. Onsoňam men entek goňşymyza hiç zat aýdamok. Eger meni işe kabul edýän bolsaňyz, oňa-da işlemejekdigimi aýdaýyn. Ertire çenli özüne kömekçi tapsyn.

-Düşündim, Jemal, eger garşy bolmasaň öýüňize bile baraýaly. Menem ejeň bilen tanyşaýyn, seni öýümize işe alýanymyzy özüm aýdaýyn-diýip, Nadýa hem ýerinden turdy. Jemal Nadýanyň özi bilen bile öýlerine barmakçy bolýanynyň düýp sebäbini bilen bolsa beýle begenmezdi:
-Onuň ýaly bolsa gaty gowy, Nadýa daýza!
Nadýa içerki otaga girip ärine Jemallara barmakçydygyny aýdyp, maşynyň açaryny alyp çykdy. Jemallaryň öýi daşam däl ekeni. Maşynda bäş minutda baryp ýetdiler. Dört gatly jaýyň birinji gatyndaky öýe girenlerinde ilki bilen Nadýanyň ünsüni bu öýdäki serenjamlyk özüne çekdi. Tördäki diwanda gyşaryp ýatan aýal gapynyň şykyrdap açylanyna ýerinden turup:
-Geldiňmi, gyzym-diýdi.
-Geldim eje, ýeke özüm däl, Myhman hem alyp geldim.
-Gaty gowy, «gelen döwlet» diýipdirler-diýip, ol myhmanyň garşysyna ýöredi. Nadýa ýanyna gelen öý eýesi bilen salamlaşyp görüşýärkä onuň gelşikli syratyna, özi bilen ýaşytdaşyrak bolsa-da keşbinde entegem saklanyp galan gözelligiň öwüşginine gözi düşende «Jemalyň owadanlygy ejesinden geçen ekeni-dä» diýip içini gepletdi. Ejesi-de Jemalyň özi ýaly sada, mylaýym aýal eken. Nadýa Jemala tirkeşip geleniniň sebäbini aýdanyndan soň, onuň bilen sözi alşyp, bir salym mesawy gürrüň etdiler. Emma sypaýylyk edipmi ýa-da çekinipmi biri-biriniň şahsy durmuşy barada söz açmadylar. Söhbetdeşliginiň dowamynda Suraýyň ajaýyp aýaldygyna göz ýetiren Nadýanyň bu ýere gelmezinden öňki göwnündäki müňkürlik duman ýaly sowulyp, ondan nam-nyşan galmady. Gürrüň Jemalyň işi meselesine syryganda, Suraý:
-Siziň işiňiz Jemalyň özüne ýaraýan bolsa men näme diýeýin. Işläbersin, ýöne gyz oglanyň irde-giçde ýörmegi gowy däl, gaty gijä galmasa bolýa-diýdi. Nadýa: - Gaty jijä galmaz, ýöne öňki işine garanda bizde köpräk eglener,onuň üçin puluny öňkisinden iki esse köp töläris - diýdi. - Adamlar hemme zady pul bilen ölçen bolupdyrlar-ow - diýip , Suraý kinaýaly gülumjiredi. Nadýa puly agzap öwünen ýaly bolanyna erbet utandy. Ol ortada dörän oňaýsyzlygy ýumarlamak üçin Suraýyň saglygy bilen gyzyklandy.
-Gözüm diýäýmesem, başga saglygym gowy, Gözümem diňe maýda zatlary görenok. Damarlary şikeslense äýnek hem peýda etmeýän eken. Gözüň näsaglara sanjym edende gowy gömese şepagat uýasy bolup işläp bolmaýar. Ine şonuň üçin öýde otyryn-diýip, Suraý uludan demini aldy. Nadýa lukman hökmünde oňa bir näçe maslahatlar berdi.
Söhbetdeşligiň soňunda Jemalyň işe barmaly we gaýtmaly wagtyny kesgitlänlerinden soň Nadýa gaýtmaga rugsat sorady. Suraý ony ugratmak üçin daşary çykyp, mähirli hoşlaşyp galdy.

Jemal ertesi irden bellenen wagtynda bardy. Öý eýeleri eýýäm turup, çaý içip oturan ekenler, salamlaşanyndan soň Jemal:
-Men gijä galdymmy?-diýip sorady. Nadýa:
-Ýok, gyzym. Gijä galmadyň, ertirlik nahary men özüm taýýarlaýan. Saňa öýüň başga işleri hem ýeterlik. Aşhanada kotletler bişip dur, getiräý. Meniň bişiren tagamymy-da dadyp gör ,nähilikä?-diýip, ýylgyrdy.Jemalaşhana girdi. Nazar:
-Nadýa, bar, nähili getirmelidigini özüñ görkez. Entek ol bilmez - diýdi.
- Goý, özi bilsin - diýip, Nadýa gyzyñ ukubyny synamakçy boldy. Salym geçmän Jemal mejimäniñ üstünde üç tarelkada garniri, gök-sögi bilen katleleri, pyçakdyr çarşaklary getirip, ilki tarelkalary, soñra tarelkanyñ oñ tarapyna pyçagy çep tarapyna çarşagy goýdy-da, özi hem oturdy.Nahara başlanlarynda gyzyñ azajykdan kesen kotletlerini üç barmagynda gelşikli edip tutan çarşagy bilen alyp iýişine synlan Nadýa entek dünýäni görmedik gyzyň naharlanyş medeniýetini şeýle gowy bilýänligine haýran galdy. Ol özüniň şeýle birje gyzynyň bolmanlygyna arman edip, oýa çümdi: “Hany, şu gyz meniň öz gyzym bolanda men dünýädäki iň bagtly aýallaryň biri bolardym. Ýaşym kyrkdan geçdi. Nazaram ellä golaýlady. Alla bize perzent bermedi. Indi-de bilmedim...”
Nahar iýlip bolunandan soň är-aýal işlerine gitmek üçin içerki otagdan geýnip çykanlarynda Nadýa:
-Jemal jan, biz işe gidýäs, öý seniň ygtyýaryňda galýar. Näme işleri etmelidigini özüň bilseň gerek. Günortanlyk üçin özüň islän zadyňy bişir. Ony-da men saňa aýtmaýyn-dýdi. Jemal başyny atyp, olary ugratdy.
***
Jemalyň bu öýde işläp başlanyna üç aýa golaýlapdy. Ol öý eýeleri bilen ysnyşyp, işi bilenem öwrenişipdi. Bir gün ol hemişekisinden hem irräk gelip, ejesiniň nähoşlanyny, ol aýaga galýança gelip bilmejegini duýdurdy. Bu habara är-aýal bir hili boldular.
-Onuň ýaly bolsa ejeňe seret, Jemal jan. Işden soň özümizem baryp göreris. Gysynma, ejeňi tut ýaly ederis-diýip, Nadýa gyza göwünlik berip goýberdi.
Şol gün är-aýal işden soň Jemalyň ejesini görmäge bardylar. Olary gözi ýaşly Jemal garşy aldy.
-Ejem içerki otagda-diýip, Jemal olary ejesiniň ýatan ýerine alyp girdi.
Krowatda ýüzüni diwar tarapa öwürip ýatan nähoş “Hä” diýdi-de, gozganjak boldy, emma beýlesine öwrülip bilmedi. Nadýa eňilip, ýagdaýyny sorady. Beýlesine öwrülmäge kömek etdi. Soňra eliniň damaryny tutup gördi. Damarynyň urşy gowy däl bolmaga çemeli, kellesini ýaýkap, gapydan giren ýerinde duran Nazara seretdi:
-Nazar, gel, senem damaryny gör, urşy bir hiliräk-diýende Suraý gözüni açdy. Nazar özüne gönükdirilen Süraýyň gözlerine nazary kaklyşanda tas

özüni ýitiripdi. Emma syr bermezlik üçin elini Suraaýyň eline uzadanda Suraý:
-Hm... Napolýon bu senmidiň - diýip, elini çekip aldy-da gözlerini ýumdy. Nadýa:
-Gyzgyny güýçli samraýar-diýip, Nazary gyzgyny gaýtarýan derman bilen şpris getirmek üçin iberdi.Şundan soň Suraý Nadýanyň soraglaryna “Hä”, “Hm” diýmekden başga jogap bermedi.
Nazar aýdylan zatlary getirip berdi-de, daşarda maşynda garaşjakdygyny aýdyp, çykyp gitdi. Ol dermanhana baryp gelýänçä-de, häzir maşynda oturan ýerinde-de kellesinde bir pikir: “Eý, Allam, bu nähili boldy? Bu bir tötänlikmi ýa-da ykbalyň oýnumy?” diýen pikir at salýardy.
Nadýa Suraýa sanjym edip, gyzgyny azyrak gaýdýança bir salym oturdy. Soňra Jemaly köşeşdirip, ýene-de geljegini, tä Suraý aýaga galýança gelip, ony özi bejerjekdigini aýdyp hoşlaşdy.
Öýlerine gelenlerinde Nadýanyňam, Nazaryňam keýpi ýokdy. Ýüregi ýuka Nadýanyň keýpini Suraýyň ýagdaýy gaçyran bolsa, Nazaryň keýpiniň gaçmagynyň mundan başga-da sebäbi bardy. Aradan iki hepde geçdi. Bu wagtyň içinde Nadýa Jemallara günde, günaşa baryp, Suraýa elinden gelen lukmançylyk kömegini berdi. Suraý aýaga galdy. Jemal Nadýalara işine baryberse-de bolýardy. Emma Jemalyň gelmegine Nadýa sabyrsyzlyk bilen garaşsa-da, ol gara berenokdy.
Ahyr bir gün garaşyp ýadan Nadýa Jemallara bardy. Suraý hem, Jemal hem ony gujak açyp garşy aldylar. Saçak ýazyp, hödür-kerem etdiler. Gürrüňiň arasynda Nadýa näçe gün bäri Jemala garaşýandygyny, onuň näme üçin barman ýörendigini sorady. Jemal ejesine manyly seredip, dymdy. Suraý näme diýjegini bilmeýän ýaly ýaýdanyp jogap berdi:
-Nadýa jan, Jemalyň barman ýöreniniň, indi-de barmajakdygynyň sebäbi men bir ýalňyş goýberdim. Aýdylmaly däl zady içime sygdyryp bilmän aýdaýdym...
-Düşünmedim, Suraý, nämäni aýtdyň?
Suraý soraga jogap bermän bir salym dymdy. Nadýa soragyny gaýtalady. Suraý islese islemese-de jogap bermeli boldy.
-Men nähoşlap ýatanymda ilkinji gelen günüňiz Nazara gözüm düşende “Hm, bu senmidiň Napalýon?” diýdim. Şonda siz meni gyzgyny zerarly samraýandyr öýtdüňiz. Emma men şonda samramandym, aňym ýerindedi. Men aýaga galanymdan soň, şol barada Jemala aýdaýdym. Men ýalňyşdym, aýtmaly däl ekenim
-Suraý,men entegem hiç zat düşünemok.Napolýonyñ Nazara näme dahyly bar?
-Onuň özi size hiç zat aýdanokmy?
-Ýok, näme aýtmalydy?

Suraý ulydan demini aldy. Soňra:
-Ol aýtmadyk bolsa men aýdaýaýyn-diýdi-de, aýtjak zadyny Nadýa nähili kabul ederkä diýen ýaly oňa bir seredip goýdy.
-Nadýa jan, men Nazar bilen ol medinstituty gutaryp, meniň işleýän hassahanama işe gelen ýyly tanyşypdym. Ol ýaş görmegeý lukman ýigit, meniň görnüşim hem ondan kem däldi. Emma ol öýlenmedik, men bolsa durmuşa çykyp aýrylyşan aýaldym. Men adamym bilen bäş ýyla golaý ýaşadym. Çaga bolmady. Onuň ata-enesi meni önelgesiz hasap edip, bizi aýrylyşdyrdylar. Nazar tanyşlygymyzyň ilkinji günlerinden meni çyn ýüreginden söýýändigini, meniň üçin her zada taýýardygyny, maňa öýlenmekçidigini aýdyp, ygtyýarymy elimden almaga çalyşýardy. Men oňa:
-Nazar, sen öýlenmedik ýigit, men bolsa durmuşa çykyp aýrylşan aýal. Onsoň nädip sen maňa öýlenjek? Atаň-eneň, garyndaşlaryň näme diýer-diýenimde ol:
-Suraý söýgi üçin bu zatlar böwet bolup bilmeýär. Napaleon Bonapart özünden bir näçe ýaş uly, iki çagaly Jozefine diýen aýala öýlenipdir-ä-diýdi. Men:
-Napaleon Fransiýada ýaşan, ol ýurtda beýle zatlar geň görülmeýär. Biziň adatlarymyz başgaça. Şonuň üçin sen Napaleon bolup bilmersiň-diýdim. Emma ol bolaryn diýip, ant içip awy ýalap öz diýenini etdi. Emma soň öýlenmek barada dil ýarmady. Men soranymda “Entek gyssanma, hiç bolmasa bir ýyl işläýin, toýa pul ýygnaýyn” diýip, sypýardy. Bir ýyl hem geçdi. Şu arada menem göwreli boldum. Muny oňa aýdanymda begenen ýaly boldy. Emma özi Moskwa gaçyp gitdi.
Süraý gürrüňini tamamlap Nadýanyň ýüzüne naýynjar garady. Häliden bäri bu geplere haýran galyp, tolgunmasyny içine ýuwdup oturan Nadýa:
-Şeý diýseňiz-le, şeýle diýseňiz-le...- diýip, iki gezek gaýtalan Nadýa sonunda gazaba münüp:
- Men oňa Napaleon bolmagy öwrederin!-diýdi.
Nadýa Jemallardan çykyp gaýdanynda özüniň ynamyna, söýgüsine urlan bu zarbadan biçak tolgunan hem bolsa meseläni gykylyksyz, medeniýetli adamlara mahsus bolan sowukganlylyk bilen çözmegi ýüregine düwdi.
Nazar şol gün işden gijiräk geldi. Gapyny özüniň açary bilen açdy. “Nadýa entegem gelmändir, nirede eglendikä?” diýip içini gepledip içeri gireninde stoluň üstündäki bir tagta kagyzyň üstünde ýatan öýüň açaryna gözi düşende bir ýaramaz ýagdaýyň ýüze çykandygyny syzdy. Çünki gapy ýapylanda açarsyz gulplanýardu. Nadýa açaryny goýup giden bolsa gowylygyň alamaty däldigi bellidi. Ol stola ýakyn baryp, açaryň aşagyndaky kagyzy aldy. Ondaky ýazylan hata göz ýüwürdeninde depesinden gaýnag suw guýulan ýaly, mejalsyzlanyp, özüni oturgyça goýberdi. Gözlerine ynanman kagyza ýene-de göz dikdi:

“Nazar, aramyz açyk, men Moskwa gidýän, Saňa maslahatym: Napaleon boljak bol!” Bu gysga hatyň soňky iki sözi oňa hemme zady düşnükli edipdi.

# Ýagşy kim, ýaman kim
## (hekaýa)

Adamlary uly bolsun, kiçi bolsun bir zat - ykballarynyň meňzeşligi ýa-da bir umumy bähbit ýakynlaşdyryp, dostlaşdyrýar. Batyr bilen Kadyr aýry-aýry synplarda okasalar-da öz synpdaşlaryna garanda aralary has ýakyndy. Bu olaryň ykbalarynyň meňzeşliginden bolsa gerek. Batyryň hem, Kadyryň hem kakalary olar iki, üç ýaşlarynda mahaly ejeleri bilen aýrylyşyp, gidipdiler. Şonuň üçin olar diňe ejeleriniň eklenjinde ýaşaýardylar.

Ogullarynyň dostlugyna garamazdan ejeleriniň gatnaşygy ýokdy, dogrusy olar biri-birini kän bir halamaýardylar. Batyryň ejesi Dursun daýza obalary şähere ýakyn bolanyndan peýdalanyp, bazarda gök-sök satyp söwdagärlik edýärdi. Kadyryň ejesi Selbi bolsa oba zenanlarynyň geýim-gejimlerini tikip, tikinçilik bilen güzeran aýlaýardy.

Bu iki maşgalanyň ýagdaýyny oba adamlary gowy bilýärdiler. Emma kakalary öýden gidende oglanlaryň ikisem örän ýaş bolany üçin ejeleri bilen näme üçin oňuşman aýrylyşanlarynyň sebäbini anyk bilmeýärdiler. Indi olar ulalyp, orta mekdebiň ýokary synplaryna geçenden soň kakalaryny sorap başladylar.

Batyr ejesinden kakasy barasynda her sapar soranynda Dursun daýza ör gökden gelip:

-Şonuň adyny meniň ýanymda agzama diýip näçe gezek aýtdym. Men seniň ol ykmandany, arakhory kakam diýip, adyny tutmagyňy hem islämok-diýip, gygyrardy, soňundan bolsa ýuaş äheňde:

-Hemmesi özüňden boldy. Ana, indi şäherde onuň munuň gapysynda işini edip, kim bäş on manat berse arak alyp içip ýatar-turar ýeriniň hem bellisi bolman ygyp ýör-diýip, rehimi gelen ýaly gürlärdi.

Ejesiniň bu geplerinden soň Batyr gama batyp: “Näme üçin meniň ykbalyma beýle ýaman kaka ýazylypdyr. Meniň kakam hem illeriň kakasy ýaly gowy adam bolan bolsa bolmaýamy” diýip içini gepledip hamsygýardy. Ol ýüregine agram salyp duran hasratyny biri bilen paýlaşaýsa birazra ýeňlejek ýalydy. Şonuň üçin ol kakasy barada ejesinden eşiden geplerini dosty Kadyra aýdyp, içini dökdi. Soňra:

-Kadyr, seniň kakaň hem meniň kakam ýalydyr-da, ýogsam olam sizi taşlap gitmezdi. Ol hakda ejeň näme diýýä?-diýip, sorady. Kadyr:

-Ejem kakam barada maňa hiç zat aýdanok. Şu çaka çenli menem soramadym-diýdi.

Ikisiniň arasynda bolan bu gürrüňden soň Kadyr hem öz kakasy barada oýlanyp başlady: “Meniň kakam nähili adam-ka... Olam Batyryň kakasy ýaly erbet adammyka. Näme üçin ejem ol hakda hiç zat aýdanok” diýip, oýa çümýärdi. Ahyr bir gün ol ejesine ýüzlenip:

-Eje, senden bir zat sorajak, ýöne dogrusyny aýt-diýdi. Selbi daýza oglunyň öňler özi bilen beýle äheňde gürleşmeýänine biraz geňirgense-de mylaýymlyk bilen:
-Dogrusyny aýt, diýmäň näme, oglum. Haçan men saňa nädogry zat aýtdym. Soraý, sorajak zadyňy-diýdi.
Kadyr uludan bir dem alyp, aşak bakdy-da:
-Meniň kakam nähili adam, ýaman adammy?-diýdi.
Selbi daýza oglunyň kellesine bu zatlaryň nireden gelip ýöränine öňküsinden beter geňirgendi:
-Sorajak zadyň şumy, oglum?
-Hawa...
-Seniň kakaňy ýaman adam diýiň kim aýtdy?
-Hiç kim aýdanok, ýagşy adam bolsa näme üçin aýrylyşdyňyz?
Näme üçin ol biziň bilen ýaşanok?
-Oglum, ol biziň bilen ýaşamasa-da seniň kakaň. Şonuň üçin saňa ony ýaman adam diýip aýdyp biljek däl. Näme üçin aýrylyşanymyza gelsek, bu durmuş, oglum. Durmuşda her hili ýagdaýlar ýüze çykýar. Onuň aňyrsyna ýetjek bolup durma. Bir wagt gelip oňa duşaýsaň, özüň görersiň nähili adamdygyny.
-Eje gepi aýlandyryp durmasana, bir söz bilen aýt, ol gowy adammy ýa ýaman adammy?
-Gowy adam... Indi ynjalaý, oglum-diýip, Selbi daýza ýylgyryp, Kadyryň başyny sypady...
Bu gürrüňden soň aradan biraz wagt geçip, Batyr bilen Kadyr tomusky dynç alşyna çykdylar. Bir gün ikisi şähere gezelenç edip gaýtmakçy bolup obanyň uly ýoluna çykyp, maşyna garaşyp durkalar Aman aga diýen obadaşlary oglanlary tanap maşynyny olaryň deňinden geçibräk saklady:
-Ugruňyz şähere ýaly-la, geliň, alyp gideýin-diýip, oglanlary çagyrdy.
Oglanlar yzky oturgyja geçip oturanlaryndan Aman aga yzyna gaňrylyp:
-Biriň Berdiniň ogly, biriňem Aşyryň ogly, şeýle gerek-diýip, özüniň bilgiçligine buýsanan ýaly ýylgyrdy. Oglanlar haýran galmak bilen biri-birine seretdiler. Batyr “Men ejemiň ogly” diýmekçi bolup, agzyny açyp ýetişmänkä Kadyr:
-Siz biziň kakalarymyzy tanaýaňyzmy-diýip , sorady.
-Tanaman näme, biz bir obanyň adamlary ahyryn-diýip, ol maşyny ýuwaşjadan sürüp barşyna sözüni dowam etdi.-Men siziň maşgalaňyzyň ýagdaýyna ýetik. “Iki at depişse arada eşek öler” diýlişi ýaly, är-aýal oňuşman aýrylyşsa çagalara kyn bolýa-da...
-Ýaşuly, meniň kakam bilen bir duşuşasym gelýä, ony nirde görüp bolarka-diýip, Kadyr uludan demini aldy.

-Kakaňy juda göresiň gelse bazara bar. Et satylýan hatardaky gassaplaryň birinden “Aşyr gassap kim?” diýip sorasaň görkezerler. Onuň dükany hataryň ortaragynda...-diýdip, Aman aga sözüni gutarmanka Kadyr:
-Meniň kakam gassapmy?-diýip, sorady.
-Kakaň etmedik käri ýok. Soňky wagtda gassapçylyk edip ýör-diýip,- Aman aga maňlaýyndaky aýnadan dymyp oturan Batyra seredip:
-Berdiniň ogly, sen näme kakaňy görjek dälmi?
-Ýok-diýip, Batyr gysga jogap berdi.
-Göresiňem gelenokmy?
-Ýok!-diýip Batyr ýene bir söz bilen pert jogap berdi.
-Kakaňyň-a seni göresi gelýändir. Ýöne ejeň ony baranynda öýe girizmeýär.
-Onuň ýaly adamy ejem öýe girizmezem...
-Şeýle diýsene... Düşnükli...
Aman aga başga geplemedi. Ol oglanyň beýnisini ejesiniň gowuja “zäherlänine” göz ýetirdi.
Şähere ýetip geldiler. Aman aga maşynyny bazaryň golaýynda ýoluň gyrasynda saklady. Ol eline bir depderçe bilen galam aldy. Depderçäniň bir kagyzyna bir zatlary ýazyp, ýyrtyp aly-da, ony iki epläp Batyra uzatdy:
-Mä al, kakaňyň öýüniň salgysy. Wagt gelip aňyňa aýlansaň baryp görersiň-diýdi.
Batyr kagyzy göwünli-göwünsiz aldy-da
-Onuň öýi bamy näme?-diýip, sorady.
Aman aga kellesini ýaýkap gülümsiredi.
-Baraýsaň görersiň, barmy, ýokmy-diýip, ol oglanlary düşürip, gapylaryny gulplady-da, hoşlaşyp bazar tarapa gitdi.
Batyr bilen Kadyr obadan çykanlarynda şäherde seýil bagyna baryp, karusele münüp, doňdurmadan doýup hezil edip gaýtmakçydylar. Seýil bagyna barmak üçin şu ýerden ýene ulaga münmeliddiler. Emma Kadyr ilki bilen kakasyny görmekçidigini dostuna duýdurdy. Şundan soň olar bazara girip, et dükanlaryň hatarynyň üstünden bardylar. Ine, gassaplaryň kimisi ellerinde pyçaklaryny ýalpyldadyp, et kesip, ölçäp dur, kimisi duşundan geçenleri “Gel, gowy et bereýin” diýip çagyryp dur. Hany bularyň haýsysy Kadyryň kakasy, ony Kadyr birinden soramasa biljek däldi. Çünki ol kakasyny üç ýaşyny hem doldurmanka görüpdi. Ondan bäri on ýyldanam gowrak wagt geçdi. Indi onuň ýüz keşbi hem ýadynda ýok. Kadyr ýüregini bire baglap, bärki çetdäki dükandan çykyp, ýelpenip duran gassapdan sorady:
-Ýaşuly, Aşyr aganyň dükany haýsy?
Orta ýaşlaryndaky bu gassap oglanyň soragynamy ýa-da özüniň eýýäm “ýaşuly” bolanynamy geňirgenip, Kadyry bir salym synlap durdy-da, soň jogap berdi:

-Sen haýsy Aşyry soraýaň, bu ýerde iki Aşyr bar. Hataryň aňyrky çetinde Aşyrbaý gassap, meniň dükanymdan alty dükan aňyrkysynda Aşyr pyýan diýeni bar.
Kadyr bu adamyň "Aşyr pyýan" diýenine bir hili boldy. Çünki Aman aganyň "Kakaňyň dükany hataryň ortaragynda" diýeni ýadyna düşdi. Kadyr "näme üçin oňa pyýan" diýýäler diýip soramakçy boldy. Emma soň çekinipmi bu pikirinden gaýtdy. Ol hiç zat diýmän "sag bola" derek kellesini atyp ýöräberdi. Batyr bilen tirkeşip aýdylan dükanyň öňüne bardy. Dükanyň içinde ýüzlerine ýag çalynan ýaly garaýagyz adam agzyny dolduryp bir zatlar iýip oturan ekeni. Ol özüne seredip duran oglanlary görenden ýerinden turup, agzyndakysyny ýuwdup, pyçagyny eline aldy-da:
-Geliň oglanlar! Ejeleriňiz et getir diýdimi, böreklik edip alyň diýendirler. Edil ejeňiziň aýdyşy ýaly edip berýän. Hany, näçe kilodan-diýip, pyçagyny oýnadyp başlady. Kadyr kaka diýip aýtmaly bu adamyň birneme gyzaran gözlerine seredip durşuna:
-Bize et gerek däl-diýdi.
-Bä onda näme gerek?
Kadyr bir göwni hiç zat diýämn gaýdyberjegem boldy. Ýöne indi bu ýere gelip, onuň bilen duşuşandan soň özüni tanadasy, soňunda näme boljagyny bilesi geldi:
-Meni tanamadyňmy? - Oglanyň dikiräk edip beren bu soragyndan soň ol oňa has içgin garady-da birden ýüzi-gözi üýtgedi. Adamyň nähili pisint kişiligine garamazdan aradan näçe ýyl geçse-de, öz süňňüni tanamazlygy mümkin däl. Ol ogluny tanady:
-Sen Kadyrmy?-diýip, derjirän ýüzüni kir ýaglyga süpürdi.
-Hawa, men Kadyr…
-Hä, Kadyr diýsene. Seni meň ýanyma ejeň goýberdimi?
-Ýok, özüm geldim.
-Ýok, diýme. Men ejeňiň mekirligini bilýän-le, bar kakaňdan pul getir, diýendir…
-Ejeme mekir, diýme! Ol sen hakda ýaman söz aýdanok…
-Bolýa, diýmäýin-diýip, ol bölek etden bir paý aldy-da, salafana salyp Kadyra uzatdy:
-Mä al, häzir mende ejeňe berer ýaly artykmaç pul ýok. Geleniňe görä şu eti alyp gidiber-diýdi. Kayr gaharyna çym gyzyl boldy, eti yzyna oklady-da, hiç zat diýmän öwrülip, çalt ýöräp gitdi. Batyr onuň yzyna zordan eýerýärdi. Olar bazardan çykanlarynda-da Kadyryň gaharynyň köşeşmändigi ýüzi-gözünden bildirip durdy.
Ol "Ejem maňa kakaň gowy adam diýipdi. Hany onuň gowulygy. Gowy adam şeýle bolýamy. Näme üçin ejem maňa dogrusyny aýtmadyka… Batyryň ejesi dogrusyny aýdypdyr-a…" diýip içini gepledýärdi.

-Batyr-diýip, Kadyr uludan dem aldy.-Ejem maňa kakaň gowy adam diýipdi. Gowusy şeýle bolsa, seniň ýaman diýilýän kakaň nähilikä?
-Hapa bolma, dostum. Etini oň öňüne zynňyp, gowy etdiň. Indi oňa kaka diýmejegiňe düşünendir-diýip, Batyr dostuny köşeşdirmekçi boldy. Soňra:
-Näme diýsene, Kadyr, gel, meň kakamam göreli. Menem oňa aýtmaly zadymy aýdyp, içimi sowadaýyn. Ejem onuň ýatar-turara ýeri-de ýok, diýipdi. Soň bir sümelge tapandyrda. Ine barsak göreris-diýip, Aman aganyň beren kagyzyny açyp seretdi. Kadyr hem dostunyň islegine garşy bolup durmady. Olar taksa münüp şol salgy berlen ýere bardylar. Emma Batyr ejesiniň aýdan ykmanda adamyň ýaşaýan ýerine düýbünden meňzemeýän bu jaýa seredip öz gözlerine ynanmady.
-Kakamyň ýaşaýan ýeri şumyka? Aman aga ýalňyş aýdan bolmasyn?
-Aman aga anyk bilmese ýazyp bermezdi. Ana, derwezäniň gapdalynda düwmejik bar, basyp göreli, biri çykar, sorap göreris-diýip, Kadyr düwmäni basdy. Bir salymdan derwezäniň gapysy açylyp, içerden orta ýaşly mylaýym zenan çykdy. Ol oba oglanlaryny görüp geň galdy:
-Size kim gerek, oglanlar?
-Berdi aga şu ýerde ýaşaýamy-diýip, Kadyr gyssanmaç sorady.
-Hawa, şu ýerde ýaşaýar. Oňa ýumşuňyz barmy?
Kadyr "aýt" diýen manyda Batyra garady. Batyr tolgunýanyny duýdurmajak bolup, ardynjyrady.
-Onuň özüni görüp gidäýjek
Oglanlaryň bu gepi zenanyň bilesigelijiligini has artdyrdy:
-Ol häzir öýde ýok. Näme gepiňiz bolsa maňa aýdyp gidiberiň. Men onuň aýaly-diýip, Batyra has içgin garady. Batyr ekabyrlanyp, batyrgaýrak dillendi.
-Aýtmaly gepimiz ýok. Men onuň özüni görjekdim. - Ol biraz sägindi-
-Ol meniň kakam bolmaly.
Bu gepi eşidenden aýalyň ýüzi üýtgäp gitdi. Öňki gül ýaly açylyp duran keşbine bulut saýa salan ýaly boldy. Ol äriniň öňki aýalyndan ogly baryny bilýärdi. Çünki Berdi onuň ýanynda-da Batyry ýatlaýardy. Ol şonda-da gaşyny çytmaýardy. Ärine duýgudaşlyk bildirýärdi. Onda näme üçin häzir onuň ýüzi üýtgedi. Her näçe düşünjeli bolsa-da aýal-aýaldyr-da. Munuň ýaly ýagdaýda ýüzi üýtgemejek aýal tapylmarmyka? Emma hakyky adamkärçilikli, asylly zenan öz içinden şeýtany duýgyyn basmarlap bilýändir. Oglanlaryň garşysynda duran zenan hem şeýledi. Ol özüni ele aldy, onuň ýüzi nurlandy:
-Şeýle diýsene, Batyr diýsene…
Batyr onuň öz adyny bilýänine haýran galdy:
-Şeýle diýsene, şeýle diýsene. Onuň bir gepi gaýtalamasy biraz tolgunýanyny bildirýärdi.

-Hany içeri gireli, kakaňam basym geler…
Batyr Kadyr bilen derwezeden girip, iki tarapyna reňbe-reň güller ekilen çaklaňja howlyny, garşydaky bir tarapy aýnaly eýwanly jaýy görende kakasynyň şular ýaly kaşaň jaýda ýaşaýanyna ynanjagyny-da, ynanmajagyny-da bilmeýärdi. Aýal oglanlary girilen ýeräki aýnaly eýwanda oturdyp, saçak ýazdy. Şol wagt içerden bir gyzjagaz çykdy. Ol oglanlara bir hili ýadyrgap seretdi:
-Eje bular kim?
-Garyndaşlarymyz, gyzym, salamlaş agalaň bilen-diýdi. Gyzjagaz oglanlaryň uzadylan elleriniň aýasyna eýjejik elini "şirp, şirip" edip urdy-da, ylgap içeri girip gitdi.
Bir salymdan derwezâniñ jaňy basyldy. Aýal ylgap gidip, derwezäniň iki tarapyny hem açdy. Howla ak reňkli ýeňil maşyn girdi. Aýnaly eýwandan howly görnüp durany üçin Batyr şol ýandan gözüni aýyrman otyrdy. Maşyndan uzyn boýly, hortabrak, ýüzüniň görnüşiniň ýaşdygyna garamazdan saçlaryna kümüşsöw reňk çaýylan, geýnüwli adam düşdi. Ony görenden Batyryň ýüregi gürsüldäp urup başlady. Ol derwezäni ýapyp gelýänçä aýaly eýwanyň açyk gapysynyň öňünde oňa garaşyp durdy.
-Dur, kakasy, sen maňa buşluk bermeli bolduň-diýip ony aýaly saklady.
-Şeýlemi, buşluk bermeli zat bolsa bererin. Aýt, nämäniň buşlugy?
-Batyr geldi.
-Batyr. Kim Batyr?
-Ogluň Batyr.
-Ä… Hany nirede?
-Özem dosty bilen gelipdir.
Onuň tolgunmadan ýaňa tutuş göwresi gowşap, bir hili ejizlän ýaly boldy. Batyr hem kakasy gapynyň öňüne gelende biygtyýar ýerinden turupdy, tolgunyp oňa garaşýardy. Berdi gapydan girenden ol kakasyna tarap iki ädim ätdi-de:
-Salawmaleýkim-diýdi. Ol ilki "Salam kaka!" diýjekdi, emma näme üçindir soňky sözi aýtmaga çekindi.
Berdi "Waleýkim" diýip, görüşmek üçin elini uzatdy. Ol oglunyň elini mäkäm gysyp durşuna onuň ýüzi-gözünden nazaryny aýryp bilmän seredýärdi. Ol bu halda uzak durup bilmedi, Batyry özüne çekip, bagryna basanyny duýman galdy. Ol:
-Oglum, meni bagyşla, men senden habar tutmagyň ugruny tapmadym. Munuň hem sebäpleri bar. Ony saňa soň düşündirerin. Ine özüň gelipsiň, berekella…-diýip, Batyryň kellesini sypalaýardy…
Şu ýerde hekaýany tamamlasak hem boljak. Çünki mundan soň boljak zatlary islendik adamyň özi göz öňüne getirip biler. Onsoňam bu ýerde

hekaýanyň adyna görä ýagşy kim, ýaman kim, ony-da aýyl-saýyl etmek kyn bolmasa gerek.

# Mermer daş
## (hekaýa)

Ol şäheriň çeträgindäki köçeleriň birinde, töwerekäki käbir kaşaň jaýlardan tapawutly ýönekeýje jaýda ýaşaýardy. Şeýle-de bolsa onuň öýi beýlekilere garanda has gelim-gidimlidi. Dost-ýarlary gelip, çaý başynda söhbet gurardylar, telewizorda aýdym-saz diňlärdiler.

Emma döwürem, döwranam ötegçi diýlişi ýaly wagty gelip, bu öýüň hem gelim-gidimi seýrekleşdi, soňabaka gelip gidýänleriň aýagam kesildi.

Munuň sebäbine düşünen bolsaňyz gerek, öýüň eýesi dünýäsini täzeledi. Özem ir, altmyşa-da ýetmän gitdi. Yzynda aýaly bilen entek öýerip ýetişmedik bir ogly galdy.

Günleriň birinde bu jaýyň gapysynyň öňüne ap-ak täzeje “Mersedes” gelip togtady. Ondan ýaşy altmyşdan ätlän, kümüşsöw saçly, geýnüwli daýaw adam düşdi. Şol wagt, maşynyň sesine, jaýdan garaýagyz, orta boýly, saçlary gaşyna düşüp duran ýigit çykdy. Gapynyň öňünde ýaşuly bilen ýaş ýigit bir salym biri-birine bilesigelijilik bilen seredip durdylar.

-Sen Nurmyradyň oglymy? -Ýaşuly ýigidi boýdan başa synlap sorady.

-Hawa, Salawmaleýkim…

-Salamy ilki bererler-diýip, ýaşuly kinaýaly ýylgyrdy.-Meniňem salamyňy aldygym bolsun. Indi ikimiz bir tanyşaly. Adyň kim?

-Aýmyrat.

-Aýmyrat diýsene, Nurmyrat pahyr adyňy özüniň adyna kapiýalaşdyryp dakan ekeni. Meniň adym Nedir. Ýaşlykda kakaň bilen bile oýnap ösdük, gowy görüşýädik, ýakyn dostduk…

-Ýaşuly öýe giriň, gapynyň öňünde durmaly-diýip, Aýmyrat myhmanyň sözüni böldi.

-Teklip edýän bolsaň giräýeli. Galanyny içerde gepleşeris. Ýöne sen indi maňa ýaşuly diýmän, Nedir aga diýäý.

Gapydan girilen ýer çaklaňja eýwan bolup, pukara öýüň goşlary-köneräk diwan, kreslo, kiçiräk telewizor, pola fabrik halylary düşelendi.

Myhman geçip oturandan Aýmyrat orta saçak ýazdy, çörek goýdy.

-Men häzir çaý demläýin.

-Ýok çaý gerek däl, otur. Meniň eşidişime görä ejeň ikiňiz ýaşaýan ekeniňiz. Ejeň nirede?

-Ejem işde, giçlik gelýä.

-Sen işläňokmy?

-Ýok, men ýakynda gullukdan geldim. Entek işe ýerleşmedim.

-Düşnükli. Men saňa aýtsam, kakaň ýogalanda-da, onuň soňky märekelerine-de gelip bilmedim. Sebäbi men köp ýyldan bäri Aşgabatda

işleýärdim. Ýakynda geldim. Indi sen häzir meniň bilen ýör-de kakaň gubruny görkez. Men oňa zyýarat etjek.
Aýmyrat gapyny gulplap, maşyna mündi. Ol ýol boýy garaşylmadyk bu myhmanyň bolşuna birneme geň galyp barýardy. Ony gonamçylygyň törräginde jaýlanan kakasynyň gubruna eltdi. Guburyň başujynda Nurmyradyň ady, atasynyň ady, doglan we ýogalan seneleri ýazylan bir bölek tagta bardy.
Nedir gubryň başujyna geçdi-de aýagynyň üstünde aşak oturdy. Aýmyrat hem oturyp, onuň töwür galdyrmagyna garaşdy. Emma ol beýle etmedi, ýazgyly tagtanyň ýüzüne seredip, esli wagt dymyp oturdy. Ol oýa çümüpdi. Bütin geçmişini-çagalyk, ýetginjeklik, ýigitlik ýyllaryny, şol döwürde Nurik bilen, Nurjan bilen (ol Nurmyrada oglankalar “Nurik”, ýigit çykanlaryndan soň “Nurjan” diýerdi) oýnap-ösen ýyllaryny, soňra ýigitligiň käbir şohlyklaryny ýatlaýardy. Aýratynam, bir sapar Şabat kanalyna suwa düşenlerinde bolan aýylganç waka ömürboýy ýadynda möhürlenip galypdy. Şonda oglanlar Şabadyň aňyrky gyrasyna ýüzüp geçmişek edenlerinde ol kanalyň ortasyna-da ýetmän ysgyny gaçyp çümüp gitdi. Şo mahal onuň ýanynda ýüzüp gelýän Nurmyrat şol bada çümüp ony aşagyndan göterip suwyň ýüzüne çykardy we ýagyrnysynda gyra alyp çykdy.
Nurmyradyň öz janyny howp astynda goýup, bu eden işi ýöne-möne ýagşylyk däldi. Muny gowy bilýän Nediriň ýüreginde dostuna çäksiz minnetdarlyk bilen bergidarlyk duýgusy hemişelik saklanýardy.
Nedir Nurmyradyň gubrunyň başynda bu wakany ýene bir gezek ýatlap, “Eziz dostum, seniň şol eden batyrlygyň sebäpli men häzirem ýaşap ýörün. Men seniň bu ýagşylygyňy diriligiňde gaýtaryp bilmedim. Indi seniň ýoklygyňda nädip gaýtaraýyn?...”-diýip pyşyrdady. Ol gözüniň ýaşyny ýaglygy bilen süpürip oturan Aýmyrada garady-da, ellerini  galdyryp, bilen dogalaryny okady. Soňra “Ýatan ýeriň ýagty bolsun, dostum” diýip, ýerinden turup, töweregine göz aýlady.
Gonamçylykdaky dürli guburlar - üstüne mermer daş ýatyrlanlary, bişen kerpiçden timarlanyp, nagyşlanyp gurlanlary Nurmyradyňky ýaly ýönekeý guburlardan gurply adamlar bilen pukara adamlaryň ýaşaýyş jaýlary ýaly tapawutlanýardy. Muny synlap duran Nedir: “Deňlik o dünýäde diýenleri dogry däl-ä. Bu ýerde-de deňlik ýok ekeni” diýip serinden geçirdi.
Gonamçylykdan gaýdyşyn tä Aýmyrady öýlerine eltýänçä Nedir ýeke agyz hem geplemedi. Aýmyrat hem onuň häzir näme iş edýändigini, nirede ýaşaýandygyny bilesi gelse-de soramaga çekinip ümsüm oturdy. Maşyn gelip gapynyň öňünde saklananda Nedir jübüsinden “wizitkasyny” çykaryp Aýmyrada uzatdy:
-Ine, şunda salgym, telefonlarym ýazylan. Menlik ýumşuň bolsa çekinme, bar, jaň et-diýdi.

Aýmyrat ak “Mersedes” köçeden çykyp gidýänçä onuň yzyndan seredip durdy. Soňra elindäki “wizitkany” okap, Nediriň öýüniň salgysyny, telefonlaryny bilip aldy. Giçlik ejesi işinden gelende bolan wakany gürrüň berdi.
-Nedir diýdiňmi? Ýadymda ýok. Kakaňyň dostlary köpdi. Olam şolaryň biridir-de-diýip, ejesi oňa känbir ähmiýet bermedi.
Şol günüň ertesi Nedir ýene-de geldi. Maşynyň sesine içerden çykan Aýmyrat salamlaşyp:
-Nedir aga, içeri giriň, çaýlaşaly-diýdi.
-Sag bol, Aýmyrat, seniň bilen soň arkaýyn oturarys. Häzir meniň işim gyssagly. Sen maňa kakaňyň soňky wagtda düşen suraty bolsa ber. Öýde onuň bilen ýaşlykda düşen suratlarymyz bar eken. Men onuň soňky döwrüni göresim gelýär.
Aýmyrat içeri girip, bir salymdan kakasynyň soňky düşen suratlaryndan birini çykaryp berdi. Nedir aga suraty alyp, oňa bir salym seretdi-de, goltuk jübüsine salyp, Aýmyrat bilen hoşlaşdy.
Arandan iki aýa golaý wagt geçdi. Hatyra günüdi. Aýmyrat ejesi bilen irden gonamçylyga barmak üçin ýola çykdylar. Gonamçylyga baryp gelýän goňşysy Güljan daýza olary saklap saglyk-amanlyk soraşdy, soňra:
-Aýmyratjan, dädeňiň üstüni ne enaýy edip bejeripsiň, görüp haýran galdym, tüwelleme!-diýdi.
Aýmyrat bilen ejesi bu gepe geň galyp, biri-birine seredişdi. Ýöne hiç zat diýmän, gonamçylyga tizräk ýetmäge howlukdylar. Baryp görseler, goňşysynyň aýdyşy ýaly gubur göreni aňk edýän edip bejerilipdir. Töweregi betonlanan gubryň üstüne uzynlygy bir ýarym metr, ini bir metre golaý ýalpyldap duran gara mermer ýatyrylyp, başujyna-da şonuň ýaly mermer dikligine oturdylypdyr. Onuň ýüzünde bolsa Nurmyradyň suraty şeýle bir ussatlyk bilen çekilipdir welin, göýä ol daşyň ýüzünde däl-de, içinde oturan ýalydy.
Suratyň aşagynda merhumyň doglan we ýogalan seneleri, ýatyrylan daşa bolsa onuň ýagty ýadygärliginiň ýüreklerde ebedi ýaşajakdygy barada şahyrana sözler zer harplar bilen ýazylypdyr.
Mermerdäki surat Nedir aganyň Aýmyratdan alyp giden suratydy. Şondanam bu işi kimiň edendigi bellidi.
Ejesi bilen Aýmyrat gubryň başynda esli wagt oturdylar. Soňra ejesi gözüniň ýaşlaryny süpürip:
-Oglum, ol adamyň ýanyna baryp, sag bolsun aýdyp gaýt-diýdi.
-Barjak, şu günüň özünde barjak, eje.
Aýmyrat agşamara Nedir aganyň berip giden salgysy boýunça jaň etdi. Öýünde ekeni. Bardy. Ol ony güler ýüz bilen garşy aldy. Köşk ýaly jaýy görüp Aýmyradyň kalbynda, görüplig-ä däl, “Meniňem öýüm şunuň ýaly

bolsady” diýen arzuwa meňzeş bir duýgy döredi. Içerki otagdan Nedir aganyň özünden has ýaş, owadan aýal çykdy. Salamlaşyp saçak ýazdy.

-Ýeri, Aýmyrat, aýdyp otur, bir ýumuş bilenmi ýa-da Nedir agam bilen bir salamlaşyp gaýdaýyn diýip geldiňmi?

-Ýumuş bilen gelemok, Nedir aga. Dädemiň gubruny mermer örtüp bejerdipsiňiz, men şoňa sag bolsun aýtmaga geldim. Bu ýagşylygyňyz Alladan gaýtsyn!

Nedir aga mylaýym ýylgyrdy:

-Aýmyrat jan, onuň üçin maňa sag bolsun aýtmagyň geregi ýok. Sebäbi men ony ýagşylyk hökmünde däl-de, kakaňa örän uly bergim bolany üçin, diriliginde gaýtaryp bilmänim üçin etdim.

Bu gepe bir hili geň galan Aýmyrat Nedir aganyň ýüzüne bilesigelijilik bilen garady, kellesine gelen soragy dile almaga ejap etse-de soraman durup bilmedi:

-Uly bergim üçin diýdiňizmi? Ol näçeräkdi?...

Nedir aga bu sapar kellesini ýaýkap gamgyn ýylgyrdy:

-Meniň kakaňa bergim, seniň oýlaýşyň ýaly näçe-päçe däl. Ony pul bilen, zat bilen ölçäp bolmaýar. Meniň oňa bergim gursagymda urup duran ýüregim, janym.

Nedir aganyň jogabyna beter geň galan Aýmyrat:

-Düşünmedim, Nedir aga-diýdi. Şundan soň Nedir aga Aýmyrada oglanlykda bolan şol wakany gürrüň berdi. Soňunda:

-Bir ýagşylyk, bir ýamanlyk unudylmaýar diýýärler. Adam birinden gören ýamanlygyny unutsa-da, ýagşylygy hiç haçan unutmaly däldir. Mümkinçiligi bolsa ony nähili ýol bilen bolsada gaýtarmagy gerek-diýdi.

# Mukaddes ýadygärlik
## (hekaýa)

Durdy aga ýegeni Bekmyradyň täze salan jaýyny soraşdyryp günortana golaý zordan tapdy. Bişen kerpiçden daşy timarlanyp gurlan jaýyň öňünde aýak çeken ýaşuly  ony boýdan-başa nazaryndan geçirdi. Içinden “Nesip etsin, gowy jaý eken” diýip gapynyň jaňyny basdy. Içerden nätanyş gelin çykdy.
-Salam, bize geldiňizmi?
-Men şu öýe geldim welin, ýöne seni tanamadym-la, gyzym.
-Size kim gerek özi?
-Maňa Bekke gerek, Bekkeniň öýi dälmi şu?
-Ýok, bu ýerde Bekke diýen ýaşanok. Bu Bekmyradyň öýi.
-Wah-eý, asyl özi-dä, ýaşlygynda Bekke diýip söýgüleýärdik, öwrenen dil-dä. Sen gyzym, gelniň garyndaşlaryndan bolaýsaň gerek?
-Ýok, men gelniniň özi.
-Näme? Gelniniň özi? Aý onda bu başga Bekmyradyň öýi bolup çykdy. Men ýegenimiň gelnini gowy tanaýan. Bagyşla, gyzym-diýip, Durdy aga yzyna öwrüleninde ol gelin:
-Ýaşuly, siz Bekmyradyň daýysy bolýan bolsaňyz içeri giriň, gitmäň. Onuň özi size düşündirer-diýip, yzyna dolandy. Durdy aga bu ýerde bir “Paçak gömdiniň” bardygyny aňdy. Içeri gireninde bir tarapy aýnabent uly eýwanyň bir çetinde iki ýassyga ýaplanyp çaý içýän ýegenine gözi düşüp, ardynjyrady. Bekmyrat ýalt edip seretdi-de, tirsegine galdy:
-Gel-gel, ýaşuly-diýip, bir elini uzatdy. Durdy aga eňilip onuň uzadan elini iki eliniň aýasyna alyp görüşdi-de garşysynda otury. Daýysynyň bu hereketiniň manysyna düşündimi nätdimi ol dikelip oturdy. Durdy aga soraşmagyň deregine:
-Meni tanadyňmy, ýegen?-diýdi.
-Tanaman näme, tanadym, daýy.
-Onda şol gapdalyňdaky telefony bäri süýşür.
Telefony alyp beren Bekmyrat daýysynyň soraşman dagy etmän telefona ýapyşybermegine geň galyp, sorady.
-Beýle gyssagly nirä jaň etjek, daýy?
-Bir dostum bar şoňa... Alo, trawmatologiýamy?... A? Hanjan, özüňmi-aýt? Bä, sesimden tanadyňow. Görüşmänimizede köp wagt boldy, ahyryn. Hawa obamyz şähere daşrak bolansoň seýregräk gelinýä-dä. Indiki sapar bararyn, sag bol! Näme diýsene, şu ýerde meniň bir ýegenim bar, şonuň bili döwlüpmi, oňurgasy ýazypmy, gelip, bir emini edäýseň. Salgysymy?...
-Eý, daýy, kimi aýdýaň, menimi?
-Hawa, seni.

-Meniň döwük-ýenjik ýerim ýok, näme diýip jaň edip otyrsyň.
-Eşitdiňmi? Hanjan, döwük-ýenjigi ýok ekeni. Men ýalňyş düşünipdirin, hoş, sag bol!
-Dogrudanam ýokmy döwük- ýenjigiň?
-Ýok.
-Onuň ýaly bolsa, daýyň bilen ýeriňden turup salamlaşmaga ýaramadyň-a, ýegen?
-Be daýy, ýaman öýkelek bolupsyňow, özüm ýadap gelip ýaňy bir çäýnek çaýy öňüme alypdym, ahyryn.
-Şol wagt ýaňky gelin bir çäýnek çaý getirip saçakda goýup gitdi. Durdy aga hyrçyny dişläp, ýegeniniň ýüzüne hyrsyz seretdi:
-Sen diňe jaýyňy däl, içeriňem täzeläpsiz öýdýän.
-Hawa, şeýle boldy daýy-diýip, Bekmyrat ýüzüni aşak saldy.
-Men indi seniň bu işiňe näme dijegimi bilemok, ýegen. Onyňa üýtgeşik gowy maşgalady.
-Gowy bolany üçin menem ony öýkeledemok. Ol jaýy goş-golamy bilen özlerine goýup gaýtdym. Alyp saklan gyzymyzam boýy ýetip barýar, men özümdenem bir perzent göreýin diýdim...
-Hmm düşnükli. Ýöne, ýegen, munuň ýaly-da ýerden ýeke çykan ýaly öz bildigiňi etmezler. Meni hasap etmeseň, seni terbiýeläp kemala getiren atań bar, Entek ol aýatda dir-ä. Baryp bir agyz razylygyny sorasaň, patasyny alsaň bolmazmydy?
Durdy aganyň Bekmyrada atasyny ýatlatmagy ýöne ýere däldi. Kakasy aradan çykanda Bekmyrat alty ýaşyndaky çagady. Bir ýyldan soň onuň ejesine jogap berip, Bekmyrady atasy terbiýesinde alyp galypdy, şonda Durdy aga doganyny goş golamy bilen öz öýüne alyp gelipdi.
-Sen ýegen, soňky wagtda bir neme üýtgediň, ejeň dünýäsini täzelänine iki ýyldanam geçdi. Seniň onuň ýyl sadakasyna baryp gaýdanyňdan soň ne bizden, ne atańlardan habar aldyň.
Bekmyrat daýysynyň geplerini diňläp otursa-da kellesinde başga pikirler aýlanýardy: “Bi garry näme diýip geldi-kä? Diňe maňa akyl bermäge gelen däldir, bir ýumuşjagazy bardyr, ýa pul gerekdir, Muny hiç zat soramaz ýaly etmesem bolmar”.
-Daýy, senem, atam dagam menden öýkelemeli dälsiňiz. Bir ýyl bäri şu jaýa ulaşyp, hiç zada elim degenok. Jaý gurmak aňsat däl ekeni.meni juldan çykardy.
-Ha-ha.-Durdy aga kellesini ýaýkap güldi.-Be, ýegen, öňüni aldyňow, men senden bir maşyna ýeter ýaly pul sorap gelipdim.
Bekmyrat daýysynyň ýaňsa alyp aýdan sözüne öýkelän kişi boldy.
-Baý daýy, oýun edýäň-ow, men saňa gara çynymy aýtdym.

-Gara çynyň bolsa bize daga baraýmaly ekeniň, kömek ederdik-diýip, Durdy aga ýegenine garap kinaýaly gülümjiredi. Edil şu wagt kellesine bir pikir gelip, ony bir synap görmekligi ýüregine düwdi.
-Ýegen men senden hiç zat sorap gelemok, gaýtam ejeň pahyrdan galan bir ýadygärlik zat bar, şony baryp alyp gaýt, diýip aýtmaga gelipdim.
-A?! O näme zat, daýy?
-Alyp gaýtmaga baranyňda görersiň.
-Ol gymmat bahaly zatmy?
-Gaty gymmat bahaly zat.
-Ony şu gelşiňde özüň getiräýmänsiň-de daýy.
-Häh, seni bir! Ejeň pahyryň öten ýerine baryp, bir aýat töwir edip, onsoň alyp gaýtsaň ejeňňem ruhy şat bolardy, ahyryn.
-Dogry, dogry, daýy. Özüm bararyn. Hany, sen indi arkaýyn oturyp çaýyňy içiber. Men bir naharyň habaryny tutaýyn-diýip, ýerinden turdy. Durdy aga-da gozgandy.
-Ýok, men çaý içdim, naharyňa oturjak däl, gaýtjak.
-Beýtme daýy, aýda-ýylda bir gelip naharsyz gitseň gelşigi bolmaz.
-Aý, onsuzam gelşiksiz zatlar ýeterlik boldy.
-Baý oňardyňow daýy, bagyşla. Indikide seni diňe ýerimden turup däl, gujaklap garşy alaryn.
Şol wagt gelin owadan mejimäniň üstünde iki şakäsede unaş getirdi. Ol:
-Bir sagada galman palawam taýýar bolýar-diýdi.
-Bu naharyňy iýeli, taýýar aşy goýup gidip bolmaz. Palawy bolsa özüňiz iýiberiň, gelin-diýip, Durdy aga aşak oturdy. Gelin gitdi.
-Gelniň gaty myhmansöýer ekeni, ýegen. Ýöne beýdip her gelen myhmana iküç nahar bişirip beriberse, seni beter juldan çykarar-diýip, Durdy aga degşip güldi.
Unaşdan soň turarman bolan Durdy agany ýegeni ikinji nahara-da alyp galjak bolup jan etdi. Bu mähribanlygyň ejesinden galan ýadygärligi eşideninden soň başlananyny aňyp oturan Durdy aga onuň hödür-keremine garaman omyn edip, ýerinden turdy. Daýysyny köçä çenli ugradyp çykan Bekmyrat:
-Maşynymy satmadyk bolsam özüm eltip gaýdardym, daýy-diýip, ýallaklady. Öňümizdäki bazar maşyn alaryn. Onsoň haçan gelseň özüm elinje eltip gaýdaryn.
-Sag bol, ýegen, şu aýdýanyňam bolýa. Ýöne ýaňy aýdyşyň ýaly kör-köpügiň galmadyk bolsa maşyny nädip aljak?
Öz sözünden tutulan Bekmyrat ne utandy, ne gyzardy. Gaýtam gülüp:
-Aý daýy “jaýa-toýa hudaý ýetirer” diýýäler , maşyna-da ýetirer özi-diýdi.
-Ýetirsin, ýetirsin, ýegen. Men gitdim, hoş-diýip, ýaşuly ýoluna rowana boldy.

-Daýy, ol zada men haçan baraýyn?-diýip, Bekmyrat gidip barýan daýysynyň yzyndan gygyrdy.
Durdy aga aýak çekip, yzyna öwrüldi.
-Haçan barsaň baryber. Isleseň maşyn alanyňdan soň bar.
-Aý, oňa çenli bir azrak wagt bar, ertir taksi tutup baraýaryn.
-Baryber bakaly-diýip, ýaşuly içinden gülüp goýdy.
Daýysyny ugradyp içeri giren Bekmyrat üstünden agyr ýük göçen ýaly uludan demini alyp, aşak çökdi. Kellesinde bolsa daýysynyň aýdan gymmat bahaly zadynyň pikiri at salýardy: “Be, näme zatka ol? Göwher gaşy ýüzükmi-kä ýa sap altyndan ýasalan gülýakamy-ka. Ejemde şonuň ýaly zatlar bar bolmaly. Daýym näme üçin onuň nämedigini aýtmady? Özümem hetjikläp soramadym-da”.
Bu oý-hyýal oňa gijesi bilenem dynçlyk bermedi. Ertesi irden taksi tutup ýola düşdi. Ol daýysyvnyň öýüne ýetip baranda Gün ýaňy guşluga galypdy. Baharyň sergin şemaly öwüsýärdi. Obanyň howasy Bekmyrada hoş ýakyp, onuň keýpini göterdi. Mellek ýerine suw açyp ýören Durdy aga ýegeniniň gelenini görüp içinden “Be, munça irläpdir bu gijesi bilenem arkaýyn ýatyp bilmändir öýdýän” diýip, assyryn gülüp goýdy. Ol pilini çile sanjyp, gelenlere tarap ýöredi.
-Aý, tüweleme ýegen, sözüňde tapylyp geläýipsiň-diýip, görşüp, soraşdy. Içeri girdiler. Durdy aganyň özi saçak ýazyp, uly termosdaky demlenen çaýy öňlerine goýdy.
-Ýegen, siz çaý içiberiň, häzir ýeňňeňem geler, daşda däl, bir iş bilen gidipdi, arkaýynja oturyň. Men bir söwüş etmesem bolmaz-diýip, Durdy aga ýerinden gozgananynda:
-Ýok, daýy, söwüşiňem goý, köwüşiňem! Meň işim ýaman gyssagly-diýip, ör-gökden geldi.
-Bä, nätdiňaýt, ýegen, gelmän gelmän bir gelipsiň, onsoň saňa bir hezzet-hormat etmän boş gaýtaryp bolmaz, ahyryn.
-Aýdan zadyňy berseň, boş gaýtardygyň bolmaz. Şonuň özi ýeterlik. Daýy. Meni egleme. Ine duz datdyk, ejemiň ruhuna bir aýat-töwir edip ber.
-Aý, bolýa-da ýegen. Saňa zarymyz bar-da zorumyz ýok-diýip, Durdy aga aýat okap, töwür galdyrdy.
Bekmyrat ýanyndaky taksyça “Sen maşynda garaş, men häzir çykýan” diýdi. Taksyçy çykyp gideninden soň daýysyna garap:
-Meni tizräk ugrat, daýy-diýip, ýylgyrjaklady.
-Hmm... O zat bu maşyna sygmaz üstünde ýük goýulýany bar eken, gaýym edip daňyp bererin-diýeninden Bekmyradyň ýüzi üýtgäp gitdi.
-O näme şeýle uly zatmy?

-Kiçi-de däl. Hany, ýör gör-diýip, Durdy aga ony içerki otaga alyp girdi. Törde duran ýüz tarapy reňkli gaňyltyr bilen nagyşlanan çaklaňjarak sandygy görkezip:
-Ine, ýegen, ejeňden galan ýadygärlik zat şu-diýdi.-Eltip öýüň töründe goýsaň, her sapar oňa nazaryň düşende ejeňi gören ýaly bolarsyň.
Lapykeç bolan Bekmyrat gahardan ýaňa çişip, dili tutulana döndi, bir mahal:
-Daýy!-diýip, çasly seslendi.-Sen-nä meni oýnamak üçin çagyrdyňmy? Men munyňy başyma ýapaýynmy. Häzir munuň ýaly zady hiç kim öýüniň töründe goýanok. Sen maňa gaty gymmat bahaly zat diýmänmidiň, ahyryn?!
-Ejeňden ýadygärlik galan zatdanam gymmat bahaly zat bolarmy? Ejeň pahyr gelin bolup düşeninde şaý-seplerini şuňa salyp gidipdi. Näçe ýyllap tutundy bu sandygy. Sen nä...
Bekmyrat daýysynyň sözüni soňlatmanam:
-Sag bol!-diýip, hasyrdap çykyp gitdi. Durdy aga onuň yzyndan çykanynda ulag eýýäm ýola düşüp, daz ýasap barýardy.
-Hä, seni bir, namart diýsänim-diýip, Durdy aga kellesini çaýkap yzyna dolandy. Ol saçagyň başyna geçip termosdaky çaýdan birki käse içip, ýerinden turan mahaly daşarda gelip saklanan ulagyň sesi eşidildi. Durdy aga “Bu kim-kä?” diýip daşary çykanynda ulagdan düşen ýegenini görüp haýran galdy. “Bu ýene nämä geldi-kä? Maňa gaharynyň ajysyny pürküp gitjekmikä” diýip içini gepleden Durdy aga:-Hä, ýegen, eýgilikmi?-diýdi. Bekmyrat:
-Daýy, meni bagyşla-diýdi-de kellesini aşak salyp, içeri sandygyň duran otagyna tarap ýöredi. Ol göni baryp sandygyň öňünde dyza çökdi:-Eje jan meni bagyşla. Men näletkerde ogul bolmaýyn, toba etdim. Seniň elleriň degen bu  sandygy öýümiň töründe iň mukaddes, iň eziz zat hökmünde saklaryn-diýip, sandyga maňlaýyny degrip togap edýärdi. Onuň bolşuny synlap duran Durdy aga: “Allatagala kalbyna salsa adamyň ynsaba gelmegi bir salymlyk iş ekeni” diýip, içinden Hudaýa şükür etdi. Bekmyradyň beýle ynsaba gelmegi tötänlikden bolan ýagdaý däldi. Ol şol gidip barşyna bir salymdan soň gahary gaçyp, akly durlanan ýaly boldy. Şonda gözüniň öňüne ejesi gelip: “Oglum, nämä gaharlandyň? Menden galan ol ýadygärlik saňa gerek däl boldumy, saňa gymmat bahaly zat gerekmidi? Utanaňokmy? Sen meniň ruhumy ynjytdyň, oglum” diýen ýaly boldy. Şonda Begmyradyň ýüregi gyýylyp gitdi. Ol taksyça seretdi-de:
-Maşyny yzyna aýla-diýdi.
-Näme üçin?-Taksyçy oňa geňirgenip garady:
-Ol ýerde bir zat bar, şony maşynyň üstüne daňyp alyp gaýdaly.

-Eý, gardaş, seniň bilen şol ýere diňe baryp gaýtmagy gepleşipdik. Ýarpy ýoldan yzyma gaýtaryp, üstüne-de zat ýüklejek bolsaň hakyny iki esse edip bermeli bolarsyň.
-Hakyny on esse diýseňem bererin, aýla yzyňa!
-Onuň ýaly bolsa baş üstüne-diýip, taksyçy ulagy yzyna aýlady.
Durdy aga sandygyň öňünde dyza çöküp oturan Bekmyrada:
-Indi turaý, ýegen. Tobaň kabul bolandyr. Menem senden razy, ejeňem razy bolandyr-diýip, ony goltugyndan tutup, ýerinden turuzdy.
Sandygy ulagyň üstündäki ýük goýulýan ýere mäkäm edip daňdylar. Daýysy bilen mähirli hoşlaşan Bekmyrat kalbynda bir asudalyk, öz-özünden razylyk bilen ýola rowana boldy. Ulagyň yzyndan seredip duran Durdy aga öz ýanyndan:
-Ine munyň bolýa, ýegen-diýdi.

# Perzent mähri

## (hekaýa)

Aşyr aga bilen Gunça daýzanyň ýalňyz perzendi Döwletmyrat läligiräk bolup ulaldy.Emma ol birneme läligem bolsa mekdepde iň gowy,zehinli okuwçylardan hasaplanýardy.Orta mekdebi gutaryp,ýokary bilim almaga höwesli obadaş oglanlaryň ikisi bilen Aşgabada gitdi.Giriş synaglaryny onuň ýeke özi üstünlikli tabşyryp,okuwa girdi.Onuň bilen bile baran synpdaşlarynyň ikisi-de oba gaýtmaly boldular.Oglunyň bu üstünligine Aşyr aga-da,Gunça daýza-da begençlerini içine sygdyryp bilmän ogullarynyň instituda <<öz güýji bilen>>okuwa girenligini uly ile jar etdiler.

Aşyr aganyň Gurban tamdyr diýen goňşusy bu hoş habary eşiden badyna:

-Aşyr,Gunça!Göziňiz aýdyň how.Bu <<taryhy wakany>>yuwmasaňyz bolmaz how-diýip uly şowhun edip geldi.

-Ýuwarys entek,biriki gün tamdyra girip ýatyp dur-diýip Aşyr aga oňa degişdi.Bu degişmäniň hem,onuň adynyň soňuna <<tamdyr>>diýen lakamy goşup aýtmaklarynyň hem sebäbi bardy.Ýaşlygynda ol bir garagolluk edeni üçin kakasyndan gorkusyna öýünden gaçyp gidýär.Bir gije gündiz ony gözläp hiç ýerden tapmandyrlar.Ertesi irden ejesi çörek bişirjek bolup tamdyra bir petde ýandagy salanda Gurban ony kellesine göterip zöwwe ýerinden galýar.Ejesi gorkusyna<<Waýeý>>diýip ses edip huşundan gidýär.Şu wakadan soň deň duşlary Gurbana ilki<<tamdyra giren>>diýip,soňlar bolsa ýöne<<tamdyr>>diýip lakam goýýarlar.Oglanlykda goýlan lakam,ol ulalansoň hem adynyň ýanyndan aýrylmandy.

-Döwletmyrat jan özüň bilen geçenleriň arasynda gowuja gyzlar bolsa,birini saýla,toý edeli.Onsoň bileje okabarersiňiz-Gurban aga,gepini makullatjak bolup Aşyr aga seretdi.Aşyr aga geplemedi.Oňa derek Döwletmyrat dillendi:

-Aý,meniň entek öýlenmek niýetim ýok,Gurban aga.Onsoňam,olaryň köpüsi uly başlyklaryň gyzy öýdýän.Lälik ösenmi,nämemi,bir çete çykyp gülüşüp durlar,synag dagy olar üçin hiç zat ýaly.

-Heý seni bir diýsänim.Aklyň bolsa şol uly başlyk diýeniň gyzy näme etse-de,sypdyrma,okuwda,işde daýaw arkaň bolar.

-Samsyk gürrüňiňi bes et,Gurban-diýip Aşyr aga goňşysyna azgyryldy.

Aradan ýyllar geçdi.Döwletmyrat ýokary mekdebiň soňky ýylyna geçende Aşyr aga Gurban tamdyryň aýdyşy ýaly uly başlygyň gyzyna däl-de,özi ýaly pukara adamyň gyzyna sawçy iberdi.Gyz hem Döwletmyrat bilen bile okaýan ekeni,biri-birine halaşanlaryndan soň,ata-eneler toýuň taýýarlygyny görüp başladylar.

Toý hem boldy,ýaşlar okuwy hem tamamlap şäherde işe galdylar.Aşyr aga satynyp-sowunyp olara şäherden bir kiçiräk jäý hem alyp berdi.Al indi bol-bol Döwletmyrat bol.Durmuşa öz başdak ilkinji gadam basanyndan öýli-işikli bolup,murtuny palta çapanokdy.Şäher durmuşy,işi Döwletmyrada örän ýaran bolmaga çemeli,obasyna gara salmady.Ol barmasa-da Aşyr aga bilen Gunça daýza aýda,bir-iki gezek ogly bilen gelnini görmäge barardylar.Baranda-da boş barmazdylar. Biriki towugy soýup, arassalap,öz sygyrlarynyň mesgesinden alyp barardylar. Hat-da gaty-gutyny goňşy-golamyň itine bermän,Döwletmyrat janyň itine>>diýip elterdiler.Döwletmyrat itini diýseň gowy görýärdi.Ol ony okuwa girmezinden öň,orta mekdepde okap ýören wagty güjükkä alyp saklapdy.Özi-de <<akylly>>itdi.Şäherdäki jaýyna göçüp gideninde aňry bäri goş-golamy bilen bile itini hem alyp gidipdi. It janawar her gezek Aşyr aga bilen Gunça daýza baranlarynda ogly bilen gelninden öňürti bagly duran ýerinden zynjyryny üzäýjek ýaly edip,olara tarap böküp,çyňşyp garşylardy.

Arada Aşyr aga aýak agryly bolup köp wagtlap şähere oglunyňka baryp bilmedi.Onsuz Gunça daýzanyň ýeke özi-de gitmedi.Döwletmyrat hem <<işli adam>>oba dolanaýmady.Ata bilen enäniň gözleri ýolda boldy,köçelerinden maşynyň sesi gelse,<<Döwletmyrat jan geläýdi öýüdýän>>diýip Gunça daýza gapa tarap ylgaýardy.Başgadygyny görensoň lapy keç bolup,ýerine gelip oturardy.

-Gysynma,enesi,ogluň işli adam,ikimiz ýaly boş däl.Aýagym sähel gowulaşsa,özümiz baraýarys-diýip Aşyr aga aýalyny köşeşdirerdi.Günleriň birinde Aşyr aga giçlik ara taýagyna daýanyp,daş çyksa gapynyň öňünde bir it durdy.It Aşyr agany görensoň bir enaýy ses edip,onuň aýaklaryna süýkenip başlady.Aşyr aga ilki iti tanaman tas taýagy bilen urupdy.Soň Döwletmyradyň itidigini tanap<<Heý,janawareý,asyl bu senmidiň>>diýip,onuň kellesini sypalady.

-Enesi,bäri çyk!Döwletmyradyň iti boşanyp gaçyp gelipdir –diýip Aşyr aga aýalyna gygyrdy.Gunça daýza çykandan it oňa-da süýkenip başlady.

-<<Wah janawareý,nädip şunça ýerden öýi tapyp geldi-kä?>>diýip Gunça daýza itiň ýüzi gözüni sypalady.

-Aý it öz öýüni on günlik ýoldan hem tapyp gelermiş.Bujagaz ýeri,boşansa,tapyp gelmegi kyn däl-de.Ýöne,ogluň-a itini ýitirip çar tarapa ylgaýandyr,enesi.

-Hawa,<<itiň bäride>>diýip oňa nädip habar edip bolarka,kakasy?

-Habar etmek gerek däl-diýip Aşyr aga bir neme gaharly gürledi.

-Bu janawar,biz barybermänimizden soň bizi göresi gelip,gaçyp gaýdypdyr.Indi bizde bolubersin-diýip sözüniň üstüni ýetirdi.

-Bolsa bolubersin.Ýöne Döwletmyrat jan <<itim gaçyp,oba

barandyr>>diýip asyl pikir etmez.Şäherden gözlär ýörer,kakasy.

Aşyr aga<<gözlese gözlesin>>diýmekçidi,ýöne gepi uzadyp oturmazlyk üçin hiç zat diýmän iti mal ýatagyň ýanyndaky özüniň öňki jaýyna saldy:

-Haýwanyň mähri käbir adamlaryňkydan has güýçli bolýandyr-diýip Aşyr aga aýalyna manyly seretdi.Gunça daýza adamsynyň näme diýmekçidigine gowy düşündi...

Şol güniň ertesi günortan Aşyr agalaryň gapysynyň öňünde bir maşyn saklandy.Aşyr aga bilen Gunça daýza nahar edinip,çaý içip otyrdylar.Maşynyň sesini eşiden Gunça daýza zöwwe ýerinden turdy.Aşyr aga:

-Otur!Eger ogluň bolsa,özi geler!-diýdi.Aýdyşy ýaly:

-Salawmaleýkim,kaka,eje!-diýip Döwletmyrat girip geldi.Gunça daýza ogluny gujaklap,ogşady.Aşyr aga bolsa kän bir ýüz bermän,oturan ýerinde elleşip salamlaşdy.Kakasynyň gapdalynda ýatan taýaga gözi düşen Döwletmyrat öňki lälikligini edip:

-Bu näme kaka?Taýak edinipsiň-le,garrap ýörmüň indi?-diýdi.

-Entek Saglyk-amanlyk soraşaly,taýakly gürrüňi soň ederis-diýip Aşyr aga ogluna nägile nazaryny dikdi.Döwletmyrat ýerliksiz gürlänini duýup, gyzaryp gitdi.Şundan soň Döwletmyrat kakasy,ejesi bilen şeýle bir mähirli saglyk-amanlyk soraşdy weli Gunça daýzanyň gözlerine tegelenip ýaş geldi.

-Oglum,özüň,gelniň sag-aman ýörmüsiňiz?Işleriňiz oňatmy?-diýip Gunça daýza damagy dolany üçin gysgarak soraşdy.

-Hudaýa şükür,hemmesi gowulyk.Ýöne iki gün bäri Alabaýy ýitirip,gözlemedik ýerim galmady.It gaçsa iküç ýyl ýal iýen ýerine barýarmyş diýýärler.Ol bär-ä gelen däldir?

Aşyr aga ajy ýylgyryp,aýalyna seretdi.Gunça daýza äriniň bu garaýşynda<<Ine ogluň,näme üçin gelendigini özi aýtdy>>diýen many bardygyny aňdy.Aşyr aga:

-Itiň geldi,ol özüniň öňki ýatagynda-diýenden Döwletmyrat begenjine bökäýjek ýaly etdi.

Şol mahal gapydan güpürdäp goňşusy Gurban tamdyr girdi:

-Oho!Döwletmyrat gelipdir-ä-diýip onuň bilen salamlaşyp soraşdy.Soňra – maşyndan düşeniňi daşyrakdan gördüm.Eliňde hiç zat ýokdugyny görüp,ata-enesini görmäge gelen ogul boş gelmez,ýene başga bolaýmasyn,diýip,gaty synlap seretdim.Seretsem:

-Baý,köp gepleýäň Gurban Döwletmyrat bu sapar bäri bizi görmäge däl,itini idäp gelipdir-diýip Aşyr aga goňşusynyň sözüni böldi.Döwletmyrat:

- Nätdiňaý, kaka....-.diýip zordan dillendi.

-Men dogrusyny aýtdym,oglum.Bize seniň zadyň gerek däl.Didaryň

gerek.Ýaňy sen meniň bilenem,ejeň bilenem gaty mähirli soraşdyň.Onuň üçin sag bol.Ýöne perzent mähri dilde däl-de ýürekde bolsa gowy.

Kakasynyň bu sözlerini diňläp oturan Döwletmyrat bir gyzardy,bir agardy.Elbetde,ol öz ýalňyşyny düşünendir-de.

# Süýji Şarpyk
## (nowella)

Seýil bagynyň agaçlarynyň goýy kölegesi tomusuň yssysyny kän bildirenokdy. Berdimyrat biraz aýlanyp, kölegedäki oturgyçlaryň birine çökdi. Gündiz güni bolany uçin seýilgähde adam seýrekdi. Oturan ýeriňde uklasaňam hiçkim päsgel berjek däldi. Ol gözlerini yumup, özuniň süýji hyýallaryna berilip otyrka, gapdalyna biri gelip otyranyny duýdy. Gözüni açyp seretse oturgyjyn aňyrky çetinde bir owadan gyz otyrdy...

"Ýalňyzlyk bir Hudaýa ýagşy" diýip yöne ýere aýdylmandyr. Adam perzendiniň uzak wagtlap yalňyzlyga döz gelmegi gaty kyn bolýar. Berdimyrat hem bir ýyl bäri ýalňyzlygyň ejerini çekip gelýärdi. Ol bu ýalňyzlykdan gutulmak uçin özine mynasyp ýan ýoldaş gözleýärdi."Süýtde agzy bişen suwy üfläp içer" diýilişi ýaly ol tanyş gyzlaryny akyl terezesine salyp,hemme taraplaýyn ölçäp görýärdi. Sebäbi ýan ýoldaşdan bir gezek agzy bişipdi, dogrusy ýüregi ýaralanypdy.Şonuň uçin ol "gözümem görmesin, gulagymam eşitmesin" diýip şähere gelipdi. Işe ýerleşdi, iki otagly öý satyn aldy. Ejesiniň, kakasynyň ogul-gyzlary ýanynda bolany uçin olardan gaýgysy ýokdy. Bir gaýgysy öz durmuşydy.Bir ýagşysy öýi seýil bagyň golaýyndady.Içi gysanda agşamlaryna, dynç günleri gündizine-de baga barardy, aýlanyp gezelenç ederdi, ýadasa kölegedäki oturgyçlaryň birinde häzirkisi ýaly oturyp dynç alýardy.

*****

Şol günem dynç günidi. Ol günortanlyk edinip,"Nahardan soň bir ädim bolsa-da ýöre" diýen pähime eýerip,baga gezelenç etmäge çykyp, indem otyrdy. Oturgyjyň bir çetinde oturan gyz:

-Bagyşlaň ukyňyzy buzaýdym öýdýän- diýip, mylaýym ýylgyrdy.Gyzyň owadan gara gözleri-de ýylgyrşy ýaly mylaýym seredýärdi.

- Ukymy bozasyň gelendir-dä, ýogsa başga oturgyçlaram bar-a- diýip, Berdimyrat degişme äheňde aýtsa-da, onuň jogaby gyza biraz gödegiräk eşidildi. Emma şonda-da onuň ýüzi çytylmady.

- Dogry, başga boş oturgyçlaram ýok däl, ýöne ýeke özim oturmaga gorkýan-da –diýip gyz ýylgyrdy.

Berdimyrat:

-Meniň bilen oturmaga gorkaňokmy?-diýdi.

- Ýok, siz gorkuly adama meňzäňizok!

- Sen ony nirden bilýäň? Belki men garakçydyryn.

- Aý,ýok-la. Siziň onuň ýaly adam däldigiňiz görnüp dur. Özüňiz erkek adam bolsaňyzam gyz oglan ýaly ýuwaşja ekeniňiz - diýip ýylgyrdy.

Berdimyrada onuň özüni gyz oglana deňäni birneme ýokuş degdi. Oňa näme diýjegini bilmän aljyrady.Emma kellesine gelen pikirden çykalga

tapan ýaly ýerinden turdy.
-Näme turdyňyz?
-Seni gorkuzjak bolýan.
- Nädip?
- Gitjek.Ýeke özüň galsaň gorkarsyň-a?
Gyz ýene güldi:
-Meni gorkuzjak diýip, özüňiz gorkup gaçjak bolaýmaň.Ýogsa-da ýigit kişi şeýle owadan gyzy taşlap gidermi?!
Berdimyrat çym gyzyl boldy. Ol bu gyzy ýeňip bilmejegini duýup, oturdy-da, oňa öwrülip gözlerine gözüni dikdi:
-Sen bilen gowja gürleşmesem boljak däl oýdýän.Ilki bir tanyşaly,sen kim?
-Men adymy,kimdigimi aýtsam, bu tanyşlygyň soňy näme bolar?
- Soňunam görübereris.
Gyz birhili ýylgyrdy:
-Gowusy soňuny görip otyrmaly. Bir salym oýun etdik, ýüregimizdäki dertleri, aladany bir salym unutdyk.Şu ýeter. Indi men gitdim- diýip, gyz ýerinden turdy.Berdimyrat onuň bu gepine aňk-taňk bolup, özi-de biygtyýar ýerinden galdy."Bu gyz ertirden bäri meni oýnap oturan ekenow. Onsoňam, ýüregimizdäki dertleri,aladany diýmegi näme, munyň näme derdi barka?! diýip içini gepletdi.Soňra:
-Sen derdi,aladasy bara meňzäňok-la.Näme gizlin derdiň bar?
-Birinji gören adamyň bilen derdinişip,içiňi döküp yörmeli däl. Size-de şuny maslahat berýän.Hoş,aman boluň-diýdi-de,beýlesine öwrülip gitdi.Berdimyrat ony saklap bilmedi,onuň yzyndan dal kamatyna, messana ýörüşine seredip galyberdi.Ol: "Oýun gutardy, täsin oýun-a boldy" diýip hüňürdedi-de ýerine oturdy. Şu oturşyna ol gyzyň hyýaly bilen bent bolup, näçe wagt oturanyny-da duýmady.Öýüňe barandan soňam onuň owadan gara gözleri, mylaýym keşbi, kinaýaly ýylgyryşy göz öňünden gitmedi. Onuň näzli owazy gulagynda ýaňlandy durdy.
"Toba janym, bu nähili boldy? Men kime sataşdym? Onuň dilewarlygy, özüni alyp barşy...Haýran galaýmaly.Onuň özi kim-kä? Ýagşymy,ýamanmy bilip bolanok" diýip içini gepledýärdi. Emma ol hakda ýaman pikir edesi gelmeýärdi.
Berdimyrat iküç günläp bu duşuşygyň täsirinde gezdi.Işinde-de, oýünde-de ol gyz ýadyna düşdi durdy. Onuň bilen ýene duşuşasy gelýärdi. Her sapar seýil bagyna baranda oňa duşaryn diýip umyt edip barýardy.Emma ol görünenokdy.Wagtyň geçmegi bilen hemme zadyň hem unudulyşy ýaly aradan bir-iki hepde geçip,ony indi ýadyndan çykaryp başlanynda, oňa ýene-de sataşdy.
Şol gün Berdimyrat işden biraz gijräk gaýtdy.Ýol ugruna täze getirilen çörekden almak uçin öýüniň golaýyndaky dükana sowuldy.Ol dükanyň

gapysyna golaýlaşanda içerden özüne garap ýylgyryp çykyp gelýän gyza gözi düşüp,biygtyýar aýak çekti.
-Salam,nätanyş tanyş!-diýip,gyz näzli gülümsiräp elini uzatdy.
-Salam,salam-diýip,görüşýärka Berdimyrat begenjini duýdurmak uçinmi ýa-da tolgunýanyny bildirmejek bolupmy, gyzyň elini gatyrak gysdy.
-Waý!Elimi döwýäň!-diýip, gyz näzlenip gaşyny çytdy.
-Bagyşla,begenjime öteräk geçäýipdirin.
-Nämäniň begenjine?
-Saňa duşanymyň.Men seni gözläp, ilki duşan ýerimiz-seýil bagyna köp gezek aýlandym.
-Bä,gözledim diýsene...
Berdimyrat gyzyň bu sapar"sizde" "sene" geçmegine üns berip,onuň ilkinji duşanlarynda ýekeje gezegem "senläp"geplemändigini ýatlady."Bu nämäniň alamaty-maňa hormatsyzlygyňmy ýa-da özüni ýakyn tutmagyň alamatymyka?!" diýip oýlap, muny gyzyň gözünden aňmak uçin oňa siňe seretdi-de:
-Hawa,agşamyna-da,dynç günleri gündizine-de gözledim.Bir gün bolmasa, bir gün gezelenç etmäge gelersiň öýtdüm.
Gyz onuň bu sözüne ýylgyryp:
-Meni beýle jan edip gözläp näme etjek?-diýdi.
Gyzyň mylaýym ýylgyryşyndan "Hormatsyzlygyň alamaty däl eken" diýen pikir bilen göwni aram tapyp, Berdimyrat söze başlady:
-Seniň bilen ýakyndan tanyşjak, mümkin bolsa gatnaşyk etjek, dostlaşjak bolýan.
-Dostlaşmak gowy zat.Ýöne aýal bilen erkegiň arasynda hakyky dostluk bolup bilermi? Bu dostlugyň soňy başga zada ýazmazmy?
-Başga zada ýazsa oňa ýetesi zat barmy!
-O-ha?Seniň niýetiň diňe dostluk däl ýaly-la.
-Meniň niýetim gowy.Ilki bir tanyşyp alaly, soňunam görübereris.-Meniň adym Berdimyrat,özümem sallah,ýönekeý gullukçy,atam,enem...
-Boldy,boldy.Şu ýeterlik.Terjimehalyňy aýtmak gerek däl-diýip gyz gülüp, onuň sözüni böldi.
-Bolýa.Gerek bolsa terjimehalymy-da soň aýdaryn. Indi senem özüňi tanyşdyraýsaň, dostlugymyzyň başlandygy bolardy.
Gyz gülümsiräp duran gözlerini oňa dikip, bir salym dymyp durdy.Soňra:
-Seniň bilen tanyşyp ýalňyşmazmykam?
-Hijem ýalňyşmarsyň.Men ikimiziňem ýalňyşmagymyza ýol bermerin.
-Onda menem adymy,kärimi aýdaýn.Adym Gülnar, kärim mugallym.
-Gaty gowy.Ine okuwçyňam taýyn.Näme diýseň "bolýa ýoldaş mugallym" diýerin duraryn.
-Onuň ýaly bolsa tanyşanymyz bolaýsyn-diýip, gyz Berdimyrada birhilli

mährem ýylgyryş bilen garady.
Berdimyrat begenjine bökäýjek boldy.
-Indi ýoldaş mugallym, bu tanyşlygy bellemesek bolmaz.
-Nirede, nädip bellejek?
-Munuň üçin daşa gidip oturmaly däl, meniň öýüm şujagaz ýerde.Hemme zat bar. Bizinkä baraýaly.
-Öýüňize meni kimim diýip eltjek?
-Ony menden soraýan adam ýok.Atam,enem obada,ýeke özüm ýaşaýan.
-Şeýlemi,ýeke özi ýaşaýan sallahyň öýüne gorkman baryp bolmaz-diýip,Gülnar kellesini ýaýkady.
- Ilki seýilgähde duşuşanymyzda özüň maňa"Erkek adam bolsaňam gyz oglan ýaly ýuwaş ekeniň"diýmänmidiň.Şonuň üçin gyz oglan ýalynyň öýüne gyz barsa-da howply däl-a!
Gülnar onuň bu sözüne ýylgyranyny duýman galdy.Soňra:
-Onuň ýaly bolsa barsam baraýaýyn.Ýöne men içgi içmeýän.Muny öňünden aýdaýn.
-Onda kofe diýseň kofe,çaý diýseň çaý içäýeris.
-Bolýa,onda gitdik.Ýöne köp oturmarys.
Şeýdip ylalaşyga gelnensoň Berdimyrat dükandan çörek almagy-da unutdy.Ol Gülnar bilen ýanaşyp ýöräp barýarka ýerden ýöräp däl-de awuny alan guş kimin uçup barýan ýalydy.
Öýe girenlerinde Gülnar bu ýerdäki serenjamlylygy görüp:
-Berdimyrat,öýüň sallahyň öýüne meňzanok.Tüweleme,hemme zadyň ýerbe-ýer ekeni-diýdi.
Berdimyrat uýtgeşik bir jogap berjege meňzäp:
-Aýal-gyzlar serenjamlylygy gowy görýäler.Menem gyz oglana meňzänim uçin tertip-düzgüni halaýan-diýip,Berdimyrat ýylgyrdy.Gülruh onuň bu kinaýasyna gaýtargy bermän, başyny ýaýkap, gepi başga tarapa sowdy:
-Öýüňe myhmançylyga çagyryp , oturmaga mürähädem edeňok.Ýada meni dik duran ýerimde hezzetlejekmi?
-Weý bagyşla,Gülnar. Geç, geç-diýip,Berdimyrat oturmaga Gülnara diwandan ýer görkezdi.Gülnar geçip oturan diwanyň öňüne pesejik stoly süýşürip,onuň üstüne saçak ýazdy.Sowadyjysyndan bar zatlardan goýuşdurdy.Şonda dükandan çörek almagy unudyp gaýdany ýadyna düşdi:
-Bä,ýaňy dükandan täze çörek almagy ýatdan çykaryp gaýdyberipdiris.Gatyrak çöreg-ä bar eken,şunuň bilen oňňut edäýelimi ýa?-diýip,Gülnara ötünç soraýan terzde seretdi.
-Zyýany ýok.Gaýtam täze çörekden bir neme gatany peýdaly.
-Onda men bir çaý oturdaýyn,sen edil öz öýüňdäki ýaly arkaýn otur-diýip, aşhanasyna girip gitdi.Ol bir salymdan iki sany bulgur bilen bir çüýşe"Izabella"diýen çakyry alyp çykdy.Muny gören Gülruhyň gaşy

çytylyp:
-Men saňa içgi içmeýän diýip öňünden aýtdym-a-diýdi. Berdimyrat:
-Içgini menem halamok,Gülna,ýöne tanyşlyk açmak üçin birje ourtjyk içäýeli-diýdi.
Gülnar onuň özelenip seredýän gözlerine garap,biraz ýumşady.Şonda-da :
-Içgi bilen açyljak tanyşlyk abatlyga eltmez.Onsoňam beýle zat türkmene mahsus däl-diýdi.
-Aý,bolýa-da!-diýip, Berdimyrat çüýşedir bulgurlary ýygnady-da:
-Gülnar, göwnüme bolmasa sen häzirem şol ilkinji duşuşygymyzda aýdan derdiňi bir salym unutmak üçin gelen ýaly.Näme ünjüň,derdiň bolsa meniň bilen paýlaş-aý,bir neme ýeňlärsiň.Belki meniň kömegim deger.
Gülnar Berdimyrada synçy nazary bilen garady-da:
-Birzat sorasam aýplaşmarsyň-a!-diýdi.
-Ýok.Soraber, näme soragyň bolsa men jogap bermäne taýyn,ýoldaş mugallym-diýip Berdimyrat ýylgyrdy.
-Näme üçin şu çaka çenli öýlenmediň, ýaşyňam-a otuza golaýlap ýören bolmaly?
Berdimyrat jogap bermän, birsalym dymdy.Ortada bir hili oňaýsyz ýagdaý döredi.Gülnar:
-Bagyşla, men soramaly däl zadymy soraýdym öýdýän-diýdi.
-Yok,hakykatdanam soramaly zadyňy soradyň.Biz dost bolýan bolsak, biri-birimiziň ýagdaýymyza-da belet bolsak gowy.
-Onda şu çaka çenli öýlenmändigiň sebäbini aýdaý.
-Men öýlenipdim...
-Şeýlemi? Näme...Aýalyň ýogaldymy?
-Ýok aýrylyşdym.
-Bä, aýrylyşdym diýsene.-Aýaly bilen aýrylyşan erkek gowy adam-a bolmaly däl.
-Näme uçin beýle pikir edýäň.Aýrylyşanda diňe erkek günäli bolup ,günäniň aýalda-da bolmagy mümkin dälmi?
Gülnar geplemän, oňa ahmyrly nazary bilen bir salym seredip
-Ony söýýärmidiň diýip sorady.
-Çenden aşa söýýärdim.Şonuň üçinem onuň eden işine çydap bilmän,başymy alyp,obadan çykyp gaýtdym.
-Näme, ol şonuň ýaly erbet iş etdimi?
-Erbetmi,erbet dälmi meniň gürrüňimi diňleseň özüň netije çykararsyň.
-Gürrüň berseň diňläýin.
Berdimyrat "men özümiňkini gürrüň bersem, Gülnar hem içini döker" diýen pikir bilen söze başlady:
-Ol obamyzdaky in baý adamyň ýeke gyzydy.Uniwersiteti gutaryp geleninden soň obadaky mekdepde mugallym bolup işläp başlady.Men

ondan bir ýyl öň instituty tamamlap,daýhan birleşiginde ykdysadyýetçi bolup işleýärdim. Biz öňdenem bir-birimizi gowy tanaýardyk.Ýaşlygyň joşgunly duýgulary sebäp boldumy nämemi, aramyzda güýçli söýgi döredi.Durmuş gurmaly bolduk.Emma onuň ata-enesi gyzyna "Berdimyrat seni söýýän bolsa iç giýew bolup gelsin .Onuň ata-enesiniň dört ogly, dört gyzy bar. Sen bolsaň biziň ýeke perzendimiz" diýipdirler.Muňa menem razy boldum, ata-enemem razy boldy. Dabaraly toý etdik.Şeýdip bagtly durmuşda ýaşap başladyk.Aradan iki ýyl geçti.Emma çagamyz bolmady.Ol: "Men önelgesiz bolaýmasam ýagşy, diýip howatyr edýärdi.Şypa tapjak bolup kurortlara gidip gelýärdi. Men ony güýçli söýýänim uçin çaga bolsun,bolmasyn,özümi onuň bilen bagtly duýýardym.Emma meniň bu bagtly günlerim uzaga gitmedi.Mundan bir ýyl öň täze okuw ýylynyñ öň ýanynda bolýan mugallymlaryň konferensiýasyna giden güni onuň bilen arany açdym-diýip, uludan demini alyp,Berdimyrat dymdy.

-Ýeri, onsoň? Sebäbi näme ?

-Sebäbi şol güni ol öýe gijäniň ýarynda geldi.Onuň bilen gidenler öýlerine sagat alty bolman geldiler.Konferensiýa bäşde gutarypdyr.Ol garaňky gatlyşanda-da gelmäninden soň men oturup bilmän howatyr edip,onuň ýoluna gözläp daşarda gezdim.Wagt gijäniň ýaryna golaýlanda daşdan bir maşynyň çyrasy göründi.Maşyn öýümiziň golaýyna dazlap geldi-de, ony düşürip ýene-de dazlap yzyna dolandy.Garaňkyda onuň nomeryny görüp bilmän galdym, ak reňkli "Žigulidigini" zordan saýgardym.Meniň gaharym ýetjek derejesine ýetipdi.Ol ýanyma gelenden "Nirede ýörsüň!" diýip, şarpyk çalanymy duýman galdym.Ol "näme urýaň,bir zadyň anygyna ýetip,onsoň etjegiňi et" diýip aglap başlady."Kim ol getirip giden?"diýsem, "Boýdaşymyň äri,maşyny ýolda bozulyp galdy.." diýeninden sözüni soňlatman "Seniň özüň bozulansyň" diýip agzyma gelenini aýtdym-da,öýe-de girmän, göni kakamlara gitdim.

Ertesi ejesi meniň geýimlerimi getirip,gyzyny akja jüýje edip,ejeme bir topar zatlary aýdypdyr.Nämemişin şäherde bir boýdaşynyň doglan gününe baryp,ýarym sagat oturypdyr.Gaýtjak bolanda boýdaşy adamsyna "Ony eltip gaýt" diýipmiş.Ýolda-da maşyn bozulypmyş.Özi bejerip bilmäninden soň, geçip barýan matorly oglandan maşynyny bejerýän,Sergeý diýen ussanyň öýüni salgy berip çagyrdypmyş.Ussa gelip görüp,bozulan şaýyny bir ýerden tapyp,getiripmiş.Garaz şonuň ýaly adam ynanmajak gepler.Soňunda-da ejeme "Gyzymda hiç hili günä ýok.Ogluň gyzymyň ömür ýüreginden çykmajak sözleri aýdypdyr.Gyzymam maňa şeýle sözleri aýdyp bilen adamyň indi ýüzini görmen diýýä" diýip gidipdir.

Berdimyrat sözüni soňlap soñlamanka bu gurruñi birhili tolgunma bilen diñlän Gülnar:

-Leýla bilen şeýdip aýrylyşdym diýsene - diýdi. .Berdimyrat geň galyp:

- Sen onyñ adyny nirden bilýäň? Men-a onuñ adyny tutmandym - diýdi.
-Ony saňa soň aýdaryn-diýip Gülnar ýerinden turdy.
-Näme turdyň? Otur, häzir kofe getirýän...
-Kofeny biziň öýde içeris. Men häzir gitmesem bolanok, zerur işim bar.
-Nätdiň-aý,Gülnar, Onda indi haçan duşýas.
-Öýüňde telefon ýok ekeni, iş ýeriň telefonyny ber.Seni özüm taparyn-diýip,Gülnar onuň ýazyp beren kagyzyny aldy-da, bir zada howlugýan ýaly çykyp gitdi.

Ony gapa çenli ugradan Berdimyrat onuň yzyndan delmenip garap galyberdi.Ol özüniň başyndan geçenini gürrüň bermek bilen onuňam içini dökmegine garaşypdy.Emma bu düşnüksiz gyzdan ol eden tamasy çykmady.Her niçik-de bolsa,onuň "Özüm seni taparyn" diýip telefonyny alyp gitmegi,ýene-de duşuşmak umydynyň çyrasyny söndürmedi.

Aradan iki gün geçdi,üç gün geçdi,Gülnardan habar bolmady.Berdimyrat onuň jaňyna garaşyp halys ýadap,umydyna üzer-üzer bolup durka garaşmadyk wagty ol jaň etdi:
-Berdimyrat men Gülnar, sagat bäşde ol günki duşan ýerimizde garaş, men barýan.
-Düşindim,garaşýan-diýip,Berdimyrat begenjinden ýaňy bökäýjek boldy.Gülnar başga zat diýmän telefony goýdy.

Berdimyrat aýdylan ýere wagtyndan on minut öň bardy.Ol tolgunýardy.Sebäbi Gülnaryň özüniň duşuşyga çagyrmagy onuň üçin uly bagtdy.Ol tiz-tiz sagadyna seredýärdi.Wagt ýakynlaşdygy saýyn ýüregi tiz-tiz urýardy.Batly gelip saklanan taksidan Gülnar kellesini çykaryp:
-Berdimyrat,gel maşyna mün!-diýip ony çagyrdy.

Berdimyrat beýle bolar diýip pikir etmändi.Ol maşynda däl-de,messan ýöräp,ýylgyryp geljek gyza garaşypdy.Onuň bilen seýil bagynda gezelenç edip arkaýyn gürleşip gezmekçidi.Duşuşyk öz islegine görä bolman soň,nalaj maşyna mündi,özem yzky ýere-Gülnaryñ ýanyna mündi.Gülnaryň ýüzinde üýtgeşik bir ýylgyryş bardy.Salam-älikden soň Berdimyrat elini gyzyň eliniň üstüne goýup:
-Nirä barýas?-diýip sorady.
-Bize barýas-diýip,Gülruh elini ýuwaşlyk bilen çekip aldy.
-Näme üçin? Gowysy bize baraýaly!
-Ýok.Men saňa kofeny biziňkide içeris diýip söz beripdim.Şol sözümde tapyljak bolýan.
-Öýüňizde kim bar?
-Öýümizde ýok adam ýok-diýip,Gülruh syrly ýylgyrdy-da,"Başga zat diýme" diýen manyda onuň dodagyna barmagyny basdy.

Berdimyrat sürüjiniň ýanynda artyk gürrüň etmeli däldigine düşünip, geplemän oturdy.

Taksi olara aýdylan ýere-bäş gatly uly jaýyň öňüne eltip, saklandy.
-Ine,öýe-de geldik. Biz şu jaýyň ikinji gatynda ýaşaýas-diýip,Gülnar bir hili çekinip duran Berdimyrada garady.
-Gülnar, dogrymy aýtsam, men özümi birhili oňaýsyz duýýan. Onsoňam sen meni kimim diýip eltjek?
Gülnar köp manyly ýylgyryş bilen garady-da:
-Şol gije Leýla özüni öýüňize eltip gaýdan adamy "boýdaşymyň äri" diýdi dälmi, menem seni "boýdaşymyň äri" diýip elterin.Ýör, çekinip oturasy iş ýok-diýdi.
Berdimyrat bu düşnüksiz gyzyň oýunlaryna akly çatman, onuň yzyna düşüp ikinji gata çykdy.Gülruh garşydaky gapynyň jaňyny basdy.Gapyny orta ýaşlaryndaky aýal açdy.Ol myhman geljegini öňünden bilýän ýaly güler ýüz bilen:
-Geliň,geçin-diýip,Berdimyrada ýol berdi. Berdimyrat dälizden geçip,uly otaga girenden bir çetdäki diwanda oturan ýigit ýerinden turyp,oňa tarap ýöredi. Gara saçly, bugdaýmeňiz,
özi ýaly daýow bu ýigidi görenden Berdimyrat biraz aljyrajak boldy."Be,bu kimkä,
Gülruhyň nämesika?" diýen pikir beýnisinden at salyp geçdi.
Onýança Gülruh ýigitleriň ýanyna gelip, olary tanyşdyrdy:
-Berdimyrat, bu ýigit şol gije Leýlany öýüňize eltip gaýdan "boýdaşymyň äri" diýeni.
Bu gepe Berdimyrat ilki aňk-tank boldy.Soňra birden gahary geldi :
-Bu nähili oýun?!
-Oýun däl, çyn. Sakawyň soňuna seret. Leýlanyň boýdaşym diýeni-de men diýip, Gülnar köşeşdiriji äheňde dillendi.Soňra adamsyna garap:
-Myrat,sen Berdimyradyň kimdigini gowy bilýäň.Indi özüňiz tanyşyp soraşyberiň-diýdi-de içerki otaga girip gitdi. Myrat Berdimyrada:
- Tanyşanymyza örän şat.Ikimiz doly bolmasa-da ýarym atdaş ekenik-diýip,gülüp gaýtadan görüşdi.Öý eýesiniň beýle mylakaty Berdimyradyň gaharyny ýazanam bolsa, ol entek bu bolýan zatlara oňly düşünmän alasarmyk ýagdaýda galdy.
- Hany,saçak başyna geçäýeli,Berdimyrat-diýip,Myrat dürli näz-nygmatly saçaga mürehet etdi.
Oturdylar.Emma Berdimyrat bu myhmançylygyň nämäniň hatyrasyna guralandygyna entegem düşünip bilenokdy.
Içerki otagdan geýmini çalşyryp,Gülnar çykdy. Şol wagt ýaňy gapyny açan aýal gelip:
-Gelin,sen uly sogap işiň başyny başlapsyň,indi ony soňuna ýetir.Nahara meniň özüm serederin-diýdi.
Berdimyrat ol aýalyň Gülnara "gelin" diýip,ýüzleneninden onuň Myradyň

ejesi Gülnaryň gaýyn enesidigini aňdy.Gülnar "bolýa" diýen manyda başyny atyp,ýigitleriň ýanyna gelip oturdy. Berdimyrat Gülnaryñ soňuna ýetirmeli "Sogap işiniň" nämeden ybaratdygyny bilesi gelip, oňa sabyrsyzlyk bilen seretdi.

Gülnar bir hili tolgunýardy.Çünki ediljek gürrüň tolgundyrmazça däldi.Ol Berdimyrat bilen ikisiniň tötänden bolan duşuşygy ýöne bir tötänlik bolman,ykbal işidigine ynanypdy. Muňa Berdimyrady-da ynandyrmalydy.Şeýdip ýaňky aýdylan<<sogap işi>> ahyryna ýetirilmelidi.Munuň üçin ol Berdimyradyň öýünde beren gürrüňinden önki hem soňky bolan wakalaryň üstüni açmalydy.Şonuň üçin ol sözüne şeýle başlady:

-Berdimyrat,ikimiziň tötänden sataşyp, tanyşmagymyz ýöne bir tötänlik bolman, biziň ykballarymyzy kesgitlän üýtgeşik bir tötänlik bolan bolsa nätjek! Munuň şeýledigine häzir saňa berjek gürrüňimi diňleseň özüňem kaýyl bolarsyň.

Ertirden bäri bu gümürtikligiň tizräk aýyl-saýyl bolmagyna sabyrsyzlyk bilen garaşyp oturan Berdimyrat elindäki çaýly käsäni aşakda goýup:

-Diňleýän, aýdyber-diýdi.

Gülnar gürrüňi nämeden başlamalydygyny pikir edýän ýaly bir salym dymdy,soňra:

-Biz Leýla bilen Mollagara sanatoriýasynda tanyşdyk-diýip söze başlady-Menem ol ýere guragrym bolansoň şypa isläp barypdym.Şonuň ýaly ýere baran adamlar tiz ysnyşyp,dostlaşýarlar.Ynha bizem Leýla bilen yigrimi günläp bir otagda ýaşap, biri-birimize mähriban bolup galdyk.Sanatoriýadan gelenimizden bir hepdeden soň mugallymlaryň täze okuw ýylynyň öň ýanynda bolýan maslahatynda ýene-de duşuşdyk. Şol günem meniň doglan günimdi.Oňa boýdaşlarymy çagyrypdym.Maslahat gutarandan soň Leýla-da meni gutlamak uçin öýe geldi.O:l "Gijä galsam öýdäkiler howatyr ederler" diýip ýarym sagat oturyp,rugsat sorady.Ony Myrat eltip gaýtmaly boldy.Gün ýaşyp ýaşmanka-da gitdiler.Biz boýdaşlar bolup gowy oturdyk.Emma Leýlany alyp giden Myrat geler wagtynda gelibermedi.Boýdaşlarym gidip,gije ýaryma golaýlanda menem ynjalygymy ýitirip ugradym."Näme bolduka?Ýolda bir bagtsyzlyk bolaýdymyka?Maşyn bolsa jähennem,özleri bir amanmyka?"diýip gaty howatyr etdim. Penjiräniň öňüne baryp, iki gözüm ýolda boldy. Bir mahal bir maşynyñ çyralary göründi. Ol jaýyñ öňüne gelip saklananynda öz maşynymyzdygyny tanadym. Onuñ hiç ýerine hiç zat bolmandygyny görüp,begenjime derek ýüregime niredendir erbet gabanjaňlyk ornaşdy-diýip,Gülnar uludan demini aldy-Ine şonda,Berdimyrat,menem seniň ýagdaýyňa düşdüm."Gahar gelende akyl gaçýa"diýenleri çyn eken.Ýöne men seniň ýaly şarpyk çalmadym-da,aýdylmaly däl sözleri aýdyp, aýrylyşdym edip

gitdim.Leýladanam göwnüm sowady.Geleninde gepleşmedim.Olam ýüzüne urlan ýaly bolup gitdi.Aradan bir ýyl geçip,seniň öýüňde beren gürrüňiňden soň oýlandym, aklyma aýlanan ýaly boldum. Soň kimiňkiniň hak, kimiňkiniň nähakdygyny anyklamagyň ugruna çykdym.Saňa aýdylan zatlary jikme-jik soradym,hemmesi dogry bolup çykdy.Myradyň özü-de meniň gykylygymyň arasynda "Sergeý,matorly oglan " diýip bir zatlary aýdýady.Ýöne ol wagt meniň gulagym hiç zat girenokdy. Şeýdip, Berdimyrat, ikimizem şeýtanyň şerine gidip,uly ýalňyşlyga ýol beripdiris. Men ýalňyşymy düzetdim.Baryp Leýladanam, gelip Myratdanam ötünç soradym.Ýene öz öýüme eýe boldum. İndi senem ýalňyşyňy boyun alyp, Leýladan ötünç sorasaň,ikimiziň tötänden bolan duşuşygymyz ýerine düşer.

Gülnar beren gürrüňiniň Berdimyrada nähili täsir edendigini bilmek üçin ony göz astyndan synlady.Şol wagt häliden bäri aýalynyň dilewarlygyna maýyl bolup oturan Myrat:

-Ikiňiziň tötanden duşuşmagyňyz gör nähili gowy bolupdyr-diýdi.Berdimyrat Gülnaryň gürrüňini içinden tolgunyp diňläp otursa-da, beýle tötänligiň bolmagyna müňkürligi ýok däldi.Onuň göwnüne Gülruh ony Leýla bilen ýaraşdyrmak üçin özi hakdaky wakany toslap tapan ýalydy.Şonuň üçinem ol Myradyň aýdanyna jogap edip:

-Beýle gowy tötänlik öňünden oňatja taýarlanybam edilýä –diýdi.

Gülnar onuň bu gepini nähili müňkürlik bilen aýdanyna gowy düşündi...

-Ýok, Berdimyrat,nähak müňkürlik edýäň.Hiç hili öňünden taýýarlanan zat ýok.Biziň tötänden sataşyp tanyşmagymyz Alla tarapyn bolandyr. Şu iki maşgala bozulyp gitmesin diýip bizi Hudaýyň özi sataşdyran bolsa nätjek.Ýogsam beýle tötänlik bolmazdy.Ine,ýene-de bir ajaýyp tötänlik-diýip,Gülnar sözüni dowam etdi:-Mundan bir ýyl öň edil şu gün mugallymlaryň maslahaty geçirilipdi.Şol günem bize horluk baryny çekdiren meniň doglan günümdi.Şu günem mugallymlaryň maslahaty geçirildi.Meniň doglan günüm.Şonuň üçin muňa men şatlygymyzy paýlaşjak diňe iki adamy çagyrdym.Onuň biri sen,

Berdimyrat, biri-de Leýla.

Leýlanyň adyny eşidenden Berdimyradyñ tutuş endamy jümşüldäp gitdi.

Ol Gülnara ýalt edip garady-da:

-Olam gelýämi?-diýdi. Gülnar içerki otaga girip, Leýlany elinden tutup alyp çykdy.

Leýla gapydan çykan ýerinde aýak çekdi .Gülnar bolsa gelip ýerinde oturdy-da:

-Ine, şundan başga öňünden taýýarlanan zat ýok, Berdimyrat-diýdi. Leýlanyň humaý gözlerine, asuda owadan keşbine gözi düşenden Berdimyrat birhili ejizläp,aljyran ýaly boldy.Ýene-de özüni dürsäp, ýerinden turdy, Leýlanyň öňüne baryp, iki eli bilen onuň ellerinden tutdy.

-Meni bagyşla,Leýla!-diýip müýnli,zordan dillendi.
Leýlanyň gözlerinden buldurap ýaş damdy.Berdimyrat sözüni ýene gaýtalady:
-Bagyşlap bilseň , bagyşla, Leýlam...
Leýlanyň gözlerindäki ýaşdan iki damjasy yüzüniň üsti bilen aşaklygyna syrygyp gaýtdy.
Bu begenç ýaşydy.Leýla dodaklarynda peýda bolan hem öýekli, hem näzli ýylgyryş bilen Berdimyrada seredip:
-Şol gije maňa aýdan sözleriňi ýatlamaýyn,ýöne çalan şarpygyňy gaýtaraýyn –diýdi-de: Berdimyradyñ ýaňagyna çalaja şarpyk çaldy.Bu onuň Leýla çalan ajy şarpygynyň ýerine gaýtarylan süýji şarpykdy.

# Dolanan Döwran
## (nowella)

Togsan yaşy arka atan Atahan aga Garaşsyzlyk zamanyna ýetip gelýänçä bu togalak zeminiň üstünden kerwen ýaşap geçen näçe zamanlaryň şaýady boldy.Ýaşy geçdigi saýyn ol özüniň uzak ömrüniň dowamynda bolan zatlary,başyndan geçiren wakalary ýygy-ýygydan ýatlaýardy. Ol şu gün hem başyndan geçen bir täsin wakany ýatlap, oýa çümdi.

Bu uruşuň yz ýanlaryndaky döwürlerde bolupdy. Atahan aga uruşdan bir aýagyny agsadyp geleninden soň, bir eşegaraba edindi-de, ony ýeňil-ýelpi ýük daşaýan "taksa" öwurdi. Bir aýagy maýyp adam üçin pyýada ýöremek nähili ejirli bolsa, eşegarabada gaýşaryp oturmak şonça-da hezillikdi.

Indi ol hergün irden turyp, eşeginiň iými -otuny berip, ony "hyzmata" taýýarlaýardy

Ozi-de çaý- suwyny içip, bazaryň önüne,otly gelýän wagty wokzala barýardy. Ozi ýaly eşegarabaly kireýkeşler bilen nobat belleşip, müşderi tapylýança gümür-ýamyr gürrüň edişip wagt geçiryardi.Käte muşderä garaşyp yeke ozi galanynda eşeginiň boynuny sypalap onuň bilen gurleşýärdi:

"Eşegim, sen indi meniň ýakyn dostum,hemram bolduň, seň arkaňdan gazanymyz gaýnap dur. Ozüňem, tüweleme gujurlyja "Yh" diýmegime mähetdel arabany göterýaň.Kämahal agyrrak ýük bassam hem gynanman çekip gidýäň.Men senden örän razy, eşejigim."

Atahan aga bu sözleri dodaklaryny çalaja gymyldadyp,doga okaýan ýaly edip aýdýardy. Ýürekden syzdyryp aýdylan sözleri haýwan hem düşünýän ýaly kellesini yralap goýýardy.

Atahan aga eşegini hakykatdanam gowy görýärdi.<<Atdyr ýigidiň ýoldaşy>> dýilýän döwürler taryha öwrülip geçip gitdi.Eşek bolsa Atahan aga ýaly garyplaryň hakyky ýoldaşydy, daýanjydy. Çünki eşek bilen,eşegaraba bilen hojalygyñ köp işleri bitirilýärdi. Kireýkeşlik edýänler gününe bäş-üç manat gazanyp maşgalanyň harjy-harajadyna ýaradýardylar. Atahan aganyň hem ujypsyzja pensiýasyndan başga girdeýjisi bolmanyndan soň maşgalasynyň ekleýjisi şu eşegarabasydy.

Ol işi paşyp, gowy gazanç eden güni öýüne arabanyň üstünde gaýşaryp oturşyna eşegini aňňyrdadyp gelerdi. Onuň beýle keýpi köp halda gelýänini gören gonşulary<<Hä, bu gün Atahan aganyň jübüsine köpüräk düşene meňzeýär>> diýişerdiler.

Atahan aganyň aýaly onuň eşeginiň sesini eşideninden ojagyň bir çetinde gaýnap duran tankadaky suwy çaýneklere demläp üstüni basyryp goýardy.Atahan aga-da gapynyň öňünde arabany boşadyp, eşegini onuň tigrine baglap, içeri gireninde:

-Kempir şa, çaýyň demlimi?-diýip degişerdi. Aýaly onuň<<kempir şa>> diýip degişme bilen gürläninden bu gün düşewündiň gowuja bolanyny aňlardy-da, onuň degişmesine degişme bilen jogap berip:
- Babaý jan,çaýlaryň demlije durandyr-diýerdi. Atahan aga endigine görä çaýdan öň ellerini ýuwup, saçagyň başyna geçeninden soň goltuk jübüsinden pullary çykaryp aýalyna uzadanynda aýalynyň ýüzi ýagtylyp giderdi.Olaryň biri-birini atlandyryşlary ýaly Babaý bilen Kempir şa<<berenine Hudaýa şükür>>edip,çaý içip otyrkalar dünýäde özlerinden bagtly adam ýok ýalydy. Olaryň şu pursatda özlerini şeýle bagtyýar duýýandyklaryny daşdan synlanyňda bir danişmendiň <<Bagt baýlykda däl,ol ruhyň halatydyr>>diýenininiň örän dogrydygyna göz ýetirýärsiň. Çünki adamyň özüni bagtly duýmagy üçin köp zadyň gerek däldigi, şu günki Atahan aganyň gazanyp gelen az-owlak duşewindi hem ýeterlik ekeni.
-Babaý,men gassapdan ýarym kilo et alyp geleýin, çagalara agşam bir etli palow bişirip bereýin-diýdi.<<Palow>> sözüni eşiden çagalar begenişip, oýnamaga daşary çykyp gitdiler. Atahan aganyň çagasy köp däldi. 1ogly,2gyzy bardy.Ogly Sadyk 6-njy synpda,gyzlar bolsa ondan aşakky synplarda okaýardylar.Sadyk köçä çykan badyna synpdaşy hem goňşusy Sähediň öýüniň öňine baryp syýkylyk çaldy. Sähet şo bada ylgap çykdy.
- Sähet,bilýäňmi näme,agşam ejem etli palow bişirýä, senem gel- bileje iýeris-diydi.Sähet dostunyň bu hoş habaryna näme diýjegini bilmän, onuň ýüzüne bir salym seredip
durdy-da soňra:
- Men nädip baraýyn,ýöne şeýle barsam birhili-de –diýdi.
- Palow bişen wagty men syýkylyk çalaryn,sen bir salymdan meniň <<matim>>depderimi sorap baran bolaý. Tabak ortada bolsa, dädem saňa<<gel nahara>>diýer.Menem <<gel,gel>>diýerin. Sen çekinme-de gelip otyr. Palowy bileje iýeris-diýdi.
Şol gün agşam Atahan agalarda etli palow bişdi.Nahar tabaklara salynmazdan öň Sadyk bir zady bahanalap, daşary çykyp, syýkylyp çalyp geldi. Ejesi bilen gyzlary bir tabagy,kakasy bilen Sadyk ikinji tabagy ýaňy öňlerine alanlaryndan soňky waka edil oglanlaryň dilleşişleri ýaly boldy.
Ertesi,oglanyň içinde gep ýatýamy,näme,Sähet mekdepde öten agşam Sadyklarda hezil edip palow iýenini aýdyp öwündi. Sadyk dagydan bir synp öňdäki daşyrak goňşy iki oglan :
-Indiki sapar bizi-de palowa çagyr,çagyrmasaň göreris -diýip herreldiler. Hudaýyň beren güni kän. Atahan aganyň-da her güni düşewüntli bolup duranokdy. Käte jübüsiniň boş gaýdýan günleri hem bolýardy. Şeýle günlerde ol öýlän hem kireý etmäge çykardy. Ýogsam günortana çenli bäş-üç manat gazanyp gaýtsa ertire çenli dem-dynjyny alyp ýatardy.
Bir gün onuň uçin örän amatsyz gün boldy. Günortana çenli-de, öýlänem

işi paşmady,öýüne kör- köpüksiz gaýtdy. Keýpi örän bozukdy. Arabany kiçijik howlusyna çekip, esegi arabadan boşadanam şoldy janwwer aňyryp goýberdi.Gaharyny kimden çykarjagyny bilmän duran Atahan aga <<kes sesiňi!>>diýip eşegiň golaýynda ýatan döwük piliň sapy bilen urmaga başlady. Bir taýak eşegiň kellesine erbet degen bolmaga çemeli janawer<<hyňk,hyňk>> etdi-de süýnüp ýatyberdi.Eden işiniň telekedigine düşünen Atahan aga eşeginiň baş ujuna çök düşdi-de, onuň kellesini sypalap samrap başlady:<<Bagyşla meni, gaharymy senden çykaraýjak boldum, bagyşla.Tur, janawer ýeriňden,meni beýle gorkuzma>>diýip,eşegiň ýüpünden ýokary çekse-de eşek ýerinden gozganmady. Gaýtam gözlerini mölerdip,Atahan aga seredip ýatyşyna göýä:<<Saňa eden hyzmatlarymyň hakymy bu edeniň? Maňa dostum,daýanjym diýmänmidiň? Dostuňy şeýdip urmalymy?Men ölaýsem nätjek, mensiz güzeranyň nähili geçerkä?>>diýýän ýalydy.

Şol mahal eşeginiň kellesini sypalan eliniň aýasyndaky gana gözi düşen Atahan aganyň damagy dolup, gözüne ýaş aýlandy. Ol:<<Eý Hudaýym,biziň kalbymyza gahar-gazap diýen zadyň ýerine rehim-şepagaty köpräk salaýsaň bolýar-a>> diýip içini gepledip, eşegiň kellesiniň gan çykan ýerini barlap başlady.Görse,uran taýagynda çüý bar bolmaga çemeli janaweriň kellesini gowuja ýaralapdyr. Muny gören Atahan aga:<<Kempir!>> diýip sesini ýetdiginden gygyrdy.Bu eýmenç sese içerdip howlugyp çykan aýaly:

-Näme beýle gygyrýaň, näme boldy, kakasy-diýip, adamsynyň ýanyna ylgap geldi.

- Bir azrak pagta bilen ýod getir, eşegiň kellesi ýaralanypdyr.
- Weý,nädip ýaralanypdyr? Biri urupmy ?
- Hudaý urupdyr,bar tiziräk!
- Hudaý urupdyr, diýmäň näme?
- Hudaý meni urupdyr,bar,aýdanlarymy getir!

Adamsynyň gahary gelenindäki häsiýetine ýetik aýaly geplemän ylgap gidip, onuň aýdan zatlaryny getirdi. Atahan aga pagtany ýoda ezip, eşegin kellesiniň gan çykyp duran ýerine basanam şoldy welin janawer bir tisginip,zöwwe ýerinden turdy. Atahan aga begenjine <<berekella,berekella!>> diýip gygyryp goýberenini bilmän galdy. Äriniň gamaşyp duran ýüzüniň bir neme açylanyny gören aýaly:

-Eşege näme boldy,kakasy- diýip soramaga milt etdi.

-Näme bolanyny sorama.Çaýyň demli bolsa ýör,çaý içeli- diýip eşeginiň ýerinden turanyna ynjalan Atahan aga aýaly bilen içeri girdi.Her gün gazanan pulyny aýalyna berýän Atahan aga bu sapar jübüsine elini urmady.Aýalynyň soragly nazaryna kellesini ýaýkap jogap berdi-de aşak çökdi.Adamsynyň keýpiniň buzukdygynyň sebäbine indi düşünen aýaly:

- Zyýany ýok, kakasy.Bu gün bolmasa ertir bolar,onuň üçin darykma -diýip göwünlik beren boldy.Emma ertesi beterinden beteri bar diýilişi ýaly Atahan aganyň, diňe ony-däl tutuş maşgalany howsala salan waka ýüze çykdy duruberdi.Şol güni Atahan aga irden gidip çörek puly gazandy-da günortan öýine çaýa geldi. Baryndan nahar edinip, ýene kireýkeşlige gitmek üçin daşary çykanynda gapysynyň öňinde arabanyň aryşyna baglap goýan eşeginiň ýokdugyny gorüp, huşy başyndan uçdy.

Ol özüni dürsäp, onçakly uzyn bolmadyk köçesiniň iki başyna agsaklap baryp geldi. Eşegi hiç ýerde ýokdy. Ony gördüm-bildim diýenem ýokdy.<<Alla janym, bu nähili boldy. Ýüpüni çalarak baglan bolsam boşanyp, düýnki uranym üçin öýkelap gidiberdimikä? Aý ýok, özi boşanyp bilmez.Ony ogry alyp giden bolmaly. Hut şeýle bolmaly.>>diýip içini gepleden Atahan aga öýüne girip:

-Kempir, menň ol şakur-şukurlar dakylan penjegimi tapyp ber.Melisehana barmaly iş çykdy-diýdi.

-Weý, melisehanalyk näme işiň çykdy, kakasy?

-Eşegi ogurlap gidipdirler.

Bu sowuk habary eşiden aýaly:

-Eý waý,indi näderis, nadip günümizi göreris-diýip,ses edip aglap başlady.

-Kes sesiňi! Günüň bir eşege galypmy.Janym sag bolsa aç öldürmen!Penjegi çykar, ondaky demirlere gözi düşen meliselere ogrynam, eşegem taparlar.

Atahan ag uruşda alan orden-medallary asylan penjegini geýdi.El taýagyna söýenip,milisiýanyň edarasyna ugrady.Ol yere agsaklap barýança günem öýleden agdy. Edaranyň gapysyndan giren ýerinde oturan nobatçy Atahan agany boýdan-başa synlap:

-Yaşuly, saňa kim gerek?-diýdi.Atahan aga nobatçy ýigidiň salamyň ýerine gödeklik bilen soragyna gatyrganyp jogap berdi.

-Maňa neçelnigiň gerek! Meniň eşegimi ogurlap gidipdirler.

Nobatçy kellesini ýaýkap ýylgyrdy-da:

-Bä, bu zamanda eşek ogrusy-da bar ekenow-diýdi.

-Hä, bar eken. Ogry bilen eşegi tapmaly!

Nobatçy Atahan aganyň äheňini geňläp, oňa çiňňerlip seretdi-de:

-Uruşda komandir bolduňmy ýaşuly?-diýdi.

-Ýok,soldat boldum.Ony näme diýip soraýaň?

-Buýruk berip duranyň üçin soraýdym-da- diýip nobatçy it ýylgyryşyny etdi.

-Inim, ikimiz eňekleşip durmaly. Meniň arzymy neçelnigine ýetir ýa-da meni onuň ýanyna elt, özüm gürleşeýin-diýip Atahan aga talap ediji äheňde aýtdy.

-Arzyňy ýetireýin ýaşuly,ýöne sen naçalnigiň adyna arza ýazyp gel.Ine

şundan soň seniň arzaňa seredilер hem-de zerur çäreler görüler.
-Inim, bu maýyp aýak bilen meniň bu ýere gelip gitmäm aňsat däl. Onsoňam arza ýazyp getirýänçäm, oňa seredilýänçe näçe wagt gider. Mňa bolsa eşegim derwaýys gerek,guzeranym onuň bilen...
-Ýaşuly!-diýip, nobatçy Atahan aganyň sözüni böldi-wagt gitse gider.Şu arada eşegiň soýup iýmezler.
Bu gepe Atahan aganyň gahary gelip, gatyrak bir söz aýtmakçy bolup duran mahaly uzyn däliziň iki ýan tarapyndaky gapylaryň biri şarkyldap açylyp, ondan egindäki pagonynyň ýyldyzlary ýalpyldap duran orta ýaşlaryndaky adam çykdy. Ol Atahan aganyň orden-medallaryny sylapmy ýa-da ýaşyna sarpa goýupmy mylakatlyk bilen :
-Salawmaleýkim, ýaşuly-diýip,görüşmek üçun elini uzatdy-näme ýumuş bilen geldiňiz? Onuň soragyna Atahan agadan öňürti nobatçy jogap berdi:
-Ýoldaş naçalnik, bu ýaşulynyň eşegini ogurlapdyrlar.Men arza ýazyp geliň diýsem kyn görüp dur.
-Kyn görse, bizde dilden edilýän arza-şikaýatlary hasaba alýan žurnal ýokmy, näme! Şoňa bellik et-diýdi-de Atahan aga seredip:
-Ÿaşuly, gysynma eşegiňi  tapyp saňa gowşurarys, ogra bolsa özümiz eýe çykarys-diýip, daşary çyyp gitdi. Atahan aga oňa minnetdarlyk bildiribem ýetişmän galyberdi.Onýança nobatçy oturan stolunyň çekmesinden naçalniginiň aýdan žurnnalyny çykaryp, Atahan agany soraga tutup başlady. Adyny,atasynyň adyny, öý menzilini, uruş weteranydygyny ýazdy. Gezek eşege geldi:
-Eşegiň nähili eşekdi?
-Daýaw ak eşek.
-Nähili belgileri bar?
-Nähili belgileri bolsun eşek-eşek-dä!
-Endamynda hiç hili belgi ýokmy, guýrugy çontukmy, çontuk dälmi, erkekmi, urkaçymy, aýdyber hemmesini.
Atahan aganyň bu waswasy soraglara ýeňsesinden tutdy:
-Hemmesini aýtsam, guýrugy çontuk däl, urkaçam däl, erkek. Dört aýagy, iki gulagy, iki gözi sappa-sag. Agzyny açyp diýşin-ä görmedim...
Nobatçy Atahan aganyň ýüzüne seredip, kellesini ýaýkap ýylgyrdy:
-Ýaşuly, gaharyň gelmesin. Ogurlanan, ýiten zadyň ähli sypatlaryny anyklap, žurnala ýazmaly. Ine anykladyk, indi gaýdyberseňem hem bolýa...
Atahan aga Milisiýanyň edarasyndan özüçe iş bitiren kişi bolup gaýtdy.Emma näçe garaşsa-da eşekden derek bolmady. Ol milisiýanyň edarasyna ýene bardy. Nobatçy onuň sözüni diňläp, öňündäki telefony galdyrdy:
-Ýoldaş naçalnik, ol ogurlanan eşeginň eýesi geldi. Siziň ýanyňyza girjek diýýe...Hä, düşündim. Bolýa, bolýa-diýip telefony ýerinde goýan nobatçy

Atahan aga diýdi:
Ýaşuly, naçalnik Sizi kabul edip bilmeýär. Ýanynda ýokardan adam bar. Size gysynmasyn, tizarada taparys, ugruna çykyldy diýdi.
-Tizarada diýen haçan bolýa, inim? Eşek maňa tizden tiz gerek. Men eşegaraba bilen kireýkeşlik edip maşgala ekleýän. Ine näçe gün bäri kireý edip bilemok, öýde bolsa çörek tükenip barýa. Naçalnigiň şuňa düşünýämikä?!
-Düşünýe ýaşuly. Hemmämizem düşünýäs. Sen gaýrat et-de ýene bir azyrak garaş – diýip, nobatçy hoşamaý sözler bilen Atahan agany ugradyp goýberdi.
Atahan aga bir azyrak däl, k
öpürägem garaşdy.Emma netije bolmady. Ol ýene bardy. Ýene öňki gep- <<garaş>>. Atahan aga bu ýere näçe gatnasa-da netije çykmajagyna gözi ýetip, eşeginden umydyny üzdi. Ol indi nätjegini bilmän, maňlaýyny tutup iňkise batyp otyrka aýaly onuň ýanyna gelip,garşysyna çökdi-de ýuwaşjadillemdi.
Kakasy,bäri seret...
Atahan aga elini maňlaýyndan aýryp, kellesini galdyranyndan aýalynyň eliniň aýasynda ýalpyldap duran gyzyl gulakhalkara gözi düşüp bir hili boldy.Bu gulak halkalary ol öýlenende ejesi pahyr gelnine sowgat edipdi.
-Kakasy, şulary sataýaly.Melisehana gatnap ýörme-de bazardan bir eşek alaý. Bu ýaşdan soň maňa bu zatlaryň geregi ýok. Ýöne Sadyk jany öýersek gelnime bererin diyp yygşyryp goyupdym. O günlere hudaý ýetirse gulak halka-da tapylar.
Atahan aga damagy dolup, gepläp bilmän bir salym dymdy. Ol bu sözler aýdylmanka-da aýalynyň eliniň aýasynda gulakhalkalara gözi düşenden onuň niýetini aňypdy.
-Indi başga alajymyz hem ýok.Nätjek, bazara eltjekmi?
- Yok, ilerki goňşymyzyň aýaly aljak diýdi.Oňa görkezipdim.
Atahan aga uludan demini alyp,geplemän daşary çykdy. Içerde oňa howa ýetmeýän ýalydy.
Aradan iki gün geçip bazar geldi. Gulakhalkalaryň puluny kisesine salyp, Atahan aga bazara bardy.
Şäheriň bir gyrasynda yerleşen mal bazaryň bir çetinde bäş-alty sany satlyk eşekler bardy. Olaryň arasynda reňki başga diýäýmeseň edil özüniň eşegine meňzeş daýaw eşek gözüne göründi. Ol bu eşegiň daşyna aýlanyp,ony gowja gözden geçirdi. Atahan aganyň hereketlerine syn edip duran eşegiň eýesi:
-Näme eşek göwnüňe ýaradymy, ýaşuly?-diýdi.
- Ýaraýşyna ýarady welin seniň bilen bahasyny ylalaşyp bolaýsa.
-Näme uçin beý diýýeň? Men-nä şeýle bir keç adama meňzeýänmi?

Atahan aga oňa <<aý ýok-la>> dýip oňa synçy nazary bilen seretdi. Ýaş ýigit bolmagyna garamazdan sakgal-murt syrylmadyk, gözleri bijaý oýnap duran eşegiň eýesini Atahan aganyň jyny almady. Şonuň üçin onuň bilen, söwda-da edesi gelmedi. Emma eşek göwnüne bijaý ýarany uçin ony sypdyrasy hem gelmedi.

<<Söwda bar ýerinde dellal bar>> diýlişi ýaly olaryň töweregine bäş alty adam üýşdi. Olaryň arasyndaky dellal söwdany gyzdyryp goýberdi. Eşegiň bahasynda ylalaşman duran satyjy bilen alyjyny ylalaşyga getirdi. Puluny sanap bereninde özüniň <<Hyzmat haky>> uçin bäş manat şirinkana alyp galmagy hem unutmady. Şeýdip Atahan aga eşekli boldy. Ony münüp öýüne gaýtdy, eşek janawer örän ýörgür ekeni. Edil özüniň öňki eşegi ýaly<<yh>> diýdirmän ýorgalap barýardy. Atahan aga gowy eşege duşanyna begene-begene öýüne gelip ýetdi. Adamsynyň eşek münüp gelenini gören aýaly hem döwletli-döwrän gelen ýaly begendi.

-Kakasy, gowy eşek alypsyň, nesip etsin! Dur, howla salmazyňdan öň maňlaýyna bir ak çaýalyň-diýip, içerden bir çümmük un çykardy. Aýaly aýdan yrymyny eden soň Atahan aga eşegi içeri howla alyp girenem şoldy welin eşek birden aňňyryp, agnap başlady. Onuň agnan ýerine suw dökülen ekeni göwresiniň ýarysy gara laý boldy.Muňa keýpi gaçan Atahan aga aýalyna gygyrdy:

- Kempir! bir bedre suw bile esgi getir. Bu haram ölen bar ýerini laýa bulady.

Ýerinden turup,silkinip durean eşege Atahan aga:

-Aý gardaş, seniň bu edişiň-ä bolmady. Bu laýyň bilen seni araba goşup gidip bolmaz-diýip aýalynyň getiren suwly bedresine esgini batyryp laýy ýuwup başlady. Ine şunda gaty täsin ýagdaý ýüze çykdy. Eşegiň göwresiniň laýy ýuwulan ýeri öňki çalymtyk reňkini ýitirip, ak reňke öwrülip barýardy.Muny gören Atahan aganyň haýran galmakdan dili tutulyp,öýe girip barýan aýalyna:

-Heý,heý bäri !-diýip elini bulaýlady.Näme bolduka diýip ylgap gelen aýalyna eşegiň laýy ýuwulan ýerine barmagyny çommaldyp:

-Seret, seret! - diýärdi.

-Wiý,kakasy,bu nä...dur-la - diýip ol eşegiň iki gulagynyň arasyna elini ýüwürtdi-de--Ine, häkide yod basan ýeriňde gatan gan henizem bar.Bu öz eşegimiz ,kaksy,ony saňa boýap satypdyrlar-diýdi...Hakykatdanam şeýle ekeni.Är-aýal eşegi boýdan başa ýuwdular weli ol özleriniň öňki ak eşegi bolup duruberdi. Şonda Atahan aga:

-Heý zamana,zamana! Eşek boýap satmak ýaly ýagdaýa ýetilen bolsa aňyrsynda näme galdy-da?-diýip kellesini ýaýkady.

Bir mahal hyýal derýasyna çümüp oturan Atahan aganyň ýanyna hasyrdap

giren agtygy:
-Ata!Täze maşyn aldym-Mersedes!-diýdi şowhunly ses bilen.
-Nesip etsin, oglum. Öňkiňi nätdiň?
-Boýap satdym.
-Maşyn boýap satdym diýsene...Bolubilýe,eşek boýap satmasaň bolýa,oglum.
-Bu näme diýeniň,ata?Kim eşek boýap satypdyr?
-Aý geçmişi ýatlap aýdaýdym-da.
Eşek boýap satylýan zamanlar,geçdi-le, geçdigi bolsun.Siz indi iň bagtly zamananyň adamlary oglum-diýip ýaşuly agtygyna mähirli seretdi.

# Göwher gaşly ýüzük
# (Nowella)

Döwran täzelikde özüne berlen ikinji gatdaky iki otagly öýüniň aýnasyndan daşary seredip,oýa çümüp durdy.Çagalar öýünde ösüp ulalan,ýokary bilim alyp,iki ýyl bäri uly gurluşyk edarasynda işläp ýören ýigidiň öz tünegine eýe bolmak baradaky arzuwy amala aşypdy.Ol muňa biçäk begenýärdi.Ol begenjini paýlaşmak uçin halaşýan gyzy Aýgüli öýüne çagyrypdy.Aýgül onuň begenjine begenç goşup,tüýs ýüreginden gutlady.Emma ýigit Aýgüli özüne çekip ogşamakçy bolanda, gyz muňa ýol bermedi.

-Goý Döwran,entek bu zatlara barmaly-diýdi.

-Näme üçin?Ýa meni gowy göreňokmy?

-Gowy görýän.Emma ykbal biziň ýyldyzymyzy goşmasa, dodaklarymda seniň dodaklaryňyň yzynyň galmasyny islämok.

Döwran häzirem Aýgüliň şu sözlerini ýatlap,o ýa çümüp durdy."Näme üçin ol şeýle
diýdi? Näme üçin ykbal biziň ýyldyzymyzy goşmaly däl? Biz bir-birimizi gowy
göryäs ahyryn" diýip, ol içini gepledýärdi.

Gapy kakyldy.Ol hyýalyndan açylyp, gapy tarapa öwrüldi:

-Giriberiň!

Ýylgyryp Tamara girdi.Ol ýeňsiz erkekçe köýnek we jinsi balakdady.Erkin göýberilen saçlary ýeňsesine düşüp durdy.

-Salam, başlyk!-diýip, ol näz bilen gözlerini süzdi.

-Salam! Maňa " başlyk" diýme diýip saňa näçe gezek aýtdym. Eger adymy tutmagy islmeseň "Goňşy" diýiber.

-Wiý, bagyşla, goňşy. Sen edaramyzyň baş inžineri bolansoň başlyk diýýän-de

Döwrän özüniň oý-hyýallary bilen gümra bolup durka, onuň göz agrysy ýaly bolup geleninden beter,özüni alyp barşyny halamady.Şonuş uçin gödegräk äheňde:

-Ýeri näme diýip geldiň?-diýdi.

-Wiý, goňşy,öýe gelen adama türkmende beýle diýilýän däldir-diýip, Tamara gaşyny çytdy.

- Bäh,türkmençilig-ä gowy bilýän ekeniň.Ýöne jinsi balak geýip, özüňi türkmen zenanydyryn öýdüşiň-ä gelşenok.

-Keteni köýnek geýip, gül ýaka dakynyp, laý garyp, suwag suwap bolýamy?-diýip,Tamara ahmyrly äheň bilen sorag berdi. Döwrana onuň jogaby erbet täsir etdi.

-Işiň ýeňil däldigini bilýän, Tamara. Göwnüňe degen bolsam bagyşla.

-Degesiň gelse degiber.Meniň göwnüm degile-degile bireýýäm ellerim ýaly

gatap galypdyr. Indi özümde göwün diýilýän zat bardyram öýdemok - diýdi. Tamaranyñ bu sözleri Döwrana öñküsinden hem beter täsir etdi.İndi oña has mylsýymlyk bilen ýüzlendi:
-Tamara, menlik bir işiň bolsa çekinme-de aýdaý-diýdi.
Tamara kinaýaly ýylgyrdy.
-Ýok, senlik işim ýok, Döwran.Ýöne ýaňky yzyňa tirkäp gelen gyzyň eglenmän çykyp gideninden soň seni tukatlanyp oturandyr, göwnüni ýazaýaýyn diýip giräýdim.Tüýs özüňe mynasyp gyz ekeni,basymrak toýuňy toýlaly-la
-Bä, aňtan ekeniň-ow!
-Ýok, aňtamok.Içim gysyp, aýnadan köçä seredip durkam onuň bilen bile awtobusdan tirkeşip düşeniňizi, soňra onuň köp eglenmän ýeke özüniň çykyp gideninem gördüm-diýip,Tamara aýnanyň öňüne bardy,derrewem Döwrana öwrülip:-Seret,Döwran,düýnki daýza ýene-de gelýär-diýdi.
Döwran howatyrlanyp:
-Kim daýza?-diýip,Tamara dykgatly seretdi.
-Saňa aýtmak ýadymdan çykypdyr.Iki gün bäri şu daýza gelip, gapyňy kakyp, durup-durup gidýär.Köçä çykybam kän garaşýar.
Döwran birhili üýtgäp, "Öýümi-de tapypdyr-ow" diýip hümmürdedi-de,Tamara ýüzlendi:
-Näme diýsene,Tamara, meni öýde ýok diý ýa-da bu ýerde ýaşanok diý.Meniň şol aýaly göresim gelenok.
-Wi, näme beýle? Ýa-da oňa bergiň barmy?
-Ýok, meniň oňa hiç hili bergim ýok.Men ýok, düşündiňmi? Haýyş edýän-diýip,
Döwran içerki otaga girip giden badyna gapy kakyldy.
-Giriberiň, gapy açyk-diýip.Tamara seslenenden içeri elli ýaşlaryna golaýlan kaşaň geýnüwli aýal girdi.Onuň gaty tolgunýandygy duýulýardy.
-Salam,şu Döwranyň...Döwran Allaýaryň öýümi?-diýip,gyryljak ses bilen Tamara ýüzlendi.
Tamara näme jogap berjegini bilmän,aljyrap ikirjiňlendi:
-Ä ?Men...Men bilemok...
Tamaranyň aljyramagy onuň tolgunmasyny köşeşdirdi. Ol Tamara golaýlaşyp:
-"Bilemok" diýmäň nämä, gyzym? Menden utanma.Sen Döwranyň gelinligimi?-diýdi.
-Menmi...Men goňşusy.
-Gelinlik goňşudan bolsa hasam gowy. Hany Döwranyň özi nirede?
-Bilemok...Ol ýok.
-Nirä gidenini saňa aýdandyr.
-Aýdanok.Döwranlyk näme işiňiz bar,daýza?

Aýal uludan demini alyp, dymdy,soňra:
-Onuň bilen gürrüňim bar.Möhüm gürrüň.Men näçe wagt bäri onuň yzynda.Onuň bolsa şol gaçyp ýörşi.Meni göresi-de gelenok-diýip, hamsykdy,ýaşa dolan gözlerini kesä sowdy.Tamaranyň göwnüne "Bä, Döwran bu biçäräni çürkäýdimikä?" diýen güman geldi.
Onuñ gözýäş edip duran aýala rehimi inip:
-Goýuň,aglamaň,daýza.Men ony sizden gaçmaz ýaly ederin-diýdi.
-Ä, şeýtjekmi, gyzym.? Bereket tap.Ol seniň gepiňe gulak asar.Ony meniň bilen bir duşur, balam!-diýip ýalbardy.
-Bolýa,duşuraýyn,daýza.Ýöne öňürti maňa aýdyň,siz ony näme uçin ideýäňiz? Näme beýle azara galyp ýörsüňiz?
Aýal Tamaranyň bu soragyna jogap berip bilmejegini aňladyp, kellesini ýaýkady.
-Ýok,gyzym...Häzir men saňa hiç zat aýdyp biljek däl.Men diňe onoň özi bilen gürleşmeli. Ýöne häzir oňa garaşmaga wagtym ýok.Gün ýaşyp barýar.Ýene-de eglensem öýdäkiler howatyr ederler.Senden haýyşym,oňa aýt, berkräk aýt, menden gaçmasyn...Men onuň bilen ýekeje gezek ýüzbe-ýüz oturyp bir gürleşeýin, onsoň ygtyýar özünde-diýip, aýal ýenede gözüne ýaş aýlady.
-Men ertir edil şu wagt gelerin.Sen ony hiç ýana goýbermän saklajak bol, gyzym.
Tamara "bolýa"diýen manyda başyny atdy.
-Men sizi kim diýip aýdaýyn,kim geldi diýeýin?
-Narhal daýza diýseň özi düşüner.
-Narhal,Narhal daýza!-diýip,Tamara gaýtalady.
-Hawa. Indi senem özüňi tanyşdyr,gyzym, adyň näme?-diýip,aýal mylaýymlyk bilen sorady.
-Adym Tamara.
-Tamara diýsene.Gaty gowy.Indi türkmenlerem şeýle at dakaýýalarmy, gaty gowy.
-Meniň adymy türkmen dakypmy,ors dakypmy,özümem bilemok.Men çagalar öýünde ösdüm-diýip,Tamara oňa birhili müýnli seredeninde aýalyň ýüzi üýtgäp gitdi.
-Çagalar öýi...-diýip,ol uludan demini alyp, birsalym dymdy.Soňra özüni dürsäp,mähribanlyk bilen sorady.
-Tamara, gyzym, bir zat sorasam aýyplaşmarsyň-da. Entek toýuň-zadyň gürrüňini edeňizokmy? Haçan toý etjek diýýä Döwran?
Bu soraga Tamaranyñ gülküsi tutdy.Emma özüni basyp ýylgyryp jogap berdi:
_-Döwranyň haçan toý etjegini-hä bilemok,daýza.Ýöne öz-ä şol hakda oýlanyp ýörmük-ä diýýän.

Tamaranyň jogabyna özüçe düşünen Narhal gyzyň ýüzüne aýratyn bir mähir bilen seredip durdy-da, birden barmaklaryndaky ýüzükleriň birini çykaryp, duýdansyz Tamaranyň barmagyna dakdy.Onuň duýdansyz eden bu hereketinden aljyran Tamara:
-Weý, daýza, bu näme etdigiňiz? Alyň yzyna-diýip,özelendi.
-Bu, gyzym hamyr ujundan petir diýilişi ýaly toýuňyzyň öňünden menden sowgat.
-Ýok,ýok,daýza,men...
-"Ýok" diýmäň näme !-diýip, ol Tamara geplemäge maý bermedi.
Näme diýjegini, näme etjegini bilmän aljyrap duran gyzy özüne çekip, maňlaýyndan ogşady-da:-Ertire çenli hoş!-diýip,çykyp gitdi.
Tamara bu garaşylmadyk waka haýran bolup,barmagyndaky ýüzüge seretdi."Bä,göwher gaşly ýüzük.Munuň ýaly gymmatbahaly zady ýöne ýere sowgat bermezler.Bu aýalyň özi kimkä? Ol meni Döwranyň gelinligidir öýtdi.Goý,bu ýüzük entek özümde dursun.Sakawyň soňuna seredeli" diýip,Tamara içini gepledip durka,Döwran içerki otagyň gapysyny gyýa açyp yşyklady.Ol tamaranyň ýeke özi oýa çümüp duranyny görüp,içerden çykdy:
-Gitdimi?-diýip,gaharly sorady,Tamara:
-Hawa,gitdi-diýip,oňa bilesigelijilik bilen garady.
-Ol saňa nämeler diýdi?
-Onuň nämeler diýenini bilesiň gelýän bolsa çykyp özüň gürleşäýseň bolmadymy? Sen nämeden gorkýaň? Näme üçin ondan gaçýan, Döwran?
-Meniň ony göresim gelenok.Onuň bilen ýüzbe-ýüz bolmak islämok. Indi düşündiňmi?!
-Düşünemok,hiç zada düşünemok.Beýle ýagdaýa elter ýaly ol saňa näme etdi?
-Onuň eden zady kän.Gaty kän...Gel,şu gürrüňi goýaly,Tamara.Gowusy,gowusy...-diýip,ol sözüni soňlaman,serwantdan,bir çüýşe konýak bilen iki bulgur aldy-da,ortadaky stoluň üstünde goýdy.Tamara onuň hereketlerini geňirgenip synlap durşuna:
-Konýagy kim bilen, näme bilen içjek?-diýdi.
-Seniň bilen,konfet bilen-diýip,ol orta konfet hem getirip goýdy-da,konýagy açdy.Iki bulguram dolduryp guýup,birini Tamaranyň eline tutdurdy.
-Bä,eliň ýaman açylaýdy-da,bu nämäniň alamaty-diýip,Tamaras kinaýaly sorag berdi.
-Hiç zadyň alamaty däl.Al içeli!
-Sagja bol, men içjek däl.Onsoňam aýal maşgala bir zat hödür edilende beýle gödeklik bilen edilmeýär-diýip,Tamara bulguryny stola goýdy.Döwran özüniň birneme gödegräk äheňde geplänini duýup,ýuwaşlyk bilen:

-Bagyşla,Tamara! Häzir nerwilerim ýerinde däl-diýip,bulgury ýene onuň eline tutdurdy.
-Men içjek däl diýdim-ä-diýip,Tamara bulgury ýene ýerine goýdy.
-Näme üçin içjek däl.Sebäbini aýt.
-Sebäbi, sen bu konýagy meniň üçin maňa hödür etmek uçin çykaraňok.Häzir sen muny meniň göwnüm uçin däl-de,nerwileriňi köşeşdirmek,içiňi sowatmak üçin içmekçi.Ýöne, Döwran,durmuşyň berýän ejirlerini içgi bilen aýyryp bolmaýar.Içginiň dumany seriňden aýrylansoň,ol seni ýene basmarlaýar.Şonuň üçin onuň başga ýoluny tapmaly.
-Başga ýoluny nädip,nädip tapmaly?!-diýeninde,Döwranyň sesi sandyrap çykdy.Ol bulgurlaryň ikisinem yzly-yzyna başyna göterip, Tamara seretdi-de:
-Başga ýoluny bilýän bolsaň aýt! Öwret!-diýip,gygyranyny duýman galdy.
-Men seniň bu bolşuň sebäbini,nämeden ejir çekýäniňi bilmesem,näme aýdaýyn,nämäni öwredeýin.Eger sen maňa ynanýan bolsaň,içiňi dökäý,Döwran.Adam kimem bolsa biri bilen derdini paýlaşsa,ony basmarlaýan ýük birneme ýeňleýändir.Döwran,sen aýtmasaňam,ol aýal bilen araňyzda bir syryň bardygyny duýýan.menden näme gizleýäň,dogrusyny aýtsaň,elimden gelen kömegimi edeýin.Näme dymýaň,Döwran?Aýt,ol aýaldan näme üçin gaçýaň?Näme üçin ony göresim gelenok diýýäň?Ol seniň kimiň?Ýa-da ganym duşmanyňmy?
Döwran jogap bermezinden öň uludan demini alyp:
-Ol meniň ejem-diýdi.
-Ejem?!
-Hawa, şu mukaddes sözi aýtmaga dilim barmasa-da,sen aýtdyrdyň.
-Döwran,eger meniň ýadym üýtgemedik bolsa,şu jaýa göçüp gelen günümiz ikimiz oturyp dertleşipdik.Ýetimligimizi ýatlaşypdyk.Şonda sen ejemem,kakamam men bäbekkäm ýogalypdyrlar,awariýada heläk bolupdyrlar diýipdiň, ahyry.
-Eýsem men saňa näme diýmelidim?!Ejem meni dogran güni köçä taşlap gidipdir.Men kakamyň kimdiginem bilmeýän,men bir binika doglan çaga diýeýinmi?!Bu zatlary aýdyp bolýamy,Tamara!Men muny häzirem aýtmakçy däldim.Ýöne seniň ýüregiňden syzdyryp aýdan sözleriň aýdylmaly däl zady aýtmaga mejbur etdi meni.
-Bagyşla,Döwran.Seniň ile aýdyp bilmejek syryňy aýtdyran bolsam,bagyşla...
Tamara gepini soňuna çenli aýdyp ýetişmänkä gapy açylyp ,içeri Narhal girdi.
-Meni bagyşlaň.Bir güýç meni yzyma dolanmaga mejbur etdi.Bu gyz"ýok"diýse-de, Döwran,seniň öýdedigiňi ýüregim syzdy-diýip,hamsykdy.Soňra Tamara ýüzlenip:-Gyzym, sen bagyşla, meniň

Döwran bilen ikiçäk gürrüňim bar-diýdi.
-Düşündim, daýza. Men gidýän
-Ýok, gitme, meniň Tamaradan indi gizlin syrym ýok.
-Bolmaz,Döwran.Ikiçäk gürleşeniňiz gowy-diýip,Tamara çykyp gitdi.
-Döwran,ol gün iş ýeriňe baranymda gürleşesiň gelmedi.Onsoň öýüňi tapyp gelmeli boldum.Indi ikiçäk oturyp, gowuja düşünişeli,oglum-diýip,Narhal gözüne ýaş aýlady.
-Ikimiziň düşünişer ýaly zadymyz ýok.Men bar zady anykladym.Siz meniň ejem däl ekeniňiz-diýip,Döwran çürt-kesik jogap berdi.
-Ony saňa kim aýtdy?Men seni dogurdym, men seniň ejeň,oglum!-diýip Narhal özelendi.
-Diňe dogranyňyz üçinmi?-diýip,Döwran oňa kinaýaly nazar bilen garady.-Diňe dogranyňyz üçin maňa eje boljak bolýaňyzmy?Onda-da ýigrimi bäş ýyldan soň?! Siz meniň ejem bolýan bolsaňyz,maňa enäniň ak süýdi howa ýaly zerur bolan bäbeklik wagtymda,Allatagala zyban berip,"Eje" diýip dillenäýjek pursatlarymda,enäniň mährine zar bolup, gara gözlerimi çar tarapa aýlan çaglarymda niredediňiz?!
Narhal onuň sözüni bölüp,bir zatlar diýjek boldy,emma Döwran oňa maý bermän sözüni dowam etdirdi:
-Duruň,diňläň! Maňa enäniň ak süýdi,gyzgyn mähri gerek wagtlarynda siziň ýadyňyza çaga düşenokdy.Siz ol wagtlar ýaş,görmegeý aýaldyňyz.Size ol wagt çaga däl-de,keýpi-sapa,haram lezzet gerekdi! Siz hatda meniň kimden bolamymy-da bilýän dalsiňiz!
Bilýän bolsaňyz, aýdyň, meniň kakam kim?! Ÿ-da menem Isa pygamber ýaly Hudaýyñ nuryndan boldymmy?
-Döwran,oglum,bes et!Ýalňyz eneňi-de, bir diňle-diýip,Narhal ýalbardy.Emma Döwran oňa gulak asmady.
-Ýok, siz meni diňläň, soňuna çenli diňläň...
-Şu aýdanlaryňam ýeterlik,oglum. Ene sözüniň mukaddesdigini unutma!...
Narhalyň soňky sözi Döwrany beter gazap atyna mündürdi.
-Ine, meniň aýtjak zadymyň üstünden özüňiz bardyňyz.Dogry,ene sözi mukaddesdir.
Men muny gowy bilýän.Emma siz onuň näme üçin mukaddesdigini bilýäňizmi? Bileňzok! Bilýän bolsaňyz, ol sözi diliňize çolamazdyňyz. Hawa, ene mukaddes.Ol özüniň çagasyna beren ak süýdi üçin mukaddes, daň säherde süýji ukusyndan turup,çagasynyň sallançagyny üwäp ýürekden syzdyryp aýdýan hüwdileri üçin mukaddes.Aýratynam, eneden özge dünýäde hiç kimiň berip bilmejek gyzgyn mähri, söýgüsi üçin mukaddes! Siz şularyň haýsy birini etdiňiz?!Çagasyny dogrup,köçä taşlap gidýän enäniň mukaddesligi beýlede dursun,hatda onuň "men ene"diýmäge-de haky ýok bolsa gerek!

-Döwran,beýle sözler bilen şunça ýyllap ejir çeken ýüregime duz guýma, oglum.Öten ötdi.Geçen ýaman günleri ýatladandan peýda ýok, geljekdäki ýagşy günler barada gepleşeli!- Bu sözler bilen Döwran köşeşer ýaly däldi.
-Adamda hakyda diýen zat bar.Oňa aýratyn möhürlenen zatlary undup bolmaýar.Şeýle zatlaryň biri henizem göz öňümde dur. Bir güni biziň ýetimhanamyza bir uly ýazyjy geldi. Ol ýetimhananyň durmuşy bilen içgin tanyşdy. Çagalar bilen gürleşdi. Gaýtjak mahaly müdirimiz oňa ýadygärlik sözleri ýazylan depderi uzadyp,ýadygärlik ýazgy galdyrmagyny sorady. Müdirimiz ýetimhanayň durmuşy barasynda öwgüli sözler ýazar öýtdi.Emma ol uzak wagt dymyp oturdy-da, depdere: "Şu gara gözli çagalary bu ýere taşlap giden eneleriň ýüzi gara bolsun!" diýip, birje setir ýazdy.Bu setir henizem meniň göz öňümde dur.
-Meni pyçaksyz soýduň, Döwran, Döwran jan...
-Meniň adymy özüňiz dakan ýaly ýaman mähirli tutýaňyz-la.
-Men seniň ýaňky aýdanlaryňy eedip bilmedigem bolsam, adyňy, familýaňy özüm dakypdym seni goüup gidenimde.
-Taşlap gidenimde diýip dogurlap aýdyň.
-Bes et,ýarama duz sepeniň ýeterlik boldy,Döwran.Indi meni-de diňle,balam-diýip, Narhal ýaşa dolan gözlerini Döwrana dikdi.-Şonda...Şol aýylganç günde eliň aýasy ýaly gaty kagyza "Şu çaganyň adyna Döwran dakyň ulalanda oňa döwran dolansyn.Familýasy Alllaýarow bolsun, hemişe Alla ýary bolsun diýip,ýazyp bilejigiňe dakyp gidipdim.Şondan bäri geçen döwrüň içinde şu adyň,şu familiýaň boýunça seni yzarlap gezdim, oglum.Täleýiň ters gelse etjek alajyň bolmaz ekeni, meniň başyma-da köp söwdalar düşdi.Hernä, gara bagtymyň bir getiren ýeri bar ekeni, bir gowy adama sataşdym.Şonda men agyr ýagdaýda keselhana düşüpdim.Ol şol ýerde lukman ekeni.Ol meni bejerdi,dogrusy,ölümiň penjesinden alyp galdy.Ol meni diňe ölümden gutarman,öňki durmuşymyň bela-beterinden hem gutardy. Oňa durmuşa çykdym.Ýigrimi iki ýyl bäri şol adam bilen bilen ysnyşykly ýaşaýan.Birje gyzymyz bar.Emma ýüregimiň töründe bir uly ünji bolup hemişe sen ýaşap geldiň.Meniň ýeke-täk arzuwym-seniň bilen tanyşlyk açmak,öýümiň töründen saňa ýer bermek boldy.Emma şu çaka çenli adamymdan ejap edip,seniň bardygyňy ýaşyryp gezdim.Soňundan arzuwyma ýetmek üçin oňa syrymy açmaly boldum.Ol maňa düşündi.Ol gowy adam.Ýöne "Sen şu syryňy maňa durmuşa çykan mahalyňda aýdan bolaňda,onda senem,menem ogully bolardyk.Indi ol seni kabul edermikä?!" diýip aýtdy...
Narhalyň sözlerini diňläp, dymyp oturan Döwran:
-Hä,ol gowy hem akylly adam eken.Ol dogry aýdypdyr.Meniň ýüregim sizi ene hökmünde hiç haçan kabul edip bilmese gerek.Ýöne siziň meniň bilen juda gatnaşasyňyz gelýän bolsa,men sizi adamkärçilik düzgüni boýunça

kabul edeýin,geliberiň.-diýip,
ýüzüni kesä sowdy.
Narhal uludan demini alyp, Döwrana delmürip garady:
-Bolýa,oglum.Men şuňa-da razy.Ýanyňa gelip-gidip dursam, belki-de wagtyň geçmegi bilen, ýüregiň ýumşar
Döwran hiç zat diýmedi.Narhal ýerinden turdy.
-Men indi gaýdaýyn,gijä galsam,öýdäkiler howatyrlanar. Görüşýänçek,hoş oglum-diýip,ol birsalym saklandy.Döwrandan,hiç bolmasa "hoş"diýen söz eşitmekçidi.Ýok,Döwranyň dili şu söze-de aýlanmady.Tamasy çykmandan soň ol geplemän,ýuwaş çykyp gitdi.Şundan soň Döwranyň kalbynda:"Eý Hudaýym,meniň daşa dönen ýüregimi özüň eredäýmeseň,ol eremez.Ýaşlygymda çeken ejirlerim, ýetimligiň horluklary,näsaglap ýatanlarymda "Meni-de dogran ene barmyka,ol niredekä?Näme uçin meniň halymdan habar almaýarka?" diýip,aglap çykan gijelerim hiç haçan ýadymdan çykmasa gerek" diýen nala ýaňlanyp, gözlerini ýaşa doldurdy.
Aradan iki gün geçdi.Dynç alyş günüdi.Tamara Döwranyň öýüne serenjam berip ýördi.Gapy ýuwaş kakyldy.Tamara baryp gapyny açanda onuň öňünde duran Aýgül birhili aljyrajak ýaly etdi.Şol bada Tamara ýylgyryp, iki elinden tutup,içeri çekdi:
-Aýgül jan, göwnüňe hiç hili güman gelmesin.Men Döwranyň goňşusy hemem bir edarada işleýäs.Ol seniň geljegiňi aýdyp meni goýup gitdi."Basym gelerin, garaşsyn" diýdi.Menem boş oturmaýyn diýip,öýüne serenjam berip ýörün. Döwran maňa sen hakda aýdypdy. Şonuň üçin seni daşyňdan tanaýan. Indi meniň bilen tanyşaý, adym Tamara.
Şähdaçyk, göwnaçyk bu gyz birazrak geplemsegräk bolsa-da, Aýgüle ýaraman durmady. Onsoň Aýgül hem:
-Gaty gowy, Tamara.Menem seniň bilen tanşanyma öran şat-diýip,ýylgyrdy.-Döwran özi nirä gitdi?
-Ony uprawleniýa çagyrdylar.Yzyndan maşyn gelip alyp gitdi.Bir gaýragoýulmaz iş barmyşyn.Bir sagada geler.Sen indi howlukman otur.Saňa aýtmaly gyzykly gürrüňim bar.
-Näme hakynda? Döwran hakyndamy?-diýip, Aýgül bilesigelijilik bilen sorady.
Tamara sesini peseldip, syrly äheň bilen:
-Ejesi hakynda-diýdi.
-Kimiň ejesi hakynda?
-Kimiň boljakdy.Döwranyň ejesi hakynda.
-Döwranyň ejesi? Ol maňa ejem, kakam ýok. Men ýetim diýýädi-le...
-Onuň men diýen ejesi bar eken.Ýöne ol aýal Döwrany dogrup, çagalar öýüne taşlap gidipdir.Indi ýigrimi bäş ýyldan soňra ony tapyp, gatnaşyk etjek bolup, gatnap ýör. Döwranam ony kabul edenok, hatda göresi-de

gelenok-diýip, Tamara bu täzelige haýran galyp oturan Aýgülüň ýüzüne dikanlap seretdi-de:-A gyz,bu zatlary menden eşideniňi Döwrana aýdaýma –diýdi.
-Ýok,ýok aýtman.Aýdyber...
-Aýtsam,öňki gün täsin bir ýagdaý boldy.Ol ýene geldi.Menem şu ýerdedim.Döwran maňa "Men öýde ýok" diý,diýip içerki otaga girdi.Gapy kakyldy.Men Giriberiň, gapy açyk" diýip seslendim.Ol içeri grip,meni görenden, Döwranyň gelinligidir öýtdi. Ikimiz gowuja gürleşdik.Ol menden "Döwrany meniň bilen bir duşur,onuň bilen ikiçäk gürrüňim bar" diýip haýyş etdi.Dogrymy aýtsam,şol wagt menem bu aýalyň kimdigini, Döwranyň ondan näme üçin gaçýandygyny bilemokdym.Gaýtjak mahaly birden barmagyndaky ýüzügi çykardy-da,meniň barmagyma ötürdi: "Bu toýuňyzyň öňünden menden sowgat" diýip, çykyp gitdi.Men aljyranymdan nätjegimi-de bilmän galyberdim.Ýüzügi synlap görsem, göwher gaşly gymmatbahaly ýüzük.Men ony Döwran içerki otagdan çykmazdan öň barmagymdan çykaryp, jübime saldym.Muny hak eýesine gowşuraýyn diýip öýe eltip ýygşyryp goýdum.Onuň hak eýesi-de sen, Aýgül, häzir getirip berýän-diýip, Tamara ýerinden turdy. Aýgül bu geplere birhili ynjalyksyzlanyp:
-Goýaweri,Tamara, entek hiç zadyň bellisi edilmänka men onuň ejesiniň sowgadyny alarynmy?-diýdi.
Emma Tamara öz diýenini edip, ýüzügi getirdi.
-Muňa bir seretsene, Aýgül, nähili owadan-diýip, Tamara ýüzügi Aýgüle uzatdy. Aýgüliň ýüzügi özüne almak niýeti ýokdy.Ýöne bular ýaly zady eline alyp görmegi islemeýän gyz barmy näme? Aldy. Emma oňa gözi düşünden ýüzi düw ak boldy.Ol: - Mümkin däl, mümkin däl! - diýip, Tamara soragly nazaryny dikdi.Tamara:
-Saňa näme bolýa, Aýgül?Ýüzüň dagy üýtgäp gitdi.Näme "mümkin däl" diýýäň-diýip, howatyrly sorady.
Aýgül jogap bermäge derek özi sorag berdi:
-Tamara, ol aýal saňa adyny aýtmadymy?
-Aýtdy. Ady Narhal eken.
Aýgül bu sözi eşidenden ýerinden böküp, ýüzügi gysymyna gysyp, gapa tarap ýöredi. Ol Tamaranyň:
-Aýgül, saňa näme boldy? Nirä barýäň?-diýenine-de gulak asman, ylgap çykyp gitdi. Onuň yzysüre Döwran geldi. Ol otagyň ortasynda birhili aljyraňňy ýagdaýda duran Tamara gözi düşüp, bir üýtgeşik zadyň bolanyny aňdy-da:
-Näme gep, Tamara,eýgilikmi?-diýip,sorady. Tamara birbada näme diýjegini bilmän,sakyndy.Emma bolan wakany aýtmasa bolmajagyny aňyp,gürrüň berdi.Döwran Aýgüliň bolşuna haýran galan bolsa-da ýüzükli

meselä gelende gaty gaharlandy:
-Sen onuň ýüzügini näme uçin alyp galdyň,seniň näme hakyň bar beýtmäge-diýip Tamara gygyrdy.
-Döwran,indi maňa näçe gygyranyň peýdasy ýok. Gowusy,sen Aýgüllere bar, nämäniň nämedigini bir anykla. Öýlerini bilýäň gerek?
-Bilenimde näme ?! Näme diýip baraýyn?
-Bir bahana taparsyň. Meniň ýüregim byjyklap barýa.
Döwranyň özüniň hem ýüregine ot düşeni üçin Tamaranyň diýenini edip, Aýgüllere baryp gelmek üçin öýden çykdy.
Ýüreginde harasat gopan Aýgül öýlerine nädip gelenini hem bilmedi.
Gapydan giren badyna:
-Eje!-diýip, gygyranyny hem duýman galdy.
Içerki otagdan çykan Narhal gyzyň ýüzüne gözi düşenden onuň bir üýtgeşik zadyň üstünden baranyny aňdy:
-Weý,saňa näm boldy,Aýgül,ýüzüň dagyň ak tama dönüpdir-le?-diýip,ol gyzynyň golaýyna bardy-da, onuň ýüzüne dikanlap seretdi.
-Maňa beýle seretme,eje! Sen maňa bir zadyň dogrusyny aýt. Göwher gaşly ýüzügiňi nätdiň?
-Weý,ol saňa häzir nämä gerek boldy?
-Ol maňa gerek däl.Ýöne ony nädeniňi aýt, eger öýde bolsa çykaryp görkez?!
Narhal bir uludan dem alyp,gyzynyň ýüzüne müýnli garady:
-Aýgül,gyzym,men ýigrimi bäş ýyldan bäri içimde saklap gelýän bir syrymy ýakynda kakaňa aýtdym.Ol düşündi.Saňa aýtmagy birhiliräk görüp saklandym.Meniň ýigrimi bäş ýaşly bir oglum bar.Onuň bilen gatnaşasym gelýär.Seniň soraýan ýüzügiňi onuň gelinligine sowgat berdim.
-Ine, indi hemmesi aýan boldy,eje! Sen ogluňyň gelinliginiň kimdigini bir bilýäňmi?!
-Hawa,bilýän.Näme beýle gygyrýaň,ýa ol erbet gyzmy?
Şol wagt işden gelen kakasy eneli-gyzyň bolup duruşlaryna haýran galyp:
-Bu näme gykylyk? Nämäniň dawasyny edýäňiz?-diýdi.
-Kaka,ejem göwher gaşly ýüzügini oglunyň gelinligine sowgat beripdir-diýip,gözüne ýaş aýlady.
-Şeýlemi?Onuň gelinligem bar ekenmi?Goý,aglama,gyzym.Berse bersin.Eger gerek diýseň saňa-da edil şonuň ýaly ýüzük alyp beräýerin.
-Kaka,gep onda däl.Maňa ýüzük gerek däl.Ynha,şol ýüzük!-diýip,eliniň aýasyny açyp görkezdi.Narhal ýüzügi eline alyp,gözden geçirdi-de:
-Bu seniň eliňe nädip düşip ýör? Saňa muny kim berdi?-diýip,geňirgenip sorady.
-Özüň! Özüň ogluň gelinligine sowgat beripsiň-ä!Ogluň gelinligi ine,men,eje! Seniň öz gyzyň!

Narhal erbet aljyrady:
-Sen näme dälirediňmi? Men muny oglumyň gelinligi Tamara öz elim bilen berdim-diýeninde sesi sandyrap çykdy.
-Tamara ogluň gelinligi däl,ol onuň goňşusy.Indi düşündiňmi,eje?!-diýip,Aýgül aglamjyrap gygyrdy.Şol wagt içerä Döwran girip geldi.Ol bu ýerde Narhaly görüp:
-Narhal daýza!Siz bu ýere näme diýip geldiňiz?-diýip,haýran galmak bilen sorady.
-Ol bu ýere başga ýerden gelenok.Bu öý Narhal daýzaňyzyň öz öýi, menem onuň gyzy,Döwran...-diýip ,Aýgül iki elini ýüzüne tutup aglap,içerki otaga girip getdi.
Döwran şeýle bir aljyraňňy ýagdaýa düşdi weli,näme etjegini bilmän duran ýerinde doňup galdy.Aýgülüň kakasy bolsa ýigidiň ýagdaýyna düşünip,oňa duýgudaşlyk bildirýän manyda onuň egnine elini goýdy.Şundan soň Döwran huşuna gelip,ýuwaş çykyp gitdi.
Narhal diwanda oturan ýerinden bir gapdala agyp gitdi.Adamsy onuň eliniň damaryny tutup görüp,özüne özi gepleýän ýaly:
-Huşundan gidipdir.Birsalymdan huşuna geler.Ýöne bu işlere kim günäkär?Ykbalyň öwrümlerimi ýa-da günäsi geçirilmejek enelermi?-diýip,uludan demini aldy.

# ÖMÜR ÝADYGÄRLIGI
## (nowella)

Men uniwersiteti gutaranymdan soň geologiýa barlag toparyna işe geldim.

Toparyň ýerleşen jaýy Hazar deňzine golaý Garagum sährasyny etegindedi.Garagumyň özüne has bolan tebigaty bar,her gün diýen ýaly gyzgyn epgek öwsüp,urgun çäge ondan-oňa geçýärdi.Kä wagtlarda ikindiara deňiz tarapdan jana ýakymly mylaýym şemal öwüsýärdi, Şeýle wagtlarda biz çadyrlardan çykyp, açyk howada gezim ederdik.Käbirimiz dutar çalyp, aýdym aýdardyk,käbirlerimiz küşt ýa-da domina oýnardyk.Topardakylaryň köpüsi dag hem sähra durmuşyna öwrenişen şadyýan, akýürek adamlardy.Aýratynam topar başlygy Nazar Garaýew ajaýyp adamdy.Ol 50 ýaşlaryna gadam basandygyna garamazdan, edil ýaşlar ýaly, gujurly, şadyýan, degişgendi.

Öten ýyl Daşkentdiñ politehniki institutyny gutaryp, toparymyza işe gelen Halyda atly özbek gyzy ilkinji günlerden başlap, meniň ünsümi özüne çekdi.Ol gelşikli, görmegeý gyzdy.Halyda örülen, uzyn gara saçlaryny arkasyna taşlasa, şonda has-da göze ýakymly görünýärdi.Emma men topardaky Nazar diýen tehnik ýigidi näme üçindir halamazdym.Ylaýta-da Halydanyň ýanyna baryp, atyryñ ysy kükäp duran saçlaryny sypaşdyryp, gep nokatlap duranyny görsem, belli-beter jynym atlanardy. Halyda-da içiňi ýakaýyn diýen ýaly,onuň bilen gülşüp sözleşýärdi. Meniň bilen gürleşende bolsa sypaýçylygy goldan bermezlige çalyşýardy.Onuň meniň bilen beýle sowuk-sala aragatnaşyk edişiniň sebäbini bilmän, içimi ýakar ýörerdim.Kä mahal bolsa "Gyzyň öz yhtyýary özünde,kime nähili bolanda saňa näme dahyly bar?" diýip öz özüme sorag hem berip görerdim,ýöne ýüregim ynjalmazdy.Dogrusyny aýtsam, men bu gyzy söýýärdim.Nazary ýigrenmegimiň sebäbi hem Halydany ondan gabanýanlygymdan bolsa gerek.

Bir gün günorta naharda Halyda görünmedi.Men: "Ol kesellän bolaýmasyn" diýip howatyrlandym-da, nahardan soň hiç bir bahanasyz onuň çadyryna bardym.Onuň ýeke özi çaý içip oturan eken.Men girenimden gyz biraz düýrügen ýaly etdi.

-Näme üçin naharlanmaga barmadyňyz?-diýip,men onuň görkezen ýerinde oturdym.

- Ýadapdyry...işdämem ýok...Çaý içermisiňiz?

- Guýaýyň!

Ol çaý guýup uzadýarka stakanyň gyrasyna ýapyşan gyly alyp taşlady-da, assyrynlyk bilen maňa garady. Meniň stakany uly minnetdarlyk bilen alanymy aňyp ýylgyrdy.Men gyzardym.Gyzyň ünsüni başga zada sowmak uçin:

-Irden işçiler bilen gidip barýadyňyz, partladyşa tomaşa etdiňizmi?-diýdim.
-Hawa, bilýäňizmi nähili hezillik, gazylan daş çukuryna amanaly dykyp, peltä ot degirende, adam şeýle bir tolgunýar, hyýalyňda dag tutuşlygyna partlap, ummasyz baýlyklar göz öňüňe geljek ýaly bolýar. Men günortandan soň ýene gitjekdim, ýöne işçiler hiç bomasa ýarym gün dynç alaly diýdiler - diýdi -de, maňa birhili ýeserlik bilen garap: - Geliň, ikimiz işçilersizem gidip, birje partlaýyş edip gaýdaly - diýip ýylgyrdy. Men Halydanyň teklibine janym bilen razy boldum.Gün agansoň biz biraz amanit hem-de beýleki gerekli gurallary alyp ýola düşdük.Men köz ýaly gyzgyn gumda ýöräp barýanymy syzman, özümi bahar bagynda seýil edip ýören ýaly duýýardym. Çünki ýanymda Halyda bardy. Men pursatdan peýdalanyp:
-Halyda, siz näme üçin men bilen örän sowuk-sala gepleşýärsiňiz?-diýdim.
Gyz maňa seredip gülümjiredi-de:
-Häzirki amanydyň partlaýşyndan dörän yssylyk aramyzdaky sowuklygy gyzdyryp goýberäýmezmikä - diýip gülümjiredi.
-Halyda, oýun etmäň-diýdim. "Dogursyny aýdyň" diýen manyda oňa garadym, gyz az salym dynmdy-da:
-Siziň sowuklyk diýýäniňiziň tersine bolaýmasyn-diýip,ýüzüni kesä sowdy.Meniň ýüregimde umyt uçgunlary çaknap gitdi. Mähirli göreçler çaknyşdy...
Menzile gelip ýetdik.Bu ýer deňiz kenaryny ýakalap gidýän depe-depe belent daşlardan ybaratdy.Deňize tomaşa etmek üçin ikimizem depä çykdyk. Şemal Halydanyň örüm-örüm saçyny galgydyp goýberdi.Örümler aşaklygyna uzalyp gitdi.Gyz saçlaryna esewan edenimi syzan bolmagy çemeli.
-Zülplerim ýaraşanokmy?-diýdi.
-Diýseň gowy gelişýär.
-Nazar gyrkdyryp buýralatsaňyz,gowy gelişjek diýýä.
-Halydanyň bu sözüniň erbet täsir edenini bildirmejek bolup,özümi oňa parhsyz garaýan şekilde görkezmäge çalyşdym.
-Näme üçin onuň aýdanyny etmediňiz?
Ol mekirlik bilen güldi.
-Siziň gaharyňyz geler-dä.
-Gaharym geljegini nireden bilýäňiz?
-Gyzlar örän bilgiç bolýar-diýip, jykyrdap güldi.
Biz giçlige çenli iki ýeri partladyp labaratoriýa üçin "nusga" aldyk.
Gaýdyşyn ýoly ýakynlaşdyrmak üçin gumy kesip,dogrulap geçmegi karar etdik.Howa özgerip,şemal turmaga başlady.Ýanymda Halyda bolany üçin keýpim örän kökdi. Menden 3-4 ädimlik öňden barýan Halyda birden kürtdürip:

-Waýeý,ýylan!-diýip gygyrdy.
Men Halydanyň deňine gelip,öňe seretdim,görsem bizden bäş ädim çemesi aňyrda hüjüme taýýarlanýan ýaly,bir kepjebaş ýylan kellesini galdyrypdy. Onuň bedeni batyp barýan günüň batyp barýan şöhlesine ýaldyrap,wehimeli görünýärdi. Ol gozganyp başlady.Men çaltlyk bilen öňe geçip,gyzy yza itdim.Ýylan aýaklarymyň aşagyna ýakynlaşandan kellesini nazarlap, bar güýjim bilen depdim.Emma nyşana degmedim. Ýylan çep aýagyma bir uruldy-da, zym-zyýat boldy.Şonda topugymyň ýarym garyş ýokarsy ot basylan ýaly jyzlap gitdi.
-Halyda, meni ýylan çakdy öýdýän-diýip serededemde, gorkusyna onuñ ýüzi ak esgä döndi.Ol aljyrady.Soňra ýanyma ylgap gelip, aýagymyñ ýylan çakan ýerinitapyp gördi, ol ýerden iki damja gan çykyp,töweregi gögümtil reňke öwrülen eken.Oňa gözüm düşen badyna ýüregim birhili bolup, huşumy ýitiripdirin.
Gözümi açyp seretsem, şäher keselhanasynda ýatyryn.Ýanymda hiç kim ýok.Men ýylan çakan aýagymy ýuwaşja gymyldadyp gördüm.Ol näme üçindir amanat ýaly syzyldy.Soňra ýassykdan başymy ýuwaşja göterip,ýorgany açyp seretdim-de,doñup galdym...Aýagymyň dyzyndan aşagy kesilip taşlanypdyr.Başymda ýüz dürli hyýal at saldy.Geljegim,arzuwlarym bary puç boldy.Indi men nämä derkar,kime gerek? diýen pikir beýnime hanjar bolup sanjyldy.Men özümi dürsäp, gapydan girip gelýänlere äňetdim.Öňde ak halatly doktor,onuň yzynda bolsa saman şlýapasyny golunda tutup,gaýgyly görnüşde Nazar Garaýewiç durdy.
-Abdylla,ýagşymysyñ?- diýip Nazar aga krowatyň ýanynda goýlan otugyça çökdi,
-Sag boluň, ganymatdyryn.Nazar aga-diýip, ýylgyrmaga çalyşdym.Emma Nazar aga "Ýok,ýasama ýylgyrýarsyň,häzir ýüregiňe hiç hili ýylgyryş sygmaýanyny görüp duryn"diýen manyda maňa seredýärdi. Doktor çykyp gitdi.Biz Nazar aga bilen ýeke galdyk.
-Abdylla, eger sen şunuň bilen oýun gutardy hasap edýän bolsaň,örän ýalňyşýarsyň-diýdi.
-Men beýle pikirlenemok,Nazar aga!Ýöne..
-Ýöne näme?
-Özüňiz pikirlenip görüň.Nazar aga, men 25ýaşymda.Ömrümiň şeýle bir güllän döwründe hiç kime gereksiz bolup galsam ýaşamak aňsatmy?
Ol çynlakaý äheňde:
-Kyn,emma baş sag bolsa, kynçylyk hiç zat.Ynsanyň erki her hili kynçylyklardan üstün çykýar.Güýç däl-de, ruh ýeňer. Şony pugta ýatda sakla!-diýdi.
Nazar aganyň sözleri maňa biraz gop berdi.

"Güýç däl-de, ruh ýeňer!" diýip, ol dogry aýtdy.
-Toparda işlemek kyn düşer diýseň,aspirantura giräý, ukybyň bar. Sen alym bolarsyň-diýip dymdy.
-Topary taşlap gitmek meniň üçin juda agyr, Nazar aga. Meniň ýüregim topar bilen bir ahyry.
-Ýüregiňi hem bile alyp gidip bilersiň.Sen bir zat diýseň ol hem "ýok" diýjek gyz däl-le-diýip, mekirlik bilen ýylgyrdy-da - haýran galma, hemmsinden habarym bar-diýdi.
Içimi byjykladyp duran şübhämi indi oňa aýtman kime aýdaýyn.
-Indi meni başyna ýapsynmy ol, Nazar aga!-diýip, uludan dem aldym. Emma ol berk ynanç bilen:
-Ýok, beýle diýme, meň pikirimçe bu wakadan soň onuň saňa bolan söýgüsi iki esse artan bolsa gerek-diýdi.
-Ýüregimdäki umyt duýgusy bilen umytsyzlyk duýgusy bir-biri bilen göreşýärdi.Emma Nazar aganyň sözleri şübhelerimi biraz dargadyp, ýüregime teselli berdi. Ol gitdi şol mahal işik açylyp, Halyda girdi, emma bu öňki Halyda däldi.Onuň meni ýesir eden gara saçlary gyrkylypdyr, nähilidir bir täze modada timar berilipdir, boýnuna ak şarf hem taşlapdyr.Oňa gözüm düşen badyna mende "Özüni Nazaryň islegine görä bezäpdir" diýen pikir peýda boldy.Onuň garaýyşlarynda "Sen indi maýyp, maňa bir seret, şu görküm bilen meni kim söýmesin"diýen many duýulýardy.Şol mahal mende gazap we ýigrenç peýda bolup,ýüregimi myncgylap başlady. Bu gazaply duýgynyň Halydamy ýa-da Nazaramy-kime garadylanyna akyl ýetirip bilmedim.
Ol Nazar aganyň oturan oturgyçynda oturdy-da , sandyrawuk ses bilen:
-Abdulla, nähili ganymatmysyňyz?-diýdi.
-Sag boluň-diýip, men sowuk-sala jogap gaýtardym.
-Men irräk gelmekçidim,ýöne...-diýende, men onuň sözüni kesip:
-Zyýany ýok,umuman,gelmeseňiz hem bordy,biderek azara galypsyňyz – diýdim.
Halyda maňa geň galyjylyk bilen seretdi.Men onuň kesilip timarlanan saçlaryna seredip, kinaýa bilen:
-Täze jemalyňyz gutly bolsun-diýdim.
-Ol uýaljyrap :
-Näme gelişmeýärmi?-diýdi.
Bu gezek sesimde gahar syzylyp:Örän oňat,kemi ýok-la!-diýdim.
Halyda bolsa <<bu näme boldugy?>>diýen manyda maňa seretdi.Men ýene assarly gürrüňimi dowam etdim.
-Priçeskaňyzyň ady näme?
Gyzyň gözleri kiçeldi.Dodaklary tirpildäp:
-Priçeskamyň ady...?-diýip,biraz sägindi.Soňra -"Söýgülimiň ömri üçin" -

diýdi.
Ýüregime hanjar urulan ýaly boldy.Birden bu ýanyma agdarlyp,gözümi ýumdum.
-Halyda...Meni ýeke galdyryň,özümi örän ynjalyksyz duýýan,çykyp gidiň.Haýyş edýän!
Birazdan soň ýuwaş basyp barýan aýak sesini eştdim.Ol çykyp gidenden soň:
-Şepagat uýasy!-diýip gygyrdym.Şepagat uýasy derrew içerik girdi.Men oňa gödeklik bilen:
-Keselleriň rahatlygyny saklamak siziň borjuňyz-diýdim.-Ýanky gyz ýene gelse,meniň ýanyma goýbermäň.
Şeýle diýenimden soň, dälizde Halydanyň müňňürip goýbereni eşidildi.Şepagat uýasy meniň bu gödekligimi ýazgaryp,başyny ýaýkady-da, dälize çykdy.Ol Halydany zordan köşeşdirip ugratdy.
Ýüregim ynjalandan soň,beýnim biraz parahat işläp başlady."Men nätdim?-oýlanyp Dogry iş etdimmi?Ýok, nähilem bolsa beýtmelä däldim.Hatda ýylan çakandan soň, bu ýere nähili getirlendigimi hem soramandyryn.Belki gynanandyr.Ýok.Ol meniň söýýänimi,Nazary ýaman görýänimi bilýär, ahyry.Onsoňam men şeýle agyr ýagdaýda ýatyrkam."Ynha men Nazaryň aýdanyny etdim" diýen manyda meniň ýanyma gelmegi näme?Bu meniň maýyplygymyň üstünden gülmek dälmi? Söýýän gyzñyñ ýek görýän adamyňa ýaranmak üçin edýän hereketini görmekden hem erbet zat barmy? Ol sujugyñ islegi üçin şeýle sümmül saçlaryny kesip taşlaýmalymy ol? Priçeskasynyň adyny näme diýdi? "Söýgülimiñ ömri üçin" Ol bu ady nireden aldykan-aýt?!"
Bu wakadan soň men iki ýitgä sezewar bolup,durmuş gyssajynda pugta mynjyradylyp başladym.Olaryň biri aýagymdan juda düşmek,ikinjisi bolsa Halydadan.Birinjiden hem ikinjisi agyr degýärdi.
Emma özümi ruhy taýdan merdem tutmaga çalyşdym.Nazar Garaýewiçiň sözleri gulagymdan gitmedi.Men özümi geljege ruhy hem fiziki taýdan taýarlap başladym.Polewoýyň<<Hakyky adam hakyndaky>>powestini gaýta okap çykdym.Aý ýarymda protez bilen ýöremegi kemsiz öwrendim.
Bir gün ertirlik çaýdan soň enekeleriň biri geýimlerimi getirip berdi-de:
-Geýiniň,öýe gaýdýarsyňyz-diýip,çykyp gitdi.Ana şonda mende çykgynsyz bir ýagdaý peýda boldy.Kellämde geljegim hakynda dürli pikirler at salýardy,men olaryň arasynda azaşan adam ýaly boldum galyberdim.Şeýle ýagdaýda adamyň bir daýanç nokady bolmaly ekeni.Meniň bolsa ol daýanjym Halydady.Ol hem gyl üzlen ýaly bolupdy...Men şeýle oýlar bilen palatadan çykanymda,kimdir biri adymy tutyp gygyrdy.Gaňyrlyp seredenimde,Nazar Garaýewiç bilen başda ýanyma gelen doktory gördüm.Doktoryň elinde kagyza dolanan bir zat bardy.Ol ony maňa uzatdy-

da:
-Ine,şunam alyp gidiň hem-de ömür boýy ägä bolup saklaň-diýdi.
Men haýran galyp:
-Bu näme?diýdim.
-Bu siziň ömrüňizden ýadygärlik!
Men öňkidenem haýaljyrap:-Ömrümden ýadygärlik?-diýip geňirgendim.Doktor ýylgyryp:"hawwa"diýen manyda başyny atdy.Men kagyzy açyp görsem,iki örüm saç eken.Maňa hemmesi aýan boldy.Meni ýylan çakyp, huşdan gidip ýykylanymda bu sümmül saçlar aýagyma daňylyp,ýüregime tarap barýan zäheriň ýoluny kesipdir.Göz öňüme şol keçebaş ýylan we saçlaryny howlukmaç kesip, aýagyma dañýan Halyda geldi.Onuň bilen aperatsiýadan soňky gysga gürrüňlerimiz hyýalymda gaýtalandy.
-Priçeskaňyzyň ady näme?
"Söýgülimiñ ömri üçin!"
Bu adyň syry indi mälim boldy.Men saçlary goýnuma saldym-da,daşary çykdym.Gulagymda "Söýgülimiñ ömri üçin" diýen sözler ýaňlanýardy...
Men şäherden maşyn tutup, toparymyza geldim, ilki bilen göni Halydanyň çadyryna girdim.Ol dürli dag jynslary üýşürilen pessejik stoluň ýanynda oýlanyp oturan eken.Maňa gözi düşen badyna ol:
-Abdylla-diýip,zordan pyşyrdady.Men oňa has ýakynlaşdym.Howlugyp demimi zordan alýardym.Şeýle-de bolsa men:
-Halyda,meni bagyşlaň,men sizi nähak ýere ynjydypdyryn-diýdim.
Ol sesini çykarmady.Emma maňa mähirli dikilen gözleri sizi bagyşlaman bormy diýýän ýalydy.Men saçlary goltugymdan çykardym-da:
-Bilýäňizmi,bu örümleriňize doktor näme diýip at berdi?-diýdim.Ol sandyrawuk ses bilen;
-Näme?-diýdi.
-"Ömür ýadygärligi" Hakykatdan –da men üçin siziň bu örümleriňiz diri galmagymyň sebäbini ýatladyjy ýadygärlik.Men ony iň eziz zat hökmünde ömürboýy saklaryn -diýenimde,gyz özüni gujagyma oklady.Biz ep-esli wagt ähli zady unudyp,iki ýüregiň sazlaşykly düňküldisine gulak asdyk.Birden Halyda gujagymdan çykdy-da,maňa howatyrly garap:
- Sizi Nazar Garaýewiç aspirantura gidýär - diýdi, rast gidýaňizmi?-diýdi.
Men gyzyň gözlerine mähirli bakyp, şeýle diýdim:
-Ýok,ezizim, hiç ýere gitmeris ,toparda galarys, onuň bilen sähralary gezeris, daglary partladarys,ýene ýylan duşaýsa, depip kellesini myňjyradarys.

# Öýleniş
## (nowella)

Durmuş guranlaryna alty aý bolup bolman gahar üstünde aýdylan bir agyz bijaý söz Nurmyrat bilen Nurjahanyň aralaryna erbet tow düşürdi.Bir bolgusyz zadyň üstünde galmagal turan şol gün gaharyna erk edip bilmedik Nurmyrat aýalyna:

-Men saňa ýalňyşyp öýlenipdirin,indi gaty ökünýän-diýenini duýman galdy.Onuň bu sözi Nurjahanyň degnasyna gaty degdi.Ol:

-Ýalňyşyňa ökünýän bolsaň,ýalňyşyňy düzetmäge entegem giç däl-diýdi-de geýim-gejimlerini alyp,gapydan atylyp çykdy.Aýalynyň öňüne çykyp,yzyna gaýtarmaga Nurmyradyň hem erkeklik mertebesi ýol bermedi.Emma indi ol öýlenenine däl-de Nurjahanyň gitmegine ýol berenine ökünýärdi.

Aradan bir hepde geçensoň Nurjahanyň gahary gaçandyr öýdüp,ony alyp gaýtmak üçin başyny egip bardy.Emma Nurjahan kes kelläm razy bolmady.Ara wagt salyp,Nurmyrat ýene-de bardy.Ýene bolmady.Gepiň keltesi Nurmyradyň Nurjahanlara gatnama kemi galmady.Emma Nurjahan hem sözünden dänmedi,,Ýalňyşan bolsaň,ýalňyşyňy düzet!" diýdi oturyberdi.Nurmyrat her sapar baranynda ýüzüne urulan ýaly bolup gaýdýardy.Onuň indi ne gündizine dynjy bardy,ne gijesine rahatlygy.Gije-gündiz içini it ýyrtyp,nätjegini bilmän gezdi.Bu ruhy azapdan dynmak üçin bir çäre tapmasa boljak däldi. Ahyrsoňynda ol "göwni bäşga biwepadan geç göwnüm" diýip, başga birine öýlenmegi ýüregine düwdi. Şeýtse köşeşerin öýtdi.

Indi gelinlik tapmak meselesini çözmelidi. Otursa, tursa tanaýan gelin-gyzlaryny ýeke-ýekeden göz öňüne getirip kelle döwýärdi.

Nurjahanyň Güljemal atly durmuşy bozulyp,atasy öýünde outran,özi ýaly kakasy ir ýogalyp,ejesiniň terbiýesinde ulalan boýdaşy bardy.Ol şoňa söz aýtsa, razy bolar, diýen karara geldi.Özüne göwni ýetýän gyzlaryň telpegi agan ýigide barmajagyny bilýärdi.Güljemal bolsa bagtynyň açyljagyny bilse Nurjahandan ýüz görüp oturmasa gerek diýen pikir bilen oňa söz aýtmak üçin pursat peýläp başlady.Nurmyradyň bagtyna şeýle pursat hem köp garaşdyrmady. Arada bazara baranynda her eline bir agyr sumka göterip gara dere batyp gelýän Güljemal öňünden çykaýmazmy.Nurmyrat soraşybam durman gelniň elinden sumkalary alyp,çykalga tarap ýöremek bilen boldy.

-Dur,heý oglan,nirä barýaň?-diýip Güljemal onuň bolşuna haýran galyp aýak çekdi.-Seniňki name, bi salam ýok,älik ýok, meniň zatlaryma eýe çykyp ýörsüň?

Nurmyrat öz bolşuny aklamak üçin çykalga tapdy.

-Näme diýsene,Güljemal,men şu gün seniň bilen salamdan,beýlekiden äňry

geçip,kän gürleşen ýalydym.Häzir piker etsem,bu şu gün dańdan gören düýşüm eken.Dogrymy aýtsam,indi seni oýlaberenimden düýşüm bilen huşumyň hem tapawudyny bilemok.
-Eý sen oglan,nämeler diýjek bolýaň?-diýip Güljemal gaşyny çytdy.
-Näme diýjek bolýanymy maşynda aýdaryn-diýip,Nurmyrat ýöräp ugrady.Nalaç onuň yzyna düşen Güljemal:
-Goýaweri,men seniň maşynyňa münmen.Zatlarymy duralga eltip berseň bolýar-diýip jibirindi.
-Näme üçin meniň maşynyma münjek däl?
-Münjek däl!Adamlar name diýer,Nurjahan bilen aýrylşyp indi Güljemal bilen tirkeşip ýör diýmezlermi?
-Diýseler diýip geçsinler!Men bir ýüregimdäkini aýdaýyn saňa,soň islemeseň düşüp gidiber.
Şundan soň ol tä maşynyň duran ýerine barýança bir agyz geplemedi.Güljemalyň özelenip aýdanlaryna-da gulak asmady.Zatlaryny maşynyna salyp,özüne-de„mün bakaly” diýip yşarat etdi.Güljemal onuň bilen eňekleşip durmagy özüne uslyp bilmän nalaç maşyna münmeli boldy.Nurmyrat awuny alan guş ýaly ýeňil göçüp,maşyna mündi-de motory otlady.
-Öçür!Sürme,name gepiň bolsa aýt,onsoň meniň zatlarymy duralga eltip ber!
Güljemalyň äheňindäki gahar-gazaby duýan Nurmyradyň başdaky batyrlygy biraz gowşady.Şeýle-de bolsa düýä münüp,hataba bukulyp bolmaýşy ýaly indi yza çekilmek namartlykdy.
-Güljemal,meni soňuna çenli diňle,soň nähili hokum çykarsaň sen patyşa,menem öňüňde günäkär bende-diýip,Nurmyrat gepi daşdan aýlap gürrüňe başlady:-özüňe mälim, biziň Nurjahan bilen ýyldyzymyz düşüşmedimi,nämemi,garaz aýrylyşmaly boldyk…
Nurmyrat aýaly bilen aralarynda bolan we bolmadyk zatlaram toslap tapyp,aýrylyşmaklarnyň sebäbini gürrüň berýärkä Güljemalyň kellesinde „Bu indi özüni akja jüýje edip görkezip,name diýjek bolýarka?Meni töwelleçi edip,Nurjahan bilen ýaraşdyrmagymy haýyş etjekmikä”diýen pikir aýlanýardy.Emma Nurmyrat sözüniň soňunda Güljemalyň ýedi uklap turanda düýşüne girmejek zady orta atdy:
-Indi näme,menem bu dünýäden müjerret geçmeli däl-ä, öýlenmeli. Eger garşy bolmasaň saňa…
-Näme,näme?!Maňa öýlenmekçimi?
-Ana,üstünden bardyň,senem dünýäden ýalňyz geçmeli däl-ä. Iru-giç birine barmaly bolarsyň.Oturyberseň özüňden on,on bäş ýaş uly aýaly ýögalanbirine bararsyň.Beýdeniňden maňa gelseň…- diýip,Nurmyrat dünýä baýlygyny wada berip,ony yryp başlady.Onuň sözlerini gulagynyň

daşyndan geçirip goýberen Güljemalyň kellesine üýtgeşik bir pikir gelip,ýüzünde ýeserje ýylgyryş peýda boldy,soň jykyrdap gülüp başlady.Güljemalyň gülküsini razylyk alamaty,diýip düşünen Nurmyrat:
-Sen razymy,Güljemal?-diýdi.
-Bilmedim, ejem bilen maslahatlaşyp göreýin.Soň saňa bellisini aýdaryn.Indi meniň zatlarymy duralga eltip beräý.
-Ýoklaý walla, taýyn maşyn hyzmatyňda duran wagty duralgada näme bar.Öňde soňda durmuş guryan bolsak, kim näme diýse diýsin.Edil gapyňyzyň agzynda düşürjek-diýip,öz ýanyndan iş bitirenine ekezlenen Nurmyrat maşynynyň badyny güýçlendirdi.
Güljemaly düşürip,öýlerine gelende onuň örän keýpi kökdi.Ol Güljemala öýlenjegine däl-de,Nurjahanyň ýakyn boýdaşyna öýlenip,onuň içini ýakyp,aryny aljakdygyna begenýärdi.Aýaly gideli bäri tukatlanyp ýören oglunyň keýpiniň köklügini gören ejesi:
-Tüweleme,juda wagty hoş görünýäň,oglum.Gelniň bilen ýaraşypsyň öýdýän,ony indi haçan getirjek?-diýip sorady.
-Onuň ýerine başgasyny getirjek,eje-diýip,Nurmyrat ýeserlik bilen ýylgyrdy.
-Goýaweri bu name diýdigiň,düşündirip aýt!
-Howlukma,eje ertir-birigün aýdaryn.
Ejesi oglunyň aýtjak zadyny her näçe anyklajak bolsa-da, ol Güljemalyň "ejem bilen maslahatlaşyp göreýin"diýeni üçin entek bellisini etmän dil ýarmagy islemedi.
Güljemalyň Nurmyradyň maşynyndan düşüp galanyny aýnadan görüp duran ejesi bilmediksirän bolup sorady:
-Kim ol seni maşynyndan düşürip giden?
-Seniň giýewiň boljak ýigit-diýip Güljemal güldi.
-Näme gülýäň,kimkä ol meniň giýewim boljak?
Güljemal bolan wakany gülüp-gülüp gürrüň berdi.
- Erniň bir ýere gelenok-la, indi gel-gel jan ýaljak boýdaşyň ärine barjakmy,ýer çeken?!
-Men Nurjahan bilen maslahatlaşaýyn, onsoň barjak barmajagymy aýdaryn.
-Sen üýtgäp ýöreňokmy, gyz? Nurjahan bilen nämäni maslahatlaşjak? Seniň äriňe baraýynmy?-diýip nä ýüzüň bilen aýtjak?
-Ony özüm bilýän eje.Sen sakawyň soňuna seret-diýip,ýylgyryp,eşiklerini çalşyrmak üçin içerki otaga girip gitdi.Munuň ýaly ýagdaýda eneler bellisini etmän çydap oturyp bilermi,ol haýal etmän gyzynyň yzyndan girdi.Eneli-gyzyň gürrüňi uzak dowam etdi.Mesele çözülen bolmaga çemeli.Ejesi Güljemalyň ýanyndan gülüp çykdy.
Indi habary Nurmyratdan alsak,ol şo günüň ertesi Güljemalyň işden gaýdýan ýolunda dikil gazyk boldy.Emma sataşanynda Güljemal kän bir

ýüz bermedi.Soragyna "entek ejem bilen gepleşemok”diýip dymdy duryberdi.Lapy keç bolan Nurmyrat ony ýene yryp başlady.

Nurmyradyň ýary ýalan,ýary çyn sözlerine gülkisi tutan Güljemal gülmekden zordan saklanyp,çalarak ýylgyrdy-da:

-Bolýar, şu gün gepleşerin,ertir jogabyny aýdaryn-diýip ony köşeşdirip goýberdi.

Güljemalyň "şu gün gepleşerin” diýeni ejesi bilen däl-de Nurjahan bilen gepleşmelidigini, boýdaşynyň razyçylygyny alyp, onsoň Nurmyrada bellisini aýtmalydy…

Ertesi işden gaýdyşyna öňünden çykyp duran Nurmyrada Güljemal:

-Toýa taýýarlyk görüber,oglan-diýdi.Nurmyrat bu söze begenmegiň ýerine bir az dynyp,Güljemalyň ýüzüne birhili ünjüli garady:

-Güljemal, taýýarlyk görer ýaly toý nämämize gerek.Senem menem ilkinji gezek durmuş guramyzog-a, dost ýarlary çagyryp kiçiräk bir üýşmeleň etsek bolýa dälmi?

-Diýýäniň name!-diýip Güljemal ör gökden geldi-öýlenjegiň çynyň bolsa uly bolmasa-da, toý etmeli bolarsyň.Kejebäniň daşynda bäş-alty maşynlaram bolsun!

Güljemalyň zabtyna garşy durarly däldi.Nurmyrat dil ujundan bolsada razylaşdy.Toý sähedi hem bellendi.Ine şundan soň Nurjahany hakyky ýitirjegine gözi ýeten Nurmyradyň içini ot alyp,bir hili howsalaly ýagdaýa düşdi.Eden işine puşman edip başlady.Toýdan bir gün öň gijesine ukysy gaçyp, daňdana golaý irkildi.Ol huşundaky ýaly eden işine puşman edip Güljemalyň ýanyna barýarmyş.Oňa "Güljemal, şu işi goýýolsun edäýeli”diýip ýalbarypmyş.Güljemal bolsa gazaba münüp: "Sen name, meni oýnajak bolýaňmy?!Hany indi yzyňa gaýdyp bir gör-dä!Men seniň gümüňi çekerin!”diýip haýbat atýarmyş.Ol tisginip oýandy.Bir salym gören düýşüniň täsirinde krowatdan aýagyny sallap, kellesini tutup oturdý. "Aý indi boljagy boldy.Ykbalymdakyny görerin,ýazgydym şeýledir-dä”diýip,içini gepledip,ýerinden turdy…

Toý diýilen güni Nurmyrat kyrk, elli adamlyk saçak ýazdyrdy.Bagşynyň ýerine magnitafon aýtdyryp goýdy.Ýöne Güljemalyň tabşyrmagy boýunça bäş-alty bolmasa-da üç-dört maşyny kejebäniň ýany bilen ugratdy.Adamlaram,,Telpegi agan ýigit bilen,durmuşy bozulan gelniň toýy şundan artyk bolýarmy näme”diýşip,bu ýagdaýy geňläp oturmadylar.Gelni alyp gaýdan maşynlaryň kerweni ala zenzele edip gelip ýetdi.Kejebe maşyndan başyna kürte atan gelni iki boýdaşy düşürip içeri girdiler.Märeke sowuldy,adamlar dargaşdy.Nurmyradyň hem gelniň ýanyna girmeli wagty boldy.Ýöne gelin oturan tama girmäge onuň bogny ysmaýardy.Çünki Güljemalyň "Näme üçin toýuň şagalaňy,bagşysy ýok?’’diýip igenjegini bilýärdi.Emma gelin tamda özüne başgaça "igenç’’garaşýandygyny ol

bilmeýärdi.
Öýlenýän ýigit içeri girip,gelin tarapa birki ädim ädeninden başyndaky kürtäni aýyryp,ýerinden turan gelin:
-Arman,saňa ýalňyşyňy düzetmäge mümkinçilik bermediler-dä.Indi nätjek?-diýdi.Güljemalyň hilesinden bihabar Nurmyrat garşysynda duran özüniň Nurjahanyna gözlerine ynanman seredýärdi…

# SÖÝGİ DERMANY

## ( hekaýa )

Är-aýal işlerinden gelip, agşamlyk naharyndan soň çaý içmäge oturypdylar.Aralaryna köpden bäri aralaşan sowuklygy käselerde bugarýan gyzgyn çaý hem ýyladyp bilmeýäne meňzeýärdi.Äriniň gulagyna aýalynyň her hili mylaýym sözleri sowuk daş bolup degýän ýalydy.

Birdenem telefon jyňňyrdady.

-Al, trubkany,meni kim sorasa-da ýok diý-diýip, äri hüňňürdedi.

Aýaly telefonyň duran ýerine baryp, trubkany göterdi:

-Alo, hä...Ärim bar - diýibem derrew trubkany goýdy.

-Men saňa "ýok" diý diýmedimmi!?

-Gygyrmasana, seni soranoklar-a...

-Ä?! Kim ol?! Näme diýip jaň edýä?!

Aýaly geplemän, çäýnek-käseleri ýygnamak bilen boluberdi.

-Men senden soraýan, kim ol?!

-Aradaky toýda biziň stolumyzda oturan adam.

-Seniň garşyňda oturan adammy?

-Hawa, şol.

-Näme diýjek bolýa onsoň ol?!

-Ol şol toýda maňa aýdan sözüniň dowamyny aýtjak bolýar öýdýän.Sen şonda onuň maňa aýdan sözüne ünsem bermediň...

***

Kadyryň Aýjana öýlenenine ýaňy üç ýyl bolanam bolsa ol soňky wagtda aýalyndan,birhili,sowady.Öňler ol işden geleninde:"Aýym,öýdemiň hany,gel bäri,saňa bir zat getirdim" diýip,aýalyny gujaklap, ogşardy.Şonda onuň gözlerinde hakyky söýgi ody lowurdaýardy.Emma bu söýgi ody iki ýyl geçip-geçmänkä sönüp başlady.Aýjan munuň sebäbini bilebilmän heläk bolýardy.Ol bir boýdaşyna derdini dökdi.

-Ha-ha!-diýp, boýdaşy jak-jaklap güldi.-Boýdaş jan, söýgi ody sönüp başlasa,ony täzeden güýçlendirýän dermany bar.Şony-da bileňokmy?

-Ol nähili derman?  Men bilemok,gyz.

-Ot sönüp başlan bolsa, oňa azrak odun taşlasaň,güýçlenip ýanyp başlaýar,dälmi?

-Hawa.

-Söýgini hem saklamak, hatda güýçlendirmek üçinem şeýtmeli.

-Nätmeli? Anygrak edip düşündirsene - diýip, Aýjan özelendi.

Boýdaşy Aýjana " söýgi dermanynyň"  "retseptini" aýtdy. Soňundan "ony özüm tapyp,saňa kömek ederin"  diýip sözem berdi..

.*****

-Dogry, şonda men onuň näme diýenine üns bermändirin.Ýöne onuň saňa

gözüni aýyrman seredýänini duýupdym-diýip,Kadyr aýalyna şübheli garady.-Ýeri,ol indi näme diýip jaň edýär? Onsoňam,ol biziň telefonymyzy nireden bilýär?
-Nireden bilenini näbileýin? Ýöne iküç gün bäri telefon edýä.
-Näme diýýä?
-Näme diýýänini bilesiň gelse, indiki jaň edeninde seni bar diýmäýinde, ony gepledeýin.Özüň beýleki telefonda diňläp göräý.Ýöne, gaharlanyp sözüni bölme.
Kadyr bir hili iňkise gitdi."Bä,ol nähili adamka,näme maksady barka?!" diýip, içini hümletdi oturdy.
-Bolýa,sözüni bölmän,soňuna çenli diňlärin-diýip,ol aýalynyň şertine razy boldy.-- Ol indi haçan jaň ederkä?
-Men näbileýin? Öz-ä ýene-de jaň etmän oňmaz.
-Bäh!...-Kadyr aýalyny gözi bilen iýäýjek ýaly edip seretdi. Aýjan ýylgyranyny bildirmejek bolup, beýlesine öwrülip aşhana girip gitdi.
Nätanyşyň jaňy köp garaşdyrmady.Ertesi är-aýal şamlyklaryny ýaňy öňlerine alanda birden telefon jyňňyrdady.Kadyr ýalt edip, aýalyna seretdi.Aýjan ýerinden turyp baryp trubkany galdyrdy:
-Alo, hä, bu ýene sizmi? Salam...bir minut-diýip, Aýjan ärine ümlendi. Kadyr çeýnäp oturan lukmasyny çalak-çulak ýuwdup,beýleki telefonyň trubkasyny gulagyna tutdy. Aýjan nätanyşa ýüzlendi:
-Hawa,aýdyberiň,ýene näme diýjek bolýaňyz?-Trubkadan mylaýym äheňde mähirli sözler inip başlady:
-Aýjan ,men saňa öňki saparam aýtdym.Men bu sözleri aýtmakdan hiç haçan ýadamaryn.Men seni bir görenimde haladym,dogrymy aÿtsam söýdüm.Men şu çaka çenli seniň ýaly gözel, mylaýym gelne duşmandym.Bilýäňmi, seniň taýsyz gözelligiň nämede?Ol seniň içki dünýäňde.Men seniň daşky görnüşiňe garanda-da içki dünýäňiň gözelligini ýüregim bilen duýýaryn.Adamyň içki dünýäsiniň gözelligi onuň ýüzüne, gözlerine ýalkym bolup çykýar.Seniň gözleriňde özüne çekiji şeýle ýalkym bar.Aýjan...
-Beýle sözler bilen meni yrjak bolup, azara galma.Meniň ärim bar-diýip,Aýjan onuň sözüni böldi.
-Wah, men bilýän-le.Ýöne onyňdan är bolmaz.Ol seniň gadryňy bilenok,seni söýmeýänini daşyndanam bildirip dur-a oň...
-Meni söýýämi-söýmeýämi, sen ony nireden bilýäň?
-Men ony bir görende bildim.Ol günki toýda seniň garşyňda oturdym, dogrumy?
Sen: "Näme maňa beýle serediberýäňiz?" diýdiň.Menem: Gözelligiň özüne çekiji güýji bolýa,şonuň üçin bolaýmasa" diýdim. Äriň şonda seniň sözüňe-de, meniň sözüme-de ünsem bermedi.Ýanyndaky ýoldaşy bilen gürrüňini

dowam etdiriberdi.Ol saňa,umuman,üns bermedi. Ine, şu zatlar onuň saňa düýbünden biparhdygyny görkezmeýärmi?
-Ýeri,sen näme diýjek bolýaň? Maksadyň näme?
-Meniň maksadym sen. Beýle diýsem ters düşünme.Meniň niýetim päk.Sen özüňi söýmeýän,gadryňy bilmeýän adam bilen ömrüňi biderek ötürme.Suda arza berip aýrylyş.Men näçe diýseň garaşaýyn.Soň...
Kadyyr hernäçe çydap diňlänem bolsa, şu ýerine gelende özüni tutup bilmedi:
-Eý,deýýuş, näme diýip samahallap dursuň.Eger ýene-de şu ýere jaň etseň, men seni ýeriň aşagynda bolsaňam tapyp öldürin!-diýeninden aňyrky trubka tarpa goýuldy.
Kadyr özüne ýer tapman, bir zatlar diýip,hüňürdäp, iki ýana zowzuldap başlady.Onuň bolşuna Aýjanyň gülküsi gyssap, agzyny eli bilen tutup,içerki otaga girip gitdi.Ol içinden heşelle kakýardy.Kadyr bir mahaldan soň:
-Bäri çyk,içerde näme edýäň?!-diýip gygyrdy.
Aýjan içerki otagdan ýuwaş ýöräp çykdy:
-Ine, çykdym, näme diýjek?-diýip, çalaja ýylgyrdy.
-Nämä ýylgyrýaň?
-Ýylgyrman, näme, aglaýynmy? Näme üçin çagyrdyň?Näme diýjek bolsaň aýt.
-Näme diýjegimem bilemok-diýip,Kadyr ýüzüni kesä sowdy.Ol bir hili aljyraňňy ýagdaýdady.
-Onda gitjek ýeriňe gidip geläý, birneme köşeşersiň.
-Nirä gideýin?
-Ýaňy işden geleniňde nahardan soň bir ýere gidip geljek,işim bar diýmänmidiň?
-Hä...ýok,ýok.Ol ýere ertir işiň arasynda girip çykaryn.Gowusy,ejeňlere gidäýeli, sen köpden bäri ejeňi-de görmediň...
Aýjan ýylgyranyny duýman galdy.Kadyr bu sapar Näme ýylgyrýaň? diýip soramady-da, galagoply äheňde:
-Ol adam ýene jaň etse, näme diýjek?-diýdi.
-Ol adam indi jaň etmez, arkaýyn bolaý...
Aradan günler,aýlar geçdi. "Söýgi dermany" öz güýjüni ýitirmedi. Munuň üçin Aýjan boýdaşyndan çäksiz hoşal boldy.

# Täze Tanyşym

## (hekaýa)

Men bu adam bilen hassahanda tanyşdym.Şepagat uýasy meni yzyna tirkäp, üç adamlyk palata elteninde onuň ýeke özi krowadynda aýagyny aşak sallap oturan ekeni. Beýleki iki krowat boşdy.Biz girenden ol ýerinden turdy. Şepagat uýasy:

-Açyl aga, ine size ýoldaş getirdim,indi içiňiz gysmaz-diýip çykyp gitdi. Açyl aga orta boýly,garaýagyz,garny birneme pökgerip duran elli-ellibäş ýaşlaryň töweregindäki,köseleç adam ekeni. Ol alçaklyk bilen görüşip,soraşdy. Men krowadyma geçip oturanymdan soň añrymyzy soraşyp, tanşlyk açyp başladyk.Ol obasynyň adyny aýdanynda önüräk Aşgabatdan otluda, şol obaly bir ýaşuly bilen gaýdanym ýadyma düşdi.Men şol ýaşulynyň adyny aýdanymda Açyl aganyň ýüzi açylyp gitdi.

-Aý,ol-a meniň duldegşir goňşym-la.

-Şeýlemi, goňşyň-a biçäk gowy adam ekeni.Özem diýseň dilewaram eken. Otlyda içimizi gysdyrman ýolboýy gürrüň baryny edip,hezil berdi.

Men şey diýenimden Açyl aganyň ýüzi bir hili üýtgäp gitdi.

-Gowulygyna gowy welin, birneme gybatçyrak.Meniň gybatymy edenokmy özi?

-Aý ýok. Seniň adyňy ýekeje gezegem tutanok,Açyl aga.Ýöne bir goňşysynyň käbir täsin häsiýetlerini aýdyp, gülüşdirip oturdy.

-Ana şo-da, adamlary gülüşdirjek bolup, özünden bir zatlary toslabam tapaýýa.Ýeri, onsoň ol goňşusy hakda nämeler diýdi?

-Erbet zad-a aýtmady. Bir gün şol goňşym diýýä,bir sany ýüzlik lampoçkan getirip, "goňşy, şuny iki sany ellilik lampoçka çalçyp bersene"diýdi. Menem:"goňşy,ellilik lampoçka bolmaýa,kyrklyk,altmyşlyk bolýa. Saňa iki sany altmyşlyk beräýeýin" diýdim.Ol:"Bolýa,goňşy,ýöne iki altmyşlyk 120wolt bolýa-da,seniň 20 wolt hakyň gidýä"diýýä. Men:"Zyýany ýok, goňşy, senden gideninden menden gidäýsin" diýip iki sany altmyşlyk berdim.Ol, wagtyhoş bolup: "Aý, berekella, goňşy, sahy gördüm, seni gördüm, sag bol!" diýip gitdi. Şeýdip men 20 wolt bilen goňşymyň nazarynda sahylyk derejesine ýetipdim welin, ýöne soň ol: "beren lampoçkaň "brak" ekeni, hä diýmän köýüp dur" diýip bir aýyň dowamynda dört gezek menden täzesini alyp gitdi" diýdi.

Men sözümi tamamlap, Açyl aga seretsem, ol kellesini ýaýkap ajy ýylgyrdy-da:

-Aý,samsyk diýsänim!Gör, onuň üstüne goşup aýdyşyny.Şol diýen goňşy men-dä. Men hijem dört gezek baramok. Ikije sapar bardym. Aýtdym-a ýaňy, adamlary gülüşdirjek bolup,ýalan-ýaşryk zatlaram aýdyberýä.

-Açyl aga, näme diýseňem, gowy goňşyň bar eken."Jaý alma,goňşy al"

diýilip ýöne ýere aýdylmasa gerek-diýdim.

Ine şeýdip Açyl aga bilen aňrymyzy yzarlap ýakynlyk tapmasak-da ol meniň tanyşymyň goňşysy bolup çykdy.

Günortana golaý eli ullakan torbaly aýalym geldi.Ol Açyl aga salam berip getirenini meniň tumboçkamyň üstünde goýdy.Açyl aga:

-Aý tüweleme, gül ýaly geliniň bar eken,Myratjan-diýip aýalym bilen içgin sorady.Soňra:-biziňkileriň oba daş bolansoň,gelmesi kynyrak,şonuň üçin men hassahananyň nahary bilen oňmaly bolýan.Nahar wagty-da bolandyr,menem aşhana baraýyndiýip ýerinden turdy.

Aýalym:

-Ýaşuly,oturyber,meniň getirenim ikiňize-de bolar-diýdi.Açyl aga bir maňa,bir aýalyma seredip:

-Aý,näme gelniň özi mürähet edýen bolsa,oturaýaýyn.Dogrymy aýtsam,bu ýeriň naharam gowy welin,ýöne öýde bişirileniň tagamy başgaça bolýa-da-diýip,öz sözüni makullan ýaly kellesini atyp goýdy.

Menem:

-"Bir üzümi kyrk adam dadyşypdyr" diýipdirler.Näme getiren bolsa bile iýeris,Açyl aga-diýdim .Aýalym torbasyndan içi börekli syrçaly gap,bir sany tamdyr çörek,süýji,bir azyrak miwe çykardy.Ýöne çemçe we çanak bir birdendi.Muny gören Açyl aga:

-Nesibe-dä, nesibe.Menem ätiýaçsyz däldirin,özümiň çemçäm,tarelkam bolmaly-diýip tumboçkasyndan aýdanlaryny çykardy.Çakyma görä ol bu zatlary menden öňki bu ýerde ýatanlaryň yzyndan getirlen naharlary paýlaşmak üçin hassahananyň aşhanasyndan getirip goýan bolmaly.

Aýalym böregi ikä paýlap:

-Alyň,işdäňiz açyk bolsun-diýdi. Açyl aga bir böregi agzyna salyp çeýneýärkä:

-Baý,baý munuň süýjüligini.Öýde bişirlen naharyň tagamy başga-la - diýip aýalymdan adyny sorady.

-Adym Gülşirin,ýaşuly.

-Gülşirin diýsene.Bişiren naharyňam adyňa laýyk ekeni,aýym.Görnüşi gül ýaly,tagamy diýseň şirin,Gülşirin jan-diýip aýalymyň öwgüsini ýetirdi.Olam muňa ynanyp monça boldy.Ol gepini gutarýança meniň iýmän oturanymy görüp:

-Myrat jan, hany al!- diýdi-de,- bismilla - diýip,çemçesini börekden dolduryp agzyna saldy.Men:

-Açyl aga, bismilla nahara ilki başlanda aýdylmaýarmy?-diýip güldüm.

-Aý,ony diňe ilki däl, her sapar nahara el uzadanyňda aýtsaňam bolýa. Bismilla bilen nahara bereket inýär - diýip meniň tankydymdan sypdy.Nahary iýip bolduk.Çalarak doýdugam. Men:

-Açyl aga, neneň, aňryňa bir zat düşdümi?- diýip soradym.

-Aý,ýeterlik boldy-leý. Gülşirin jan şamlyga bir palawjyk bişirip getirse üstüni ýetiräýeris - diýip, ol maňa garap ýylgyrdy. Gülşirin:
-Onuň gürrüňi bolmaz,ýaşuly. Palaw diýseňiz palawam getiräýerin-diýdi.
-Aý berekella, aýym, berekella! Eliň-gözüň dert görmesin.Çagajyklaryň bagtyna guwan.Ýogsam olar näçe?
-Iki, bir ogul, bir gyz - diýip, Gülşirin çagalaryna guwanýan ýaly ýylgyrp, jogap berdi.
-Gaty gowy. Ömürleri uzak bolsun. Hudaý berse ýene bolar. Hany onda naharyň omynynam edeliň-diýip,Açyl aga töwür galdyrdy.Soňundanam Gülşirine alkyş baryny etdi. Gap-çanagy ýygnap ,Gülşirin gitdi.
Bir salymdan şepagat uýasy elli ýaşlaryň töweregindäki uzyn boýly bir rus adamy
alyp girdi: -Ine size ýene bir ýoldaş getirdim - diýip çykyp gitdi.Ol adam:
-Salýam,salýam-diýip,boş duran üçünji krowada geçdi.Açyl aga onuň salamyna özüçe alek alyp:
-Yzdraste, yzdraste-diýdi.Soňundan oňa çiňňerilip seredip,- ysluşy, seniki türkmençe bilýär?-diýip sorady.
-Az-maz bilýär.A seniki po ruski bilýär?
-Çala bilýär,çala.Ýogsam adyň näme, adyň?
Soňky soraga ol düşünmedi öýdýen, Açyl aga seredip, kubtini gysdy. Açyl aga soragyny düşnükliräk etjek bolup, özüniň gursagyna dürtide-de:
-Meniňki Açyl seniňki näme?-diýdi.
-Aa, dündi, meniki Igor - diýdi.
-Ähe,türkmençe Aýgyr diýene dogry gelýämaýt...
-Aýgyr ýok. Igor, Igor!
-Bolýa, bolýa. Igor bolsa Igor. Onuňky Myrat, bilip goý-diýip barmagy bilen meni görkezdi. Igor ýylgyryp, başyny atdy.
Men ikisiniň bu içgin "söhbetine" näçe gülkim tutsa-da, olaryň göwnüne geler öýdüp saklandym.
Öýläne golaý şprislerini göterip, şepagat uýasy geldi. Ony görenden ýaş çagalaryň sanjymdan gorkuşy ýaly Açyl aganyň gözleri tegelenip gitdi.
-Aýym, munyňy indi günde bir gezek soksaň bolmaýamy? Irden eden sanjymyňyň agrysy henizem gidenok. Gelelim bäri otyr ýerimde diri bütin ýerim galmady.
-Men doktoryň buýranyny edýän, Açyl aga. Hany ýat, meniň başga-da işim kän.
Şepagat uýasy üçimize-de sanjymyny edip, gapydan çykanyndan Açyl aga ýerinden turup oturdy-da, derjirän maňlaýyny sylyp, bize bir, bir göz aýlady.Soňra Igordan:
-Seniki agyrýa?-diýip sorady.
-Meniki agyrýa ýok-diýdi ol ýylgyryp.

-Myrat jan,seniki niçik?-diýdi.
-Meniki-de agyrýa ýok-diýdim gülüp.
-Bä, onda meniňki näme beýle agryly.Ýa-da ol atañelet, maňa iňňäniň ýerine temen sokýamyka?
Açyl aganyň gepine Igor hem düşündi oýdýen, maňa goşulyp olam güldi.
Giçlik Gülşirin Açyl aganyň buýurmasyna görä şamlyga palow getirdi. Igora-da mürähet etdim, emma ol kes-kelläm etmän aşhana çykyp gitdi.Onuň gidenini Açyl aga ýamanam görmedi. Ikimiz Gülşiriniň palawly tabagyny bir salymda boşadyp,eline berdik.Açyl aga töwür galdyryp,günortankysy ýaly Gülşirini alkyşdan gömdi. Ine şeýdip, Açyl aga bilen on günüň dowamynda duz-emek bolup ýaşadyk.
Açyl aganyň öýüne gitmeli güni hem gelip ýetdi. Şol güni maňa-da rugsat berdiler. Zatlarymyzy alyp, Açyl aga bilen köçä çykdyk. Şol wagt geçip barýan taksilaryň biri biziň deňimize gelip saklandy. Men Açyl agadan näçe tiz sypyp bilsem şonça-da begenjekdim. Şonuň üçin bir göwnüm onuň bilen hoşlaşyp, taksa münde ötägit diýdi.Emma beýtsem türkmençilikde gelşiksiz bolar öýtdüm.Onuň özüne sala saldym:
-Açyl aga,ine taksy, şunda öýüňize göni gidiberjekmi ýa-da bize baryp çaý suw içip, onsoň gaýtjakmy?
-Aý,Myrat jan,meniň gyssagym ýok. Ikimiz indi kyýamatlyk aga-ini bolduk.Nesip bolsa birek-birege gadr goyup gatnaşarys.Şonuň üçin öýüňizi görüp gitsemem ters däl-diýdi.Men onuň gepini makullan ýalak edip, başymy atdym. Taksa münüp, öýüň salgysyny aýtdym.Bir salymda ulag dazlap gelip,dört gatly jaýlaryň öňündäki meýdançada saklandy.Ulagdan düşdik. Açyl aga meýdançada duran ulaglara göz aýlap:
-Bä, bu ýer maşyn bazar ýaly eken-ä - diýdi. Şu jaýlarda ýaşaýan adamlaryň maşynlarydyr-da.
-Hawa, soňky wagtda maşyn has hem köpeldi. Durmuş ýokary göterlip barýa.
-Aý,tüweleme .Onsoň bu maşynlaryň arasynda seňki ýokmy?
-Bar.Ana,sag gapdalyňdaky duran ak " Taýota" meňki - diýenimden ol baryp, maşyny maňlaýyna syldy.
-Nesip etsin, gowy maşynyň bar eken, Myrat jan. Indi men hasam arkaýyn. Çaý-suw içenimizden soň agaňy oba aşyrarsyň-da. Men geplemedim. Içimden, "aýdyp nä körüň bar,.dilinden bela galan adam diýerler saňa" diýip özüme käýindim.
-Bu, diýýänä, Myrat jan on gün bäri münülmän duran maşyna meňzänok.Ýalpyldap dur.
-Aýalymam sürýä. Bize naharlary şu maşynda daşady-da.
-Hä, şeý diýsene.Tüweleme Gülşirin jan nahar bişirmege ökdeligi ýaly maşyn sürmänede ökdedir-le.

Ikinji gata çykyp, gapydaky jaňyň dügmesini basdym.Gapyny açan Gülşirin yzymda ýyrşaryp duran Açyl aga nazary düşenden "Muny näme tirkäp geldiň, on günläp bakanym ýetmeýämi" diýen manyda ýüzüni çytdy.Men süýem barmagymy dodagyma basdym. Şundan soň ol salam berip:
-Geliň, geçiberiň-diýdi.Açyl aga dälize girenden Gülşirini hemişekisi ýaly öwüp başlady:
-Hawa,Gülşirin jan,dogrymy aýtsam,biziň dertden halas bolup,aýak üstüne galmagymyza birinjiden doktorlaryň emi bolsa,ikinjiden seniň süýjiden süýji naharlaryň sebäpkär boldy.
-Sag bol,Açyl aga.Men siziň geljegiňizi bilmedim.Myradyň özüne unaş dagy edip beräýerin diýip,hamyr kesip goýupdym.Günortanam golaýlap gelýe.Indi palaw daga ýetişmerin.
Gülşiriniň sözi Açyl aga yokmady.Ol kellesini gaşap,çalarak ýylgyrdy-da:
-Aý,Gülşirin jan, günortanlygyy hökman on ikide iýmeli diýen ýeri ýok. Ony birde,ondan soňragam iýseňem bolman duranok.Şonuň üçin gyssanman palaw etseňem ediber, aýym-diýdi. - Onsoňam men size ýöne ýere gelmedim. Myrat jan bilen kyýamatlyk aga-ini bolan ýaly boldyk.Nesip bolsa mundan beýläk sylaşyp gatnaşarys diýen tamam bar - diýip, maňa ýaňy aýdan sözlerini gaýtalady.Gülşirin ajy ýylgyryp, çykyp gideninden oňa Açyl aganyň "ýüreginden syzdyryp" aýdan sözleri gowy täsir etmändigini duýdum.
Şeýle-de bolsa, bir salymdan çaý bilen saçak, bir ýarym sagatdanam palaw geldi.Şu aralykda Açyl aga dünýäniň aňyry çetinden girip, bäri çetinden çykdy.Özümiň
iş-aladalarym barada pikirlenip oturyp,onuň sözlerini gulagym eşitse-de manysy aňyma ýetip baranokdy.
Palaw gelen badyna Açyl aga aýdyp oturan gürrüňini kesdi-de :
-Bäh,sadagasy gitdigim muň şeýle süýji bolanlygy ysyndan bildirip dur-diýip,ýüzüme gözlerini birhili ýyldyradyp seretdi-de - Myrat jan, sag aman dertden gutulanymyz üçin süýji palaw bilen ajydan elli-elli jyňkydaýsak nädýe?-diýdi.
-Men arak içemok, Açyl aga.
-Hä, hawwa, sen maşyn sürmel-ow, içseň bolanok. Dogry edýäň. Menem ýeke özüm içip otursam gelşigi bolmaz-ow, ýa-da zyýany ýokmy?
-Gülşirin! Açyl aga içjek diýýe, arak bolsa getir!-diýip gygyrdym.Aňyrdan "arak ýok, agaran bar" diýen jogap geldi.
-Aý bolmasa zyýany ýok, men bir tost aýtmak bahanasy bilen gowy arzuw-dilegler edäýjekdim.
-Onuň ýaly zatlar göwnüňde bar bolsa, nahardan soň töwür galdyranyňda ediber.Arak bilen edilen arzuw-dilege garanda töwür bilen edileni has kabul bolýa dälmi?

-Dogry,dogry aýdýaň. Şeýdäýeris. Hany onda aldyk. Bismilla-diýip palawa başlady.
Nahardan soň ol töwür galdyryp, aýdyşy ýaly uzyndan uzak arzuw dilegler etdi.Soňra gidermen bolup:
-Hany, Myrat jan, bir gaýrat et - diýdi.
Serwantyň çekmesinden ulagyň açaryny alanymy gören Gülşirin:
-Hä sen nirä barýaň?-diýdi.
-Açyl agany eltip gaýtmaly.
-Hassahanadan çykanyň ýaňy. Indi-de uzak ýola maşyn sürüp gitjekmi?!
-Nätdiňaýt,Gülşirin jan.Hassahanadan saglygymyz tut ýaly bolup çykdyk.Onsoňam biziň oba o diýen daşam däl.Güýziň mylaýym howasynda bir salym aýlanyp gaýdar-da.
Gülşirin geplemän aşhana çykyp gitdi. Açyl aga çykyp barýakak:
-Gülşirin jan, hoş, eden hyzmatyňa sag bol, aýym, ömrüň uzak bolsun-diýdi.
Daşary çykyp, ulaga mündik. Açyl aga ardynjyrap ýüzüme bir hili ünjüli seretdi-de:
-Myrat jan, sen aýyplaşma, ýanymda pulum galmandyr.Ýol ugruna dükana girip,çagalara süýji-püýji alyp gideli.Maňa bir bäş-alty manat berip dur-diýdi.
-Ýanymda köp pul ýok, baryny bereýin-diýip,jübimden on manat çykaryp berdim.
Ýol ugruna bir dükanyň deňinde ulagy sakladym.Açyl aga girip süýji kökemi, kemputmy, bir zatlar alyp çykdy.
Şäherden çykyp uly ýola düşdik.Çärýek kem bir sagat ýol ýöräp,Açyl aganyň obasyna baryp ýetdik.Ulag onuň jaýynyň öňünde saklanandan şol ýerde oýnap ýören alty-ýedi ýaşlaryndaky çagalar "atam geldi,atam geldi" diýip gygyryşyp,bizi gurşap aldylar.Öýden aýaly hem çykyp geldi.Salamlaşyp,saglyk-amanlyk soraşylandan soň Açyl aga elindäki düwünçegi aýalyna uzadyp:
- Çagalara süýjüden berişdir - diýdi.
Soňra meni "kyýamatlyk inim" diýip tanyşdyrdy.Jaýyň arka tarapyndaky bassyrmanyň aşagynda düşek ýazylan eken.Men şol ýere geçip,dyzymy epdim.Aýalynyň getiren saçagyndan duz datdym-da, omyn edip,ýerimden turdym.
-Ahow,sen nä derrew turaýdyň, gaýtjak bolýaňmy?
-Gaýdaýyn, Açyl aga.
-Bä,bu nähili bolýa,otursaň söwüş etjek diýsem-ä ýalançy, towuk öldürjegim çynym.
-Sag bol, Açyl aga, irgözünden gaýdanym gowy.
-Dur onda, boş gitme-diýip, içersine girip,iki sany kädi göterip çykdy.

-Seni boş gaýtaryp bolmaz, Myrat jan, özümiziň mellekde biten, biçak süýji bular.
-Gerek däl, Açyl aga, biziň öýde kädi iýlenok.
-O nähili iýlenok, kädi diýeniň behiştden çykan nygmat. Muny iýeniňde demiň sanalmaýamyşyn-diýip,kädileri ulagyň yzky gapysyny açyp,oturgyçyň üstüne atdy-da:
-Al onda, ýoluň bolsun!-diýip, ellerini ýüzüne syldy.
Ýene-de şonça ýoly söküp, lutum çykyp öýe geldim. Gülşiriniň igenjini-de diňlemän ýatylýan otaga girip gaýşardym.
Aradan üç gün geçip, bazar geldi.Dynç güni bolansoň hemmämiz öýdedik.Bir mahal günortana golaý jaňyň düwmesi basyldy.Gülşirin aşhanada nahara seredip ýörensoň özüm baryp gapyny açdym.Ilkinji gözümiň göreni çat maňlaýymda ýyrşaryp duran Açyl aga boldy.Onuň yzynda aýaly, hem-de bir boýy ýeten gyz durdy.
-Essalawmaleýkim,inim Myrat jan! Sag-aman otyrmysyňyz.Bizem gellejeň bilen bazara gelipdik.Işimiz bitdi.Onsoň sizdenem bir habar tutup geçäýeli diýdim.
Men bir bada näme diýjegimi bilmän ýaýdandym.Ýöne gelen adama ýüz bermän bolýamy:
-Geliň,geçiň. Görüşmänimize-de üç gün bolaýdy öýdýän -diýdim. Açyl aga meniň "üç güni" ýatladanyma düşünmedi ýa-da düşünse-de pitiwa etmedi.Olar güpürdeşip,dälize girenlerinde aşhanadan Gülşirin çykdy.Ony gören Açyl aga:
-Gülşirin jan, gurgunmyň,aýym. İne menem gelnejeň bilen bir jigiňem siziň bilen tanyşdyraýyn diýip,ýol ugruna sowulaýdym-diýdi.Gülşirin dessur boýunça aýallar bilen görüşmeli boldy.Soňra ol:
Geçiň oturyň,Açyl aga - diýdi-de maňa "bäri gel"diýen manyda ümledi.Onuň yzyndan aşhana bardym.
-Nahary nädýes? Men diňe özümize bolar ýaly edip garapdym-diýdi. Men:
-Tüwüsini salmadyk bolsan, şüle bolar ýaly köpräk suw guýup, köpräk tüwi ataý-diýdim.
Gülşirin aýdyşym ýaly etdi. Nahar ýetip artdy.Nahardan soň Açyl aga töwür galdyryp, hemişekisi ýaly doga-dilegler etdi. Soňundanam:
-Gülşirin jan - diýip, bir ardynjyrady-da - senden bir haýyşym bar, aýym, soňky wagtda bi gellejeňiň kän bir ýarawy bolman ýör.Muny hassahana getirip bejertmesek boljak däl.Obadan munyň yzyndan gatnajak adam ýok.Çaý-suwuna özüň seredersiň ... Gülşirin "bu nähili boldy?" diýen manyda maňa seretdi-de:
-Göreris, Açyl aga, elimiň ýetdiginden - diýdi.
-Aý,berekella, aýym, senden tamamam şeýle .Onda ekin-dikinleri ýygnaly,

onsoň gelejeňi getirerin-diýip, bir ardynjyrap maňa ýüzlendi:
-Indi Myrat jan biz gaýdaýaly.Gelnejeň, jigiň bilen ýolda süýrenişip ýörmäli, gaýrat et-de bizi oba taşlap gaýdaý.
Gülşirin geplemän, geplese bozjagyny bilip, çykyp gitdi. Menem näme bir ýaşuly adam haýyş edip duransoň, nätjek, eltip gaýtmaly boldy.
Gaýdyp gelenimde Gülşirin tulum ýaly çişip oturan eken.
-Maşyny täze tapan "agaňyň" ýolunda tozdurýan bolduň-diýip hüňňürdedi.
-Giňräk bolsana, bir ýaşuly adam ýüz edip duransoň nädeýin.
-Onuň ýüz etmesiniň yzy üzülmez, görersiň entek.
Gülşiriniň aýdany dogry bolup çykdy.Ýeneki bazar güni Açyl aga yzynda iki adam bilen "Essalawmaleýkim" diýip girip geldi. Gülşirin "aýtmadymmy" diýen manyda maňa seredip goýdy.
Geçip oturyp, saglyk-amanlyk soraşylandan soň Açyl aga söze başlady:
Inim Myrat jan, bu kişi bajam, bu ýigit bolsa uly gyzymyň adamsy giýewimiz.Bularyň hem bazarlyk işi bar ekeni.Üç bolup aýlanyp,işlerimizi bitirdik. Onsoň sizdenem bir habar tutaýyn hem bulary siziň bilen tanyşdyraýyn diýip sowulaýdyk-diýip,ýoldaşlaryna garap dowam etdi-Myrat jan bilen kyýamatlyk aga-ini bolduk. Bi eli açyk, göwni açyk, sahawatly ýigit. Myhmandan hyzmatyny aýamaýar. Sizem mensiz gelseňizem, çekinmän gelibermeli.
Gülşirin bir eli bilen agzyny ýapyp, ýüzüni kesä sowdy.
Açyl aga indi oňa ýüzlendi:
-Gülşirin jan, biziň üçin uly alada edip oturma. Aňsadyrak unaş dagy etseňem bolýa, aýym.
Gülşirin gözüniň güýtagy bilen maňa seretdi-de:
-Açyl aga, men size unaş däl, palawam bişirip bererdim. Ýöne gaz öçdi. "04-e" jaň etsem "sagat altydan soň bolar" diýdiler. Şonuň üçin Size çaý hem berip bilmän otyryn-diýdi.
Men Gülşiriniň pirimine düşündim. Açyl aga bolsa göwnüne hiç zat getirmän:
-Bä, altydan soňa çenli otursak gaty giç bolar. Nesibämizde ýokdur-da. Onda Myrat jan, bizi ir gözünden taşlap gaýdaý.
Indi menem Gülşiriniň ýoluny etmesem bolmady:
-Açyl aga, janym bilen eltip gaýdardym. Ýöne maşyn bozuk. Bejertmeli bolup dur.
Şundan soň Açyl aga bir zatlary aňşyran ýaly boldy.
-Bä, gaz ýok, maşyn bozuk. Biýä birhili boldaýt-diýip hüňňürdedi. Men:
-Nesibäniň işidir-de - diýdim. Ol:
-Bolýa-da - diýip ýoldaşlary bilen turup, gapa ýöneldiler. Şol wagt Gülşirin aşhanadan onuň berip goýberen kädilerini alyp çykdy-da:
-Açyl aga, şu kädileriňi alyp gitseň gowy bolardy. Bizde muny iýjek adam

ýok. Duruberse zaýalanar - diýdi. Açyl aga Gülşirine bir hili kineli seretdi-de:

-Düşnikli, iýmeseňiz özümiz bal ýaly edip iýeris-diýdi-de  kädileri alyp, ýoldaşlary bilen çykyp gitdi. Şundan soň Açyl aga gelmedi. Gaty oýkelän bolmaga çemeli. Adamy öýkeletmeli däl welin,Gülşirin birneme darlyk edäýdi-de.

# Aldarköse we ependi
## (degişmeli hekaýa)

Söwdagärlik edip, peýda gazanmak hemme zamanda-da ýörgünli bolupdyr. Bu işde hatda Aldarköse we Ependi ýaly özboluşly häsiýetleri bilen meşhurlyk gazanan şahsyýetler hem baş goşmaga synanyşypdyrlar.

Günlerde bir gün Aldarköse irden Ependiniň ýanyna gelipdir.Ependi ony görenden "Bä,bu deýuş gel-gel indi meni aldawa salmakçymyka?"diýip içini gepledip,kän bir ýüz bermändir.Şonda-da Aldarköse mylaýym ýylgyryp:

-Gadyrdan Ependi,-diýip,söze başlaýar.-Senem bir garyp,menem, bir garyp, bu garyplykdan gutulmagyň ýoluny men tapdym, senem tapsaň bolmaýamy?

Ependi onuň sen ýok, men ýok, geläga-da, aýdan bu sözüne geň galyp:

-Haý Aldarköse, men şu garyplykdan gutulmagyň ýoluny bilýän bolsam, münüp ýören garry eşegim ata öwrülmezmidi?

-Eger sen meniň aýdanym bilen bolsaň, eşegiňem men diýen bedew ata öwrüler, beýleki zatlaram bolar.

-Bä, sen-ä meniň agzymy süýjedip başladyň, hany aýt nätmeli?

-Iller-ä söwdägärlik edip,weşeň-weşeň pul gazanyp ýör,biziň näme olardan kem ýerimiz barmy?

-Söwdägärlik etmek üçin hem pul gerek,ahyryn,ony men nirden alaýyn?

-Aý Ependi, puly nirden alaýyn diýip geziberseň,ömrüň garyplykda öter.Puluň bolmasa eşegiň bar-a, ony girewe goýup,karzyna pul alaýarlar.

-Haý Aldarköse, sen meni ýekeje eşegimdenem dyndyrjag-ow.

-Eşegiň ata öwrülse ondan dynanyňda näme?Ony girewine goýup pul alsaň,ikimiz bileje işe başlarys.

-Bu garry eşegi girewine alyp, kim maňa pul berer?

-Dogry.Ýöne işi bile etmeli bolsak men bereýin,mende ikimize ýeter ýaly pul bar.

-Bäh! Ýaňy ikimizem garyp, diýmediňmi? Puly nireden aldyň?Ýa birini çükäýdiňmi?

-Aý,ýok-la,Ýörgünli adym Aldarköse bolsa-da,kişini çürkemek ýaly gylygym ýok.Aldasam, degişme üçin aldaýan-how.

-Al,onda.Şu garyplykdan gutuljagym çyn bolsa,seniň aýdanyň bilen bolaýyn.Ýeri,aýt eşegimi girewe goýsam, näçe berjek? Onsoň näme alyp satýas?

Mende ýüz teňňe pul bar. Saňa şonuň kyrk teňňesini berýän.Özümde altmyşy galýa.Men golaýda Garamanly obasyna baryp gaýtdym.Şol ýerde goýnyň derisi, baganasy kän ekeni. Arzanjak alarys, getirip bazarda gymmat satarys.

Ependi kän bir oýlanyp hem durman razylaşdy.Eşegini girewine goýup, Aldarköseden kyrk teňňäni alyp jübüsine saldy.Şeýdip,Aldarköse eşekli,Ependi pyýada Garamanly obasyna ugradylar.Irden ýola çykan Ependi bilen Aldarköse günorta golaý aýdylan oba ýetib bardylar.Aldarköse öň baryp,nirede näme baryny görüp gaýdan ekeni,Ependini obanyň deri ýok ýerine ugradyp, özi bar tarapyna gitdi.Olar harydyny alyp bolanlaryndan soň şu aýrylyşan ýerlerinde duşuşyp,
şähere bile gaýtmaly etdiler.

Ependi öýläne çenli aýlanyp, hiç zat tapman geldi.Aldarköse bolsa bir gap deridir baganany eşege ýükläp getirdi.

-Ahaw, Aldarköse, men-ä öý-öý girip çykdym, deri satjak diýen adam ýog-a.

-Bä! Ol-a bolmandyr.Onda sen puluňa haryt alyp bilmänsiň-ow. Onuň ýaly bolsa, sen pulyňy maňa beräý, girewine ine şu bir gap derini al, özem silkme possuna-da,silkme telpege-de ýaraýan deriler.İçinde men diýen bäş-alty bagana-da bar.Näme oýlanýaň,meň saňa kyrk teňňäniň girewine altmyş teňňelik deri berýän-ä!

Ependi nälaç razy bolan boldy. Kyrk teňňäni berip bir gap derini aldy.

-Al indi Ependi sen gidiber,ertir irden bazarda duşarys.Men giçlige çenli aýlanyp,şu kyrk teňňä-de haryt aljak.

Ependi bu teklibe-de razy boldy.Bir gap derini arkalap,şähere ugrady.Aldarköse bolsa haryt almak üçin eşekli oba aýlanmaga gitdi.

Ertesi olar bazarda duşdylar.Ependi haltany arkalap, gijiräk bardy.

Aldarkösäniň, irden söwdasy oňan bolmaga çemeli, diýseň keýpi kökdi.

-Hä,gadyrdan Ependi, geldiňmi. Men-ä senden alan kyrk teňňäme düýn deri aldym.Irdenem söwda etdim.Meniň derilerimi bäri al.

Eşegiňem,hol gawunçynyñ arabasyna daňyp goýdum.Saña girewine beren kyrk teňňämem özümde, indi eşek seniňki, münüp gidiber.

Ependi ýeserlik bilen ýylgyrdy.

-Bä,Aldarköse!Sen adamlary degişme üçin aldaýan diýseñem, meni bu aldanyň çyna meñzeýär-ä!

-Ýok, gadyrdan Ependi, men seni degişmedenem, çyndanam aldamadym.Hemmesi kada boýunça.Girewine eşegiñi berip, kyrk teňňe aldyňmy aldyň.Menem girewine deri berip, senden kyrk teňňe aldymmy,aldym.Düzgün boýunça girewine goýlan zatlar puly gaýtarylandan soň eýesine gaýdyp berilýär.Bizem edil şeýle etdik.Hany bu ýerde aldaw?

-Eý,Aldarköse, hany aýt, seniňçe men näme peýda etdim.Saňa eşegi berip oba özüm pyýada baranymmy, munuň üstesine seniň bir gap deriňi arkalap şähere ýene pyýada gelenimmi? Eden peýdam şumy?

Ýok, gadyrdan Aldarköse, men seniň pirimleriňi turuw başdan

bilýädim.Saňa öňden gepleşip goýan zatlaryňyalyp gaýtmaküçin ulag gerekdi.Ýogsa-da sen on teňňä durmaýan garry eşegi girewine alyp kyrk teňňe berermidiň.Menem "Hä,bolýa-da kim kimi aldarka?" diýip seniň ähli aýdanyňa razy bolupdym.Maňa berip,ýene gaýdyp aljak kyrk teňňäň özüňde durubersin.Ol garry eşegem seniňki.Düýn menem gara dere batyp göterip gaýdan altmyş teňňelik derileri satyp, irden mal bazaryna bardym-da bir alaşa aldym.Bu gapdakylar seniň derileriň däl,şol atyň eýer, ýapynjalary.

-Eý, Ependi, aýdýanyň näme?!

-Aýdanym eşideniň.Özüň başda, meniň aýdanym bilen bolsaň eşegiň ata öwrüler diýmediňmi? Aýdyşyň ýalam boldy.Sag bol.

Aldarköse gaharynamy, aljyranynamy,eňegindäki dört tar seýrek sakgalyny ýolup başlady.

# Goýun söwdasy
## (Degişmeli hekaýa)

Esen aga pensiýa çykanyndan soň aýalynyň ökçesiniň aşagyna düşdi oturuberdi.Öňem aýaly oňa garanda birneme rüstemiräkdi.Emma indi ähli erk-yhtyýar aýalynyň eline geçdi."Är garrasa aýal är bolar" diýen nakyl çyn ekenow" diýip, Esen aga içini hümlederdi.Ol dawa-jenjeli gowy görmeýän adam bolany üçin içindäkini daşyna çykarmazdy.Näme iş bolsa-da alajy baryça aýaly bilen ylalaşjak bolýardy.Munuňam esasy sebäbi aýalyna gowy görünip, hepdede bir-iki gezek piwo puly alýardy. Ol piwony diýseň, gowy görýärdi.Işläp ýören wagtynda aýlyk alan güni ýoldaşlary bilen piwohana baryp piwodan gerk-gäbe doýup gelýärdi.Ol mahallar aýaly çalarak närazylyk bildirse-de, kän bir gatyrganyp söz aýdyp bilmezdi.Häzir bolsa başgaça...Esen aganyň aýalynyň buýurýan ýumuşlaryndan başga ýekeje güýmenji - birje bag goýunydy.Ol ertir irden, günortan,öýlän,giçligara goýnunyň otuna suwuna seredip,onuň bilen dertleşýän ýaly ýarym sagatlap maňlaýyna geçip oturýardy.

Günlerde bir gün goýuny öz özünden mälemäge başlady.Esen aga her hili emel edip gördi,emma goýnuň agzy ýapylmady.Gaýtam gün-günden beter gulaklary kamata getirip mäleýärdi.Aýratynam, bu sese  aýaly Güljan daýza çydap bilmeýärdi.

-Gümüni çek munuň, eger señ  bilen bile doguşan bolsa-da - diýip, ol Esen aga azgyrylyp başlady.Esen aga aýalynyň gepine çydap bilmän, goýuny iküç ýola bazara eltip, gaýtaryp getirdi.Agzy dynman mäläp duran goýny kim alsyn.Güljan daýza bolsa "Nätseňem meniň gulagymy dyndyr" diýip ärini gyssaýardy.

-Ýok etsene, şu artyp galmyşy.Eger näçe bolsa-da satsañ, pulunuň ýarysyny saňa bereýin - diýip, aýaly Esen agany maddy taýdan höweslendirmekçi boldy.Hakykatdan hem bu söz Esen agany has gaýrata galdyrdy.Çünki goýnuň pulunyň ýarysyny alaýsa näçe wagtlap, hezil edip piwo işjekdi. Ol nobatdaky bazar güni goýnuň agzyny inçejik sim bilen daňyp, "Moskwijiniň" syrtyna salyp,bazara ugrady.Bazarda goýnuň daşyndan görnüşine gyzyp hyrydarlaryň biri ony alarman boldy.Bahasyny-da ylalaşdylar.Onsoň hyrydar:"Hany munuň dişini bir göreýin,garrymy,ýaşmy?" diýip goýunyň agzyny açmaga synanyşdy.Sim bilen baglanan agyz açylýamy näme.Ine şonda ol goýunyň derisiniň reňki bilen reňkdeş bolany üçin göze dürtilip durmadyk inçejik simy görüp galdy.

-Ahow,musulman, bu edip goýan işiň näme? Näme sebäpden bu janly janaweriň agzyny daňyp goýduň?Aýyr hany simy,diýşini görjek diýip hyrydar Esen aganyň üstüne gygyrdy.

-Aý,oglanlar oýun edip daňandyrlar, meniň habarym ýok-diýip Esen aga

simy aýyranam şoldy welin goýun:-mä-ä-ä...edip zörlediberdi.
Hyrydar agzy daňylany üçin mäleýändir, häzir dynar öýdüp bir salym garaşdy.Emma goýun dynar ýerde dynmady.Ine, şundan soň Esen aganyň syry paş boldy.Bu goýunyň üýtgeşik mäleýşine töwerekdäki adamlar haýran galyp,bir goýuna,bir Esen aganyň ýüzüne seredýärdiler.Goýun almakçy bolan hyrydar bolsa Esen aga:
-Sen moşennik ekeniň!-diýdi.Esen aga näme diýjegini bilmän adamlaryň ýüzüne naýynjar seredýärdi.Şonda olaryň biri: "Saňa kezzap diýýä"diýip "moşennik" diýen sözi terjime eden kişi boldy.Esen aga hiç zat diýmän elini bir siltedi –de, bazaryň aňyrky çetine gitdi.Bir mahal mäläp duran goýunyň ýanyna bir daýow pyýada gelip,arkasyna elini basyp, arryk-semizini barlap gördi-de:
-Bu näme agzyny açyp dur-diýip, gaty ses bilen sorady. Esen aga onuň kerdigini aňsa-da aldamak islemedi:
-Mäläp dur, ot iýýän wagty boldy-diýdi. Ol adam Esen aganyň dodaklarynyň gymyldanyna seredip durup, onuň aýdanyna özüçe düşindi-de:
-Hä,agzyndan dem alyp dur, diýsene. Burny dykylandyr, bir asgyrsa açylar-da - diýdi.- Hany onda bahsyny aýt, näçe diýýaň?
Esen aga bir barmagyny çommaldyp görkezdi.
-Hä, bir milýon. Ýok munyň köpräk bolýa.
-Soraber,bazardyr-diýip, Esen aga onuň gulagyna gygyrdy. Hyrydar kerem bolsa sada däl ekeni.
-Bäş ýüz-diýip ýary bahasyna sorady.Esen aga kellesini ýaýkady.
Ol barmaklaryny görkezip, hyrydar bilen bir salym 7söwdalaşdylar.
Ahyr soňunda Esen aga goýuny ýedi ýüz müňe ýelmäp, yzyna seretmän bazardan çykyp gaçdy.Esen aga ýol boýy goýunyndan aýra düşenine gynansa-da, pulynyň ýarysyny aýalynyň berjekdigine, ol pula tomus geçýänçä hezil edip piwo içjekgidigine begenip geldi. Ol "Moskwijini"derwezäniň öňünde saklap, puly üç ýüz elliden ikä böldi-de her haýsyny bir jübüsine saldy.
-Keýwany, goýuny satdym!-diýip, Esen aga büşluk habar getiren ýaly gygyryp içeri girdi.Güljan daýza-da gulagynyň dynanyna begenip, äriniň ýüzüne gülüp seretdi-de:
-Näçä satdyň?-diýip sorady.
-Ýedi ýüze.
-Arzanrak beripsiň. Aý, zyýany ýok. Hany puly ber.
Esen aga bir jübisindäki puly çykardy:
-Ine, keýwany,saňa üç ýüz ellisi. Üç ýüz ellisi özüňiň aýdyşyň ýaly maňa.
-Bu edişiň meniň aýdyşym ýaly bolanok.Men saňa goýuny satsaň pulynyň ýarysyny alyp galaý diýmedim.Goýuny satsaň pulunyň ýarysyny saňa

bereýin diýdim gerek?
-Hawa, bereýin diýdiň.
-Onda alyp galanyňam ber bäri.Men saňa öz elim bilen bereýin.
-Onuň tapawudy näme, keýwany?
-Tapawudyny bereniňde bilersiň.
Esen aga nälaç beýleki puly-da çykaryp berdi.Güljan daýza iki puly goşup içinden üç sany onlugy soguryp aldy-da:
-Ine,saňa şu ýeter.Piwony köp içseň zyýanmyş - diýip,pullary ýygşyryp goýmak üçin içerki otaga girip gitdi. Esen aga aýalynyň eline tutdyran üç sany onluga seredip durşuna "Moşennik" biziň öýde eken-ä" diýip içini hümletdi.

# Ýatlamalar

## Beýik babadaýhan

### (Türkmenistanyň Gahrymany Sadulla Rozmetow barada ýatlama)

Diýarymyzyň islendik künjegine baryp, “Sadulla Rozmetow kim?” diýip sorasaňyz, ýedi ýaşardan ýetmiş ýaşara çenli ony bilmeýän adam bolmasa gerek. Hatda bir wagtlar Sadulla aga barasynda halkyň arasynda rowaýata meňzeş gürrüňler hem ýaýrapdyr.Olaryň birinde “Sadulla aga ösümlikleriň dilini bilýärmiş, pagta meýdanlaryny aýlananda gowaçalar bilen gepleşýärmiş” diýilse, ýene birinde “Sadulla aganyň ýanyna bir kyn ýumuş bilen baran adamyň ýumuşuny ýüziniň ugruna bitirip goýberýärmişin, oturan ýerinde islendik edara jaň etse onuň sözüni hiç kim ýerde galdyrmaýamyşyn” diýilýärdi. Adamyň beýle legendar şahsa öwrülmegi, şan-şöhrata beslenmegi aňsatlyk bilen bolmaýar. “Maňlaýyna ýazylandyr”diýleni hem bar. Ylahyýetden ýazylsa ýazylandyr, emma ykbaly, geljegi adamyň özüne-de baglydygyny inkär edip bolmaýar.

Adamyň ömri menzillerden ybarat diýilýär. Ykbal hem ilkinji menzilden başlanýar. Ýagny, şol döwürden iş tutuşyňa bagly bolup baryberýär. Muny Sadulla aganyň ömür menzilleri mysalynda aýdyň görüp bolýar.

Meniň Sadulla aga bilen tanyşlygym geçen asyryň 60-njy ýyllaryndan başlanypdy. Şol döwürde “Ýangi turmuş” şäher-raýon gazetinde işleýärdim. Redaksiýanyň tabşyrygy bilen Sadulla aganyň kolhozyndan makala ýazmak üçin bardym. Şol döwürde Sadulla aga kyrk ýaşlardaky gujur-gaýraty, parasaty, paýhasy nurana keşbine çogup çykyp duran, Sosialistik Zähmetiň Gahrymany diýen adyň eýesi, atly başlykdy. Men oňa edarasyndan çykyp gelýän wagty, daşky gapynyň öňünde gabat geldim. Salamlaşyp, kimdigimi aýtdym. Ýöne ol iş-aladasy ýetik bolanlygy üçinmi maňa kän bir üns bermedi. “Içeride orunbasar bar, näme maglumat gerek bolsa şondan alyber”- diýdi-de edaranyň öňünde duran “Pobeda” maşynyna münip gitdi. Bu meniň Sadulla Rozmetow diýen adamy birinji görşümdi. Şondan köp wadt geçmän “Ýangi turmuş” gazeti ýapyldy. Men başga işe geçdim. Şondan soň Sadulla aga bilen duşuşmaga sebäp bolmany üçin uzak wagt onuň bilen ara baglanyş bolmady. Haçanda 1968-nji ýylda “Pahtakor” raýon gazeti döredilip, men oňa işe geçenimden soň Sadulla aganyň kolhozyna aýda birki gezek barýan boldum. Ol metbugat bilen gyzyklanýan adam eken. Baranymda oňa duşaýsam saglyk-amanlyk soraşandan soň, käte bize nägilelik bildirip, “Näme üçin pylan ýerdäki gowy işleri göreňzok, şony gazete ýazyp ile ýaýratsaňyz bolmaýarmy?”- diýýärdi, ýa-da raýonyň bir ýerinde özi gören kemçilik bolsa näme üçin şony tankyt edip ýazmaýandygymyzy aýdýardy. 70-nji ýyllara gelip Sadulla aga meniň bilen gyzyklanyp başlady. Munuň sebäbi şol döwürde gazet-žurnallarda çykan meniň makalalarymy we çeper eserlerimi okaýan bolmaga çemeli.1971-nji ýylyň bahar aýydy. Men kolhoza baranymda, Sadulla aga kabinetinde şol döwürdäki raýispolkomyň başlygy Şerip Kalandarow bilen oturan eken. Men gapydan girip salam berenimden Şeripbaý eke: “Ine, özi-de geldi, häzir seni agzap otyrdyk”-diýdi. Şeripbaý eke köňlündäki dilinde, alçak, adamlara mähirli, mylakatly, gowy adamdy. Men onuň gepinden geň galyp “Meni näme diýip agzaýarkalar” diýen pikir bilen görkezilen ýerde oturdym.

 Reýimbaý, näme diýsäne, men: “Sadulla, kolhozyňyň .bu gülläp ösüşini, seniň eden işleriňi bir ajaýyp kino etmek gerek. Şu işi Reýimbaýa tabşyraýsak, özi

senariýsyny hem ýazar, kinoçylary-da tapar”- diýip otyrdym -diýdi. Soň: “-Sen nähili görýäň şol pikiri”?-diýip maňa ýüzlendi. Men:

 Sadulla aga oňlasa edäýeris-diýdim.

Sadulla aga bu pikiri iki elläp goldady. Men ýazyjy dostum Hojanepes Meläýew bilen senarýasyny ýazyp, Türkmenistanyň atly rejissýorlaryndan biri Meret Atahanowyň eline berdik. Ol özüniň operatorlary bilen kolhoza gelip, iküç aýlap filmi surata aldy. Bir bölegini Moskwada aldy. Men işimden boşadygym kolhoza gelip, rejissýoryň ýanynda bolýardym. Senariýa goşmaly ýer bolsa goşup, aýyrmaly ýeri bolsa aýyryp berýärdim.

Şeýlelikde doly metrajly “Ýarmyş yşyklary” atly dokumental film döredildi. Filmiň ilkinji gözden geçirilişine raýonyň, oblastyň ýolbaşçylary hem gatnaşyp, dabaraly ýagdaýda kabul etdiler. Şondan soň film ilki kolhozlarda we respublika telewideniýesi arkaly bir näçe gezek gaýtalanyp görkezildi. Soňra filmiň lentasy Moskwa goýberilip, merkezi telewideniýede hem görkezildi. Şeýlelikde kolhozyň we onuň ýolbaşçysy Sadulla aganyň şohraty soýuza ýaýrady.

1974-nji ýylda men raýon “Pahtakor” gazetine redaktor edip bellenenimden soň Sadulla aga bilen raýonda, oblastda bolýan ýygnaklarda tiz-tiz duşuşýardyk. Käte bile ýanaşyk oturýardyk, ýygnak başlanýança ondan-mundan gürrüň edýärdik. Gürrüň arasynda ol gazetde haýsy ugra köpräk üns bermelidigi, tankydyň dogruçyl, adalatly bolmaklygy hakynda maslahat berýärdi. Bir sapar şonuň ýaly bile oturup galanymyzda men Sadulla aganyň kalbynyň bir gözel tarapyny açdym. Bir mahal ol goltuk jübüsinden bir ýandepderçeni çykardy-da onuň sahypalaryna göz gezdirip başlady. Men: “bu näme?” diýip soranymda ol “Hazyna” diýip jogap berdi. Alyp seretsem hazyna diýdigiçe bar eken. Onuň ähli sahypalary Sadulla aganyň öz eli bilen ýazylan dünýä akyldarlarynyň dana sözlerinden-hikmetlerden doludy. “Elhepus! Bu adam söze beýle belent sarpa goýýan eken-ow” diýip içimi gepletdim. “Zer gadyryny zergär bilýär” diýeni şu-da. Hakykatdan-da ynsanyýetiň beýik arzuwlary, ýagşy niýetleri, haýyr we şer hakyndaky danyşmentleriň hikmetli sözlerini ýygyp,olary hazyna hökmünde ýanynda göterip ýörmegi ýöne ýere däldi. Her bir adam öz ýüregine ýakyn bolan zatlary gadyrlaýar. Sadulla aganyň ýüregi hem şol hikmetleri aýdan beýikleriň ýüregine ýakyn. Pikirleri we niýetleri hem olar bilen kybapdaşdy. Onuň kalby ýanynda göterip ýören “Hazynasyndaky” ýaly ajaýyp arzuwlara, ýagşy niýetlere doludy.

Sadulla aga gözelligiň şeýdasydy. Onuň kalbyndaky gözellik Ýarmyş obasynyň keşbine göçdi. Onuň belent adamkärçiligi, ynsanperwerligi her bir hereketinde ýüze çykýardy. Onuň obada täze tipde döreden gonamçylygy ynsanperwerligiň, adamkärçiligiň belent nyşany bolup, ony döretmegiň özi gahrymançylykly işdir. Ýadymda, Sadulla aganyň şu gonamçylyga ilkinji goýlan adam- dosty, orunbasary Hajy aganyň mazarynyň ýanynda sözlän sözi we soňunda “Alwida, dostum” diýen ýürekden çykan nalasy meniň gözüme ýaş aýlap, ýüregimi dilip goýberipdi.

Men Sadulla aganyň eden işleri barada ýazan makalalarymyň içinde onuň 60 ýaşynyň dolmagy mynasybetli raýon we oblast gazetlerinde çap etdiren “Nurly belentlik” diýen makalam has göwnünden turan bolmaga çemeli, ýubileý dabarasyna baranymda ol elimi gysyp, “Şu makalaň hemme sowgatlardan hem gowy sowgat boldy” diýipdi.

Sadulla aga bilen gatnaşygymyz meniň halypam, özüniň dosty filologiýa ylymlarynyň doktory, Özbegistan ylymlar akademiýasynyň akademigi Matýakup Koşjanowyň üsti bilen has hem ýakynlaşdy. Matýakup aga her sapar Daşogza gelende meniň bilen bile Sadulla agalara barar, üçimiz birki gün bile bolup, köp heňňamlaryň aňyrsyndan girip bärsinden çykýardyk. Sadulla aga şu dostuny örän gowy görýärdi. Onuň gelenine begenýärdi, ýanyndan goýberesi gelmeýärdi. "Matýakup bilen gepleşseň hez edýärsiň" diýýärdi. Matýakup aga hem dosty Sadulla agany oba hojalyk ugrunyň ussat bilermeni hökmünde önümçilikde gazanan üstünlikleri, diňe oba hojalygynda däl, obany abadanlaşdyrmak ugrunda hem bitiren ägirt uly işlerine uly baha berýärdi. Ol özüniň bir kitabyna girizen “"Kerwenbaşy” atly makalasynda dostunyň gahrymançylykly işlerini beýan edipdi.

Sadulla aga täzeçil, köp zatlary öňünden görýän adamdy. Ol Watanymyz Garaşsyzlygyny ele alanyndan soň oba hojalygynyň gurlyşy barada oýlanýardy. Ol bir güni meni ýanyna çagyryp: “Ýurdymyz Garaşsyz boldy, mundan beýläk oba hojalygyny ýöretmegiň ýollary baradaky meniň pikirlerimi respublika gazetleriniň birinde bersek, belki adamlar makullar”-diýdi. Men- Prezident nähili gararka siziň teklibiňize?-diýdim. Ol: “Prezidentiň özi-de “Täze teklipler bolsa orta taşlabermeli” diýipdi”-diýdi. Şondan soň “Türkmenistan” gazetinde oba hojalygyny ýöretmegiň täze ýollary barada Sadulla aganyň meniň bilen söhbetdeşligi (interwýusy) çap bolup çykdy. Gazetdäki çykyşdan soň Prezident Saparmurat Türkmenbaşy bir ýygnakda “Sadullanyň kolhozyna baryň, onuň täze tekliplerini, işlerini öwreniň” diýipdi. Oba hojalygynyň häzirki düzümi bolsa şol söhbetdeşlikde Sadulla aganyň aýdan pikirleri esasynda guraldy.

Beýle seredeniňde uly hojalygyň iş aladasy başga zatlara wagt galdyrmajak ýaly. Emma Sadulla aga adamlara ruhy azyk berýän edebiýat, sungat, taryh, ylym we tehnika täzelikleri, şonuň ýaly-da dünýä habarlary bilen içgin gyzyklanýardy. Her sapar ikiçäk oturanymyzda şu ugurlaryň birkisi barada gürrüň ederdik. Ol kitaphondy. Eline düşen kitaby ahyryna çenli, onda-da tankydy nazar bilen okaýardy. Her sapar Matýakup aga geleninde esasy edilýän gürrüň edebi eserler barasynda gidýärdi. Bir sapar ol Matýakup aganyň bir ýazyjynyň romany barada ýazan syny hakynda söz açyp, eseriň bir kemçiligini aýtdy. Şonda Matýakup aga: “Siz başlyk däl, tankytçy bolmaly ekeniňiz. Meniň nazarymdan sypan kemçiligi hem görüpsiňiz” diýip ýylgyrdy. Matýakup aga maňa garap: “Sadulla ekäniň adamlara nusgalyk ömri, zähmet ýoly iş tejribeleri bir romana material berýär. Ýazsaň bolmaýarmy?” diýdi. Roman ýazyldy, bir ýylyň dowamynda. Matýakup aga indiki geleninde öz teklibi boýunça ýazylan romany Sadulla aganyň kolhozynyň daçasynda üç gün oturup oňa okap berdim. Ol romany makullady. Sadulla aga bolsa başga isleg bildirdi. Ol: “Roman çeper eser, onda dokuma wakalar hem bar. Onsoňam ol Reýimbaýyň eseri. Menem öz durmyşym barada öz adymdan geljekki nesillerime ýadygär bolar ýaly bir kitap galdyrasym gelýär” diýdi. Sadulla aganyň ömür beýany hakyndaky “Garaşsyzlyk ömrümiň röwşenligi” atly kitaby 2001-nji ýylda “Ruh” neşirýaty tarapyndan çap edildi. Kitap 2001-nji ýylyň fewral aýyna çenli bolan ýaşulynyň durmuşy bilen bagly wakalary öz içine alýardy. Şundan soň aradan dört ýyla golaý wagt geçdi. Şu arada Sadulla aganyň durmuşynda ençeme möhüm wakalar bolup geçdi. Sadulla aga bu wakalary hem goşup kitabynyň ikinji neşrini hem çap etdirdi. Ýaşulynyň ömriniň ahyryna çenli bolup geçen esasy wakalary öz içine alýan kitabynyň üçünji neşri ogly Rozumbaýyň başlangyjy bilen wepatyndan soň 2012-nji ýylda çap edildi. Bu bolsa

ogluň atasyna bolan çäksiz hormatynyň nyşany boldy.

Bu kitaplary okan adam Sadulla agamyza Türkmenistanyň Gahrymany, Hormatly il ýaşulusy diýilýän hormatly atlaryň we beýleki döwlet sylaglarynyň ýöne ýere berlen däldigine, bu belent derejeleriň aňyrsynda ömür boýy çekilen tutanýerli zähmetiň, halkyň, Watanyň hyzmatyna bagyşlanan çuň mazmunly ömrüň ýatýandygyna göz ýetirýär. Men bolsa Sadulla aga bilen kän ýyllaryň dowamynda gadyrdan dost sypatynda gatnaşyp, köp meseleler barasynda içgin söhbetleşip, maslahatlaşyp, ajaýyp häsiýetlerini, dünýägaraýyşyny, ruhyýetini öwrenip, onuň beýik adamdygyna göz ýetirdim.

Beýik adamlara mahsus bolan häsiýetleriň birinjisi sadalykdyr, galyberse salyhatlylyk, ynsanperwerlik, durnuklylyk, mertlikdir.

Öziniň zähmetiniň arkasyndan beýiklik derejesine göterilen Sadulla aga ýokarda aýdylanlardan başga-da ajaýyp häsiýetleri bilen halkyň çuňňur hormatyny gazanan adamdyr. Onuň at-abraýy, jemgyýetde tutýan orny örän saldamlydy. Şeýle bolansoň oňa döwletimiziň ýolbaşçylary hem uly sarpa goýýardylar. Paýtagtymyzda bolan bir uly ýygnakda Saparmyrat Türkmenbaşy ýanynda otyran Sadulla agany görkezip, “Adamlar, Sadulla beýik babadaýhandyr!” diýip seslendi. Bu bolsa Sadulla aganyň daýhançylyk diýilýän örän çylşyrymly we ýeňil däl işi has belentlere göterip şunuň bilen öziniň hem beýiklik derejesine ýetenliginiň döwlet ýolbaşçysy tarapyndan ykrar edildigidi.

Aýratyn-da Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow ýaşulyny biçak hormat edýärdi. Onuň bilen nirede duşuşsada, hal- ahwal soraşyp, oba hojalygy barada söhbetleşýärdi, degerli maslahatlary kabul edýärdi.

Daragt ýykylanda onuň belentligi has belli bolýar diýilişi ýaly onuň namazyna gatnaşan san-sajaksyz adamlaryň biriniň “Dag agdarylan ýaly boldy” diýmegi halkyň Sadulla aga garaýyşyny aňlatsa, ýaşulynyň kyrk sadakasyna hormatly Prezidentimiziň öz egindeşleri bilen gelip, aýat-töwür etdirip gitmegi hem-de ministrler kabinetiniň karary esasynda ör boýuna galdyrylyp, bronzadan heýkel goýulmagy Sadulla aganyň döwlet derejesinde tutýan ornunyň we oňa bolan çuňňur hormatyň nyşany boldy.

Bu beýik zähmetkeş ynsana bolan hormat hiç haçan egsilmez, hatyrasy hemişe belentde tutulyp, ýagty ýadygärligi kalplarymyzdan öçmez.

# MÄHRİBAN YNSANDY
## ( Halypamyz Beki agany ýatlap )

Adamyň beýnisi geçen wakalary,hadysalary,edilen gürrüňleri,dürli görnüşleridir keşpleri özünde saklaýan hazyna çalym edýär.Şu saklanýan zatlaryň içinde hakydada aýratyn möhürlenip galanlary bolýar.Beki aganyň keşbi hem meniň hakydamda möhürlenen keşpleriň biridir. Her sapar bu söz ussadyny ýatlanymda,onuň ýeserlik bilen gülüp seredýän gözi, häzir bir degişme sypaýjak ýaly duýulýan dodaklary göz öňüme gelýär.

Beki aga duşanyňda,ol adatdakysy ýaly "niçik?" diýip,degişip soraşardy.Onuň "niçik?" diýen sözüniň äheňinde-de degişme bar ýaly duýulýardy.Emma ol hemişe şeýle däldi.Bir zadyň pikirini edip oturan wagty agras ýüzli,dymma adama meňzeýärdi.Nämedir bir zada wagty hoş bolup,ýüzi açylanda,bulutly asmanda Gün çykan ýaly tutuş keşbi nurlanyp,agraslykdan nam-nyşan galmaýardy.Ýene degişgen,şadyýan adama öwrülýärdi.Beki aga ruhy dünýäsiniň öwüşgni keşbinde şöhlelenip durany üçin,örän ýakymly görünýärdi,başgaça aýdanda,onuň ýüzünde özüne çekiji many gözelligi bardy.

0l adamlara ýagşylyk etmegi gowy görýärdi,elinden gelen kömegini hiç kimden aýamazdy.Men muňa öz durmuşymda birnäçe gezek,hatda onuň bilen ilkinji gezek duşuşyp,tanyşan günümde-de göz ýetiripdim.Bu şeýle bolupdy.1962-nji ýylyň awgust aýydy.Bir gün meni ýazyjylar birleşiginiň Daşoguz welaýat bölüminiň kätibi Hangeldi Garabaýew çagyrdy. Ol:

-Aşgabatdan ýazyjylar soýuzynyň başlygy Beki Seýtäkow jaň etdi.Seni Daşkende ýaş ýazyjylaryň maslahatyna çagyrypdyrlar, gitjekmi?-diýdi.Men:

-Gideýin, haçan gitmeli, nädip gitmeli?-diýdim.

-Beki Seýtäkow: "Şol oglany meniň ýanyma iber" diýdi.Bar,özi aýdar haçan gitjegiňi.

Şol günüň ertesi işimden jogap alyp,(Şäher gazetinde edebi işgär bolup işleýärdim)Aşgabada uçdum.

Aşgabada ilkinji gelşim-hiç ýeri bilemok,elimde-de agyr ýük-Hangeldi Garabaýewiň Beki aga berip goýberen alty sany gürbek gawuny.

Aeroportdan Hangeldi aganyň beren telefonyna jaň etdim."Alo,kim? " diýen birneme garyljak ses eşidildi. Men:

-Salawmaleýkim,Beki Seýtäkowiç, men Sabyrow,Daşoguzdan geldim, çagyran ekeniňiz... Aeroportda durun-diýdim.

-Gelen bolsaň,geliber-dä, näme, seniň öňüňe orkestr çykarmalymy?!-diýip,gaharlyrak gepledi.

Men birhili boldum, ýöne aljyramadym:

-Bäş-alty gürbek getiripdim, ony nirä eltjegimi bilemok.

-Hä, ilki şeý diýseň bolýar-a.Garaş häzir bir "Pobeda" barar.

Beki aga gürbek gawuny ähli ir-iýmişden gowy görýärdi.Aýdyşy ýaly,köp garaşdyrman "Pobeda" geldi.Sürüjiniň ýanynda ýene bir adam bardy.Bizi ýazyjylar birleşiginiň edarasynyň öňünde düşürip, maşyn gitdi.Ýoldaşym meni Beki aganyň kabinetine alyp gireninde,uly stoluň aňyrsynda oturan yzyna daralan gür saçynyň bir tutam ýeri uzynlygyna agaran, agras ýüzli adama gözüm düşüp,sussum basyldy, zordan salam berdim.

-Niçik, how?Hany,gel bakaly-diýip,ýylgyranda,onuň ýüzi açylyp, bulutly asmanda Gün çykan ýaly boldy.Şunuň bilen meniň aljyraňňylygym hem aýryldy.Ol:

-Seni özbekler näme diýip çagyryp ýörler?! Daşkent bilen nähili gatnaşygyň bar?-diýip sorady.

-Daşkentde okadym.Daşary ýurt dilleri institutynda.Milletim özbek.Özbek dilinde-de ýazýaryn.Daşkendiň gazet-žurnallarynda iki-üç hekaýam çykypdy-diýdim.

-Hä, diýmek, hekaýalryňda bir tutaryk bardyr, ýogsa çagyrmazdylar-diýdi-de,Beki aga ýüzüme ünsli seredip:-Diliň-ä türkmençä gelip dur,türkmençe hiç zat ýazaňokmy?-diýip sorady.

-Oblast gazetine makala dagy ýazýan.

-Çeper eserem ýazjak bolup gör.Ýöne dili gowy öwrenmeli sen.

Men bir zat diýsem, öwünjeňlik bolaýmasyn diýip,geplemedim-de, başymy atdym.

-Maňa ýazylan hatda maslahat Özbegistanyň ýazyjylar soýuzynyň "Dörmen" diýen döredijilik öýünde,özem on gün ýatymlaýyn, iýjek-içjegiňizem mugtmuş.Şeýle-de bolsa,men saňa on günlük ýolharjy bereýin.Munuň ýaly zat bizde birleşigiň agzalaryna berilýär.Senem türkmençe ýazyp başlasaň,bir gün gelip,birleşige kabul edilersiň-dä -diýip,Beki aga sözüniň maňa nähili täsir edenini bilmek üçinmi, synçy nazaryny dikdi.

-Sag boluň, Beki aga.Ýagşylygyňyzy ýadymdan çykarman.

-Men saňa uly bir ýagşylyk edemok.Adam ýagşylygy özüne özi etmeli. Adam özüne özi ýamanlyk hem edip biler.Bu ikisiniň manysyna düşünýäňmi?-diýip, Beki aga ýüzüme ýene çiňerilip seretdi.Onuň bu sözi haýsy manyda aýdany şol pursatda aňyma doly ýetip barmadyk bolsa-da,başymy atdym. Ol düşünmänimi aňyp,sözüni dowam etdirdi.-Ymykly oturyp işleseň,ýazsaň,dil öwrenseň,hökman bir netije berer.Ýaltalyk etseň,işden gaçsaň,özüňe özüň ýamanlyk etdigiňdir.Ýalta üçin ýazmazlyga,baý,bahana köpdür-ow.

Beki aganyň bu öwüdiniň nägadar dogrudygyna durmuş tejribämde mazaly göz ýetirdim.Çünki öz-özüme ýamanlyk edilen wagtlaram az bolmady.

Bu gysga söhbedimizden soň,Beki aga meni aeraportdan getiren adama Daşkende uçýan ertirki uçara maňa petek alyp bermegi tabşyrdy.Soňra maňa garap:

-Daşkentden Ürgenje-de uçar bardyr.Ýöne sen gaýdyşyňa Aşgabada uç, maňa duşup git-diýdi.- Häzir men buýruk ýazyp bererin, öýlän gelip,buhgalteriýadan puluňy alarsyň-diýip,hoşlaşmak üçin,ýerinden turyp, elini uzatdy.Bu uly adamyň entek hiç kim däl,bir ýaş ýazyja beýle hormat görkezýänine birhili boldum.

-Sag boluň, Beki aga , ýagşylygyňyzy ýadymdan çykarman.

-Muny ýaňy-da aýtdyň.Edebi eserde bir sözlemi iki gezek gaýtalasaň bolanok-diýip, Beki aga ýylgyrdy.

Beki aga bilen hoşlaşyp,Ýazyjylar birleşiginiň jaýyndan çykdym,birsalym şähere aýlandym. Öýlän gelip,birleşigiň gaznasyndan pul aldym.Ertesi Daşkende uçdum.Maslahata bir gün gijä galyp bardym.Maslahatyň ýolbaşçysy Seýit Ahmet meni gowy garşy aldy.Ol "Şark ýulduzy" žurnalynyň bölüm müdiri eken, žurnalda çykan hekaýalarym onuň elinden geçeni üçin, meni gaýybana tanaýan eken.

Maslahat örän gyzykly geçdi.Biziň bilen şol maslahata gatnaşan ýaşlaryň köpüsi soň Özbegistanyň halk ýazyjylary boldular.Şahyr Erkin Wahydow Özbegistanyň Gahrymany diýen belent ada mynasyp boldy.

On günden soň Aşgabada gaýdyp geldim.

-Hä,geldiňmi,niçik ýagdaýlar?-diýip,Beki aga ýylgyryp garşy aldy.Ol maslahatyň geçişi, geçen ýeri-"Dörmeniň"tebigaty,ýaşaýyş şertleri,uly ýazyjylardan kimler bilen duşuşanymyzy sorady, soňra:

-Duşuşyga Aýbek gelmedimi, onuň adyny aýtmadyň-a?-diýdi.

-Gelmedi, ýogsam haýyşam etdik.Ol ysmaz keseline uçrap,şondan soň gepläp bilmeýän bolupdyr.

-Hä, menem şeýleräk diýip eşidipdim. "Nowaýy" romanyny ýazanyndan soň, oňa köp azar berdiler.Feodal synpyň wekilini öwüpdir diýip. Ol derdini şonda tapynaýdy öýdýän - diýip,Beki aga kellesini ahmyrly ýaýkady.

Söhbedimiziň soňunda-da Beki aga maňa ýene-de türkmençe ýazmagy ündäp hoşlaşdy.Şondan soň hekaýalarymyň birnäçesini türkmençä terjime edip,ýaş ýazyjylaryň bir maslahatyna baranymda,olaryň birini "Sowet edebiýaty"(häzirki <<Garagum>>)žurnalyna eltdim.Beki aga ýazyjylar birleşiginden boşap,žurnala redaktor bolan eken.Ol meni gowy kabul etdi. Şu duşuşykda onuň bir aýdan gepi ýadymda galypdyr.Men elimdäki hekaýamy uzadyp:

-Bu "Şark ýulduzy" žurnalynda-da çykdy-diýäýmenmi, ol ýüzüme seredip, kinaýaly ýylgyrdy-da:

-Han ogul, "Şark ýulduzy" biziň üçin baýdak däl, bar Bäşim Ataýewe ber, özi görer-diýdi.

Men aýdan sözüme gyzaryp, onuň ýanyndan çykdym.Hekaýamy ilki bölüme bermeli ekenim.Žurnalda tanaýan adamym diňe Beki aganyň özi bolany üçin,göni onuň özüne hödürläpdim.Eseriň bölüme tabşyrylmaly kadasyny bozupdyryn.Beki aganyň şuňa gahary gelen bolmagy mümkin.

Beki aga bilen şondan soňky duşuşygym 1966-njy ýylyň başragynda bolupdy.Aşgabada bir iş bilen baranymda, ilkinji türkmençe ýazan eserim- "Syrly mukamlar" atly fantastiki powestimi žurnala hödürlemek üçin redaksyýa bardym. Ilki bilen salamlaşmak üçin Beki aganyň ýanyna girdim. Ol:

-Hä,Sabyrow,geldiňmi?!-diýip,güler ýüz bilen garşy aldy:-Niçik ýagdaýlar?Ýene "Şark ýulduzda" çykanlaryňdan terjime edip getirdiňmi?

-Ýok, täze ýazdym,türkmençe...- diýip,men saklandym, tas üýtgeşik zat ýazdym diýip öwnüpdim.

-Şeýlemi, bölüme berdiňmi?

-Ýok, ilki siziň bilen salamlaşaýyn diýdim.Häzir berjek...

-Hany,men göreýin, çykar.

Sumkamdan çykaryp berdim.

-Oho!Ulurak zat ýaly-la - diýip, ýüzüme ýylgyryp seretdi.-Türkmençe ýazanyň çynyň bolsa, özüm okap göreýin.

Men hoşlaşyp çykyp gaýtdym.Powest Beki aganyň stolunda galdy.Bir hepdeden soň,Aşgabatdan hat geldi.Bukjanyň ýüzündäki "Sowet edebiýaty" diýen ýazga gözüm düşenden, "halamandyr-ow,jogap ýazypdyrlar" diýen pikir bar keýpimi uçurdy.Emma haty açyp okanymda,begenjime bökäýjek boldum.Hatda eserimiň suratym bilen çykaryljakdygy,şoňa suratymy ibermelidigim ýazylypdy.

Şeýdip, ilkinji türkmençe ýazan eserim "Syrly mukamlar" žurnalyň 1966-njy ýylyň 4-nji sanynda suratym bilen çapdan çykdy.Şol döwürde žurnalda korrektor bolup işleýän Hojanepes Meläýewiň inisi Amannepesiň aýtmagyna görä,Beki aga "Bu oglan üýtgeşik bir zat ýazypdyr.Okap oturyp,inim digläp gitdi.Suratyny aldyryň, suraty bilen bereliň" diýipdir.

Beki aganyň ündewi bilen ýazylan bu eser meniň türkmen dilindäki döredijiligimiň başlangyjy boldy.Şundan soňky "Togalak dünýä" powestimi hem Beki aganyň özi okap,makullap žurnalda çykarypdy.1972-nji ýylda ýazyjylar birleşiginiň agzalygyna kabul edilenimde,hödürnama ýazyp berenleriň biri-de Beki agady.Onuň maňa eden

başga-da ýagşylyklary hiç haçan unudylmaýan ýagşylyklardyr.

Beki aga tanyş-bilişleriniň işine,ýagdaýyna ünsli seredýärdi.Başgalaryňam şeýle bolmagyny isleýärdi.Men muny 1976-njy ýylda ejem aradan çykanda duýdum.Ol gazetde ýazyjylar birleşiginiň beren gynanjyny okap, maňa gynanç bildirip hat ýazypdy.Soň duşanymyzda," Yzy ýarasyn" aýdyp, yzyndan: "Men gynanç bildirip bir hatam iberipdirin,ol barmandyr öýdýän" diýdi. Men:

-Geldi, aldym hatyňyzy-diýdim.Ol ýüzüme birhili seretdi-de:

-Men seni hatymy alan dälsiň öýdüpdim-diýdi.Ine,şonda men özümiň ýalňyşymy duýdum.

Beki aga Daşoguza gelende,köplenç,Hojanepesi ýany bilen bile alyp gaýdýardy."Bu biziň attutarymyz" diýip,onuň bilen degişerdi.Ol haçan gelse, ony Hangeldi aga bilen bile garşy alardyk, barjak ýerlerine bile barardyk, çagyrylan ýerlerde saçagyň başynda onuň gyzykly gürrüňlerini, degişmelerini diňläp, hezil ederdik.Ol , köplenç, Hangeldi aga degerdi.Meniň ýadymda galanlaryndan:Bir sapar Hojanepes bilen gelende,şahyr Kakabaý Ylýasow myhmançylyga çagyrdy.Boldumsaza meniň "Moskwiçimde"gitdik. Kakabaý hezzetiň kemini goýmady.Towugyň etinden böregem bişirdipdi. Gijäniň ýaryna çenli gowy oturdyk. Soňra Boldumsazyň kiçijik myhmanhanasyna geldik.Beki aga bilen Hangeldi aga bir otagda,Hojanepes ikimiz bir otagda ýatmaly bolduk.Ilki Hangeldi aga:

-Beki,(ýaşlary deňräk bolansoň,diňe adyny aýdýardy),sen ýaman hor çekýäň,men dälizde ýatjak,seniň ýanyňda ýatjak däl-diýdi. Dälizde ýatmaga ýer barmy näme,barybir,Beki aganyň ýanynda ýatmaly boldy.Ertesi irden çaýyň başynda Hangeldi aga keýpsiz torsaryp otyrdy.Beki aga bize ýylgyryp, "onuň halyny soraň" diýen manyda oňa tarap ümledi.Biz ikisiniň arasynda bir zat bolanyny aňdyk.Hojanepes:

-Han däde,näme keýpiň ýok?-diýdi.

-Keýp bolýamy,kellesini ýassyga goýandan,köne traktyr ýaly tarlap ýatyrmany bir ýana,ýaňy süýji uka giden mahalym,yralap turzanyna näme diýjek.Gözümi açalak-ýumalak edip seretsem,ýeke gözli döw ýaly üstüme abanyp dur.Men bir zat bolandyr öýdüp: "Hä,hä eýgilikmi?" diýsem, näme diýýä diýsene: "Aý,ol çowdur bir gysym tüwi tapmadymyka, palaw bermed-ä" diýip,daşary çykyp gitdi. Sagada seretsem bäşiň ýary.

Hangeldi aganyň jany ýanyp gepleýänine Beki aga hezil edip güldi.

Daşoguza gelende,Beki agany myhmançylyga çagyrýan adam köpdi.Emma ol hemmesine-de baryp ýörenokdy.Ol biziň öýümize ilkinji geleninde:

-Reýimbaý,özbekler öýüne myhman gelende,hökman palaw bişirýärler.Özbegiň palawy-da gatyrak bolýa.Men palawy ýaşlygymda gowy görýärdim,häzir däl.Gowusy, sen gazaklaryň "bäş barmagy" ýaly bir gaýyş bişirdäý-diýipdi.Şonda palawyň özüniň ýaş döwründe nähili arzuwly nahar bolandygyny şeýle gürrüň beripdi:

-Oglankak Balyş bilen(gürrüň Balyş Öwezow hakda)bir obada,özem goňşyrak ýaşaýardyk. Olaryň bir uly horazy bardy.Käte biz ony kowalasak, käte ol bizi kowalaýardy.Bir gün Balyş:

-Beki, dädem horazy soýdy. Ejeme horazyň etini salyp,palow bişir diýip aýtdy. Palow bişenden, men daş çykyp sygyraryn,sen meni sorap gel. Palowy bile iýeris diýdi. Menem sykylygy eşiden badyma,eňip bardym. Kakasy:

-Gel, "Ýagşy ýigit-aş üstüne" diýipdirler-diýdi.Ejesi Balyş ikimize bir kiçiräk okara palow salyp berdi,hezil edip iýdik.

Beki aganyň bu beren gürrüňinden şol döwürde diňe palow däl,dostluga-da nähili uly gadyr goýulýandygyny aňdyk.*
Bu iki uly kişiniň oglanlykdaky dostlugy ömürleriniň ahyryna çenli saklanyp galypdy.Beki aga diňe meşhur ýazyjy bolman, ol belent adamkärçilikli,dostlaryna mähriban, kiçigöwünli, sada ynsandy. "Beýiklik sadalykda" diýipdir.

# YZYNDA ÝAGŞY AT GALDY

## (Ýazyjy Hojanepes Meläýew barada ýatlama )

Bu dünýä gelip geçýän adam köp, kimden yz galýar, kimden galanok, ýöne adam özünden gowy at, gowy ýatlamalar galdyrmaga çalyşýar.

Hojanepes Meläýew ýazyjy hökmünde yzynda uly yz galdyran kişi. Onuň döredijiligi we şahsyýeti barada gürrüň edilende, özüniň döwürdeş ýazyjylaryndan bir tapawudyny aýratyn bellemeli bolýar.Gysga ömrüniň içinde onuň ýaly öz döwrüniň durmuşyny,adamlarynyň ykbalyny,arzuw-armanlaryny teswirleýän, köpsanly eserler döreden ýazyjy az-azdyr.

"Daň ýyldy", "Tylla teňňeler", "Altynyň ýesiri", "Ýalyn", "Wagondaky üç adma", "Düýnki gelinler", ýaly powestlerini; "Melgun", "Ynsan keşbi", "Garagumuň bürgütleri", "Ýüz müň posa", "Ýyldyzlar öçmeýär", "Şazadanyň ýaşlygy" ýaly romanlaryny, "Aýperiniň aýdymy", "Molla Oraz" , "Durdy Gylyç" atly drama eserlerini we hekaýalaryny göz öňüňe getireniňde, onuň nähili öndürijilikli işländigine telpek goýýarsyň.Hojanepesiň ýokarda sanalan eserleriniň hemmesi hem türkmen edebiýatynda özüne mynasyp ýer eýelemäge mynasyp çeper eserlerdir.

Eger şeýle bolmadyk bolsa,ol eserler Türkmenistanyň çäklerinden çykyp,daşary ýurt dillerinde neşir edilmezdi.Onuň powestleridir romanlarynyň hemmesi diýen ýaly,Moskwada rus dilinde neşir edildi. "Garagumyň bürgütleri" atly romany bolsa Bütinsoýuz konkursynda WSSPS-iň we SSSR ýazyjylar soýuzynyň baýraklaryna mynasyp boldy.Onuň "Wagondaky üç adam" eseri iňlis we ýapon dillerine terjime edildi. Halypa ýazyjymyz Gurbandurdy Gurbansähedowyň "Türkmenistan" gazetiniň 1991-nji ýylyň iýun aýynda çykan sanlarynyň birinde Hojanepes Meläýewiň 50 ýaşynyň dolmagy mynasybetli ýazan makalasynda şeýle setirler bar:

"H.Meläýewiň ýylyň-ýylyna täze eserleri çykyp dur.Olar bada-bat rus diline we beýleki dillere hem terjime edilýär.Olar barada "Prawda"gazeti hem ýazýar."Nowyý mir" žurnaly hem, "Literaturnaýa gazet" hem, "Trud" gazety hem. Emma ýazyjynyň öz Watanynda welin,onuň eserleri barada ýagşydan-ýamandan henize çenli subutly bir zat aýdylanok.Men muňa kes-kelläm düşünip bilmän gelýärin."

Hojanepesiň eserleriniň ýazylmagyna, özüniň aýtmagyna görä, durmuşdaky duş gelýän wakalar itergi berýän ekeni. 80-nji ýyllaryň başynda Aşgabatda uly ýygnak boldy.Oňa ýazyjylar we beýleki döredijilik işgärleri hem çagyryldy.Zalda men Hojanepes bilen bileräk oturdym.Esasy nutukdan soň arakesme boldy. Men Hojanepese: "Indi gaýdybersek bolmazmy?" diýdim.Ol: "Oturaly,häzir arakesmeden soň çykyşlar boljak.Kerim Gurbannepesow hemmäni aňk etjek bir goşgy bilen çykyş etjekmiş" diýdi. Dogrudanam, arakesmeden soň halkyň söýgüli şahyry Kerim Gurbannepesow söz alyp, münbere çykdy.Ol entek hiç ýerde okalmadyk,hiç ýerde çap edilmedik täze ýazan "Döwür,şeýle döwür" diýen goşgusyny şu ýerde okady.

Şonda Hojanepese Kerim aganyň çykyşy gaty täsir eden bolmaly.Ol ýygnakdan çykyp gaýdanymyzda: "Menem şu döwrümizde bolýan zatlar barada bir eser ýazsam gerek" diýdi. Şondan soň Hojanepes özüniň "Melgun", "Ýüz müň posa" atly romanlarynda öz döwrüniň nogsanlyklaryny paş edipdi. Emma Hojanepesiň esasy gahrymanlary zähmet adamlarydy.Tükenmez baýlygy öz göwsünde gizläp ýatan beýik Garagum sährasynda gyşyň aýazly günleri diýmän,tomsuň jöwzaly yssysy diýmän zähmet çekýän edermen gazçylaryň durmuşyndan ýazan "Wagondaky üç adam", "Ýalyn" powestleri, "Garagumuň bürgütleri" romany ony diňe Türkmenistanda

däl,ondan has daşdaky ülkelerde-de ezber ýazyjy hökmünde tanatdy.Bu hakda Gurbandurdy aga ýokarda agzalan makalasynda şeýle ýazýar: "SSSR ýazyjylarynyň Moskwada bolan ýygnaklarynyň birinde Ýakudystandan gelen belli ýazyjy bilen Hojanepes Meläýewi tanyşdyranymda onuň mylaýym ýylgyryp:"Garagumyň bürgüdi" diýýäýseňizleň!" diýmegi meniňem, meniň galamdaş ildeşlerimiňem gulagyna gaty hoş ýakdy".

Hojanepes hiç haçan erkin ýazyjy hökmünde öýünde oturyp işlemedi.Ol 1964-nji ýylda uniwersiteti gutarandan soň,zähmet ýoluny žurnalistlikden başlady.Radioda, telewideniyada işledi, kitap söýüjiler jemgyýetiniň başlygy, "Magaryf" neşiriýatynyň direktory, "Sowet edebiýbaty" žurnalynyň baş redaktory, ýazyjylar birleşiginiň başlygynyň orunbasary, metbugat komitetiniň jogapkär işgäri, awtorlaryň hukukyny goraýan agentligiň işgäri, edebiýat fondynyň direktory ýaly dürli wezipelerde işläp işiniň daşyndanam şunça eserler ýazanyna köp adamlar haýran galýardy.

***

Hojanepes bilen men geçen asyryň 60-njy ýyllarynyň başynda tanyşdym.Şol döwürde men Daşoguz şäherinde özbek dilinde çykýan "Ÿangi turmuş" (Täze durmuş) şäher-raýon gazetinde edebi işgär bolup işleýärdim.Uniwersitetiň talyplary bolan Hojanepes bilen Hudaýberdi Diwangulyýew tomus kanikuly döwründe biziň redaksiýamyza geldiler.Olara meniň bilen tanyşlyk açmagy Beki aga tabşyran bolmaly.Çünki şondan bir aý öň Ýazyjylar birleşiginiň başlygy bolup işleýän Beki Seýtäkow meni Aşgabada çagyryp,Özbegistan ýazyjylar birleşiginiň çakylyk haty boýunça Daşkende ýaş ýazyjylaryň on günlik seminaryna iberipdi.Şonda Beki aga meniň Özbegistanda çykan hekaýalrym barada sorap, soňundan tütürkmençe-de ýazmaga ündäp:
"Öözüň ýaly ýaş türkmen ýazyjylary bilen gatnaş,dil öwrenersiň" diýipdi.

Şol gelenlerinde Hojanepes bilen Hudaýberdi hekaýajyklaryny getiren ekenler. Men olary terjime edip, gazetde çykardym. Ÿakynda Hudaýberdi şol ilkinji duşuşygymyzy ýatlap: "Şonda men - diýä - gazediñde özbek dilinde çykan hekaýamy görüp, indi meni ähli özbek halky tanysa gerek öýdüp, Daşoguzyñ Daş köçesinden hondan bärisi bolup geçipdim" diýip gülüşdirdi.

Ine, şol ilkinji duşuşykdan başlanan tanyşykly soňabaka dostluga öwrülip gitdi.

Hojanepes dostlaryna wepaly, belent adamkärçilikli ynsandy .Onda göriplik diýen zat ýokdy.Biriniň eseri çyksa, gowy görülse begenerdi.Özi-de dostlarynyň, tanyşlarynyň eserlerini çykarmak üçin elinden gelen kömegini ederdi. Ol atly ýazyjy bolup,Moskwanyň "Sowetskaýa pisatel" neşirýatynyň redaksion kollegiýasynyň agzalygyna saýlanandan soň şol neşirýatda türkmen ýazyjylarynyň birnäçesiniň kitaplarynyň çykmagyna hem öz goşandyny goşdy.Ol maňa-da: "Sen diňe özbekçe, türkmençe bilen çäklenmeli däl. Gowy zatlaryňy rus dilinde hem çykarmak gerek. Rus dili arkaly başka dillere hem terjime ediler" diýerdi.Ýetmişinji ýyllaryň ortalarynda ol meni Aleksandr Kolpakow diýen moskwaly fantast ýazyjy blen tanyşdyrdy.Kolpakow gowy terjimeçi hem eken.Ol meniň birnäçe eserimi rus diline terjime edip, "Türkmenistan" neşirýatynda " Krugly mir" atly kitap edip, "Syrly Mukamlar" powestimi Moskwada "Molodaýa gwardiýa" neşirýatynyň "Fantastika-76" we "Izwestiýa" neşirýatynyň, "Proba liçnosti" diýen almanahlarynda çykartdy.

Hojanepes şahyr Kakabaý Ilýasowyň goşgylaryny gowy görerdi. Ol bir duşuşanymyzda Kakabaýa "Men saňa bir gowy terjimeçi tapyp bereýin, goşgularyňy Moskwada çykaraly" diýdi.Emma Kakabaý bu işiň hysyrdysyndan gaçdymy, nämemi,

garaz, terjime etdirmegiň ugryna çykmady.

***

Hojanepesi halypamyz Beki aga aýratyn gowy gorýärdi.Ol haçan Daşoguza gelse Hojanepes ýanyndadyr.Ýerlere gidilende Hangeldi Garabaýewi meni-de bile alyp gidýärdi. Beki aga degişmäni gowy görýän adam bolany üçin Hojanepese,Hangeldi aga, maňa-da degip gülüşme tapardy.Hojanepes häsiýeti boýunça kän geplemeýärdi.Özüne degilip gülüşülende-de çalarak ýylgyryp oňaýýardy.Ýöne ol Beki agany-da maýy gelende gepde çüýläp, "kak bäşi " diýdirýärdi ( Beki aga gepde ýeňilse, ýeňen adama "kak bäşi" diýip elini uzadýardy). Bir sapar Bedirkende Beki aganyň inisi Sazak agalara gitdik. Gaýdyşyn Hojanepesleriň obasynyň deňine gelenimizde Beki aga:

-Hojanepes,Hojakümmete sowlup,Mätgylyç bilen salamlaşyp geçäýsek nädýe? Eger ýalňyşmasam ol kişi seniň kakaň bolmaly,ýa beýle dälmi?-diýip, degişip güldi. Bardyk. Mätgylyç aga hemmämizi güler ýüz bilen garşy aldy.Aýratyn-da,Beki aganyň gelenine diýseň begendi.(Olar öňden Beki aganyň Daşoguzda oblast bilim bölüminiň müdiri, Mätgylyç aga kalhoza başlyk bolup işleýän döwürlerinden bäri gatnaşykly dostlar ekeni).Beki aga entek jaýa girmänkäk, kakasy bilen salamlaşyp bir çetde duran Hojanepesi görkezip:

- Mätgylyç, başlyk wagtyňda seni tankytlap gazete ýazan Hojanepes Meläýew diýen ýazyjyny hem alyp geldim.Ýaman görmersiň gerek?!-diýip güldi.

-Aý,ýok-la, meni däl, kolhozyň hammamyny ýazdy-diýip,Mätgylyç aga Hojanepese garady.

Bu gepiň aňyrsy şeýleräk bolan eken:Ýaşlygyndan ýazyp-pozmany gowy görýän Hojanepes entek mekdepde okap ýören wagty öz kolhozlarynda gurlup başlanan hammamyň gurluşy togtap galanlygy üçin raýon gazetine şu hammamyň dilinden<<Halymdan habar almadyň, Sandybaý daýy

diýen satirki goşgy ýazyp, raýon gurluşyk edarasynyň başlygyny tankyt edýär.Gazeti okan gurluşyk edarasynyň başlygy Mätgylyç aganyň ýanyna gelip:

 Başlyk, ogluňyň gazete ýazan zadyny okadyňmy?Bu tankydyň bir ujy saňa-da degýär-diýipdir.

 Okadym, onda Sandybaý daýy diýip seniň adyň tutulypdyr.Men özümiňem adymyň tutulmadygyna şükür edip ýörün. Hammamyň gurluşygyny tizleşdireli,ýogsam ol meni-de goşup ýazaýmagy mümkin-diýip, Mätgylyç aga Sandybaýy çaý-suw berip ugradypdyr.

Jaýa girdik, saçak ýazyldy. Beki aga:

-Mätgylyç, biz naharly, şonuň üçin azara galma,diňe gawun berseň bolýar-diýdi.Mätgylyç aga: "Diýýäniň näme,näme etjegimi özüm bilýän" diýip çykyp gitdi.Beki aga:

-Hojanepes, bar dädeňe düşündir. Hiç zat gerek däl. Ol goýun öldürip, söwüş etjek diýip bizi gaty eglär.Men baryp dynç almaly.

Gawuny bolsa getirsin. Meniň üçin şondan uly hezzet ýok-diýip,

kakasynyň yzyndan iberdi.Birsalymdan ataly-ogul ona golaý kelle ýaly togalak gürbekleri getirip orta dökdüler.Beki aga gawunlary pitikläp-pitikläp birini saýlap aldy-da:

-Maňa şu bolýa,galany siziňki-diýdi.Hojanepes:

-Beki aga,ýeke özüň bir gawuny iýseň...-diýip,soňuny aýtman ýylgyrdy.

-Ýene näme?Düşündim.Arkaýyn bolaý,Beki agaň iýmek babatynda Arap Reýhandan kem däldir.Äber pyçagy,özüm kesip iýjek-diýdi.Beki aga gawunyň içinde Daşoguzda bitýän gürbegi ölemen gowy görýärdi.

Aýdyşy ýaly-da saýlap alan gawunynyň ýarysyndanam köprägini özi kesip iýdi.Gürbekden keýpini köklän Beki aga hökman bir gülüşme tapaýmalydy.Ol Mätgylyç aganyň ýüzüne çiňerilip garady-da:

-Mätgylyç diýýän-ä,seniň şol başlyk wagtyňdaky "üçekli" meseläňi Stalin eşitmändir-dä,ýogsam ol seni işiňden aýrardy-diýip,loh-loh güldi.

-Aý,ol bolan zat däl-le,Beki.Ýöne adamlar ony gülüşme üçin dokapdyrlar-diýip,Mätgylyç aga-da ýylgyrdy.Beki aga gepiň yzyndan galmady.

-Bolan zat däl diýseňem-ä, şemal bolmasa,çöpüň başy gymyldaýan däldir.Ugrunda bir zat bolandyr.

-Ýok-laý.Bolan zat adamlaryň aýdyşy ýaly däl-how...

Biz ilki gep näme hakdadygyna düşünmedik.Soň Hojanepesiň özüniň gürrüň bermegine görä, "üçekli" waka şeýleräk bolan eken.

Mätgylyç aga kolhoza başlyk döwründe tomsuna gije içeriniň howasy petiş diýip,üçege çykyp ýatýan ekeni.Bir gün goňşy aýallaryň biri Hojanepesiň ejesine: Äriň näme üçin üçege çykyp ýatýanynyň sebäbini bilýäňmi,bilmeseň men aýdaýyn.Ýary gije onuň ýanyna goňşulardan bir aýal çykýar. Şol bada-da merdiwany çekip alýarlar-diýýär.

Sada aýal bu gepe güp ynanýar-da şol gije antamakçy bolup,gijäniň ýaryna golaý daşary çykýar.Görse merdiwan eýýäm ýokary çekip alnan eken.Şonda ol: "Wah, gijä galypdyryn" diýip içini hümledip, uly ili bilen: "Waý,Mätgylyç! Edýäniň näme! Bu işiňi Stalin biläýse, başlyklykdan aýyrar seni!" diýip, aglap gygyrýarmyş...

Hojanepesiň kakasy Mätgylyç aga örän sada,ýumşak häsiýetli, perzentlerine mähriban, myhmansöýer adam bolupdyr.Hojanepesiň inisi Amannepes şeýle gürrüň berýär:

Agamyň ýazyjy bolmagyna biziň çagalyk döwrümizde ýazyjy-şahyrlaryň, artistleriň öýümize ýygy-ýygydan myhmançylyga gelmekleri,olaryň özara edýäm gyzykly gürrüňleri täsir eden bolmagy mümkin. Düýnki ýaly ýadymda, bir gün "Aýna" filmini kolhozda görkezip,tomaşaçylar bilen duşuşyk geçiren belli rejissýor we artist Alty Garlyýew ýoldaşlary bilen öýümize bir gije myhman bolup,köp gyzykly zatlary gürrüň beripdi".

Hakykatdan-da,meşhur adamlary ýakyndan görmek,olaryň gürrüňlerini diňlemek çaga kalbynda şol adamlara meňzemek arzuwyny döretmegi şübhesiz.

Mätgylyç aga perzentlerini nähili gowy görýän bolsa,perzentleri-de ony şeýle gowy görýärdiler.Aýratynda, Hojanepes kakasyna örän mähribandy.Bir ýyl Mätgylyç aga nähoşlap özüniň Tagta etrabynda däl-de,Akdepe etrabynyň keselhanasynda ýatdy.(Ol ýerde özüniň gowy tanyş lukmany bar eken).Kakasynyň nähoşlanyny eşiden Hojanepes Aşgabatdan gelşine, meniň işleýän ýerime bardy:

-Dädem Akdepede keselhanada ýatyr, görüp gaýdaly –diýdi.

Gitdik.Matgylyç aga baranymyza gaty begendi.Saglyk-amanlyk soraşandan soň,Hojanepes elten miweleri salnan sumkadan bir kitap çykaryp kakasyna uzatdy.Bu onuň "Altynyň ýesiri" diýen powestidi.Mätgylyç aga kitaby alyp, daşyny synlady,içini açyp gördi. Soňra maňa:

-Reýimbaý,dostuň çyndanam ýazyjy boljag-ow-diýdi ýylgyryp.Men:

-Şeýle kitaplar çykaryp başlansoň ýazyjy bolanlygy-da –diýdim.

Mätgylyç aga Hojanepese mähirden doly gözleri bilen garap:

-Höwri köp bolsun, oglum-diýdi.

***

Hojanepes durmuşy öwrenmek,ýazjak eserine material toplamak üçin gaty daş ýerlere gitmäge-de ýaltanmaýardy.1986-nji ýylyň güýzünde Amur oblastynda ýaşaýan we işleýän ildeşlerimiziň arasynda çykyş etmek üçin edebiýat we sungat işgärlerinden ybarat uly topar iberildi.Toparyň düzüminde alty ýazyjy bardy.Bu topara meni-de goşan ekenler.Amura gidilýän günden bir gün öň Aşgabada gelip,Hojanepeslere bardym.Ol:

-Amuramy?-diýdi.-Menem gidýän.Ýöne men siziň toparyňyz bilen däl, özüm gidýän.Siziň reýsiňize bilet aldym.Amura göçüp giden türkmenleriň durmuşyndan eser ýazjak.

Ýedi sagatlyk uçuşdan soň Amur oblastynyň merkezine-Blagoweşenskiý şäherine baryp düşdik.Hojanepes hem biziň ýerleşen myhmanhanamyzdan ýer aldy.

Hojanepes Amurda biz gaýdanymyzdan soňam bir aýa golaý galdy.Soň özüniň aýtmagyna görä,myhmanhanadan gidip,türkmenleriň ýaşaýan sowhozlarynda ildeşleriniň arasynda ýaşapdyr.

Ol ýazjak eserine material gözläp dünýäniň haýsy künjegine gitmeli bolsa-da giderdi. Ol mongol basybalyjylarynyñ garşysyna on ýyl merdana söweşen iñ soñky Horezmşa soltan Jelaleddin Meňburnuň ýaşlygy barada "Şazadanyň ýaşlygy" atly eserini ýazandan soň,şol döwür barada roman ýazmagy ýüregine düwüpdi.Munuň üçin ol An Nesiwiniň "Jelaleddin Meňburnuň ömür beýany" atly kitabyny we beýleki taryhy materiallary okap,öwrenmek bilen çäklenmän,Delide Çingiz hanyň taryhçysynyň kitaby barmyş, diýip eşidip,ýörite Hindistana gidip gelipdi.Ol köp zat etmekçidi.Emma ýetişmedi.Aramyzdan örän ir gitdi.Emma onuň eserleri ýaçaýar, dillerden dillere terjime edilýär. "Şazadanyň ýaşlygy" kitaby Daşkentde özbek dilinde neşir edildi. Bu ýazylan kitaplar, başga dillere terjime edilen eserler ýazyjynyň ikinji ömrüniň dowamydyr.

Goý, ömri dowamat dowam bolsun.

# Nurynyň Nurana keşbi

**(ýazyjy Nury Altyýew barada ýatlama)**

Geçen asyryň altmyşynjy ýyllarynyň başynda oblast gazetinde “Talyp” atly hekaýa çykdy. Ol Magtymguly Pyragynyň Hywadaky Şirgazy medresesinde okan talyplyk ýyllary hakynda ýazylan gowy hekaýady. Şonuň üçin bu hekaýa köpçüligiň ünsüni çekipdi. Bu Nury Altyýewiň meybugatda çykan ilkinji çeper eseridi. “Ýazyjylyk kesp däl, ol ykbaldyr” diýilýär. Nury Altyýew hem özüniň ykbalyny edebiýat bilen baglan zehinli ýazyjydy. “Durmuşyň çylşyrymly, çarkandakly ýollaryny geçmedik ýazyjy hakyky ýazyjy bolup bilmeýär” diýýänleri çyn bolsa Nury bu ýoly bir kemsiz geçipdi. Onuň çagalyk we ýetginjeklik ýyllary uruş we uruşdan soňky kynçylykly ýyllara dogry geldi. Ol bu kynçylyklary özüniň doglup ösen ýeri-Tagta (häzirki Görogly) etrabynyň Polosoltan obasynyň adamlary bilen bile çekdi. Şol ýyllarda ol ulylar bilen bir hatarda daýhançylyk işlerine-de gatnaşdy. Nury özüniň özbaşdak zähmet ýoluna entek 18 ýaşynada dolmanka 1947-nji ýylda mekdepde pioner wojatyý bolup işe başlady. Ol şol döwürden başlap özüniň dünýä garaýşyny, bilimini ösdürmegiň küýüne düşýär. Şonlukda ol 1948-nji ýylda işini taşlap, Daşoguz şäherindäki doly däl ýokary bilim berýän mugallymçylyk institutynyň dil-edebiýat bölümine okuwa girýär. Bu ýerde alnan bilim Nuryny kanagatlandyrmaýar. Ol şundan soň birje ýyl mugallym bolup işläp, 1951-nji ýylda Aşgabada gidip, Türkmen döwlet uniwersitetine öz ugry boýunça okuwa girýär. 1956-njy ýylda uniwersiteti tapawutly tamamlany üçin oňa diňe orta mekdepde däl, ýokary mekdeplerde hem okatmaga hukuk berýän diňlom berilýär. Şoňa görä ol Daşoguzdaky ýokary bilim berýän mugallymçylyk inistitytyna işe gelýär. Ol bu ýerde tä institut ýapylýança dört ýyllap talyplara edebiýatdan ders berýär. Nury diňe türkmen edebiýatyny çuňňur bilmän, dünýä edebiýaty bilen hem ýakyndan tanyşdy. Şonuň üçin talyplar onuň bilimine sarpa goýmak bilen özüni-de çuňňur hormatlaýardylar. Pedinsititutdan soň ol 1959-njy ýylda Mugallymlary kämilleşdiriş institutyna işe girýär. Ol bu ýerde tä pensiýa çykýança otuz bäş ýylyň dowamynda türkmen dili we edebiýaty kabinetiniň müdiri bolup işlemek bilen gaty köp mugallymlara öz kärini kämilleşdirmekde ýardam görkezip, halypalyk edýär. Bu eden hyzmatlary üçin ol “Türkmenistanyň at gazanan magaryf işgäri”, “SSSR-iň Halk magaryfynyň otličnigi” diýen hormatly atlara mynasyp boldy.

Nury Altyýew ýazyjylyk işine soňrak başlanam bolsa ol bu işe taýýarlykly, çuňňur bilimli ýagdaýda girişdi. Başda gürrüňi edilen “Talyp” hekaýasyndan soň yzly-yzyna hekaýalar, oçerkler ýazdy. Kiçi žanyrda galamyny ýitukeşdirenden soň ulurak göwrümli eserler ýazmagyň küýüne düşýär. Onuň birinji uly göwrümli eseri “Aýjemal” powestidi. Powest taýýar bolandan soň ony ilki bilen maňa okap berdi. Uly göwrümli eseri bir oturuşda okap çykyp bolýamy näme. Ol ýaltanman iki günläp meniň ýanyma gatnap okady. Menem ýaltanman oturyp diňledim. Bu eser geçen asyryň başlarynda ýaşap geçen aýal bagşynyň durmuş ýoly we onuň ajaýyp aýdym-saz sungaty barada gürrüň berýärdi. Powesti okap bolandan soň Nury maňa “Hiç bir ýazyjy öz ýazan eseriniň kemçiligini bilmeýär. Şonuň üçin sen maňa munuň gowy taraplaryny däl-de kemçiliklerini aýt” diýdi. Eser maňa ýarapdy. Şonda-da sýužete dahylly kä bir ýerlerini maslahatlaşdyk. Şundan soň ol powesti gaýtadan işledi. Ol her bir ýazan eseriniň üstünde gaýta, gaýta işlemäge ýaltanmaýardy. Ol gaty zähmetsöýer adamdy. Şonuň bilen bir hatarda boş wagtyny dost-ýarlar bilen şagalaňly oturlyşyklarda geçirmegi, degişip gülüşmegi gowy görýärdi.

Ýetmişinji, segseninji ýyllarda Aşgabatdan ýazyjy şahyrlar duşuşyklar we başga çäreler geçirmäge ýygy-ýygydan gelerdi. Bir sapar Beki Seýtäkow Hojanepes bilen (Beki aga Daşoguza gelende hemişe ýanynda Hojanepesi alyp gelerdi. Bu biziň attutarymyz diýip degişerdi) gelenlerinde Nury olary öýüne myhmançylyga çagyrdy. Şonda Beki aga:
-Nury jan, bizi çagyrýanyň çynyň bolsa meniň gowy görýän naharymy bilýäň. Şony bişirt. Özünem, hamyryna iküç ýumurtga çaksyn, aýalyňa berk tabşyr-diýdi. Beki aga hemme nahardanam gaýşy gowy görýärdi. Bir okarany ýeke özi öňüne alyp, ýeňini çyzgap hezil edip iýerdi. Beki aga myhmançylyga meniň bilen Hangeldi Garabaýewi-de alyp bardy. Nahar bişende Nury el ýuwdurmak üçin kündük bilen legen alyp girdi. Ilki bilen Beki aganyň elini ýuwdurmak üçin kündük bilen legeni onuň öňüne eltende gözi legendäki ýumurtkalaryň gabygyna düşüp:
-Nury, munyň näme?!-diýip, sorady.
-Ýaňky aýdanyň ýaşuly. Gözüňe görkezmesem hamyra ýumurtga çakylanyna ynanmaz öýtdüm.
Beki aga Nurynyň jogabyndan soň:
-Aý, özi belent ýigitdir-le-diýip güldi.
Meniň ýadyma ýene bir ýumurtgaly waka düşýär:
Bir gün günortana golaý redaksiýada Nury, Şamyrat Tagan dagy sataşdyk. Şamyrat aga: “Hangeldi görnenok-la, nähoşlap ýörmikä-ýa” diýdi. Nury “Onuň ýaly bolsa öýi şujagaz ýerde, baryp göräýeli” diýdi. Barsak, Han aga jany sag, gaýyn enesiniň iki ýumurtgadan bişiren heýgenegini ýaňy öňüne alan eken. Kempir bizdenem “Heýgenek iýseňiz bişirip getireýinmi?” diýip ýekän-ýekän sorady. Men bilen Nury “ýok, sag bol” diýdik. Şamyrat agadan soranynda “Iýjek” diýdi. Kempir “näçe ýumurtgadan bişireýin” diýip soranda Şamyrat aga elleriniň on barmagyny görkezip “on!” diýdi. Kempiriň gözi tegelenip gitdi. Ol: “Weý, onça ýumurtga ýok” diýdi. Şonda Nury Şamyrat aga: “Şeýle heýgenek iýsesiň gelse, seni Daşoguz raýonynyň guşçulyk sowhozyna elteýin. Meniň ol ýerde tanyşlarym bar. Elli ýumurtgadan diýseňem heýgenek bişirdip bereýin” diýdi. Şamyrat aga:
-Ýokleý, Nury. Men umuman heýgenek iýemok. Ýöne Hangeldini bir gorkuzaýyn diýip aýdaýdym-da - diýdi.
-Hangeldi näme diýip görksyn? On ýumurtganyň heýgenegini iýse Şamyrat ýarylaýmasyn diýip gorksunmy?-diýip Nury gepi aýlady. Şamyrat aga-da gepe çeper adam dälmi, ol:
-Men ýarylsam Hangeldi begenýär-ä. Men on ýumurtgany iýip gitsem ol bäş gün aç galjagyndan gorkýa. Öňündäkini görüp otyrsyň-a, ol her gün ikije ýumurtga bilen mydar edýä - diýdi. Boldy bir gülüşme. Han aganyň türkmen dilini gowy bilýän aýaly Klara daýza-da, bize goşulup gülüp:
-Ýazyjylar bir ýere ýygnansa degişmedir gülüşme-de-diýdi.
Dogrudanam,Aşgabatda bolsun, Daşoguzda bolsun ýazyjylaryň ýygnanan ýerinde degişmedir gülüşmäniň yzy üzülmeýärdi.
Nurynyň Aşgabatda-da ýazyjylardan dostlary az däldi. Ildeşlerimizden Hojanepes Meläýew, Goşjan Seýtmädow, Ýazyjylar soýuzyna başlyk bolanlardan Täşli Gurbanow, Hudaýberdi Durdyýew dagylar Daşoguza gelseler Nurynyň öýünden duz datman gitmezdiler. Öýlerine kim barsa-da onuň ýanýoldaşy Ejeş daýza saçagy giňden ýazyp, kemini goýman hyzmat ederdi. Ejeş daýza Nurynyň diňe aýaly däldi, Ol onuň ýürekdeş dosty, döredijiliginiň janköýeridi hem.

Nury sada, kiçi göwünli, belent adamkärçilikli adamdy. Kişiniň adamkärçiligi oňa bir ýumuşyň düşende, bir haýyş bilen ýüz tutanyňda belli bolýar. Nury Daşoguzda sanlyja adamlarda maşyn bar wagty nobaty ýetip, "Jiguly" ulagyny aldy. Şol döwürde ulagly adama köp kişiniň işi düşýärdi. Nury ýanyna işi düşüp gelen tanyşlarynyň, dostlarynyň hiç haýsysynyň sözüni syndyrmazdy. Nurynyň bu maşyny bilen edil detektiw eserlerdäki ýaly wakada bolupdy. Gyşda maşyny ogly Şamuhammet dädesi geýnip çykýança dalandan çykaryp, derwezäniň öňünde gyzdyryp goýup gidýärdi. Bir gün Nury işe gitmekçi bolup çyksa derwezäniň öňünde maşyn ýokdy. Ol öýe gaýdyp girip ogluna jaň edýär: "Maşyny näme münüp gitdiň? Men piýada gitmelimi?" diýýär. Ogly haýran galyp, "Ýok, däde, maşyny men münüp gidemok".diýeninden soň maşynyň ogurlanany mälim bolýar. Polisiýa habar edýärler. Ertesi gün derwezäniň öňünde goýup gidilen haty açyp görseler "Nury Altyýew, maşynyň gerek bolsa 3-nji poliklinikanyň musor ýaşygyna 2500 manat goýup git. Bolmasa maşynyňy zapçast edip goýberýäs" diýip ýazylypdyr. Polisiýa bilen maslahatlaşyp aýdylan puly (pul polisiýanyňky bolmaly) Nury aýdylan zibil guta goýup gaýdýar. Ogrular polisiýanyň aňtaýandygyny bilip, puly almaga gelmeýär. Gaýtam guta ýene-de zibil taşlanany üçin aşakda galan puly zibili dörüp zordan tapýarlar. Iki günden soň maşynam tapylýar. Ony şäheriň günortasyndaky garažlar toplumynyň arasynda goýup giden ekenler. Maşynyň gözlenip ýörlen wagty "Nury maşyn tapyldymy?" diýip soranymyzda ol: "Aý tapylar-da, tapylmasa jan saglyk bolsun" diýip giňlige salardy.

Ýatlabersek Nury bilen bolan wakalar kän. Şonuň üçin olary goýup, onuň döredijiligi barada azam bolsa durup geçesim gelýär.

Ýokarda belleýşimiz ýaly Nury hekaýalar, oçerklerden başga "Aýjemal", "Gömülen hazyna", Ülker" atly pwestleri, türkmen klassyk şahyry Andalyp hakynda iki kitapdan ybarat romanam ýazdy.

Ol "Gömülen hazyna" powestini ilki okamaga maňa berdi. Men eseriň adyna garap: "Munyň näme, detektiw esermi" diýip soradym. Ol: "Ýok, gömülen hazyna altyn-kümüşden ybarat baýlyk däl, ol biziň ruhy baýlygymyzyň iň seresi-"Görogly" eposy. Olam Pälwan bagşynyň gursagynda gömülen ekeni" diýdi. Hakykatdanam "Görogly" eposy ilki dolulygyna Pälwan bagşynyp dlinden ýazylyp alnan ekeni.

Nury taryhy mowzuglarda eser ýazmagy gowy görýärdi. Ol "Andalyp" romanyny ýazmak üçin köp material toplady, eseriň üstünde köp güýç sarp edip işledi. Şeýdibem birinji kitabyny neşir etdirdi. Ikinji kitabyny-da ýazyp gutaryp barypdy. Arman, ony neşir etdirmek oňa nesip etmedi. Aramyzdan ir gitdi. Emma onuň Nurana keşbi kalbymyzda saklanyp galdy.

# M a z m u n y

Powestler
Ynsap..............................................................................................
Girdapdan kenara................................................................................
Togalak dünýä.....................................................................................
Dünýäniň syry.....................................................................................
Syrly mukam.......................................................................................

Hekaýalar we nowellalar
Aýdyň köçeler (nowella).....................................................................
Böwsülen böwet (hekaýa)....................................................................
Yşk heseri (hekaýa)..............................................................................
Äşgär bolsan syr (nowella)..................................................................
Ýagşy kim, ýaman kim (hekaýa)..........................................................
Mermer daş (hekaýa)...........................................................................
Mukaddes ýadygärlik (hekaýa)............................................................
Perzent mähri (hekaýa).......................................................................
Süýji şarpyk (nowella).............................................................................
Dolanan döwran (nowella).................................................................
Göwher gaşly ýüzük (nowella)............................................................
Ömür ýadygärligi (nowella)................................................................
Öýleniş (nowella)...............................................................................
Söýgi dermany (hekaýa).....................................................................
Täze tanşym (hekaýa).........................................................................
Aldarköse we ependi (degişmeli hekaýa)............................................
Goýun söwdasy (degişmeli hekaýa)....................................................

Ýatlamalar
Beýik babadaýhan...............................................................................
Mähriban ynsandy...............................................................................
Yzynda ýagşy at galdy.........................................................................
Nurynyň nurana keşbi.........................................................................